**Jumadurdy Annaorazow, Hojaberdi Çakanow**

# Gündogar ýurtlarynyň taryhy

Ýokary okuw mekdepleriň talyplary üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat – 2010**

Jumadurdy Annaorazow, Hojaberdi Çakanow. **„Gündogar ýurtlarynyň taryhy”.** Ýokary okuw mekdepleriniň gündogar öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy (ýa-da synag okuw kitaby). Aşgabat, 2010.

Taryh ylymlarynyň kandidaty, dosent Nury Gajarow ylmy redaksiýasy bilen.

# GIRIŞ

Gündogar ýurtlarynyň orta asyrlar döwrüniň taryhy sebitiň ýurtlarynyň taryhynyň uzaga çeken, köp asyrlap dowam eden möhüm döwri bolup durýar. Bu döwürler biziň eýýamymyzyň III-XVII asyrlaryny öz içine alýar. Bu döwürde sebitiň ýurtlary taryhy ösüşde belli bir derejede netije gazanmagy başardy. Gündogar ýurtlarynyň orta asyrlar döwrüniň taryhy sebitiň ýurtlarynyň taryhynyň iň bir gyzykly döwrüni öz içine alýar. Orta asyr gatnaşyklary we orta asyr medeniýeti, aslyýetinde Aziýa medeniýeti diýilýän gymmatlyk hut şu döwürde ýüze çykdy we kemala geldi.

Gündogar sebiti dünýäniň halklarynyň iň köp ýaşaýan yklymlarynyň biridir. Bu sebit dünýä dinleriniň we dünýä medeniýetleriniň ählisiniň dörän ýeridir. Gündogar Sebitde musulman, buddistik we hristian medeniýetleri we dinleri bardyr. ýurtlary geografiki ýerleşişi boýunça birnäçe içki sebitlere bölünýändir. Uzak Gündogar, Günorta-Gündogar Aziýa, Günorta Aziýa, Merkezi Aziýa, Orta Gündogar, Alynky Aziýa, Ýakyn Gündogar ýaly uly sebitler bolup olaryň her biri düzümine birnäçe döwletleri birleşdirýär.

Orta asyr gatnaşyklaryna ilki dörän ojaklarynyň biri hökmünde häzirki garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletimizi, Hytaýy we Eýrany görkezmek bolar.

Gündogar ýurtlarynyň täze taryhy XVII asyryň ortalaryndan XX asyryň başlaryna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwür dünýä taryhynda bolşy yaly sebitiň halklarynyň taryhynda hem möhüm asyrlar hasap edilýär. Bu döwür Gündogar halklarynyň daşary ýurt agalygyna sezewar edilen we baknalyga uçran asyrlarydyr. Käbir ýurtlar bolaýmasa (Hytaý, Ýaponiýa, Eýran, Türkiýe), sebitiň halklarynyň hemmesi Ýewropa ýurtlarynyň ýapjalygyna düşdiler. Ýapjalyk düzgüni sebitiň halklarynyň ata-baba ösüşine ýaramaz täsir etdi. Ykdysady, medeni we jemgyýetçilik ösüşinde sebit üçin

häsiýetli bolmadyk ýagdaýlar ýüze çykdy. Sebitiň ýürtlarynyň ykdysady ösüşine ýewropa harytlarynyň köpçülikleýin getirilmegi uly kynçylyklary döretdi, ýerli önümçiligiň ösüşini togtatdy, köne jemgyýetçilik gatnaşyklary bulaşdy.

XVII-XIX asyrlar dünýä taryhynda Gündogar ýurtlary babatynda ýapjalyk asyrlary hasap edilýär. Elbetde ýapjalyk düzgüni sebit ýurtlarynda ýaramaz hadysalar bir hatarda oňyn alamatlary hem ýüze çykardy. Gündogar ýurtlarynda sebitiň halklary üçin häsiýetli bolmadyk täze bir akym – milletçilik ýüze çykdy. Milletçilik Gündogaryň şertlerinde watançylykdyr. Sebäbi Gündogaryň ezilen halklary özbaşdaklyk ugrunda hak-hukuk ugrunda aýaga galdylar. Şonuň üçin hem bu asyrlary Gündogar ýurtlarynda milliligiň oýanýan we azatedijilik hereketiniň ýüze çykan döwri hem hasap edilýär.

Gürrüňi edilýän döwürde Gündogar ýurtlarynda milli aňyýet janlandy we ösdi. Onda täze-täze ugurlar ýüze çykdy. Olardan mysal edip sunýatsençilik (hytaý), marhaýenizm (Indoneziýa), ýaş owganlylar, ýaş eýranlylar, ýaş türkler we başgalary görkezmek bolar.

Täze taryh döwründe sebitiň käbir döwletleri mysal üçin Ýaponiýa ýapjalyga sezewar bolman, tersine onuň özi sebitde uly koloniýalary edinmegi we Uzak Gündogarda kuwwatly imperalistik döwlete öwrülmegi başardy.

Täze taryh döwri iki bölege bölüp öwrenilýär. Birinji bölekde XVII-XIX asyrlar aralygynda sebitde bolup geçen wakalar hakynda gürrüň edilip, şunda esasy üns sebitiň döwletleriniň we halklarynyň durmuş ykdysady we syýasy ösüşine gönükdirilýär.

Ikinji döwürde XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlaryna çenli döwriň wakalaryny öz içine alýar. Bu döwürde Gündogar ýurtlarynda uly öňegidişlikler bolup geçdi. Milli azatedijilik hereketi ýuze çykdy, onuň esasy ugurlary we maksatlary kesgitlendi.

Täze taryh döwründe Ýewropa ýurtlarynyň arasynda täze ýerler ugrunda oňşuksyzlyklar bolup geçýärdi. Olar aýry-aýry ýerleriň üstünde özara dawalary hatda uruşlar hem alyp barýardylar. Muňa Angliýanyň, Fransiýanyň, Italiýanyň, Russiýanyň, Belgiýanyň arasynda bolup geçen çylşyrymly syýasy we harby wakalar şaýatlyk edýär.

Ýapjalyk döwründe nowsanlyklar bilen bir hatarada oňyn ilerlemeler hem bolup geçdi. Dünýäniň halklary birek-birekden köp zatlary öwrendi. Gelejekki ösüşler üçin ugurlar kesgitlendi. Adamzat ilkinji gezek biri-birini uzak asyrlardan soň ýakyndan tanady. Gündogar Ýewropa ýurtlary tarapyndan içgin öwrenildi. Ösüşleriň adamzat üçin oňaýly ülňüleri kemala geldi.

Gündogar sebitlerinde hem dünýä bilen umumylaşmak meýilleri güýçlendi. Ylym, bilim we medeniýet belli bir derejede ösdi.

Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanamyzda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagalalary ýurdumyzda durmuşa geçirýän reformalary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. “...Ylmyň gazananlaryny Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany ösdürmek babatynda ägirt uly işler alnyp barylýar. Çünki, ylymy ösdürmek, alymlaryň täze neslini kemala getirmek döwletiň ileri tutýan ugurlarynyň biridir” diýip, nygtaýan Mähriban Prezidentimiz milli ylmymyzy dünýä ylmynyň gazananlary, ösüşleri bilen baglanyşykly ösdürmek baradaky tagallalary özüniň ajaýyp miwesini eçilýär. Bu barada kabul edilen kanunlar, resminamalar şeýle gaýragoýulmasyz işleriň has – da rowaçlanmagyna ýardam berýär. Milli Liderimiziň başyny başlap, ony döredijilikli ösdürýän, döwrebaplaşdyrýan ylym baradaky reformalary, bilim bilen baglanyşykly özgertmeleri, Maksatnamalarynyň kanun taýdan berkidilmegi uly döwletlilikdir.

Hormatly Prezidentimiziň gol çeken “Bilim hakynda”, “Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary bu ugurda ähli hünärmenler, mugallymlar üçin baş gollanma bolup durýar.

Ylmym - bilimi ösdürmek döwletiň we jemgyýetiň ileri tutýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Bu barada Hormatly Prezidentimiz: “ Biz häzir Türkmenistanda milli bilim ulgamynda düýpli özgerişleri girizmäge girişdik. Şol özgertmeleriň baş maksady türkmen ýaşlaryna dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny elýeterli etmekden ybaratdyr” diýip belleýär.

Türkmenistan häzirki zamanda beýik özgertmeleri amal edýän ýurda öwrüldi. Milli ylym we bilim ulgamyny döwrebap ösdürmek, bu pudaklary dünýäniň ösen döwletleriniň drejesine ýetirmek boýunça düýpli işler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: „ Beýik Galkynyşy başdan geçirýän günlerimizde biziň baş maksadymyz Watanymyza, halkymyza hyzmat etmekden ybaratdyr. Bilimsiz öý otsuz ojak ýalydyr. Ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet adamzadyň bahasyny ölçäp bolmajak baýlyklarydyr“ diýen diýip nygtaýar. Hakykatdan hem adamyň düşbiligini, parasatlylygyny artdyrmakda ylmyň egsilmez güýji bardyr. Ol güýç her bir adamyň öz öňünde goýan maksatlarynyň hasyl bolmagyna şert döredýär. Ylym her bir ynsanyň daşyny gurşaýan hakykaty dogry düşündirmegi başarýan güýçdir. Ylymda kämillige ýeten adam durmuşda gerek bolan bilimleriň zerur mukdarynyň bolmagyny we olary maksadalaýyk ulanyp bilmegi başarmalydyr. Şonuň üçin kämillige ýeten ylymly adamyň öz bilimini, ylmyny birsyhly artdyryp durmagy hökmanydyr. Sebäbi bu häsiýeti durmuş talap edýär.

Hormatly Prezidentimiziň kabul edýän il – ýurt bähbitli resminamalarynyň, durmuşa geçirýän ähli işleriniň

taryhy kökleri eziz halkymyzyň milli aýratynlygy, özboluşly däp – dessurlary, baý edebi mirasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Milli Liderimiziň ylym – bilim baradaky taglymatynyň esasynda türkmen taryhçylarynyň uly topary Türkmen halkynyň taryhyny täzeçe ýazmagyň üstünde işleýärler.

Gündogar ýurtlarynyň häzirki zaman taryhy bütin XX we XXI asyrlaryň başlaryny öz içine alýar. Bu döwür sebitiň halklarynyň taryhynda iňňän möhüm orun eýeleýär. Çünki XX asyrda Gündogar ýurtlarynyň ählisi diýen ýaly öz milli garaşşyzlygyna eýe boldular. Ýöne bu ýagdaý örän kynçylykly syýasy ýagdaýlarda bolup geçdi.

XX asyrda adamzadyň başyna düşen iki jahan uruşlary sebitiň halklarynyň taryhynda iň pajygaly ýyllar boldy. XX asyrda öň Ýewropa döwletleri tarapyndan bakna edilen halklar özbaşdak ösüş ýoluna düşdiler.

Birinji jahan urşuna çenli sebitiň esasy döwletleri bolan Hytaý, Eýran, Osman imperiýasy ýaly uly döwletler hem Ýewropa ýurtlarynyň täsirinde boldular. Indoneziýa, Hindistan, Hindi-Hytaý ýarym adasyndaky döwletler, Owganystan, Mongoliýa, Gündogar onlarça halklary Ýewropa döwletleriniň ýapjalygynda galypdylar.

Birinji jahan urşundan soň sebitiň ýurtlary milli garaşşyzlyga eýe bolup ugradylar. Ikinji jahan urşuna çenli Müsür, Yrak, Siriýa, Owganystan ýaly döwletler özbaşdaklyk ýoluna düşdiler.

Ikinji jahan urşundan soň Gündogar halklary hem ösüşiň gaarşsyzlyk ýoluna düşdiler. Häzirki döwürde sebitiň aýry-aýry döwletleri taryhy ösüşde üýtgeşik netijeleri görkezýärler. Muňa Ýaponiýanyň, Hytaýyň, Günorta Koreýanyň, Günorta-Gündogar Aziýa ýurtlary, nebit satýan Arap ýurtlary mysal bolup biler.

Ikinji jahan urşundan tä XX asyryň 90-njy ýyllaryna çenli dünýäniň iki bölege bölünmegi sebitiň halklarynyň ykbalynada

belli bir derejede ýaramaz täsir etdi. Gündogaryň öz garaşsyzlygyny alan döwletleriniň ençemesi Günbataryň we Gündogaryň arasynda bölündiler. Şunda aýratyn hem Gündogaryň tarapyna geçen döwletler uly zyýan çekdiler. Muňa Owganystanyň, Efiopiýanyň, Mongoliýanyň, käbir Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň we beýlekileriň taryhy ösüşi mysal bolup biler.

SSSR-iň dargamagy dünýäniň taryhyna ilerleýji täsir etdi. Gündogar bilen Günbataryň arasynda uzak ýyllar dowam eden sowuk uruş tamamlandy. SSSR-iň ýykylmagy bilen Aziýa sebitinde täze birnäçe özbaşdak döwletler, şol sanda Garaşsyz Türkmenistan döwleti hem peýda boldy.

Häzirki döwürde Gündogar döwletleri dünýäniň ykdysady we syyasy ösüşinde uly orun eýeleýärler. Olar halkara guramalarynyň ählisine diýen ýaly girýärler. Sebitde ençeme sebitara guramalary bardyr. Olardan EKO, ASEAN, ABG, OPEK, AÝL we beýlekileri görkezmek bolar. Bu guramalar sebitiň halklarynyň taryhynda möhüm rol oýnaýarlar.

Gündogar sebitinde we bütin dünýäde Garaşşyz hem baky Bitarap Türkmenistan döwletiniň tejribesi görelde alarlyklydyr. Türkmenistan gysga taryhy döwrüň içinde özüniň parahatçylyk söýüji daşary syýasatynyň we haýran galdyryjy içki ykdysady ösüşiň netijesinde Aziýa sebitinde sözüň doly manysynda ylalaşdyryjy merkeze öwrüldi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow HHR, Indoneziýa, Hindistan, Eýran, Türkiýe, Müsür we Arap ýurtlarynda bolmak bilen parahatçylykly ýaşaşmagyň we özara peýdaly hyzmatdaşlygyň oňyn nusgasyny görkezdi.

Häzirki döwürde Türkmenistan döwleti Hormatly Prezidentimiziň ýadawsyz aladasy bilen sebitiň döwletleri bilen özara bähbitli we dostlukly gatnaşyklary alyp barýar.

Täze müňýyllykda biziň öwrenýän sebitimiziň aýry-aýry döwletleri taryhy ösüşde haýran galdyryjy netijeleri görkezýär.

Muňa Hytaýyň tejribesi mysal bolup biler. Bu döwlet ykdysady ösüşde gowy netijeleri görkezýär. Elbetde sebitde ençeme çözgüdine garaşyp duran meseleler hem bardyr. Owganystanyň, Yragyň çylşyrymly içeri syýasy ýagdaýy, Palestina meselesi, Gündogaryň yzagalak döwletleri dünýä jemgyýetçiligini ynjalykdan gaçyrýar. Aýratyn hem halkara terrorçylyga, neşe söwdasynyň alnyp barylmagyna uly üns berilmegini talap edýär.

## Hytaỳ irki orta asyrlarda. (III-VIII asyr).

Adamzat taryhynda orta asyrlar döwrüñ başlanan ỳeri häzire bu güne çenli Hytaỳ hasaplanylỳar. Hytaỳlylar öz ỳurduny Jungo ỳa-da Tansỳa diỳip atlandyrypdyrlar (Tañrynyñ huzuryndaky). Sowet taryhnama ylmy bu döwür biziñ eỳỳamymyzyñ (b.e) III-asyryndan başlaỳar diỳip hasap edilỳär, emma Hytaỳly taryhçylar bu döwri b.e öñki XI asyrdan b.e öñki IV asyra çenli añryk süỳşürỳärler. Muña garamazdan Hytaỳ hakykatdan hem orta asyrlaryñ ilki başlan ỳurdudyr. Bu döwür han imperiỳasy dargandan soñ başlaỳar. Ir döwürler han imperiỳasynda 50 million ilaty ỳaşan, Huanhe, Huaỳhe we Ỳanszy derỳalarynyñ basseỳninde şeỳle hem häzirki Spçuan we Şandun welaỳatlarynyñ territoriỳalarynda ỳerleşipdir. 184-nji ỳyldabasylyp ỳatyrylan “Sary dañylylaryñ gozgalañy ỳurduñ ösüşine agyr täsir edipdir. Uly imperiỳa ỳykylypdyr. Ỳurtda krizis başlaỳar.gozgalañy basyp ỳatyrmaga gatnaşan hökümet goşunlarynyñ naçalnikleri özara uruşlara başlaỳarlar. Netijede ỳurt üçe bölunỳär we üç patyşalyk döwri başlaỳar.

Ỳurduñ demirgazygynda serkerdeleriñ biri Sao Sao Wey patyşalygyny, günorta-gündogarda U döwleti, günbatarda bolsa (Spçuanda) Şu döwleti ỳüze çykỳar.

256-njy ỳylda Weỳli serkerde Syma Ỳan Sao Saonyñ neslinden bolan patyany agdarỳar we Szin dinastiỳasyny döredỳär. Ahyr netijede III-asyryñ ahyryna çenli U we Şu döwletleri Syma Ỳan tarapyndan basylyp alynỳar we Szin imperiỳasyna goşulỳar.

Ỳurdy tozgunçylykly ỳagdaỳdan çykarmak üçin Syma Ỳan 280-nji ỳylda agrar sistemasy babatynda perman çykarỳar. Sebäbi uzak wagtlap dowam eden uruşlar ỳurduñ ykdysady kuwwatyny tozdurypdy. Ỳerleri welaỳatlardaky, etraplardaky “güỳçli” hojalyklar eỳeläpdiler. Permana görä her bir zähmete ukyply adama ỳer berilmeli we şol ỳerden kesgitli salgyt alynmaly edilipdir. Her bir 16-60 ỳaş aralygyndaky erkek ỳa-da aỳal adamyñ ỳer almaga hukugy bolup, olara doly ỳer ölçegi berilmeli edilipdir. Olar salgyt töleỳän birlikedilip, olar “din” diỳlip atlandyrylypdyrlar.Ỳerden alynỳän hasylyñ bir bölegi ỳeriñ eỳesine beỳleki bölegi hazyna geçirilipdir. 13-15 we 61-65 ỳaşyndaky adamlara ỳarym ỳer berilipdir. Çagalara we garrylara ỳer berilmändir, salgyt salynmandyr. Doly ỳer alanlar hasylñ 40% (2/5) töläpdirler. Eger-de hojalyga erkek adam ỳolbaşçylyk edỳän bolsa, 3 top ỳüpek parça we 3 top çykjak ỳüpek tabşyrmaly bolupdyr. Eger-de hojalyga aỳal, ỳetginjek ỳa-da garry ỳolbaşçylyk edỳän bolsa onda salgydy ỳarpa çenli gysgaltmak göz öñüne tutulypdyr.

Şeỳle hem salgyt tölemäge degişli edilen adamlar ỳylda 30 gün döwlet ilerinde (ỳol gurluşyk, köpri, irrigasiỳa, goranyş we başgalar) işlemäge borçly edilipdir. Bu çäreler ilat üçin ỳeñillikli çäreler bolupdyr. Ol ỳurduñ ösüşine gowy täsir eder diýen niỳet bilen geçirmeli edilipdir.

Syma Ỳanyn 280-nji ỳyldaky reformasynyñ nähili amala aşyrylandygy belli däl, ỳöne ol Hytaỳyñ soñraky ösüine oñyn täsir edipdir.

Öz tarapyna gurply we bilimli adamlary çekmek üçin Szin imperatorlary olara sylag ỳerlerini, onda işlär ỳaly ỳarym garaşsyz daỳhanlary, ỳarym gullary we gullary özlerinin eyeleỳän derejelerine görä beripdirler. Häkimỳetler hususy eỳelere degişli ekerançylaryñ sanyny azaltmaga çalşypdyrlar. Şonuñ üçin hem ỳokary derejeli emeldarlaryñ mülklerinde 50 hojalykdan köp bolmaly däl edilipdir.

Elbet-de bu çäreler uly ỳer eỳeleriniñ mülklerine howp salmandyr, ỳöne olardan köp mukdardaky daỳhanlaryñ aỳrylyp gitmegine getiripdir. Daỳhanlaryñ döwlet ỳerlerine gitmegi "güỳçli hojalyklaryñ" güỳjüni gaçyrypdyr. Netijede Hytaỳda jemgyỳetiñ ösüşi ykdysadyỳetde iki eỳeçiligiñ: döwlet we hususy eỳeçiligiñ arasyndaky garşylyklar esasynda dowam edipdir. Bu garşylyklar özara uruşlara getiripdir. Sebäbi uly emeldarlar ỳerlerini giñeldip, şol ỳerlerde bolsa daỳhanlary köpçülikleỳin oturdyp başlapdyrlar. Nägile daỳhanlar gozgalañ turzupdyrlar, "güỳçli hojaỳynlaryñ mülklerini ỳakypdyrlar. 289-njy ỳylda Syma Ỳanyñ ölmegi bilen tagt ugrundaky uruşlar başlaỳar. Bu uruşlara demirgazykly çarwalar sỳanbiler, uhuanlar we gun atlylary hem goşulyşypdyr.

III-VI-asyrlarda Gündogar Aziỳada (Hytaỳdan Demirgazyga) birnäçe çarwa halklar ỳaşapdyrlar. IV asyryñ ahyrlarynda olar Hytaỳyñ içine aralaşyp başlapdyrlar, sebäbi olaryñ serdarlary Hytaỳ imperatorlary bilen aragatnaşyk saklapdyrlar. Kähalatlarda olar özara uruşlarda ol ỳa-da beỳleki tarapy goldapdyrlar. Çarwalar Hytaỳ tagtyna dawa edip ugrapdyrlar.

IV asyryñ başlarynda gun atly goşuny ỳurduñ merkezi raỳonlaryny eỳeläp başlaỳarlar. 311-nji ỳylda Loỳany, 316-da Çançany basyp alỳarlar. Gunlaryñ yzyndan beỳleki ownuk çarwa taỳpalary hem herekete gelip başlaỳarlar.

Gunlardan soñ Hytaỳyñ demirgazyk-gündogarynda ỳaşaỳan sỳanbiler bolup, olar iki bölege: muỳunlar we tobalar uly soỳuza birleşipdirler. Muỳunlar günorta Mançžuriỳada, tobalar içki Mongoliỳada ỳaşapdyrlar. Muỳun taỳpalary Hebeỳi eỳeläp, Ỳan patyşalygyny döredỳärler.

Günbatarda Tibet tarapyna degişli taỳpalar hem Gansuny we Şensini eỳeläp, Sin döwletini döredipdirler. Ỳöne 383-nji ỳylda hytaỳlylara çarwalary ỳeñmek başardỳar we Sin döwleti ỳykylỳar.

IV asyryñ ahyrlarynda Hytaỳyñ bütin demirgazygyny tobalar(sỳanbi) basyp alỳar. Olaryñ serdary Toba Guỳ imperator diỳlip yglan edilỳär. Toba Guỳuñ agtygy demirgazyk Hytaỳda Demirgazyk Weỳ dinastiỳasynyñ düỳbüni tutỳar.

Hytaỳda çarwalaryñ höküm süren zamanyHytaỳ taryhnamasynda Günorta we Demirgazyk dinastiỳalaryñ döwri diỳlip atlandyrylỳar.

Bütin Demirgazyk çarwalar tarapyndan eỳelenenden soñ köp mukdardaky ilat günorta göçỳär, ỳurt tozỳar. Günortada olar boş ỳatan ỳerleri özleşdirip başlaỳarlar. Emma günortada-da ỳagdaỳ gowy bolmandyr. Sebäbi häkimiỳet erksiz bolansoñ “güỳçli hojalyklar” hojaỳyñçylyk edipdirler.

Emeldarlar, köşk adamlaram dek oturmandyrlar. 317-nji ỳylda Loỳan eỳelenenden soñ köşk adamlary Szỳan(häzirki Nankiniñ töwereginde) şäherinde ỳygnanyp Syma Ỳanyñ neslinden bolan birini imperator diỳip yglan edỳärler. Onuñ dinastiỳasy 317-419 ỳyllarda Gündogar

Szin ady bilen hokum sürüpdir. Ỳöne bu dinastiỳanyñ häkimiỳeti erksiz bolupdyr. Özem olaryñ asly demirgazykly bolansoñ ỳerliler (günortalylar) bilen oñuşmandyrlar we özara uruşlar başlaỳar. IV asyryñ ahyrlarynda-Günorta asyryñ başlarynda Sun Eniñ we Lu Sỳunyñ ỳolbaşçylygynda gozgalañlar bolup geçỳär. Gozgalañ basylyp ỳatyrylỳar.

Gozgalañy basyp ỳatyrmaga gatnaşan serkerdeleriñ biri Lyu Ỳuỳ häkimiỳeti eỳeleỳär we ol Sin dinastiỳasynyñ (420-478) düỳbüni tutỳar. Şu döwürde käbir işler amala aşyrylỳar, döwlet ỳerleri birneme giñeldilỳär, ỳerli halkyñ ỳagdaỳyny gowylandyrmak demirgazygy yzyna gaỳtaryp almak barada käbir işler edilỳär.

V asyryñ ahyrlarynda Hytaỳyñ günortasynda tagt üstündäki uruşlar ỳene-de güỳjeỳär. Şol döwürlerde üç sany dinastiỳanyñ patyşalyk süren ỳyllary diỳip ỳyl ỳazgysyny döredỳänler belläpdirler. Ỳagny Si(479-501), Lỳan(502-556) we Çen(557-588). Munuñ özi ỳurduñ dagynyklygyny añladypdyr. Imperatorlaryñ häkimiỳeti paỳtagtyñ töwereklerinden añryk gitmändir. Demirgazygy eỳelemek başartmandyr. Ỳogsam 354-369-njy ỳyllarda Huan Weniñ komandirligindäki günortaly goşunlarçarwalary birnäçe gezek ỳeñipdirlerem, ỳöne yza çekilmeli bolupdyrlar. Demirgazygy soñky gezek Lỳu Ỳuỳ (424-453) almaga synanyşypdyr. Olam bolmandyr.

Demirgazyk Hytaỳyñ territoriỳasy Tobalylar basyp alan we Demirgazyk Weỳ döwleti emele gelen döwürde öran pes ỳagdaỳda bolupdyr. Ummasyz mukdardaky ỳerler taşlanyp haşal otlar ösüpdir, tut agaçlary gurapdyr, suwaryş sistemalary ỳykylypdyr, obalar bolsa boşap galypdyr. Şäherler weỳran edilipdir, ilaty bolsa gyrlypdyr, yesirlige äkidilipdir, ỳa-da bolmasa günorta gaçypdyrlar. Senetçilik bolsa diñe käbir obalarda

saklanyp galypdyr. Söwda düỳbünden diỳen ỳaly ỳatypdyr, onuñ ỳerini alyş-çalyş eỳeläpdir. Puluñ funksiỳasyny köplenç ỳüpek matalar we atlar ỳerine ỳetiripdir.

Çozuşlaryñ tamamlanmagy bilen bu ỳurtda oba hojalygy dikeltmek işleri başlaỳar. Ilat ỳuwaş-ỳuwaşdan öz ojagyna dolanyp ugraỳar. Döwürden peỳdalanan "güỳçli hojalyklar" başardyklaryndan köp ỳerleri eỳelemäge synanyşyk edipdirler we garyp ekerançylary özlerine tabyn etmäge galşypdyrlar. Şol döwürde bolup geçen ykdysady meseleler bilen baglanyşykly wakalar dürli taryhy çeşmelerde öz beỳanyny tapỳar. Biz olary şol döwürden galan köp sanly arza-şikaỳatlaryñ we dokladlaryñ mysalynda görỳäris.

Yzyna dolanyp gelỳän adamlaryñ we hojalyklaryñ birnäçesi şol bir ỳere dawa edipdirler. Netijede salgyt salmak işleri kynlaşỳar, hazyna bolsa boşap başlaỳar.
Bu ỳagdaỳlar Weỳ hökümetini döwlet eỳeçiligini güỳçlendirmäge we döwlet apparatynyñ abraỳyny galdyrmaga itekleỳär. 485-nji ỳylda imperatoryñ permany bilen ỳeri paỳlamagyñ we oña eỳeçilik etmegiñ täze tertibi kabul edilỳär. Bu tertip rus we sowet istoriografiỳasynda "bölek ỳer sistemasy" ỳa-da türkmençeläp aỳdanymyzda "bölek ỳer sistemasy" diỳlip atlandyrylỳar. Elbetde, ỳerden peỳdalanmakda ähliumumy deñligi ykrar etmändir, ỳöne iri ỳer eỳeleriniñ ỳerlerini we hukuklaryny kemeltmekde bu permanyñ örän uly ähmiỳeti bolupdyr.

Bu kanun döwlet eỳeçiliginiñ iri feudal eỳeçiliginiñ üstünden belli bir derejede ỳeñşi üpjün edipdir. Bu kanun feodallaryñ garaşlylygyndan aỳryp, daỳhanlaryñ döwlet tabynçylygyna geçirilmegini we bir ỳer uçastoklaryna eỳe bolmaklaryny göz öñüne tutupdyr. Perman şol ỳer

uçastoklarynyñ möçberini we onuñ eỳeleriniñ borçlaryny kesgitläpdir.

Kakun boỳunça 15 ỳaşdan 70 ỳaşa çenli aỳallar we erkekler sürüm ỳerlerini eỳelemäge hukuk alypdyrlar. Erkeklere köp, aỳallara bolsa az möçberde ỳer bermeklik göz öñüne tutulypdyr. Öz ỳerlerini olar iññän gowy ỳagdaỳda saklamaklyga we we işläp bejermeklige borçly edilipdir. Garrap tapdan düşen ỳagdaỳlarynda, zähmete ukyrlylygyny ỳitirenlerinde ỳa-da ỳer eỳesi ölen ỳagdaỳynda ỳer başga birine berlipdir (elbetde, ỳeri işläp-bejerỳän başga bir daỳhana). Ỳeri satmak ỳa-da satyn almak ỳa-da ỳeri wagtlaỳyn baga birine bermeklik düỳbünden gadagan edilipdir. Bölünip berilỳän ỳeriñ ikinji bölegine bag we bakja ekinleri ekmeklik göz öñüne tutulypdyr. Şol ỳerlere daỳhanlar tut agajyny, kepen, gök we bakja ekinlerini ekmeli bolupdyrlar. Bu ỳer, hakykatdan maşgalanyñ ygtyỳaryna hemişelik berlip, ony nesilden-nesle geçirmäge hukuk berilmändir. Bag-bakja ekilỳän ỳerleri käbir ỳagdaỳlarda satmaga we satyn almaga hukuk berilipdir. Mysal üçin, ỳer eỳesiniñ zähmete ukyplylygy ỳiten ỳa-da aradan çykan halatynda ỳa-da bolmasa ỳer eỳesiniñ nesli bolmadyk halatynda. Şeỳle hem bu kanun uly mülk ỳerleriniñ nesilden nesle geçirilmegine-de rugsat beripdir. Bu, elbetde, döwletiñ iri ỳer eỳelerine eden özboluşly eglişikleriniñ biridi.

Ỳere eỳeçilik etmeklik her ỳylda döwlet hazynasyna däneden, ỳüpek we kependen edilen matalary we pamygy salgyt hökmünde tölemäge ỳer eỳelerini borçlandyrypdyr. Şeỳle hem salgyt tölemäge borçly edilen ỳer eỳeleri (elbetde, daỳhanlar) ỳylyñ belli günleri döwletiñ hasabyna ilemäge-de borçly edilipdir. Salgyt salmakda ỳeriñ möçberi däl-de, salgyt töleỳäniñ maşgala sany göz öñüne tutulỳar.(Muña jan bayna salgyt diỳilỳär).

Obalary dolandyrmagyñ täze formasy girizilipdir. Bäş sany hojalyk iñ aşaky obşina guramasyny emele getiripdir. Ol lin diỳlip atlandyrylypdyr. Bäş sany lin-orta obşina guramasyny- li-ni emele getiripdir, bäş li bolsa- 125 hojalygy ozone birikdirỳän oba guramasyny düzüpdir. Şol birleşikler oba arçynlary ỳa-da aksakallary tarapyndan dolandyrylypdyr. Salgyt hökmünde ỳañky arçynlaryñ maşgala agzalarynyñ bir bölegi salgytdan we borçdan boşadylypdyr.

Bu girizilỳän täzelikleriñ ählisi ekerançylary döwlet häkimiỳetine boỳun egdirmek, köne garyndaşlyk we goñşuçylyk gatnaşyklary ỳok etmek üçin edilỳärdi. Şol döwürde hojalyk salgyt töleỳän biriniñ funksiỳasyny ỳerine ỳetirip bilmeỳärdi, sebäbi bir hojalykda birnäçe maşgala bardy. Şonuñ üçin hem häkimiỳetler her bir maşgalany hasaba alỳardylar we salgyt salỳardylar. Şeỳdibem köneden gelỳän obşina hojalyklaryny ỳok edỳärdiler. Elbetde daỳhanlarähli zähmetkeş ilaty hasaba we salgyt salmak üçin edilỳän synanyşyklara garşylyk görkezỳärdiler. Bularyñ hemmesi ahyrky netijede obalarda yzy üzülmeỳän göreşleriñ we halk gozgalañlarynyñ tutaşmagyna getiripdir.

Gürrüñi edilỳän permanda aỳratyn ỳer uçastoklarynyñ barlygy bellenilipdir. Şol ỳer uçastoklary goşmaça ỳerler hökmünde gul eỳelerine we I mallarynyñ eỳelerine, şeỳle hem köp çagaly maşgalalara berilmeli edilipdir. Meselem maşgalanyñ öỳlenmedik agzalarynaşol döwürdäki kesgitli ỳer uçastogynyñ 1/4, gul eỳesiniñ 1 guly üçin 1/8, iş maly üçin 1/10 bölegi goşmaça berilmeli edilipdir.

Bu tertip-düzgünler feodallaşỳan ỳer eỳeleriniñ bähbitlerine doly laỳyk gelipdir we olara uly ỳerleri eỳelemäge mümkinçilik döredipdir. Döwlet gullugynda durỳan çinowniklere aỳlyk hökmünde(natural) ỳörite ỳer uçastoklary berlipdir. Olar hojalyk bilen

meşgullanmazdan girdeji alypdyrlar. Şeỳle hem imperatoruñ maşgalasy we onuñ töweregindäkiler üçin hem-de “güỳçli hojalyklar, monastyrlarüçin köp ỳerler berkidilipdir. Şol ỳerlerde gullar we ỳerli gullar(olar hyzmatkäriñ we öỳ sakçylarynyñ funksiỳasyny hem ỳerine ỳetiripdirler) gelmişekler we daỳhanlaryñ beỳleki garaşly kategoriỳalara işläpdirler.

Ỳerlere döwlet eỳeçiligini girizmegi demirgazykda irki feudal döwletiñ berkleşmegine we merkezleşmegine oñyn täsir edipdir. Döwlet gadymy Hytaỳ sistemasy boỳunça dolandyrylyp başlanypdyr.

Öñki çarwa han-begleri häkimiỳet başynda durmaklaryny dowam etdirseler-de, olaryñ hytaỳlaşmak prosessi güỳçli dowam edipdir. Weỳ hökümdarlary hytaỳlylaryñ biliMini we tejribesini giñden ulanypdyrlar we olaryñ medeniỳetini Kabul etmäge çalşypdyrlar. Döwlet apparatynda hytaỳlylar uly rol oỳnapdyrlar. Döwlet dili hytaỳ dili diỳlip yglan edilipdir, tobiỳ dili bolsa gadagan edilipdir. Wagtyñ geçmegi bilen tobiler hytaỳ egin-başlaryny geỳip başlapdyrlar, hytaỳ edim-gylymlaryny, däp-dessurlaryny ỳerine ỳetirip ugrapdyrlar-otparazçylykdan (şamanizm) ỳüz öwrüpdirler. Buddizmi kabul edipdirler.

Görşümiz ỳaly gürrüñi edilỳän döwürde Demirgazyk Hytaỳ hem Günorta Hytay hem birinji ululy kiçili döwletlerden ybarat bolupdyr, ỳöne wagtyñ geçmegi bilen Demirgazyk bilen Günortañ arasynda VI asyrdan başlap ỳumşak gatnaşyklar ỳüze çykyp ugraỳar. Demirgazykda tobiỳleriñ ỳerine demirgazyk-gündogarda Si we demirgazyk-günbatarda Çžou döwletleri ỳüze çykỳar. Günortada bolsa özara feudal uruşlar peselmän, gaỳta güỳjäp ugraỳar. Uruşlar zerarly gedaỳ galan daỳhanlar, komandirsiz galan esgerler, garyp düşen feodallar, söwdagärler we beỳlekiler kem-kemden

demirgazyga gaçyp başlaỳarlar. Üstesine-de Demirgazykdaky türki taỳpalaryñ Hytaỳa çozmak howpy hem has-da artỳar. Şeỳle ỳagdaỳda bütin Hytaỳy birleşdirmek we bitewi Hytaỳ döwletini döretmek ideỳasy täzeden janlanyp ugraỳar.

Ỳurdy birleşdirmek inisiatiwasy demirgazyk Çžou döwletine degişlidir. Sebäbi olaryñ örän söweşjeñ goşuny bolupdyr. Üstesine-de olaryñ ỳurduna türki-çarwalaryñ çozmak howpy hem ỳüze çykypdyr. Çžouñ hökümdarlary we olaryñ serkerdeleri günorta-günbatarda birnäçe owly operasiỳalary amala aşyrỳarlar. Soñra olar gündogara ỳöriş edip, 581-nji ỳylda demirgazyk-gündogar Si patyşalygyny boỳun egdiripdirler. Basym olar bütin günortany hem eỳeläpdirler.

Şeỳle az wagtyñ içinde uly döwleti ỳaragly güỳjüñ kömegi bilen birikdirilmegiñ örän çuññur sebäpleri bar. Sebäbi Hytaỳyñ ykdysady we syỳasy bähbitleri içki uruşlaryñ tiz gutarmagy we ululy-kiçili berk bolmadyk döwletleriñ ỳeke-täk imperiỳa birikmeklerini talap edipdir. Sebäbi Hytaỳyñ ykdysadyỳeti uly irrigasion setleriniñ gurulmagyny talap edipdir. Çünki häli-şindi bolup geçỳän suw joşmalary ykdysadyỳete uly zyỳan ỳetiripdir. Şil kynçylyklaryñ öñüni almak bolsa aỳry-aỳry hökümdarlar alyp bilmändirler. Kyn güne düşen daỳhanlar öz ỳerlerinden göçüp gidỳärdiler. Täze ỳerleri özleşdirmeli bolỳardylar. Şeỳle uly migrasiỳanyñ öñüni bolsa diñe bitewi döwletiñ derejesinde alyp boljakdy. Diñe güỳçli häkimiỳet gaça-gaçlygyñ we göçe-göçlügiñ öñüni alyp biljekdi, dowam edip gelỳän ykdysady gatnaşyklary saklap biljekdi.

Iñ esasy zat hem ululy-kiçili patyşalyklar ägirt uly Hytaỳyñ ekerançylyk raỳonlarynyñ guryỳer serhetlerini çarwalaryñ weỳrançylykly çozuşlarynyñ öñüni alyp

bilmeỳärdiler. Daşky howp has-da Demirgazykda güỳçlüdi.

Ỳene-de bir aỳratynlyk Hytaỳ milleti Demirgazykda kemala gelỳär we soñra demirgazyklylaryñ Günorta-da ornaşmaklary we olar bilen garyşmagy Günortanyñ ilatynyñ Demirgazyk bilen birleşmäge bolan islegini artdyrypdyr.

589-njy ỳylda serkerde Ỳan Szỳan imperator diỳlip yglan edilỳär we onuñ dinastiỳasy Suỳ adyna eỳe bolỳar. Ỳan Szỳan we onuñ oglyỲan Guan merkezleşdirilen despotik häkimiỳeti berkarar edỳärler.

604-nji ỳyldaỲan Szỳan öz ogly tarapyndan öldürilỳär we onuñ ornuna Ỳan Guan gelỳär. Hytaỳ çeşmeleri Ỳan Guana örän zalym despot, häkimligi söỳỳän, toỳ-baỳramçylyga sarpa goỳỳan patyşa hökmünde suratlandyrỳarlar.

Ỳan Guan ỳurduñ paỳtagtyny Loỳana geçirỳär. Ol bu şäheri täzeden gurdurỳar we 10 sany baỳ maşgalany göçürip getirỳär. Ol owadan parklary, köşkleri gurdurypdyr. Häli-şindi baỳramçylyklar geçirilip durupdyr. Ỳurduñ ähli azyk zapaslaryny bir ỳere ỳygnamak maksady bilen Ỳan Guan Loỳanyñ ỳanynda örän uly anbar gurduryp, ỳurtda ỳygnalỳan däne salgydyny şol şol ỳere getirdipdir. Onuñ döwründe täze-täze kanallar gurlup, olar ỳurdy birikdirmekde, haryt gatnadylyşyny çaltlandyrmaga, goşuny ondan-oña sürmäge gowy kömek edipdir. Söwdanyñ ösmegine itergi beripdir.

Daşary syỳasatda imperiỳa agressiw syỳasat ỳöredipdir. Demirgazykda türkiler bilen uruşmaga bogny ysmandyr, şonuñ üçin he molar Koreỳa we Wetnama garşy uruşlary alyp barypdyrlar. Köp sanly flotuñ we guryỳer goşunlarynyñ gatnaşỳandygyna garamazdan ỳörişler köplenç şowsuz tamamlanypdyr. Goşuny gerek-

ỳarak saltar bilen üpjün etmek üçin ummasyz köp adamlar-daỳhanlar sürlüpdir. Tyl işlerinde müñlerçe adamlar açlykdan-suwsuzlykdan we kesellerden ölüpdir.

Esasan hem uruş gidỳän taraplar bolan Hebeỳ-Şandun we Henanyñ ilaty üçin agyr bolupdyr. Hut şol ỳerde hem 610-njy ỳylda halk gozgalañy turỳar. Hökümet gozgalañy basyp ỳatyryp bilmeỳär. Gozgalañçylar çinowniklerden öç alypdyrlar. Olar özbaşdak patyşalyk döretmäge synanyşyk edipdirler. Patyşalyga bolsa öñki starosta we esger Dou Szỳan-de-ni saỳlapdyrlar. Ỳurduñ beỳleki ỳerlerinde-de daỳhanlar tolgunşyklary bolup geçipdir.

Uly feodallar merkezi hökümetiñ aşa merkezleşmeginden we ỳurduñ ähli baỳlygyna onuñ eỳelik etmeginden we uruşdaky şowsuzlygyndan nägile bolup başlaỳarlar. Olar topalañ turuzỳarlar we şol ỳerde-de öldürilỳärler. Ỳurtda ỳene-de baş-başdaklyk başlaỳar, ỳöne Şanyñ hökümdary Li Ỳuan hemmeden üstün çykỳar we ol türkileriñ kömegi bilen Suỳ dinastiỳasynyñ tarapyny çalyp çykyş edỳär we olaryñ imperator bolmagyny isleỳär. Ỳöne Çanani eỳeläp öñki ähdinden dänỳär we özüni imperator diỳip yglan edỳär. Şeỳlelikde täze Tan dinastiỳasy ỳüze çykỳar. Li Ỳuan halkyñ ähli gatlaklary barada örän seresaply syỳasat ỳöredỳär. Daỳhan köpçüligini ỳuwaşatmak üçin ol geçen ỳyllaryñ bergilerini ỳatyrỳar we barşşinanyñ möhletini azaldỳar. Onuñ permanlary gulçulyga satylan daỳhanlary azat edipdir, feodallara daỳhanlary öldürmegi gadagan edipdir. Häkimiỳetleraçlyk çekỳänlere, täze öỳlenỳänlere az-kem ỳardam edipdir. Li Ỳuan täze kanallary çekdiripdir, köneleri bejerdipdir. Tanlar gozgalañçylaryñ günäsiniñ geçirilỳändigini yglan edipdirler. Ỳöne şonuñ bilen bir hatarda gozgalañ merkezlerini derbi-dagyn edipdirler. Olaryñ serdary Dou Szỳan-de rehimsiz

jezalandyrylypdyr. Şeỳlelikde 628-nji ỳyla çenli Tanlar doly ỳeñiş gazanypdyrlar.

626-njy ỳylda Li Ỳuan öz oglunyñ peỳdasyna tagtdan el çekỳär. Li Şi-Min öz höküm süren döwründe ỳurdy giñeltmegi we berkitmegi başarypdyr.

Konfusiançylyk gadymy Hytaỳ akyldary Konfusiỳiñ Kun-uzynyñ (b.e. öñki 551-479ỳỳ) ady bilen baglanyşykly. Ol etiki-syỳasy akymbolup, uzak asyrlaryñ dowamynda döwletiñ baş ideologiỳasy bolup hyzmat edipdir. Konfusiỳ ilkinji bolup-adamy, jemgyỳeti we döwleti kämilledirmegiñ prinsiplerini işläp düzüpdir. Şunda ol gadymy ỳazgylara esaslanypdyr. (Şu-szin-taryh kitaby). Onuñ esasynda “Lunỳuỳ”(“Gürrüñler we pikirler”) kitaby döredilipdir. Ol mukaddes Dao (hak ỳol, adalatly düzgün, özüñi alyp barmagyñ normalary) pikri öñe sürüpdir. Ol “kim säher bilen Daoni duỳsa, agşamara gynanman ölüp biler” ỳa-da “eger-de Hytaỳda (jungo) Dao höküm sürỳän bolsa görünjek boluñ, ỳok bolsa gizleniñ” diỳipdir. Ol ir wagtlar dowam eden “de”(ỳagşylyk etmek) düşünjesine täzeçe many beren. Öñler ony gazanmak begzadalara degişli bola bolsa, ony indi ỳagşyzada adamlaryñ hemmesi amala aşyryp bilipdirler. Konfusiỳançylyk praktiki akym bolan. Ol döwleti berkitmäge gönükdirilen. Durmuşda herkimiñ orny bolan Patyşa-patyşa bolmaly, raỳat-raỳat, ata-ata, ogul-ogul. Ỳöne ol köp mesele adamyñ özüne bagly diỳen. Garyp –garyplygyna galmaly diỳmän köp zat adamyñ özüne bagly diỳen. Ol “Diñe örän akylly we örän akmak adamlar üỳtgäp bilmeỳärler” diỳipdir. Adamyñ abadançylygy- konfusiiçylygyñ iñ baş maksady bolan. Ỳöne onuñ gumanizmi ỳewropanyñkydan tapawutly ỳagny onda adam subỳekt däl-de, aladanyñ obỳekti. Ony konserwatizmde aỳyplajak bolỳanlaram bar. Ỳöne ol

hakyky täzelikçi-sebäbi batga çümen Hytaỳy galkyndyrmagyñ ỳollaryny görkezen.

Islendik döwlet öz durmuşynda belli bir ideologik sistema daỳanỳar. Orta asyr Hytaỳ döwleti hem şol ideologiỳalaryñ biri bolan sinkrebizme daỳanypdyr. Sinkrebizm üç diniñ: konfusiançylyk, daosizmiñ sintezi bolup durỳar.

Hytaỳyñ gadymy taryhyndan gaỳdỳan konfusiançylyk orta asyrlarda-da öz güỳjüni ỳitirmändir. Konfusian alymlary döwlet we jemgyỳetçilik moral prinsipleriniñ goragçylary we mugallymlary, ỳuridiki normalary we bilis sistemasyny döredijiler bolmagyny dowam etdirỳärler. Gadymy çeşmelerden döwleti dolandyrmagyñ öñ düzülen prinsiplerini we ỳörelgelerini almak bilen raỳatlaryñ hökümdara tabyn bolmaklaryny ündeỳärdiler, maşgala we jemgyỳetçilik gatnaşyklaryny kesgitleỳärdiler.

Daosizm dini gadymy ynançlar bolan asmanyñ kultyny we keramatly akyldarlaryñ kultyny özüne kabul edipdir. Halk ynançlarynyñ jümmüşinden çykmak bilen orta asyrlarda daosizm hytaỳlylaryñ durmuşynyñ we ruhy medeniỳetiniñ aỳrylmaz bölegine öwrüldi. Edil musulmanlaryñ we hristiỳanlaryñky ỳaly daosizmde hem o dünỳä ikä bölünipdir. Daosizmiñ tarapdarlarynyñ köp bolmagynyñ sebäpleriniñ biri ol “baky durmuş” ideỳasyny öñe sürüpdir. Adamyñ bedeni daos dini boỳunça dürli-dürli ruhlaryñ ỳygnanỳan ỳeri bolupdyr. Ỳañky ruhlar asmanda bolmak bilen adamyñ gowy we erbet işlerini hasaba almak bilen onuñ ỳaşyny kesgitläpdirler. Şonuñ üçin hem özüñi gowy alyp barmaly we şol diniñ talaplaryny berjaỳ etmeli bolupdyr. “Baky ỳaşamak” üçin ikinji şert diỳetany örän berk saklamaly bolupdyr. Daos akyldarlarynyñ aỳtmagyna görä iñ gowy iỳmit adamyñ öz tüỳküligi bolupdyr.

Daos dinine uỳỳanlar öz dinlerini döwlet dinine öwürmäge çalşypdyrlar. Onuñ üçin buddizmiñki ỳaly adamlar üçin etiki normalary we talaplary düzüpdirler.

Buddizm Uzak Gündogara Hindistandan geçỳär we orta asyr durmuşyna ägirt uly täsir edỳär. Buddizm dinini ỳaỳradỳanlar bolsa Orta Aziỳadan barypdyrlar. Olar Gansuda, Şensi-de we Henanide ỳerleşipdirler. Orta asyr buddizmi gadymka görä birneme ỳumuşak bolupdyr. Sebäbi gadymkyñ örän zabun talaplary bolupdyr. Asketizm diñe saçyny syrdyryp monahçylyga geçenler üçin hökman bolupdyr.

Dünỳä dinleriniñ biri bolmak bilen buddizm jemgyỳetde integrirleỳji ỳa-da jebisleşdiriji rol oỳnapdyr. Onuñ ählìumumy deñlik we birek-birege ỳardam bermek ideỳalary onuñ tarapyna millionlarçalaryñ geçmegini üpjün edipdir.

Durmuş konfliktler, çarwalaryñ çozuşy we beỳlekiler gul eỳeçiliginden feodalçylyga geçilỳän döwürde Hytaỳyñ medeniỳetiniñ ösüşini az-kem togtadan hem bolsa, onuñ umumy ösüşiniñ öñüni alyp bilmedi. Demirgazykda we Günortada harby ỳagdaỳyñ saklanyp galmagyna garamazdan intellektual iş dowam edipdir. IV-VIII asyrlarda dürli filosoflar, matematikler, ỳazyjy-şahyrlar ỳaşap geçipdirler we ajaỳyp eserleri döredipdirler. Şol döwürlerde taryhçylar döwrüñ wakalaryny ỳazga geçiripdirler. Belli taryhçylaryñ biri Fan E bolup ol “Han (dinastiỳasynyñ) gadymy taryhyny” düzüpdir.

Şol döwürlerde Günorta döwletine goñşy ỳurtlardan syỳahatçylar, missionerler, söwdagärler gelipdirler. Hytaỳdan bolsa Hindistanyñ keramatly ỳerlerine hytaỳ monahlary zyỳarata gidipdirler. Daşarky gatnaşyklaryñ ösmegi Hytaỳ flotunyñ kemala gelmegine getiripdir. V asyrlarda metallaryñ dürli görnüşlerini eretmeklik ỳüze

çykỳar. Medisina-da ösüpdir. Dürli otlardan derman taỳỳarlapdyrlar.

Orta asyr inženerleri we arhitektorlary täsin binalary gurmagy başarypdyrlar.

Astronomiỳa ylmy ösüpdir.

VIII asyrda Hytaỳda imperator köşgüniñ ỳanynda Alymlaryñ ỳokary ỳygnagy ady bilen Hanlin akademiỳasy döredilỳär. Birnäçesi imperatoruñ buỳruklaryny, permanlaryny bir ỳere ỳygnap çap edipdirler we hökümet westnigini döredipdirler.

Poeziỳa ösüpdir. Tao ỲunMin(365-427) “Персиковый источник”

Suratkeşlik hem ösüpdir. Ỳüpek matanyñ we kagyzyñ ỳüzüne çekipdirler. Buddizmiñ täsiri uly bolupdyr.

Teatr. Goñşy halklaryñ gazananlaryndaam peỳdalanypdyrlar.

## Hytaỳyñ birleşdirilmegi

Feodalizmiñ irki etaplarynda Hytaỳyñ ykdysadyỳeti ep-esli ösüşlere eỳe boldy. Tan imperiỳasy VII asyryñ I çärỳeginde döreỳär. Şol wagtlar bölek ỳer sistemasy henizem dowam edỳärdi. Sürümli ỳerler giñeldilipdir, ekinleriñ dürli görnüşleri ekin dolanyşygyna girizilipdir. Alynỳan önümleriñ möçberi artypdyr.

Täze irrigasion setler gurlupdyr. Ỳerler giñeldilipdir. Suwy ỳokary göteripdirler.(jykyr işledilişi)

Ekini çalşyp ekmegi özleşdiripdirler. Bir bada dürli wagtlarda ỳetişỳän iki ekini bir ỳere ekipdirler.

Zähmet bölünişiginiñ çalt ösmegi netijesinde senetçilik önümçiligi has-da ösüpdir.

Merkezledirilen imperiỳanyñ kemala gelmegi netijesinde gowy gurnalan hem-de ösen döwlet apparatynyn kömegi bilen iri ỳer eỳelerine ähli ỳerlere

agalyk etmek we şol ỳerlere ỳazylan daỳhanlary özlerine bakna etmek başardypdyr. Ỳöne täze şertlerde bular hem feodallary kanagatlandyrmandyr we olar öz ỳerlerini, baỳlyklaryny we syỳasy täsirlerini artdyrmagyñ usullaryny agtarypdyrlar. Ỳokary häkimiỳet bolsa her hili ỳollar bilen onuñ öñüni almaga çalşypdyr. Ol bu göreşde köne dessury, ỳagny, ỳerleriñ döwlet eỳeçiligi prinsipi ulanmaga çalşypdyr. Döwlet gözegçiliginiñ ösen formasy we başga-da birnäçe çäreler iri ỳer eỳeçiliginiñ ösüşiniñ öñüñi almaga gönükdirilenem bolsa, bu prosessiñ öñüni alyp bilmändir. Sebäbi täsirli feodallar, emeldarlar, söwdagärler dürli ỳollar bilen bilen döwlete salgyt töleỳän daỳhanlaryñ ỳerlerini ellerinden alypdyrlar ỳa-da olary öz mülklerine çekipdirler. Sebäbi olar sansyz-sajaksyz döwlet salgytlaryndan we borçlaryndan boşadylypdyr.

Ỳa-da bolmasa, öz ỳerlerine kanallary çekmek bilen feodallar, daỳhan ỳerlerini suwsuz goỳupdyrlar we olary tozdurypdyrlar. Tozan daỳhanlar ỳa gaçypdyrlar, ỳa-da feodallaryñ baknalaryna öwrülipdirler.

Bölek ỳer sistemasynyñ krizise düşmegine kähalatlarda imperatorlaryñ özi hem bolupdyrlar. Sebäbi gulluk ỳa-da aỳratyn hyzmatlary üçin öz garyndaşlaryny we täsirli adamlary, bar bolan çäklendirmelere garamazdan ỳerleri daỳhanlar bilen olara beripdirler. Bu bolsa şol ỳerleriñ soñra hususy ỳerlere öwrülmegine sebäp bolupdyr. Eger-de 710-njy ỳylda 140-dan ỳokary aristokrat maşgalasy ỳer sowgadyny alan bolsa , 766-njy ỳylda 400 hojalyga ỳer berlipdir.

Döwlete salgyt töleỳänleriñ sanynyñgörnekli azalmagy döwlet hazynasyny tozdurypdyr. Döwlet bolsa salgyt töleỳanleriñ sanyny saklajak bolup netijesiz göreşipdir. Onuñ garşysyna her hili permanlar çykarylypdyr. Daỳhan(döwlet) ỳerleriniñ eỳelenmegi üçin

ỳörite jeza çäreleri bellenipdir. Ỳöne barybir onuñ öñüni alyp bilmändir. Ỳogsam ỳerleiñ alyp-satuwy gadagan edilipdir, hatda “müdimilik berlen ỳerleri” satmagy gadagan hem etjek bolupdyrlar.

736-njy ỳylda gaçgak daỳhanlara öz ỳerlerine gelmäge rugsat beripdirler, her hili kömekleri we ỳeñillikleri wada edipdirler. Daỳhan ỳerlerine gidỳän ỳaplaryñ öñüne goỳlan dambalary ỳykypdyrlar(hökümet).

Salgyt töleỳänleriñ sanyny köpeltmek mahsady bilen esgerleri öỳlerine goỳberipdirler we daỳhanlara öwrüpdirler. Ỳöne barybir salgyt krizisiniñ öñüni almak imperatorlara başartmandyr.

Özleriniñ ykdysady ỳagdaỳlaryny berkidip, iri feodallarmerkezleşdirilen döwlet häkimiỳetini gowşatmaga dyrjaşypdyrlar.

Käbir täsirli feodallaryñ güỳçlenmeginden we separatistik meỳillerden gorkusyna imperatorlar ỳerlerdäki harby serkerdelere käbir graždan funksiỳalary beripdir. Bu bolsa tersine ỳerlerde iki häkimiỳetliligiñ döremegine sebäp bolupdyr. Hazyna bolsa tozupdyr.

Hazynanyñ çökmegine Tanlaryñ öñ basylyp alnan ỳa-da wassal ỳagdaỳda bolan ỳurtlaryñ ỳitirilmegi hem sebäp bolupdyr. 751-nji ỳylda araplardan ỳeñlenden soñ Beỳik ỳüpek ỳolundaky Hytaỳyñ täsiri peselipdir. Demirgazyk-gündogarda kidanlar çozup durupdyrlar. Koreỳa elden gidipdir. Üstesine-de serhetde gorag uruşlaryny hem alyp barmaly bolupdyr.

Ỳurtda we paỳtagtda ỳagdaỳyñ agyrlaşmagy imperator häkimiỳetine garşy dürli güỳçleriñ topalañ turuzmagyna-da getiripdir.

755-nji ỳylda goşun serkerdesi we imperatoruñ dikmeleriniñ biri bolan An-Lu-şan topalañ turuzỳar. Ol öñ öz goşuny bilen kidanlara garşy söweşỳär eken. Ol öz goşunyny imperatora garşy öwürỳär we ilki Kaỳfyny

soñra Loỳany we Çanany eỳeleỳär. Imperator gaçỳar. Tanlar uly pula uỳgurlary we çarwalary yrỳarlar we olaryñ güỳji bilen An Lu-şany kowỳarlar. Ỳöne bu topalañlar uzak wagtlap dowam edipdir we olar imperatordan birnäçe eglişikleri gazanypdyrlar.

Çarwalar hem elleri boş gitmändirler. Yzlaryna gaỳdanlarynda ỳurdy keỳp edip talapdyrlar.

Umuman ỳurt halys tozupdyr. Salgyt gelenok. Şonuñ üçin reforma geçirmeli. Ilaty hasaba alyp bolanok sebäbi serişde ỳok. Öñki agrar kanunyny hem ỳöredip bolanok, sebäbi feodallar has hem köpelipdir. Olardan gelỳän girdeji hem az.

Şonuñ üçin hem 763-nji ỳylda ỳerler 9 sany razrỳada bölünip, salgyt ỳeriñ mukdaryndan alynmaly edilỳär. Bu çäre feodallaryñ garşylygyny döredipdir.

Hökümetiñ birinji Ministri Ỳan Ỳan bölek ỳer sistemasynyñ zerurlygynyñ ỳoklugy baradaky pikri aỳdỳar. Ol aỳdỳar -salgydy kimden alañda näme, (daỳhandanmy, feodaldanmy) hazyna salgyt gelse bolỳar-da-diỳỳär.

Daỳhan ỳerleri saklajak bolup ỳa-da olara ỳer berjek bolup azara galmaly däl, sebäbi olaryñ içinde ỳerini oñarjagy bar, oñarmajagy bar. Üstesine-de her ỳyl ỳer paỳlanyşygyny geçirjek bolsañ, ỳer paỳlajak bolsañ ỳa-da gurakçylyk ỳyllary olara kömek berjek bolsañ, başga işem gerek däl diỳỳar.

780-nji ỳylda Imperatoruñ permany bilenhem-de Ỳan Ỳanyñ teklibi boỳunça lỳanşuỳ –sistemasygirizilỳär. Lỳanşuỳ-bu salgyt sistemasy bolup, şu sistema boỳunça ỳerlere we onuñ ähli eỳelerine salgyt salynỳar. Ỳylyñ dowamynda iki gezek salgyt salnypdyr. Birinjisi altynjy aỳda(tomus) we on birinji aỳda(güỳz).

Salgyt tölemeklik şäherlere-de degişli bolupdyr.

Şeỳle hem salgyt pul görnüşinde-de ỳygnalypdyr. Bu sistema “güỳçli hojalyklaryñ” we pomeşşikleriñ baỳlygyna uly zarba urupdyr, sebäbi öñler salgyt tölemekde köp ỳeñilliklerden peỳdalanỳardylar.

Lỳanşuỳ sistemasy bölek ỳer sistemasyny ỳykyp, ỳere hususy eỳeçiligi resmileşdiripdir.

Lỳanşuỳ sistemasynyñ girizilmegi daỳhanlaryñ ezilmegini öñküsindenem güỳçlendiripdir. Garaşly ỳer eỳeleri hojaỳyna rentadan başga döwlete salgyt töläpdir. Salgytlaryñ artmagy olaryñ gününi kynlaşdyrypdyr. Olaryñ köpüsi ỳerlerinden mahrum bolup, barlylaryñ golastyna düşupdirler.

Daỳhanlar bilen bir hatarda söwdegärleriñ we şäherlileriñ hem ỳagdaỳy kynlaşypdyr. Para-peşgeş artypdyr. Köşk adamlarynyñ, harbylaryñ arasynda bäsdeşlik güỳçlenipdir. Tan imperiỳasygowşapdyr.

IX asyryñ ahyrlarynda ỳurtda häli-şindi gozgalañlar turupdyr. Bu gozgalañlara öñki daỳhanlar, harby adamlar, öỳsüz-öwzarsyzlaryñ uly toparlary gatnaşypdyr.

874-nji ỳylda Gansu, Şensi, Henan, Şandun welaỳatlarynda daỳhan gozgalañlary başlaỳar. Oña Wan Sỳançži ỳolbaşçylyk edỳär. 875-nji ỳylda gozgalañçylara Huan Çao goşulỳar we onuñ iñ ỳakyn kömekçisine öwrülỳär. Harby işden gowy baş çykarypdyr. Geçmişde kontrabandist bolan.(duz). Sany 100000 ỳetipdir. Talañçylyk edipdirler(baỳlary).

Hökümet Wan Sỳançža uly çinler hödürläpdirler. Etmändir. Ỳöne onuñ arasy Huan Çao bilen bulaşypdyr. Ikä bölünipdirler.878-nji ỳylda Wan günbatara ỳöriş edipdir. Uruş şowsuz bolupdyr we ol ỳeñilipdir we ỳesir alnyp öldürilipdir. Sebäbi hökümede çarwalar ỳardam beripdir.

Ähli goşuny Huan Çao birleşdiripdir we 878-nji ỳylyñ ahyrynda Ỳanszyñ günorta kenaryna geçip geçip günorta

tarap süỳşüp ugraỳar we 879-njy ỳylda Guançžou zabt edip alỳar.

Soñ ỳene-de demirgazyga süỳşüp ugraỳarlar. Ilat kömek beripdir. Goşuny 0,5 milliona ỳetipdir, ỳöne Hubestiñ ỳanynda ol ỳeñilỳär we ỳene-de Ỳanszyñ günortasyna gelỳär. Goşun 300000-e ỳetỳär. 880-de ỳene-de demirgazyga ugraỳar. Şol ỳylyñ dekabrynda olar söweşsiz Loỳany eỳeleỳärler. Aşaky gatlaklar, şäherliler, harbylaryñ bir bölegi onuñ tarapyna geçỳär.

881-nji ỳylyñ 10 ỳanwarynda Tanyñ paỳtagty Çanan uly söweşden soñ gozgalañçylaryñ eline geçỳär. Imperator hojalygy bilen günorta gaçỳar. Örän köp emeldarlar, patyşa familiỳasynyñ agzalary öldürilỳär. Garyplar bilen olar oljalaryny paỳlaşypdyrlar.

Huan Çao imperator diỳlip jar edilỳär. Onuñ töweregindäki egindeşleridürli wezipeleri eỳeläpdirler. Onuñ öñki ỳigitleriniñ 500-si “hatyraly” adamlar diỳlip yglan edilipdir.

Emma gozgalañçylaryñ anyk programmalary bolmandyr. Üstesine-de gayp giden imperator hem ỳöne ỳatmandyr. Olar çarwalary hakyna tutupdyrlar. Olar Huan Çaonyñ şäherde ỳoklugyndan peỳdalanyp (ol demirgazyga ỳörişe gidipdir) şähere girỳärler. Talañçylyga başlaỳarlar. Huan Çaonyñ esgerlerine olary şäherden gysyp çykarỳarlar.

Şäherde-de ỳagdaỳ kynlaşypdyr. Açlyk, käbir harbylaryñ dönükligi. Şol sebäpden Huan Çao şäherden çykmaga mejbur bolỳar. 883-nji ỳylyñ 20-nji maỳynda Henana tarap ugraỳar. Türk-şatolaryñ 17 müñlük atly goşuny (imperatoruñ tarapynda) Çanany talaỳarlar

Henanda gozgalañçylar binäçe söweşlerde ỳeñilỳärler. Olaryñ sany azalypdyr. Dönüklik edenler hem bolupdyr. Onuñ ỳakyn adamlary (Çžu Wen, Şan Žan) jezalandyryjylaryñ tarapyna geçipdir.

884-nji ỳylda Şandun welaỳatynda Huan Çao öz sanly otrỳady bilenüni öldürỳär. Ỳöne onuñ aỳry-aỳry otrỳadlary köp wagtlap Tanlara garşylyk görkezipdirler.

Gozgalañyñ uly ähmiỳeti bolupdyr. Agalyk edỳän dinastiỳa ỳykylỳar. Feodal synpy uly ỳitgiler çekỳär (öldiler, zatlaryny giderdiler). Gozgalañ wagtlaỳynça daỳhanlary salgytdan boşadỳar. Baỳlaryñ hyzmatyndan dyndarỳar.

Gozgalañdan soñ häkimiỳet ugrunda özara uruşlar başlaỳar, sebäbi dinastiỳa agdarylypdy. Serkerdeler territoriỳalardahojaỳynçylyk edỳärdiler. Li Ke-ỳun, Çžu Wen bilen urşup Sanani tem-tekiz edỳärler. Tan imperatorlary olaryñ elindäki oỳunjak bolupdyr. Imperatory ilki Li Ke-ỳun alỳar, soñ ony Çžu Wene aldyrỳar. Çžu Wen ony Loỳana äkidip öldürỳär.

Umuman 906-njy ỳyldan 960-njy ỳyla çenli Hytaỳ taryhynda 5 dinastiỳanyñ we feodallyklara bölünendigini añladỳar.

X asyryñ başlarynda Hytaỳyñ goñşusy kidanlar güỳçlenip ugraỳar. Olar imperiỳa döredỳärler we Ambigan Ỳelỳuỳ imperator bolỳar. Olaryñ döwleti Lỳao(937) diỳlip atlandyrylypdyr. Olar demirgazyk Hytaỳyñ içerki işlerine gatyşyp ugrapdyrlar.

X asyryñ 40-njy ỳyllarynda olar Kaỳfini eỳeleỳärler. Ỳöne halk kowup çykarỳar. Sebäbi olar özlerini Hytaỳyñ imperatory etjek bolỳarlar. Olara garşy halk gozgalañy turỳar.

Kaỳfinyñ hökümdary Çaỳ Şun ỳurdy birleşdirip ugraỳar. Soñam ony gutarman kidanlara garşy uruşỳar. Ỳöne 960-njy ỳylda ol tarpa-taỳyn ölỳär we onuñ goşuny Çžao Kuan-ini imperator diỳip yglan edỳärler.

Kuan-in Sun dinastiỳasyny döredỳär. Ol 960-80 ỳyllarda imperiỳany birleşdirỳär. Kidanlaryñ basyp alan ỳerlerini gaỳtaryp bilmeỳär.

Sunlar döwründe-de ỳere şahsy eỳeçilik agalyk edipdir. Täze-täze ỳerler açylypdyr. Giñ territoriỳalary özleşdiripdirler. Hökümet onuñ öñüni almaga dyrjaşypdyr. Daỳhanlar ỳene-de gedaỳlaşypdyr. Närazylyk güỳçlenipdir.

994-nji ỳylda Spçuan welaỳatynda halk gozgalañy bolỳar. Çeduni alyp olar Beỳik Şu döwletiniñ döredilendigini yglan edỳärler. Ỳöne 995-nji ỳylda hökümede olary ỳeñmek başardỳar.

Şeỳle gozgalañlar 1043-nji ỳylda Şandun welaỳatynda, 1047-nji ỳylda Hebeỳ welaỳatynda bolup geçỳär. XII asyryñ 20-30-njy ỳyllarynda gozgalañlar günorta we merkezi welaỳatlarda-da bolup geçỳär. Ỳöne olary derbi-dagyn edip, öç alỳarlar.

Olar passiw daşary syỳasat ỳöredipdirler. Sebäbi zordan araçägi saklapdyrlar.

Olaryñ kidanlardan başga ỳene-de bir duşmany demirgazyk-günbatarda Tangut döwleti ỳüze çykỳar. Olaram imperiỳanyñ ep-esli ỳerlerini eỳeleỳärler.

1040-1-44, 1069-1072, 1096-1099-njy ỳyllarda agyr söweşler bolup geçỳär. Häli-şindi serhetde konfliktler hem bolupdyr.

Tangutlaryñ ösmegi Hytaỳa ỳaramaz täsir edipdir. Onuñ Günbatar bilen (Hindistan, Orta Aziỳa) arasyny kesipdir. Olar tangutlara paç töläpdirler.

## Hytaỳ Ỳuan dinastiỳasynyñ dolandyran ỳyllarynda.

XII asyrda Hytaỳyñ territoriỳasynda dört sany döwlet bolupdyr: demirgazykda- Çžurçmenleriñ Szin, demirgazyk-günbatarda-tangutlaryñ Günbatar Sỳa döwleti, günortada-Günorta Sun imperiỳasy, Ỳunnanda

(günortada) Nançnsao döwleti. Bu Hytaỳyñ dagynyklygynyñ alamaty.

XIII asyryñ başlarynda täze bir howp-mongollaryñ howpy ỳüze çykỳar. Ondan öñ tangutlar, çžurçmenler çozup heläk edipdirler. 1206-njy ỳylda mongol döwletiniñ döremegi bilen bu howp has hem güỳjeỳär.

1209-njy ỳylda mongollar tangut döwletiniñ, soñ olar bilen bileleşip, 1210-njy ỳylda Çžurçmenleriñ Szin döwletiniñ üstüne çozỳarlar. 1215-nji ỳylda mongollar Pekini eỳeleỳär. 1217-de Çingiz han Tangutlaryñ üstüne çozỳar we on ỳyldan soñ ony eỳeleỳär. Gaỳdyşyn Çingiz han aradan çykỳar. Wagtlaỳyn ogly Tuly han bolỳar. 1229-da beỳik han Çingiziñ üçünji ogly Ugedeỳ bolỳar. Paỳtagt-Karakorum.

Şundan soñ mongol goşunlary Hytaỳ diwarlaryndan günorta çozuşlar gurap ugraỳarlar. Hytaỳyñ demirgazygyndaky uruşlar tä 1234-nji ỳyla çenli dowam edỳär. Sebäbi mongollar çžurçmenler bilen entegem urşupdyrlar we şol ỳyl olar bütinleỳ derbi-dagyn edilỳär. “Passionariỳ”.

Bu uruşdan soñ mongollar Günorta Sun döwletine garşy söweş hereketlerine başlaỳarlar (1235). Soñ 1251-de uruşlar gidip duran Hytaỳa Hubilaỳyñ baştutanlygynda uly goşun iberilỳär. Şol ỳörişleriñ birine Beỳik han Müñke hem gatnaşỳar we söweşde wepat bolỳar. 1257-den başlap mongollar Günorta sun döwletiniñ üstüne dürli taraplardan çozupdyrlar we ỳerleri eỳeläpdirler. Emma ỳurduñ paỳtagty Hançžou mongollar diñe 1276-da eỳeläpdirler. Sebäbi halk berk garşylyk görkezipdir. Mongollara aỳratyn hem belli döwlet işgäri wen Tansỳan (1236-1282ỳỳ) berk garşylyk görkezipdir. Ỳöne 1276-da ỳeñlip ỳesir düşỳär. Hubilaỳa gulluk etmekden ỳüz öwürỳär we jezalandyrylyp öldürilỳär.

Şeỳlelikde, mongollar ägirt uly territoriỳany tutup, kuwwatly döwlet (Jahan guş) döredỳärler. Mongollar öz döwletine hytaỳ adyny- Ỳuan dakỳarlar "dünỳäniñ başky ỳaradylyşy" –"первоначальное творение мира"

Hytaỳy eỳeläp mongollar paỳtagty Pekine geçirỳärler. Hytaỳ umuman ägirt uly tozgunçylyga sezewar edilipdir, ilat birnäçe esse azalypdyr. Başda mongollar Hytaỳy ägirt uly öri meỳdana öwürmek isläpdirler. Ỳöne siwilizasiỳanyñ lezzeti bu maksatdan el çekmäge mejbur edipdir. Käbir maslahatçylar Hytaỳ siwilizasiỳasynyñ artykmaçlygyny Hubilaỳa düşündirmegi başarypdyrlar.

Ỳöne mongollarkynlyk bilen kabul edipdirler. Hytaỳlylaryñ arasynda ỳitip gitmekden gorkupdyrlar we şonuñ üçin hem özlerini aỳra tutupdyrlar. Olar ilaty 4 bölege bölüpdirler. 1.mongollar; 2. "semu žen" (dürli milletler: arap, pars, türk); 3.demirgazykly hanlar, kidanlar, çžurçmenler, koreỳler; 4.günortaly hanlar-iñ pesi.

Mongol hanlarynyñ köşgünde daşary ỳurtlylar işläpdirler (ỳewropalylar). 1294-de papanyñ ilçisi Jowanni Monte Korwino ömrüniñ ahyryna çenli, 1318-1328ỳỳ, italỳan syỳahatçysy Odariko di Pardenone, wenesiỳaly täjir Marko Polo dagylar işläpdirler.

XIV asyryñ ortalarynda Ỳuan döwleti çöküp ugraỳar. Üstesine-de tebigy betbagtçylyklar hem häli-şindi gaỳtalanyp durupdyr. Ekerançylyk ỳerleri azalypdyr, senetçilik çöküpdir. Hazyna garyplaşypdyr. Şol sebäpden hem gadagan edilendigine garamazdan daỳhanlar ellerine ỳarag alypdyrlar. Dinastiỳa sikli, palçylar kesekileriñ häkimiỳetiniñ soñunyñ gelỳändigi hakynda aỳdypdyrlar.

Gizlin dini jemgyỳetler döräp ugrapdyr. Olar "Gelejegiñ Budasynyñ"- Maỳtreỳiniñ geljekdigine we bagtly eranyñ golaỳlaşỳandygyny wagyz edipdirler. Gizlin budda jemgyỳeti "Ak gül jemgyỳeti" kesekilere

garşy söweşe çagyrypdyrlar we “Gyzyl goşuny döredipdirler. Gyzyl reñk-Maỳtreỳiniñ simwoly. Gyzyl goşun demirgazykda üstünlikli hereket edipdir. Kaỳfyn, Datun ỳaly uly şäherleri eỳeläpdirler. 1351-nji ỳylda gozgalañ merkezi welaỳatlaram öz içine alypdyr. Hytaỳyñ merkezinde ỳerleşen Anhueỳ welaỳatyndaky toparlanyşda Go Szỳasin, ol 1355-nji ỳylda ölensoñ Çžu Ỳuançžan-daỳhanyñ ogly, entäp ỳören monah baştutanlyk edipdir. Çžu Ỳuançžan “gyzyl goşun” bilen gatnaşyk edipdir. Ỳöne 1363-nji ỳylda mongollar “gyzyl goşunyñ” serkerdesi Lỳu Futuny derbi-dagyn edipdirler. Ol ölensoñ “gyzyl goşunyñ” köpüsi Çžu Ỳançžana goşulỳarlar. Çžu Ỳançžan Nankinde ỳerleşipdir we mongollara gaỳtawul beripdir. 1368-nji ỳylda Pekini eỳeleỳär. Iñ soñky mongol hany gaçỳar. Çžu Ỳançžan Imperator bolỳar we Min dinastiỳasyny esaslandyrỳar.

## XV-XVII asyrlarda Hytaỳyñ syỳasy ỳagdaỳy.

XV-XVII asyrlarda Hytaỳyñ alyp baran uruşlary, umuman goranyş häsiỳetde boldy. Demirgazykda Hytaỳ mongollaryñ çozuşyny häli-şindi serpikdirip durupdyr. Sebäbi uruş ỳoly bilen mongollar Hytaỳy söwda etmäge mejbur edipdirler. Şonuñ üçin hem Min hökümeti 1488, 1500, 1570-nji ỳyllarda mongollar bilen şertnamasyny baglaşmaga mejbur bolupdyr. Ỳüpek, däne we gymmat bahadan maldarçylyk önümlerini mongollardan satyn almaga mejbur bolupdyrlar.

Hytaỳ Ỳaponiỳa bilen hem söwda edipdir. Min hökümetiniñ ỳaponlar bilen söwdany çäklendirmäge eden synanyşyklary uruşlara getiripdir. 1528-nji ỳylda ỳapon garakçylarynyñ gämileri uly hytaỳ porty Ninbony talaỳarlar we otlaỳarlar. Muña jogap edip Min hökümeti özüniñ ähli portlaryny daşary ỳurtlar üçin ỳapỳar. Bu

bolsa gaçakçy söwdanyñ güỳçlenmegine getirỳär. Sebäbi söwdadan, has hem daşary söwdadan uly girdeji alỳan söwdagärler we feodal toparlary ỳapon garakçylary bilen dürli söwda operasiỳalaryny amala aşyrypdyrlar. 1555-nji ỳylda ỳapon gämileri hat-da Ỳanszy bilen Nankine çenli ỳüzüpdirler we köp talañçylyklary amala aşyrypdyrlar. Diñe XVI asyryñ 60-njy ỳyllarynda uly flotuñ kömegi bilen Min hökümetine ỳaponlary kenarỳaka raỳonlardan kowmak basardỳar.

XVI asyryñ ahyrynda Hytaỳ bilen Koreya bir tarapdan, Ỳaponiỳa bolsa beỳleki tarapdan özara uruş turỳar. Onuñam sebäbi ỳaponiỳanyn sỳoguny Toỳotomi Hidäỳosi koreỳany Hytaỳa garşy uruşda ozone soỳuzdaş edinmekçi bolỳar. Emma Koreỳa oña boỳun bolmaỳar. Onuñ üçin hem 1592-nji ỳylda Ỳaponlaryñ 200 müñlük goşuny derbi-dagyn edilip, yurt ỳaponlaryñ golastyna geçỳär.

Koreỳadan soñ öz üstüne çozuljagyny añan we Koreỳanyñ patyşasynyñ haỳyşy boỳunça min imperatory Koreỳa uly goşun iberỳär. Birleşen hytaỳ we koreỳ goşunlary 1593-nji ỳylda zabt edip ỳaponlaryñ elinden alỳarlar. 1593-nji ỳylda bolsa olar ỳaponlary hem deñizde, hem-de gury ỳer-de ỳeñỳärler. Şu ỳeñiş minleriñ gazanan iñ soñky uly ỳeñşidir.

XVI asyryñ ahyrlarynda häzirki Mukdeniñ töwereginde ỳaşaỳan çžurçmen taỳpalaryñ (soñra mançžurlar) bir taỳpa soỳuzyna birleşỳärler. Olaryñ serdary Nuphasy Merkezi we Gündogar Mançžuriỳanyñ goñşy taỳpalaryny boỳun egdirip, Szin döwletiniñ hany bolỳar. Min hökümetiniñ ỳarag güỳji bilen olary boỳun egdirmek barada eden tagallalary puja çykypdyr. Mançžurlaryñ han-beglerine-de çozuşlar zerur bolupdyr. Nurhasy Hytaỳa salgyt tölemegini bes edipdir we 1618-nji ỳylda Minler bilen uzak uruşlara başlaỳar. Mançžurlar

esasan çarwa bolansoñlar, hem-de Hytaýyñ söweş tilsimlerini gowy bilendikleri sebäpli yzly-yzyna şäherlerini eýeläpdirler. Hytaý Lýaodun ýarym adasyny we Günorta Mançžuryany elden gideripdir. Minlere Demirgazyk Hytaý düzlügine girelgede ýerleşen Şanhaý-guan galasyny elde saklamak kynlyk bilen başardypdyr.

Öz döwründe Min hökümeti basybalyjylykly syýasat ýöretmäge-de synanyşyk edipdir. 1520-nji ýylda Birma garşy guralan basybalyjylykly ýöriş netijesiz gutarypdyr.

XVII asyryñ başlarynda Hytaý Orusýet bilen hem ilkinji diplomatik gatnaşyklary açypdyr. Ýöne ol dürli sebäplere görä ösüp gidibermändir.

Hytaý kenarlarynda ilkinji peýda bolan ýewropalylar-portugal konpistadorlary (basybalyjylar-isi-ça) bolupdyrlar. 1516-njy ýylda Rafael Perestrellonyñ komandirliginde portugal gämisi Hytaýyñ kenaryna gelýär. 1517-nji ýylda Fernan d’Andradeniñ baştutanlygynda portugal gämileri Hytaýa gelýär we olar Hytaýyñ kenarlarynda söwda daýanýan punktlaryny edinmäge synanypdyrlar. Bu barada Min köşgi bilen gepleşik geçirmäge girişýärler. Emma beýleki bir portugal eskadrasy Hytaý kenaryna gelip, güýç bilen söwda faktoriýasyny açmaga synanyşýar. Olar kenarýaka raýonlary oka tutup, kenar goragçylary bilen urşa girýärler. Netijede Hytaýa aralaşmak puja çykýar. Hytaý kenarlaryny berkidýär we goñşy ýurtlar bilen söwdany kesýär. Bu bolsa ýurduñ daşary söwdasyna zyýan ýetirýär.

XVI asyryñ 40-njy ýyllarynda portugallar Guandun welaýatynyñ demirgazygynda Hytaýa ýene-de aralaşyp başlaýarlar. Olara her hili ýollar bilen Ninbonuñ golaýynda söwda bazasyny esaslandyrmak başardýar. Ýöne portugallaryñ eden-etdiligi, ýapon garakçylary bilen aragatnaşyk etmekleri Min hökümetini berk çäreler

görmäge mejbur edỳär. 1549-njy ỳylda uly deñiz söweşinden soñ portugallar Hytaỳdan kowulỳar. Muña garamazdan portugallar para-peşgeş ỳoly bilen 1557-nji ỳylda Manao portuny eỳeläpdirler, bu bolsa soñra hytayy koloniỳa öwürmekde portugallara baza bolup hyzmat edipdir.

XVII asyryñ başlarynda Hytaỳ kenarlarynda ispanlar hem peỳda bolupdyr. Soñra gollandlar peỳda bolỳarlar. Olar hem dürli talañçylyklar bilen meşgullanypdyrlar. 1624-nji ỳylda gollandlar Taỳwanyñ günorta bölegini eỳeläpdirler, ỳöne Hytaỳyñ kenarlarynda berkleşmek başartmandyr.

Gollandlar bilen bir wagtda iñlisler hem peỳda bolupdyrlar. Ueddeliñ komandirligindäki iñlis eskadrasy Humen berkitmesine deñizden zarba urup ỳok edỳär. Netijede Guançžouñ üsti bilen Hytaỳy söwda etmäge mejbur edỳär.

Ỳewropalylar hytaỳ deñiz söwdagärlerini talapdyrlar we hytaỳly emigrantlaryñ söwda işini çäklendiripdirler, gämilerini konfiskläpdirler. Olar arzan bahadan zat alypdyrlar (ỳüpek, farfor, senetçilik önümleri). Ỳerine ỳarag we temmäki satypdyrlar.

Ỳewropalylar şeỳle talañçylyk etseler-de, olar min hökümeti tarapyndan ỳurduñ içine girmek gadagan edilipdir.

Ỳarag güỳji bilen Hytaya girip bilmänlerinden soñ, olar missionerleriñ kömeginden peỳdalanypdyrlar.

Iezuet –missioner Mateo Riççä 1601-nji ỳylda Pekine gelmäge rugsat berỳärler. Ol köşkde uly abraỳdan peỳdalanypdyr. Missionerleriñ arasynda italỳanlar, ispanlar, nemesler we beỳlekiler bolupdyrlar. Olar Hytaỳy koloniỳa öwürmekde köp işleri geçiripdirler. Ỳöne ỳewropanyñ gazananlaryny ỳaỳratmakda-da köp iş geçiripdirler. Ylym, tehnika, ỳarag, top, kalendary

düzetmäge kömek beripdirler, söwdada-da araçy bolupdyrlar, äỳnek, sagat getiripdirler.

XV-XVII asyrlarda Hytaỳyñ syỳasy durmuşynda-da öwrülişik bolmandyr. Ỳogsam ykdysadyỳet-de we durmuş durmuşda köp üỳtgeşmeler bolup geçipdi. Munuñam sebäbi Min imperiỳasynda döwlet gurluşynda orta asyr despotiỳasy agalyk edipdir. Bu režim bolup biläỳjek täzelikleri rehimsizlik bilen ỳatyrypdyr.

Häkimiỳet köplenç ỳagdaỳda haremhana agtalarynyñ eline geçipdir. Olar parahorluk, ogurlyk bilen meşgullanypdyrlar. Wezipeler tejribeli emeldarlara ynanylmandyr. Imperatorlar dolandyryş bilen meşgullanmandyrlar.

Adamlary yzarlamak görlüp eşidilmedik derejä ỳetipdir. Munuñ üçin gizlin añtaw guramalary döredilipdir. Çinownikler aşakdan (oba) ỳokara (köşk) çenli yzarlanylypdyr.

Ỳurduñ içinde we daşynda bolỳan şeỳle wakalar döwrüñ öñde baryjy adamlaryny başgötermäge mejbur edipdir. Alymlaryñ we emeldarlaryñ progressiw toparlary bolan zatlar barada imperatora hat üsti bilen häli-şindi ỳüzlenip durupdyrlar.

Inspektorlar palatasynyñ emeldarlary özleriniñ imperatoruñ adyna doklad ỳazyp bilmek hukugyndan peỳdalanyp, agtalaryñ eden-etdilikleri barada hut imperatoruñ adyna hat ỳazypdyrlar. Olary 1498-nji ỳylda agtalary agdarmak hem başardypdyr. Şonda inspektorlara Imperator akademiỳasy bolan Hanlinin alymlary ỳardam edipdirler.

XVI asyrda reforma ugrundaky syỳasy uruş güỳçlenỳär. Reformatorlar esasan syỳasy ugurlarda täzelikleriñ girizilmegini talap edipdirler. Imperator döwlet işine gelmeli, sada ỳaşamaly, köneleriñ ỳoluny dowam etdirmeli, döwlet apparatyny azaltmaly, wezipä

bellenilende urugçylyga, para-peşgeşe ỳol bermeli däl, Agtalary kowmaly, zehinli alymlar, emeldarlar işe çekilmeli. Bilim sistemasyny, ekzameni (synagy) kämilleşdirmeli. Köne kanunçylyk tankyt edilpdir.

Dokladçylar ykdysadyỳetiñ gözgyny ỳagdaỳy barada ỳazypdyrlar. Döwlet kärhanalarynyñ, duz, magdan monopoliỳalarynyñ ỳatyrylmagyny talap edipdirler. Olaryñ dokladlarynda şahsy senetçilik we manufakturalaryñ işini bökdeỳän döwlet dokmaçylygynyñ ỳatyrylmagy talap edilipdir.

Reformatorlar daşary syỳasaty aktiwleşdirmegi talap edipdirler. Goşunyñ hili we ỳagdaỳy berk tankytlanylypdyr.

Görkezilỳän ỳaramaz ỳagdaỳlary düzetmegiñ ỳerine Min hökümeti reformatorlardan öç alypdyr. 1508-nji ỳylda 300 sany paỳtagtly emeldar tussag edilipdir. Hanlin akademiỳasy hem ejir çekipdir. Onuñ görnükli alymlarynyñ 200-si türmä salynypdyr.

Terrora garamazdan syỳasy talaplar azalmandyr. Şonuñ üçin hem imperator 1567-nji ỳylda agtalary wezipelerden boşadyp, olaryñ ornuna belli alymlary goỳmaga mejbur bolupdyr. Imperator an Szỳuỳçženi belleỳär. Ol ỳurduñ peỳdasyna birnäçe çäreleri durmuşa geçirỳär. Natural salgyt, zähmet borçlary ỳatyrylyp, pul salgydy girizilỳär. Özem ilat we ỳerleriñ ölçegi anyklanandan soñ. Bir wagtky gaçgagyñ ỳerine garyndaşlarynyñ töleg borjy ỳatyrylỳar. Agyr bergilerem ỳatyrylỳar. Magdanlara we duza döwlet monopoliỳasy ỳatyrylỳar. Emeldarlaryñ wezipä bellenmeginiñ we olary barlamagyñ tertip-düzgünlerini girizỳär. Imperator döwlet işlerine gatyşmagy ylalaşỳar.

Täzeliklere reaksiỳa garşylyk görkezipdir. Oña töhmet atypdyrlar. Ölenden soñ dönük diỳip yglan edipdirler, maşgalasynam gyrypdyrlar.

XVI asyryñ 90-njy ỳyllarynda feodallaryñ şäheriñ ỳokary gatlaklarynda oppozision göreş güỳçlenipdir. Onuñ merkezi Usi şäherinde (Hytaỳyñ günortasynda Ỳanszi derỳasynyn boỳunda) ỳerleşen Dunlin akademiỳasy bolupdyr. Oppozisiỳa paỳtagtdan kowlan emeldarlar gatnaşypdyrlar. Oña Gu Sỳançen ỳolbaşçylyk edipdir. Olaryñ talaplary Čžan Szỳuỳčženiñki bilen gabat gelipdir. Dunlinçilere 1620-nji ỳylda öz kandidatlaryny tagta çykarmak başardypdyr. Ỳöne ol zäherlenip öldürilipdir. Häkimiỳeti ỳene-de agtalar we geldi-geçdiler eỳeläpdir. Ähli dunlinçiler jezalandyrylyp öldürilipdir, tarapdarlaryny bolsa sürgün edippdirler. Aỳratynam alymlary yzarlapdyrlar, akademiỳalaryñ we mekdepleriñ köpüsi ỳatyrylypdyr. 1624-nji ỳylda reformatorçylyk hereketi derbi-dagyn edilỳär. Reaksiỳa ỳeñỳär.

Reaksiỳa döwründe ilatyñ gün-güzerany ỳaramazlaşỳar. Gozgalañlar başlaỳar. Oña her hili gizlin jemgyỳetler ỳolbaşçylyk edipdir. Şolaryñ biri hem gizlin “Ak bägül jemgyỳeti” bolupdyr. Onuñ ỳolbaşçylygynda 1622-nji ỳylda Şandun welaỳatynda gozgalañ başlaỳar. 1628-nji ỳylda dagynyk gozgalañçy goşunlar Gansuda, Şenside birleşỳärler. Hökümet Şensä goşun iberỳär.

1631-nji ỳylda gozgalañçy goşun Huanheniñ günbataryna geçip paỳtagta tarap süỳşüp ugraỳar. Ỳöne ỳeñilỳär we ỳene-de günorta çekilỳärler.

1635-nji ỳylda Henanda 32 sany uly gozgalañçy ỳolbaşçysy we 72 sany ownuk otrỳadlaryñ ỳolbaşçylary ỳygnanyşyp birleşmäge synanyşỳarlar. Olar Gao Ynsỳany ỳolbaşçy saỳlaỳarlar. Emma 1635-nji ỳylda-da 1636-1639-njy ỳyllarda-da gozgalañçy goşun ỳeñlipdir. Ỳöne dowam etdiripdirler. Hökümet amnistiỳa yglan edipdir. Söweşlerde Gao Ynsỳan öldürilipdir. Başga bir serdar Čžan Sỳančžun gabawa düşüp, ỳesir alnyp, soñ hökümete gulluk edỳär.

1639-njy ỳylyñ 2-nji ỳarymynda daỳhanlar goşunynyñ ỳolbaşçysy Szyçen bolupdyr. Ol daỳhanyñ ogly bolup, özem Şensili eken. Onuñ otrỳady Loỳany eỳeläpdir. Kaỳfyny birnäçe gezek gabawa alỳarlar. Eỳelän ỳerlerinde zapaslary açlyk çekỳän ilata paỳlapdyrlar. Soñra Hubeỳde Sỳanỳan şäherini alỳarlar.

Gozgalañçylar goşuny kämilleşdiripdir, berk tertip-düzgüni girizipdirler. Olja ỳygnamak gadagan edilipdir. Azygy, mallary, gymmat bahaly zatlary tabşyrmaly bolupdyr. Onuñ ỳerine sylag berlipdir.

Gozgalañçylar Li Sziçeniñ ỳolbaşçylygynda hökümet düzmäge synanyşypdyrlar. Ỳokary häkimiỳet we armiỳa ỳolbaşçylyk Li Sziçeniñ ỳolbaşçylygynda serdarlar sowetine degişli bolupdyr. Göreşiñ esasy maksady Min hökümetini ỳok etmek, iri feodallary we köşk adamlaryny gyrmak bolupdyr. Aşakylardan kontribusiỳa alypdyrlar. Şäher ilatyna dürli çemeleşipdirler. Ony üçe bölüpdirler: baỳlar, orta gatlak, ỳönekeỳ halk. Zatlar garyplaryñ arasynda paỳlanypdyr. Olaryñ belli bir dini ỳgarlary bolmandyr. Içinde buddistlerem, daoslaram, musulmanlaram bolupdyr. 1644-nji ỳylda Siỳan şäherini eỳeläp, Li Sziçeni imperator diỳip yglan edỳärler. Onuñ yzysüre bolsa, 3 günlük gabawdan soñ Pekini eỳeleỳärler. Imperator özüni asỳar.

Şäheri eỳelän gozgalañçylaryñ serdarlary tertip-düzgüni ỳola goỳupdyrlar. Talañçylyk, zorluk gadagan. Şäheriñ bäş maşgalasy bir esgeri iỳmitlendirmeli bolupdyr. Salgyt almak, bergileri töletmek ỳatyrylỳar. Iñ ỳokary gatlagy yzarlapdyrlar, öldüripdirler. Şäher emeldarlaryny wezipeden kowup, ỳönekeỳ adamlaryñ hataryna goşupdyrlar. Kontribusiỳa tölänleri erkinlige goỳberipdirler.

Gozgalañçylar döwlet edaralaryny döredip başlaỳarlar. Onuñ üçin asaky emeldarlary, türmeden

çykarylan öňki köşk adamlaryny ulanypdyrlar. Pul çykarypdyrlar.

Feodallar güýç ýygnap ugrapdyrlar. Olar mançžurlar bilen soýuz baglaşýarlar. Olar süýşüp başlaýarlar. Gozgalaňçylar gabawdan gorkup, Pekinden gidýärler. 1644-nji ýylyň iýunynda mançžurlar Pekini alýarlar. Oktýabrda Abahaý Nurhasyny imperator diýlip yglan edilýär. Dinastiýa Sin. Li Sziçen söweşde ölýär. Hubeý-Hunan raýonynda. Gozgalaň ýeňilýär.

## XV-XVII asyrlarda Hytaýyň durmuş – ykdysady ýagdaýy.

Hytaýyň XVI-XVII asyrlar döwrüniň taryhy feodal jemgyýetinde krizisiň başlanmagy bilen häsýetlendirilýär. Krizis esasan ýurduň ykdysadyýetinde, durmuş gapma-garşylyklaryň ýitileşmeginde we syýasy göreşlerde öz beýanyny tapdy. Mongol çozuşlary bilen bagly bolan tesişler we Min imperiýasynda konserwatiw tertip-düzgünleriň girizilmegi köneleşen feodal režimini berkitdi.

XV asyryň ahyryna çenli iri feodallaryň baýlygy we syýasy täsiri biçak artdy, halk köpçüliginiň ezilmegi öňküsindenem güýçlendi. Şunuň bilen bir hatarda feodal jemgyýetiň içinde täze durmuş-ykdysady gatnaşyklaryň irki formalary-da ýüze çykyp ugrady.

Ekerançylaryn kyn iş we durmuş şertleri oba hojalygynyň ösüş mümkinçiliklerini çäklendirýärdi. Feodal jemgyýetinde seýrek hadysa bolan arzan işçi güýji tehniki prosesiň öňündäki uly päsgelçilik bolup durýardy.

Elbetde öňki nesilleriň yhlasy netijesinde Hytaý ekerançylygy ep-esli üstünlikleri gazanypdy. Käbir tehniki täzeliklerem ýüze çykypdy. Meselem daýhanlaryň akyl-paýhasyesasynda jykyr kämilleşdirilip, suw göteriji

tranporterler döredildi. Ỳöne suwaryş tehnikasy mundan añryk gitmedi.

Ekerançylykda daỳhanlar tohumlaryñ hilini ỳokarlandyrỳardylar, ekin dolanyşykdan baş çykarỳardylar, ösümlikleriñ ekilişiniñ we suwarylyşynyñ wagtyny-sagadynybilỳärdiler, ekinleriñ arabaglanyşygyny göz öñüne tutỳardylar. Daỳhanlar ỳerde yzgar saklamagy, ỳörite metod boỳunça ỳeri dökünlemegi, bir mellekde birnäçe ekini bir wagtda ekmegi we ỳetişdirmegi başarypdyrlar. Ekerançylykda tehniki ekinler ekilỳän ỳerler, esasan hem gowaçanyñky giñelipdir. Obada nah mata dokamaklyga geçip başlapdyrlar we öz öndüren nahmata önümlerini giñden ulanypdyrlar.

Emma daỳhanlaryñ zähmet gurallary köpdürlidigine garamazdan örän primitiw we sada ỳagdaỳynda galmagyny dowam etdiripdir. Esasan gol zähmeti höküm sürüpdir. Ỳabylar bolmandyr, beỳleki iş mallary öküz, sygyr, eşek ỳetmezçilik edipdir. Daỳhanlar diñe elleri bilen orta we ownuk ỳer eỳeleri bilen ỳeri işläp bejeripdirler, gerdenleri bilen her hili zatlary daşapdyrlar. Şeỳle azap bilen öndürilen önümler bolsa, adatça daỳhan hojalygyny kanagatlandyrmaga ỳetmändir. Artykmaç zapasy bolmadyk daỳhan hojalyklary tozupdyr: netijede köpçülikleỳin açlyk, ykmandaçylyk we ilatyñ garylmagy döwrüñ giñ ỳaỳran hadysalary bolupdyr.

XV-XVII asyrlarda önümçilik prosesiniñ indiwidual – özbaşdak häsiỳeti bilen iri feodal eỳeçiliginiñ arasynda gapma-garşylyk ỳitileşipdir, şeỳle hem baỳ ỳer eỳeleri bilen orta we ownuk ỳer eỳeleriniñ arasyndaky garşylyklaram güỳçlenipdir. Diñe bir salgyt töleỳän daỳhanlaryñ elindäki döwlet ỳerleri däl, eỳsem hususy ỳerlerem iri feodallar tarapyndan eỳelenipdir.döwlet we hususy ỳerleriñ ỳuridiki statusyny kesgitleỳän kanunlaryñ bolmazlygy ỳerleriñ kanuny we bikanun ỳagdaỳda

eỳelenmegine, olaryñ satylmagyna we satyn alynmagyna getiripdir. Ỳerleriñ özara paỳlaşylmagy hususy eyeleriñ durmuş gatnaşygyny, ỳagny orta we ownuk pomeşşikleriniñ sanyny artdyrypdyr. Birwagtlar daỳhan hojalyklarynyñ, şeỳle hem obşinanyñ we ownuk eỳeleriñ ygtyỳarynda bolan ỳerler, täze hojaỳynlaryñ mülklerine öwrülipdirler.

Iri pomeşşikleriñ hataryna belli maşgalalar, ol ỳa-da beỳleki ỳerlerdäki täsirli adamlar, belli emeldarlar, harbylar, baỳ şäherliler, iri feodallaryñ mülklerini dolandyryjylar degişli bolupdyrlar. Kähalatlarda bir maşgala bütin uỳezdiñ sürümli ỳerleriniñ ỳaryna eỳeçilik edipdir. Baỳ şäherliler, söwdagärler we süỳthorlar ỳer satyn alyp, pomeşşiklere öwrülipdirler.

Natural salgyt daỳhan hojalyklaryny differentirläpdir, ỳagny bir tarapda baỳ, beỳleki tarapda bolsa garyp daỳhanlar ỳüze çykypdyr. Şol daỳhanlaryñ baỳan bölegi ỳer fondlarynyñ üleşlenilişine işeññir gatnaşypdyrlar. Oba administrasiỳasynyñ wekilleri, gurply daỳhanlar, köpsanly kethudalar, oba süỳthorlary, döwlet ỳerleriniñ gullukçylary tozan daỳhanlaryñ ỳerlerini eyeläpdirler. Pomeşşiklere öwrülenlerinden soñam olarỳönekeỳ adamlar hasaplanylypdyr, ỳöne kä halatlarda olarỳyñ käbirine ekzamen tabşyrmak we döwlet gullugyna işe durmak hem basardypdyr.

XV-XVII asyrlarda ỳerleriñ aỳry-aỳry adamlar tarapyndan köpçülikleỳin eỳelenilmegi Szỳansi, Çžeszỳan, Guandun, Hunan, Hubeỳ welaỳatlarynda, has dogrusy ykdysady taỳdan ösen ỳerlerde giñ ỳaỳrapdyr. Täze pomeşşikler bitewi hojalyk döretmändirler, olar diñe ownuk melleklerde oturan daỳhanlardan renta almak bilen çäklenipdirler. Ỳerlerde esasy işçi güỳji ỳarpaçy daỳhanlar ỳa-dabatraklar bolupdyr. Şeỳle ỳerleri köplenç bazaryñ talaplaryna görä ỳöredipdirler. Satuw üçin gök-

bakja, miwe önümleri, gowaça, temmäki ỳetişdiripdirler, howuzlarda balyk köpeldipdirler.

Dürli ỳollar bilen ỳerleri öz ellerinde jemleỳänler esasan iri feodallar bolupdyr. Ỳerleri eỳelemeklik iññän uly möçberlerde amala aşyrylypdyr, özem resmi taỳdan ugtyỳar berlipdir. 1456-njy ỳyldan başlap ilki bilen imperatorlaryñ özleri döwlet ỳerlerini öz mülklerine öwrüp başlapdyrlar. XVII asyryñ ortalaryna imperator mülkleriniñ sany 300-e ỳetipdir. Şolardan paỳtagt oblastyna golaỳ bäşisiniñ umumy meỳdany bir million mu ỳetipdir. XV asyryñ ahyrynda köşk mülkleri ỳa-da imperatorlaryñ garyndaşlarynyñ mülkleri döräpdir. Aỳratyn hyzmat görkezen köşk adamlary imperator tarapyndan 10-100-müñlerçe mu möçberdäki ỳerleri peşgeş alypdyrlar. Köplenç ỳagdaỳda ỳeri eỳelemeklik käbir adamlaryñ täsirli köşk admlaryna, imperatoruñ garyndaşlaryna para bermeklik arkaly hem amala aşyrylypdyr. Iri feodallaryñ mülklerinde ỳerleri öñküleri ỳaly ownuk melleklere bölüpdirler we daỳhanlara berkidip, olara çökder salgytlary salypdyrlar.

Daỳhanlardan alynỳan önümler köp sanly maşgalalary eklemek üçin feodallaryñ köşklerine, dolandyryjylaryñ öỳlerine ỳygnalypdyr. Bazar bilen göni gatnaşyk bolmandyr.sebäbi feodallar zerur zatlary öz mülklerinden we hazynadan alypdyrlar. Olar diñe gymmat bahaly zynatlary satyn alypdyrlar. Begzadalaryñ mülklerinde tehnikany kämilleşdirmegiñ we hakyna tutma işçi güỳjüni ulanmagyñ zerurlygy bolmandyr. Olarda ekspluatasiỳanyñ öñden gelỳän formalary we krepostnoỳçylyk zähmeti agalyk edipdir. Üstesine-de emlägi nesilden–nesle geçirmegiñ takyk kanuny bolmansoñ, feodallar hojalygy ỳöretmäge parhsyz garapdyrlar. Olaryñ bar ünsi hojaỳynçylyk edỳän

döwründe öz eỳelik edỳän mülkünden mümkin bolsa köpräk girdeji almaga gönükdirilipdir.

Feodallaryñ özleri her hili ỳygymlary ỳygnapdyrlar, ỳöne döwlet hazynasyna hiç zat tölemändirler. Imperator garyndaşlaryna we täsirli adamlara ỳerleri döwlete salgyt töleỳän daỳhanlary, hatda hususy ỳer eỳeleri (ownuklar göz öñüne tutulỳar) bilen bilelikde beripdirler. Netijede döwlet girdejileri azalypdyr, bỳujedi doldurmak mesele bolupdyr.

Ỳerler eỳelenỳän mahaly iri feodallar öz hojalygyny akylly–başly ỳöredỳän gurply daỳhanlary, hatda pomeşşikleri hem tozdurypdyrlar. Döwlete salgyt töleỳänler, pomeşşikmi ỳa-da daỳhanmy, tapawudy ỳok, feodal hökümdarlaryñ ỳa-da dolandyryjylaryñ garaşlylygynda bolupdyrlar. Ekerançylara we ownuk ỳer eyelerine berk talaplar bildirilipdir. Köplenç ỳerlerden çykarylyp, ỳarpaçylar bilen çalşyrylypdyr.

XV–XVII asyrlarda hususy eỳeleriñ ỳa-da feodal hökümdarlaryñ ỳerleriniñ içindäki ownuk melleklerde oturan daỳhanlaryñ sany hem ep–esli artypdyr. Köplenç ỳagdaỳda olar gös–göni salgyt töleỳänler bolmandyr-da, dürli borçlary ỳerine ỳetiripdirler, özlerine derek däl-de, hojalyga derek salgyt töläpdirler ỳa-da diñe jan başyna salgyt töläpdirler. Diỳmek, olara öndürỳän önümi üçin salgyt salynmandyr-da, hojaỳyna derek töläpdirler. Olaryñ hojaỳyna töleỳän rentasy hasylyñ 50% -ni tutupdyr. Başga-da olara her hili zatlary getirmeklige we işleri ỳerine ỳetirmäge borçly edipdirler, maşgala agzalary bolsa hojaỳyna hyzmat edipdirler.

Edere iş tapman ỳören daỳhanlaryñ güni has hem kyn bolupdyr. Olar öz maşgalalaryny eklemegä däl, tersine hojalygy üçin agyr ỳük bolupdyr. Obadan çykyp gitmeklik hem ỳagdaỳy ỳeñilleşdirmändir. Sebäbi tozan daỳhan, bergidar, gaçgak ỳa-da ykmanda üçin onuñ

garyndaşlary, goñşulary jogap bermeli bolupdyr. Obşinanyñ agzalary öñküler ỳaly ỳylda iki gezek alynỳan döwlet salgytlaryny töläpdirler. XV –XVII asyrlarda salgydyñ esasy görnüşi däne, mata we pul salgydy bolupdyr. Kümüşiñ kursunyñ üỳtgäp durỳanlygy sebäpli ol esasan tüwi ỳa-da bugdaỳ bilen hasaplanylypdyr. Beỳleki oba hojalyk önümleri, şeyle hem ỳüpek, nah, metal we kagyz pullar tüwi bilen deñleşdirilipdir we olaryñ ỳerini tutup bilipdir (sebäbi tüwini öndürmek kyn, üstesine-de ol esasy azyk önümi). Ỳöne pul görnüşinde alynỳan ỳygymlaryñ möçberiartypdyr. Resmi maglumatlara görä tüwini we bugdaỳy köplenç kümüş bilen çalşypdyrlar. Daỳhanlarda kümüşiñ ỳoklugy sebäpli tüwä we bugdaỳa geçirilende olary aldapdyrlar. Bulardan başga-da salgyt töleỳänler ỳylyñ dowamynda 30 gün gurluşyklarda, ỳük daşamakda, ỳer gazmak işlerinde döwlet borçlaryny ỳerine ỳetiripdirler.

Min hökümeti öz islegini we giden feodallar gatlagynyñ isleglerini, şeỳle-de harby çykdajylaryñ öwezini dolmak üçin hemişe salgytlary ardyrmaga çalşypdyr. Bu bolsa asaky gatlaklarỳyñ gün-güzeranyny çydamsyz ỳagdaỳa getiripdir. Salgyt töläp bilmeỳänler kyn günlere sezewar edilipdir. Munuñ üçin onuñ garyndaşlaryna-da degipdirler. Min dinastiỳasynyñ dolandyran başky ỳyllarynda gaçgaklary tutmak barada buỳruklarçykarylan bolsa, XVII asyrda daỳhanlary ỳerden kowmaklyk we olaryñ ỳerden mahrum bolmaklygy giñ gerime eỳe bolupdyr. Feodallaryñ ỳerlerini köpçülikleỳin eỳeläp ỳerleri bolan ỳurduñ demirgazygynda ilata açlyk uly howp salypdyr.

Günortada yerleriñ hakyky eỳeleriniñ ỳerleri alnyp, olaram ỳarpaçylar bilen çalşyrylypdyr. Ownuk pomeşşikler bu ỳerde-de çökder salgytlardan ejir

çekipdirler, ỳöne yerden kowmaklyk we emlägini elinden almak seỳrek ỳagdaỳ bolupdyr.

Demirgazyk we kem –käsleỳin merkezi raỳonlaryñ yersiz galan daỳhanlary gizlin ỳerlere ỳygnanyp, şol ỳerdenem baỳ mülklere çozuşlary gurapdyrlar. Kähalatlarda daỳhan gozgalañlary giñ raỳonlary öz içine alypdyr. Uly daỳhan çykyşlary 1507-1512-nji ỳyllarda Hubeỳ we Hunan welaỳatlarynda bolup geçipdir. Häkimiỳetler uly goşun birikmelerini olaryñ üstüne sürüp, gozgalañyñ beỳleki welaỳatlara geçmezligi üçin dürli çäreleri geçiripdirler. Emma 1513-nji ỳylda Szỳansi welaỳaty täze gozgalañyñ merkezine öwrülip, ol ỳerde on müñlerçe gozgalañçy hereket edipdir.

Uzaga çeken şeỳle gozgalañlar Spçuan we Şandun welaỳatlarynda-da bolup geçipdir. Gozgalañçylara kähalatlarda şäherliler, magdançylar hem goşulypdyrlar. Gozgalañçylary ỳerli daỳhanlar goldapdyrlar. Soñra gozgalañlaryñ köp tutaşan ỳerleri Şensi, Tansu, Şandun we Henanyñ käbir ỳerleri bolupdyr. Minleriñ dürli eglişik etmeklerine, salgydy azaltmaklaryna, açlyk çekỳänlere kömek bermegi wada edỳändiklerine, günä geçişlik yglan edendiklerine garamazdan gozgalañlaryñ gerimi has ỳokary göterilipdir.

XVI-XVII asyrlarda Hytaỳyñ dürli künjekleriniñ ösüşi deñ bolmandyr. Bu ỳagdaỳ soña –baka has hem güỳçlenỳär. Günorta –gündogar deñizỳaka welaỳatlarynyñ, Ỳanszynyñ we Beỳik kanalyñ iki kenaryndaky ỳerleriñ ykdysadyỳeti ỳokary göterilip ugaraỳar. Söwda ỳollarynyñ we ykdysady merkezleriñ başga ỳerlere geçmegi bilen Spçuan, Şensi we käbir raỳonlar ikinji plana geçỳär. Hytaỳyñ Beỳik ỳupek ỳolundan mahrum bolmagy netijesinde Kaỳfynỳñ, Loỳanyñ, Çendunyñ, Siỳanyñ çökmegine getiripdir. Sebäbi ỳollar indi başga ỳerlerden geçỳärdi. Bularyñ

ỳerine bolsa, esasy suw ỳollarynyñ gyrasynda täze şäherler –Tanszyn, Szinin, Hankou, Sunszỳan, Şanhaỳ şäherleri ỳüze çykdy. XVI asyrda Pekinde bolsa 1 milliondanam köp ilat ỳasapdyr.

XVI asyrda obalaryñ we kürenleriñ posadlara ỳa-da ösen söwdaly we senetçilik tipli posỳoloklara öwrülmek prosesi güỳçli dowam etdi. Olara şäheriñ statusy berlipdir. Posadlarda ỳa-da çženlerde köpsanly şäher administasiỳasy bolmandyr. Ỳüpek dokmaçylygyñ merkezleri bolan Suçžouñ, Hançžouñ, Usiniñ, Şanhaỳyñ, Nankiniñ daş–töwereginde daỳhanlar tut agajyny ösdürip, ỳüpek gurçugyny köpeldipdirler. Ỳurtda şekerçiñrigini we dürli ỳaglary berỳän ösümlikleri ỳetişdirỳän we işleỳän merkezler döräpdir.

XVI asyra çenli haỳsy raỳonyñ nähili önümlere ỳöriteleşendigi hem belli boldy. Meselem, Guandun welaỳaty demirden edilen önümler bilen tanalypdyr, Szỳansi welaỳaty bolsa bütin Hytaỳa we goñşy ỳurtlara farfor we keramika önümlerini iberipdir, Şanhaỳda we Unszỳanda nah matalary, Uhu şäherinde dürli reñkler, Taỳwanda bolsa gant öndürilipdir. Ỳurtda ỳüpek we nah dokmaçylygy, reñk ỳasamak işi, farfor we keramika öndürmek, kagyz ỳasamak we kitap çap etmeklik ösüpdir. Ỳüpek öndürmeklik Nankinde, Suçžouda we Hançžouda giñ ỳola goỳlupdyr.

Ỳurtda dürli magdanlaryñ gazylyp alynmagynyñ artdyrylmagy we olaryñ işläp bejerilişiniñ giñemegi käbir tehniki öñe gidişliklere hem getiripdir. Hebeỳde, Szỳansuda, Şanside daş kömür gazylyp alnanda her hili tilsimleri ulanypdyrlar.

Demir işläp bejerỳän ussahanalar oba hojalyk gurallaryny, gazanlary, labyrlary we tposy, demir listlerini, sim, çüỳleri öndüripdirler. Emma metallary gazyp almak, işläp bejermek bilen baglanyşykly

promysellerde ỳokary zähmet endikleri, pes derejedäki tehnika bilen utgaşdyrylypdyr.

Şol döwürlerde Hytaỳ beỳik diñli(maçtaly) dört palubaly gämileri bilen şöhratlanypdyr. Hytaỳlylar gämiler bilen uzaklara gidip gelmegi başarypdyrlar. XVII asyryñ başlarynda hytaỳlylar suwa çümülỳän skafandry, suw suw bombasyny hem ỳasaỳar ekenler. Şol ỳönekeỳje minalar bilen olar garşydaş tarapyñ gämilerini gark edipdirler. Işläp–bejerỳän promyseller hem ösüpdir. Şekerçiñriginden gant gaỳnadylypdyr, çaỳy, temmäkini, işleỳän ussahanalar, ỳag çykarỳan juwazlar, un üweỳän harazlar we kanslỳer önümlerini öndürỳän sehler gurlupdyr. XVI –XVII asyrlarda gurluşyk işi täzeden janlanypdyr, Pekin we Nankin arhitektura, köşkler we hramlar gurlupdyr. Beỳik Hytaỳ diwarynyñ käbir ỳerleri dikeldilipdir, köp berkitmeler, berk we örän gelşikli köprüler gurlupdyr.

Senetçiligiñ täze görnüşleriniñ ỳüze çykmagy bilen täze sehler hem döräpdir, olaryñ ustawlaryna üỳtgeşmeler girizilipdir. Ỳüpek mata we farfor önümçiliginde täze söwda merkezleriniñ sany artypdyr. Ỳöne söwdanyñ senetçilikden aỳrylmak prosesi haỳal geçipdir we ol XX asyra çenli dowam edipdir. Her önümçiligiñ öz sehi bolupdyr. Farfor onümçiliginde küỳze ỳasaỳanlaryñ, žiwopisçileriñ we bişirỳänleriñ hersiniñ öz sehi bolupdyr. Taỳyn bolmadyk önümler bir sehden beỳlekisine diñe alyp –satmagyñ üsti bilen geçirilipdir. Elbetde, önümçilik prosesiniñ şeỳle pytraññy we üzñe ỳagdaỳda bolmagy önümçilige ỳaramaz täsir edipdir.

Senetçiligiñ, şäher önümçiliginiñ we söwdanyñ ösỳändigine garamazdan şäher senetçileri döwletiñ ykdysady we syỳasy süteminiñ astynda bolupdyr. Olar birugsat bir şäherden beỳlekisine geçip bilmändirler, her bir senetçi salgyt tölemäge we zähmet borçlaryny ỳerine

ỳetirmeli bolupdyrlar. Senetçileriñ zähmet borçlary hakyndaky kanun baryp 1385-nji ỳylda kabul edilipdir. XV asyrda zähmet borçlaryna degişli senetçileriñ sany 300 müñe ỳetip, işlemeli günleriñ möçberi günleriñ möçberi ỳylda 20 güne ỳetipdir. Zähmet borçlaryny ỳerine ỳetirmek üçin olar uzaklara gitmeli bolupdyrlar. XVI asyrda natural salgydy we zähmet borçlaryny pul salgydy bilen çalyşmaga edilen synanyşyk netijesiz gutarypdyr.

Pul –haryt gatnaşyklarynyñ ösmegi bilen senetçileriñ arasynda-da differentasiỳa gidipdir. Ownuk, orta we iri senetçiler ỳüze çykypdyr. Ownukda bir maşgala, orta senetçiniñkide ussanyñ kömekçisi we 2-3 sany şägirt işläpdir. Ulusynda bolsa, onuñ özüniñ ussahanasy bolup, hakyna tutma senetçiler işläpdirler.

Içerki bazaryñ giñemegi welaỳatara gatnaşyklaryñ ösmegi, sehiñ içindäki differetasiỳa sehiñ işini kynlaşdyrypdyr. Öñküler ỳaly she ỳerli bazarda hojaỳynçylyk edip bilmändir. Köpsanly gelmişek söwdagärler ỳerli sehleriñ gadagan etmeklerine garamazdan söwda edipdirler we özleriniñ territorial – ildeşler guramalaryny döredipdirler.

XVI asyrda ösen welaỳatlarda, ỳagny merkezi we kenarỳaka welaỳatlarda kapitalistik şereketler(şärik) we manufakturalar döräpdir. Şeỳle kärhanalaryñ köp ỳaỳran görnüşi, serişdeleriñ ỳetmezçiligi we maỳa ỳygnamagyñ kyn şertleri sebäpli birnäçe adamlaryñ birleşip döreden şereketleri bolupdyr. Şonda her kim belli bir möçberde alynỳan girdejini, goỳan maỳasyna görä paỳlaşylypdyr. Şu görnüşdäki kärhanalar ỳeke bolup, bitirmesi kyn bolan işlerde, dag –magdan işlerinde, metal işläp –bejermekde, duz çykarmakda, kagyz ỳasalanda, gant gaỳnadylanda döräpdir. Ỳöne magdan gazyp almakda döwlet monopoliỳasy bolan soñ, hususy kärhanalar gizlin

ỳerlerde gurlupdyr. XVI asyryñ ortalaryndan hökümet magdan çykarmaga rugsat beripdir, ỳöne örän ỳowuz salgyt sistemasyny girizipdir.

Hususy kärhanalarda önümçilik hakyna tutma işgärleriñ hasabyna ỳöredilipdir. Käbir paỳlaşmak prinsipine esaslanỳan kärhanalarda ỳönekeỳ kooperasiỳadan kapitalistik önümçilige geçilip başlanỳar. Kooperasiỳa tipdäki kärhanalarda ỳüzlerçe işçi güỳji işläpdir, paỳçylaryñ ownuk toparyndan girdejiden esasy uly paỳy alỳan "hojaỳyn" saỳlanypdyr. Adatça şeỳle hojaỳynlar söwdagärler bolupdyrlar.

Senetçiler bilen söwda kapitalynyñ arasyndaky gatnaşyklar hem dürli görnüşde bolupdyr. 1) ỳönekeỳ alyş –çalyş (biri satỳar, beỳlekisem alỳar); 2) stanoklary kärendesine bermek; 3) pytraññy manufaktura (ỳagny söwdagär çig maly dürli ỳerlere ỳaỳradyp, soñam zat ỳasadyp ỳa-da dokadyp satyn alỳar). Söwda kapitalynyñ önümçilik sferasyna aralaşmagy senetçilikde köne feudal gatnaşyklary saklapdyr we senetçiligiñ ösüşini bökdäpdir. Bu–da önümçiligiñ peỳdasyna bolmandyr.

Manufakturalaryñ eỳeleri esasan söwdagärlerden gelip çykanlar, she senetçileriniñ baỳanlary ỳa-da ỳokary gatlaklaryñ wekilleri, aỳratynam döwlet önümçiligini dolandyrmak bilen meşgullanỳan emeldarlar bolupdyr.

Seh –taỳyn önüm satmandyr(gön, ỳüplük, boỳag).

Manufaktura –taỳyn önüm çykarỳar(aỳakgap, mata).

Şeỳle tipdäki adamlaryñ eỳeçilik etmegi olaryñ emlägini goramagyna kepil beripdir.

Iri –dokma, reñkleỳji farfor manufakturalar uly senetçilik merkezlerinde ỳerleşip, olarda döwlet ussalary işläpdir we she gurluşy boỳunça ỳöredilipdir. Şu aỳratynlyk manufakturanyñ ösüşine iki hili täsir edipdir.

Hususy manufakturalar tehnikany döwlet manufakturasyndan alypdyr, sehler bolsa oña ỳokary kwalifikasiỳaly işçi güỳjüni beripdir. Emma sehiñ ỳanynda peỳda bolmak bilen manufakturanyñ sehiñ agalygynyñ astyndan çykyp bilmezligi onuñ geljekki ösüşine ỳaramaz täsir edipdir, ony gowşadỳan we ösüşini togtadỳan bir ỳagdaỳ bolupdyr.

Döwlet senetçiligi seh sistemasynyñ dargamagyna we hususy kärhanalaryñ ösmegine päsgel beripdir. Döwlet ussahanalary paỳtagtlarda we iri senetçilik merkezlerinde ỳerleşipdir. Ỳarag, mata öndürỳän kärhanalarda, metal eredilỳän ỳerlerde we gämi gurulỳan kärhanalarda işleỳän müñlerçe senetçiler zähmet borçlaryny ỳerine ỳetiripdirler.

XVI asyrda döwlet senet önümçiliginde pul-haryt gatnaşyklarynyñ täsiri bilen käbir üỳtgeşmeler bolup geçỳär: zähmet borçlary ỳatyrylyp, ussalar indi hakyna tutlypdyr, çig malyñ bir bölegi ilatdan satyn alynypdyr (öñ salgyt salnypdyr). Ỳöne iñ ỳokary kwalifikasiỳaly ussanyñam hakyna tutlyşy gaty bir erkin bolmandyr. Hakyna tutulan döwlete bagly bolupdyr, çig mal satyn almaklyk mejbur etmeklik arkaly amala aşyrylyp, örän pes bahadan alnypdyr.

Döwlet ussahanalarynda öndürilen önüm imperator köşgüne, ỳokary gatlaklaryñ hojalyklaryna geçirilipdir. Şol önümler daşary we içerki bazara çykmaklyk bilen hususyỳetçileriñ we senetçileriñ önümleri bilen bäsleşipdirler. Netijede döwlet manufakturalary haỳallyk bilen natural ykdysadyỳetiñ çäginden çykyp ugrapdyr. Şol döwürlerde has hem dasary söwda ösüpdir. Ỳewropada, Günorta–Gündogar Aziỳada, Ỳaponiỳada, Jungariyada we Kaşgariỳada satylypdyr.

## Koreýa irki orta asyrlarda

Koreýanyň territoriýasynda döwletleriň haçan döränligi,olaryň sosial–ykdysady ýagdaýy jedelli meseleleriň biridir. Gul eýeçilik gurluşynyň ýykylyp , feodal gatnaşyklaryň kemala gelýän döwürlerinde , irki hytaý taryhy çeşmeleriniň habar berşi ýaly Koreýanyň ýerinde birnäçe taýpalar we taýpa birleşikleri ýaşapdyr . Ýurduň demirgazygynda kogurýolar , ýemek , okço – günortasynda bolsa han taýpasy ýerleşipdir . Ýarym adanyň ilaty balykçylyk , awçylyk , öý haýwanlaryny idetmeklik bilen meşgullanypdyr , ýöne esasy meşgullanan işleri oba hojalygy bolup , dänelik ekinleri ( şaly,arpa,prosa,boby ) ekipdirler, kenepden we ýüpekden edilen matalary dokapdyrlar.

Döwlet ilki Kogurýolarda döräpdir diýlip çaklanylýar. Döräýmeginiň mümkingadar wagty hökmünde IV–nji asyryň ahyrlary, V–nji asyryň başlary görkezilýär.Özem bu döwvr Kogurýonyň güýçli wagty bolupdyr.Diýmek,onuň has irräk dörän bolmagy mümkin.Bu döwlet özüne Koreýa ýarym adasynyň demirgazygyny we goňşy Lýaodun ýarym adasyny birikdiripdir.Ýurdy Wan dolandyryp,öňki urug aristokratiýasyny köşk we harby adamlaryna öwrülipdir .

Koreýanyň günortasyndaky taýpalar (pekçe, saro, kaýa we başg.) öz goňşularyny boýun egdiripdirler we döwlet emele getiripdirler.Wagtyň geçmegi bilen olardan Pekçe saýlanyp III–IV-nji asyrlarda Koreýanyň günorta – günbatarynda güýçli döwlet döredipdirler . V – VI-nji asyrlarda ilkidurmuş obşina gurluşynyň dargamagy bilen ýarym adanyň günorta–gündogarynda Silla döwleti kemala gelýär. Onuň dörän ýeri Saro we Sobol obşinalarynyň ýerleri bolupdyr. Soň Silla kaýa obşinasy hem birikdirilipdir .

Şeýlelikde VI-nji asyra çenli Koreýanyň ýerinde 3–sany döwlet kemala gelipdir.Ýöne olar biri–biri bilen agalyk

ugrunda ýangynly göreşipdirler. Bu göreşde esasan hem Kogurýo tapawutlanypdyr.369–njy ýylda Kogurýo Wany Pekçä garşy urşa başlaýar, ýöne şol gezek ýeňilýär.371– nji ýylda bolsa Pekçeliler Phenýany gabapdyrlar.391–nji ýylda tagta gelen Kwangetho («ýurdy giňeldiji» расширитель земель) giň ýerleri Kogurýo birikdiripdir.Onuň ogly Çansu 427–nji ýylda Phenýany paýtagt edýär we ýurdy birikdirmek maksady bilen Pekçe bilen Silla garşy urşa başlaýar.Oňa garşy Pekçe bilen Silla soýuz baglaşýarlar.475-nji ýylda Çansu 30 müňlik goşun bilen Pekçä çozýar we onuň paýtagty Hansony eýeleýär. Ýöne ony doly boýun egdirmek başartmaýar,sebäbi Silla Pekçä kömek beripdir.IV-V-nji asyrlarda Kogurýo bilen Pekçe uruşýan döwürleri Silla çalt ösüpdir.Muňa onuň hytaý medeniýetini kabul etmegi hem gowy täsir edipdir.VI-nji asyryň 1–nji ýarymynda Silla öz ýerine birnäçe ýerleri birikdirýär.553–nji ýylda Silla bilen Pekçäniň bilelikdäki söweşleri netijesinde Kogurýonyň araçägi demirgazyga tarap ep-esli süýşürilýär.Sillanyň araçägi bolsa günbatar kenara ýetýär.Bu bolsa onuň Pekçe bilen arasyny bozýar.554 – nji ýylda Pekçe wany Son Sillanyň Kwansan galasyna çozýar we uly ýeňlişe sezewar bolýar. Koreýanyň territoriýasyndaky döwletler ir wagtdan başlap goňşy döwletler bilen dürli gatnaşyklary amala aşyrypdyrlar.III-nji asyrda Han imperiýasy dagandan soň emele gelen döwletler bilen Kogurýo gowy goňşyçylyk gatnaşyklaryny edipdir.Pekçe hem Lýaodun ýarym adasynyň üsti bilen geçen hytaý medeniýetini kabu edipdir.VI-nji asyryň ahyrlarynda Hytaýda Suý imperiýasynyň döremegi bilen Koreýadaky döwletleriň olar bilen gatnaşygy ýaramazlaşýar.Sebäbi olar Koreýany boýun egdirmäge çalşypdyrlar. 598-nji ýylda Suý imperiýasynyň 300 müňlik ekspedision korpusy gury ýerden we suw bilen Kogurýo ugradylýar.Guryýer goşunlary derbi – dagyn edilýär.Gämiler bolsa gaý – tupanda heläk bolýar.Öz territoriýalaryndan hytaýlylary kowanlaryndan soň kogurýolylar 603–nji ýylda

ilki Sillanyň,607–nji ýylda bolsa Pekçäniň üstüne çozýarlar.612– nji ýylda Suý imperatory Ýanьdi 1130 müň adamdan ybarat bolan ägirt uly goşun döredýär we onuň uly bölegini Lýaodun ýarym adasynyň üsti bilen Kogurýo tarapa sürýär.Ýöne Kogurýo serkerdesi Yl Çimundok birnäçe aýa çeken gandöküşikli söweşlerden soň 400 müňe basalyk Suý goşunlaryny derbi-dagyn etmegi başarýar. Kogurýodan aýylganç ýeňilendigi sebäpli 617–nji ýylda Suý dinastiýasy ýaşamagyny bes edýär.Suý dinastiýasy ýykylandan soň onuň ýerine ýene-de merkezleşdirilen Tan imperiýasy döredilýär.Edil Suý dinastiýasy ýaly olar hem Kogurýony basyp almagy maksat edinipdirler.Pekçe bilen Silla hem Kogurýoň gazanan üstünliklerinden gorkup Tanlar bilen ýakynlaşmaga dyrjaşypdyrlar.Şol bir wagtyň özünde-de ol ikisi özara uruşypdyrlar.Şol döwürde Kogurýo wany Ýon Kesomun Pekçe bilen Silla garşy soýuz baglaşýar.Sebäbi Silla Tanparaz syýasat ýöredipdir.Bu bolsa Kogurýo ýaramandyr.Tanlar bolsa Sillany gollap,beý- leki ikisini her-hili ýollar bilen gorkuzmaga çalşypdyr.Ahyrynda 645-nji ýylda Tan imperatory 200 müňlik goşuny Kogurýoň üstüne iberýär.Ýöne bu gezek hem hytaýlylar ýeňilýärler.Tan imperatory Taýszun ýene-de soň 3 gezek 649,650 we 651-nji ýylda Kogurýoň üstüne goşun çekýär. Barybir ýene-de ýeňilýärler.

VII-nji asyryň 2-nji ýarymyndan Silla döwleti güýçlenip ugraýar. Köne obşina gurluşy dargap, feodal gatnaşyklar kemala gelip ugraýar. 654 – nji ýylda korol urugyndan bolan Kim Çhunç Hu patyşa aýal Çindok ölenden soň tagta çykýar. Ol Tan dinastiýasy bilen ýakyn aragatnaşyk saklapdyr. Olar bilen soýuz baglaşyp, Kim Koreýany birikdirmek isläpdir.Tan dinastiýasy hem Sillanyň kömegi bilen Koreýany boýun egdirmek isläpdir. 660–njy ýylda Silla bilen Tanlaryň goşuny bir wagtda gury ýerden we suwdan Pekçäniň paýtagty Sabi galasyny gabaýarlar we Sillanyň 50 müňlik we Tanlaryň 135 müňlik goşunlary

Pekçäni eýeleýärler we ol ýaşamagyny bes edýär. Kogurýonyň ýagdaýy hem ýaramazlaşýar. Sebäbi 60 ýyla golaý dowam eden uruşlar (Tanlara we özara) onuň ykdysadyýetini çökeripdir, ýurt tozupdyr. Bu bolsa Silla we Tan dinastiýasy üçin amatlypursaty döredipdir. Şonuň üçin hem 667-nji ýylda Silla bilen Tan Kogurýo çozýarlar. Ýöne bu ýöriş şowsuz tamamlanandygy üçin yza çekilýär. 668-de ýene-de gaýtalanýar we olar ýeňiş gazanýarlar. Kogurýo ýaşamagyny bes edýär.

Iki döwlet birikdirilenden soň Tanlar bilen Sillanyň arasynda garşylyklar ýitileşip ugraýar. Sebäbi olaryň hersiniň öz maksady bardy. Üstesine-de Kogurýonyňam, Pekçäniňem boýun egdirilen ilaty Tan basybalyjylaryna garşy dyngysyz göreşýärdiler. Şol göreşlerde Kogurýo bilen Pekçäniň ilaty Silla ýardam edip ugraýarlar.

674-nji ýylda Tan goşunlary Sillanyň territoriýasyna demirgazykdan çozup girýärler. Çhanson galasynda 675-nji ýylda Tanlar ýeňilýär. Umuman 675-676-njy ýyllarda bolan söweşlerde Sillalylar üstin çykýarlar. 735-nji ýyla çenli Koreýanyň ähli ýerleri birikdirilýär. Pekçe , Silla , Kogurýo halkyýetleriniň üçüs bir döwlete birikdirilenden soň,olaryň hemmesi üçin umumy bolan bir dil kemala gelip ugraýar. Umumy koreý dili hökmünde Sillanyň dili ykrar edilýär, beýleki ikisi bolsa ýerli dialektlere öwrülýär. Bir döwlete birigensoňlar Koreýanyň territorial bütewiligi hem ýüze çykýar.

Silla döwleti tarapyndan Koreýanyň birikdirilmegi ýurtda feodal gatnaşyklaryň Kemala gelmegine oňyn täsir edipdir. Özara we goňşy döwletler bilen uruşlaryň gu tarmagy Koreýanyň öndüriji güýçleriniň tiz ösmegine ýardam edipdir. Emma bu ösüşlere ýurt birikdirilen döwrüň başlarynda öňki aristokratlar güýçli garşylyklar görkezipdirler, topalaň baryny turuzupdyrlar. Ýöne olar basylyp ýatyrylypdyr, emläkleri konfiskasiýa edilipdir.

Koreýada feodal gatnaşyklar ýere döwlet eýeçiliginiň esasynda döreýär. Ýurduň ýer fondunyň agramly bölegini ownuk ýer bölekleri (надель) düzüpdir. Olara daýhanlar eýeçilik edipdir. Olar döwlete renta salgydyny we umumydöwlet zähmet we harby borçlary ýerine ýetiripdirler.

Ýer böleklerine eýeçilik etmeklik resmi taýdan 722 – nji ýylda girizilýär. Şol ýyl ähli daýhan ýerleri döwletiňki diýlip yglan edilýär. Bölek ýer sistemasy daýhanlary ýerlere berkitmegiň we olaryň döwlet tarapyndan ezmegiň formasy bolupdyr. Ýöne şeýle sistemanyň girizilmegi nähili hem bolsa daýhan ýerleriniň iri ýer eýeleri tarapyndan eýelenmegine päsgel beripdir, döwlet hazynasyna durnukly girdejileriň gelmegini üpjin edipdir.

VIII –njy asyryň 2-nji ýarymyndan syýasy arena konserwatiw aristokratlaryň gelmegi bilen ýurtda tagt ugrunda göreşler başlaýar. Bu göreşler ýurdy heläkçilige tarap äkidip ugraýar, merkezleşdirilen döwleti gowşadýar . Ýurt eýesi Wan eýýäm olardan öz wagtynda salgytlaryň tölenmegini, borçlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edip bilmändir. Bu ýagdaý bir tarapdan konserwatiw aristokratlaryň ygtyýarynda iri ýer eýeçiligini döreden bolsa beýleki bir tarapdan obalarda hem öz eline ep-esli ýerleri jemlän oba baýlaryny ýüze çykarypdyr. 685-nji ýylda çinowniklere ýerleri paýlamaklyk gadagan edilen hem bolsa (sebäbi ol döwlet häkmýetini gowşadýardy) barybir ýerler olara berilýärdi. Soňra ol ýerler olaryň mülkine öwrülýärdi. Şol ýerlerdäki daýhanlar bolsa, hem döwlete hemem çinowniklere salgyt töleýärdiler. Şeýle ýagdaýda daýhanlar tozupdyrlar we ýerlerini taşlap başga feodallara işe durupdyrlar.Sebäbi feodalyň elinde ylalaşyk esasynda işlemeklik olary tükeniksiz döwlet we feodal salgytlaryndan gutarypdyr. Ilatyň belli bir böleginiň kyn şertlerde ýaşaýanlygyna aramazdanýurtda oba hojalygy, senetçilik, söwda ösüpdir.Şäherler baýapdyr.

Koreýada öndürilýän harytlar Ýaponiýa we Hytaý bazarlaryna çykarylypdyr.

IX –nji asyrda pomeşşikleriň ummasyz köp ýerleri eýelemegi,süýthorçylygyň we söwdanyň ösmegi bilen daýhanlaryň gedaýlaşmagy güýçlenýär.Onda-munda ygyp ýören gaçgak daýhalaryň toparlary ýurduň köp ýerlerinde duşupdyr. Üstesine-de dürli toparlanyşyklaryň arasynda häkimiýet ugrunda göreşler ýitileşipdir.Bu bolsa ýurduň bütewiligine howp salypdyr.Halkdan alynýan salgytlaryň köpelýändigine garamazdan döwlet hazynasyha zat gelmändir.Sebäbi olar çinownikleriň ygtyýaryna geçirilipdir.Şeýle ýagdaýlar sebäpli ýurtda IX-njy asyryň başlaryndan gozgalaňlar başlaýar.Bütin IX-njy asyryň dowamynda gozgalaňlar ýurduň kä ol ýerinde,kä bu ýerinde turupdyr.Has hem «Gyzyl balaklylaryň» we «Sary daňylylaryň» gozgalaňlary güýçli bolupdyr.Ýöne olaryň hemmesi hem hökümet tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr.

Daýhanlar gozgalaňlary bilen bir hatarda ýurduň gowşamagy we ýuwaş-ýuwaşdan dargamak prosesi hem dowam edipdir. Käbir täsirli feodallar öz taraplaryna gozgalaňçylary çekmek bilen merkezi hökümetden bölünip ugrapdyrlar we özbaşdak hanlyklary döredipdirler. Netijede X-njy asyryň başlaryna çenli Silla döwletiniň territoriýasy kiçelip, Koreýanyň gündogaryndaky kiçijik döwlete öwrülipdir. Galan territoriýada özbaşdak knýazlyklar döräpdir.

Üç döwletleriň döwründe medeniýet,sungat we ylym ösüpdir. Hytaýyň täsiri uly bolupdyr. Gadymy ata – babalarynyň politeizminiň ornuna konfusiançylyk we
buddizm gelipdir.Ýöne ata-babalarynyň dinleriniň täsiri hem bolupdyr.Ýagny, ata-babalaryň ruhuna we tebigatyň güýçlerine çokunmaklyk. Gürrüňi edilýän döwürlerde Koreýada arhitektura, skulptura ösüpdir.Ata-babalaryň dini ynançlary kämilleşipdir. Koreýada taryh hytaý dilinde ýazylypdyr. Soňra

VII–nji asyrda Koreý dilinde ioroglif bilen ýazyp ugraýarlar we ş.m.

## Koreýada derebeglik gatnaşyklarynyň ösmegi ( X – XIV a.a ) .

IX-asyryň ikinji ýarymynda Silla döwletiniň dargamak prosesi güýçlenýär.

Özara uruşlar,daýhanlary gozgalaňlary.Şol gozgalaňlary ýerli feodallar dürli ýollar bilen öz tarapyna çekýärler. Şolaryň biri hem Kunъýo bolupdyr we ol uly daýhan-lar gozgalaňynyň ýolbaşçylaryndan Ýangiri öz tarapyna çekýär we 897-nji ýylda ony ýok edýär. Beýleki bir feodal bolsa Wan Gon bolupdyr we Kunýonyň wassallygynda durupdyr.904-nji ýylda Kunýo Marjin döwletiniň dörändigini yglan edýär.

Emma 918-nji ýylda Wan Gon Kunýony agdaryp Koryo dinastiýasynyň düýbini tutýar.Koreýadaky dagynyk feodal knýazlyklaryň köpüsi meýletinlik bilen boýun egýärler.Sebäbi ol gowy syýasat ýöredipdir.Eger şeýtseler öz ýerleriniň eýeleri boljakdyklaryny aýdypdyr.

935-nji ýylda Sillanyň imperatory hem boýun egýändigini beýan edipdir.Şeýlelikde käbir udellikler bolaýmasa Koreýa ýarym adasy Wan Gon tarapyndan birikdirilipdir. Daýhanlary hem öz tarapyna çekmek başardypdyr. Sebäbi Kunýo döwrün-däki zabun salgytlary 2-3 esse azaldypdyr we 3 ýyllap olary salgytdan boşadyp-dyr.Bu bolsa az wagtlyk hem bolsa ýurduň öndüriji güýçleriniň ösmegine getiripdir.Wan Gon aktiw daşary syýasat ýöredipdir.Çžurçženler bilen gowy gatnaşykda, Kidanlar barada bolsa hemişe hüşgärlikde bolupdyr.Sebäbi olar hytaýyň ep-esli Ýerlerini alyp,indem Koreýa hyýallanypdyrlar.

Koryo dinastiýasynyň ilki berkarar edilen döwründe feodallar ýerlere we daýhanlara eýelik etmegiň ýeňillikli şertlerinden peýdalanypdyrlar.Dinastiýa hem öz gezeginde häkimiýetini

berkidipdir.Koreýada feodallar Ýanbanlar diýlip atlandyrylypdyr.Olar öz ýerleriniň möçberine garamazdan,feodal jemgyýetiň agalyk ediji gatlagy bolmak bilen buddistik buthanalary bilen bilelikde krepostnoý daýhanlar bolan nobileri öz hasabyna işledipdirler. Nobilerden başgada daýhanlar bolupdyr. Olar «Ýanin» diýlip atlandyrylypdyr.Ýaninler azat daýhanlar kategoriýasyna degişli bolsalarda,feodal döwlet tarapyndan ezilipdirler.Üstesine-de Ýaninleriň ýersiz galan bölegi Ýanbanlaryň ýerlerinde işlemäge mejbur bolupdyrlar we olar örän ezilipdir. Önümiň ýaryny Ýanbanlara beripdirler.Ummasyz ýerler şeýle hem imperatorlar maşgalasyna degişli bolup, köşk ýerleri diýlip atlandyrylypdyr we nobiler tarapyndan işlenip-bejerilipdir. Köşk ýerlerinde feodallara garaşly bolan Ýaninler hem işledilipdir.Imperatoryň özi hem beýleki Ýanbanlar ýaly feodal mülküniň eýesi bolupdyr.Ýerleriň belli bir bölegi döwlet edaralaryna hem degişli bolupdyr. Olar hem şol ýerleriň eýeleri bolup, ýerde döwlet nobileri ýa-da ýaninler işledilipdir. Ýaninleriň ýagdaýy nobilere görä gowy bolupdyr. Sebäbi olar önümiň ýaryny alypdyrlar.Nobiler we Ýaninler belli wagtlarda zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler we onuň üçin imperatoryň ýa-da döwlet edaralarynyň ýerlerinde işledilipdir. Buddiýstik buthanalar hem uly ýerleri eýeläp,dürli ýeňilliklerden peýdalanypdyrlar.
Olar salgyt tölemändirler.Üstesine-de süýthorçylyk we söwda bilen hem meşgulla-nypdyrlar.

976-njy ýylda ýer eýeçiliginiň merkezleşdirilen sistemasyny girizmek maksady bilen Wan «Emeldarlaryň ekerançylyk we boş ýatan ýer bölekleri» hakynda kanun girizilýär. Kanun boýunça ähli ýerler we tokaýlar (boş ýerler) döwlet reýestrine girizilýär we soňra graždan we harby adamlara (çinlere) öz çinine görä paýlanylýar.

Ýerler welaýatdaky soldatlara,ownuk emeldarlara öz eýeleýän çinlerine görä paý-lanylypdyr.Muny şeýtmek bilen

döwlet şu ýerleri umumy döwlet möçberinde do-landyrmagy ýeňilleşdirmek isläpdir.Şeýlelik bilen ömürlik berlen bu ýerler olaryň eýesine salgyt ýygnamaga şert döredipdir.Netijede döwlet öz hukugyny ýer eýele-rine beripdir.Döwlet borçlaryny ýerine ýetirýän soldatlar we beýlekiler barada aý-dylanda bolsa,egerde olaryň ýeri bar bolsa,onda olar döwlete tölemeli 1/10 möç-berdäki ýer salgytlaryndan döwlet gulluklary üçin boşadylypdyr.Eger ýerleri ýok bolsa,onda salgytdan olaryň işläp-bejerýän ýerleriniň hojaýynlary boşadylypdyr.

Şeýdip döwlet ýerleri berk gözegçilige almaga özüne mümkinçilik döredipdir.Ýene bir bellemeli zat döwlet ýeri berse beripdirem welin,ony yzyna almaga-da hukugy bolupdyr.
976-njy ýylda kabul edilen kanuna görä ýer almaga degişli edilen adamlar 4 topara bölünipdir.1)Goýy-gyzyl köýnekliler, 2)Graždan emeldarlary, 3)Beýleki adam-lar, 4)Harbylar. Öz içinde bu 4 topar hem birnäçe toparlara bölünip,hemmesi 79 kategoriýadan ybarat bolupdyr.Iň köp ýerleri «gyzyl köýnekliler»,iň azyny bolsa
3-nji toparyň noksam podgruppasynyň 10-njy derejelisi alypdyr.974-nji ýylda sy-lag ýerleri hem girizilýär we ol aýratyn hyzmat görkezen feodallara,şeýle hem hö-kümede meýletin boýun egen feodallara berilipdir.Bu sistemanyň gowşak ýeri hem bolupdyr. Sebäbi şol ýerler soňra mirasdüşerlere döwlet gullugynda durmasa-da geçip bilipdir.Bu bolsa ýere döwlet kontrollygygyny peseldipdir.Şol döwürlerde Koryo-nyň daşary ýagdaýy kynlaşýar.993-nji ýylda Kidanlar 800 müňlik goşun bilen Koryonyň üstüne çozýar.Ýöne Koryoberk garşylyk görkezip,olary saklamagy başar-ýarlar.Ýogsam Kidanlar üstünem çykypdyrlar.Soň Koryolar hüjüme geçen Kidanlary çym pytrak edýärler.1010-njy ýylda Kidanlar ikinji gezek 400 müňlik goşun bilen çozýarlar we 1011-nji ýylda Koryony (paýtagt) eýeleýärler.Soň yza dolanýarlar. 1018-nji ýylda 3 – gezek çozýarlar. Ýeňlip ýene-de yzyna gaýdýarlar.

XII-nji asyrda Korýo döwleti çöküp ugraýar.Ýerler feodallar tarapyndan paýlaşylýar. Feodallar goşun ýygnaýarlar. Feodal oňşuksyzlyklar, häkimiýet ugrundaky göreşler güýjeýär. Daýhanlar gozgalaňlary başlaýar. Şol gozgalaňlaryň has ulusy 1176-1177-nji ýyllarda Maniniň ýolbaşçylygyndaky krepostnoý daýhanlaryň gozgalaňydyr. 1176-njy ýylda onuň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňçylar welaýat merkezi bolan Konju şäherini eýeleýärler.Hökümet goşunlary olardan birnäçe gezek ýeňilýärler. Ahyrynda 1177-nji ýylda ony aldap tutýarlar we jezalandyrýarlar. Şeýle hem hökümet goşunlary ýurduň demirgazygynda hereket edýän Kim Danyň ýolbaşçylygyndaky gozgalaňy hem basýarlar. 1193-1194-nji ýyllarda Kim Saminiň we Hýo Simanyň ýolbaşçylygynda ýene-de gozgalaňlar bolup geçýär. Gozgalaňlar feodallaryň häkimiýetini gowşadypdyr, ýerleriň eýelenmeginiň wagtlaýynça öňüni alypdyr.

1198-nji ýylda häkimiýet başyna gelen harby feodal Çhwe Çhunhon daýhanlaryň garşysyna repressi ulanmak bilen bir hatarda olaryň ýagdaýyny ýeňilleşdirýän çäreleri hem geçiripdir.Ýöne wagtlaýyn häsiýete eýe bolupdyr.

XIII-nji asyryň başlarynda täze daşarky howp döreýär.1218-de Mongollar Korýoda peýda bolýarlar. Olaryň ummasyz köp mukdardaky salgyt talap etmegi uly nägilelik döredýär. 1225-nji ýylda mongol ilçisiniň öldürilmegi mongollar bilen Korýonyň arasyny üzýär.1231-nji ýylda mongol goşunlary Salitaýyň baştutanlygynda Korýonyň köp ýerlerini eýeleýärler. Wan Çhwe U gepleşikler geçirip boýun egýär.

1232-nji ýylda mongol goşunlarynyň agramly bölegi uly olja bilen yzyna dolanýar. Korýoda bolsa 70 sany mongol dikmeleri galýar. Olary soň ýerli feodallar öldürýärler. Jogap edip şol ýyl ýene-de uly ekspedisiýa iberýärler we mongollar aýylganç öç alýarlar. 1254-nji ýylda mongollar 207-müň adamy ýesir edip äkidýärler. Diňe 1356-njy ýylda wan Konmin döwründe mongollaryň galyndylaryny kowmak başardýar.

Koryo harby naçalnikleriniň biri LI Songe gozgalaň turuzýar we 1388-nji ýylda ol häkimiýeti eýeleýär. 1391-nji ýylda ol feodallaryň ýere bolan artykmaç hukuklary-ny ýok edip başlaýar we ýere döwlet eýeçiligini girizýär.Ähli ýerlerden döwlet 1/10 salgydy girizýär.Ýöne uly feodal ýerlerem saklanyp galypdyr.Li Songäň ýer reformasy ýer eýeçiligini öňki baýlardan täze gullukçy dworýanlaryň eline geçirip-dir.Sebäbi olar Li Songäni goldapdyrlar.1392-nji ýylda ol iň soňky wanyň galyn-dysyny sürgün edip,özüni wan diýip yglan edýär we Li dinastiýasynyň düýbüni tutýar. Ýurt bolsa Çoson diýlip atlandyrylýar. Bu dinastiýa 1910-njy ýyla çenli
Höküm sürýär.Paýtagty Seul.

## Koreýa giçki orta asyrlar döwründe ( XVI – XVII ) .

1592 – nji ýylyň maý aýynda Ýapon goşunlary Koreýa çozýarlar . 7 - ýyllyk uruş başlaýar . Koreýanyň taryhnamasynda bu döwür Watançylyk urşy döwri diýlip atlandyrylýar. 1419 - njy ýylda Uusima adasyndaky garakçylar bazasy ýatyrylanyndan we 1443–nji ýylda Koreýa bilen Ýaponiýanyň arasynda şertnama baglanyşylandan soň gatnaşyklar umuman gowy bolupdyr . Koreý hökümeti Ýaponiýa söwdagärlerine Pusan Ýemiho we Neniho – şäherlerinde ýaşamaga we söwda etmäge rugsadam berýär. Ýöne daşary söwda gözegçiliginiň gowşamagy bilen Ýapon garakçylary ýene-de çozuşlary gurap ugraýarlar. Üstesine-de sýogun Toýogomi Hideýosi Uzak Gündogarda basybalyşlary amala aşyrmak üçin dürli planlary düzüpdir .
1590 – njy ýylda Hideýosi gowşak Koreý hökümetinden öz territoriýasynyň üstünden Hytaýa Ýapon goşunlarynyň geçirilmegini we bu işe Koreýanyň goşulmagyny gazanýar . Koreý hökümetiniň içki agzalalyklary zerarly ýurdy goranyşa taýýarlap bilmeýär . Şol sebäpden hem Ýewropa ýaraglary bilen ýaraglandyrylan güýçli ýapon goşunlary

Koreýa golaý portlarda taýýar ýag – daýda durupdyr . Şeýlelikde 200 müňlik Ýapon goşuny Pusanyň golaýynda Koreýanyň territoriýasyna düşürilýär .
Olara Pusan we Tonne galalarynyň garnizonlary we ýerli ilat garşylyk görkezipdir .Ýöne hökümet goşuny kömege gelýänçä galalar boýun egýär . Haçanda Ýapon goşunlary Pusanda Seula tarap süýşüp ugranda ýerli hökümdarlar , serkerdeler gaçypdyrlar . Hökümet guryýer goşunlarynyň baş serkerdesi goşuny Seula barýan dag geçelgesinden aýryp Çhundžu düzlügine çykarýar . Ýöne onuň goşuny derbi–dagyn edilýär . Korol we köşk begzadalary paýtagty taşlap demirgazyga gaçypdyrlar . Eýýäm koreýanyň ýerine girenlerine 20 gün geçende Ýaponlar Seuly eýeläpdirler we tomusyň ortalaryna Phenýany alyp , demirgazyk – gündogarda Tumangan derýasyna çykýarlar . Ýurduň köp ýerleri basybalyjylaryň elinde bolupdyr . Olar ilatdan rehimsiz öç alypdyrlar Şol rehimsizlikleriň şaýatnamasy hökmünde Kioto (Ýaponiýa) şäherindäki «gulak mazary» görkezmek bolar . Şol mazarda öldürilen Koreýlerden kesilip alnan gulak mazaryň we burunlaryň 30 müňüsi gömülipdir .

Ýaponlaryň tylynda partizan uruşlary giň gerime eýe bolýar . Has hem Kýonsan welaýatyndaky ýerli konfusiň alymy Kwak Çeuny aktiw hereket edipdir . Hökümet goşuny we administrasiýasynyň ýerleşen ýeri bolan Çolla we Çhunçhon welaýatlarynda partizan otrýadlary hökümet tarapyndan goldaw tapmandyrlar . Halk goşunlarynyň hereketine talantly koreý serkerdesi Li Sunsiniň deňiz söweşlerinde gazanan ýeňişleri gowy täsir edipdir . Ýaponlar çozmaka flotuň komanduýuşiligine bellenen Li Sunsin floty berkidipdir , ony gowy ýaraglandyrypdyr . 1592 - nji ýylyň tomsunda (Alp-Arslan) Hansando adasynyň ýanyndaky deňiz söweşinde Li Sunsin Ýapon flotuny derbi – dagyn edýär . Netijede şol söweşde we onuň yz ýany

Angoliho portunyň ýanynda bolan deňiz söweşinde Ýaponlaryň 100 gämisi we 9 müň deňizçisi ýok edilipdir . Şondan soň Koreý floty deňizde agalyk edip ugraýar , Ýaponlaryň gury ýer goşunlary bolsa üzňe ýagdaýda galýar . 1592 – nji ýylyň oktýabr aýynda Koreýler Kenju şäherini yzyna alýarlar . 1592 – nji ýylyň oktýabr aýynda 50 müňlik Hytaý goşunynyň gelmegi bilen Koreýleriň ýagdaýy has hem ýeňilleşýär . 1593 – nji ýylyň fewral aýynda hytaý – koreý goşunlary Phenýany azat edýärler . 1593 – nji ýylyň maý aýynda Ýaponlar Seuldanam gidýärler . Olar diňe ýurduň günorta - gündogar bolan Rusanda we Ulsanda saklanyp galýarlar . Hideýosy koreýler bilen şertnama baglaşyp , ýaňky ýerlerde galypdyrlar . Şu arada köp serkerdeleri goşundan gitmäge mejbur edipdirler . Şolaryň birem Li Sunsin bolupdyr . Ony gorkaklykda aýyplap , rýadowoýlyga geçiripdirler .
Özüni dürsäp , hemem az - kem Koreýada ýeri bolany üçin 1597 - nji ýylyň başlarynda Ýapon goşunlary ýene - de Koreýanyň demirgazygyna tarap süýşüp ugraýarlar . Koreý floty derbi - dagyn edilýär . Ýöne nämede bolsa öňkülere garanda Koreýler taýýarlykly bolupdyr . Li Sunsin flota dolanýar we Ýapon flotyny yzly – yzyna ýeňlişe sezewar edýär . 1597 – nji ýylyň oktýabrynda Piksanyň eteginde ýaponlar ýeňilýär .
1598 – nji ýylyň dowamynda koreý we hytaý goşunlary ýaponlary yza çekilmäge mejbur edipdirler . 1598 – nji ýylyň dekabr aýynda Koreý buhtasynda ýapon floty gutarnykly dargadylýar . Şonda Li Sunsin ölýär . Uruş gutarýar . Şertnama baglaşylýar . Pusan portunyň üsti bilen söwda gatnaşyklary başlaýar .

7 ýyllyk tozgunçylykly uruşda Koreýa uly ykdysady ýitgilere-de sezewar boldy. Şol ýyllaryň wakalaryny gözi bilen gören Ýun Gukhýon şeýle ýazypdyr : - «Halk dyr – pytrak boldy , hat – da begzadalaram näme etjeklerini, nädip

ýaşajakdyklaryny bilmeýärdiler . Çar tarapda maslyklar dargap ýatyrdy , olary ýygnamaga adam tapdyrmaýardy. Atalar çagalaryny , erkekler bolsa aýal-laryny satmaga mejbur bolýardylar . Uruş biziň ýurdumyza köp betbagtlyklar getirdi , ýöne ýagdaý hiç haçanam şu günki ýaly bolmandy .

Uruşlar netijesinde paýtagtdaky hojalyklaryň sany 80 – 90 bolanlygyndan 30 – 40 müňe çenli , a ilatyň sany bolsa urşuň öňüsyrasyndakysyndan
1/6 – 1/7 – ä çenli azaldy . Elbetde hojalyklaryň sanynyň azalandygy olaryň doly gyrlandygyny aňlatmaýar . Sebäbi olar diňe hojalyk spisogyndan öçüri – lipdir. Bu bolsa ummasyz köp mukdardaky ilatyň ondan – oňa ygyp ýören – diklerine güwä geçýär .

1611 – nji ýylda hojalyklaryň üstünden gözegçilik edýan wedomstwanyň dolandyryjysy Hwan Sin tarapyndan korola berilen doklatda ýurtdaky işläp bejerilýän ýerleriň görnetin azalandygy görkezilipdir . Eger – de uruşdan öň bütin ýurtda 1 million 708 müň kýol ýer işläp bejerilen bolsa uruşdan soň , ýagny 1611 – nji ýylda şol ýerleriň mukdary 541 müň kýole çenli azalypdyr ýa – da 3 esseden gowrak . Aýry – aýry welaýatlarda bu san has hem ýokary bolupdyr . Meselem aktiw söweş hereketleriniň geçen ýerleriniň biri bolan Kýonsando welaýatynda uruşdan öň 430 müň kýol ýer hasaba alnan bolsa , 1611 – nji ýylda 70 müň kýole çenli azalypdyr , ýa-da 6 essedenem köp . Ýer salgydyny tölemäge degişli edilen ýerleriň hem mukdary azalypdyr .

1625 – nji ýylyň ýer kadastry ( ýerleri hasaba alýan dokument ) boýunça 1 milliondan gowrak kýol ýer hasaba alnan bolsa , şolaryň 200 kýoly dürli kategoriýalara degişli salgyt salynmaýan ýerler bolupdyr , 200 müň kýoly bolsa taşlanan ýa – da tebigy heläkçilikler zerarly şol ýylda işlenip – bejerilmedik ýerler hasaplanylypdyr . Diýmek

döwlet hazynasyna salgyt töleýän ýerler 600 müň kýoldan gowrak bolupdyr . Bu ýagdaý şondan 10 ýyl geçensoň hem känbir üýtgemändir . Mysal üçin , 1635 – nji ýylda Koreýanyň üç welaýatynda – Çollado , Kýonsando we Çhunçhondo 894 müň kýol ýer bolup , şolaryň diňe 540 müň kýolundan ýer salgydy alnypdyr . Uruşdan öň şu üç welaýatda 1 million 130 müň kýola barabar ýer işlenilip bejerilipdir . Munuň özi urşuň nähili agyr ýagdaýa salandygyny görkezýär . 37 ýylyň dowamynda ( 1598 – 1635 ) agrar sektorda öňegidişlikler bolmandyr . Ol dikelip bilmändir .

Iri ýer eýeleri salgyt tölemejek bolup her hili hilegärlikleri edipdirler. Munuň üçin ýerlerini gizläpdirler .Öz ýerlerinde işleýän daýhanlary ezmekligi güýçlendiripdirler , salgytlaryň möçberini artdyrypdyrlar .

Kýol hem ýer ölçegi hemem hasylyň ölçegi 10 pha ( goşawuç ) – 1 sok , 10 sok – 1 pu ( noşa ) , 100 pu bolsa 1 kýol bolupdyr . Häzirki zaman ýer ölçegine geçirilende 1 kýol ýer bermegi ( 1 – njy razrýadlysy ) 2758 phýona barabar ( 1 phýon 331 kw . m . ) bolupdyr . Indi çen bilen kýoly gektara geçirsek 1 kýol = 912898 m / kw deň bolupdyr .

Hökümet goşuny türgenleşdirmek bahanasy bilen harby salgytlary
( samsumi ) hem goşulupdyr . Şol döwürde Koreý goşunynyň 3 görnüşi bolup-dyr.Ýaýçylaryň ( sasu ) , artilleriýa ( phosu ) we başabaş söweş (salsu) goşunlary.

Ýaponlara garşy söweşlerde Koreýler garyplaşypdyrlar , köp zatlaryny , emläklerini ýitiripdirler . Krepostnoýlaryň (nobi) sany artypdyr . Sebäbi köpler tozupdyr . 1608 – nji ýylda häkimiýet başyna şazada Kwonheniň gelmegi bilen «uly demirgazyk» partiýasy hökümdarlyk edip garşydaşlaryny gyrypdyrlar .

Mundan nägile bolan «günbatar» partiýasy Kwanheni agdarýarlar we 1623 – 1648 – nji ýylda Injo korol bolýar . Ýöne olar ýagdaýy düzedip bil – meýärler .

Hytaý Koreýlerden şindi Kwanhe döwründe 13 müň goşun soraýarlar . Sebäbi Mançžurlar Hytaýy heläk edýär , ýöne Hytaý – Koreý goşunlary Manç-žurlardan ýeňilipdirler .

Injo hem Mançžur howpuna ähmiýet bermändir . 1627 – nji ýylda 30 müňlik Mançžur goşuny Koreýa çozýar we Koreý goşunlarynyň garşylygyny syndyryp Yýju , Kwasan , Aýju we başga şäherleri talapdyrlar . Soň Koreý hökümeti Kanhwa adasyna gaçyp , şol ýerdenem parahatçylykly şertnama baglaşmak üçin mançžurlara ýüz tutupdyrlar . Şertnama boýunça Koreýler
biri – biri bilen dogan bolan bolupdyrlar , koreýler hytaý – mançžur gatnaşyk – larynda neýtrallygy saklamaly bolupdyr . Oňa derek manjurlar goşunyny Koreýadan çykarypdyrlar .

1636 – njy ýylda Sin imperiýasynyň ( manjurlar ) döremegi mynasybetli dabara Koreýler barmandyr . Şoň üçinem 40 müňlik manjur goşuny Koreýleň üstüne çozýarlar . Olar paýtagty alypdyrlar . Wan manjurlara 1637 – nji ýylda boýun egýär we olaryň wassaly bolýar . Olar manjurlara girew bermäge we salgyt tölemäge mejbur bolýarlar . Manjurlar Koreýany tozdurypdyrlar . Altyn , kümüş , tüwi , ýüpek , nah matalaary äkidipdirler .

## Mongoliýada irki orta asyr döwletiniň döremegi

Mongoliýanyň teritariýasynyň 4/5 bölegini sähralyk tutýar. Olar maldarçylygyň çarwa görnüşi bilen meşgullanypdyrlar. Tas garssyz gyşlar ýylyň bütin dowamynda öri meýdanda mal bakmaga mümkinçilik beripdir. 1000 ýyla barabar döwrüň içinde Mangoliýa territoriýasynda birnäçe

döwletler bolupdyr. B.e. öňki III asyrda Gunlaryňka, I-III asyrda Siýanbi, IV-VI asyrlarda Žužan hanlygy, VI-VIII asyrlarda Gök türkmenleriniň, 745-840-njy ýyllarda Uýgur Koganaty, X-XI asyrlarda bolsa Kidanlaryň Hytaý çeşmelerinde Mangol taýpalarynyň beýik Hytaý diwarlaryndan başlap Selenga derýasyna çenli aralykda ýaşandyklary bellenilýär. Olar "Ak tatarlar", "Gara tatarlar" we "Ýawany tatarlar" diýilip atlandyrylýar. "Mongol" sözüniň heniz belli düşündirilişi ýok. Mongollar diýilip hytaýlylar Mongoliýada ýaşan gadymy taýpany atlandyrypdyrlar.

Uly Mongol taýpalary- hamag- mongol, Jelaýer, Taýjiub, Kerait, Merkit, Naýman we b.ş.

Hamak Mongollaryň ýaşan ýeri Onon, Kerulen we Toly derýalarynyň boýlary, Ononyň we Selenganyň ýokary akymlarynda Tanjyutlar, Ononyň boýlarynda jelairler, Hytaý araçäklerinde az sanly Ongutlar ýaşapdyr. Uly taýpa bolan keraitler Hytaý we Henteý dag gerişleriniň arasynda, Orhon we Toly derýalarynyň boýlarynda ýaşapdyr.

Hangaý we Altaý daglarynyň arasynda we Keraitlerde Günbatardan Naýmanlar ýaşapdyr. Olaryň bir çeti Orhon derýasyna çenli beryp ýetipdir. Merkitler häzirki Zabakameniň töwereginde ýaşapdyrlar. Olar örän söweşjek bolupdyrlar.

"Tokaýly " taýpalar awçylar we balykçylar Günorta Altaý tokaýlarynda ýaşapdyrlar. Zabaýkalede hori, bargut, tumet, bulagaçin, keremuçin, urýanhat, urasut we telengut taýpalary ýaşapdyrlar. Sekizmürende oýratlar ýaşapdyr. Tatarlaryň nirede ýaşaýanlygy görkezilmeýär. Mongol taýpalaryň esasy mallary goýun-geçi iri şahly mal we ýabylar. Düýe az bolupdyr. Mongollar göçüp-gonup ýöripdirler. Küren bolup (aýlaw bolup). 1 küren 1000 sany gara-öý giripdir. Ortada serdaryň öýi ýerleşip ol dolandyrypdyr. Içinden barlylar döreýär. Wagtyň geçmegi bilen küren-obşina dargap başlaýar.

Soňa baka çarwaçylyk (göçüp gonmaklyk) aýla häsiýetine geçip ugraýar. Ýagny çarwalar aýry-aýry maşgalalar bolup

bölünipdirler. XIII asyryň başlarynda çarwa durmuşynda aýle usuly ýeňipdir. Eýýäm oreodalizm ýeňýär.

Feodalistik gatnaşyklar kemala gelen döwründe-de ilkidurmuş obşina gurluşynyň däp-dessurlarynyň köpüsi saklanmagy galypdyr (mysal üçin kiçi ogul atasynyň öýüne eýe bolupdyr, şamanizm saklanypdyr. Ulular “Beki” sylanypdyr. Ol hem ruhany hem tire-aýle başy bolupdyr).

Gullar maşgalada ulanylypdyr. XII asyrda ähli mongol taýpalarynda baý çarwalar döräpdir-noýonlar. Olar – Batyr, Seçen (akylly), Mergen, Bilge, Buka (güýçli) diýilip atlandyrylypdyr.

XII asyryň ahyrlarynda aýry-aýry biri-birini basyp almagy häli şindi söweşipdirler. Şolaryň arasynda Temuçin tapawutlanypdyr. Ol “Hamag mongol ulusyň” hany Habulyň çowlugy, Bartan batyryň agtygy, Ýesugeý batyryň ogly bolupdyr. Onuň kakasy Ýesugeý (ejesi Oelun) atasynyň ýerini eýeläp bilmändir. Ýöne täsirli taýpa başy (Taýjyut) tiresi Borjigin. 1166-njy ýýlda ony tatarlar zäherläp öldürýärler. Ulusy dargaýar.

Temuçin kakasynyň andy Togrul (Kerait hany) we az andy Jamuha bilen soýuz baglaşýar. Nökerleriniň sanyny artdyrýar. Andlary bilen merkitleri derbi-dagyn edýär.

Jamuha bilen arasy bozulýar. Dalan Balnsutda bolan söweşde Temuçin ondan ýeňilýär. 1190-njy ýylda ol “Hamag mongol” ulusynyň hany bolýar. Temuçin öz tarapyny täsirli adamlara çekýär. Olary zat we wezipe paýlaýar.

1200-njy ýylda Temuçin Szin imperatory (Çturçteny) Altaý han bilen tatarlary ýeňýär. Ar alýar. Şol döwürler Jamuhe hem tatarlary, Taýjiutlary hataginleri, saljiutlary, halkiratlary, merkitleri, oýratlary tarapyny çekýär. Ýöne söweşde Temuçinden ýeňilýär we öldürilýär.

1202-nji ýylda ol tatarlary, merkitleri ýeňýär. Soýuzdaşy Togrul bilen sosam naýmanlary. Umuman 1204-1205-nji ýyllarda ol Mongol taýpalaryny özüne birikdirýär.

1206-njy ýylda Onon derýasynyň boýunda bolan gurultaýda Çingiz han (Beýik) adyny alýar.

Täze dörän mongol döwleti özünde öňki iki feodal döwletlerinden çuň durmuş bölünişigi bilen tapawutlanypdyr.

Döwlet harby – administratiw taýdan bölünişigidir. Çingiz ýurdy iki ganaty-sag (barul-gar) we sol (barul-gar) bölüpdir. Her ganat tüm (ýep) lerden ybarat bolup, noýonlar ýolbaşçylyk edipdir (soňra türkiler ulanypdyr müňbaşy, ýüzbaşy, onbaşy).

Müňbaşylar Çingiziň öňki nökerleri ("giň erkli adamlar") bolupdyr. Olar wepaly gulluk edipdirler we onuň wassallary bolupdyrlar. Zerur wagty müňligi bilen onuňka gelendir. Netijede Çingiziň harby-administratiw ulgamy urugçylyk gullugyň soňuna çykypdyr.

Agalyk edýän Çingiz dinastiýasyny berkitmek, we ýurdy merkezleşdirmek üçin käbir uluslary öz ýakynlaryna beripdir. Mysal üçin, inisi Temuça otgigine ejesi ikisine 10 müň maşgala, Hasara 4 müň, Elçidaýa 2 müň, Belgudaýa 1,5 müň, ogullary Juça 9 müň, Çagataýa 8 müň, Ugedes 5 müň beripdir.

Çingiz aratlary ýere berkidipdir bir onlukden beýlekä geçmek gadagan edipdir. Bular onuň çykaran hanyny bolan Ýasada görkezilipdir. Ol Sudýa-Jarguçiň wezipesini girizip (jarçy) ol jenaýat işlerine seredipdir, höküm çykaryjydyr. Mongol döwletiniň döremegi halkyň taryhynda uly ähmiýete eýe bolupdyr.

Öň dürli atlary göterip ýören taýpalar mongol diýlip atlandyrylypdyr. Ýurtlary bolsa "Ýeke mongol ulus" diýlip atlandyrylypdyr.

1211-nji ýylda basybalyşlar başlaýar. Demirgazyk Hytaýda we 1215-nji ýylda Pekini alýar.

Mongollaryň Hytaýy alandyklary baradaky habar Orta Aziýada uly howsala döredýär. Horezmşah Muhammet yzly-yzyn a iki sany ilçi iberýär. Soňra Çingiz han hem Mahmyt Ýalawajy (horezmli täjir) ilçi edip Horezme iberýär.

1218-nji ýylda ýene-de ilçi gelýär. Soňra gatnaşyklar ýitileşýär. 1218-nji ýýlda Çingiz Gündogar Türkistany we Ýedisuwy eyeleýär.1219-1220-nji ýyllarda Çingiz han ýiti garşylykdan soň butin Mawarennahry eýeleýär.

1220-1221-nji ýyllaryň sepgitlerinde üç-dört aýyň dowamynda paýtagt Ürgenç zabt edilip alynýar. 1221-nji ýylda mongollar Azerbaýjany, Gürjüstany we Demirgazyk Kawkazy eýeläp, aňyrlygyna Kryma tarap gidýärler.

1223-nji ýylda Kalkada rus-gypjak goşunlary mongollardan ýeňilýär.Soňra Bulgariýa tarap süýşýärler.Ýöne olardan ýeňilip yzyna gaýdýarlar.Bu ýörişlere tejribeli mongol serkerdeleri Jebe bilen Subedeý ýolbaşçylyk edip, ogullary Juçy,Çagataý,Ugedeý,Toly dagy hem ýolbaşçylyk edipdirler.

1227-nji ýylda Çingiz han tangutlaryň Günbatar Sýa döwletini pytradýarlar.Çingiz han Mongoliýa dolanyp gelýärkä ýolda aradan çykýar.Ol ölen soň Kerulen derýasynyň boýunda bolan gurultaýda 3-nji ogly Ugedeý han diýlip yglan edilýär. Näme üçin Ugedeý? Juçy däl? Toly hem däl? 1231-nji ýylda Ugedeýiň we Tolyň ýolbaşçylary ýene-de Hytaý çozýarlar we Kaýfyny eýeleýärler. Bu uruşda olar hytaýlylaryň öňşuksyzlygyndan peýdalanýar. Sunlary kömege çagyrýarlar. 1234-nji ýylda Demirgazyk Hytaý doly eýeleýär.

1235-nji ýylda Urultaýda Günorta ýöriş etmek barada karar kabul edýärler. 1937-1938-nji ýylyň gyşynda Subedeý bilen Batyý Orsa çozup Rýazany, Wladimiri alýarlar. Noworodi tarap ugran yzlygyna gaýdýarlar. Soň Gündorta tarap süýşip 1240-nji ýylda Kiýewa alýarlar. Soňra Wengriýa, Polşa Sileziýa we Norawiýa çozýarlar. 1241-nji ýylda yzlaryna daýanýarlar (Ugedeý ölýär saýlaw geçirmeli) 1245-nji ýylda Ugedeýiň ogly Gök han saýlanýar. Fekulýany Plano Kartini (monah), gruzin patyşa sanyň 2 ogly, ors knýazy Ýaroslow Aleksandrowiç (Newsiniň kakasy), fransuz ilçisi Rubruk gatnaşykdyr. 1248-nji ýylda Gök ölýär. Ugedeýiň Žagataýny keselleri Juçi Tolyslar bilen oňuşmandyr. 1251-nji ýýlda Juçi

Tolystlar ýeňip (Batyň kömegi bilen) Tolyň ogly Munke han bolýar. Ol garşydaşlary ýeňip olardan özüniňkä goşýar.

Munke doganlary Hulagyny Eýrana bolmaga, Hubilaýan Hytaýy doly eýelemäge iberýär. 1256-njy ýýlda ýrana, 1258-nji ýylda Bogdada eýeleýär. Emma 1259-njy ýylda ol Müsüriň patyşasy mamlýuk Guduzdan (1259-1260) mongollary derbi-dagyn edýär we öňüni alýar. Mamlýuklaryň ýeňmeginiň ähmiýeti? Ýewropalylaryň Çingize bil baglamaklarynyň sebäpleri?

Mongollaryň taryhynda Altyn Orda uly rol degişlidir. Ol öz içine Irtgili-Diletr we Urgent-Bulgar aralygy Syrderýa aşaky akymlaryny. Demirgazyk Kawkaza rim bilen bilelikde öz içine alýar.

Ilkinji hanlary Baýy (1236-1255) we Berke (1255-1266) Juçiň tohumyndan. Ordadan soň Eýranda Hulotlar iş ýüzünde bu işe döwlet Mongol döwletinden bölünip özbaşdak hereket edýärler.

1251-nji ýýlda bolan gurultaýda Munke han (Tolyň ogly) günbatara we günorta ýörişe etmegi karar edýär. Hytaýy almaga Hubilaý iberilýär.

XIII asyryň 50-nji ýyllarynda olar Ýunanda ýerleşýän Nanoçtao döwletini alyp Wetnamyň araçäklerine ýetýärler we Günorta Sun döwletini demirgazykdan, günbatardan we günortadan gabaýarlar. Ýöne wagty bilen basyp bilmeýärler. Şol söweşleriň birinde Munkeniň özi hem öldürilýär.

Hubilaý häkimiýeti dpony Aryk Bukanyň elinden alýar we han bolýar we 1264-nji ýylda Pekini paýtagt edýär. Sebäbi ol mongol beglerinden gorkupdyr. Aryk söweşlerden soň Günorta Sun döwleti 1276-njy ýylda boýun egdirildi.

1271-nji ýylda basyp alnan Hytaýda Hubilaý Ýuan dinastiýasyny döredýär. Ýokary derejeler mongollary, aşakylar bolsa daşary ýurtlylar bilen hytaýlylar eýeläpdirler (türkler, araplar we ýewropalylar).

Giden baýlyklar, mongollaryň eline geçipdir. Müsüre adamlar gulçulygy sezewar edilipdir. Daýhanlar, has hem şäherli senetçileriňki kyn bolupdyr. Mongollara garşy häli-şindi topalaň turupdyr. 1282-nji ýylda Mongollaryň maliýe ministri özbek Ahmedi öldürýärler. Şonuň üçin hem Hubilaýyň mirasdarlary Hytaýly Çinownikleri döwlet işine çekmäge mejbur bolupdyrlar.

1317-nji ýýlda synaglar dikeldilýär we diňe uly postalary mongollar eýeläpdir. Mongollar Ýaponiýa, Ýawa we Wiýetnama ekspedisiýa iberipdirler. Şowsuz ýöne wetnam feodallary wassal bolupdyrlar. XVII asyryň ortalaryna ýurduň ykdysady gönükdir. Gozgalaňlar başlaýar.

“Gyzyl goşun” ýolbaşçylar Lýu Fu-tun 1363-nji ýylda onuň goşuny ýeňilýär. Özem öldürilýär. Beýleki ýolbaşçy Çžu Ýuan Žan gowy hereket edipdir. Daýhanyň ogly imperator bolmaga dargaşypdyr we bäsdeşlerinden üstün çykyp 1368-nji ýylda Pekini alyp özüni imperator diýip yglan edýär. Gitmäniň mirasdarlary demirgazyga gaçýarlar. Min dinastiýasy döreýär.

Içeri syýasat. Minler özleri daýhan bolansoňlar halkyň ýagdaýyny az-kem ýeňilleşdirmäge çalşypdyrlar. Beýleki barandan feodalizmi berkidilipdir. Döwlet ýerleri daýhanlara berlipdir. Çžu Ýuan Çžan şöhratyny artdyrmak üçin ýolbaşçylardan hasabat sorapdyr.

Olar kagyz pullary aýratyn ýerine bürünçden pullary girizipdirler. Ol ölenden soň 1398-nji ýylda tagt aýgytly göçýär. Ýöne Çžu Ýuan çžanyň ogly häkimiýeti eýeleýär. Oňa Çžu Di (1403-1424) diýipdirler. Ol paýtagty Nakkandan Pekine geçirýär. Meklar aklew daşary syýasat ýöredipdirler.

## **Mongollaryň Hytaýdaky hökümdarlygy**.

XII asyrda Hytaỳyñ territoriỳasynda dört sany döwlet bolupdyr: demirgazykda- Çžurçmenleriñ Szin, demirgazyk-günbatarda-tangutlaryñ Günbatar Sỳa

döwleti, günortada-Günorta Sun imperiỳasy, Ỳunnanda (günortada) Nançnsao döwleti. Bu Hytaỳyñ dagynyklygynyñ alamaty.

XIII asyryñ başlarynda täze bir howp-mongollaryñ howpy ỳüze çykỳar. Ondan öñ tangutlar, çžurçmenler çozup heläk edipdirler. 1206-njy ỳylda mongol döwletiniñ döremegi bilen bu howp has hem güỳjeỳär.

1209-njy ỳylda mongollar tangut döwletiniñ, soñ olar bilen bileleşip, 1210-njy ỳylda Çžurçmenleriñ Szin döwletiniñ üstüne çozỳarlar. 1215-nji ỳylda mongollar Pekini eỳeleỳär. 1217-de Çingiz han Tangutlaryñ üstüne çozỳar we on ỳyldan soñ ony eỳeleỳär. Gaỳdyşyn Çingiz han aradan çykỳar. Wagtlaỳyn ogly Tuly han bolỳar. 1229-da beỳik han Çingiziñ üçünji ogly Ugedeỳ bolỳar. Paỳtagt-Karakorum.

Şundan soñ mongol goşunlary Hytaỳ diwarlaryndan günorta çozuşlar gurap ugraỳarlar. Hytaỳyñ demirgazygyndaky uruşlar tä 1234-nji ỳyla çenli dowam edỳär. Sebäbi mongollar çžurçmenler bilen entegem urşupdyrlar we şol ỳyl olar bütinleỳ derbi-dagyn edilỳär. “Passionariỳ”.

Bu uruşdan soñ mongollar Günorta Sun döwletine garşy söweş hereketlerine başlaỳarlar (1235). Soñ 1251-de uruşlar gidip duran Hytaỳa Hubilaỳyñ baştutanlygynda uly goşun iberilỳär. Şol ỳörişleriñ birine Beỳik han Müñke hem gatnaşỳar we söweşde wepat bolỳar. 1257-den başlap mongollar Günorta sun döwletiniñ üstüne dürli taraplardan çozupdyrlar we ỳerleri eỳeläpdirler. Emma ỳurduñ paỳtagty Hançžou mongollar diñe 1276-da eỳeläpdirler. Sebäbi halk berk garşylyk görkezipdir. Mongollara aỳratyn hem belli döwlet işgäri wen Tansỳan (1236-1282ỳỳ) berk garşylyk görkezipdir. Ỳöne 1276-da ỳeñlip ỳesir düşỳär. Hubilaỳa gulluk etmekden ỳüz öwürỳär we jezalandyrylyp öldürilỳär.

Şeỳlelikde, mongollar ägirt uly territoriỳany tutup, kuwwatly döwlet (Jahan guş) döredỳärler. Mongollar öz döwletine hytaỳ adyny- Ỳuan dakỳarlar "dünỳäniñ başky ỳaradylyşy" –"первоначальное творение мира"

Hytaỳy eỳeläp mongollar paỳtagty Pekine geçirỳärler. Hytaỳ umuman ägirt uly tozgunçylyga sezewar edilipdir, ilat birnäçe esse azalypdyr. Başda mongollar Hytaỳy ägirt uly öri meỳdana öwürmek isläpdirler. Ỳöne siwilizasiỳanyñ lezzeti bu maksatdan el çekmäge mejbur edipdir. Käbir maslahatçylar Hytaỳ siwilizasiỳasynyñ artykmaçlygyny Hubilaỳa düşündirmegi başarypdyrlar.

Ỳöne mongollarkynlyk bilen kabul edipdirler. Hytaỳlylaryñ arasynda ỳitip gitmekden gorkupdyrlar we şonuñ üçin hem özlerini aỳra tutupdyrlar. Olar ilaty 4 bölege bölüpdirler. 1.mongollar; 2. "semu žen" (dürli milletler: arap, pars, türk); 3.demirgazykly hanlar, kidanlar, çžurçmenler, koreỳler; 4.günortaly hanlar-iñ pesi.

Mongol hanlarynyñ köşgünde daşary ỳurtlylar işläpdirler (ỳewropalylar). 1294-de papanyñ ilçisi Jowanni Monte Korwino ömrüniñ ahyryna çenli, 1318-1328ỳỳ, italỳan syỳahatçysy Odariko di Pardenone, wenesiỳaly täjir Marko Polo dagylar işläpdirler.

XIV asyryñ ortalarynda Ỳuan döwleti çöküp ugraỳar. Üstesine-de tebigy betbagtçylyklar hem häli-şindi gaỳtalanyp durupdyr. Ekerançylyk ỳerleri azalypdyr, senetçilik çöküpdir. Hazyna garyplaşypdyr. Şol sebäpden hem gadagan edilendigine garamazdan daỳhanlar ellerine ỳarag alypdyrlar. Dinastiỳa sikli, palçylar kesekileriñ häkimiỳetiniñ soñunyñ gelỳändigi hakynda aỳdypdyrlar.

Gizlin dini jemgyỳetler döräp ugrapdyr. Olar "Gelejegiñ Budasynyñ"- Maỳtreỳiniñ geljekdigine we bagtly eranyñ golaỳlaşỳandygyny wagyz edipdirler. Gizlin budda jemgyỳeti "Ak gül jemgyỳeti" kesekilere

garşy söweşe çagyrypdyrlar we “Gyzyl goşuny döredipdirler. Gyzyl reñk-Maỳtreỳiniñ simwoly. Gyzyl goşun demirgazykda üstünlikli hereket edipdir. Kaỳfyn, Datun ỳaly uly şäherleri eỳeläpdirler. 1351-nji ỳylda gozgalañ merkezi welaỳatlaram öz içine alypdyr. Hytaỳyñ merkezinde ỳerleşen Anhueỳ welaỳatyndaky toparlanyşda Go Szỳasin, ol 1355-nji ỳylda ölensoñ Çžu Ỳuançžan-daỳhanyñ ogly, entäp ỳören monah baştutanlyk edipdir. Çžu Ỳuançžan “gyzyl goşun” bilen gatnaşyk edipdir. Ỳöne 1363-nji ỳylda mongollar “gyzyl goşunyñ” serkerdesi Lỳu Futuny derbi-dagyn edipdirler. Ol ölensoñ “gyzyl goşunyñ” köpüsi Çžu Ỳançžana goşulỳarlar. Çžu Ỳançžan Nankinde ỳerleşipdir we mongollara gaỳtawul beripdir. 1368-nji ỳylda Pekini eỳeleỳär. Iñ soñky mongol hany gaçỳar. Çžu Ỳançžan Imperator bolỳar we Min dinastiỳasyny esaslandyrỳar.

**Mongoliýa ýurt dagynyklygy döwründe.**

Hytaýda Ýuan dinastiýasynyň ýykylmagy. Mongoliýanyň hususy öz territoriýasyna uly zyýan ýetýär. Bütewi mongol döwleti ownuk feodal hanlyklaryny bölünip ugraýar. Ýurduň dargamak prosesiniň esasynda ýerli feodallaryň we mülkleriň eýeleriniň durmuş-ykdysady özbaşdaklyga bolan ymtylyşy ýatypdyr. Olar ulus hanlary diýlip atlandyrylypdyr. Olaryň häkimiýeti bolsa hubi diýlip atlandyrylyp, ol öň ýokary häkimiýet tarapyndan şertli berilýän bolsa, indi ulus hanlary hiç bir şertsiz mirasdüşer mülke ýa-da umçi-ýe öwrülmäge çalşypdyrlar. Olar öz ulusyndaky hukuksyz daýhanlary ulanmak, şeýle hem şol ulusyndaky gowşak we ownuk hanlary hem özlerine birikdirilip öz eýeçiliklerini, mülklerini, şonuň netijesinde-de öz häkimiýetlerini berkidipdirler.

Wagtyň geçmegi bilen iri feodallaryň hojalyk taýdan özbaşdaklygynyň ösmegi, öňki wassalaryň öz sýuzerenlerine

ykdysady taýdan pes garaşly bolup ugramaklary netijesinde, bir wagtky bassaly Sýuzerene baglanyşdyryp feodal dagynyklyk döwri başlaýar.Bu döwür Mongol taryhynda XIV asyryň ahyrynda başlap üç asyrlap dowam edýär. Uzaga çeken feodal dagyşyklyk, soňra özbaşdaklygyň ---- mançžurlaryň gol astyna düşülmegi Mongoliýanyň durmuş-ykdysady we medeni taýdan yza galmagynyň esasy sebäpleri boldy.

XIV asyryň ahyryna çenli kotollar giň territoriýada Hytaý daglaryndan Týanşana (gündogar), Yrtyş we Ýenisset derýalaryndan (Demirgazyk) tä Beýik Hytaý diwarlaryna çenli ýaralyklarda ýaşapdyrlar. Olaryň esasy hojalygy ekstensiw maldarçylykdan ybarat bolupdyr. Ýurduň bar baýlygyny iri şahly mallaryň, goýun-geçileriň, düýeleriň we ýylkylaryň sürüleri düzüpdir. Aratlar kiçeňräk “aýlow” taraplary bilen gözleginde göçüp-gonup ýöripdir.

Mongoliýanyň ykdysady taýdan ejizligi Ýuan dinastiýasy ýykylandan soň has aýdyňlygy bilen ýüze çykýar. Mongoliýa Hytaý bazaryndan kesilýär. Olary ýeke-täk bazar bolan Hytaýda öz önümleriniň satmak we özleri üçin zerur harytlary sabyn almak hukugyndan dyndarýar. Hytaý bazarynyň mongollar üçin ýanylmagy  Motoliýada içki bazaryň döremek mümkinçiliginiň hem öňüni alýar.

Min hökümeti mongollar babatynda “agzyny alart-höküm sür” syýasatyny ýöredipdir (Warwarlary dolandyrmak üçin beýlekilerini ulanmagy). Munuň üçin dürli serişdeler ulanylypdyr. Şol serişdeleriň biri hem söwdany çäklendirmek bolupdyr, ýagny ykdysady basyş.

Mongollar hem dek oturmandyrlar. Söwdany ýola goýdurmak (araçäk söwdasy) üçin Hytaýyň serhetýany raýonlaryna çozuş gurandyrlar. Şeýle şertlerde Minler söwdany ýola goýmaga mejbur bolupdyrlar. Ýöne mongollar bilen söwda-da berk tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar. Şol barada aýt!!! (50 km serhetden çekilmeli söwdadan soň, ýaragenz gelmeli, mongollaryň ýarag satmak gadagan edilipdir).

Ýuan dinastiýasy Hytaydan ýuwlandan soň olar häkimiýetden wagty bilen el üzmändirler.Olar her hili ýol bilen yzlaryna dolanmagy umyt edipdirler. Pekinden gaçan imperator Dogan Demir Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda hytaýlylar bilen söweşýän serkerdesi Göki Demiriň, şeýle hem Pekiniň demirgazyk gündogarynda ýerleşýän serkerdesi Nagaçy bilen aragatnaşyk saklapdyr. Şol wagt onuň öz ýanynda-da ep-esli goşun bolup şu goşunlary daýanmak bilen yzyna gelmäge niýet edilýär. Emma 1370-nji ýylda Dogan Demiriň goşunlary derbi-dagyn edilýär. Diňe onuň ogly Aýuşridara sypmak we Karaporuma aşmak başardýar. Bu ýere basym hytaýlylardan ýeňlen Göki Demir hem gelýär. Karanordum ýene-de mongollaryň kermezine öwrülýär we Aýuşridara Bilikte han ady bilen tagta çykýar. Goşun ýygnan olhem Hytaýa dolanmagyň arzuwyny edipdir. Emma 1372-nji ýylda Mongoliýa çozup giren min goşunlary Bilikte hanyňkyny derbi-dagyn edýärler. Ýöne 1 ýyldan mongollaram Hytaýa jogap çozuşlaryny edipdirler.

XVI asyryň ikinji ýarymynda Mongol jemgyýetiň ykdysady durmuşynda bolup geçen ilerlemeler onuň jemgyýetçilik we medeni durmuşynda-da täsir etdi. Bu ilerlemeler täze lamazim dini bilen baglanşykly boldy. Öňki şamançylyk täze feodal gatnaşyklaryň kemala gelýän döwründe ösýän feodal jemgyýetiň isleglerini kanagatlandyryp bilmedi.

Lamazim budduizmiň bir görnüşi bolup, ol XIV asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykdy. Ony esaslandyran tibetli monah Dzonhawa (1357-1419) bolupdyr. Dzonhawa VII asyrda Hindistan Tibete gelen buddfuizm reformirläpdir, ony tibet feodal jemgyýetiniň aýratynlyklaryna laýyk edip girizipdir. Ol çylşyrymly buthana derejelerini döredipdir, dini sazlary peýdalanmak bilen baý dessurlara girizipdir, buddi hudaýlarynyň hormatyna her-hili baýramçylyklary gurnapdyr.

Täze dörän lamazim dini buddizmiň esasy ýerlerini üýtgetmändir. Buddizm ýaly ol hem ýaşaýşa arasy kesilmän

hereket edip, biri-birini çalşyp duran materiýanyň we onuň formasy, üzgünsiz gelip-gidip bir zat hökmünde garapdyr. Şonda her bir janly mahluk öň gelip-giden ýaşaýyş üçin alypdyr.

Lamazim bu dünýäniň ýaşaýşyny ejir hasaplapdyr. Şonuň üçin hem şol ejirlerden saklanyp, özüňi kem-kemden kämilleşdirip “belent dereje” bolan pirwanalyga etmek üçin isleglerden özüňi mahrum etmeli bolupdyr.

Lamaizmde hubimanlar (gaýtadan dogulýanlar), ýagny diri hudaýlar hakyndaky taglymat uly orun tutýar. Hubilganlar bodisatwlaryň ýerdäki görnüşidir. Bodisatwlar olar nirwana derejesine ýeten mahluklar bolup, olar adamlary “halas etmek” üçin adam sypatyny girip meýletin asmandan ýere inipdirler.

Hubimanlary lamaistik buthanalarda yglan edipdirler. Wagtyň geçmegi bilen ilki Tubetde soň Mongoliýada Hubimanlaryň birtopary döräpdir. Hubimanlar lamaistik dindarlaryň arasynda agalyk ediji orny eýeläpdirler. Hubimanlaryndan başga-da adamlara “halas bolmaga” lamalar kömek beripdirler. Lamalyga sten adam, adaty adamlardan ýokarda durýan hasaplanylyp, onuň aýdanlaryny hökman berjaý etmeli bolupdyr.

1566-njy ýylda Ordosyň hökümdary Hutuhtaý-Sesen-Hunptaýjy Tlbete çozýar we onuň buthana feodallaryndan boýun egmeklik talap edýär we eger şeýtseler olaryň dilini kabul etjekdigini aýdýar.

Onuň talaby berjaý edilýär. Ol on ýyllap ýeke özi lamaizm dinine uýýar. Soň ol 1576-njy ýylda Altaý hana-da şony teklip edýär. Altaý han Tlebe ilçi iberip Beýik lamany Mongoliýa çagyrýar. 1578-nji ýylda lama buthanasy bilen mongol häkimiýetiniň arasyndaky aragatnaşyk prinsipleri kabul edilýär. Beýik lama Sodnomşalsan (1543-1588) resmi suratda lamaistik buthananyň baştutany diýlip yglan edilýär we oňa dalaý-lama (dalaý – deňiz (nähili) ol hem öz gezeginde öz

yzyna äýerýänleri uly dünýewi we dini tutulary berlipdir. Altaý hany beýik han diýip yglan edipdir.

Bu soýuz Hytaýýň garşysyna güýçli mongol-tibet döwletini döretmekligi maksat edipdir. 1586-njy ýylda Altaý hanyň gowlugy Ýondan-Janňo dalaý-lama bolýar. Ýöne ol 1-nji we soňky mongol dalaý-lamasy bolupdyr.

Lamaizmiň kabul edilmegi şamançylyk bilen deňeşdirilende ep-esli öňe gidişlik bolupdyr. Ilkinji mugallymlar, wraçlar, hatdatlar peýda bolupdyr. Öňki wagşyçylykly däplerden saklanylypdyr, ýazuw peýda bolupdyr.

Mongoliýanyň dagyşyklygy mançžurlaryň basyp almagyny ýeňilleşdirýär. Şol döwürler mongoliýanyň günorta-gündogarynda Çahar hanlygy bolup, oňa Daýan hanyň ýuwlugy Ligdan han hökümdarlyk edipdir. Ol mançžurlary garşy minler bilen bileleşik döredipdir. Emma 1634-njy ýýlda olar mançžurlardan ýeňilýärler. 1636-njy ýylda mançžurlar hany Abuhaý Mongoliýany hili diýlip yglan edilýär. Soňra halka Mongoliýada (häzirki inr) olaryň wassalyny öwrülýär. Diňe oýrat ýa-da Džungar hanlyga ýene-de 100 ýyllap garaşyz bolup galýar. Žungar hanlygy Batyr-Huntaýjy (1635-1653) döwründe mançžurlara garşy birnäçe çäreleri görüpdir, Mongollara birleşdirmäge çalşypdyr.

## Wỳet döwleti irki orta asyrlarda

Irki orta asyrlarda Wỳet döwleti häzirki Demirgazyk we Merkezi Wỳetnamyñ bir böleginde ỳerleşipdir. Ỳurduñ esasy agrar raỳony Gyzyl derỳasy deltasy bolupdyr.

Wỳetliler gadymy ekerançylar bolup, olar esasan dänelik we bakja ekinleri ekipdirler, iri şahly mallary köpeldipdirler, ỳüpek öndürip, ondan ỳüpek matalary dokapdyrlar. Balykçylyk hem ösüpdir. Demirgazyk Wỳetnamyñ daglarynda dürli magdanlary gazyp alypdyrlar we

olardan dürli zähmet gurallaryny we senetçilik önümlerini öndüripdirler.

VIII – IX asyrlarda ỳurduñ ykdysadyỳeti mundane beỳlägem ösüpdir. Derỳalaryñ jülgelerinde we deñiz kenarlarynda dürli şäherler ỳüze çykypdyr. Olarda senetçilik önümçiligi ösüp metal işläp bejermek we küỳzegärçilik ỳokary derejä ỳetipdir. Wỳet arhitektorlary köp gatly ymaratlary gurupdyrlar.

Gadymy wỳet jemgyỳeti şalyçy daỳhanlaryñ ownuk oba obşinasyndan, iri ỳer eỳelerinden we gullukçy gatlakdan ybarat bolupdyr.

B.e. öñki I asyrdan – b.e. IX asyryna çenli döwürde Wỳet ỳerleri hytaỳly imperatorlaryñ golastynda bolupdyr. Şu asyrlaryñ aralygy Wỳet taryhynda "demirgazyga garaşlylyk" ỳagny, Hytaỳa garaşlylyk döwri diỳlip atlandyrylỳar. Şu döwürlerde hytaỳly gubernatorlaryñ kontrollygy ỳuwaş-ỳuwaşdan gowşapdyr, wỳetli aristokratlaryñ täsiri bolsa artyp, olar administratiw häkimiỳeti öz ellerine alyp başlapdyrlar.

"Demirgazyga garaşlylyk" döwründe wỳetliler hytaỳlylar bilen üznüksiz konfliktleri alyp barypdyrlar. VI asyryñ ortalarynda wỳet halky hytaỳlylaryñ agalygyndan dynỳarlar. 541-nji ỳylda wỳet halkynyñ hytaỳ häkimiỳetine garşy gozgalañy ỳeñiş bilen tamamlanỳar. Gozgalañyñ baştutany Li Bon imperator diỳlip yglan edilỳär we Irki Li dinastiỳasynyñ (541-603) düỳbüni tutỳar.

Li Bon döwründe ỳurduñ içeri ỳagdaỳyna köp üns berilỳär. Ol ỳurdy Wansuan imperiỳasy (On müñ baharyñ imperiỳasy)atlandyrỳar. Ol berk apparatyny döredip, onuñ başyna öz ỳakyn adamlaryny belläpdir.

545-nji ỳylda Hytaỳ bilen wỳetlileriñ arasynda uruş täzeden başlaỳar, ỳöne Li Bon ỳeñilỳär we demirgazyk – günbatara tarap çekilỳär. Tiz wagtdan Li Bon aradan çykỳar we wỳet serkerdesi Çieu Kuañ Fuk Hytaỳlylara garşy urşy dowam etdirmek bilen hakykat ỳüzünde ỳurduñ hökümdary bolỳar.

551-nji ỳylda hytaỳlylar ỳeñilỳärler we Wansuandan çykyp gidỳärler.

Uruş gutaransoñ imperator bilen goşun serkerdesiniñ arasynda özara göreş başlaỳar we ỳurt wagtlaỳynça ikä bölünỳär.

602-nji ỳylda Hytaỳ imperatory Wansuana garşy täze urşa başlaỳar. 603-nji ỳylda wỳet goşunlary ỳeñilỳär. Wansuan Suỳ imperiỳasyna boỳun bolmaga mejbur bolỳar we Wansuanyñ iñ soñky imperatory ỳesir edilip äkidilỳär. Irki Li dinastiỳasy ỳasamagyny bes edỳär. Ỳurtda Hytaỳ administratiw sistemasy girizilip, ỳurt "boỳun egdirilen günorta" (Annan) diỳlip atlandyrylỳar. Ỳurduñ möhüm ỳerlerinde hytaỳ gornizonlary durupdyr, ỳöne ỳerlerde esasan wỳetlileriñ özleri dolandyryş işlerini alyp barypdyrlar.

Hytaỳly dikme administratiw apparaty berkidỳän çäreleri geçiripdir. Şeỳle hem salgytlar azaldylỳar. We ỳeke-täk salgyt sistemasy işlenip taỳỳarlanylỳar.

Ykdysadyỳeti galdyrmak üçin derỳalar we suwaryş kanallary arassalanylypdyr, ỳollar gurlupdyr, ỳöne bu işler hytaỳ - wỳet gatnaşyklaryndaky duşmançylygy peseldip bilmändir we azat edijilik hereket dowam edipdir.

X asyryñ başlary Wỳetnamda garaşsyz Daỳpowỳet döwletiniñ ỳüze çykmagy bilen häsiyetlendirilỳär. Huan Çaonyñ baştutanlygynda IX asyrda bolan daỳhanlar gozgalañy we Tan imperiỳasynyñ pese düşmegi wỳetlilere garaşsyzlyk getiripdir. Netijede 939-njy ỳylda garassyzlyk yglan edilỳär. Täze döwletiñ başynda iri ỳer eỳeleriniñ topary durupdyr. Bu topar salgyt sistemasyny reformirleỳär we öñki hytaỳ salgyt sistemasyny ỳatyrỳarlar, ỳerlerdäki bỳurokratik apparaty düỳbünden täzeleỳärler. Täze administratiwbirlikleri girizilip, ỳurt welaỳatlara, welaỳatlara, uỳezdlere, şäherlere we obşinalara bölünỳär.

Ỳurtda agalyk ediji gatlak iri ỳer eyeleri bolupdyr. X asyryñ ortalaryna çenli ỳurduñ iñ uly 12 sany urugy

Daỳpowỳetiñ dürli ỳerlerinde garaşsyz hökümdarlara – sy-kuanlara öwrülipdirler. Olaryñ her biriniñ dolandyrỳan ỳerlerinde onlarça obşinalar bolup, şol obşinalar hem azat daỳhanlar bolan zanlardan we garaşly daỳhanlardan ybarat bolupdyr. Sy-kuanlaryñ häkimiỳeti nesilden-nesle geçip, olaryñ birnäçe wassallary bolupdyr. Öz wassallaryna sy-kuanlar uly emläkleri gulluk üçin peşgeş beripdirler. Öz ỳaragly družinalaryna daỳanyp sy-kuanlar özara urşupdyrlar, ỳöne umumy duşmana garşy olar ỳurduñ hökümdary wua bilen bilelikde urşupdyrlar.

Umuman X asyrda ỳurtda dagynyklyk hokum sürüpdir. Iri aristokratlar bolan sy-kuanlar ỳurduñ merkezleşmegine garşy bolupdyrlar. Emma agalyk ediji gatlagyñ beỳleki topary bolan feodal – emeldarlar ỳurduñ bitewiligini isläpdirler, sebäbi olar döwletden gulluk üçin köp peỳdalary gazanypdyrlar.

Şeỳle şertlerde uly emeldar we serkerde bolan Din Bo Lin hytaỳlylaryñ täzeden çozmak howpuny añup, ỳurdy merkezleşdirmäge we birikdirmäge girişỳär. Netijede ol ỳurduñ hökümdary bolỳar we Täze Din dinastiỳasynyñ imperatory diỳlip yglan edilỳär (968-980).

X asyryñ 70-nji ỳyllarynda merkezi hökümet ep-esli berkeỳär. Regulỳar goşun döredilỳär, döwlet apparaty giñeỳär we güỳçlenỳär, köşgüñ abraỳy artỳar. Şu döwürlerde köne wỳet däplerini dikeltmäge-de uly üns berilỳär.

Täze häkimiỳetler esasan obşşinniklerden obrok ỳygnaỳan orta feodal gatlaga daỳanypdyrlar. Gulluklary üçin bolsa olara “güzeran görmek üçin” obalary beripdirler. Ỳagny salgyt ỳygnap döwlete tabşyrỳarlar, ỳöne bir bölegini özüne alyp galỳarlar.

Imperatorlar (wua) si-kuanlara garşy uly göreş alyp barypdyrlar, olaryñ ellerinden ỳerlerini alypdyrlar. Höküm sürỳän ỳerlerini bölüşdiripdirler we başga-başga ỳerlere goşupdyrlar.

Döwlet häkimiỳetini berkitmek üçin Din dinastiỳasy döwlet apparatyny goỳupdyrlar. Wua Hytaỳ bilen hem arasyny sazlamaga synanyşyk edipdir we şu maksat bilen 971-nji ỳylda Sun köşgüne ilçi iberỳär. 972-nji ỳylda bolsa özüni Sunlaryñ nominal wassaly diỳip yglan edỳär we simwoliki paç töläpdir. Netijede bu ỳagdaỳ wagtlaỳynça Daỳkowỳetiñ howpsuzlygyny üpjün edipdir, sebäbi nominal wassallyk ony Hytaỳyñ öñünde hiç bir zada borçly etmändir.

Şundan soñ Wua boỳun egmezek feodallara garşy berk çäreleri ulanypdyr.feodal družinanyñ ornuna 10 korpusdan ybarat regulỳar goşun döredỳär. Şuña daỳanmak bilen Din Bo Lin öz garşydaşlaryndan öç alypdyr. Ỳöne iri feodallar dildüwşüp, köşk agdarylyşygyny geçirỳärler. Din Bo Lin öldürilỳär, ỳurtda ỳene-de özara uruşlar başlaỳar. Şol döwür hytaỳlylar hem çozỳar. Şonuñ üçin hem daşky howp berk häkimiỳeti talap edỳär. Iri aristokratlaryñ bir bölegi birleşip, baş serkerde Le Hoany imperator – wua diỳip yglan edỳärler. 981-nji ỳylda täze wua Hytaỳ goşunlaryna garşy söweşe başlaỳar we olary ỳeñỳär. Irki Le dinastiỳasynyñ (981 – 1009) dolandyran ỳyllarynda Wỳet döwleti kem-kemden güỳçlenipdir.

Daỳkowỳetiñ medeniỳeti barada aỳdylanda, VI asyrdan başlap ol ösüp ugraỳar. Arhitektura, şekillendiriş sungaty. Medeniỳet esasan buddizm bilen baglanyşykly.

## Wỳetnam XI – XV asyrlarda

1069-njy ỳyldan başlap wỳetlileriñ döwleti Daỳwỳet – Beỳik Wỳet diỳip atlandyrylyp ugraỳar. Şol döwürler bu ỳerde merkezleşdirilen döwlet sistemasy emele gelip, Daỳwỳetde ösen feodal gatnaşyklar agalyk edipdir. Ỳurduñ ỳer fondunyñ eỳesi feodal döwlet bolup, şol bir wagtyn özünde wua hem eỳeçilik edipdir. Ỳurduñ ähli ỳerlerine eỳeçiligi hukugy bilen

bir hatarda wuanyñ öz hususy ỳeri hem bolupdyr, ondan ummasyz köp girdeji alypdyr.

Daỳwỳetde obşina ỳerleri (jemagat) hem bolupdyr. Erkin obşinaçylardan alynỳan salgyt ỳa döwletiñ hazynasyna gidipdir ỳa-da döwlet üçin salgyt ỳygnaỳan emeldara gulluk üçin döwlet tarapyndan şonuñ özüne berilipdir.

Obşina ỳerleri bilen bir hatarda iri ỳer eỳeleriniñ, şeỳle hem daỳhanlaryñ bir böleginiñ ygtyỳarynda hususy ỳerler hem bolupdyr. Ỳöne daỳhanlaryñ obşina ỳerlerinde hem paỳy bolupdyr. Hususy ỳerlerdöwletiñ haỳryna-da geçirilip bilnipdir we eỳesiniñ nesillerine-de galdyrylyp bilnipdir.

Jemgyỳetiñ ỳokary gatlagyny esasan wuanyn garyndaşlary bolmadyk iri ỳer eỳeleri düzüpdir. Ỳöne wagtyñ geçmegi bilen olaryñ arasyndan wua gulluk edỳän we onuñ garyndaşlaryna öwrülỳän begzadalar döräpdir. Şeỳle adamlara wua bir wagtyñ özünde iki görnüşli mülk beripdir – biri “hakyky sylag” ỳeri – beỳlekisi “güzeran aỳlamak üçin okrug” ỳeri bolupdyr. Soñkysynyñ möçberi birinjiñkiden az bolupdyr.

Muña garamazdan ỳurduñ eỳeçiliginde esasy orny obşina eyeçiligi tutpdyr. XI asyryñ ortalaryndan öñ iri feodallaryñ elinde hem ykdysady hem-de administratiw häkimiỳet bolan bolsa, şondan soñ administratiw hukuklaryny iri feodallar ỳitirỳärler. Ortaça gulluk wezipelerini eỳeleỳän feodallar hem edil iri feodallar ỳaly uruglara birleşipdirler we olaryñ şahsy ỳerleri “urugyñ ỳeri” diỳlip atlandyrylypdyr. Ỳerleri hususy eỳeçilige bermegiñ bir formasy “urug ỳerlerini” “doga (pominalyşe) ỳerlerine öwürmek bolupdyr.”. Ỳöne ony diñe wua berip bilipdir. Orta we pes derejedäki emeldarlaryñ ỳerleriniñ doly ỳa-da kem-käsleỳin umumyỳati bolupdyr.

Şol döwürler buddistik ruhanylarynyñ hemişelik eỳeçiliginde ummasyz ỳerler bolupdyr. Ỳöne ol ỳerler dolulygyna obşina yerlerini alyp bilmändirler.

Gadymy kultlaryñ ybadathanalaryna (wỳetlerde buddizmden başga-da gadymy ata-babalar bilen bagly din hem

bolan) hem ỳerler berilipdir. Olara ỳer berỳänler iri we orta feodallar bolupdyr. Şol ỳerleri olar obşina ỳerleriniñ içinde ỳerleşỳän öz ỳerlerinden bölüp, ybadathanalara hemişelik beripdirler.

XI – XII asyryñ başlarynda Günorta – Gündogar Aziỳada hyzmatkärleri we gullary ỳere berkitmek we olary obşinanyñ, feodalyñ we döwletiñ ygtyỳaryndaky ilata öwürmek tendensiỳasy häsiỳetli bolupdyr.

Erkin obşinalaryñ özlerem 1137-nji ỳylda käbir çäklendirmelere sezewar edilỳär. ỳagny döwlet emeldarlary olaryñ üstünden gözegçilik edip başlaỳarlar. Şeỳle çäklendirmeler bolsa, dünỳewi we feodal eỳeleriniñ güỳçlenmegine, ỳerleriñ olaryñ elinde jemlenip başlamagyna getirỳär.

Ỳeri eỳelemegiñ esasy görnüşi ony satyn almak bolup, döwletem satyn alyjylary höweslendiripdir. Esasy ỳer satyn alanlar budda ybadathanalary bolupdyr. Gadymy din ybadathanalarynyñam yerleri bolan, ỳöne buddistik ybadathanalardan az bolupdyr.

Daỳhan eyeçiliginiñ esasy formasy obşina ỳeri bolan. Obşina tokaỳlara, howuzlara, çemenliklere we sürümli ỳerlere eỳeçilik edipdir. Sürüm ỳerleri “sarylar” diỳlip atlandyrylan, 20-60 ỳaş aralygyndaky daỳhanlaryñ arasynda yzygider paỳlanypdyr. Olar jan başyna we ỳer salgydyny töläpdirler, goşunda gulluk eipdirler, zähmet borçlaryny ỳerine ỳetiripdirler (gurluşyk, transport). Obşinanyñ öz içki dolandyryjysy bolupdyr. Obşinanyñ soweti ykdysady, belli bir derejede ỳuridiki we dini meseleleri çözüpdir.

981 – 1009-njy ỳyllar wỳetlerde irki Le dinastiỳasynyñ dolandyran ỳyllarydyr. Olaryñ ornuna (1009 – 1225) giçki Le dinastiỳasy gelỳär. Paỳtagty hem Thañlasñ (häzirki Hanoỳ) bolỳar. Ỳurt 24 sany welaỳata bölünỳär.

XI asyrda Daỳwỳet hem demirgazykda hem-de günortada uruş alyp barypdyr. Demirgazykda Hytaỳa garşy günortada bolsa, Tỳampa garşy.

XI – XII asyrlarda Daỳwỳet günorta hüjüm edipdir we wỳet daỳhanlary kem-kemden Merkezi Wỳetnama ornaşypdyrlar we tỳampalylaryñ arasynda oturypdyrlar. Bu bolsa Tỳampany almagy ỳeñilleşdiripdir. 1043 – 1044-nji ỳyllarda Daỳwỳet Tỳampany ỳeñỳär.

1075-nji ỳylda Daỳwỳet goşunlary günorta Hytaỳyñ hem birneme ỳerlerini uruş bilen alỳarlar.

XII asyr umuman Daỳwỳet üçin stabil ösüşleriñ döwri bolỳar. Ỳöne XII asyryñ ahyrlaryndan merkezi häkimiỳet gowsap ugraỳar. Irileriñki artỳar. Açlyk, horluk bolup ugraỳar, gozgalañlar bolỳar.

XIII asyryñ başlary ỳagdaỳ has hem kynlaşỳar, gozgalañlar köpelỳär. Käbir feodallar baỳlygyna baỳrynyp, hem ony goramak üçin družinalar ỳygnap başlaỳarlar.şol družinalar merkezi häkimiỳeti almandyrlar-da, köşkdäki ol ỳa-da beỳleki tarapa --- hojaỳynçylyk edipdirler. Olar (otrỳadlar) ỳerlerine görä “Khoanly adamlar”, “Hoñli adamlar” ỳagny öz welaỳatlaryna, uỳezdlerine görä atlandyrylypdyr.

Wua-da şeỳle şahsy goşunlaryñ döredilmegine rugsat beripdir. Ỳagny ỳurdy berkitmek üçin, emma 1225-nji ỳylda Çan urugy ỳerlerdäki “adamlaryñ” serdarlaryna daỳanyp,döwlet agdarylyşygyny geçirỳär.

Çanlaryñ döwri (1225 – 1400) Daỳwỳetde feodal – bỳurokratik döwletiniñ has ösen döwri hasap edilỳär. Şäherler, senetçilik, söwda ösüpdir.

1257-nji ỳylda Daỳwỳet mongol agressiỳasyna duçar bolỳar. Başda mongollar Çanlardan üstlerinden geçirmegi (ỳagny Sunlara garşy) talap edỳärler. Emma iru – giç basypaljakdyklaryny bilip geçirmeỳärler. Uruş başlaỳar, halk, goşun gazaply garşylyk görkezỳär. Mongollar çykyp gitmäge mejbur bolỳarlar.

1282-nji ỳylda wỳetliler iki gezek mongollaryñ çozuşyny serpikdirỳärler.

1284-nji ỳylda Daỳwỳetiñ garşysyna ỳarym millionlyk goşun iberilỳär. Olaryñ garşysyna 200 müñlük goşun, köp-köp partisan otrỳadlary çykỳar. Goşuna Çan Hyñ Dao (wua) yolbaşçylyk edỳär. Ol Wỳetnamyñ milli gahrymany.

Ol birbada paỳtagty söweşsiz galdyrỳar, ỳöne gymmatlyklar öñünden gizlenilỳär. 1285-nji yylyñ Iýun aỳynda demirgazyk Wỳetnamda mongol çozuşlary derbi – dagyn edilỳär.

Soñ Hubilaỳ 300 müñlük goşun iberỳär. 1289-njy ỳylda wetnamlylar mongollaryñ 400 gämisini gyzyl derỳasynda gark edỳärler. Gury ỳer goşunlaryny hem derbi – dagyn edỳärler.

1289-njy ỳylda Ỳuanlar şertnama baglaşmaga mejbur bolỳarlar. Olar Daỳwỳetiñ nominal sỳuzereni bolỳarlar. Ỳöne barybir Daỳwỳet garaşsyzlygyna galỳar.

Iri ỳer eyeçiliginiñ ösmegi şindi mongol agressiỳasy döwründe başlapdyr. Sebäbi uruş döwründe graždan emeldarlarynyñ aglaba köpüsi şertli (gulluk) eỳeçilikdäki ỳerlerini ỳitirỳärler. Tersine welaỳatlardaky wuanyñ garyndaşlary bolan mirasdar eyeler peỳda görỳärler. 1266-njy ỳylda olar ỳere eỳelik etmäge hukuk statusyny alỳarlar. Oña watçina (mülk) statusy ỳa-da “çañ” diỳilỳär.

XIII asyryñ ahyrynda XIV asyryñ başlarynda buddistik buthanalaryñ we aỳry – aỳry monahlaryñ ỳerleri hem artỳar. Erkin daỳhanlaryñ bolsa ỳagdayy kynlaşypdyr. Olaryñ hukuk statusy peselip, köpüsi kärendeçilere öwrülipdirler. Çañlaryñ ỳa-da mülkleriñ giñemegi erkin obşinnikleriñem ỳagdaỳyny kynlaşdyrypdyr.

Uzaga çeken uruşlar yurdy tozdurypdyr. 1290-njy ỳylda açlyk başlaỳar. Daỳhanlar ỳerlerini (käwagt öz hossarlarynam) satypdyrlar.

Ỳagdaỳyñ agyrlygyna garamazdan wua (Çan An Toñ) Daỳwỳetiñ territoriỳasyny giñeltmegi dowam etdiripdir. 1307-

nji ỳylda Tỳampadan O we Ri oblastlaryny alỳar, emma 1311-nji ỳylda alnan ỳeriñ ilaty gozgalañ turzup, Daỳwyet bilen Tỳampanyñ arasynda uruş başlaỳar. Soñ 1318-nji ỳylda we 1326-njy ỳylda bolỳar.

1337-nji ỳylda laoslylar daỳwyete çozyarlar, onuñ günorta onuñ günorta oblastlaryny talap, birnäçe gezek wỳetlileri ỳeñlişe sezewar edỳärler. Tỳampalylar hem dek oturmandyrlar. Onuñ koroly teboñña birnäçe gezek Daỳwỳetiñ günorta welaỳatlaryna çozup, hatda 1369-njy ỳylda Thañlauñy (Hanoỳy) basyp alỳarlar we talaỳarlar.

1300 – 1380-nji ỳyllarda Daỳwỳetde üznüksiz daỳhan gozgalañlaram bolupdyr. XIV asyryñ 40-njy ỳyllarynda Ňo Beniñ, 1354-nji ỳylda Teniñ ỳolbaşçylygyndaky gozgalañlar has uly we uzaga çekipdirler.

1371-nji ỳylda Daỳwỳetiñ hökümet başyna Ho Kü Li gelỳär we merkezleşdiriş syỳasatyny ỳöredip ugraỳar. 1377-nji ỳylda Tỳampalylar Daỳwỳete çozỳarlar. Ho Kü Li olary derbi – dagyn edỳär, sebäbi gowy goşun düzmegi başarỳar. Ol goşuna budda monahlarynam alyp ugraỳar, ybadathanalara salgyt salỳar, öñ beỳle zat ỳokdy. Ol uly feodallary wezipelerinden boşadyp, ornuna reformalaryñ tarapdarlaryny çekipdir.

Reformalary geçirmekde Ho Kü Li esasan kiçi we orta gullukçy feodallara daỳanypdyr. Onuñ garşysyna iri dünỳewi we dini feodallar durupdyr. Iki arada uly göreş dowam edipdir. Şol döwürler (XIV asyryñ 80-ỳyllary) budda monahy Fam Şi Onyñ ỳolbaşçylygynda gozgalan turup, olar paỳtagtam eỳeleỳärler. ỳöne Ho Kü Li gullukçy feodallara dayanyp ony basyp ỳatyrỳar, monahlary buthana olaryñ ỳaramlylaryny bolsa goşuna alỳar.

1397-nji ỳylda hususy ỳerler, şol sanda çañlar (mülk) hem döwlet ỳerleri diỳip yglan edilỳär. Şol ỳeriñ obşina ỳerleri bolsa erkin diỳlip yglan edilỳär. Öñki ỳerleri bary – ỳogy 10 mau (3,3 ga) (1 mau – 30 sotok) galdyrylỳar.

Şu kanuny durmuşa geçirmek üçin 1398-nji ỳylda ähli hususy ỳerler ölçenỳär we artykmaç ỳerler alynỳar. Döwlet yeri diỳlip yglan edilen ỳeriñ ilaty hem erkin diỳlip yglan edilỳär. 1401-nji ỳylda bolsa, ähliumumy ilat we ỳer ỳazgysyny geçirỳärler. Gaçgak daỳhanlar yzyna getirilỳär.

Reformatorlar ownuk we orta feodallaryñ we daỳhanlaryñ hususy ỳerine degmändirler.

Reformatorlar ỳiti garşylyk döredỳär. Iri ỳer eỳeleri Ho Kü Li garşy. Basylyp ỳatyrylỳar. Olar Ho Kü Li özüni imperator diỳip yglan etdi (1400 – 1407), uzurpatora garşy kömek beriñ diỳip, minlere ỳüz tutỳarlar. Ho Kü Liniñ Ho dinastiỳasy (1400 – 1407) reformany dowam etdiripdir, kop agyr salgytlar ỳatyrylỳar (1225 – 1400 Çanlar girizipdi) agyr salgytlar birneme azaldylỳar. Şeỳle hem Minleriñ agressiỳasyna tayynlyk görülỳär.

1402-nji ỳylda Daỳwỳet Tỳampa garşy urşa başlaỳar. Tỳampa minler bilen soỳuz baglaşỳar. 1406-njy ỳylda min goşunlary yurda girỳär. 1407-nji ỳylda Ho Kü Liniñ goşuny ỳeñilỳär, onuñ özi we egindeşleri gabalyp ỳesir düşỳär, ỳöne Daỳwỳet göreşi dowam etdirỳär.

1418-nji ỳyldan başlap Daỳwỳetiñ ownukly – irili otrỳadlary Le Loỳyñ otrỳadyna birleşỳärler we 1428-nji ỳylda minler kowulỳar

Le Loỳ täze dinastiỳanyñ (aşaky) Giçki Le dinastiỳasynyñ (1428 – 1788) düỳbüni tutỳar. Irki Le dinastiỳasy (981 – 1009).

Le Loỳyñ uly abraỳy we akyl-paỳhasy bolupdyr. Ho Kü Liniñ reformalaryna bararbar işleri geçirmäge synanyşyk edipdir.

Iri feodallar bilişimiz ỳaly minleri çagyrypdyrlar, olaryñ ỳerleri alynypdyr. Goşun esasan daỳhanlardan bolansoñ, ỳer ỳazgysyny geçirip, daỳhanlaryñ sanyna görä berilipdir. Eỳesiz ỳatan döwlet ỳerleri ỳersiz daỳhanlara berilipdir. Döwlet obşina ỳerlerini satmak we eỳelemek gadagan edilipdir. Diñe boş

işlenmän ỳatan ỳerleri eỳelemäge rugsat berilipdir. Iki ỳyllap salgyt ỳatyrylypdyr. Bu täzelikler daỳhan hojalyklarynyñ berkemegine getiripdir. Ỳöne mülkleriñ daỳhan obşinalaryna baỳlanmagy, obşinaçylygy peseldipdir. Sebäbi hususyỳetçilik obşinaçylykdan üstün çykyp ugrapdyr.

Ỳerler titully begzadalara-da berilipdir. Ỳöne olara öñki hususy ỳerler berilipdir. Basym özüniñ garaşly daỳhanlary bilen iri ỳer eỳeleri hem döräpdir. Ỳöne olar agrar gurluşda agalyk ediji forma eỳe bolup bilmändir. Reformalar XV asyrda Daỳwỳetiñ ösmegine uly itergi beripdir.

Ỳöne hemmeleriñ işi ugrunda bolubermeỳär. Garyp daỳhanlar peỳda bolỳar. Olar garaşlylyga geçmäge mejbur bolỳarlar. Ỳöne döwlet bu ỳagdaỳyñ öñüni almaga çalşypdyr.

Umuman reformalar Daỳwỳetde tä XV asyryñ ahyryna çenli dowam edipdir.

## Wỳetnam giçki orta asyrlarda.

XVI – XVII asyrlarda Wỳetnamyñ esasy ilaty öñküleri ỳaly oba hojalygy (salyçylyk) bilen meşgul bolupdyr. Senetçiligem belli bir derejede ösen bolupdyr. Ỳaponiỳa, Ỳawa, Hytaỳ bilen söwda ösüpdir. XVI asyryñ başlarynda ok atỳan ỳarag hem ỳaỳrap ugrayar.

XVI – XVII asyrlar Wỳetnamda ownuk hojalyklaryñ hem dörän wagtydyr. Sebäbi Ho Kü Liniñ (XIV asyryñ ahyry) we Le Loỳyñ (XV asyryñ 20-3 ỳyllaryñ başlary) reformalary döwründe gulluk ỳerini edinen emeldarlar soñra şol ỳerleri hususy ỳerlere öwrüp ugrapdyrlar. Obşinanyñ içinden hem baỳ daỳhanlar döräp, ỳerleri hususylaşdyrypdyrlar. Daỳhanlar bolsa garaşlylara öwrülipdir. Netijede ỳer eỳeleri, eỳeleri, häkimiỳet bilen ilat köpçüliginiñ arasynda konfliktler döräp ugraỳar. Ỳurtda krizis ỳagdaỳy ỳüze çykyp ugraỳar. Häkimiỳet ugrunda hem göreşler güỳçlenipdir. Köşkde dildüwşükler artypdyr. Şunda häkimiỳetler goşuna daỳanypdyrlar. 1510-njy ỳylda

ỳurtda häkimiỳet ugrunda göreş başlaỳar.şonda wua (patyşa) goşunlarynyñ baş serkerdesi häkimiỳeti eyeleỳär. Ỳöne ỳurt barybir düzelmeỳär. Üstesine-de ỳurtda daỳhanlar urşy başlaỳar.

1512-nji ỳylda uly gurakçylyk bolup, açlyk başlaỳar. Häkimiỳetler onuñ öñüni alyp bilmeỳärler. Gozgalañlar has hem güỳjeỳär. 1516-njy ỳylda "daỳhanlar şasy" Çan Kaonyñ baştutanlygynda uly gozgalañ başlaỳar. Olar hemişe ỳeñipdirler we şol ỳyl Thañlauñy (Hanoỳ) eỳeleỳärler. Çan Kao imperator (wua) diỳlip yglan edilỳär.

Şundan soñ özara uruşỳan feodal toparlary birleşỳärler. Oña wuanyñ özi ỳolbaşçylyk edỳär. Ỳöne onuñ abraỳy bolmandyr (Li Hien Toi), sebäbi goşunlar esasan Ňuỳenleriñ, Çinleriñ we Maklaryñ elinde bolan.

Şol döwürler Mak urugyndan bolan serkerde Dañ Zuñ wuadan formal häkimiỳeti alỳar. 1520-nji ỳylda bolsa Çan Kaonyñ gozgalañyny basyp ỳatyrỳar. 1527-nji ỳylda bolsa Le Şo dinastiỳasyny (1428 – 1788, Giçki Le) agdaryp öz Mak dinastiỳasyny esaslandyrỳar.

Ỳöne Dañ Zuñy beỳleki uruglar ykrar etmeỳärler. Şonuñ üçin hem 1533-nji ỳylda Ňuỳen urugyndan bolan serkerde Ňuỳen Kim Le maşgalasyndan bolan wekili wua diỳip yglan edỳär, (Le Mat, Ỳokarky Giçki Le dinastiỳasy (1533 – 1788). 1428-nji ỳyldan 1527-nji ỳyla çenli Aşaky Giçki Le dinastiỳasy, 1533-nji ỳyldan 1788-nji ỳyla çenli bolsa Ỳokarky Giçki Le dinastiỳasy diỳilỳär. Ikisiniñ arasyny bolsa Mak Dañ Zuñ (1527 – 1533) bölỳär. Şonuñ üçin "Asaky" we "Ỳokarky" diỳilỳär.

Şundan soñ Ňuỳen Kim Maklara garşy göreşegirişỳär. Netijede uzaga çeken özara uruşlar başlaỳar. Uruşlar Ňuỳenleriñ, Çinleriñ, Maklaryñ arasynda bolỳar. Maklaryñ ỳeri – Gyzyl derỳasynyñ deltasy, Çinler – Thuanhoa we Ňeanda, Ňuỳenler – Thuanhoa we Kuañnamda outran.

1592-nji ỳylda Çinler Thañlauñy eỳeleỳärler, Maklar bolsa, demirgazyga çekilỳärler. Çinler Le dinastiỳasynyñ bir wekilini Thañlauñda oturdỳarlar we ony Hytaỳyñ ykrar etmegini gazanỳarlar. Oña Derek bolsa Maklara degmezlige söz berỳärler. Sebäbi Hytaỳ Maklary goldapdyr. Çünki olar Hytaỳa Wyetnamyñ demirgazygynda az-maz ỳer beripdirler (Kaobanyn demirgazygy).

Çinler bolsa Le dinastiỳasyndan özlerine graždan we harby häkimiỳet berilmegini gazanỳarlar we tỳua – knỳaz (ỳerlerdäki doly hukukly hökümdar) titulyny alỳarlar.

1600-nji ỳylda Ňuỳenler Dañçauñda (Günorta we Merkezi Wỳet) özbaşdak mülk döredỳärler, Çinler bolsa Daññoaỳda (Demirgazyk Wỳet). Ñuenler hem Çinler ỳaly Le dinastiỳasyny ykrar edipdirler we tỳua titulyny alypdyrlar,ỳöne Le dinastiỳasy Simwoliki häkimiỳete öwrülipdir.

Çinleriñ agalyk edỳän demirgazyk Wỳetnamda (Daññoaỳ) obşinalar dargap mülkleriñ döremegi güỳçlenỳär. Yerler az, ilat bolsa köp. Günorta gaçypdyr daỳhanlar ỳagny Ňuỳenleriñ ỳerine. Häli – şindi demirgazykda gozgalañlar bolan. Çinler käbir eglişiklerem edipdirler. Üç ỳyllap salgytdan boşadypdyrlar, mugt işletmegem goỳupdyrlar. Bu gozgalañlary peseldipdir.

Çinler soñ az ilatly, hem baỳ Ňuỳenleriñ ỳerine göz dikipdirler. Şonuñ üçin hem Ňuỳenler Merkezi Wỳetnamda (Dañçauñyñ demirgazygy) Doghoỳ diwaryny gurupdyrlar.

Şol döwürler Wỳetnama dasary ỳurtlylar hem aralaşypdyrlar. Gollandlar Çinleri, portugallar bolsaŇuỳenleri goldapdyrlar.

1627-nji ỳylda Çinler Ňuỳenlere garşy 46 ỳyllap uruşỳarlar. Ỳerlerini almak üçin. Ñuỳenler demirgazyga süỳşjek bolmandyrlar. Diñe araçägi gorapdyrlar. Ỳöne olar aşak günortasüỳşmeklerini dowam edipdirler.

46 ỳyllyk uruş Çinleri tapdan düşüripdir. Salgyt azalypdyr, daỳhanlar günorta gaçypdyr.

Dañçauñda gozgalañlar bolmandyr. Ỳerler köp, gowy hasyl alanlar. Üstesine-de günorta daỳhanlary göçüripdirler, köp hasyl alypdyrlar.

Umuman XVII asyryñ ortalaryna çenli döwürde Günorta Wỳetnam ösen ỳer bolupdyr.

Ñuỳenleriñ häkimiỳeti ỳarym harby, ỳarym graždan görnüşde bolupdyr. Olar Ỳaponiỳa, ACEAN, Port, Gollandiỳa bilen söwda edipdirler. Portugallar ñuỳenlere top ỳasamagam öwredipdirler.

Ñuỳenler Mekongyñ deltasyny we Tỳampany eỳeläpdirler, öñ ol Kamnuçiỳa degişli bolan.

## Indoneziỳa irki orta asyrlarda

Ilkinji döwletler Indoneziỳanyñ territoriỳasynda Malaỳ arhipelagynda we Malakki ỳarym adasynda biziñ eramyza geçilỳän döwürlerde ỳüze çykypdyr. Şol döwürler gürrüñi edilỳän yerleriñ ilaty kämil oba hojalygy bilen meşgul bolup, esasan şaly ekipdir. Bürünçden we demirden edilen dürli zatlary ỳasamagy başarypdyrlar.

Malakki bogazy dünỳä sowda ỳollarynyñ ugrunda ỳerleşendigi üçin bu ỳerde söwda ösüpdir. Bu söwda prosesine Ỳakyn we Uzak Gündogaryñ şeỳle hem Hytaỳyñ we Hindistanyñ söwdagärleri gatnaşypdyrlar.

Biziñ eỳỳamymyzyñ I-VI asyrlarynda Günbatar Indoneziỳanyñ territoriỳasynda onlarça şäher-döwletleri bolup, olar esasan söwdanyñ hasabyna ỳaşapdyrlar. Ỳöne şalyçylyk hem olaryñ ykdysadyỳetinde uly rol oỳnapdyr.

Malakki ỳarym adasynda dörän ilkinji döwletler Langasuka, Tambralinga we Takkola hasap edilỳär. Geografiki taỳdan amatly ỳerleşmek bilen bu döwletler halkara söwda aragatnaşyklaryna kontrollyk edipdirler. Ỳöne olar III-V asyrlarda khmerleriñ Bapnom döwletiniñ wassallary

bolupdyrlar. Bapnom ỳykylandan soñ bolsa, Hytaỳ bilen aktiw diplomatik we söwda gatnaşyklaryny saklapdyrlar. Şu döwletleriñ içinde iñ güỳçlüsi Langasuka bolupdyr.

Häzirki Indoneziỳanyñ günbatar adasy bolan Sumatranyñ Gündogar we Günorta raỳonlary hem gadymy malaỳ siwilizasiỳasyna degişli bolupdyr. III asyryñ başlarynda bu ỳerde Gein, VI asyrda bolsa, Malaỳỳu döwletleri döräpdir. Bu döwletler Hindistan, Eỳran, Hytaỳ bilen gyzgalañly söwda gatnaşygyny alyp barypdyrlar.

V asyryñ başlarynda Indoneziỳanyñ iñ köp ilatly we ösen ekerançylyk ỳeri bolan Ỳawada-da döwletler döräp ugraỳar. Ỳawanyñ ilaty hem esasan malaỳlardan bolupdyr. V asyrda Günbatar Ỳawada Taruma döwleti döreỳär. Gadymy sakskrit ỳazgylary V asyryñ başlarynda Taruma döwletini basarjañ Purnawarmananyñ dolandyrandygyny tassyklaỳar.

Soñra Yawanyñ territoriỳasyndaky döwletleriñ sany artyp, V-VII asyrlarda Hytaỳ ỳyl ỳazgylarynyñ habar bermegine görä olaryñ sany 30-a ỳetipdir.

VII asyryñ 40-70-nji ỳyllarynda Ỳawanyñ merkezi raỳonlarynda Kalinga patyşalygy güỳçlenip ugraỳar. Oña-da belli bir derejede Ỳawa halkyỳetiniñ ỳüze çykyp ugramagy sebäp bolỳar.

Indoneziỳanyñ köp ỳerlerinde esasan hem Kamemantanyñ, Sumatranyñ jümmüş raỳonlarynda şeỳle hem Gündogar Indoneziỳada biziñ gürrüñini edỳän döwrümizde i.d.o.g. dowam edipdir.

VI-VII asyrlarda Bapnam imperiỳasynyñ dargamagy bilen Gündogar Sumatrada güỳçli Şiriwijaỳỳa döwleti ỳüze çykỳar. Bu döwürler halkara söwdasy hem güỳçlenipdir. Netijede arap, pars, hindi söwdagärlerini Indoneziỳada öndürilỳän geñ-enaỳy senetçilik önümleri, şeỳle hem gök-bakja, miwe önümleri özüne çekipdir. Üstesine-de Şiriwijaỳỳanyñ portlary hem daşary ỳurt harytlarynyñ hem esasy satylỳan we ondan-oña äkidilỳän ỳerlerine öwrülipdir. Söwdanyñ ösmegi Şiriwijaỳỳa

flot edinmäge we şol flotuñ kömegi bilen hem Hindi hem Ỳuwaş okeanlaryny birikdirỳän deñiz ỳollaryny kontrollyga almaga mümkinçilik beripdir.

682-685-nji ỳyllarda Jaỳanaşyñ döwründe Şiriwijaỳỳa döwleti birneme giñäp, oña goñşy Malaỳỳu döwletiniñ we başga-da käbir ỳerler hem goşulypdyr.

Şiriwijaỳỳanyñ hökümdarlarynyñ esasy maksady Malakki bogazynda harby-syỳasy agalyk etmek bolup, olar şu regionda söwda monopoliỳasyny hem girizipdirler.

VII asyryñ 2-nji ỳarymynda – VIII asyryñ ortalarynda Şiriwijaỳỳa Hytaỳ bilen yzygider diplomatik we söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyr. Şiriwijaỳỳa maharajalary (patyşalary) köp goñşy ỳerlerini eỳeläpdirler. Malakki ỳarym adasynyñ döwletleri bolsa onuñ wassallary bolupdyr. Khmerleriñ ỳerleri Hytaỳyñ golastynda bolan demirgazyk Wỳetnam ỳerleri hem häli-şindi şiriwijaỳỳalaryñ ekspansiỳasyna sezewar edilipdir. Şeỳlelikde VIII–IX asyrlarda Şiriwijaỳỳa döwleti Günorta – Gündogar Aziỳada we Uzak Gündogarda kuwwatly deñiz döwletleriñ biri bolupdyr. Bu döwlet esasan araçy we içeri söwdanyñ, paçlaryñ, salgytlaryñ we talañçylykly ỳörişleriñ hasabyna ỳaşamaga çalşypdyrlar. Ỳöne wagtyñ geçmegi bilen derỳalaryñ boỳlarynyñ özleşdirilmegi netijesinde oba hojalyk önümçiliginiñ roly artypdyr.

Şiriwijaỳỳanyñ ykdysady we harby kuwwatyny arap geograflary hem geñ galmaklyk bilen beỳan edipdirler. Olar Şiriwijaỳỳa döwletini “Zabag ỳurdy” diỳip atlandyrypdyrlar. X asyryñ ortalarynda Masudi bu ỳerde altynyñ, galaỳynyñ we dürli önümleriñ öndürilỳändigini, ỳerli maharajanyñ bolsa ummasyz baỳlygynyñ bolandygyny belläpdir.

Palembang we Jambiden başga-da Şiriwijaỳỳanyñ Malakki ỳarym adasynda ỳerleşen Kedah porty hem ösüp, ỳurduñikinji paỳtagtyna öwrülipdir we Hindistan, Günorta – Gündogar

Aziỳa we Hytaỳ bilen alnyp barylỳan söwdanyñ merkezine öwrülỳär.

XI asyrdan başlap Şiriwijaỳỳanyñ bähbitleri Günorta hindi döwleti Çollalaryñ bähbidi bilen çapraz gelip ugraỳar. Üstesine-de çollalar Şiriwijaỳỳanyñ ỳerlerine göz gyzdyryp ugraỳar. 1025-nji ỳylda Rajendra Çolla Şiriwijaỳỳa garşy uly flot iberỳär. Bu goşun bolsa Şiriwijaỳỳanyñ baỳ yerlerini tozdurypdyr, portlary weỳran edipdir. Şeỳlelikde Şiriwijaỳỳanyñ söwda we deñiz kuwwatyna çollalar tarapyndan uly zarba urulỳar.

VIII asyryñ başlarynda Merkezi Ỳawanyñ agrar raỳonlarynyñ iñ baỳy Mataram bolupdyr. Onuñ hökümdary (ratu) Sanjaỳỳa merkezi ỳawaly begzadalardan (raka) gelip çykypdyr. Sanjaỳỳa Mataram dinastiỳasynyñ düỳbüni tutjy bolupdyr. Ol Ỳawa, Malaỳỳa we Khmer ỳerlerini eỳeläpdir. Mataramyñ esasy bäsdeşi Şiriwijaỳỳa bolupdyr.

Mataram döwletiniñ ỳüze çykmagy kyn şertlerde bolup geçipdir, sebäbi ỳerli begzadalar – rakalar özara urşupdyrlar we hersi ỳokary häkimiỳete – maharajalyga dalaş edipdirler.

IX asyryñ ahyrlarynda Mataramyñ golastyna diñe merkezi ỳawa ỳerleri däl, eỳsem gündogar ỳawa ỳerleriniñem bir bölegi girizilỳär.

X asyryñ 1-nji ỳarymyndan Mataramda despotiki häkimiỳet güỳjeỳär, ỳurduñ administratiw – territorial sistemasy çylşyrymlaşỳar we merkezleşỳär. Okruglara hökümdaryñ golaỳlary, egindeşleri ỳolbaşçylyk edipdirler

X asyryñ ahyrynda, XI asyryñ başlarynda birnäçe kanunlar girizilỳär, şeỳle-de esasy garşydaş bolan Şiriwijaỳỳanyñ garşysyna uly ekspedisiỳalar gurnalỳar. Ỳawalylar Sumatra çozup, palembangy talapdyrlar we bu döwlete uly howp salypdyrlar. Şonuñ üçin hem Şiriwijaỳỳa Çollalar bilen ỳakynlaşỳar. Ahyrynda Şiriwijaỳỳa öz wassallaryna we soỳuzdaşlaryna daỳanyp jogap zarbasyny urỳar.

1016-njy ỳylda Mataram duỳdansyz zarba sezewar ediliỳär. Netijede ỳurt birnäçe özbaşdak ỳerlere bölünỳär.

Mataramyñ ykdysadyỳeti barada aỳdylanda bolsa, onuñ esasyny oba hojalygy tutupdyr. VIII asyrdan başlap iri ỳer eỳeleriniñ ähmiỳeti gaçyp, monarhlaryñky ỳa-da maharajalaryñky artỳar. Soñ maharajanyñ özi ỳer päylaỳan adama öwrülỳär. Olardan başga rakalar (ỳerli knỳaz ỳa-da begzada) hem ỳer paỳlapdyrlar. Ỳer alỳanlar esasan hramlar bolupdyr. IX asyrda ỳeri diñe monarhlar berip bilipdirler.

Bulardan başga-da iri feodallaryñ we obşinanyñ ỳokary gatlagynyñ hem öz mülk ỳerleri bolupdyr. Oña hiç kim degip bilmändir. Ỳöne soñra eỳeçilige esasan hökümdar ỳolbaşçylyk edipdir, ỳagny hökümdar Aziỳa ỳurtlaryndaky ỳaly Ỳokary eỳäniñ funksiỳasyny ỳerine ỳetirip başlapdyr.

Mataramda ekerançylyk bilen bir hatarda senetçilik hem ösüpdir. Senetçiler pagtadan edilen matalary, agaçdan, metaldan edilen kämil zatlary öndürmegi başarypdyrlar.

## XI – XV asyrlarda Indoneziỳadaky döwletleriñ durmuş-ykdysady we syỳasy ỳagdaỳy

Ỳawa döwleti XI asyryñ birinji ỳarymynda diñe bir Şiriwijaỳỳanyñ zarbasyndan aỳñalmak däl, eỳsem uly üstünliklerem gazanmagy başarỳar. Üstünlikler esasan maharaja Airlañganyñ dolandyran (1019-1049) ỳyllarynda bolup geçỳär. Öz gaỳny Dharmawañşi ölenden soñ ỳurtda başlan bulaşyklar döwründe Airlañga wagtyny buthanada geçirỳär. Soñ bolsa, Mataramda tagta çykyp, ỳurdy birikdirip başlaỳar. Oña bu işde ruhanylar uly kömek beripdir.

Hindi çollary tarapyndan Şiriwijaỳỳanyñ derbi-dagyn edilmegi (1025) Airlañga Ỳawanyñ golastyndaky ỳerleri giñeltmäge mümkinçilik döredỳär. Ỳurduñ içinde-de birnäçe

işleri geçiripdir. Salgyt sistemasyny düzgünleşdiripdir, ỳollara gözegçilik (söwda, deñiz) güỳçlenỳär.

Ölmeziniñ öñ ỳany Airlañga kanuny mirasdary bolmansoñ, öz döwletini birnäçe bölege bölüp, nikasyz doglan ogullarynyñ dolandyrmagyna berỳär.

Şol bölekleriñ biri hem Kediri bolup, ol Kameşwara I-niñ döwründe (1115-1130)has hem giñeỳär. Kediri döwleti XII – XIII asyryñ başlarynda Airlañganyñ bölüp beren ỳerlerinden başga Gündogar Ỳawany, Bali, Lombok, Günorta Kalimantan, Ternat ỳerlerini hem öz içine alỳar.

Kediri döwleti 1222-nji ỳyla çenli ỳaşaỳar. Şol döwürler dini we dünỳewi häkimiỳetiñ arasynda ỳiti garşylyk ỳüze çykỳar. Dini häkimiỳet Kediri dinastiỳasyna boỳun egmän, uzurpator Ken Añgrogyñ tarapyna geçỳär. Ken Añgrok Kediri goşunyny ỳeñỳär we döwletini Singasari diỳip atlandyrỳar.

Kediri we Singasary döwrüniñ eỳeçiligi barada aỳdylanda bu ỳerlerde ỳere esasan döwlet eỳeçilik edipdir. Döwlet tarapyndan (monarh) ilki obşina (wanua), soñky döwürlerde bolsa, orta we ownuk feodallara ỳerler peşgeş berilipdir. Eger-de bir adam tarapyndan başga birine ỳer peşgeş berilende monarh şony tassyk etmese, ol bikanun hasap edilipdir.

Şol döwürler ruhanylaryñ ỳerlerine hem salgyt salnypdyr. Soñra döwlet ruhanylaryñ girdejileriniñ bir bölegini özüne almaga çalşypdyr.

Singasariniñ irki döwri esasan tagt üstündäki göreşler bilen bagly. Köp bidüzgünçilikler bolup geçipdir, ỳöne XIII asyryñ ortalaryndan Singasaride güỳçli döwletiñ döremek mümkinçiligi ỳüze çykỳar.

Singasari maharajasy Kertanagara döwründe (1268-1292) Ỳawanyñ daşyndaky ỳerlere hem ekspansiỳa edilip ugraỳar.

Kertanagara dürli ỳollar bilen Ỳawanyñ agalyk etmeginde döwletleriñ konfederasiỳasyny döretmäge galşypdyr. Munuñ üçin Günbatar Ỳawa, Madura Bali, Sumatra we Kalimantana ekspedisiỳalar iberilipdir. Kertanagara Günorta – Gündogar

Aziỳada ỳuanlar bilen bäsleşik edipdirler. Ỳawalylar Hubilaỳyñ boỳun egmek baradaky tekliplerine, onuñ ilçileriniñ burnuny kesmek bilen jogap beripdirler.

1293-nji ỳylda mongol goşunlary Ỳawanyñ demirgazygynda düşürilỳär. Ỳöne Hubilaỳyñ goşunlary Singasarini alyp bilmeỳär, sebäbi ỳawalylar mongollary içki uruşlara çekỳärler. Kertanagaranyñ giỳewisi Wijaỳỳa mongollar bilen ylalaşyk baglaşỳar. Ol mongollaryñ güỳji bilen häkimiỳete dalaş edỳän garyndaşyny ỳok edỳär, soñ bolsa Majapahit diỳen ỳerde (Ỳawada) mongollaryñ dagynyk garnizonlarynya çozup, olary ỳok edỳär.

1294-nji ỳylda Wijaỳỳa tagta çykỳar. Majapahiti paỳtagt yglan edỳär, ỳurdam şeỳle atlandyrylỳar.

XIV asyr Ỳawanyñ territoriỳasynda Manjanahit imperiỳasynyñ dörän döwrüdir.

1330-1364-nji ỳyllarda Majapahitiñ döwlet apparatyny baş ministr Gaja Mada dolandyrypdyr. Ol panindonez syỳasatyny ỳöretmek bilen Ỳawanyñ agalygyny ähli indonez adalarynyñ (Nusantara) boỳnuna dakmaga çalşypdyr. Onuñ döwründen ululy-kiçili indonez adalarynyñ köpüsi Ỳawanyñ gol astyna geçirilipdir. Olaryñ her biri aỳratyn tabynlykda Majanahide degişli bolupdyr. Biri doly boỳun egdirilse, beỳleki biri wassal, ỳene biri bolsa onuñ täsirinde bolupdyr. Majapahit minler bilen parahatçylykly gatnaşyklar etmäge çalşypdyr.

XIV asyryñ ahyrynda XV asyryñ başlarynda Majapahitde merkezleşdirilen merkezi hökümetiñ bähbitleriniñ tersine iri ỳer eyeçiliginiñ ösmegi ỳurduñ içeri syỳasatynyñ krizise düşmegine getirỳär. Onuñ esasynda tagt üstünde göreşler başlaỳar. Bu bolsa 1401-1406-njy ỳyllarda Majapahit imperiỳasynyñ ỳadrosy bolan Gündogar Ỳawanyñ bölünmegine we ondan dasarky ỳerleriñ aỳrylmagyna getirỳär.

XV asyrda başlan içerki krizis Majapahitde buddizmiñ hem köküne palta urup ugraỳar. Sebäbi şol döwürler Indoneziỳada yslamyñ roly hem ỳokary göterilip ugraỳar. Indoneziỳanyñ köp

ỳerlerinde yslamy knỳazlyklar we soltanlyklar döräp ugraỳar. Özem nirede Ỳawanyñ, Hytaỳyñ we Siỳamyñ täsiriniñ gowşak ỳa-da olaryñ agalygynyn berkarar bolup bilmedik ỳerlerinde ỳüze çykỳar. Bu ỳerler esasan Günorta Malaỳỳada, Demirgazyk we Gündogar Sumatrada, Günorta we Demirgazyk Kalimandanda, Tidorda we Ternatda hem-de Demirgazyk Ỳawanyñ portlarynda döreỳär. 1400-nji ỳylda port şäher Malakkanyñ we onuñ esasynda soltanlygyñ emele gelmegi uly döwletiñ döremegine getirỳär. Bu döwlet soñra ähli söwda ỳollaryny gözegçilige alỳar. 1478-nji ỳylda musulmanlar Majapahitiñ paỳtagtyny zabt edip alỳarlar. 1527-1528-nji ỳyllarda Demirgazyk Ỳawa yslam şäherleriniñ birleşmesi Majapahitiñ galan ỳerlerinem eỳeleỳär we orta asyr Ỳawa imperiỳasy ỳaşamagyny bes edỳär.

## Indoneziỳa XVI-XVII asyryñ birinji ỳarymynda

XV asyryñ soñky çärỳeginde Majapahidiñ ỳykylmagy bilen (1294-1478) Ỳawanyñ territoriỳasynda birnäçe musulman knỳazlyklary ỳüze çykỳar (musulmanlar Majapahiti ỳykỳarlar). Majapahit begleri bolsa Bali adasyna we Ỳawanyñ çet gündogary Balambangana gaçỳarlar.

Şol döwürler Malakka bogazynda hem uly öwrülişikler bolup geçỳär. Sebäbi 1511-nji ỳylyñ awgustynda Portugal desanty zabt edip Günorta – Gündogar Aziỳanyñ möhüm söwda çatrygy bolan Malakkany eỳeleỳärler. Netijede Malakka soltanlygy dargaỳar.

Malakkada kolonial dolandyryşy ỳola goỳmak bilen portugallar söwda agalygyny etmek üçin plasdarm döredỳärler. Gündogar indonez soltanlyklary bolan Ternat bilen Tidoryñ, Halmahera adasynda (Sulawesiniñ gündogarynda) ỳerleşỳän iki sany şäher – soltanlyk, arasyndaky gapma-garşylygy ulanmak bilen Portugaliỳa hoşboỳ ysly otlaryñ söwda monopoliỳasyny

ele alỳar (muskat hozy bilen gwozdika – bu agajyñ gunçasyny guradyp nahara sepỳärler).

Portugallaryñ gelmegi bilen däp bolup gelỳän söwda gatnaşyklaryny bozulỳar, we ỳerli ykdysadyỳete uly zyyan ỳetirỳär. Olar zorluk bilen katolik dinini girizmäge hem çalşypdyrlar, hoşboỳ otlara pes baha kesipdirler. Üstesine-de portugallar bu ỳere dyzaỳan ispanlar we iñlisler bilen oñuşmandyrlar.

Portugallaryñ talañçylykly syỳasaty netijesinde deñiz söwda ỳollary hem başga ỳerlere geçip ugraỳar, sebäbi portugallar agyr gümrük we beỳleki tölegleri salypdyrlar, üstesine-de talañçylyk bilen hem meşgul bolupdyrlar. Şonuñ üçin söwda ỳoly Malakka bogazyndan Sumatra bilen Ỳawanyñ arasynada ỳerleşỳän Zond bogazyna geçỳär. Indi gündogarly söwdagärler şol ỳere gatnap ugraỳarlar. Netijede Sumatranyñ günbatar kenarlary we günbatar Ỳawa ösüp ugraỳar. Zond bogazynyñ iki kenarynda (Sumatra, Ỳawa) özbaşdak Bantam döwleti ỳüze çykỳar. 1568-nji ỳylda Bantam özbaşdak döwlet diỳip yglan edilỳär, paỳtagty Bantam şäheri bolỳar. Gündogaryñ uly söwda merkezleriniñ biri. Bu ỳere hindiler, araplar, malaỳlar, hytaỳlylar, efioplar söwda gelipdirler. Dürli görnüşli harytlar getirilipdir, nah we mawut matalar, derman getirilipdir, tüwi, bal, mis, duz we pagta satypdyrlar.

Ỳewropada hoşboỳ otlara isleg artanlygy sebäpli bu ỳerde täze ekin – burç ekilip başlapdyr. Oña döwlet (Bantam)öz monopoliỳasyny girizipdir. Bantamyñ öz harby floty we artileriỳasy bolupdyr, şonuñ güỳji bilen ỳewropalylaryñ güỳjüni yzyna serpikdiripdirler.

Indoneziỳanyñ söwda merkezleriniñ biri hem Açe soltanlygy (Sumatranyñ çüñk demirgazygy) bolan. Onuñ hem möhümportlary bolan bu ỳerde-de esasan burç we beỳleki harytlaryñ söwdasy edilen. XVI asyrda Açe soltanlygy Portugal Malakkasynyñ esasy garşydaşy bolan. Şeỳle hem Açe soltanlygy Malakka ỳarym adasyny we Sumatra dalaş eden we

musulman dünỳäsiniñ diregi Osmanlar bilen ỳakyn gatnaşykda bolan. Mallakka ỳarym adasynyñ günortasynda ỳerleşỳän Johor soltanlygy Açe bilen bäsleşipdir. We özüni Malakka soltanlygynyñ mirasdary diỳip yglan edipdir.

Şeỳlelikde XVI asyryñ ikinji ỳarymy portugallar, Açe, Johor soltanlyklarynyñ arasynda Malakka ỳarym adasy ugrundaky göreşler bilen geçipdir. Portugallar malaỳ - Sumatra soltanlyklarynyñ arasyndaky garşylyklardan peỳdalanmaga çalşypdyrlar.

Netijede uzaga çeken uruşlar sebäpli bu ỳerleriñ söwda – ykdysady gatnaşyklary bozulypdyr. Öna Derek Indoneziỳanyñ yza galak ỳerleri bolan Demirgazyk Kalimantandaky Bruneỳ soltanlygynyñ, Sulawesiniñ günorta – günbataryndaky Gowa soltanlygynyñ täsiri artypdyr.

Merkezi Ỳawany agrar soltanlyk bolan Mataram (VIII – XI asyryñ başlary) 1575-nji ỳylda ỳene-de özüni garaşsyz diỳip yglan edỳär. XVII asyryñ başalrynda ol has hem güỳçlenỳär. Aguñ (1613 – 1645) dolandyran ỳyllarynda Mataram Ỳawada uruşlary alyp barypdyr. Netijede bu döwlet Ỳawada Bantamdan Balambangana (Ỳawanyñ çet gündogary) we Madura adasyna çenli ỳerleri eỳeleỳär. Şundan soñ Aguñ Susuhunana (özüne boỳun egdirỳän), soñ hem soltan titulyny alỳar. Netijede ol hem dini hem dünỳewi hökümdar bolỳar.

1596-njy ỳylyñ 23-nji iỳunynda Bantama ilkinji golland söwda ekspedisiỳasy gelỳär we golland kolonial ekspansiỳasy başlaỳar. 1602-nji ỳylda döredilen birleşen Ost – Hindistan kompaniỳasy Niderlandlaryñ Baş Ştatlaryndan Hoşumyt burnundan Magellan bogazy aralykdaky döwletler bilen söwda etmeklige monopol hukuk alỳar. Bu kompaniỳanyñ kuwwatly söwda we harby floty, harby güỳji, ummasyz kapitaly bolup, ol uly syỳasy – harby güỳje öwrülỳär we Indoneziỳada uly basybalyşlara girişmek bilen bu ỳerden ilki portugallary, soñam iñlisleri gysyp ugraỳar.

Eỳỳäm XVII asyryñ birinji ỳarymynda gollandlar ençeme gündogar indonez soltanlyklarynyñ boỳnuna “soỳuz şertnamalaryny” dakypdyr we Ternatda, Amboinda we Banda adalarynda ençeme berkitmeleri döredipdirler we portugallary kowupdyrlary kowupdyrlar.

Indoneziỳanyñ esasy ỳerleri bolan Ỳawada we Sumatrada gollandlar berk garşylyga sezewar bolupdyrlar. Öñi bilen olara Ỳawadaky Mataram bilen Banyam garşylyk görkezipdirler. Ỳöne 1619-njy ỳylda olara Jakarta berkitmesini we söwda faktorisini döredenlerinden soñ we Bantamyñ hüjümlerini serpikdirenlerinden soñ, gollandlara Ỳawada ỳerleşmek başardypdyr. Soñ Jakarta (gollandlar ony Batawiỳa diỳip atlandyrypdyrlar) bütin Ỳawany eỳelemekde plasdarm bolupdyr we uly koloniỳanyñ paỳtagty hem bolỳar. Umuman golland Ost – Hindistan kompaniỳasy söwda monopoliỳasynda portugallary Indoneziỳadan gysyp çykarỳar. 1641-nji ỳylda gollandlar Malakkany hem portugallaryñ elinden alỳarlar. Ỳöne Indoneziỳany eỳelemek üçin gollandlara entekler wagt gerek bolupdyr. (Indoneziyany gollandlar XIX asyryñ ahyrynda gutarnykly eỳeleỳärler. 1874-nji ỳylda Açe soltanlygyny eỳeleỳärler, ỳöne halk uruşỳar. Diñe 1899-njy ỳylda iñ soñky Açe soltany gollandlara ỳesir düşỳär.)

## Hindistan III-XII asyrlarda.

IV asyryň başlarynda Magadhede Guptlaryň nesil şalygynyň döremegi bilen Hindistanyň taryhynda täze döwür başlanýar. Sebäbi öňki Kuşan nesil şalygy ýykylandan soň (Hindistan hem şuňa girýärdi) Onuň territoriýasynda bir topar döwletler döreýär. Guptlaryň nesilşalygy Ganga deryasynyň bütin töwereklerini gurşap alýar. Magathi begi Ghatotkaçiniň ogly Çandragupta –1 (320-340) özüni imperator diýip yglan edýär we giň territoriýalary öz döwletine birikdirýär. Onuň ogly Samudragupta (340-380) Hindistanda iň uly patyşalaryň

birine öwrülýär. Ol bütin demirgazyk we Orta Hindistany diýen ýaly birikdirýär.

Çändragupta II-nji (380-414) döwründe ol öz döwletininň araçägini Aral deňziniň kenarlaryna çenli uzaldyp Günbatar Hindistany özüne birikdirýär. Kumaraupta (414-455) bolsa eýýäm goranyş söweşlerini alyp barmaly bolupdyr. Skandagupta (455-467) Guptlaryň Günbatar Hindistandaky ýerlerine hüjüm edýän puşýamitrleri derbi-dagyn edipdir.

Skandagupta döwründe ol Orta Aziýaly eftalitlere garşy hem söweşmeli bolupdyr. Olar Hindistana çozup giripdirler. Eftalitler Gandharany (Demirgazyk Hindistan) basyp alyp Gang jülgesine tarap süýşip ugrapdyrlar.

V asyryň ahyrlarynda Guptlaryň döwleti gowşap ugraýar. Dürli welaýatlar ondan bölünip aýrylyp, özbaşdak patyşalyklar ýüze çykyp ugraýar. VI asyrda bolsa nesil şalyk bütinleý dargaýar. Guptlar Magadhide kiçijik beglige öwrülip VII asyra çenli dowam edipdir.

Guptlaryň iň soňky imperatorynyň biri Budhagupta (467-500) eftalitleriň serdary Toramandan (490-515) esli ýerlerini eýeläpdir. Toraman Gang jülgesiniň ep-esli ýerlerini eýeläpdir. Ýöne 510-njy ýylda Toraman iň soňky Gupt imperatory Bhanuguptadan ýeňilýär.

Toramandan soň onuň ogly Mihiraguly (515-533) Hindistana çozuşlary has güýçlendiripdir. Hindi taryhy çeşmeli onuň örän zalym bolandygyny belleýär. 530-njy ýyla çenli onuň höküm süren ýerleri Demirgazyk-Günbatar Hindistany we Dźamna-Gang jülgesini öz içine alypdyr. 533-nji ýylda Miharagulyny Hindiler derbi-dagyn edilýär we ol ýesir düşýär. Soňra Kaşmire gaçyp gidýär. Ýöne muňa garamazdan eftelitleriň Hindistanyň gozmak howpy aradan aýrylamaýar.

Penjapda ýerleşen eftalitler VII asyryň başlaryna çenli hindiler bilen uruşmaklaryna dowam edipdirler.

Hindistan feodal formasiýasyna geçişlik hojalygynyň we medeniýetiň progressiw ösüşi şertlerinde boldy. Elbetde

fiodalizime täsirde ýada II asyrda geçilmedi. Ol asyrlaryň dowamynda bolup geçen zat.

Döwletiň emele gemegi bilen öňki erkin obşinikler döwlet häkimýetiniň astyna düşüp ugraýarlar. Olar indi döwletiň öňünde salgyt tölemäge, ýada urşa gitmäge borçly edilýärdi. Salgyt tölemeklik soň has giň germme eýe bolup başlaýar. Ilki-ilkiler her bir obşinaçy öz serdarlaryna nökerlerini, onuň töweregindäki dolandyryş edaralaryny saklamak üçin berýän kömeklerini, soňra ýerine ýetirip örän kyn wezipä öwrülýär weonuň orny salgyt bilen çalşylýar.

Salgydyň agyrlaşamagy kanunçy-barahmanlary howsala düşüripdir. Şonuň üçin hem olar dürli kanunçylyklary girizip we ony kagyz ýüzüne geçirip, patyşany hetden-aşa açgöz bolmazlyga çagyrypdyrlar. Sebäbi ýagdaýyň ýitileşmegi halk gozgolňlaryna getirmegi mümkindi.

Ýygnalýan salgytlaryň möçberi dürli-dürli bolupdyr. Çeşmelerden belli bolşy ýaly alynýan salgytlaryň möçberdi 1/12, 1/10, 1/8, 1/6, ¼, we 0,5 barabar bolupdyr. Salgyt köplenç 1/6 alnyp, ol iň ýaran salgyt bolupdyr. Esasy salgyt däne bolupdyr. Mundan başga-da hökümdar öz raýatlaryndan olaryň öndürýän etiniň, balynyň, ýagynyň, dermanlyk otlarynyň, mazlarynyň, gülleriň, kökleriň, miweleriň, deriniň, küýzeleriň hem 1/6 bölegini talap edipdirler.

Salgyt ýygnalanda ol ýada beýleki ýerleriň baýlygyny, garyplygyny ýerleriň mesligine tokaýlaryň bolçylygyna, şol ýeriň merkezden uzaklygyna, onuň boýun egiş derejesine seredilipdir.

Irki orta asyra degişli bolan “Arthaşastra” atly taryhy çeşmede (patyşalar) hasylyň 1/3-den salgydy “örän ýakymly, mes toprakly ýerden öndürilen depeden almaklyk” teklip edilipdir. Ortaça we pes toprakly ýerlerden, şol ýeriň ýagdaýyna görä salgyt almaklyk teklip edilipdir. Gadymy Hindistanda gullary işletmek bilen bar hatarda, obşinaçylar kollektiwiniň döwlet apparaty tarapyndan eksiluatirlemek hem

duş gelýär. Obşinaçylaryň eksiluatirlenilmegi netijesinde öndürilen önümler we serişdeler, döwlet hazynasy tarapyndan köşk adamlarynyň, çinowniklериniň we harbylaryň arasynda peýdalanypdyrlar.

Hytaýly syýahatçy Fa Sýan hem V asyrda Demirgazyk Hindistandan-da bolanda döwlet tarapyndan çinowniklere we beýlekilere hazynadan aýlyk berilýändigini belläpdir. Tuptlaryň döwründe aýlyk tölemegiň şu görnüşli has hem giň ýaýrapdyr. Irki orta asyr döwründe wezipeli adamlara aýlyk tölemegiň ýene-de aýratyn görnüşi bolupdyr. Şol görnüş boýunça wezipeli adamlara öz ranglaryny görä obalar peşgeş berilipdir. (Ỳeri, obasy, ondaky azat obşinikler bilen bilelikde). Azatçy ol ýerler wagtlaýyn bolupdyr. Orta asyr Hindistanda iri feodal ýerler hem bolupdyr. Olar dürli-dürli bolupdyr. Käbir feodallar dowlete salgyt töläp bolsalar, käbirleri hiç hili salgyt tölemändir. Sebäbi bu zatlaryň hökümdarlarynyň özleri tarapyndan kime salgyt salmaly, kime salmaly däldigi çözülendir.

Brahmanlaryň we buddistik monastirlaryň ýer eýeçiligi aýratyn kategoriýany düzüpdir. Şol ýerler olara müdümilik berilip, salgytdan boşadylypdyr. Ýerleriň dini sowgat hökmünde berilmegi uly hormat hasaplanylypdyr, oňa el degirmeklik erbet günä bolupdyr.

Wagtyň geçmegi bilen baýan obşinikler, we beýleki ýer eýeleri dörän ýagdaýdan peýdalanyp ýerde gullardan peýdalanmagy bes edýärler we ýeri kärendesine berip başlaýar ýa-da daýhanlary hem özlerine, helim döwlete salgyt tölemäge mejbur edýärler. Şeýlelikde döwlete gidýän salgytlar azatlyk baýlarynyňky artypdyr.

Ỳerde işleýänleriň beýleki bir kategoriýasyna hakyna tutma işgärler giripdir. Hakyna tutmalar garypdüşen erkin adamlardan bolupdyrlar. Şeýle adamlar jemgyýetde halanylmandyr. Sebäbi olara hem gullara garaýyşlary ýaly garapdyrlar. Ýöne olar gul bolmandyrlar. Sebäbi hojaýyn iýmit

bermesini kesse, olar islän tarapyna gidip bilipdirler. Şonuň üçin hem olary batraklar diýip atlandyrmak mümkin. Umuman şeýle kategoriýadaky adamlar zähmetiň mümkin bolan ähli ýerlerinde işläpdirler.

Irki orta asyr Hindistanda patyşalaryň ýanynda ýörite ýer fondlary, ol 4 topara bölünipdir. Bu barada Hytaýly syýahatçy Sýuan Szan belläpdir. Şol ýer fondlaryna 1bölegi döwlet gypdajylaryna dolandyrypdyr, 2-njisi abraýly döwlet işgärlerini sylaglamak üçin, 3-njisi aýratyn akylly adamlary saklamak üçin, 4-njisi bolsa dini sektalary özüne ýakynlaşdyrmak üçin berilipdir. Munuň bolandygyny görkezýär. Sebäbi uruşlar döwründe we ýerler giňeldilende peýda bolan ýerler patyşalar tarapynda dürli wezipedäki adamlara sahylyk bilen baglanylypdyr. Döwlet ýer fondundan başga-da patyşa hojalygynyň hem ummasyz köp ýerleri bolupdyr.

Umuman ýere eýeçilik etmegiň agzalyp geçilen formalary tä XII asyra çenli dowa edipdir.

Hindistan dünýäde senetçiligiň iň ösen ýerleriniň biridir. Şeýle bolansoň senetçiligiň köp dürli görnüşleri bolup örän köpdürli önümleri öndürilipdir. Senetçilik ussahanalarynda aýallaryň zähmeti köp ulanylypdyr. Esasan hem dokma senetçiliginde. Biziň günlerimize ýeten ýuwelir önümler, daşyň ýüzüne çekilen nagyşlar, gürrüňi edilýän döwürde öndüriji güýçleriň ösendigine şaýatlyk edýär.

Dokmaçylyk senetçilikde birinji orna eýeläpdir. Aýallar nogtadan, lýondan, ýüňden ajaýyp matalary dolandyr we olar bütin dünýäde şöhratlanypdyr. Harytlar uzak ýerlere äkidilip satylypdyr.

Hindistanyň territoriýasynda obşinanyň dürli görnüşleri bolupdyr. Ỳöne wagtyň geçmegi bilen jemgyýetiň ösmegi bilen dünýäniň hiç bir ýerinde bolmadyk üýtgeşik oba obşina ulgamy ýüze çykýar. Şeýle oba obşinasynda ilatyň durmuş aýratynlygy

emläk esasynda (baý, orta, garyp) däl-de kastalar esasynda ýuze çykypdyr.

Kasta ulgamy Orta Asyr Hindi jemgyýetine gadymyýetden miras galypdyr. Gadymy Hindistanda kasta gatnaşyklarynyň ilkinji warianty-durmuş ranglar (warna), soňra ol kasta ulgamyna (jaty) öwrülýär. Şol kasta ulgamy boýunça ilat nesilden-nesle geçip gelen hünäri ýa-da käri, etniki gelip çykyşy, dini ynanjynyň aýratynlyklary, durmuş gelip çykyşy we Ýanyk Endogaliýa boýunça bölünipdir (Brahmanlar, Kşatriler, Waýşiler we şudlar).

Wagtyň geçmegi bilen kasta ulgamyna yzagalak taýpalar hem goşulypdyr. Ýöne olar kasta ulgamynyň daşynda galýan we eýýäm kemala gelen kastalara goşuldyrylmaýan kastany düzüpdirler. Sebäbi beýleki ýokary kastalaryň wekilleri, olara wagşylar hökmünde garapdyrlar we iň pes işlerde ulanypdyrlar. Pes kastalar öz derejelerine görä işläpdirler. Ýöne oba obşinasyna hyzmat etmegiň ýa-da senetçiligiň mümkinçiliklerine çäkliligine görä olary başga işlerde-de işledipdirler. Meselem, oba hojalygynda.

Ýöne durmuşda başgarak ýagdaýlar whem ýüze çykypdyr. Mysal üçin, käbir yzagalak taýpalarda harby-demokratiýa ösüp, olar siwilizasiýa ýoluna düşen goňşy anklawy basyp alan ýagdaýlarynda olar öz durmuş ýagdaýyna laýyk gelýän kasta giripdirler. Adatça şeýle toparlar harby-kşatriler kastasyna giripdirler.

Hindistanyň ilatyň etniki sostawy boýunça tapwutlanýan dürli taryhy oblastlarynda obşinaçylaryň ýer eýeçilik kastalary her hili atlandyrylypdyr, ýöne olaryň hemmesi adatça şudra kastasyna degişli bolupdyr.

Orta asyrlarda söwda we süýthorçulyk bilen meşgullanýan kastalary örän möhüm hasaplandyrlar.

Umuman Hindistan kastanyň iň köp ýaýran ýeri bolup onda 3 müňe golaý kastalar bolupdyr. Olara girýänleriň sany

hem dürli dürli bolupdyr. Bir kastada birnäçe ýüz adam bolsa başga million adam bolupdyr.

## Hindistan XI – XV asyrlarda

X –XI asyrlarda Hindistana musulmançylyk öňki döwürlere garanyňda has hem giň ýaýrapdyr. 1000-1206-njy ýyllarda demirgazyk Hindistanda guriler agalyk edipdir. Onuň iň soňky patyşasy Muhammet Guri (1203-1206 ý.ý.) demirgazyk Hindistanyň köp ýerlerini eýeleýär. Eýelenen ýerlerini dolandyrmak üçin Muhammet ol ýerleriň dikmesi gulam (türkmen) bolan Kutbetdin Aýbegi belleýär. Gulam – bu gullaryň aýratyn derejesi bolup, olar ýaşlygyndan gul edilip satylan ýa-da gulçylyga sezewar edilen adamlardan ybarat bolupdyr. Olar musulman fanatizmi esasynda terbiýelenip, saýlanyp goşunlarda gulluk edipdirler. Soňra olaryň köpüsi talantly serkerde bolup ýetişipdirler. Aýbegiň merkezi Delide ýerleşipdir. Musulman goşunlarynyň agramly bölegini türkmenler tutupdyr, galanlary dürli milletlerden bolan hakyna tutmalardan ybarat bolupdyr. XII-XIII asyrlaryň sepgidinde demokratik Hindistanda ýagdaý kadaly bolmandyr. Hindistanyň günortasynda ýerleşýän döwletjikler Muhammede görüplik edipdirler.

1206-nji ýylda Muhammet Gury Hind derýasynyň boýunda öldürilýär. Ol şol wagt jezalandyryjy ekispedisiýadan gelýän ekeni. Şol ýyl deli soltanlygynyň dörän ýyly hasaplanylýar. Yurtda häkimiýet ugrundaky göreşde gulanlar üstün çykýarlar. Gang geçelgesinde we penjapda häkimiýeti Aýbeg eýeläp Deli soltanlygyny esaslandyrýar. Tiz wagtda Aýbeg atly polo oýnuny oýnap ýörkä, atdan ýykylyp ölýär. Onuň ýerine gelen Şemsetdin Iltutmuş (1212-1236ý.) Soltanlygy berkidýär. Iltutmuş hem türki gulamlardan gelip çykypdyr.

1221-nji ýylda Penjaba mongollardan gaçyp uruş edip ýören Jelaleddin, onyň yzy bilen mongollar çozup girýär. Iltutmuş Jelaleddine ýardam bermeýär. Olar (Jelaleddin we mongollar) 3 ýyllap Penjapda we Sinkde bolup ol ýerlerini tozdurypdyrlar. Ýöne Deli soltanlygy olardan häläkçilik çekmändir. Haçanda 1241-nji ýylda Iltutmuş ölenden soň mongollar Hindistana çozupdyrlar.

Deli soltanlygynyň döwlet gurluşy harby guramany ýada salypdyr. Muny keseki ýurdyň ýagdaýy talap edýärdi. Döwlet örän berk merkezleşdirilipdir we serkerdeler soltana örän garaşly ýagdaýda bolupdyrlar. Ähli harby we maddy serişdeler soltanyň elinde jemlenipdir. Basylyp alynan üşürde feodal ýer eýeçiligi hökmünde ikta ýýze çykypdyr. Onuň eýesi iktadar döwlet tarapyndan bellenilen çäkleri boýunça salgyt ýygnapdyr. Şol ýygnalan salgydyň diňe 20/1 ýa-da 10/1 bölegini özüne alyp galanyny döwlet gaznasyna tabşyrypdyr. Özüne alan salgydyň hasabyna ol atly otriýad saklapdyr. Zerur wagty şol otriýady bilen soltanyň diýen wagty ýörişe ugrapdyr. Başga wagtlar özüne berkidilen etrapda tertip düzgüne gözegçilik edip salgyt ýygnapdyr.

Harby serkerde derejesi ýokarlandygyça ikta alýan ýerleri artypdyr ýöne öňkisi elden gidipdir. Ikta ömürlik hasaplanan hem bolsa ony miras galdyryp bolmandyr. Ýöne wagtyň geçmegi bilen harby feodallaryň jebisligi gowşap ugraýar. Mälikler we ownuk iktalaryň ýerleri özlerine soltana hyzmatkärleri esgerler dälde özlerine berilen ýerleriň hojaýynlary hökmünde duýup başladyrlar. Bu ýagdaýy aňan Iltutmuş Deliniň töweregindäki ýerleri 2000 sany atlysynyň arasynda paýlaýar. Iktanyň ölçegi adatça bir obadan kähalatlarda ýarym obadan ybarat bolupdyr. Iktadarlar bütinleý soltana we onuň häkimiýetiniň berkdigine bagly bolupdyr.

Feodal ýer eýeçiliginiň beýleki bir görnüşi – Halise bolup, ol döwletiň elinde bolupdyr. Ýerden halaç alynypdyr. Ol hazyna gidip, döwlete zerur zatlary (esasan goşuna) sarp

edipdir. Şonuň üçin hem Deli soltanlygynda goşun iki bölekden – iktadarlardan (olaryň öz goşuny bar) we soltanyň öz goşunyndan ybarat.

Hindi - indus feodallarynyň ýeri hem bolup olar zamindarlar diýilip atlandyrylypdyr. Olar soltana gulluk etmedik hem bolsa, salgyt töläpdirler.

Başgada feodal ýerleri, meselem ynam gowy habar ýetirenleri mülkdar, wakyf ýerleri bolupdyr.

Iltutmuş ölenden soň ahyrynda Kiýasetdin Balban (1265-1287) onuň kiçi ýaşly agtygyny zäherläp özi soltan bolýar. Ol ölenden soň ýurtda uruşlar başlanýar. 1296-njy ýylda häkimiýete gelen Aleddin Hilji döwründe (1296-1320) gullukdan gaçýan feodallaryň ynamlaryň, mülklileriň zamindarlaryň (induslar) iktadarlaryň ýeri elinden alynýar. Indi döwlete köp girdeji girip başlaýar. Iktanyň jogapkärçiligini güýçlendirýär.

Hilji ölenden soň Kyýasetdin Tuglak (1320-1325) häkimiýete gelýär. Onyň ogly talantly serkerde Muhammet öldürip häkimiýeti öz eline alýar. (1325-1351) .Onuň döwründe bütin Hindistan Deli soltanlygyna birleşdirilýär.Ol ölenden soň Firuz şa Buglak (1351-1388) han bolýar.Ol halk barada köp alada edip, halkda abraý gazanypdyr.(Salgytlary kemeldipdir)Yöne garyndaşlaryny,gozgalaňçylary rehimsiz yzarlap,olary öldüripdir.Olölenden soň,hökümdarlyga Teýmirleriň çozuşy netijesinde,dargap başlaýar.1399-njy ýylda Teýmir Hindistandan Samarkanda gidýär. 1414-1451-nji ýyllarda Delini Seýitler dinastiýasy soňra Lodi Bahlulyň Owgan dinastiýasy eýeleýär. Ol tä Babur 1526-nji ýylda basyp alýança dowam edýär.

1347-nji ýylda Dekanda Bahmani döwlet döereýär. Ony az sanly musulman harby feodallary döredýär. Ýöne ol berk bolmansoň 1525-nji ýylda ýerini beýleki dinastiýa bermeli bolýär.

Muhammet Tuglaka gulluk edip, musulmançylygy kabul eden, iki feodal doganlar Bükki bilen Harihara tarapyndan 1336-njy ýylda Widtalnagar döwleti döredilýär. Olar gozgalaň turuzyp tas ähli günorta Hindistany basyp alýarlar . Ýöne 1565-nji ýylda bu döwlet Dekanly soltanlar tarapyndan pytradylýar.

## **Türkiỳe XI-XV asyrlarda**.

Türki dilli taỳpalar Kiçi Aziỳanyñ (Wizantiỳanyñ) territoriỳasynda baryp IV asyrda peỳda bolup ugrandyklary bellenilỳär. Ỳöne türki kolonizasiỳa XI asyrdan has güỳçlenip Wizantiỳanyñ döwlet garaşsyzlygyna howp salyp ugraỳar. Tiz wagtyñ içinde oguz–türkmenleriniñ Seljuklar tarapyndan döredilen "Beỳik Seljuklar" döwleti Wizantiỳanyñ esasy garşydaşyna öwrülỳär. Bu döwletiñ düzümine Orta Aziỳa, Eỳran, Yrak, Azerbaỳjan we Ermenistanyñ gündogary giripdir. XI asyryñ ortalaryndan oguz–türkmenleriñ Wizanyiỳa ekspansiỳasy has hem güyjeỳär. Bu ekspansiỳa ỳarym milliondan bir milliona çenli çarwa köpçüligi gatnaşypdyr diỳip hasap edilỳär.

Wizantiỳanyñ imperatory Roman IV Diogeniñ bar aladalary puç bolỳar. Awgustyñ komandirligindäki türkmen goşuny 1070-nji ỳylyñ 19-njy awgustynda Malazgirdiñ eteginde onuñ goşunyny kül edỳär, "Keỳsar–i–Rum bolsa ỳesir düşỳär. Şondan soñ türkmenler imperiỳanyñ jümmüşine kürsäp girỳärler.

XI asyryna çenli oguz–türkmenleri Kiçi Aziỳanyñ tas hemme ỳerini diyen ỳaly eỳeleỳärler. Şol eỳelenen yerlerde çaklañja emirlikler ỳüze çykyp ugraỳar. Şol emirlikleriñ biri hem merkezi Iznikde (Nikeya) ỳerleşen Nikeỳ emirligidir. Ol Anadolynyñ günbatarynda ỳerleşipdir. Bu emirligi Seljuklaryñ gapdal şahasyndan bolan bolan emirler dolandyrypdyr. Şeỳle emirlikler Izmirde, erzurumda, Erzinşanda, Diỳarbekirde-de

döräpdir. Ỳöne Kiçi Aziỳanyñ käbir ỳerlerinde grekleriñ (Trapezuitda) we ermenileriñ Kilikiỳa patyşalygy (günorta–gündogar) henizem saklanmagyny dowam etdiripdir.

Kiçi Aziỳadaky bu emirlikler düỳbi Bagdatda ỳerleşen Seljuk soltanlaryny ykrar edipdirler, hakykatda bolsa olar garaşsyz bolupdyrlar. Olaryñ esasy ünsi öz dolandyrỳan ỳerlerinde häkimiyeti berkitmäge we täsirlerini giñeltmäge gönükdirilipdir. Basym bu aladalaryñ üstüne haç göterijiler bilen göreşler hem goşulypdyr.

1096-1099-njy ỳyllarda bolan haçly ỳöriş çarwalary yza çekilmäge mejbur edipdir. Esasy zarbany bolsa olar Nikeỳ emirligine urupdyrlar. Bu uruşdan uly zyỳan çeken Nikeỳ soltanlygy pese düşüpdir. Ep-esli ỳerini ỳitiren bu emirlik Anadolynyñ düzlük ỳerlerini elinde saklapdyr, merkezi bolsa konỳa (Ikoniỳ) şäherine geçiripdir.

Kiçi Aziỳadaky agalyk ugrundaky göreşler XII asyrda-da dowam edipdir, ahyrynda bu göreşde Konỳa soltanlygy ỳene-de üstün çykypdyr. Olar 1147-nji ỳylda 2-nji haçly ỳörişe gatnaşanlary, 1176-njy ỳylda bolsa, Egridir kölüniñ demirgazygynda Wizantiỳa goşunlaryny derbi-dagyn edipdirler. Konỳalylara beỳleki türki emirlikler hem ỳardam edipdirler. Soñra olar Anadolynyñ merkezinde ỳerleşỳän, özleriniñ esasy bäsdeşi Danyşmentlileri (1097-1165) häkimiỳetden agdaryp, öz ỳerlerini Gara we Ortayer deñizleriniñ kenaryna çenli süỳşüripdirler. XIII asyryñ birinji ỳarymynda Konỳa soltanlygy çalt depginler bilen ösüpdir. Olar özlerini Rum soltany diỳip atlandyrypdyryp ugrapdyrlar. Bu bolsa olaryñ Gündogar Rim imperiỳasynyñ ornuna dalaş edendiklerini subut edỳär.

Wagtyñ geçmegi bilen bir wagtky çarwalar grekleriñ we ermenileriñ täsiri bilen oturymlylyga geçip ugrapdyrlar, olardan köp zatlary öwrenipdirler. Olaryñ arasynda XII-XIV asyryñ sepgitlerinde durmuş–ykdysady gatnaşyklar çalt depginler bilen ösüpdir. Umuman alanyñda olaryñ agrar gatnaşyklary hem

Ỳakyn we Orta Gündogardaky ỳaly bolupdyr. Tapawut edỳän ỳerleri bolsa Konỳa soltanlygynda ỳa-da Rumda döwlet eyeçiligi şahsy eỳeçiliginden agdyklyk edipdir we ỳerleriñ agramly bölegi miras goỳmazlyk şerti bilen ikta berilipdir.

Iktanyñ köpçülikleỳin paỳlanmagy seljuk çarwa serdarlarynyñ feodallaşmagyna, ekerançy ilatyñ bolsa olara garaşly bolmagyna getiripdir. Kiçiaziỳaly seljuklaryñ döwletinde daỳhanlary ezmegiñ esasy formasy salgyt ỳygnamak we borçlary ỳerine ỳetirtmek bolupdyr. Salgyt sistemasy Wizantiỳanyñ Anadoly welaỳatyndaky ỳaly bolupdyr. Ỳöne ony yslam ỳurtlaryndaka meñzetmäge çalşypdyrlar. Mysal üçin XIII asyrda harajyñ we jyzanyñ ỳygnalandygy barada käbir çeşmelerde agzalỳar.

XIII asyryñ 40-njy ỳyllarynda Kiçi Aziỳa mongollar aralaşyp ugrayarlar. 1243-nji ỳylda Köse dagyñ eteginde bolan söweşde mongollar seljuklary ỳeñỳärler we Rum soltanlygy bütinleỳ dargaỳar.

Soltanlygyñ territoriỳasy netijede ikä bölünỳär. Gündogara Hulagular döwletine boỳun egdirilỳär. Ilhanlaryñ döwleti dargansoñ, şu ỳerler Eỳranda häkimiỳete dalaş eden türkmen serdarlarynyñ kontrollygynda bolupdyr.

Rum soltanlary mongollaryñ wassallary bolan hem bolsalar, Anadolynyñ Günbatar we Merkezi etraplarynyñ köp ỳerlerinde öz agalyklaryny saklapdyrlar. Ỳöne tiz wagtdan bu ỳerler hem birnäçe begliklere pytraỳar. Ỳöne olar mongollara-da, Rum soltanlaryna-da boỳun egmändirler.

Karasi, Hamid, Germiỳan, Teke ogullary, Saryhan, Aỳdyñ, Menteşe, Gyzyl-Ahmetli, Garaman we başga beglikleri bolupdyr. Netijede XIII asyrda we XIV asyryñ birinji ỳarymynda Günbatar we Merkezi Anatoliỳada 20-ä golaỳ beglik ỳüze çykypdyr. Olaryñ käbiri az wagt ỳaşap dargapdyrlar, beỳleki birileri bolsa türk taryhynda görnükli yz galdyrypdyrlar. Şeỳle begliklerĩñ arasynda Garaman begligi has güỳçli bolup, ol Kilikiỳanyñ günbatarynda ỳerleşipdir.

Garamanlar dine bir ermenilere garşy däl, eỳsem ilhanylara we olaryñ wassaly Rum soltanlygyna garşy hem aktiw göreşleri alyp barypdyrlar. XIV asyryñ başlarynda ep-esli territoriỳany, şol sanda Konỳany hem eỳeläp, olar Seljuk soltanlarynyñ mirasdarlygyna dyrjasyp ugrapdyrlar. Osmanlylar 1392-1393-nji ỳyllarda Garamany eỳeleỳärler.

Gürrüñi edilỳän döwürde Garamanlaryñ esasy bäsdeşi Germiỳan begligi bolup, onuñ merkezi Kütahỳa şäherinde ỳerleşipdir. Germiỳan serkerdeleri Wizantiỳa ỳerleriniñ köpüsini eỳeläpdirler we onuñ araçägini Ankara çenli süỳşüripdirler. Germiỳan begligi 1390-njy ỳylda ỳykylỳar.

XIV asyryñ 20-30-njy ỳyllarynda Germiỳan begligi kem-kem gowşapdyr. Sebäbi Egeỳ deñziniñ kenarlarynda dörän ownuk beglikler öz üstlerine araçäk sakçylarynyñ roluny almak bilen Germiỳana öñe süỳşmäge päsgel beripdirler. Şol wagtdan başlabam ähli basylyp alynỳan baỳlyklar Germiỳanlara galyp ugraỳar. Üstesine-de Anadolynyñ merkezinden gelỳän "gazylar" (gazawat sözünden -ỳagny gäwürlere garşy din ugrunda göreşijiler) hem goşulypdyrlar. Şeỳlelikde Kiçi Aziỳanyñ bütin günbatary türk begleriniñ eline geçipdir.

Olaryñ esasy käri garakçylyk we gul söwdasy bolupdyr. Olaryñ floty Ortaỳer deñzinde agalyk ediji ỳagdaỳda bolupdyr. Bu bolsa Ortaỳer deñzinde söwdanyñ pese düşmegine sebäp bolupdyr.

XIII asyryñ ahyrlarynda Kiçi Aziỳanyñ demirgazyk–günbatarynda ỳerleşỳän, ady ony esaslandyryjy Osman begiñ (1258-1326) ady bilen baglanyşykly beglik güỳçlenip ugraỳar. Osman begligi Eskişäheriñ töwereginde döräp, oña ilkibada Osmanyñ kakasy ỳolbaşçylyk edipdir. Mongollaryñ Rum soltanlygynyñ köp ỳerlerini eỳelemegi we olaryñ wassallaryna öwrülmegi Osmanyñ peỳdasyna bolupdyr. Begligi berkitmäge we onuñ territoriỳasyny giñeltmäge mümkinçilik döredipdir. 1299-njy ỳylda Osman beg seljuklaryñ agalygyndan doly çykỳar we özbaşdak syỳasat ỳöredip ugraỳar. Ỳöne

mongollaryñ häkimiỳetinden örän uzakda ỳerleşmegi beglige olaryñ wassaly bolsa-da, ösüş derejesi boỳunça-da beỳleki begliklerden yza galypdyr.

Beỳleki bir tarapdan beglik Wizantiỳa bilen araçäk oblasty (uja) bolansoñ, ol "gäwürlere" garşy göreş alyp baryp, onuñ hasabyna territoriỳasyny giñeldipdir.

Heniz Osman döwründe türkmenler gowy berkidilen Bursanyñ töweregindäki ỳerleri eỳeläpdirler. Bursany soñ Osmanyñ ogly Orhan (1326-1361) tarapyndan eỳelenỳär we begligiñ täze paỳtagty bolỳar. Soñra türkmenler Nikeỳany, Izmidi eỳeleỳärler. Netijede XIV asyryñ 50-nji ỳyllaryna çenli türkmenler Gara deñziniñ bogazlaryna çykmagy başarỳarlar, ỳöne bogazdan geçmegi Konstantinopoli eỳelemegi Orhan başarmaỳar.

Osman begliginiñ dolandyrylyşy ỳönekeỳ bolupdyr. Osmanam, onuñ ogly Orhanam taỳpa maslahatynda beglige tassyklanylypdyr. Beg harby serkerde hökmünde harby işlere, ỳörişlere ỳolbaşçylyk edipdir. Begiñ egindeşleri hökmünde onuñ ogullary, doganlary çykyş edip, olar basylyp alnan ỳerleriñ häkimligine bellenilipdir.

XIV asyryñ 30-40-njy ỳyllarynda Kiçi Aziỳada bolan arap syỳahatçysy Ibn-Batuta Orhan barada: "Bu soltan –iñ baỳ genji-hazynasy, şäherleri we esgerleri bolan türkmen hökümdarlatynyñ iñ güỳçlüsi" -diỳip ỳazypdyr.

Osman begliginiñ ösmegine onuñ uly söwda çatrygynda ỳerleşmegi hem peỳda beripdir.

Osman begliginiñ ỳerleriniñ giñemegi onuñ dolandyrylyşyny hem çylşyrymlaşdyryp başlaỳar. Orhanyñ döwründe weziriñ wezipesi ỳüze çykỳar. Basylyp alnan ỳerler administratiw taỳdan bölünỳär. Begligiñ öz puly –"akçe" zikgelenỳär. Goşunyñ gurluşy hem üỳtgeỳär. Pehota ("piỳada") we atly goşun (müsellem) otrỳadlary döredilỳär. Ỳörişler döwründe goşunyñ esgerleriniñ gününe bir akça töläpdirler. Parahatçylyk döwründe olar özlerine döwlet tarapyndan berlen

ỳerlerde işläpdirler. Olar salgytdan boşadylypdyr. Şunuñ netijesinde taỳpa ỳygynlarynyñ ỳerine feodal goşun döredilip başlapdyr. Ỳogsam XIV asyryñ birinji ỳarymynda döredilen goşun feodallardan ỳa-da olara garaşly adamlardan däl-de, erkin obşşinniklerden düzülmegi, Osman begliginde geçirilen harby çäreler onuñ hökümdarlarynyñ uly işleri amala aşyrmakçy bolỳandyklaryna şaỳatlyk edỳär. Täze goşun bütin Kiçi Aziỳany olaryñ agalygynyñ astyna geçirmelidi. Emma Aziỳada bitewi döwlet döretmek wezipesi birnäçe on ỳyllyga çenli uzaỳar.

XIV asyryñ ikinji ỳarymy XV asyryñ birinji ỳarymy osmanly jemgyỳetde feodal düzgünleriñ berkeỳän döwrüdir. Şol döwürde bolsa emläk deñsizligi ỳüze çykỳar. Bu bolsa durmuş konfliktler üçin amatly şert bolup durỳar.

Şol durmuş konfliktleriñ aslynda ỳönekeỳ raỳatlara (feodallardan garaşly ilat) sezewar edilen ekerançylaryñ we çarwalaryñ nägileligi durupdyr. Osman basybalyşlarynda esasy zarba urujy güỳç bolan türkmen çarwalarynyñ nägileligi ỳiti bolupdyr. Şol nägilelik bolsa olaryñ şaỳy mezkebine uỳmagyna sebäp bolupdyr. Şaỳylyk bolsa, Osmanlylar tarapyndan ỳeres hasaplanylypdyr. Wagtyñ geçmegi bilen olar çarwalardan ekerançylyga geçip başlapdyrlar we harby ỳörişlerde olaryñ täsiri peselipdir. Olaryñ nägileligi soñra XV asyryñ başlarynda Timuryñ  çozuşlary zerarly tozan ilatyñ beỳleki gatlaklaryna-da geçipdir. Netijede Kiçi Aziỳada halk gozgalañy başlaỳar. Oña musulman gündogarynyñ uly jemgyỳetçilik–syỳasy işgäri Bedretdin Simawy (1356-1416) ỳolbaşçylyk edipdir. Onuñ dünỳägaraỳşy barada bir zatlar aỳtmak kyn, çünki ol hakykatdan-da ỳeretik bolupdyr. Musulman dininiñ direglerine garşy gidipdir. Ỳöne onuñ tozan halkyñ tarapyny tutanlygy hakykat. Öz wagyzlarynda adamlaryn deñligini ündäpdir. Hat-da ol özüniñ ähli emlägini garyplara paỳlapdyr.

Simawynyñ halk içindäki abraỳyndan peỳdalanmaga çalysanlar hem bolupdyr. Soltanlyga dalaş edỳän Musa ony

özüniñ kazy esgerlerine (harby sudỳa) belläpdir. Ỳöne Musa ỳeñlenden soñ Simawyny Iznige sürgün edipdirler.

Sürgünde bolan wagty ol öz müritlerini Günbatar Anadola iberip, gozgalaña çagyrỳar. Netijede 1416-njy ỳylda onuñ iki sany müridi Mustafa Berklijäniñ we Torlak Kemalyñ baştutanlygynda Izmirde we Manisde gozgalañ başlaỳar.

Gozgalañçylaryñ esasy programmasy –ähliumumy deñlik (ỳerler, ondan öndürilen önümler, azyk, geỳim-gejim, we başgalar) Mustafa Berklijäniñ we Torlak Kemalyñ goşuny on müñe ỳetipdir. Başda käbir üstünligem gazanypdyrlar, emma Soltan Mehmet I ilki Berklijäni soñam Kemaly ỳeñỳär. Ỳolbaşçylar ỳesir alnyp öldürilỳär.

Izmirde gozgalañyñ başlanyny eşidip, Simawy Walahiỳa gidỳär we Dunandan geçip Däli Orman tokaỳlarynda goşun ỳygnap ugraỳar we Zagara şäherine süỳşüp ugraỳar. Onuñam sebäbi soñ Edirnäni almak isläpdir. Öz adyna Mäti goỳupdyr. Mäti şaỳylaryñ 12-nji ymamy. Mäti ynanja görä asmandan inip, halky zulumdan halas etmelimiş.

Emma Simawynyñ goşuny ỳeñilỳär. Şyh ỳesir alnyp, soñam jezalandyrylyp öldürilỳär.

Osmanlylaryñ çozuşlarynyñ öñüsyrasy Balkanlarda birnäçe özbaşdak döwletler, knỳazlyklar bolupdyr. Olaryñ has ululary Wizantiỳa, Bolgariỳa, Bosniỳa bolupdyr. Olar özara uruşmandyrlar.

Balkana çozuşlar 1353-57-nji ỳyllarda bolup geçỳär. Soñra 30 ỳylyñ dowamynda türkmenler Balkan ỳarym adasynyñ köp ỳerlerini eỳeleỳärler. Konstantinopoly alyp bilmän olar Serbiỳa tarap süỳşüp ugraỳarlar we 1389-njy ỳylda Kosowo meỳdanynda serpleri çym-pytrak edỳärler. Serb döwleti dargaỳar.

1393-nji ỳylda olar Bolgariỳanyñ paỳtagty Tirnowany alỳarlar. 1396-njy ỳylda Nikopol şäheriniñ eteginde 60 müñlük wenger, walah, bolgar we ỳewropaly haç göterijileri çym-pytrak edỳärler.

Soña-baka ỳörişleriñ häsiỳeti hem üỳtgeỳär. Başda ỳörişler talañçylyk etmek üçin guralan bolsa, soñra ỳer eỳelemek we şol ỳerlerden salgyt almak häsiỳetine geçip ugraỳar. Netijede az wagtyñ içinde ownuk beglik uly döwlete öwrülỳär. Öñki çarwa gazylaryñ we udel (mülk) knỳazlyklaryñ (basylyp alnan ỳerlerdäki) ỳerine merkezleşdirilen häkimiỳet berkarar edilỳär. Bu tendensiỳa Orhan döwründe başlap, onuñ mirasdarlary Myrat I (1361-1389) we Baỳazit I (1389-1404) döwründe has güỳçlenỳär. Öz dinastiỳasynyñ güỳjüni tanatmak üçin ölmeziniñ öñ ỳany Myrat I özüni soltan diỳip yglan edỳär.

Osman döwletiniñ güỳjemegi osmanlylara garşy birleşmesini dargatmaga mümkinçilik döredỳär. Olar Anatoliỳada Siwasy, Kaỳserini eỳeläp, Ỳewfrata çenli ỳetỳärler. Kosowo meỳdanynda ölen Myrat I-niñ ogly Baỳazit Osmanly döwleti imperiỳa öwürmäge çalyşỳar. Ỳöne 1402-nji ỳylda Timuryñ Kiçi Aziỳa çozmagy muña ỳol bermeỳär. Şol ỳyl Ankaranyñ eteginde bolan söweşde Baỳazit (ỳyldyrym) ỳeñilỳär, iki ogly bilen ỳesir düşỳär.

Timuryñ çozuşy Kiçi Aziỳany tozdurỳar. Timur Garamanlaryñ begligini dikeldỳär. Anadolyny bolsa, Baỳazidiñ ogullarynyñ arasynda paỳlaỳar. 1404-nji ỳylda Timur yzyna gaỳdỳar we bir ỳyldan ölỳär. Ol giden soñ Baỳazidiñ ogullarynyñ arasynda tagt üstünde göreş başlaỳar. Birnäçe ỳyldan dine iki ogly diri galỳar –Musa bilen Mehmet. 1413-nji ỳylda bolan söweşde Musa ỳeñilỳär we kellesi kesilỳär. Mehmet (1413-1421) Kiçi Aziỳanyñ ỳeke-täk hökümdary bolup galỳar.

Içini biraz düzeden soltanlar ỳene-de ỳörişe başlaỳarlar. 1421-nji ỳylda Myrat II (1421-1451) Konstantinopoly netijesiz gabaỳar, soñam Albaniỳa çozyar. 1430-njy ỳylda Salonikiny eỳeläp, Makedoniỳany boỳun egdirỳärler. Soñra Gresiỳa ỳöriş edỳärler.

1453-nji ỳylyñ alabaharynda soltan Mehmet II (1451-1481) Konstantinopolyñ eteginde 100 müñe basalyk saỳlantgy goşun

ỳygnaỳar. Konstantinopoly eỳelemäge türkmenlere wenesiỳaly we genuỳaly söwdagärler ỳardam edipdirler. Olar şäheriñ gowsak goralỳan ỳerini görkezipdirler. 50 günlük gabawdan soñ 1453-nji ỳylyñ 29-njy maỳynda Konstantinopol boỳun egỳär. Imperator öldürilỳär. Bu habar Ỳewropany sarsỳar. Rim papasy Kalikst IV hristiỳan döwletlerine "haçly ỳöriş" barada hat iberipdir. Konstantinopolyñ eỳelenmegi Osman döwletini güỳçlendirỳär. 1459-njy ỳylda Serbiỳa, 1460-njy ỳylda Moreỳa, 1464-nji ỳylda Bosniỳa boỳun boỳun egỳär. XV asyryñ 70-nji ỳyllarynda Albaniỳa, Moldowiỳa, Walakiỳa boỳun egỳär.

Kiçi Aziỳada Mehmet II Trapezuidi eỳeleỳär. Soñ gezek Garamanlara ỳetỳär. Oña akgoỳunly türkmen patyşasy Uzyn Hasan kömege gelỳär. 1473-nji ỳylda Mehmet II Uzyn Hasanyñ we Garaman beginiñ goşunyny derbi-dagyn edỳär. Şeỳlelikde Garaman begliginiñ soñam Uzyn Hasanyñ ỳerleri Osman döwletine birikdirilip, Kiçi Aziỳa dolylygyna olaryñ eline geçỳär.

Mehmet II titulyna türkmenler "fatyh" (ỳeñibalyjy) adyny hem goşupdyrlar. Ol Osman döwletini ägirt döwlete öwürỳär.

Osmanly döwletinde daỳhanlar eỳeçiliginde bolan ỳerler çiftlik diỳlip atlandyrylypdyr. Onuñam iki görnüşi bolupdyr. 1) daỳhan çiftligi (raỳat çiftligi); 2) feodal çiftligi (hassa çiftligi).

Çiftligiñ möçberi ỳeriñ hili bilen bagly bolupdyr. Ỳerler hili boỳunça üç kategoriỳa bölünipdir: mes, orta we ỳaramaz. Ỳeriñ hiline baglylykda çiftligiñ ölçegi 60-dan 150 dönüme çenli ỳetipdir.

Süleỳman I Kanunynyñ (1520-1566) kanunnamasyna laỳyklykda mes toprakly çiftligiñ möçberi 70-80 dönüm, ortañky 100, ỳaramazyñky bolsa 130-150 dönümden ybarat bolupdyr.

Ỳöne Osmanly döwletiniñ dürli ỳerlerinde çiftligin möçberi az-kem tapawut edipdir. Mysal üçin aỳdañda 60, 80, 130-150 dönüm Bursada 70-80, 100, 130-150; Kütahỳada 60-80, 120;

Diỳarbekirde 80, 100, 150; Erzurumda 80, 100, 130; Mosulda 80, 100, 150 bolupdyr.

1 dönüm ortaça ädim boỳunça eỳläk hem beỳläk 40 ädimden ybarat bolupdyr-ỳa-da 940 kw/metr. Egerde biz 1 dönüm 1 müñ kw/metr diỳip hasaplasak, çiftligiñ möçberi 6-dan 15 gektara çenli bolar. Diỳmek mes toprakly ỳerdäki çiftligiñ ölçegi 6-8 ga; ortaça ỳerdäki- 9-11 ga, ỳaramazyñky 12-15 ga bolar.

“Türkiỳe” termini (Turchia) günbatar ỳewropalylaryñ işlerinde eỳỳäm XII asyryñ ahyrynda duşỳar. XIII asyrda bolsa, Seljuk soltanlary diplomatik dokumentlerde “türkiỳe ỳerleriniñ we deñizleriniñ hökümdary” diỳip gol çekipdirler.

Osman imperiỳasynda agrar gatnaşyklar beỳleki musulman döwletlerindäkiden az-kem tapawut edipdir. Musulman döwletlerinde esasy ỳer eỳeçiligi mülklerden, wakflardan ybarat bolsa, osmanlylarda ykdysadyỳetde ỳa-da agrar gatnaşyklarda ikta esasy rol oỳnapdyr. Ỳöne türkmenlerde şol ỳerlere timar diỳip, eỳesine bolsa sipahi diỳip at berlipdir. Timarlar esasan harby gulluk üçin berlip, miras galdyrylyp bilinmändir. Timarlar basylyp alnan ỳerlerde döredilipdir. Eger-de ỳer ỳylda 3000-den 20000 akça çenli girdeji berỳän bolsa, ol timar diỳlip atlandyrylypdyr. Uly sylag ỳerleri (gulluk üçin) 20000-den 100000 akça çenli girdeji berỳän bolsa, zeamet, eỳesine bolsa zaim diỳip at beripdirler. Eger-de timaryñ girdejisi 100000 akçaden geçse, ol hassa diỳlip atlandyrylypdyr. Özem dine gulluk döwri.

Mehmet II (1451-1489) Türkiỳäniñ taryhynda dine bir basybalyjy bolman, eỳsem ol möhüm reformalary hem geçiren uly şahsdyr. Onuñ dolandyran ỳyllary kanunnama girizilỳär. Onuñ kanunnamasynda şertli eỳeçilik (timar sistemasy) resmi resmi taỳdan kanunlaşdyrylỳar. Osmanly döwletinde başga-da eỳeçilik bolupdyr, olar mülk, wakf. Ỳöne timar, zeamet, hassa döwlet ỳerlerinde ỳerleşipdir.

## **Osman imperiỳasy XVI-XVII asyrlarda**.

XVI asyryñ başlarynda ỳurduñ ilatynyñ agramly bölegi (80-90%) ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgul bolupdyr. Öñler oba ilaty özüniñ hukuk ỳagdaỳy boỳunça dürli bolupdyr, yagny ỳerli ilat esasy salgyt töleỳän, çarwa türkmenler artykmaç hukukdan peỳdalanyp, salgyt tölemändir, ỳöne indi bu ikisiniñ arasynda tapawut ỳitipdir we raỳatlara öwrülipdir.

Merkezi Anatoliỳanyñ esasy ilaty bugdaỳ we arpa ekipdirler, emma deñiz ỳakalarynda, şäherleriñ töwereklerindäki ekerançylar dürli görnüşdäki gök, bakja, miwe öndüripdirler. Ỳöne iki ỳer üçin hem yza galaklyk häsiỳetli bolupdyr. Iş gurallary pes derejede –agaç külde, öküz, orak we şuña meñzeşler.

Daỳhan hojalygy natural häsiỳetde, zerurlyk ỳüze çykaỳmasa, bazara barmandyrlar.

Öñler türkmen çozuşlary örän uly zyỳan ỳetiren bolsa, indi söweş hereketleriniñ uzak ỳerlere daşlaşmagy XVI asyrda daglara, tokaỳlara gaçan halk yzyna gelip, daỳhançylyga başlapdyr. Hojalyk durmuşy janlanyp ugrapdyr. Raỳatlaryñ sany görnetin artypdyr.

Ekerançylyk ỳerleri añrybaş derejä çenli artypdyr. Ỳöne salgyt töleỳän ỳerleriñ möçberiniñ giñemegi ilatyñ artyş derejesinden yza galypdyr. Netijede raỳat yerleriniñ möçberi azalyp ugrapdyr, ilatyñ içindäki sallahlaryñ sany bolsa artypdyr, ỳer edinmek we maşgala gurmak mümkinçiligi peselipdir. Netijede az-kem ilat şäherlere-de göçüp ugran.

XVI asyryñ birinji ỳarymynda ỳurduñ 14 sany uly şäherleriniñ ilat sany 2 esse artypdyr(50 ỳylda). Onuñam sebäbi soltan hökümeti şäher ilaty üçin gowy şertleri döretmäge çalşypdyr. Şäher medeniỳetine, ilaty azyk önümleri we oba-hojalyk çig maly bilen üpjün etmäge çalşypdyr, salgyt ỳeñillikleri döredilipdir.

Uly emläge eyeçilik etmek bilen türkmen baỳlary owadan ymaratlary gurdurypdyrlar, gymmat bahaly harytlary satyn alypdyrlar. Bu bolsa gurluşygyñ we senetçiligiñ ösmegine uly şert döredipdir.

Türkmen şäherlerinde dokmaçylyk, deri işlemek, metal önümleri öndürmek, ỳarag ỳasamak ösen bolupdyr.

Senetçilik el güỳjüne esaslanypdyr. Bir önümi öndürmäge ỳöriteleşmek gowy netijeleri beripdir. Bursanyñ mahmaly, Uşagyñ, Konỳanyñ halysy, Ankaranyñ geçi ỳüñünden edilen matalary Ỳewropada uly islegden peỳdalanypdyr.

Diỳarbekirde, Erzurumda, Kastamonuda mis önümleri, Kütahỳa we Iznik küỳze önümleri bilen şöhratlanypdyr.

Osmanly senetçiler sehlere (epaflara) birleşipdirler. Olar önümçilige we satuwa kontrollyk edipdirler. Sany we hili barlapdyrlar. Satuw hem berk gözegçilige alnypdyr. Her eskafyñ özüniñ zat satỳan yeri bolupdyr. Hiç kimiñ baha galdyrmaga haky bolmandyr. Ỳöne eskaflar şäheriñ syỳasy durmuşynda uly rol oỳnamandyrlar. Söwda bazarda (her 5-nji gün) has güỳçli bolan. Şäherde, belli oba ỳerlerde.

Hökümet içeri söwda uly üns beripdir, sebabi esasy girdeji şondan gelipdir. Hökümet köprüleri, ỳollary gorapdyr, kerwensaraỳlary gurupdyr. Ỳöne ỳurduñ tertip-düzgüni söwdanyñ ösmegine päsgel beripdir. Eỳeçilik we emläk goragsyz bolan, emeldarlar olary talapdyrlar. Şonuñ üçin hem olar pul ỳygnanlaryny ỳa-da ỳer, öỳ, dükan, sklad satyn alanlaryny gowy görüpdirler. Puly işletmäge gorkupdyrlar.

Ỳerli söwdagärleriñ içinde ermeniler, grekler, ỳewreỳler, araplar, serpler we başgalar köp bolan. Türkmenleriñ özleri edermen esgerler bolansoñlar, söwdagäriñ kärine ỳigrenç bilen garapdyrlar.

Türkiỳe daşary ỳurtlar bilen gyzgalañly söwda edipdir. XV asyrda bolşy ỳaly XVI asyrda-da Osman jemgyỳeti 2 sany uly gatlaga: esgerlere (sipahi) we raỳatlara bölünipdir. Sipahilere köşk adamlary, raỳat emeldarlary, harbylar we ulamalar

giripdir. 2-nji topara salgyt töleỳänler, musulmanlar, musulman däller giripdir.

Osman imperiyasynda musulman däller köp bolan. Olara belli bir awtonomiỳa berlen, grek-prawoslaw, ermeni-grigorỳan we ỳahudi dinleri päsgelçiliksiz işläpdir.

Osman imperiyasynda ummasyz köp halklar bolupdyr. Şonam soltanlar dolandyrmagy başarypdyrlar. Salgyt töemek dini boỳunça bolmandyr, sebäbi salgyt töleỳänleriñ içinde musulmanam, musulman dälem, oba ilatam, çarwada, şäherlem bolupdyr.

Harby gatlak hem aỳratyn toparlara bölünen. Umuman ony iki bölege: “gylyç adamlara” we “galam adamlaryna” bölüpdirler. 1-nji harby gulluk, 2-nji döwlet işleri. Gylyç adamlary esasan musulmanlardan bolan we öz statuslaryny nesline-de geçiripdir. (Raỳatlaryñky kyn sigaha geçmek). Ỳöne jemgyỳetde uly statuslary bolan bolsa-da, olara döwlet işine geçmek kyn bolan.

“Galam adamlarynyñ” (gapyguly) köpüsi musulmançylyga salnan gullar bolupdyr. Olar örän ỳokary wezipeleri eỳeläpdirler. Ỳöne ulamalar aỳratyn hukukdan peỳdalanypdyrlar. Olar “gapy gullarynyñ” jylawyndan çekip durupdyrlar.

Osman döwletinde soltan “Allanyñ ỳerdäki kölegesi” hasap edilipdir. Ondan soñ Beỳik wezir bolan. Ol syỳasy–administratiw we harby islere jogap beren. Oña ähli wezirler (ministrler), döwlet işgärleri, welaỳatlaryñ gubernatorlary garaşly bolan. Ỳöne müftiniñ ỳa-da şeỳh-ul-yslamyñ abraỳam uly. Hatda soltan kabul edilỳän ol ỳa-da beỳleki mesele boỳunça müftiniñ pikrini hem sorapdyr (ỳagny yslama laỳyk gelỳärmi?)

Möhüm meselelere diwanda seredilipdir. Öñler ähli soltanlar diwanyñ ỳygnaklaryna gatnaşypdyrlar. Ỳöne XV asyryñ ahyrynda seỳrek gatnaşypdyr, soñ bolsa düỳbünden gatnaşmandyrlar.

Diwana Baş wezir, şeỳhulyslam, köşk adamlary, harby sudỳa (kazy esger), ministrler gatnaşypdyrlar.

XVI asyryñ ortalarynda ỳurt 21 welaỳata (eỳalet): bölünip ony beỳlerbeỳ , welaỳat sanjaga(250 sanjak) – san – beỳ dolandyrypdyr. Bular öz ỳerlerinde harby we administratiw funksiỳany eỳeläpdirler.

Osman soltanlary ähli ukyplaryny goşuny we floty ösdürmäge beripdirler. XVI asyrda flotuñ 400 söweş gämisi bolan. Gury ỳer goşunam güỳçli bolan. Atly we pyỳada goşun, 300 top bar eken. Ỳanyçarlar (pyỳada goşun). XV asyrda 3-5 müñ ỳanyçar XVI asyrda 12 müñe ỳetỳär. Welaỳat goşunlary (nöker) köp bolan. 130-dan 200 müñe çenli sipahi atly goşuny bolan. XV asyrdan ok atỳan ỳarag bilen ỳaraglandyrylyp ugraỳar. Öñazyndan oklanỳan top bolsa indi pelteli top. Pyỳada goşunda tüpeñçiler köp bolan.

Emma XVI asyryñ ortalarynda Osman imperiỳasyỳuwaşjadan gowşap ugraỳar, ỳogsam soñam uly ỳeñişleri hem gazanỳar. Munuñ esasy sebäbi harby – feodal sistemasynyñ dargap başlamagy bilen bagly. Esasan hem sipahi sistemasynyñ dargamagy bilen bagly.

Wagtyñ geçmegi bilen osmanlylaryñ öñki harby asketizminiñ ornuna harsydünỳälik, gowy geỳimlere, köşklere kowalaşmak gelỳär. Şol bir wagtyñ özünde bolsa dasarky oljalardan gelỳän girdejiler azalỳar. Şonuñ üçin hem döwlet täze-täze basybalyşlary geçiripdir. Bu bolsa döwlet çykdajylaryny köpeldipdir, hojalygy tozdurypdyr. Netijede döwletiñ harby kuwwaty peselipdir. Üstesine-de Ỳewropada türk çozuşlarynyñ öñünde durup biljek merkezleşdirilen döwletler peỳda bolup ugraỳar. Öñler territoriỳalar ỳeñillik bilen alynỳan bolsa indi uzaga çekỳän pozision uruşlar başlaỳar. Olaryñ goşuny gowy ỳaraglandyrylyp hem okadylyp başlanỳar. Ortaỳer deñzi söwdasyndan (Lewanta) gelỳän girdejiler hem peselỳär. Sebäbi Dünỳä söwda ỳollary indi Atlantika geçỳär.

Şol döwürler sipahi sistemasynyñ köpelmegine timarlardan gelỳän girdejiniñ azalmagy hem sebäp bolỳar. XVI asyrda timariotlaryñ ortaça ỳyllyk girdejisi 5 müñ akça bolupdyr. Ỳöne welaỳat şäherlerinde öỳüñ bahasy 1-den 4 müñe çenli, suw harazy – 5200 akça, gul 1-den 4 müñe, at 800-den 900akça barabar bolupdyr. Munuñ özi timardan gelỳän girdejiniñ sipahini kanagatlandyrmaỳandygyny görkezỳär. Üstesine-de kümüşiñ hümmeti peselỳär. Sebäbi Lewanta ỳurtlaryna Amerikadan arzan kümüş gelip ugraỳar. Bu-da sipahileriñ girdejisiniñ peselmegine ỳa-da şol öñki derejesinde galmagyna (bahalar ỳokarlanỳar!!!) sebäp bolỳar.

XVI asyryñ 1 ỳarymynda Osman imperiỳasy has giñeỳär. Ỳewropada, Aziỳada we Afrikada köp ỳerler eỳeleỳär. Aỳratyn hem Süleỳman I-niñ (1520-1566) döwründe Osman imperiỳasy dünỳäde iñ kuwwatly döwlet bolỳar. 1522-nji ỳylda türkmenler Rodosy eỳeleỳärler we bütin Gündogar Ortaỳer deñzinde agalygy berkarar edỳärler.

Ỳewropada osmanlylar 1526-njy ỳylda Belgrady eỳeleỳärler. 1529-njy ỳylda bolsa Wenanyñ daşyny gabaỳarlar, ỳöne ony eỳeläp bilmeỳärler. Emma Wngriỳanyñ ỳarysyny eỳelemegi başarỳarlar.

XV-XVI asyrlaryñ sepgitlerinde osmanlylar Ỳewropada, Aziỳada, Afrikada giñ basybalyşlary alyp baran bolsa, Süleỳmanyñ we onuñ mirasdarlarynyñ döwründe dünỳä döwleti statusyny saklamaga jan edipdirler. Munuñ Awstriỳa, Moskwa döwleti, Sefewiler bilen häli-şindi çaknyşyp durupdyr.

XVI asyrda-da osmanlylar aktiw daşary syỳasat ỳöredipdir. Ỳöne şol döwürler osmanlylara Ỳewropada garşy durup biljek döwletler hem döräp ugraỳar. Şeỳle bolansoñ XVI asyrda osmanlylaryñ we olara garşy gidỳän güỳçleriñ deñagramlylygy emele gelỳär. Ỳöne osmanlylar Ỳewropada anti-osman güỳçleriniñ birleşmegine päsgel bermek üçin hem uly alada edipdirler.

Şol döwürler Osmanlylar Fransiỳa bilen Gabsburglaryñ (Awstriỳa we Ispaniỳa) dawasyndan peỳdalanỳar we onuñ bilen ỳakynlaşyp ugraỳar. 1534-nji ỳylda ilkinji Fransiỳanyñ ilçisi Stambula gelỳär. Şonda Gabsburglara garşy bileleşip göreşmek barada şertnama baglaşylỳar. Şol bir wagtyñ özünde osmanlylar fransuz täjirlerine söwda üçin ỳeñillik bermek barada gepleşikler geçirip ugraỳarlar we 1569-njy ỳylda şeỳle şertnama gol çekỳärler. Şol şertnama "kapitulỳasiỳa" diỳlip atlandyrylỳar (latynça "kapitul" – madda, paragraf manysy bar). Şu şertnama görä  fransuzlar şerigat boỳunça sud edilmändir, şahsyỳeti we emlägi eldegirmesiz, fransuz söwda gämilerini tussag etmek bolmaỳar, ỳesir almaly däl, gula öwürmeli däl.

1580-nji ỳylda Angliỳada oslar şeỳle ỳeñilligi. Soñ ikisiniñ arasynda Osman syỳasatynda agalyk etmek ugrunda bäsleşik başlaỳar.

XVI asyrda Türkiỳede halk hereketlerem bolup geçỳär. Şoña esasan şaỳy sektalary ỳolbaşçylyk edipdir. Olar Sefewileriñ täsirinde bolupdyrlar. 1510-1511-nji ỳyllarda gyzylbaşlaryñ gozgalañy bolup geçipdir. Oña şaỳy babasy Şaguly ỳolbaşçylyk edipdir. Başda onuñ 10 müñ adamsy bolan. Soñ onuñ hereketine ỳeri giden sipahiler hem goşulyp başlaỳarlar. Şagulynyñ goşunlary Antaliỳany eỳeläpdirler we Kütahỳany gabapdyrlar. Käbir toparlary bolsa Bursa we Mermer deñziniñ kenarlaryna çenli baryp ỳetipdirler. Ỳöne soltan goşunlaryna Şagulyny Siwasa tarap çekilmäge mejbur etmek we derbi – dagyn etmek başardỳar. Şaguly öldürilỳär. Goşunyñ galanlary bolsa Eỳrana geçỳär.

1520-nji ỳylda Ỳozgat bilen Silasyñ aralygynda täze gozgalañ turup, oña şol döwrüñ belli şyhlaryndan biri bolan Jelaly şyhyñ ogly Şaweli ỳolbaşçylyk edỳär. Ol özüni Mäti diỳip atlandyrỳa we 20 müñ goşun ỳygnaỳar. Olar Tokady hem gabaỳarlar. Ỳöne soltan olaram dargadỳar.şaweli we beỳleki yolbaşçylar ỳesir alnyp öldürilỳär.

1526-1529-njy ỳyllarda türkmen, kürt çarwa taỳpalaryñ gatnaşmagynda-da gozgalañ bolup, oña Galandar ỳolbaşçylyk edỳär. Olam özüni Mäti diỳip yglan edỳär. Olar 30 müñ goşun döredỳärler, ỳöne soñ sultana olary hem ỳok etmek başardỳar. Bularyñ hemmesem ilatyñ kyn ỳagdaỳy bilen bagly. Salgyt köp alnypdyr, sebäbi ỳörişler köp çykdajy talap edipdir.

Obalaryñ tozmagy netijesinde müñlerçe adamlar şäherlere siñipdir. Ỳöne sada şäherler olary ỳerleşdirip bilmändirler we “artykmaç adamlar” köpelipdir. Olara türkmenler “lewent” diỳipdirler (ykmanda). Soñra hökümet lewentleri goşuna çekipdir - ỳagny tüpeñçi edip alypdyrlar. Wagtyñ geçmegi bilen lewentler uly güỳje öwrülỳär, sebäbi ỳörişden gelip ỳaraglaryny tabşyrmandyrlar. Olar bir güỳçli bege gulluga durupdyrlar ỳa-da garakçylara öwrülipdirler. Şeỳlelikde lewentleriñ “ykmanda” manysy üỳtgäp, “gozgalañçy” manysyny alypdyr.

Hökümete garşy hereketlere aỳry-aỳry beỳlerbeỳler, sanjakbeỳler hem gatnaşypdyr. Soñ sipahilerhem gatnaşỳar, sebäbi olar hökümetiñ syỳasatyndan nägile bolupdyrlar. Çünki hökümet dezertirlik etseler timarlaryny alypdyr. 1596-njy ỳylda Osman imperiỳasyda ỳiti ỳagdaỳ ỳüze çykỳar we tolgunşyklar Kiçi Aziỳany, Yragy, Siriỳany öz içine alypdyr. Tolgunşyga sebäp bolan ỳagdaỳ, şol döwürde sipahi goşunlarynda barlag geçirilip, 30 müñ timariot öz ỳerlerinden mahrum edilipdir. Sebäbi olar dezertirlik edipdirler. Şol ỳerlerden jyda düşenlerden iki dogan Gara Ỳazyjy bilen Däli Hasan bolỳar. Olar 30 müñlük goşun bilen Tokady eỳeleỳärler, Kaỳserini bolsa gabaỳarlar. 1602-1603-nji ỳylyñ gyşynda gozgalañçylaryñ ỳagdaỳy agyrlaşỳar. Üstesine-de Däli Hasana Bosniỳanyñ patyşasy wezipesini hödürleỳärler. 1605-nji ỳỳlda Däli Hasan jezalandyrylyp öldürilỳär.

1607-nji ỳylda Bursa töwereklerinde Galandar oglunyñ gozgalañam bolup geçỳär. Ỳöne 1608-nji ỳylda talantly

serkerde Myrat paşa Galandar oglunyñ goşunyny çym-pytrak edỳär. Ol Eỳrana gaçỳar.

XVII asyryñ başlamagy bilen Türkiỳe üçin kyn döwür başlaỳar. Sebäbi Ỳewropa döwletleri onuñ bilen deñleşip, indem öñe geçip ugraỳarlar. 1606-njy ỳylda 14 ỳyllap dowam eden awstro – türk urşy gutarỳar. Şertnama boỳunça Awstriỳa ỳylda töleỳän 30 müñ dukat tölemekden, sowgat etmekden boşaỳar, üstesine-de hristian döwletini osmanlar ykrar edỳärler.

XVII asyryñ başlarynda Abbas beỳik köp ỳerleri Türkiỳeden alỳar. Ỳöne Myrat IV olary gaỳtaryp alỳar. Türkiỳe 1639-njy ỳylyñ kasra-şirin şertnamasy boỳunça Günbatar Gruziỳany, Günbatar Ermenistany, Kürdistanyñ bir bölegini alỳar.

Şol döwürler Türkiỳe Polşa garşam uruş edỳär. Soñ onuñ bilen ukrain ỳerleri barada soỳuzam baglaşỳar. Ỳöne barybir Türkiỳe güỳçden gaçmagyny dowam etdirỳär. Şonuñ üçin hem reforma geçirmeli bolupdyr.

Beỳik wezir Mehmet Köprüli (1656-1661) sipahi goşunyny güỳçlendirmäge köp üns berỳär. Soñ Fazyl Ahmet Köpruli (1661-1676) we Gara Mustafa (1676-1683) döwründe timarlaryñ, zeametleriñ sany artỳar, nökerleriñ hem sany artỳar. Topalañlar basylỳar, merkezi häkimiỳet güỳçlenỳär. Ỳöne barybir bu ỳagdaỳ uzaga çekmeỳär. Sebäbi 1683-nji ỳylda Wenanyñ eteginde uly ỳeñlişe sezewar bolỳarlar. Bu bolsa sipahi sistemasynyñ dargamagyna getirỳär.

XVII asyryñ ahyryndan türkmen medeniỳeti ösỳär. Mähri hatynyñ (1511-nji ỳylda ölen), Molla Mahmydyñ (Baky) goşgulary-lirikasy, Weỳsiniñ (1628-nji ỳylda ölen) we Nefiniñ (1635-nji ỳylda ölen) ỳiti şygyrlary, arhitektor Goja Sinan (1490-1588), deñizde ỳüzüji Piri Reỳsiñ deñiz atlasy, 1513-nji ỳylda dozen dünỳäniñ kartasy, Ewliỳa Çelebiniñ (1611-1669) "Syỳahatnamasy", Hajy Halypanyñ (Kätip Çelebi) "Jahannamasy" uly ähmiỳete eỳe bolan.

## Eýran irki orta asyrlar döwründe.

Parfiýanyň güýçden gaçan wagtlary (III as.) Eýrany birikdirmek inisiatiwasy Parsdan çykýar. Ahamenitleriň düýbini tutanlar hem şol ýer.

Arşakitler döwründe Parsy Bazraşitler dinastiýasyndan bolan patyşalar dolandyrypdyrlar (soňky Patyşa Goçihr). Paýtagty Ishak şäheri Parsda ownuk hanlyklar hem bolupdyr. Şolaryň biriniň hökümdary Sasany urugyndan bolan Papak 208 ýylda Parsda Göçühri öldürip häkimiýeti basyp alýar. Papak ölenden soň (222ý.) onuň ogly Artaşyr parsyň goňşulary Kermany we Huzistany eýeleýär. Soňra ol käbir hanlyklaryň hökudarlary bilen birleşip Parfiýan patyşasy Artaban V-njini ýeňýär we 226 (227) ýylda "Eýranyň şalar şasy" tituly bilen tagta çykýar.

Şeýlelikde Sasanylar döwleti ýüze çykýar. Paýtagty hem Ktesifon-Selewkiýa bolýar. Istahr 2-nji paýtagty. Sasanylar döwleti hem Parfiýa döwletiniň territoriýalaryna goşulýar: Eýranyň häzirki territoriýasy, Orta Aziýanyň günorta-günbatary, Owganystanyň günbatary, aşaky we orta Mesopotamiýa (Suristan).

Ýefratyň günbataryna edilen ýörişler Artaşiriň Pim bilen uruşmagyna getiripdir. Sebäbi ol birnäçe gezek Siriýa we kiçi Aziýa ýörişler geçiripdir. Gündogarda bolsa sasanylar ýykylyp barýan Kuşan döwleti bilen urşupdyrlar we olaryň territoriýasyny Zakawkaziýany eýelänlerinden soň (Şonuň I-nji döwründe (241-272ý.ý.)) olar özlerini "Eýranyň we Eýran däl ýerleriň šlar şasy" diýip atlandyryp ugrapdyrlar. Bu bolsa olaryň dünýä agalyk etmäge ymtylýandygyny görkezýär.

Sasanylar döwründe şalar sasynyň häkimiýeti Arşakitler döwründäkiden has güýçli bolupdyr. Sebäbi Sasanylar ähli wassal patyşalyklary ýok edip ornuna sasanylar urugyndan bolan adamlar bellenilipdir.

Araşir birinji zorastrizmiň tarapdary bolup, zorastrizmçileri, pars baýlary we olara goşulan parfiýan baý uruglary Supenitlere we Karenitlere daýanypdyr. Zorastrizmiň döwlet dinine öwrülmegi ellinizme garşy medeniýet reaksiýasyny dörediрdir.

Sasanylar döwletiniň sosial gurluşy barada taryhy çeşmelerde az gürrüň edilýär. Ýöne III-IV asyrlarda gulçulygyň henizem üýçli bolandygy subut edilen mesele. Sebäbi barada Sasany sudebnigi "Matigan-i hazar dadestanda" belli bir derejede aýdylýar. Şeýle hem grek taryhçylarynyň işlerinde-de Siriýadan, Ermenistandan gullaryň äkidilendigi habar berilýär. Ýesirler bilen bir hatarda salgydyny tölemedik halatlarynda daýhanlar hem gullara öwrülipdir. Gullar baýlaryň "dastkard" diýilip atlandyrylan mülklerinde şeýle hem patyşanyň senetçilik ussahanalarynda işledilipdir. Baýlar öz ýerlerini satanlarynda ýa-da satyn alanlarynda ýerler gullar bilen birlikde satylypdyr we satyn alynypdyr. Dogry, käbir ýer eýeleri öz gullaryna aýratyn ýer bölüp beripdirler we önuren önüminiň belli bir bölegine eýelik etmäge-de hukuk beripdirler. Ýöne bu sistemanyň hasan dörändigi belli däl.

Gulçulyk bilen birlikde Eýranda erkin oba obşinasy (kede) hem bolupdyr. Ilki başada bu erkin obşina köp maşgalaly bolup soňra goňşy obşinasyna öwrülipdir. Başga (katak, kede) termini "katakhwataý" (öý eýesi) uly maşgalaly obşinanyň başlygyny aňladan bolsa, soňra "kethuda" oba arçynyna öwrülipdir.

Sasanylar döwründe ilat 4 sany gatlaga bölünipdir:

1. žreňler
2. harbylar
3. emeldarlar
4. salgyt töleýän ilat

Ilki ady agzalan gatlaklar aýratyn hukukdan peýdalanmak bilen salgyt tölemändirler zähmet borçlaryny ýerine ýetirmändirler. Olar diňe, m-m žreňler din işleri, harbylar uruşlar, emeldarlar,

bolsa döwlet işleri bilen meşgul bolupdyrlar, ýagny diňe öz gulluk borçlaryny ýerine ýetiripdirler. Dogry ýokarky üçüsi öz işlerinde birnäçe razrädlara bölünipdirler we hersiniň öz orny bolupdyr.

Salgyt töleýän ilatyň hataryna ekerançylar, senetçiler, söwdegärler we ýokarky üç gatlagyň wekillerinden beýleki şäherleriň hemmesi giripdir. Bular jan başyna salgydy (gezit) we ýerde alynýan önüme salynýan salgydy (harag) töläpdirler. Ýöne muny diňe daýhanlar töläpdirler. Şeýle hem daýhanlar zähmet borçlaryny hem ýerine ýetiripdirler: suwaryş sistemalary, galalaryň we döwlet jaýlarynyň gurluşygy. Umuman salgyt töleýän gatlak kyn ýagdaýda bolup, olar hiç hili döwlet wezipelerini eýeläp bilmändirler. Şu soslowiýanyň başynda ýokary gatlaklardan bellenen "wastrioşan şalar" (ýagny "ekerançylaryň başlygy" diýen manyda) durupdyr.

Sasanylar döwründe býurokratik döwlet apparaty ösüp, ol birnäçe kategoriýalara bölünipdir. Ýurtda hemişelik goşun bolmandyr. Goşuny harbylar gatlagyndan bolan atly opolçeniýe düzüpdir. Olar öän gowy ýaraglandyrylypdyr. Goçmaa goşunlary çarwalaryň we daglylaryň ilatyndan düzülipdirler. Pyýada goşun bolsa daýhanlardan dzlip olary ýük daşamakda we beýleki işlerde ulanypdyrlar. Goşun diňe harby ýörişler döwründe düzülipdir.

Sasanylar döwletinde sud žreňleriň elide bolupdyr. Şol döwürlerde kanun jenaýaty 3 görnüşe bölünipdir:

1. dine garşy (ýagny zorastrizm dinine)
2. şalalar şasyna garşy
3. raýatlara garşy jenaýat

Jenaýatyň başky ikisi üçin ölüm jezasy ýa-da syýasy äheňde bolsa käwagtlar ömürlik türme bilen galdyrylypdyr. Raýatlara garşy jenaýat üçin jenaýatçynyň gözi oýulyp, maýyp edipdirler ýa-da jerime salypdyrlar. Maşgala kanunçylygy köp aýallyga ýol beripdir we nikanyň 6 görnüşi bolupdyr. Şeýle-de örän golaý nikalar hem bolupdyr. Mysal üçin agasy gyz doganyna,

atasy gyzyna hat-da ogly ejesine-de öýlenipdir. Şeýle nikalar, sasanylaryň urugynda has hem gadyr goýlupdyr.

Sasanylar urugy häkimiýet başyna gelenden soň Ardaşir I goňşulara garşy aktiw uruşlary alyp barandyr. Esasan hem ol Rim bilen gidişipdir. Ardaşiriň ogly Şanur I döwründe olar 256 ýylda Siriýanyň paýtagty Antiohiýany alypdyrlar, 260 ýlda bolsa Edessiň golaýynda Rim goşunlaryny ýeňipdirler. Rim imperatory Walerian ýesir düşüpdir we ölüpdir. Şol ýeňişde alnan gullar soňra Karun derýasynda gurulýan bendiň gurluşygynda işledilipdir. Bent "Bendi-Kaýsar" ýa-da Sezar diýlip atlandyrylypdyr.

298 ýylda Sasanylar Rimden agyr ýeňlişe sezewar bolýarlar we Nisibin şertnamasyna laýyklykda Ermenistany we Mesopotamiýanyň demirgazygyny ýtirýär. Şu şertnamadan 40 ýyl geçensoň Şalur II Rim bilen täze urşa başlaýar we şol uruş tä 363 ýyla çenli dowam edýär. 363 ýylda Selewkiýada bolan söweşde Rim imperatory Ýulian ölüm howply ýaralanýar. Onuň şol ýerde imperator saýlanan ogly Iowian Şalur II bilen şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Özem şertnama ýene-de Nisibinde baglaşylyp Eýran ähli ýitiren ýerlerini Nisibin bilen bilelikde gaýtaryp alýar.

Bütin V asyryň dowamynda Eýran Wizantiýa bilen umuman alanyňda parahatçylykda ýaşapdyr. Muňa belli bir derejede söweşjeň çarwalaryň (eftalitler, gunlar) çozuşlary hem sebäp bolupdyr. Gunlar häzirki wengriýanyň territoriýasyndan we demirgazyk Kawkazyň üsti bilen Wizantiýa we Eýrana, eftalitler bolsa Eýranyň üstüne demirgazyk-gündogardan çozupdyrlar. Şol sebäpden hem bu iki imperiýa özara gepleşip Alan we Derbent geçelgelerini saklamaga mejbur bolupdyrlar. Sebäbi gunlar Kawkazyň üsti bilen hem Wizantiýanyň hemem Eýranyň ýerlerine çozuş edipdirler.

Has hem eftalitler bilen bolan söweşler köp ünsi talap edipdir. Sasany patyşalary Bähram V Gur (421-438) we Ýezdigerd II (438-457) Horasanda we Toharystanda eftalitler

bilen uly söweşler alyp barypdyrlar. Eftalitler V asyryň ikinji ýarymynda uly döwlet döredip Toharistany we Sydianany özüne birikdiripdirler. Sasany şalar şasy Firuz (459-484) eftalitlerden ýenilýär we ýesir düşýär. VI asyryň başlaryndan Eýran Wizantiýa bilen urša başlaýar. Patyša Kawad (488-531) 502 ýylda Wizantiýadan Amidapy (Diarbekr) we Feodosiopoly (Erzerum) basyp alýar. Kawadyň ogly Hosrow I (531-579) 540 ýylda Siriýa çozýar we Antiohiýany eýeleýär. Soňra günbatar Gruziýany eýeleýär. Ýöne sasanylar alan ýerlerini saklap bilmeýärler we 562 şertnamasy bilen araçäkler öňküligine galýar. 571-de uruş ýene-de başlaýar. Kän üstünlik gazanyp bilmeýär. Ýöne onuň ýerine Ýemeni basyp alýar we halkara söwda setine kontrollyk edip başlaýar.

563-567 ýyllarda altaýly türkler eftalitleriň döwletini dargadýarlar. Olara Eýran ýakyndan ýardam beripdir. Ýöne basym türkler bilen Eýranyň arasy bozulýar. Sebäbi Hosrow I Hytaýyň we Orta Aziýanyň üsti bilen gelýän ýupek söwdasyny gadagan edýär. Türkler muňa jogap edip Wizantiýa bilen soýuz baglaşýarlar we Eýranyň duşmanyna öwrülýärler. 588-590 ýyllarda Eýran serkerdesi Bähram Çubine türkleriň Orta Aziýadan edýän çozuşlaryny saklamak başardypdyr.

Soňra Bähram Çubin gozgalaň turzup, özüni şalar şasy diýip yglan edýär we Ktesifony eýeleýär. Hosrow II-nji Wizantiýa gaçýar we imperatoryň kömegi bilen Bähram Çubini ýeňýär we ýene-de tagty eýeleýär. Kömek üçin Hosrow II Wizantiýa bilen "müdimilik" şertnama baglaşýar köp territoriýalary gaýtaryp berýär.

Eýran bilen Wizantiýanyň arasynda uruşlara olaryň golastynda bolan arap patyşalyklary işeňňir gatnaşypdyrlar. Lahmitler patyşalygy Eýrana, Gassanitler bolsa Wizantiýa. Emma 602 ýylda Hosrow II Aahmitleria patyšalygyny ýok edýär. Bu bolsa içki Arabystandan berduinleriň Eýrana çozuşyny ýeňilleşdirýär. Olar 604 we 611-de Eýrana uly

zarbalar urýarlar. Bu zarbalar bolsa araplary soňky çozuşlar üçin repetisiýa bolup hyzmat edýär.

Sasanylar döwründe zoroastrizm döwlet dinine öwrülýär. Bütewi döwlet buthana sistemasyny döretmekde Şanur I we onuň mirasdarlarynyň döwürdeşi bolan žres Kartir uly abraýa eýe bolýar. 273-293 ýyllarda ol beýik žrese hem-de patyşanyň ruhy maslahatçysyna öwrülýär. Zorastrizm hramlary uly ýerlere hem eýeçilik edipdirler.

Sasanylar döwründe zorastrizm dymatiki dine öwrülipdir. Özem beýleki dinleri ýowuz yzarlapdyr. Ýöne patyşa häkimiýeti beýleki dinleri diňe syýasy häsiýete eýe bolan halatynda yzarlapdyr we bu işde zorastrizm dinine ýardam edipdir.

Hem patyşa hemem zorastrizm žresleriniň golastynda bolan halk köpçüliginiň ýagdaýy agyr bolupdyr. Şol sebäpden ýüze çykýan çykyşlar dini ýeresler häsiýetinde bolupdyr. Şol ýereslleriň esaslary bolsa maniheýçilik we mazdahizmdir. Şu ýerde Eýranda dini ýagdaýyň durnukly däldigini belle .

Maniheýçiligi döreden Mani 215 ýyllarda Wawilonda dogulýar we 242 ýylda Itesifonda öz taglymatyny ýaýradyp başlaýar. Maniheýçilik hem Zorastrizmiňki ýaly iki gapma-garşylygyň ýagny ýagtylyk bilen tümligiň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky dyngysyz göreş ideýasyna daýanypdyr. Egerde zoroastrizm boýunça dowam edýän gurluş (ýagny Sasanylar döwleti) ýagşylygyň we ýagtylygyň diregi bolýan bolsa, maniheýçilik bu dünýäň ýaşaýşyny, adamlary ýaman başlangyjyň (Hudaýyň) döreden zatlary. Şol sebäpden hem adamyň ruhyny aýşi-eşreti ýok etmek bilen arassalap bolar diýip wagyz edipdirler. Ýagtylygy, ýagşylygy tümlükden we ýamanlykdan arassalamagyň ýeketäk serişdesi ahyrzamanyň ilmegidir diýip Mani düşündiripdir. Şonuň üçin hem her bir adam özüniň gündelik durmuşynda özündäki ýagtylygy we ýagşylygy daş-töweregini guršap alýan dünýäden azat etmäge, şeýdibem ýagşylygyň ýamanlykdan üstün çykmagyna ýardam

etmäge çalyşmaly bolupdyr. Munuň üçin adam et iýmekden ýüz öwürmeli, arassa ahlakly durmuş obrazyny ýöretmeli bolupdyr. Ýörite saýlanan adamlara bolsa öýlenmek, et iýmek, ösümlikleri ýolmak gadagan edilipdir. Maniniň pikiri boýunça täze taglymat bütin dünýä üçin niýetlenen uniwersal din bolup, ol bar bolan ähli kultlarygalyşmalary bolupdyr. Bu ideýa maniheýçiligiň köp dinleriň daşky formalaryny kabul edendigini görkezýär.

Maniheýçilige uýanlar asketizmi baýlygy garşy goýupdyrlar. Aýşy-eşretli durmuşa bolan ýigrenç jemgyýeti özgertmek üçin ol ýa-da beýleki bir talaplary bildirmäge ýol bermändir. Erkin adamlaryň ýowuz ezilişi, gulçulygyň galyndylary sosial gapma-garşylygyň ýitileşmegi bu taglymata çykgynsyzlyk we pessimistik häsiýetini beripdir. Ezijilere bolan ýigrenç daýhanlarda, senetçilerde we gullarda şeýle güýçli bolandygy sebäpli olar maniheýçiligiň bu dünýäniň ýumrulmagy ýa-da ahyrzamanyň gelmegi bilen baglanşykly ideýasyna duýgudaşlyk döredipdir. Olar şeýle durmuş bolandan ahyrzaman geleninem gowy görüpdirler. Maniheýçilik Rimden Hytaýa çenli we Hindi okeanyndan Orta aziýa çenli ýaýrapdyr.

Başda Sasanylar maniheýçilige päsgel bermändirler. Emma haçanda onuň döwlete we dine garşy ugry ýüze çykyp ugrandan olar ýowuz yzarlanyp başlanylýar. Mani tusag edilýär we 276 ýylda öldürilýär. Ýöne bary bir maniheýçilik köp wagtlapgizlinlikde ýaşaýar we soňra başgarak formada ýene-de döreýär. Ol herekede mazdakizm diýilýär.

Mazdakizm dini-filosofiki taglymat bolup, ol maniheýçilik we zoroastrizm bilen ýakyn baglanyşyklydyr. Bu taglymat öz gözbaşyny III asyryň ortalarynda dörän zaraduştakan sektasyndan alyp gaýdýar. Ýöne soň ol sektanyň ýolbaşçysy Mazdagyň ady bilen baglaşdyryp mazdakizm diýip atlandyrylýar.

Mazdahizmiň maniheýçilikden tapawutlanýan ýeri olar ýagtylygyň tümlikden, ýagşylygyň yamanlykdan üstün

çykmagynyň kanunalaýykdygyny ykrar edipdirler. Özem şol ýeňşiň ýa-da üstünligiň nirededir bir ýerdäki ol dünýäde dälde, ýer üstünde, bu dünýäde amala aşyryp boljakdygyny wagyz edipdirler. Mazdakitleriň taglymatyna görä ýagtylyk aňly düşünjeli hereket edipdir, tümlik bolsa tötänleýin we tertipsiz. Şundan ugur alyp mazdakçylar ýamanlyk bilen göreşmegiň doly mümkindigini we ýer ýüzünden ýamanlygy ýok edip boljakdygyny belläpdirler.

Tümligiň we ýamanlygyň düýp mazmunyny mazdakçylar sosial we emläk deňsizliginde görüpdirler. Şolary hem birinji nobatda ýok etmek göz öňüne tutulypdyr. Şonuň üçin hem bu bir passiw dini taglymat bolman şol döwrün sistemasyna garşy gönükdirlen hereketdir.

Öz programmalaryny amala aşyrmak bilen mazdakçylar barly gatlaklaryň ýerlerini we baýlyklaryny ellerinden alypdyrlar. Ýerler obşina ýerlerine birikdirlip, baýlyklary halkyň arasynda paýlanylypdyr. Bu zatlary şol döwürden galan taryhy çeşmeler hem tassyklaýar: olaryň birinde şeýle diýilýär "Eger-de kim-de kim artykmaç gozgalýan we gozganmaýan emläge, aýallara we gullara eýeçilik edýän bolsa, hiç bir adam beýleki bir adamdan köp zada eýeçilik etmez ýaly biz olaryň onuň elinden alarys we beýlekilere bereris".

Görnüşi ýaly ähli artykmaç zatlar şol sanda aýallar hem paýlaşylypdyr. Aýallaryň paýlaşylmagynyň sebäbi ýüz-müňlerçe aýallar patyşalaryň we barlaryň haram hapalaryndan saklanyp, garyp erkek adamlaryň köpüsi müjerret ötüpdirler. Şonuň üçin hem maniheýçiler "aýallaryň umumylygyny" talap edipdirler. Olaryň bu talaplarynda arhaistik Eýran obşinasynyň we nikasynyň täsiri bolupdyr. Sebäbi gadym wagtlarda, şonuň bilen bir hatarda şol döwürde Eýranda toparlaýyn, gandüşer garyndaş nikalary (ogly-gyzy, atasy-gyzy, ejesi-ogly) poliandriýa (köp ärlilik) we myhmançylyk getermenizmi bolupdyr.

Mazdakçylaryň gozgalaňy açlyk wagty başlaýar (431). Başynda-da Mazdan durupdyr. Ol ähli ammarlaryň açylmagyny talap edipdir. Patyša nawad olaryň talabyny ýerine ýetiripdir we Mazdagy özüne maslahatçy edip alypdyr. Eýranda baş - başdaklyk başlaýar. Garyplar baýlaryň öýlerini, aýallaryny emläklerini alypdyrlar.

Kawad 5 ýyla golaý mazdakçylary goldapdyr. Oňam sebäbi ol mazdakçylaryň kömegi bilen baý harbylary we žreslerden gorkupdyr. 496 ýylda olar Kawady agdarýarlar we zyndana salýarlar. Ol eftalitlere 499 ýylda gaçýar we olaryň kömegi bilen ýene-de Eýrana gelýär. Ol baýlar bilen ylalaşýar, mazdakçylardan arany açýar. Ýöne diňe 529 ýylda ol mazdakçylardan ((( alýar.

Mazdakçylyk basylyp ýatyrlandan soň Hosrow I Anuşirwan (531-579) birnäçe reformalary amala aşyrýar. Mazdakçylyk döwründe garyp düşen köne baýlara her-hili kömek beripdir. Ýöne olar gelejekde häkimiýete dalaş etmezler ýaly dürli çäreleri hem görüpdir. Öň Beýik žres ikinji adam bolan bolsa indi beýik wezir (premýer-ministr) bolupdyr. Sepahsalaryň wezipesi 0000 4 sany harby 9999 (D-k, G-r, G-ta, Gün-r) döredilip komanduýuşiler bellenilipdir. Olar 3, 4, 5, 6 ýerleri bölünipdir. Beýik jres (mobedan mobed) indi 7-nji orna geçipdir we olaryň täsiri gaçypdyr. Hosrow I salgyt ýygnamaklykda-da reforma geçiripdir. Öňler salgyt harag natura görnüşde ýygnalan bolsa, ol indi pul bilen çalşyrylýar. Şol döwürlerde pul birligi dirhem bolupdyr.

Salgyt töleýän ilata salynýan jan başyna salgyt "gezit" hem pul bilen çalşyrylýar we 20-den 50 ýaş aralykda adamlar emlägine görä ýylda 4, 6, 8 ýa-da 12 dirhem töläpdirler.

Umuman VI asyrda Eýranda feodal gatnaşyklar berkleşipdirler, ýöne irki feodal jemgyýeti bolansoň henizlerem gul eýeçilik we patriarhal ukladlary, erkin-daýhan obşinalary we çarwa taýpalar ýašamagyny dowam edipdirler. Bu bolsa feodalismiň ösmegine belli bir päsgelçiligi döredipdir.

Gürrüňi edilýän döwürde köne gul eýeleri feodallaşypdyrlar. Şeýle hem oba obşinasynyň dargamagy bilen onuň içinden guraly daýhanlar ýa-da dihkanlar çykypdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen olar ownuk ýer eýeleri bolan azatlar bilen garyşypdyrlar. (Azatlar- harby soslowiýanyň aşaky gatlaklary) we ikisinem dihkan diýip atlandyrypdyrlar. Soňky VII asyrda feodal ýer eýeleriň irilerem, ownuklaram dihkan diýip atlandyrypdyrlar.

VI asyrda Eýranda ykdysadyýet öspdir. Ekinleriň dürli görnüşleri - dänelik we miwelik ekinler ekilipdir. VI asyrda Hindistandan saly we şeker çiňrigi getirilip ekilipdir. Ýüpek matalary dokamaklyk IV asyrda başlananda bolsa ol Hytaýdan getirilýän çig mal esasynda dokalypdyr. V ahyrynda VI başlarynda orta Aziýadan ýüpek gurçugy getirilýär.

Şol döwürde Reý, Tawwaz, Istahr, †apur, Nišapur bolupdyr. Dokmaçylyk ösüpdir we senetçiligiň merkezleri bolupdyr. Dokmaçylyk ösüpdir we ýüpekden kependen we ýüňden edilen matalar öndürilipdir, halylar dokalypdyr. Pars aýlagynyň üsti bilen gurnerden Arabystan, Efiopiýa, Hindistan we Seýlon bilen söwda edilipdir.

Edebiýat boýunça birnäçe işler ýazylypdyr. Ýöne olar biziň günlermize gelip etmändir, ýöne olary soňky döwrüň ýazyjy-sahyrlary işläp dürli eserleri döredipdirler.

Arhitektura. Ktesifondaky patyša köşgi we beýlekiler. Diwarlaryň we gaýalaryň ýüzündäki relýefler, skulpturalar, senetçilik önümleri.

## Eýran VIII – XV asyrlarda

VIII asyryň birinji çärýeginde şaýylardan we haryjylardan başga-da täze bir anbi meýat toparlaşygy döreýär. Olar Abbasitler, ýagny Muhammet pygamberiň aga taraplary. Olar omeýýeblere garşy her hili işleri alyp barýärdylar. Musulmanlary we dälleri öz taraplaryna çekmek üçin her hili

wadalary beripdirler (haraj alynmaz, azaldylar, daýhanlar mejbury işlerden boşadylar we başgalar).

Bu işler Horosanda üstünlikli dowam edipdir. Bu ýere işeňňir Abu Muslim iberilipdir. Ol 747-nji ýylyň 9-njy iýunynda Mary welaýatynda Omeýýatlara garşy gozgalaň turuzýar. Gozgalaňa uly ýer eýeleri dihkanlar hem gatnaşypdyr. Onuň otrýadynda gaçgak gullar bolupdyr. Bu gozgalaň graždanlyk urşuna öwrülip bütin Eýrany, Yragy öz içine alypdyr. Birnäçe eňlişlerden soň Omeýýat goşunlary 750-de boýun egýärler. Halif Merlan (744-750) Müşüre gaçýar şol ýerde-de öldürilýär.

Entäk 749-yň 28-nji noýabrynda Abul Abbas Saffah halif diýip yglan edilýär. Şeýlelikde Abbasylar halifligi döreýär (750-1258), arakesme 945-1132-de haçanda olaryň sçägi häkimiýeti kesilende).

Halifler Saffah (750-754) we onuň dogany Mansur (754-775) paýtagty Bagdada geçirýäler. Abbasylaryň hereketindende kanlar peýdalanypdyr. Wezipeleri ýerlüm alypdyrlar, parslaryň we araplaryň arasyndaky tapawut ýitip ugrapdyr.

Abbasylar döwründe ýere feodalçylyk eýeçiligi ösüpdir. Döwlete degişli ýerler hem bolypdyr. Halifler uruş bolan Abbasitlere degişli ýerler hem bolupdyr. Ol ýerler safawi diýlip atlandyrylypdyr. Şahsy eýeçilikdäki bolan mülkler Parsda Huzlstanda has giň ýaýran bolypdyr. Ony satybam bolupdyr, satyn alybam, miras galdyrybam. Şeýle hem döwlet eýeleri bilen bileleikde kiçiräk ýerleri esgerlere gullu üçin berilipdir. Başga iktanyň prinsipi boýunça esger özüne berlen ýerde oturan daýhanlarda haraj ýa-da jizýe salgydyny ýygnapdyr. Soňra ol ömürlik bütin, kä halatlarda nesilden nesile-de geçip bilipdir. Musulman dini edaralaryna degişlidegişli bolan wakuf ýerleri hem bolupdyr.

Uly ýer eýeçiligi bilen birlikde daýhanlaryň ownuk ýerleri hem bolupdyr. Döwlet, şahsy we wakuf ýerlerinde

oturan daýhanlar ýuridiki taýdan azat bolupdyrlar, hakykatda bolsa olara garaşly ýagdaýda bolupdyrlar.

Haraj döwlet ýerlerinden, uruş bolsa mülklerden alnypdyr. Abbasylar we wakuf ýerlerinden alynmandyr. Ikti hem şeýle bolupdyr.

Abbasylar häkimiýet başyna gelenlerinden soň olar köp wadalaryny ýerine ýetirmändirler. Nägilelik güýçlenipdir. Üstesine-de 755-de Abu Muslimiň öldürilmegi halk gozgalaňlara getiripdir. 755-de Sunbat Magyň ýolbaşçylygynda gozgalaň turup, olar Abu Muslimiň aryny almak isläpdirler. Gozgalaň Horosandan Azerbeýjana çenli aralygy öz içine alypdyr. 767-nji ýylda Horosanda Ustat Sisiň ýolbaşçylygynda ýene-de uly gozgalaň bolýar. 778-779-njy ýylllarda Gürgende "Gyzyl baýdaklylaryň" (sorh alam) gozgalaňy bolupdyr. Şol bir döwürde marly Haşym ibn Hekimiň Muhannanyň baştytanlygynda "Ak geýyimlileriň" gozgolaňy bolup, ol bütin Mawerinaheri öz içine alypdyr (776-783ý).

IX asyryň 1 ýarymynyň iň uly gozgolaňy Babegiň baştutanlygyndaky "Gyzyl" hurramimleriň gozgalaňydyr (816-837ý). Gozgolaň Azerbeýjan Balyş daglarynda başlaýar we günbatar Eýrany, Yspyhany Şirmana çenli ýaýraýar. Birnäçe gezek Halif goşularyny ýeňýärler. Olaryň hereketiden Mazdenizmiň ysy hem gelipdir. Ol ýalnyş hereket edil Ermeni, Alban feodallary bilen soýuz balanşykdyr. Halif Mutasim (833-842) goşunyň başyna orta Aziýaly Afşini goýup gozgolaňçylary ýeňýär. 837-de olar ýeňilýärler. Babeş Alban knýazlarynyň biri tytyp berýär we jezalandyrýar. 839-da Tabaristanda Mazýaryň gozgalaňy başylýar.

Ähli gozgolaňlar ýeňilýär. Ýöne käbir netijeler berýär. Al-Mähti (halif) (775-785) Horajyň alimentini ýeňilleşdirýär. Beýleki bir halif Mamun bolsa, harajy ýarpydan 1/5 çenli azldýar.

Abbasylar halifliginiň gowşamagy eýýam Mamunyň haliflik eden ýyllary (813-833) ýüze çykyp ugrady. Esasy

sebäpledriniň biri hem feodallaşşyş prosesiniň ösmegi boldy. Sebäbi döwlet ýerleriniň esasynda iri ýer eýeçiligi döreýärdi we şonuň netijesinde separatistik meýyiller güýçlenýärdi. Feodallaryň separatistik hereketi häkimiýeti nesilden nesle geçýän emirlikleriň döremegine sebäp boldy. Arap welaýatlarynda kän bir abyraýy bolmadyk Mamun Horosanly dehkanlara gowy gulluklary üçin uly postlary, köp ýerleri sylag berýärdi. Şonuň üçin hen Horosanda soňa baka ýarym garaşsyz häsiýetli, häkimiýeti miras galýan emirlik ýüze çykdy. Oňa Tahyrlar (821-873) dinastiýasy emirlik etdi.

821-nji ýyla çenli Mawerannahrda samoniler maşgalasyndan bolan dört doganlar soňra Samanirler emirligini döretdiler (879-929ý). Şeýle emirlikler Eýranyň günbatarynda Abu Dulaflaryň emirligi (825-898), Azerbeýjanda Sajibler (879-929) we başgalary görkezmek bolar. Emirler halifiň adyna Anna Mamadi wagtynda tutýardylar. Pul zikgelänlerinde ilki onuň adyny yzyndanam öz atlaryny ýazdyrýardylar. Halifa gymmat bahaly sowgatlar iberýardiler. Hatkab ýüzünde bolsa emirligi özbaşdak dolandyrýardylar.

Bulardan başga-da häkimiýeti ýarag güýji bilen alanlar hem bardy. Ony Saffarilar (saffar- “misçi”) emirligi mysal bolup biler. Onuň düýbini tutan Ýakup ibn Leýs, lakamy boýunça Safar tozan daýhanlardan çykan adam ol ussaň kömekçisi bolupdyr. Ol 861-de häkimiýeti Sistandi basyp alýar we özüne Beraty, Kermany, Parsy Horasany birikdirýär (861-900).

876-da Bagdada hüjüm edýär, ýöne halif goşunyndan ýeňilýär. Onuň inisi Aşyr(879-900) halif bilen ylalaşyp tä 900 çenli Horosany we Sistany elinde saklaýar. Ýöne soňra ol Samani emiri Ýsmaýyl (892-907) tarapyndan daradylyp , ýesir alynýar. Şondan Gerat we Kabulstan samanileriň eline geçýär.

Hasirda Samaniler döwletinde daýhanlardan başga-da täze harby-feodal toparlar ýüze çykypdyr. Olar türk gulamlary bolupdyr. Şolardan biri serkerde Ali-Tegin iň baý we täsirli

adam bolupdyr. Ol samaniler bilen onuşman Bazna gaçýar we 962-de knýazlyk döredýär. Onuň ornuna geçen feodallaryň biri hem Gulam Sebuk-Tegin bolupdyr (977-987) we ol Gaznewilwe döwletini döredýär.

999-da Samaniler döwleti türki taýpalaryň soýuzyny emele getiren Karahaniler döwleti tarapyndan (992-1211) dargadylýar. Samanileriň Amydan bärki ýerleri Horosan , Horezm, Sistan we Owgan onuň ogly (Sebuk teginiň) Mahmyt Gaznawyň gol astyna gecýär (998-1030). 17 ýörişiň dowamynda Mahmyt Hindistanyň demirgazyk-gündogaryny özüne birikdirýär we soňra Eýranyň Reý, Homedan, Isfyhan şäherlerini eýeleýär (1029).

Seljuklara 1035-de Masut tarapyndan ýer berilýär demirgazyk Horosanda. Oňa gulluk edipdirler. Seljuklaryň serkerdeleri Seljugyň agtygy Togrul beg bilen Göwrül beg bolupdyr. Ýöne 1038-de olar Nişapury eýeleýärler. Şonuň üçin hem Masud üstlerine gitmeli bolýar we olary ýeňýär. Ýöne 1040-da bolan Dendenakan söweşinde olar ýeňilýär. Masud gaçyp gutulýar. Gulamlar garyndaşlaryna duýgudaşlyk edipdirler.

XI asyryň 40-50 ýyllarynda seljuklar bütin Eýrany eýeleýärler. 1055-de Togrul Bagdady alyp halif al Kaimi (1031-1075) özüne günbataryň we gündogaryň patyşasy titulyny berilmegini talap edýär. Buidleriň döwleti ýygnalýar. Togrul begiň agasynyň ogly we onuň mirasdary Aly-Arslan (1063-1072) Ermeni, gündogar Gruziýany Şirwani, kiçi Aziýany, Siriýany, Ýanesimany eýeleýär. Aly-Arslanyň ogly Mälik şa (1072-1092) 1089-da Karahanlar döwletini boýun egdirýär. Mälik şanyň döwründe ýurt giňeýär we ösýär. Ýöne ol berk bolmandyr. Onuň içinde birnäçe soltanlyk döreýär. Kermanda (1041-1187), Siriýada (1078-1117) we Rumda (1077-1307). Şeýdibem ýurt dargap başlaýar. Öňüni almak üçin soltanlar ýerli dihkanlara we musulman ruhanylylaryna

daýanypdyrlar. Olarda wezir-pars Nizam al Mülk (1017-1092) soltanlygy güýçlendiripdir. Ýöne özüni alyp bilmändir.

Mälikden soň onuň ogullary Mahmyt 1 (1092-1094), Berkýörük (1094-1105) we Muhammet (1105-1118) döwründe ýürtda feodallaryň özara uruşlary dowam edipdir. Muhammet ölenden soň ornuna inisi Sanjar geçýär (1118-1157). Ýöne ýurt eýýäm bölünýär. Onuň elinde Horezm, Horosan, Sistan galýar. Ýrak gün-r Eýran, Azerbeýjan, Yrak soltanlygy ýüze çykýar. 1128-de Semereçýe we gündogar Gürjistan Karahytaýlylar alýar. Garahanlar bilen Seljuklaryň bileleşen goşunlary 1141-de garahytaýlardanýeňilýärler we Mawerannarh elden gidýär.

Horezm şasy Atsyz (1127-1156) hem boýun egmek islemän 1153-de Balh oguzlary Sanjara garşy gozgolaň turuzýarlar we ony ýeňýärler. Soň oguzlar – olar Horosana çozup Tusy, Maryny, Nişapury, Duweýy, Isfyhany we başgalary tozdurypdyrlar. Diňe 1187-de Horezm şa Teneş (1172-1200) Horosany özüne birikdirýär. Soňra Eýran, Horezm şa Mühammet (1200-1220) özüne birikdirýär.

XIII asyryň 20-30 ýyllarynda Eýrany Mongollar eýeleýär. 1253-1256 ýyllarda Çingiziň agtygy Hulagu Eýrany doly eýeleýär. 1258-de Mongollar Bogdady eýeläp Abbasylar dinastiýasyny ýykýarlar. 1261-de Hulagu han ilhan titulyny alýar. Hulagu hanyň häkimiýetine giň territoriýalar degişli bolup ol öz sostawyna Konýa soltanlygyny, Yragy, Ermenistany, Azerbeýjany, Gruziýany, Eýrany we Owganystany girizipdir.

Mongollaryň eýelemegi gadymy ýurdy tozdurypdyr. Ekerançylar azalyp, çarwalar könelipdir. Ýerler öri meýdanlara öwrülipdir. Şäaherler tozup kiçiräk punktlaryna öwrülipdir, senetçilik çölüpdir.

Eýrany mongollar Çingiz hanyň ýuridiki normatiwi ýa-da sudebnigi bolan “Beýik Ýasany” ornaşdyrypdyrlar. Şu kanun boýunça rýadowoý çarwy-esger öz hojaýynyna

krepostnoý bagly bolupdyr. Şony mongollar Eýranda ornaşdyrypdyrlar. Daýhanlar ýere doly berkidilipdir.

Mongollaryň içinde artykmaç hukukdan peýdalanýan feodallar- tarhanlar bolupdyr. Olar salgyt tölemändirler, sud edilmändirler we 9 gezek jezadan boşadylypdyrlar.

Alan oljasyny hem beýlekiler bilen paýlaşman bilipdirler. Agalyk ediji feodal gatlaga mongollardan başga-da türki hem-de kürt feodallary degişli bolupdyr.

Hulagylar döwletinde ýerler 4 bölege: 1) diwany (döwlet ýerleri); 2) inji (hulagylara degişli ýer); 3) mülk we ikta; 4) wakf.

XIII asyryň ahyrlarynda ýurt bütinleý diýen ýaly tozupdyr. Daýhanlar tozup, ýerlerini taşlap geçipdirler. Daýhanlar gozgolaňlary turupdyr. Hazgiýa tozupdyr. Iýehan Geýhatu (1291-1295) her hili çäreler geçirsede tozgunçylygyň öňüni alyp bilmändir.

Ýurtda başlan reformalar 7-nji ilhan Gazan hanyň (1295-1304) we wezir Reşid Eudiniň atlary bilen baglanşyklydyr. Olar ilki bilen ýurdy merkezleşdirip we salgyt sistemasyny düzgünleşdirip başlaýarlar. 1303 ýylda Gazan han yslamy kabul edýär we buthanalary, aneogogolary ýykdyrýar. Yslamy kabul etmegi onuň godawyny artdyrypdyr.

Salgyt reýesbriýalary düzülip her oblast, şäher, oba belli bir möçbrde natural we pul salgydy girizilýär. Daýhanlar dürli borçlardan boşadylyp, şol borçlary döwlet öz üstüne alypdyr.

Möhüm reformalaryň biri hem taşlanan ýerleri ekmäge rugsat berilmegi we salgyt ýeňilligi bolupdyr. Senetçilerden alynýan salgytlar azaldylypdyr ýa-da wagtlaýyn ýatyrylypdyr. Ýöne mongol esgerleri ikti talap edipdirler. Bu reformanyň bähbitlerine ep-esli zeper ýetiripdir. Näme üçin? Uly goşun birliklerine (münlerçe) köp ýerler berilmegi, olaram öz gezeginde ýüzliklere, onluklara esgerlere paýlanypdyr.

Onuň döwründe ussahanalarda gul zähmeti ýatyrylýär. Senetçilere salynýan salgyt obrak bilen çalşyrylýar. Bu bolsa öndürijilikli zähmete ýol açýar.

Pul reformasy geçirilip ýeke täk kümüş pul girizilýär 1 dirhem – 2,15gr. kümüş. Olçeg birliklerini tertipleşdirýär.

1337-de Sebzewariň eteginde gozgolaň başlaýar. Mongollara garşy. Özlerini serbedarlar (dar üçin kelle) diýip yglan edipdirler.

Bu döwürlerde ilhanlaryň döwleti dargaýar we birnäçe ownuk emirliklere bölünýär. We Teýmir leňiň (1370-1405) basyp almagy üçin amatly şert döreýär. Netijede 1380-1393 ýyllarda Eýrandaky döwletler yzly-yzyna ony boýun egýärler.

## Eýran Gargoýunly türkmenleriniň dolandyran ýyllarynda.

Garagoýunly we Akgoýunly türkmen uluslary Günbatar Aziýanyň topragyna haçan we haýsy ýol bilen gelipodirler diýen soraga orta asyr taryhy çeşmeleriniň berýän jogaby bir-birine çapraz gelýän birnäçe toparlara bölünýär.

Bu mesele bilen gyzyklanýan ýazary başga toparynyň pikirine görä Akgoýunlylaryň ata-babalary heniz yslam dinini kabul etmezden hem öň Oguz hanyň Eýran ýerlerini basyp almagy bilen baglanşykly Diýarbekirde watan tutupdyrlar.

XVI asyryň hindi taryhçysy ibrahim Harir özüniň “Taryh-I humaýun” diýen eserinde Akgoýunlylar Häzirbegjan we Yrak ülkelerinde seljuklar döwründe ýaşapdyrlar we seljuk soltanlary olara Diýarbekiri we onuň töweregini ikta görnüşinde sowgat beripdir diýip tassyklaýar. Emma bu maglumatlara tankydy nazar bilen çemeleşmek zerurdyr, çünki mongol

basybalyşlaryndan öňki döwürde Günbatar Aziýanyň taryhy bilen bagalanşykly wakalaryň içinde bu türkmen taýpalarynyň ady agzalmaýar. Bu barada “Tarih-i türkmeniýa” atly kitabyň berýän anyk maglumatlary hakykata ýakyndyr. Şol kitabyň ýazarynyň ýazmagyna görä Garagoýunlylaryň 30 müň öýliden ybarat uly bir topary öz serdarlary Töre begiň baştutanlygynda Çingiz goşunlarynyň zoryna höttde gelip bilmän ilki Mawerennahrdan Horasana, soňra bolsa ondanam Günbatara çekilmäge mejbur bolupdyrlar we Erzurym, Diýarbekir etraplarynda mekan tutupdyrlar.

Şeýlelikde garagoýunly we akgoýunly ili gadymy oguzlaryň- türkmenleriniň gös-göni nesilleri bolup çykyş edýärler.

Özara jet bolan garagoýunly we akgoýunly toparlary Ilhanlar döwletiniň gowşamagy netijesinde emele gelen täze türk-mongol begliklerine-garagoýunlylar Bagdatda höküm süren Jelairlere, akgoýunlylar bolsa Mosulda we Diýarbekirde agalyk eden Sotaý-Çopan emirliginde gulluk edipdirler. Sotaý ogullarynyň özara uruşlarda asgynlyk edip Anadola çekilmegi bilen akgoýunlylar Mardinde edara edýän artyklar bilen birleşip, Diýarbekire ornaşypdyrlar.

Mangol agalygynyň höküm süren ýyllarynda akgoýunlylaryň ýaşan ýeri Hulagu döwletiniň düzümine giripdir. Bu döwlet harby-aýerli edara ediji häkimlik taýdan ýarym özbaşdak deňliklere çalym edýän eýalatlara bölünipdir. Şol eýaletleriň biri hem Mosul, mardin we Diýarbekir ýerlerini öz içine alan we merkezi Mosul bolan Diýarbekir eýaletdir. Diýarbekir mongol türkmenleriniň (goşunynyň) aglaba köpçiligini Uýrat (oýrat) tiresi

düzüpdir. Şol wagt Diýarbekir türkmeniniň hökümdary Mulaý noýan bolupdyr.

Bu barlyşyksyz göreş Sotaýlaryň we umuman mongollaryň syýasy kuwwatyny düýpli suratda opyrypdyr we ahyr soňunda 1350-nji ýylda Ybragim patyşanyň ölümi bilen döwletiň gutarnykly synmagyna getiripdir. Ybragim patyşa ölenden soň özüni onuň ýerine emir diýip yglan eden pir Muhammet başga bir harby serkerde Hüseýin beg tarapyndan öldirilýär. Taryhy çeşmeleriň görkezmegine görä Hüseýin beg türkmen bolup, Akja Sakal lakamy bilen bellidir. Şondan bir ýyl geçenden soň 1351-nji ýylda Hüseýin beg başga bir türkmen serdary Baýram hoja tarapyndan öldirilýär. Baýram hoja gargoýunly taýpa serdarlarynyň ilkinji wekili hasap edilýär.

Az wagtdan Mosul Baýram hojanyň eline gelýär we şäheri onuň adyndan dogany Berdi Hoja edara edip başlaýar.

1366-nji ýylda Baýram Hoja Mardini gabaýar we öz garşysyna çykan artyklaryň güýçlerini derbi dagyn edýär. Şu waka bilen baglanşykly artykly hökümdary Mälik Mansuryň ilçisi Jelair soltanynyň huzuryna Bagdada baryp Baýram Hojanyň çapawulçylygy barada habar berýär we ony garagoýunlylara garşy ýörüş etmeklige çagyrýar. Soňky ýyllaryň baharynda Jelair soltany Uweýis garagoýunlylar bilen ilkinji gezek çaknyşypdyr we olaryň arasynda gandöküşlikli söweş bolup geçipdir. Şol söweşde Baýram Hoja ýeňilip öz uluslary we agşamlary bilen söweş meýdanynda gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Baýram Hoja 1380-nji ýylda ölüpdir. Şeýlelikde Baýram Hoja tükeniksiz dawalar zerarly öz içinden

ýumrylyp mongol döwletleriniň gowşamagyndan peýdalanyp garagoýunly güýçlerini birleşdirilen we olary döwlet tertibi görnüşinde jebisleşdiren ilkinji türkmen beglikleriniň biridir. Emma onuň edara ediş tertibi entäk doly derejede döwlet gurlyşynyň şekiline geçip bilkmändir we esasan tire taýpa saýuzynyň düzgünlerine daýanypdyr.

Baýram Hojanyň iki dogany bolup, olaryň biri ýokarda belläp geçişimiz ýaly Mosuly edara eden Berdi Hojadyr, ikinjisine Mysyr Hoja diýipdirler. Emma olaryň hiç biri hem garagoýunly ulusyna baştutanlyk etmändir we taryhy çeşmelerde ilkinji derejeli hökmünde seýrek agzalýar. Ilkinji garagoýunly begleriniň adynyň gapdalyna “hoja” sözüniň goşulmagy mongol unwallarynyň (titullarynyň) täsiri bilen baglanşykly bolmagy ähtimaldyr.

Baýram Hojadan soň garagoýunly ulusynyň baştutanlygyna Nasyr-ad-Din Gara Muhammet (1380-1389) geçýär. Gara Muhammediň edara eden ýyllarynda garagoýunlylar öz ýagdaýlaryny ep-esli pugtalandyrypyrlar we goňşy welaýatlara täsirlerini artdyrypdyrlar. Haçanda soltan Uweýsiň ogullarynyň arasynda tagt ugrunda dawa tutuşanda Gara Muhammet soltan Ahmediň tarapynda çykyş edýär we açyk meýdan söweşinde onuň bäsdeşleriniň güýçlerini derbi-dagyn edýär. Özem garagoýunly hökümdary soltan Ahmediň öňünde şeýle şert goýýar, ýagny garagoýunlylar soltan goşunlary goşulmazdan diňe öz güýçleri bilen söweşmeli we ýeňiş gazanan halatlarynda harby olja doly suratda olaryň eline geçmeli. Soltan Ahmet bu teklip bilen razylaşmaga we söweş gidip duran halaty bir gapdaldan syn edip durmaklyga mejbur bolupdyr. Bu

söweşde garagoýunlylar ýokary harby ussatlyk görkezip ajaýyp ýeňiş gazanýarlar we olaryň eline baý olja düşýär. Bu ýeňiş garagoýunlylaryň harby kuwwatlylygyny we syýasy abraýyny ýokary göterýär we şondan soň olaryň goňşy ýurtlaryň üstüne çapawulçylygy güýçlenip ugraýar.

**Eýran emir Teýmiriň dolandyran döwründe**.

1387-nji ýylda garagoýunly ýygynlary ilkinji gezek Teýmiriň goşunlary bilen çaknyşypdyr. Teýmir gyşy Garabagda geçirip Gündogar Anadola we Yraga garşy ýörişe taýýarlandy. Ýörişe başlamazdan öňürti Teýmir dartgynly ýagdaý döretmek we garagoýunlylara ýigrenji güýçlendirmek maksady bilen Gara Muhammedi Haja barýan teýmirlileriň raýatlaryny, söwda kerwenlerini talamakda aýyplap, oňa agyr günäler ýöňkäpdi. Emma hakykatda gepiň gerdişi garagoýunly beginiň Teýmiriň öňünde dyza çökmändigindedir.

Teýmir goşun serdary bilen maslahatlaşyp saýlama esgerlerden üç sany tümen (her tümen on müň esger) düzüp olary Gara Muhammediň garşysyna iberýär. Şol tümenleriň birine Teýmiriň uly ogly Miran şah , ýene birine Muhammet Mir , üçinjisine bolsa Şeýh Ali Ikbalşah Ýarguçi serdarlyk edýärler. Jülgelerde we dag geçelgelerinde amatly ýerleşýän ýerleri eýeläp Gara Muhammet duşmanyň goşunyna gaýtawul bermäge taýarlanypdyr. Teýmiriň köşk taryhçylary Hazifi Abru we Şaraf ad-Din Ali Ýezdiniň ýazmaklaryna görä Miranşah bu ýörişden baý oljalar bilen dolanyp gelipdir. Beýleki iki tümen barada aýdylanda bolsa, olar garagoýunlylaryň

zoruna çydaman yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar. Çaknyşyklaryň netijesinde teýmir goşun serkerdeleri Lada Hoja, Giýas ad-Din Parlasyň ogly Mälik öldürilipdir.

Ägirt uly Teýmir güýçleriniň garagoýunlylara garşy ugrandygyny görüp Gara Muhammet çalasynlyk bilen Çanakçir dagyna yza çekilipdir we çülge ýollarynda gizlin gabawlar gurapdyr. Haçanda san taýdan köp esse agdyklyk edýän Teýmir goşunlary Garagoýunlylary yzarlap dag çülgelerine girenlerinde Gara Muhammediň bukuda ýatan güýçleri duýdansyz ýagdaýda olaryň üstüne hüjüme geçipdir. Garagoýunly güýçleriň aýgytly hereketleri netijesinde çagataý goşunlary öz söweş tertibini ýitirip tertipsiz ýagdaýda baş-başdaklyk bilen yza çekilip ugrapdyrlar. Teýmiriň özi hem söweş meýdanyndan gaçyp gitmäge mejbur bolupdyr.

Ahyr soňunda garagoýunlylary doly suratda mynjyradyp , olaryň garşylygyny syndyryp bilmejegine gözi ýetenden soň , Teýmir Eýrana dolanypdyr hemde öz ýolunda gabat gelen ähli şäherleri , obalary talapdyr we ýukypdyr ýumrupdyr. 1388 –nji ýylda goragoýunlylar teýmiriň altyn orda hany Togtamyş bilen söweşmek üçin Mawerenahra gidendioginden peýdalanyp Töwrizi eýeläpdir we ol ýerden Jelair emirlerini kowup çykarypdyr. Emma türkmenleriň Töwrizde hökümdarlygy uzaga çekmändir. Güýçli içeri agzalalyklar zerarly tiz wagtdan olar Töwriizi terk etmäge mejbur bolupdyr. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Gara Muhammet 1389-njy ýylda başga bir türkmen emiri Gara Hasan bilen bolan söweşde heläk bolupdyr.

1391-nji ýylda garagoýunlylaryň ilkinji gezektöwrizi eýeläpdirler, emma Teýmir

goşunlarynyň ýakynlaşyp gelýändigini eşidip soňky ýyl şäheri taşlap gitmäge mejbur bolupdyrlar. 1393-nji ýylda Teýmir özüniň 1-nji Yrak ýörişine ugrapdyr we tiz wagtdan Bagdady Jelair soltany Ahmediň elinden basyp alypdyr.

Mosul we maridin ýerlerini boýun egdirip Teýmir öz goşunynyň sag ganatyny bölüp garagoýunlylaryň garşysyna ugradypdyrlar. Şeýle hem Teýmiriň ýakyn goşun serkerdeleriniň bir Burhan –oglanyň baştutanlygynda garagoýunlylara garşy iberilen goşun hem netijesiz dolanyp gelipdir. Teýmir bi az salym dynç alandan soň, Erzurumyň günorta gündogarynda ýerleşýän Awnik galsyny basyp almagy karar edipdir. Şol wagt galada Gara Ýusybyň agasy Mysyr Hoja edara edýärdi. 43-gün dowam eden dyngysyz hüjümden soň galany basyp almak Teýmir goşunlaryna başardypdyr. Teýmiriň Gruziýa ondanam Tohtamyşyň garşysyna uruşmak üçin Häzibeýjan, Yrak ýerlerinden gitmeginden peýdalayp Gara Ýusup öz dogduk mekany Erjiş şäherini gaýtaryp alypdyr. 1396-nji ýylda Gara Ýusup Mosuly basyp alypdyr we ony öz dogany Ýar Ala beripdir.

1400-nji ýylda Hindistan ýörişinden gaýdyp gelen Teýmir ýene-de Häzirbeýjanda peýda bolýar. Bu habary eşidip Gara Ýusup Wan welaýatyndan Mosula çekilýär. Teýmir uly goşun döredýär we ony Bagdady basyp almak üçin ugradýar. Bu habary eşidip dowula düşen Jelair soltany Ahmet uly bolmadyk goşunyň baştutanlygynda gizlin Bagdatdan çykyp Mosulda ýerleşen Gara Ýusubyň ýanyna ugraýar. Gara Ýusup soltan Ahmedi güler ýüz bilen garşylapdyr we oňa myhmansöýerlik bildiripdir.

Osman soltany tarapyndan Gara Ýusyba pena berilmegi Teýmiriň Ýyldyrym Baýýezide garşy ýöriş etmegi we olaryň arasynda 1402-nji ýylda

Ankaranyň etginde bolupgeçen gamdöküşikli söweş üçin esasy bahana bolup hyzmat edipdir. Teýmir 1401-nji ýylyň gyşynda Garabagda osman ilçilerini kabul eden wagtynda Gara Ýusuby jezalandyrmagyny, ýa-da elini-aýagyny zynjyrlap (gandallap) öz ýanyna ebermegini, kowup çykarmagyny talap edipdir.

Ýyldyrym Baýazide, beýle işler şergatyň düzgünlerine we adat däplerine ters gelýär, onsaňam Gara Ýusup meniň ganybir garyndaşym diýip bellemek bilen Teýmiriň talaplaryny ret edipdir. 1402-nji ýylyň başynda Gara Ýusup Yrak Arabystanyna gelipdir we Bagdadyň demirgazygynda Efrat derýasynyň ýakasynda ýerleşýän Hut galasynda düşläpdir. Şondan az wagt soňra ol Hilla gelip soltan Ahmede ogly Tahyryň pitnesini basyp ýatyrmaga kömekleşýär. Az wagt geçenden soňra Gara Ýusup Bagdada ýörüş edip şäheri eýeleýär. Jelair soltany Ahmet Bagdatdan gaçyp ilki Tikrit şäherine gelýär ol ýerden bolsa Siriýa (Şam) ugraýar. Gara Ýusup 1403-nji ýylyň ahyryna çenli Bagdatda galýar. Teýmir özüniň Anadoly ýörişenden ýeňişli dolanyp gelýärkä Gar Ýusubyň Bagdatda höküm sürýändigini eşidip onuň garşysyna Diýarbekir-Wasit welaýatlarynyň hökümdary öz agtygy Abu Bekir Mürzäniň baştutanlygynda uly bir goşun ýollaýar. Abu Bekiriň goşuny Luristanda hereket eden emir Rüstemiň goşunlary hem goşulýarlar. Gara Ýusup çagataý goşunlaryny Hillanyň günortasynda ýerleşýän Nahr ul-Ganem diýen ýerde garşylaýar. Abu Bekiriň we Rüstemiň goşunlary Efrat derýasyndan geçip garagoýunlylaryň üstüne hüjüm edipdirler. Şol garpyşykly söweşde Gara Ýusup

ýeňilipdir we Siriýa çekilmäge mejbur bolupdyr. Onuň dogany Ýar Ali söweşde ýesir düşip öldirilipdir.

Damask hökümdary Gara Ýusuby dostlukly garşylapdyr we oňa öz köşgüniň ýanyndan jaý beripdir. Az wagtdan bu ýere soltan Ahmet hem gelipdir. Emma uzak wagt geçmänkä Siriýä namestinligi Kairden Gara Ýusuby we soltan Ahmedi tussag etmek hakynda görkezme alypdyr. Gara Ýusup Damask galsynyň Burç ul-Hammam, soltan Ahmet bolsa Burç ul-Silsile diýen ýerde tussagda saklanypdyrlar. 1405-nji ýylyň başynda Şeýh Mahmyt Teýmiriň öldi habaryny eşidip bendileriň ikisini hem tussaglykdan boşadypdyrlar we olara baý sowgatlar beripdirler. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Şasm Walisi olaryň her haýsysyny 100 müň dirhem pul we 300 at sowgat beripdir.

Gara Ýusup Damask bendiliginde oturan wagty onuň kowum garyndaşlaryndan we esgerlerinden müňe golaý adam galanyň töwereginde onuň boşamagyna garaşyp durupdyrlar. Az wagtdan Gara Ýusup özüniň bir müň adamdan ybarat türkmen goşun toparynyň baştutanlygynda öz watanyna ugradypdyr. Ýüzüniň ugruna ol döger taýpasynyň baştutany Gökçe Isanykka sowlupdyr, soňra Mardine gelip ol ýerde ep-esli saklanypdyr. Ol ýerden garagoýunly emiri öz ýoluny Diarbekire çenli dowam etdiripdir. Ýolda duşmanlar bir ýüz segsen gezek onuň ýoluny bekläpdirler. Gara Ýusup şol päsgelçilikleriň hemmesini, Şeref Han Bidlisiniň ýazyşy ýaly dürli tärler arkaly batyrgaý söweşlerde "öz kuwwatly gerdeni bilen geçipdir". Soňra Gara Ýusup Diarbekirden Bidrise gelipdir we garaşyk

etmegini sorap şol ýeriň emiri Şamsuddine ýüzlenipdir hem-de oňa öz gyzyny nikalap beripdir. Şamsuddin Gara Ýusba Pasin etrabyny we Awnik galasyny begş edipdir. Şol ýerde geljekki belli garagoýunly hökümdary jahanşah dünýä inipdir. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä 1407-nji ýylda Gara Ýusup Mosulda gyşlagda oturan wagty Mardiniň, Süleýmaniýanyň, Zarkanyň kürtleri oňa goşulypdyrlar. Soňky ýyl ol Demirgazyk-Gündogar Anadolynyň ownuk begliof begrleriniň köpisini özüne boýun egdiripdir. Indi gündogar Anadolyda, Häzirbegjan, hem-de Yrakda öz agalygyny berkarar etmek üçin garagoýunlylaryň öňünde esasy päsgelçilik bolup duran güýç Teýmiriň agtygy Abu Bekriň baştutanlygyndaky teýmirli goşunlardy.

Teýmir 1404-nji ýylyň ýazynda Günbatar Aziýadan öz paýtagtyna ugramakçy bolanda Nibetabad diýen ýerde uly dabaraly toý tutup öz agtygy Miranşahnyň ogly Omar mürzany ozalky Hulagu döwletiniň ähli territoriýasynyň hökümdary diýip yglan edýär.

Teýmir ölenden soň onuň agtyklarynyň arasynda imperiýanyň tagty ugrunda güýçli agzalalyk başlaýar. Omar mürzä Sultaniýe şäherinde Abu Bekri tussag edipdir. Emma Abu Bekr türmeden gaçyp Horasana barýar we şol ýerde öz kakasy Mirenşaha birleşýär. Horasanda goşun ýygnap olar Yraga ýörüşe başlaýarlar we ilki Sultaniýe şäherine, soňra bolsa Töwrüzi eýeleýärler. Emma Teýmiriň agtyklarynyň hiç birine hem bütewi imperiýa baştutanlyk etmek miýesser bolmandyr. Teýmirler döwleti köp sanly özbaşdak we ýarym özbaşdak begliklere dargap ugrapdyr.

Şolaryň içinde Teýmirler üçin iň howplysy hem özüniň harby-syýasy görümini gün geldigiçe artdyrýan we eýýäm bir wagtdan bäri Teýmirler bilen açyk bäsdeşlige başlan garagoýunly taýpa soýuzy (ulusy) bolupdyr.

Abu Bekr öz dogany Omar mürze bilen uruşlardan elini boşadyp haýal etmän garagoýunlylara garşy urşup baslapdyr. Abu Bekriň ýörişende habarly Gara Ýusup goşunlaryny ýygnap söweşe taýyar bolup durupdyr.

Iki goşun 1406-nji ýylyň oktýabr aýynyň 14-ne Nahiçewanyň kyblasynda Arks derýasynyň boýunda Saad-Çukuri diýen ýerde duşuşypdyr. Iki gün dowam edn söweş netijesinde çagataý goşunlary söweş meýdanyndan başly barat yza çekilmäge mejbur bolupdyrlar, olaryň bir bölegi bolsa garagoýunlylara ýesir düşipdir.

Abu Bekir ilki Merende gelýär we garagoýunlylaryň kowgusynda howatyr edip ol ýerden Töwrize çekilipdir we şäheri rehimsizlik bilen talapdyr, soňra Soltaniýa şäherione çekilip şol ýerde ornaşypdyr. Özüniň gazanan ajaýyp ýeňişinden soň garagoýunly serdary Nahiçewana barýar.

Garagoýunlylaryň ýokarda agzalan ilikinji söweş üstünlikleri bilen baglanşykly Çohur-Saad, Meren, Nahiçewan, Şarur we Makul Gara Ýusubyň ygtyýaryndan geçipdir. Gara Ýusubyň Soltaniýa şäherinden gidenligini eşdip Abu Bekir ýene-de şäheri eýeläpdir. Soňky ýyllaryň ýazynda Abu Bekire bäş müň esgerlerden ybarat goşun Samarkantdan kömege gelipdir. Şol goşunyň serdary bilen bolan bir maslahatda Abu Bekir garagoýunlylara garşy ýene bir ýörüş gurmagy karar

edipdir. Abu Bekir bilen Gara Ýusubyň goşunlary ilkinji gezek 1408-nji ýylyň aprel aýyň 24-de Şenb-i Gazanyň golaýynda Serdrut derýasynyň boýynda duşuşypdyrlar. Geçen ýylky ajaýyp ýeňişleri bilen ruhlanan türkmenler bu gezek has aýgytly hereket edip birinji bolup hüjüme geçmek bilen yzly-yzyna çaltlyk bilen urulan zarplar netijesinde çagataý goşunlarynyň söweş tertibini bozxupdyrlar. Söweş meýdanyndan gaçyp başyny gutarmakdan başga alaç galmandyr. Onuň kakasy Teýmiriň uly ogly Miran şah hem şol söweşde öldirilipdir.

1409-nji ýylyň baharynda haçanda Gara Ýusup öz emirleriniň bir bölegi bilen Muş çölünde ýazlagda gezip ýören mahaly onuň ýanyna Mardin hömümdary Artykly Mälik Salyhdan çapar gelýär we akgoýunly serdary Gara Ýülük Osmanyň goşunlarynyň ardioniň üstüne ýöriş edip gelýändigini habar berýär. Gara Ýusup öz güýçlerini çaltlyk bilen Mardine tarap ugraýar we Amidiň golaýynda Gara Ýülügiň üstüne hüjüm edýär hem-de ony gaçyp gitmäge mejbur edýär. Şondan soň Gara Ýusup Mardine geläýär we öz gyzlarynyň birini Mälik Salyha nikalap berýär hem-de Mosuly oňa sowgat edýär.

Şonuň bilen bir wagtda garagoýunlylaryň Jelair hökümdary Soltan Ahmet bilen özara gatnaşyklary ýitileşýär. Soltan Ahmet Gara Ýusup Damask tussaglygynda ýatyrkalar dogan okaşýarlar we hemişe ylalaşykda ýaşamak hakynda kasam edýärler. Hatda olar Yrak arabystany Soltan Ahmediň edara etmeginde Häzirbeýjan bolsa Gara Ýusubyň soramagynda bolmagynda bolmadygy hakynda şertleşýärler.

Emma 1409-nji yylyň Şaban aýynda soltan Ahmet Töwrize Gara Ýusubyň üstüne ilçiler iberip özüne Hemadan örüsiniň berilmegini talap edýär. Gara Ýusup bu talaby red edýär we soltanyň ilçileriniň yzyna iberýär. Soltan Ahmet bu jogaba gaharlanypdyr we Gara Ýusubyň Elzinjana gidenliginden peýdalanyp şol ýylyň tomsunda garagoýunlylaryň paýtagty Töwrizi basyp alypdyr. Söweş 1410-nji yylyň awgust aýynyň 30-da Töwriziň eteginde ýerleşýän Şenbigazan meýdanynda bolup geçýär we türkmenleriň doly suratda ýeňişi bilen tamamlanýar. Jelair goşunlarynyň bir bölegi ýesir düşýär. Galany gaçyp gutulýar.

Soltan Ahmediň özüni bolsa söweş gyzgalaňly gidip durka bi türkmen urşyjysy atdan agdarýar we onyň egnindäki gymmat baha şaýlaryny we lybasyny syparyp alyp özüne gelmän gidibirýär. Gara Ýusubyň nökerleri soltany emiriň ýanyna eltip ondan Häzirbeýjany özüniň Damask tussaglygynda pata beren ogullygy Pir Badaga, Bagdady bolsa Gara Ýusubyň başga bir ogly şah Muhammede bagş edýändigi baradaky ýarlygy soltan möhüri bilen onuň elinden alýarlar we Gara Ýusubyň “Men onuň ganyna geçmäge ant içdim” diýip garşylyk görkezenligine garamazdan onuň jezalandyrylyp öldirilmegini gazanýar. Şeýlelikde Jelairiň döwletiniň ýerine türkmen çarwa begleriniň baştutanlygynda täze döwlet garagoýunlylar döwleti emele gelipdir.

1413-nji ýylda bu döwletiň düzümine Günorta Häzirbeýjan, Ermenistan, Kurdistan, Arabystan Yragy we Gündogar Anadolynyň bir topar ýerleri giripdir. Gara Ýusup Günorta Häzirbeýjany gösgöni özi edara etmek bilen döwletiň galan ýerlerini öz

ogullaryna mülkler görnüşinde paýlap beripdir. Döwletiň paýtagty Töwriz şäheri bolupdyr. Gara Ýusup 1411-nji ýylda Häzirbeýjan atly adamlaryny we türkmen begliklerini Töwrize çagyryp we olaryň gatnaşmagynda öz ogly Pir Budagy soltan diýip yglan edipdir. Pir Budag Damask bendiliginde dogulmak bilen soltan Ahmet Jelairden ogullyk patasyny alypdyr. Şol wagt türkmenleriň arasynda ýöräp gelýän ynanja we yryma görä diňe çingiziň nebereleri ýa-da şolar bilen garyndaşlyk gatnaşygy bolan kişiler han ýa-da soltan diýip yglan edlip bilinipdir. Pi Budak Jelair hökündarynyň ogullygy diýip hasap edileni üçin Gara Ýusup aňyrdan gelýän däbe görä ony özüne garanda soltan tagtyna has mynasyp diýip hasap edilipdir. Resmi kabul edilişikde Gara Ýusup ogluny altyn tagta çykaryp, onuň başyna soltan täjini geýdiripdir, altyn kemer guşadypdyr, özi bolsa beýleki emirleriň hatarynda onuň gullugynda durupdyr. Täze soltanyň hatyrasyna birnäçe gün dowam eden uly toý tutulypdyr. Gara Ýusup oglunyň adyndan we öz adyndan ähli soraýan welaýatlarynda mis we kümüş zikkeledipdir. Tagt dawalary 1412-nji ýylyň ýazynda Muş ýaýlagynda ýene-de dowam etdirilipdir. Şol ýylda Gara Ýusup bilen onuň iň ýakyn emirleriniň biri Yraki Ajemiň welisi Bistam begiň arasynda agzalalyk ýüze çykypdyr. Şonuň bilen bi wagtyň özünde Şirwanşah Şeýh Ibrahim, Şeki welisi Arlat Saýyida Ahmet we gruzin patyşasy Konstantin gün-ξünden güýçlenip barýan garagoýunly döwletine garşy ýörüş edýär.

Şirwanşahyň özüne boýun egmejegine gözi ýetenden soň Gara Ýusup Şirwanşah Ibragime we onuň soýuzdaşlaryna garşy urşa taýýarlanyp

ugraýar. 1412-nji ýylyň dekabr aýynyň 19-da Gara Ýusup Kür derýasyndan geçip soýuzdaşlaryň üstüne hüjüm edýär. Iki tarapyň arasynda tutaşan gazaply söweşiň netijesinde birleşik goşunlary ýeňlişe sezawar bolýarlar we olaryň köpisi garagoýunlylaryň agdyklyk edýän güýçleri tarapyndan ýesir alynýar. Şirwan şah özüniň Gara Ýusuba elgaramadygyny boýun alýar hem-de Şirwani edara etmek hukugyny oňa tassykladýar. Garagoýunlylaryň gün-günden artyp barýan güýç-kuwwaty we işjeň basybalyjylyk syýasaty geçmekleri olaryň goňşylaryny ynjalykdan gaçyrýar hem-de şirwanşahlary, akgoýunlary we teýmirleri garagoýunlylara garşy birleşmeklige iterýär. Orta Aziýanyň we Eýranyň hökümdary soltan Şahruk (1406-1447) on müň adamdan ybarat otrýady ýaraglandyryp Halil Soltanyň baştutanlygynda garagoýunlara garşy ugradypdyr. Emma teýmirli şazada mürze Isgenderiň garşylygy zerarly bu otrýad garagoýunlara ýetip bilmändir, onuň serdary Halil Soltan bolsa 1411-nji ýylda ýolda ölýär.

1414-nji ýylyň bäsynda Şahruk uly goşnyň baştutanlygynda Yraga ugraýar. Şonuň bilen bir wagtda ol teýmirli mürze Ibrahime habar edip gyşy Mazendarenda geçirmekçi bolýandygyny, soňra Gara Ýusubyň üstüne ýöriş etjekdigini we şol ýörüşe gatnaşmak üçin Ibragimiň taýýar bolup durmagyny tabşyrypdyr. Emma bu gezek Şahruha teýmir şazadasy Isgenderiň pitnesini ýatyrmak iş bolupdyr. Isgender Şahruha tabyn bolmakdan boýungaçyrypdyr hem-de oňa garşy bilelikde çykyş etmeklige çagyryp Şeýistanyň, Gandagaryň we Gerimsaryň hökümdarlaryna ýüzlenipdir. Şahruk Damganda ýerleşen Bistan begiň kömegi bilen Yspyhany basyp

alypdyr we ol ýeriň hökümdary Mürze Isgenderi tussag edipdir, onuň mülklerini bolsa beýleki şazadalara paýlanypdyr. Şonuň bilen hem Şahrugyň birinji Rak ýörişi tamamlanypdyr. Örän möhüm söwda we ykdysady ähmiýeti bolan Soltaniýe şäherini ellerinde saklamak üçin garagoýunlylar ähli güýç-gaýratlary bilen jan edipdirler.

Şondan soň üç-dört ýylyň arasynda Gara Ýusup teýmirliler bilen bilelikde hereket eden akgoýunly serdary Gara Ýülük Osman bilen birnäçe söweşler edip ony gysyp çykarypdyr. 1420-nji ýylyň başlaryna çenli Şahruga özüniň esasy bäsdeşleriniň garşylygyny basyp ýatyrmak we atasy Teýmiriň giň imperiýasynyň ersasy böleklerini bir bütewi döwleti birleşdirmek başardypdyr. Indi onuň öňünde garagoýunlylar tarapyndan edara edilýän Günorta Häzirbeýjan, Yrak we Eýranyň käbir welaýatlarynda öz agalygyny dikeltmek wezipesi durýardy. Şu maksat bilen Şahrug Gara Ýusuba Sadyk atly bir wekili ýollapdyr we Gara Ýusubyň özüne bolmagyny talap edipdir. Emma Gara Ýusup bu teklibi kabul etmändir. Bu gepleşikleriň esasy mazmuny onuň öňisyrasynda Gara Ýusup tarapyndan basylyp alynýan möhüm söwda we ykdysady merkezler bolan Soltaniýa we Kazwin şäherleriniň çagataýlara gaýtarylyp berilmeginden ybaratdyr.

Garagoýunlylary abaý-syýasat bilen dyza çökerip bilmejigini gözüni ýetirenden soň Şahrug uly goşunyň baştutanlygynda Gara Ýusuba garşy ýörişe ugraýar. Taryhy çeşmeleriň habar bermegine görä Şahrugyň goşunlarynyň sany iki ýüz müňe ýetipdir. Şol söweşe taýýarlygyň gidişinde garagoýunly goşunlaryň taryhynda ilkinji gezek tabşyryklary ýerine ýetiriji pyýada goşun otrýadlary

döredilipdir, çünki şol wagtlardan başlap galalary we ýörite goranyş berkitmelerini böwüsmek işlerinde pyýada goşunyň ähmiýeti artyp başlapdyr. Gara Ýusup doly söweş taýýarlygynda Şahruh bilen duşuşmak üçin Töwrizden ugrapdyr, emma ýolda keselläp 1420-nji ýylyň Noýabr aýynda 65 ýaşynyň içinde tarpa taýyn aradan çykypdyr. Gara Ýusubyň ölümi onuň goşunynda dowul we baş-başdaklyk döredipdir. Aýry-aýry emirleriň we Gara Ýusubyň aýallarynyň onuň ornuna ogullarynyň birini bellemek üçin eden synanşyklary netijesiz gutarypdyr. Gara Ýusup ölende onuň ýanynda biri hem ýokdy. Gara Ýusup ölenden soň onuň emirleriniň köpisi garagoýunly merkezini taşlap dürli taraplara dargap gidipdirler. Gara Ýusuby Wanküniň ýakasynda onuň dogduk mekany bolan Ejriş şaherinde öz ata-babalarynyň mazarynyň ýanynda jaýlapdyrlar. Gara yusup sowatsyz çarwa serdary bolmak bilen türkmen harby sungatynyň taryhynda özüniöweşjeň başarnygyny we özüniň guramçylyk ukyby boýunça öňe saýlanan iň görnükli patyşalaryň biridir. Ol özüniň önüp-ösen şertleriniň talabyna laýyklykda Çarwa adatlaryny we däplerini bäş barmagy ýaly gowy bilipdir we kowumdaşlaryny yzyna getirmegi başarypdyr. Gara Ýusubyň esgerleri at üstünde söweş tälimlerini ýerine ýetirmekde we ýaý atmakda şöhrat gazanan urşyjylar hasaplanypdyr. Ol ýeke geplik we tutanýerliligi bilen tapawutlanan hem bolsa gaharyny we şahsy bähbitlerini töwregiň talabyna laýyk başaran adam bolupdyr. Şahruh Gara Ýusubyň ölümi hakyndaky habary Reý şäheriniň eteginde eşidipdir. Emele gelen ýagdaýdan peýdalanyp ol mürze Baýsunkury Töwrizi eýelemek üçin ýola

salypdyr. Soltan Şahrugyň özi bolsa Soltaniýe şäherine tarap herekete başlapdyr. Atasy Teýmirden tapawutlykda Şahruh basyp alan ýerlerinde gandöküşikli ýykyp-ýumruşlary çäklendirmäge çalşypdyr. 1420-nji ýylyň ahyrynda Şahruh Araks derýasyndan geçip Garabagda gyşy geçirmek üçin düşläpdir. Bu ýerde onuň ýanynda çar tarapdan Häzirbeýjan emirleriniň resmi wekiller topary gelip özleriniň tabynlygyny aňladypdyrlar. Olaryň köpsi Gara Ýusubyň elgaramalarydy. Özleriniň tabynlygyny bildiren ýerli mülkdarlara Şahruh şol emirleriň hökümdarlyk edýän ýerleriniň olaryň eýeçiliginde galdyrylýandygyny tassyklaýan ýarlyklar gowşyrypdyr. Emma Häzirbeýjanda we Eýranda ýerleşen Şahrugyň goşunlarynyň ýagdaýy ýeterlik derejede berk däldi.

1421-nji ýylyň mart aýynda Şahruh Garabagdan Töwrize ugrapdyr. 1421-nji ýylyň mart aýynda Sinjaryň demirgazyk-günbatarynda Hatuniýa kölüniň ýakasynda Şeýh-Kendi diýen ýerde iki türkmen ulusynyň arasynda söweş bolup geçýär. Ertirden agşama çenli dowam eden şol söweş akgoýunlylaryň ýeňilmegi bilen gutarypdyr. Şu söweşde iki tarapdan hem köp adam ölüpdir. Akgoýunlylaryň üstünden gazanylan ýeňiş garagoýunlylaryň kuwwatyny we täsirini ep-esli derejede ýokary göteripdir. Akgoýunlylaryň Şirwanşalarynyň we beýleki raýdaşlar güýçleriniň goldawyna daýanmak bilen Şahruh garagoýunlylaryň ýaragynyň zory bilen dyza çökermek üçin amatly pursat geldi diýen karara gelýär we Iskenderiň garşysyna ýörüşe taýýarlanmak üçin buýruk berýär. Hazifi Ebrunyň ýazmagyna görä Isgender we Ispend teýmirli soltanyna ýaraşyk teklip edip ilçiler

iberipdirler, emma bu teklip kabul edilmändir we iki tarap hem söweşe taýýarlanyp başlapdyr. Türkmenler Şahrygyň pilli goşunyndan has beter ätiýaç edipdirler. Çünki olarda pil üstünde uruşýanlara garşy söweş tejribesi ýokdy. Türkmenleriň hiç wagt söweş meýdanynda pil görmändirler. Şonuň üçin söweşjeň taýýarlyk tälimleriniň dopwamynda olar ullakan öküzleri pahal dykylan ganarlardan basyryp, onuň daşyna bolsa dürli matalar orap söweşjeň pilleriň şekilini döredipdirler we üstüne ýaragly esgerler we agaçdan ýasalan garantgylar otyrdypdyrlar we at üstünde ýalan "pilleriň " üstüne hüjüm edipdirler. Munuň özi hakyky pillerden gorknasyn diýip edipdirler. 1421-nji ýyllaryň iýul aýynyň 30-da garagoýunlylar bilen teýmirleriň arasynda söweş başlanypdyr. San taýdan çagataýlar garagoýunlylardan 3-4 esse artykmaçlyk edipdir. Olaryň tarapynda Orta Aziýa goşunlaryndan başgada köp sanly günbatar Häzibed\gjan emirleriniň ýygynlary, şiwan goşuny we Gara Ýülük Osmanyň taýpa goşun güýçleriniň bir bölegi söweşipdir. Söweşiň başlangyç etabynda türkmenlere birleşip goşunlaryny ep-esli gysyp yza serpikdirmek başardypdyr. Emma Şahruhyň ätiýaç üçin duran pilli we düýeli goşunlary söweşe salmagy çaknyşygyň yk\balyny kesgitläpdir. Üç gün dowam eden gazaply söweşiň netijesinde garagoýunlylar ýeňlişe sezewar bolupyrlar. Türkmenler şol söweşde uly ýitgi çekipdirler we talanypdyrlar. Köp adamlar şol sanda aýallat we çagalar ýesir alynypdyr.

1427-nji ýylda Isgender ýöriş edip Şemahini talapdyr we öz paýtagtyna baý olja bilen dolanyp gelipdir. Soňky ýyl ol teýmirlilere degişli bolan

Soltaniýa, Ahbar, azwin ,we Zenjan şäherini basyp alypdyr. 1429-njy ýylyň aprel aýynda ol reý şäherine gelipo ýetýär we şol ýerde hem urşa taýarlanyp goşunyny söweş tertibine täzeden düzýär. Şol döwüriň çeşmeleri soltan Şahruhyň sany 100 müň atlydan az bolmandyr diýip kesgitleýärler. Işkender Selmas galasynyň golaýynda söweş ýerleşýän ýerini eýeläpdir. Onuň söweş üçin saýlap alan meýdany bir tarapdan dag bilen, ikinji tarapdan derýa bilen gurşalyp alnan ekeni. Şeýlelik bilen ol goşunyny duşman tarapdan gabalmak howpyndan kepillenmedik hemem amatly tebygy şertlerden peýdalanmak isläpdir. Garagoýunlylaryň goşunynyň sany ýaý atyjy pyýada otradlar bilen bilelikde 50-müňede ýetmändir. Runama aýynyň 17- de başlanan we iki gün dowam eden bu gandöküşükli söweş Şahruhyň ýeňişi bilen gutarypdyr. 1434-nji ýylada Isgenderiň goşunlary Şirwana çozup giripdirler.bu çozuş mongol ýagyçylygyndan soň iň bir tozgunçylykly urşy bolupdyr. Isgenderiň goşunlary rehimsizlik bilen bag-bakjalary, aýratyn hem Şirwanyň abadançylygynyň esasy bolan tut agaçlaryny uçtan tutma çapyp ýok edipdirler. Şemahy derbi-dagyn edipdirler. Dagda we düzde ýaşaýan ilatyň köp bölegi rehimsizlik bilen gyrylypdyr. Şeýle ýagdaý bütin bir ýyl dowam edipdir. Ahyr soňynda Halilullah öz penakäri soltan Şahruha kömek üçin ýüzlenipdir. Haçanda soltan Şahruhyň goşunlary Töwrize girenlerinde Isgenderiň dogany mürze Jahanşahyň çagataý hökümdarynyň öňünden çykyp özüniň oňa tabyn bolýändygyny habar beripdir. Az wagt Töwrüzde bolandan soň Şahruh Häzirbegjanyň edarasyny Jahanşaha taşlap gyşy geçirmek üçin Arran Garabagyna ugrapdyr. Iki

doganyň goşyny Töwriziň eteginde Sufýan diýen ýerde duşuşypdyr. Söwaşde Isgenderiň goşuny derbidagyn edilipdir, özi bolsa gaçyp Alynjak diýen galada gizlenipdir. Şol ýerde Isgenderiň Şah Kubat diýen ogly onyň aýallarynyň biri bilen dil düwüşip serhoş halda ukyda ýatyrka kakasyny öldüripdir we onyň kellesini Jahanşaha iberipdir. Öz doganynyň hem duşmanynyň ölümini eşidip Jahanşan köp şatlanypdyr we şu mynasybetli kabul edişik gurapdyr. Şol bir wagtyň özünde hem ol doganynyň öz elinden ölendigine şükür edipdir. Isgenderiň ölümine özüniň hiç-hili gatnaşygynyň ýokdugyna halky ynandyrmnak üçin ol Isgenderiň jesedini abraýly ýagdaýda Töwüzde jaýlamagy buýrupdyr we onuň mazarynyň üatüne äpet gümmez galdyrypdyr. Ol gümmez häzir hem Töwriziň iň gözel ymaratçylyk ýadigärlikleriniň biri hökmünde saklanyp galypdyr. Özüniň gazaply doganyndan dynanyndan soň Jahanşah el garamasay hökümünde Häzibeýjany ýeke-täk edara edip başlapdyr. Ol her ýyl Şahruhyň köşgüne baý sowgatlar iberip durypdyr. Jahanşah1435-1467-nji ýyllarda Garagoýunly patyşanlaryň arasynda meşhur bolup, onuň döwürinde döwlet öz kuwwatynyň we syýasy bütewiliginiň ýokary derejesine baryp ýetipdir. Özüniň teýmirlere bakna ýagdaýyna mejbury kaýyl bolup Jahanşah tä Şahruh ölýänçä olaryň garşysyna haýsydyr bir duşmançylykly hereket etmekden saklanypdyr.

Soltan Şahruh ölenden soň, (1447) Jahanşah özüni garaşsyz döwletiň baştutany hökümünde alyp barypdyr.

Soltan Şahruhyň bäş ogly bolup Ulug-beg, Mürze, Ibrahim, Mürze Baýsunkar, Mürze

Süyrgatmyş we Mürze Muhammet dagydyr. Olaryň Mürze Ulug-begden başgasy Şahruh dirikä ölüpdir. Şahruh ölenden soň, onuň imperiýasy hakykatdan üçe bölünýär: Merkezi Samarkant bolan Mawerennahrda we Türkmenistanda onuň ogly Ulug-beg tagta çykýär: Merkezi Great bolan Horasanda Ala uddaula ben Mürze Baýsunkar, Yrak we Fars ülkelerinde bolsa onuň dogany Mürze Soltan Muhammet hökümdarlyk edýärler.

## Eýranda Akgoýunly türkmenleriniň döwleti.

Bu döwletiň düýbi 1350-nji ýyllarda Akgoýunly türkmen döwleti tarapyndan tutulýar.Ýöne bu döwlet öz türkmen döwleti Garagoýunlary ýeňýänçä sebitde öz täsirini ýaýradyp bilmändir.Akgoýunlylar oguzlaryň baýandyr urugyndan bolup,olar oguzlaryň düker,baýat,çepki taýpalaryna esaslanyp güýçlenýärler

Tur Aly begiň döwründe bolsa akgoýunly türkmenler Trabzon Rum soltanlygyna hüjüm edýärler. Trabzon imperatory bu hüjümleriň öňüni almak üçin Akgoýunly begiň ogly Gutly bege öz gyzyny beripdir.

Gutly begiň ogly Ahmediň döwründe,Akgoýunlylar Garagoýunlylar döwleti bilen birnäçe gezek söweşipdir.Akgoýunly döwletiniň syýasy täsiriniň ösmeginde Ahmed begiň dogany Gara Osmanyň ýa-da Gara Ýülügiň orny ulydyr.Ol özüniň gaýratlygy bilen beýlekilerden tapawutlanypdyr.Gara Osman 1389-njy ýylda Kazy Burhaneddiniň elinden Şiwasy basyp alýar.Ol Osmanlylaryň gol astyndan çykmanlygy üçin Osmanlara garşy Müsüriň Menlýuk soltany Berkuk bilen ylalşýar.Soň bolsa Teýmirleň Anadola ýöriş edende ol ony parahatçylykly garşylaýar we onuň penasyna girýär.Teýmirleň bolsa ony Diýarbekire hökümdar edip belleýär.

Garagoýunlylar bilen Akgoýunlaryñ arasyny has ýitileşdiren zatlaryň biri hem Gara osmanyň ogullarynyň biri Alybegi garagoýunly soltan Gara Ýusubyň nökerleri tutup, zyndana salýarlar

Aly beg köp wagt zyndanda oturýar.Onuň zyndandan sypmak nesibesi Teýmirleniň ogly , Şakrukyň Azerbeýjana garagoýunlylaryň üstüne ýeňiş etmegi bilen amala aşýar, Aly begiň ýatan zyndanyna Şahruhyň ogly Baýsenger baryp,ony zyndandan çykarypdyr.

Alybegiň beýleki ogly Hasan beg pursatdan peýdalanyp Diýarbekiri basyp alýar.Soňra bolsa dogany Jahangiriň bolýan şäheri Mardine ýöriş edýär hem-de şäheri gabaýar.Ýöne bu ýerde Hasan beg doganyna garşy uruşmazlygy töwella edip, olaryň enesi Sara hatyn ýüz tutýar.Şundan soň Akgoýunly döwletiniň iň ösen döwri bolan Uzyn hosanyň döwri başlanýar.Uzyn hasanyň hakyky ady Hasan bolup, onuň boýy uzyn bolandan soň oňa Uzyn Hasan diýipdirler.Ol şu at bilen hem taryha giripdir.

Akgoýunlar döwletiniň döwlet diýip atlandyrylmagy, onuň nyşany bilen baglanşyklydyr. Akgoýunlylar türkmenleriň dessurlaryna gaty berilen adamlar bolupdyr,hökümdar Uzyn Hasan baýandyrlaryň gadymdan gelýän tagmasyny- döwlet nyşany, Akgoýunly döwletiniň baýdagyna nyşan höküminde goýupdyr,şonuň üçin hem bu döwletiň ady Akgoýunly diýilip atlandyrylypdyr.

Akgoýunly türkmenleriň döwleti Uzyn Hosanyň 1453-1478 ýylyň döwründe gülläp ösýär. Bu döwürde onuň ýerleri giňelip,döwletiň güýçli ösen derejä ýetýär. Akgoýunly döwletiniň paýtagty Tebliz bolupdyr.

Uzyn Hosan özüne patyşa titulyny alyp,soň onuň nesilleri hem göteripdir.

Uzyn hosanyň döwründe akgoýunlylar garagoýunlylar bilen söweş göreş alyp barypdyrlar.1467-nji ýylda Muşyň

(Ermenistanda) ýakynyndaky söweşde akgoýunly döwletiniň şasy Jahan şanyň goşunlarynyň derbi-dagyn edýärler.

Uzyn hosan Ýewropanyň we Aziýanyň köp döwletleri bilen diplomatiç gatnaşyk saklapdyr.

Patyşanyň köşgine Rusdan, Wenesiýadan,Wengriýadan Awstriýadan,Polşadan we beýleki döwletlerden ilçiler gelipdirler,bu gatnaşyklary olaryň arasyndaky söwda we syýasy ýagdaýlar has berkidipdir ,daşary syýasatlar döwletde Aziýada we Ýewropada diplomatiki ukyplylygy bilen meşhur bolan Uzyn Hasanyň ejesi Sara hatyn uly rol oýnapdyr.

XV-asyryň ortalarynda gündogaryň beýleki döwletlerinde bolşy ýaly ,Akgoýunly döwleti hem osmanlylaryň basyp alyşlaryndan howatyrlanypdyr.

Osman basyp alyşlary Wenesiýa ,Wengriýa, Polşa,Awstriýa we Ýewropanyň beýleki döwletlerine howp salypdyr.Olar Uzyn Hasana osmanlara garşy durup biljek güýçli soýuzdaş hököminde seredipdirler we onuň bilen ýakynlaşypdyrlar.

XV-asyryň 60-70-nji ýyllarynda Wenesiýa senaty öz ilçileri bolan Hozago Kwirinany, Katerino Zerony,Ýozeta Barbarany Abrodin Koptaliany Teblize goýberipdir.Olar Akgoýunly döwletine bolan syýahatda gymmatly ýazgylary ýazyp galdyranlygy bilen hem belidir.Uzyn Hosanyň ilçileri hem Wenesian köşgünde arzyly we hormatly myhman bolupdyr.Wenesiýanyň ilçisi Ambrojo Kontarini Akgoýunly döwletiniň patyşasy bilen osmanlara garşy bilelikde hereket etmek baradaky plany ylalaşýarlar.Şol wagt onuň köşgünde wenger ýaly we polýak ilçiler hem bolupdyr.Ýöne Uzyn hosanyň Ýewropa döwletler,bilen soýuz baglanyşmak başartmaýar.Munuň esasy sebäbi bolsa onuň talap eden ýönekeýje talaby bolan,ozüniň çekýän därilerine we toparlaryny kömek soranda oňa ýüz öwrülmegidir. Şol bir wagtda özünde bolsa osmanlylar bilen uruşlaryň gutlugsyzlygy ýüze çykypdyr.

Osmanlar garşy bileleşige baştutanlyk edýän Uzyn Hasany özüniň esasy duşmany hasaplaýan osmanlylar bilen akgoýunly türkmenleriň arasyndaky uruş 1472-nji ýylda başlapdyr we ol Kiçi Aziýada bolup geçipdir,1473-nji ýylda Molasiýanyñ (Ýefratda) ýanynda bolan söweşde Uzyn hosan ýeňiş gazanypdyr.

Bu ýerde bilmeli zatlaryň biri hem osman imperiýasynyň basyp alyjylykly syýasaty bu iki türkmen döwletiniň arasynda uruş bolmagyna getirýär.Ýogsam Uzyn Hasan osmanlylar Trabzonyň ýerlerini basyp almazyndan öň öz dogany Jahangiriň ogly Myrady Istanbula Muhammet Fath soltanyň köşgüne Istambula iberýär Myrat soltana baryp Trabzona garşy el çekmegi soraýar, emma osmanly soltan ony Kabul etmeýär.Akgoýunly şasy Uzyn Hosanyň Trabzonyň tarapynda durup çykyş etmegiň sebäbi onuň ejesi Sara hatyn we aýallarynyň biri şol dinastiýadan bolupdyr. Ondan başgada Akgoýunlylar onuň bilen soýuzdaş bolupdyr.

Osmanly çozuşlaryň öňüni alandan soň Uzyn Hasan goňşy döwletleriň üstüne ýöriş edýar .1453-nji ýylda Diýarbekiri eýelerýär.

Uzyn Hasanyň iň şowly ýörişleriniň biri hem onuň Gruziýa eden ýörişidir.Ol 1477-nji ýylda Gruziýa eden ýörişinde ýurdy tozdyryp köp olja alypdyr,bulardan başgada 5-sany ýesir alyp gaýdyp ony ýasawularyna paýlapdyr.

Akgoýunlylar döwleti özüniň ösen döwründe Rus kniýazlary bilen hem gatnaşyk saklapdyrlar.Esasan hem olaryň gatnaşyklary ykdysady häsiýete eýe bolan bolmaly.Kaspiniň we Wolganyň üstünden edilýän söwda gatnaşyklary täjirlariň ünsini çekip bilipdir.Ondan başgada ruslar bilen syýasy gatnaşyklar hem bolupdyr.Wenesiýan ilçisi Kontanini 1475-nji ýylda Uzyn Hasanyň köşgünde moskwaly ilçi Mark bilen duşandygyny ýazypdyr,soň ol Şemadany rus ilçihanasyna ýolbaşçylyk edipdir

Belli rus syýahatçysy << üç deňziň aňyrsynda syýahat>> Işiniň awtory Nikita Afanasiý Hindistandan gaýdyp gelýärkä Tebriziň golaýynda Uzyn hosanyň lagerinde on güne golaý bolýar we bu barada ýazyp galdyrýar.

Uzyn Hasanyň alyp barýan içeri syýasaty barada gürrüň edenmizde, bolsa ol merkezi häkimiýeti güýçlendirmek, administratiw gurluşy üýtgetmek barada çäreler geçiripdir. Uzyn hasan döwletiň öňki daýanjy bolan harbylaryň deregine ruhanylara daýanmak isläpdir.Onuň ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde bolan eden çäreleriniň biri hem onuň salgyt reformasyny geçirmegi we <<kanunnamasynyň>> çap edilmegidir.Bu barada bolsa,indiki bölümde giňişleýin seretmeli.

Umuman aýdanyňda bu döwürde akgoýunlylar döwleti özüniň şsüşinde ähli ugurlardan ýokary derejä ýetipdir.

Akgoýunly döwletiniň döwlet gurluşy barada gürrüň edilende,ol özüniň içki gurluşy boýunça Garagoýunly döwletinden tapawutlanypdyr,Akgoýunly döwletiniň hökümdarlary çarwalaryň harby han-beglerine daýanypdyr.

Akgoýunly döwletinden patyşadan soň döwletde ikinji adam, patyşa tarapyndan bellenilýän goşunbaşy Emir-al-Umar (emirleriň emiri) hasaplanypdyr.Bu wezipäni köplenç patyşanyň garyndaşlarynyň biri eýeläpdir.akgoýunly döwletinde weziriň hem häkimiýeti abraýly bolup,baş wezir döwletiň administratiw dolandyryşyny we daşary syýasaty alyp barypdyr.Döwletiň ykdysady ,maliýe işlerine diwanyň başlygy ýolbaşçylyk edipdir.Döwlet birnäçe welaýatlara bölünip onuň başynda dikmeler durupdyr.dikmeler sud Işlerini çözüpdirler we ýaragly otrýadlara seredipdirler.

Musulman ruhanylarynyň arasynda iň ýakyn adam beýik Sadr bolupdyr.Onuň garamagynda girdeýjiler bilen bilelikde wakf ýerleri, metjitler we medreseler bolupdyr.

Akgoýunly döwletinde goşunyň esasy iki görnüşi bolup olaryň birinjisi patyşanyň gwardiýasy bolup, beýlekisi bolsa dikmeleriň baştutanlygyndaky goşun bolupdyr.

Mundan başgada begzadalar tarapyndan düzülýän ýygynlar hem bolupdyr.Goşun ok, ýaý,gylyç, naýza we galkan bilen ýaraglanyp,onda az sanly toplar hem bolupdyr.Akgoýunly döwletiniň goşunyň sany barada gürrüň edilende bolsa onuň soň 100-müňe ýetendigini onuň döwürdeşleri aýdypdyr.

XV-asyrda Akgoýunly döwletiniň ykdysadyýeti gülläp ösüpdir.Bu döwürde onuň paýtagty Tebliz ösen söwda we hünärmentçilik merkezleriniň biri bolupdyr.Bu barada 1403-nji ýylda Tebrizde bolup gören ispaniýaly Klowino syýahatçy ýazgy galdyrypdyr.ol barada gyzykly ýazgy galdyrypdyr.Ol dagdan gaýdýan derýa şäheri kanallaryň köpligi bilen bolýar.Tebrizde owadan uly kaşaň jaýlar we metjitler ,üsti basyrlan bazarlar bolup, onda ýüpek we nah matalar,taşta,ýüpek,gymmat bahaly zergärçilik önümleri şeýle hem dürli atyrlar we zenanlar üçin ýüze çalynýanýaglar satylandygy aýdylýar. Klowinanyň görkezmegi boýunça şäheriň ilaty 200-müňe çenli ýetipdir.

Tebrizden başga Akgoýunly döwletiniň ösen şäherleri Şemah we Derwend bolupdyr. Akgoýunly döwletiniň ykdysadyýetinde ekerançylyk hem beli bir orun tutpdyr.Ekerançylykda däneli ekinler ,bakja önümleri we miweli agaçlar öndürilipdir.

Ýer eýeçiligiň görnüşleri barada gürrüň edeňde kiçi Aziýanyň döwletlerinde adat bolşy ýaly,Akgoýunly döwletinde-de hem döwlet ýerleri- diwan dinastiýasynyň agzalaryna degişli hassa ýerler we nesilden –nesle geçýän mülk ýerler bolupdyr, bulardan başgada musulman dini ruhanylaryna degişli wakyf ýerler bolupdyr

Öňki ikta ýerleriň ornuna sürügal ýerler berilip, käbir adamlarda sürgal görnüşinde 100 köpräk obalar bolupdyr,sürgal ýerler nesilden-nesle geçip ,onuň eýeleri sahit-

I-sürgal diýilip atlandyrylypdyr.Ol özüniň şol alan ýerleri üçin goşun bermäge we biraz salgyt tölemäge borçly bolupdyr.

Ýöne onuň ýerlerinde döwlet emeldarlarynyň hiç-hili gatnaşmaga hukugy bolmandyr.Sahib-i-sürgal öz ýerinde doly häkimiýeti elinde saklap salgyt we sud meselelerini arkaýyn çözüp bilipdir.

Akgoýunly döwletinde halkyň durumş ýagdaýlary barada gürrüň edeninňde bu döwüriň ýyl ýazgylarynda 30-dan gowrak salgydyň görnüşiniň bolandygyny aýdýar. XV-asyryň 80-nji ýyllarynda Akgoýunly döwletinde halk çykyşlary bolupdyr.1488-nji ýyl Manin welaýatynda Topal ahmediň baştutanlygynda feodallaryň agyr salgytlaryna we yzygiderli uruşlara garşy gozgalňa başlapdyr.Ony akgoýunly döwletiniň patyşasy Ýakup Uly kynçylyk bilen basypýatyrypdyr.Soň Tebriziň eteginde tolgunşyklar bolýar we olaryň hemmesi basylyp ýatyrylýar.

Uzyn Hasan ölenden soň Akgoýunly döwletinde tagt ugrundaky dawa başlaýar.Ol göreşde Ýakup patyşa öňe saýlanypdyr.Ýakyp patyşanyň döwründe (1478-1490)Akgoýunly döwleti öňki şöhratyny saklap bilipdir.Ýakubyň döwletinde 1480-nji ýylda Bijan ogly Süleýman begiň baştutanlygyndaky goşuny osmanlylaryň goşunyny ýeňýär we Baýazit II ýaraşyk soramaga mejbur bolýar. Ýöne eýäm Ýakubyň döwründe döwlet içinden gowşap başlaýar,üznüksiz agyr salgytlar, yzygiderli uruşlar we feodallaryň hem emeldarlaryň özbaşdaklaryna ymtylmagy ýurdy pese düşüp başlapdyr.

Sürgal ýerleriň eýeleri patyşanyň häkimiýetini äsgermäni özbaşdak özbaşdak güýçlenip başlapdyrlar.

Ýakup patyşa ölenden soň XV-asyryň 90-njy ýyllarynda Akgoýunly döwletiniň tagtyna 8-sany bäsdeş geçmäge synanşypdyrlar. Şol özara uruşdan soň tagta Rüstem patyşa (1492-1497)geçýär.

Rüstem patyşadan soň tagta geçen Ahmet patyşa (1497ýyl) özüniň hökümdarlyk eden az wagtynyň içinde sürgal ýerleriň möçberini azaldyp olaryň elinden öz sürügal ýerlerindäki häkimiýetini çäklendirip nesilden-nesle geçmegini ýatyrmak isläpdir.Ýöne bu wagta çenli gowy güçlenen han begler onuň hereketiniň öňüni alypdyrlar we ony öldüripdirler.

Mundan soň ýenede özara tagt ugrundaky göreşler başlapdyr.

Iki ýyla çeken özara tagt ugrundaky göreşler Akgoýunlylar döwletini düýpli pese gaçan döwlet 1499-nji ýylda iki bölege bölünipdir.

Azerbeýjanyň we Ermenistanyň birnäçe welaýatlary giren bölegine Gulwend Mürze patyşalyk edipdir.

Akgoýunly döwletiniň ikinji bölegine patyşalyk edýän Myrat şanyň gol astyna Yrak we Farsa geçipdir.

Bu bölünen iki döwlet hem uzak ýaşamandyr 1501-nji ýylda sefewi şasy Ysmaýyl I Elweniň döwletini,1503-nji ýylda bolsa Hemedanda bolan söweşdeYsmaýyl I Myraty ýeňýär.Şondan soň özara uruşlaryň netijesinde tapdan gaçan Akgoýunly döwleti ýaşamagyny bes edýär.Onuň ýerine Sefewi türkmenleriň döwletini gurdylar.

## Eýran giçki orta asyrlarda

Sefewiliriň döwleti gyzylbaş taýpalarynyň hereketi bilen baglanyşykly bolupdyr. Olaryň baştutany Ardebiliň sopy-derwüş ordeniniň başlygy Sefi ad Din Iýehan (1252-1334) bolupdyr. Ol belli derwüş şeýhi Zahidiň okuwçysy we giýewsi bolupdyr. XV asyrda Sefi ad Diniň 7-nji şaýy ymamy Musa Kazimiň ( 799) 21-nji arkasy diýlip gürrüň döredilipdir. Ýöne alymlar onuň gelip çykyşy boýunça kürt, ynanjy boýunça-da sünni bolandygyny anyklapdyrlar.

Sefi ad-Diniň şeýh Zahidiň ornuna gelmagi bilen onuň abyraýy artyp ugraýar. Onuň köp muritleri bolupdyr.

XV asyryň ortalaryndan sefewileriň esasy daýançlary Azerbeýjanyň we kiçi Aziýanyň şaýy dinine uýýan we Orleanlylara oppozisiýada duran türki çarwa taýpalary bolupdyr. Başda özlerini sefewileriň muridi diýip yglan eden 7 sany türki taýpa bolupdyr: şamly, rumly, ustajly, afjar, gajar, tekeli we zulkadar. Soňra olaryň sany has hem artypdyr. XV asyryň 2-nji ýarymynda bular gyzylbaş adyny alypdyrlar.

Söweşjeň türkileriň sefi ordenine girmegi hereketiň häsiýetini üýtgedýär. Başky şeýhler asuda derwüşler bolan bolsa Juneýit şeýh (1460-da öldürilen) We Haýdar (1488-de öldürilen) döwründe sopyçylyk ikinji ulaňa geçip, birinji orna "gäwürlere garşy mukaddes uruş" tutupdyr.

Jüneýit we Haýdar gyzylbaşlary şeýle hem talişlara we garadaglylara daýanyp Gruziýa, Trakezund patyşalaryna çozuş gurup durupdyrlar. Her gezek gruziýa çozanlarynda gyzylbaşlar Şirwanyň territoriýasyndan geçipdirler, bu bolsa şirwan şalary bilen uruşa getiripdir. Şol söweşlerde Haýdaram, Juneýidem öldürilipdir. Haýdar ölenden soň Ýakup Akgoýunly Ardebili alýar (1488), şonda onuň ogullaryny hem alypdyr. Ýöne onuň iň kiçisi Ýsmaýyly (1487 doglan) wepaly gyzylbaşlar bilýanda gizläpdirler.

XVI asyryň başlarynda Eýran bütewi döwlet bolmandyr. Onuň köp bölegi Tumuritleriň, beýleki bölegi Akgoýunlaryň elinde bolupdyr. Emma 1500 ýylda Akgoýunlylaryň döwletem ikä bölünipdir Ýrak we Azerbeýjan Ermenistan. Ýurtda nägilelik güýçlenýär. Mundan bolsa gyzylbaşlar peýdalanýarlar. 1498-1500 ýyllarda Akgoýunlylarda tagt üstünde göreş başlayar. Bilşimiz ýaly ol ýurduň ikä bölunmegi bilen gutarýar.

1499-da gyzylbaşlar baş göterýärler. 12 ýaşly Ýsmaýyl öz halypasy Hüseýin beg Şamly bilen Bilýandan ustagilylaryň örüsine gelýärler. Ol şatlyk bilen garşylanýar. 300 gyzylbaş bilen Ardebiliň alkymyna gelýär. Ýöne alyp bilmeýär. Şonuň üçin hem olar Garabagyň we Erzinjanyň üsti bilen günbatara

gitmegi makul bilýärler. Sebäbi olar kiçi aziýaly sülsatlara bil baglapdyrlar. 1499-yň ahyryna çenli Ýsmaýylyň 7 müňe golaý goşuny bolypdyr. Olar Şirwaniýaly Ferruh Ýasaryň garşysyna ýörüş edip 1500 ýylda Şemahany we Bakuwy eýeleýär. Ýöne Şirwany alyp bilmeýäler. 1501 -de Gyzylbaşlar Alwand Akgoýunlyny ýeňip Töwrizi eýeleýärler. Soňam bütin Azerbaýjany eýeleýärler. 1502-de 15 ýaşly Ysmaýyl Eýranyň şalar šasy diýip yglan edilýär. Onuň birinji eden işi 12 ymamy magtaýan, 3 halifi näletleýän hutba girizýär. Ýogsam towriziň 2/3 alaty süymi bolupdyr.

1503-de Islamlinyň (1502-1524) gaýuny Myrat Aýnogoýulyýyň goşuliny (Yrakdaky) eýar we ol Bagdada gaçýar. 1503-1510 ý. gizimbaylar Közeni, Kaýamy, Kuli, Şirat iýezdi alýarlar, 1506-1510 ý. Ermenistan, Kurdistan we Iran, Bagdad bilen belemende alýarlar.

1507-de Timuriýetleriň ýeri özbekler tarapyndan alyndy. Şonuň üçin hem 1510-dan Margiananyň eteginde söweşti Muhammet şeýbanini ýeňýar we bütiň Horasan we Sisan Sefewi döwletine goşulýar.

Şeýlelikde uly Sefewi ýa-da Gyzylbaşlar döwleti ýüze çykýar (1502-1736ý). Bu döwletde XVI asyryn ahyrlaryna çenli türkiler hojaýynçylyk edipdirler. Soň kem-kemden paralar hem çekilip ugraýar. Köşgüň we goşunyň dili türki bolupdyr. Hatda Ysmaýyl şu türkçe goşgy ýazypdyr. Ýöne konselarne dili pars bolupdyr. Döwlet dili bolupdyr. Sülçiler yzarlapdyrlar. Hersime hristiýançylyk we pudaizme degilmändir. Şeýlelik bilen Sefewiler ýewropaly hristiýanlary gowy görüp, olary türkiýä goşun ulanmak isläpdirler.

Sefewiler döwleti-de şalar şasy 12 ymam Mätiniň orunbasary diýilip yglan edilipdir (Mäti gelýänçä). Şeýle hem ol sefewi ordeniniň hem başlygy bolupdyr. Ähli gyzylbaşlar "derwüş", "mürit" we " diýlip atlandyrypdyr. Ýöne birwagtky ideýalary "gorkylyk" ideýaly tiz ýatdan çykypdyr.

Ýörite ýolbaşçylyk roly öňküler ýaly harby-çarwa begzadalaryna degişli bolup , olar indi taýyn bolupdyrlar. Welaýatlaryň bölümi begler, orunlary bolsa hämler bellenilip, olary ülke berilipdir. Taýpanyň öz goşunam bolupdyr üme-de ,goşunam begler begi ýa-da şa ýedilen soň, nesilden nesile geçip bilipdir.

XVI asyrda çarwa taýpalaryň erleri (ýürt) bilen bir döwlet erleri şa maşgalasynyň eri (hasse) maly we Sýrgal erleri bolurdyr.Ýöne olaryň arasyndaky gatnaşyk üýtgäpdir. Hasseniň, ýurdyň we döwlet eriniň fondy artypdyr. Mülk we erleri kemelipdir.

Sewrewler döwründe bir görnüşi bolan hem bolupdyr. Ol başda XV asyrda , ýöne Sewrgeler dowründe iş ýaýrapdyr. Tiun ol ýada beýleki wezipe amala aşyrylýan döwründe belli bir erlerden Ýygnalýan salgydyň ýada belli bir böleginiň berilmegidir. Ýöne ol Nesilden-nesile geçmändir.Özem döwlet işlän wagty alyp bilipdir. Ymuman Sefealar döwründe türki çarwalaryň ýagdaýy eňil bolupdyr.

Raýatlar bolan erli otrumly ilatyň güni kyn bolupdyr. Ýurtdaky raýatlar erkin bolupdyrlar. Olar er salgydyny we salgydyny töläpdirler. Şular bilen bir hatarda döwletiň hasabyna işläp bermeli hem bolupdyr.

Sefebi döwletiniň Sebäbi kiçi Aziýada jaýlar köp bolupdyr.Ýöne türk salbany Waýazid II-iň (1481-1512)Sefewiler bilen uruş islän bolmandyr.Ol Ysmaýiliň ilçi iberip asudalygy saklamaga çalyşypdyr.

Ýöne 1511-de kiçi Aziýada -çarwalaryň gozgalaňy başlaýar.

Gozgalaňa tekeli taýpasyndaky bolan gyzylbaş Hasan ogly (Lanami Saguly)

Ýolbaşylyk edipdir. Türk Soltanyna bu gozgalaňi basyp ýatyrmak iş bolupdyr. Şa Ysmaýilam olara kömek

bermändir.Sebäbi ol Türkiýadan çekinipdir. Üstesinede kiçi Aziýa köp bolupdyr.Olardanam çekinipdir.

Beýazldiň ogly Selim I (1512-1520) Aziýada basypalyşlary geçirmegiň
Tarapdary bolupdyr. Onuň üçin öç alypdyr. Eýrana söweşe taýarlamak bilen Selim Ysmaýla haýbat atyjy äheňde hatlary ýazypdyr,ony ersede aýyplapdyr. 1514 Semem uruşy başlaýar.we 23 awgustda (1514) galdyran söweşinde gyzylbaşlary eňipdir we wagytlaýyn töwrüzi eýeleýär. Ysmail şu bes etmegi soraýar,ýöne Semem uruş döwam etdirýär. Uruş Semeliň ogly Süleýman kanuny (1520-1566)döwam etdirýär. Bu uruş jaýy bolsa-da ol esasan möhüm erleriň üstünde bolupdyr.1514-1555-de bolan uruşlarda artykmaçlyk türkleriň tarapynda bolupdyr. Eýran goranypdyr. Osmanlar Günbatar Ýermenini Yrany alypdyrlar. Günbatar Eýrana çozupdyrlar. 3 gezek Towrüze (1533,1534,1548) alyrdyrlar. Ysnykany hem (1548) alypdyrlar 1555 Amase şertnamasyny boýunça Türki eýrani, Kürdi, Zam. Armen zan. Gürüzýani alypdyr. Eýran Wost. Arm, Wost gruz Azer. Şirwan 1524 –de Tagta 10 ýaşly tahmasy I (1524-1576) çykýar, we ol gyzylbaş hanl.we soltan oýunjagy bolýar. 1525-de gyzylbaşlaryň serdarlary ýaş şanyň halypalygynyň üstünde oňuşmandyrlar.1526-da ustajly taýpasy, 1531-de bolsa şaleli taypasy gozgalaň turzyp töwrüzi talapdyrlar. Ysmail şa Tahmasy edenli hökümdar bolup bilmändir.Ýöne käminlik Ýurda özbaşdak dolandyrmaga çalyşypdyr.Ýöne ýurdi berk tertip düzgünde saklamagy başarmandyr.Gozgalaňlar bolupdyr.1550 –de Aba serd.goraldy.

1555 –den soň (Alasy şert) Tahmasy Türkie bilen asudalygy saklamaga çalyşypdyr. 1559-da Süleýmanyň ogly Beýazid kakasyndan Tahmasynyň gelýär.

Ýöne ony kakasyna gaýtaryp beripdir. 1544-de humalan gaçyp gelýär. 1555-de Oňki yzyna barmaga kömek edýär.

Tahmasy döwründe araçäniň golaýlygy sebäpli paýtagt töwrüzden kazwini gaçirilýär.Ondanam yslyhany.
TahmasynyN paşalyk sýren döwründe birnäçe halk gozgalaňlary bolup geçýär.1571-de Töwrüzde senetçileriň gozgalaňy bolýar.
Gozgalaňçylara pälwan ýary ýolbaşylyk edýär. Gozgalaňa Töwrüziň häkimi
Allaguly begiň senetçiler baradaky hereketleri sebäp bolupdyr.Allaguly beg erine hökümet Ýusup beg belleýar. Ol gozgalaňsyz parahatçylyk ýoly bilen ýaşamaga çalyşypdyr.Ýöne başa barmandyr. Dir 2 ýyldan soň şa goşunlary .Tahmasy diňe gozgalaňyň 15 ýolbaşysyny we150 sany aktiw.çilenlerini jezalandyrmak bilen çäklenipdir. Galanlaryna degilmändir.
1576-da Tahmasy ölýar. Onuň 12 sany ogly bolup onuň hersiniň öz “läligi” (halypasy) bolupdyr. Lälikleriň hersi bir gyzylbaş taýpalaryndan bolupdyr.
Ustajiplar haýdar mürzäni yglan edipdirler.Ýöne ony derrew öldürüpdirler.
Ysmaili tagta çykarypdyrlar.Tahmasy şa ogly Ysmaili öň 19 ýyllap kani galasynda tussaglykda saklanan eken.
Ysmail I (1576-1578) örän gysyk we zalym bolupdyr.Ol 6 doganyny ürüpdir. Ol bilen ylalaşmaga çalyşypdyr,3 halyfiň näletlenilmegini ýaýypdyr. Şol sebäpli ony aýy mallalara geçiripdirler.
Çenli ölüpdir.Awy beren bolmagam mümkin.
Tagta Tahmasynyň beýleki ogly Soltan Muhemmet (Hudaý bende)tagta çykýar. (1578-1587).Ol keselbent we ernsiz adam bolup köpülenç aýalynyň täsin öwrülipdir. Başga (katak, kede) termini "katakhwataý" (öý eýesi) uly maşgalaly obşinanyň başlygyny aňladan bolsa, soňra "kethuda" oba arçynyna öwrülipdir.

## Arabystan irki orta asyrlar döwründe .

Arabystan ýarym adasynyň örän amatly halkara ýollarynyň çatrygynda ýerleimegi şol döwrüň güýçli döwletleriniň ünsüni hemişe – de özüne çekipdir. Rim, Gresiýa, Wizantiýa, Eýran, Efiopiýa.

Grek we Latyn awtorlarynyň göz öňüne getirişlerine görä Arabystanyň territoriýasy üç zona bölünipdir.1)Bagtly Arabystan (Arabiýa feliks ), 2) Petreý (Nabateý ) Arabystany (Arabiýa Petreýa) , 3) Çöllük Arabystan (Arabiýa deserta). Çöllük Arabystana – Siriýa – Mesopotamiýa çöllükleri , Petreý Arabys-tana – Sinaý we Nabateý patyşalygy – paýtagty – Petre , 3 – nji zona bolsa (bagtly Arabystan) Arabystanyň galan bölegi giripdir.Bagtly Arabystan 1 – nji asyryň başlarynda garaşsyz bolupdyr. Petre Arabystan Rimiň , Çöllük Arabystan bolsa Parfiýaň täsirinde bolupdyr.

III – nji asyryň ahyrlarynda IV – nji asyryň başlarynda Demirgazyk we Merkezi Arabystanda ýerleşýän arap taýpalary güýçli arap döwleti bolan Lahmitleriň täsirine düşüp ugraýarlar. Lahmit patyşalygynyň paýtagty Hiri şäheri bolup ol Wawilionyň harabaçylygyndan birnäçe kilometr günortada ýerleşipdir. VI – njy asyrda Lahmit döwleti Numan 1 (403 – 431) döwründe has hem ösüpdir. Sebäbi ol örän güýçli , akylly hökümdar bolup , söweş hereketlerini dogry alyp barmagy başarypdyr. Numanyň ogly Al – Munzir döwründe Lahmit döwleti has – da güýçlenip Sasanylaryň işine hem işeňňir gatyşypdyrlar. Eýranyň şalar-şasy Bähram Tur (Ýezdžerdiň ogly) tagt ugrundaky göreşlerde lahmitleriň kömeginden peýdalanypdyr . Lahmitler Eýran – Wizantiýa uruşlarynda Eýrany goldapdyrlar . Lahmit patyşasy – Aswat (473 – 493) (Al Munziriň ogly) häli –şindi Wizantiýanyň araçäklerine çozup durupdyr .

Al – Munzir III dolandyran döwründe (VI-nji asyryň 1 ýarymy) Lahmit döwleti has hem ösüpdir.Onuň döwründe

Siriýanyň köp bölegi eýelenipdir.Umu –man VI – njy asyrda Al – Munzir III Wizantiýany örän agyr ýagdaýda bolmaga mejbur edipdir.Eýrana öz soýuzdaşy bolan Lahmitleriň güýçlenmegi ýaramandyr. Şonuň üçin hem her edip hesip edip Lahmitleri boýun egdirmäge çalşyp ugraýarlar we VII-nji asyryň başlarynda sasanylara Lahmit döwletini dargytmak başardýar.Onuň tagtyna bolsa öz dikmelerini goýýarlar. Lahmitler bilen goňşuçylykda Gassanitler döwleti ýerleşipdir.Olar Lahmitler bilen oňuşmandyrlar. Gassanitler Günorta Arabystandan III-nji asyryň ahyrlarynda göçüp gelipdirler. Gassanitler dinastiýasynyň düýbüni Jafna tutupdyr.Ol döwlet Günorta Gündogar Siriýada ýerleşipdir.Özem Wizantiýanyň serhetlerinde we olaryň soýuz-daşyna öwrülipdir.Gassanitler döwleti VI-njy asyrda has hem ösüpdir.Al – Haris II (529 – 569) we ohuň ogly Al – Munzir (569 – 581) döwründe olar öz otrýadlary bilen Wizantiýanyň tarapynda sasanylara garşy durupdyrlar.570 –nji we 578 – nji ýyllarda olar Lahmitlere garşy ýeňişli söweşlere gatnaşypdyrlar.Emma Wizantiýa hem edil Eýran ýaly syýasat alypdyr we Gahana arap Gassanitler dinastiýasyny ýok edýärler.Iň soňky gassanit patyşasy Al – Aýham 636 – njy ýylda bolan Ýarmuk söweşinde Wizantiýanyň tarapyndan musulmanlaryň garşysyna uruşýar. Bu söweşde musulmanlar ýeňýär.Al – Aýham yslamy kabul edýär.Ýarmuk söweşiniň netijesinde Gassanitler döwleti ýaşamagyny bes edýär we bütewi arap – musulman döwletiniň hataryna goşulýar.

V – nji asyryň 2-nji ýarymy we VI – njy asyryň başlary Merkezi Arabys –tanda ýerleşýän Kindit patyşalygynyň güýçli we ösen döwri bolupdyr.Wizantiýa bu döwleti sasanylara we olaryň wassaly bolan lahmitlere garşy peýdalanypdyr.

O taýda derýalar ýok diýen ýaly, diňe ýagyşly döwürler kiçeňräk derýajyklar emele gelip , çölüň içinde ýitip gidýärler.Arabystanyň ilaty (Günortasy) örän gadym

zamanlarda ekerançylyga başlap, b.e. öňki IV – VIII-njy asyrlarda synpy jemgyýet ýüze çykýar.Ekerançylyk suwarymlylyga daýanýar.Kä ýerlerde düme ekinleri hem ekipdirler.Adamlar çölde guýy gazypdyrlar.Onuň ähmiýeti. Gurakçylyklar barada.

Ekerançylygyň iň ösen ýeri Ýemendir we onuň territoriýasynyň 80 % -i ekerançylyk üçin amatly. Oba hojalygynda giň ýaýran ekinler bugdaý, arpa, şaly, şeker çiňrigi, kenep we gowaça bolupdyr. Pagta III-nji asyrda peýda bolýar.Bakja ekinlerden : nohut, hyýar, garpyz, gawun, kädi, sogan, burç , käşir we baiga-da dürli görnüşdäki kökli ösümlikler ekilipdir. Bagbançylygam ösüpdir.Üzüm, mindal, nar, zeýtun, hurma, hoz, alma, banan, sitrus miwelwri, şetdaly, erik we başgada köp miweli ösümlikler ösdürilipdir. Ekerançylaryň hojalygynda pisse agaçlary aýratyn orunda durupdyr. Sebäbi käbir raýonlarda ol esasy iýmite öwrülipdir. Maldarçylyk bilen esasan çarwalar we ýarym çarwalar meşgullanyp –dyrlar. Olar düýeleri, atlary, eşek-gatyr, ary we ownuk şahly mallary ösdürip ýetişdiripdirler. Çölüň şertlerinde düýäniň belli bahasy ýok.Kerwenler, transport, et, süýt, ýüň. Atlar hem uly islege eýe bolupdyr. Ilkiler (III-nji asyrda) atlar şeýle köp bolmandyr.Emma VIII-nji asyrda olaryň has köpelenligi (haç göterijilere garşy) bellenilýär. Sebäbini düşündir. Arap we türkmen atlary çölden baş alyp çykmany başarypdyrlar. Çölüň kyn şertleri. Harasat, klimaty bilmeli mal bakjak bolsaň. Käbir arap taýpalary balykçylyk bilenem meşgullanypdyrlar. Magdan işleri hem ösen bolupdyr. Duz, altyn, kümüş, ýarym gymmat baha daşlary almagy başarypdyrlar.

Özara ysnyşykly ykdysady aragatnaşyklar netijesinde çarwalar we oturumly ilatyň arasynda ýeke – täk ykdysady organizm emele gelýär. Sebäbi çarwa ilaty oturumlynyň , oturumly bolsa çarwa önümlerine mätäç bolupdyr. Sebäbi işlenip – bejerilýän ýeriň azlygy, otluk öri meýdanlaryň azlygy,

bu ikisini biri – birine garaşly edip goýupdyr. Ýene – de bir ýagdaýy göz öňüne tutmak gerek, ýagny köp halklardakydan tapawutlylykda çarwalara, çomurlaram bir bütewi etnosa degişli bolupdyr we şonuň üçin hem olaryň biri – birine ýakynlaşmagyna olaryň psiholo – giýasy täsir edäýmese ykdysady dil päsgelçiligi bolmandyr. Üstesine – de ilatyň göçüp – gonup ýörmegi bir milletiň, bütewi diliň kemala gelmegine oňyn täsir edipdir. Ykdysady ösüşiň we emläk deňsizliginiň ýüze çykmasy Arabystanyň dürli regionlarynda deň däldir. Şonuň üçin hem şu babatda Arabystany şeýle regionlara bölýärler :- Günorta Arabystan, Günorta – Günbatar regionlar, Merkezi we Demirgazyk Arabystan. Demirgazyk Arabystanda ilatyň esasan çarwalardan we ýarymçarwalardan ybarat bolanlygy sebäpli emläk deňsizligi haýal ýüze çykypdyr.

Yslamdan öňki Arabystan jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň köpdürliligi, agalygyň we boýun egmekligiň, jemgyýetde zähmet bölünişiniň dürli görnüşleri we derejeleri bilen tapawutlanýar. Dürli sosial toparlar önümçilik serişdelerine bolan eýeçiligi, jemgyýetçilik önümçiliginde, önümçilik gatnaşyklarynda tutýan orny, erkinligiň we boýun egmekligiň derejeleri boýunça tapawutlanypdyrlar. Şäherlerde senetçileriň professional toparlaryndan,söwdegärlerden başga – da erkin hünärli aýdymçylar, tansçylar, sazandalar, tebipler we başgalar hem bolupdyr. Emläk deňsizliginiň güýçli ösen ýerleri esasan oturumly ilat ýaşan Günorta we Günorta-Günbatar Arabystandyr. Ol ýerde belli bir derejede gulçulygam bolupdyr. Ýöne ol giň gerime eýe bolup bilmändir.

Gadym döwürlerde ýerler obşinanyň elinde bolan bolsa, soňra olar hususy eýeleriň eline geçip başlaýar. Käbir zatlar obşina eýeçiliginde hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin : suw, öri meýdany, odun ýygylýan ýerler, gazylyp zat alynýan ýerler, duz we kümüş känleri. Ekerançylaryň oba obşinasy <u>şa ba</u>, çarwa we ýarym çarwalaryňky bolsa <u>kaba il</u> diýlip atlandyrylypdyr. Kindit patyşalygy Wizantiýanyň wassaly

gassanitler bilen hem oňuşmandyr. Bu oňşuksyzlykda gassanitler üstün çykýarlar we VI-njy asyryň 40-njy ýyllarynda Kindit patyşalygy gutarnykly dargaýar. Arabystan ýarym adasynyň günortasynda gadymy döwür – lerde birnäçe döwletler bolupdyr. Aslynda Arabystanda siwilizasiýanyň dörän ýeri hem Arabystanyň günortasydyr.

Biziň eramyzyň 1-nji asyrynyň başlarynda Kataban döwleti, III-nji asyryň ahyrlarynda Hadramaut bilen Saba döwletleri özbaşdaklygyny ýitirip ugraýarlar. IV-nji asyryň ahyrynda – V-nji asyryň başlarynda ähli günorta arap territoriýala-ryny özüne birikdirýän umumy Ýemen döwleti kemala gelýär. Ol döwleti Hilitarit patyşalygy diýip atlandyrýarlar. Bu patyşalyk hem aktiw daşary syýasat ýöredip-dir. Budöwlete Wizantiýa her hili ýollar bilen täsir etmäge çalşypdyr. Wizantiýa bu işi öz soýuzdaşy Efiopiýanyň üsti bilen amala aşyrypdyr. VI-njy asyryň başlarynda Ýemeniň Efiopiýa bilen arasy bulaşýar. 517-nji ýylda Efiop negusy Hilitara goşun iberýär. Soň 525-nji ýylda ýene-de goşun iberýär we bu söweşde Hilitar goşuny ýeňilýär. Patyşalary Ýusup bolsa söweşde ölýär. Efioplar Ýusubyň ýerine Sumaýfuny goýupdyrlar. Ol öň Ýusuba garşy topalaň turuzanlaryň biri eken.

534-535-nji ýyllar töwerekleri Sumaýfuny kaýlylar (belli baýlar) we Efiop esgerleri agdarýarlar. Patyşa Efiop dikmesi Abraha bolýar. Ol hem Hilitarit patyşa-larynyň titullaryny göteripdir, ýöne ol Efiopiýa garaşly bolupdyr. Umuman VII-nji asyryň başlaryna çenli Hilitaryň syýasy ýagdaýy çylşyrymlylygyna galypdyr. Üstesine-de içki Arabystandan Günorta häli-şindi beduinler çozup durupdyrlar. Şeýlelikde yslamlaşmagyň öňisyrasy Ýemende syýasy dagynyklyk dowam edipdir.

3 mln.kw.m.territoriýany tutup oturan Arabystan ýarym adasy umuman alanyňda gurak sähralyklardan, çöllerden we ýarym çöllerden ybaratdyr. Diňe onuň käbir ýerleri – Ýemen,

merkezi Arabystanyň käbir ýerleri, günbatardaky we demirgazykdaky oazisler, günorta oblastlar ekerançylyk üçin amatly bolupdyr. Obşinanyň täsirli adamlary obşina opolçeniýesine komandirlik edipdirler, gazy-haşar işlerine gala gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdirler. Obşinanyň çlenleri erkin bolupdyrlar, ýarag götermäge hukuklary bolupdyr. Olar obşinanyň içinde geçirilýän ähli ykdysady we syýasy çärelere gatnaşmaga borçly we hukukly bolupdyrlar. Arabystanda gadymy döwürlerden örüler, guýylar we sürümli ýerler taýpalaryň ýa - da uruglaryň elinde bolupdyr. Şol örülerden we guýylardan kesekileriň peýdalanmagy olaryň güýjüne bagly bolupdyr. Konfliktler bolupdyr. Ýer we örüler üstünde ýüze çykýan konfliktler diňe uruşlar bilen däl - de başgarak görnüşde-de çözülipdir. Mysal üçin ýarpasyna kärendä bermeklik. Maldarçylygyň we ekerançylygyň ösmegi obşinanyň (taýpa, urug) içinden barly adamlaryň (hojalyklaryň) döremegine getiripdir. Çarwa hojalygynyň sosial-ykdysady esasyny mallara şahsy eýeçilik, öri meýdana kollektiw eýeçilik bolan hem bolsa, öri meýdanlar des - deň däl - de malynyň sany boýunça bölünipdir. Taýpa baştutany adatça baý urugdan ýa-da maşgaladan saýlanypdyr. Sebäbi kyn günde ol garyplaşan taýpadaşlaryna kömek berip biljekdi. Taýpanyň ýönekeý çlenleri hemişe mätäçlikde bolandyklary sebäpli barlylara garaşly ýagdaýa geçip olaryň her hili ýumuşlaryny bitiripdirler.

Göçe – göçlükler döwründe käbir taýpalar öz ýerlerini taşlap başga ýerlere göçüpdirler. Eger-de Demirgazyk we Merkezi Arabystandan taýpalar Günorta göçen bolsalar, onda olar baran ýerleri özleriniň ösen ýagdaýda durandyklary sebäpli olar baran ýerinde pes görülipdir. Kähalatlar öz ýanlaryna gelen taýpalara baran ýeri howandarlyk edipdirler, olary gorapdyrlar, ýöne garyndaş hasap etmändirler. Umuman agalyk ediji ýagdaýda bolupdyrlar. Taýpaara gatnaşyklar kähalatlarda salgyt tölemek – lige esaslanypdyr (ejiz

taýpalar salgyt töläpdirler). Bu zatlaryň hemmesi tire - taýpa bütewiliginiň krizise düşýändigini görkezýär. Tire - taýpa gatnaşyklarynyň krizise düşýändigini nika gatnaşyklary hem tassyklaýar. Sebäbi öňki ekzogamiýanyň ornuna endogamiýa gelip başlaýar. Arabystanda miras galdyrmagyň ýeke - täk kemala gelen däbi bolmandyr. Öňler kim at çapyp, gylyç syryp we öz emlägini gorap bilýän bolsa miras şoňa galypdyr. Ýöne ulusy artykmaç hukukdan peýdalanypdyr. Eger – de mirasdüşer bolmadyk halatynda miras doganlara galypdyr. Erkek adamynyň artykmaç hukuklary aýallara miras almaga mümkinçilik bermändir. Ýöne aýallaryň miras alýan ýagdaýlary kähalatlarda bolupdyr.

Gadym döwürlerden araplara köphudaýlylyk miras galypdyr. Olaryň hormatyna kaşaň ymaratlar gurulupdyr. Araplar beýleki bir tarapdan dine ynanmak erkinliginden hem giňden peýdalanypdyrlar. Her taýpa, tire, urug hat-da maşgala hem özüniň hormat – sylag edýän, sygynýan hudaýy bolupdyr. Olaryň hormatyna ýörüte ýerleri belläpdirler, bellikleri dikipdirler, gurbanlyk beripdirler. Wagtyň geçmegi bilen birnäçe taýpalaryň uýan hudaýlary hem ýüze çykypdyr. Manat (ykbalyň hudaýy) atly hudaýyň şekili Mekge bilen Ýasribiň (Medine) arasynda ýerleşipdir. Öz çagalaryna olaryň adyny dakypdyrlar, onuň öňünde kasam edipdirler. Manadyň şekiline Kureýşitler hem çokunupdyrlar. 2-nji bir hudaýyň şekili al – Lat bolup, ol Taifde ýerleşipdir. Bulardan başga-da Hudaý aýal Uzza hem ýüze çykypdyr. Onuň şekili Mekgeden demirgazykda ýerleşipdir. Gürrüňi edilen hudaýlara giňden sygynypdyrlar, çagalaryna olaryň atlaryny goýupdyrlar.

Demirgazyk we Merkezi Arabystanda hormatlanýan hudaýlaryň biri Rudda (öriň we hasylyň hudaýy) bolupdyr. Hudaýlaryň şekilleri dürli predmetlerden : agaçdan, altyndan, kümüşden, daşdan edilipdir. VII-nji asyryň başlaryna çenli Arabystanda 8-sany dini merkezler ýüze çykypdyr. Birnäçe

taýpalar, hat-da birnäçe taýpa soýuzlary bir hudaýa sygynypdyrlar. Şol döwürler nirede ýerleşendiklerine garamaädan Al-Lat, Manat, Uzza umumy arap hudaýlaryna öwrülipdirler. Şeýlelikde-de araplaryň dini garaýyşlarynyň esasynda aýry-aýry ýerleriň we taýpa soýuzlarynyň keramatyna bolan ynamlar düzüpdir. Sebäbi keramatly ýerleriň we şekilleriň ýerleşen ýerleri bolan Käbeler mukaddes ýerler hasaplanylypdyr. Şol ýerler aýratyn mukaddes bolup, şol ýerde köp taýpalaryň däpleri ýöredilmändir, gan dökmek gadagan edilipdir. Ol ýerler jedelleriň çözülýän, söwdanyň zyýaratyň ýerleri bolupdyr.

Arabystanyň günortasynda Ýemende ýagdaý başgaça bolupdyr. Bu ýerlerde IV - V – nji asyrlarda gadymy hudaýlar ýitip, olaryň ornuna ýeke-täk hudaý kemala gelip başlaýar. V-nji asyrda ýeke-täk hudaý Rahman Ilan – ýeriň-asmanyň hudaýy ýüze çykýar. Muňa Ýemen monoteizmi hem diýýärler. Elbetde, monoteizmiň ýüze çykmagynda iudaizmiň we hristiançylygyň täsiri hem uly bolupdyr. Emma VI-njy asyryň başlaryndan daşky güýjiň täsiri bilen Ýemende ýerli monoteizmi iudaizm bilen hristiançylyk gysyp ugraýar. Günorta Arabystana iudaizmi gelmişek ýewreýler getirýärler ( I - II aa.). Eýýäm III-IV – nji asyrlarda ýemenlileriň ep-esli bölegi iudaizmi kabul edýärler. VI-njy asyrda Ýemeniň patyşasy Ýusup Asar iudaizmi kabul edip, ony Hristian Efiopiýasyna garşy ulanýar. Ýöne Ýusubyň öldürilmegi iudaizmiň syýasy ýeňlişine getirýär.Ýemende hristiançylyk ýaýrap başlaýar. Emma Ýemende ýerli monoteizm ugrunda hereketler hem bolupdyr. Öz içine gadymy kultlary, arap otparazçylygyny, iudaizmi we hristiançylygy alan bir hudaýlylyk ýüze çykýar. Ony «Ýalan pygamber» Abhala al – Aswada döredipdir. Abhala VII-nji asyryň başlaryna çenli ( bir hudaýlylygy wagyz eden) ady dowam eden pygamberleriň biri bolupdyr. Atlary ondan soň tutulýan beýleki pygamberlerem bolupdyr, meselem : Maslama-

Ýememde, Talha-Nedžde, Sajah-Yrak çölleriniň töwereklerinde. Yslam hem başda ýokarkylaň «pygamberçilik hereketi» ýaly bir zat bolupdyr.

Arabystanyň dini durmuşynda Mekgäniň we ondaky Käbäniň roluny aýratyn nygtamak gerek. Käbäniň haçan gurlandygy belli däl. Ýöne arap taryhy çeşmelerinde V-nji asyryň ortalarynda Käbäniň eýeleriniň Küreýşit taýpasynyň bolandygy görkezilýär. Käbe dörtburç gara daşdan bolup, onuň daşynda 360 sany dürli hudaýlaryň şekilleri ýerleşdirilipdir. Käbe ähli arap taýpalaryň diýen ýaly sygynýan hem-de zyýarat edýän ýeri bolupdyr. 360 hudaýyň şekili ýylyň her güni bilen hem baglanyşdyrýarlar. Şol hudaýlar Arabystanyň ähli ýerlerinde hormatlanylýan hudaýlaryň şekilleri bolup, dürli ýerlerden gelen araplar, özleriniň hudaýlaryna sygynyp biler ýaly. Käbäniň ýanynda Zemzem guýysy ýerleşip, onuň suwy keramatly hasaplanylypdyr. Mekgäniň bütin töweregi otparazlar üçin gadagan zona bolupdyr. Ol ýerde adam ganyny dökmek, masgaralamak, azar bermek gadagan bolupdyr. Gadagan edilen ýerler daşlar we sütünler bilen serhet çekilipdir. Kamary ýyl hasaby boýunça her ýylyň belli günleri Arabystanyň çar tarapyndan araplar haja gelipdirler. Bu Mekgede bolýan söwda ýarmarkalary bilen utgaşdyrylypdyr. Mekgä gelenlerinde zyýaratçylar adaty eşiklerini çykarypdyrlar, ýörüte eşik geýipdirler, saçlaryny syrdyrypdyrlar. Soň Käbä baryp daşyndan 7-gezek aýlanypdyrlar, gara daşy öpüpdirler. Aýlanýan wagtlary sygyrypdyrlar, gygyrypdyrlar, el çarpypdyrlar. Ertesi Mekgäniň ýanyndaky iki depäniň arasynda ylgapdyrlar we hudaý şekillerine çokunypdyrlar. 3-nji gün Arafat dagyna çykypdyrlar. Soň mal öldürip gurbanlyk beripdirler. Garyplara paýlapdyrlar. Soň Mekgä dolanyp gelipdirler we Käbäniň daşyndan aýlanypdyrlar. Baýramçylyk 7- gün dowam edipdir. Şu döwürde kureýşitler zyýaratçylary mugt iýmit bilen üpjün edipdirler. Bu bolsa olaryň we olaryň

soýuzdaşlarynyň abraýyny artdydypdyr. Sebäbi Käbäň açaram olaryň elinde bolupdyr.

## Irki orta asyr arap döwletiniň we yslamyň döremegi.

VII-nji asyrda oba hojalygynyň, senetçiligiň we söwdanyň ösen ýeri bolan Hidžaz etraby Arap ýerleriniň merkezi hökmünde kemala gelýär. Araplary bitewi bir döwlete birikdirmek işine Muhammet (570-632) ýolbaşçylyk edýär. Ol mono-teizmi wagyz edipdir. Ýöne 622-nji ýylda garşydaşlary ony (sebäbi onuň abraýy artypdyr) Ýasribe (Medinä – pygamberleriň şäheri) gitmäge mejbur edýärler.Hijri ýyly. Medineliler mekgeliler iň üstüne çozup durupdyrlar. Mekgeliler hem Medinä çozup durupdyrlar. Netijede 630-njy ýylda olar ylalaşýarlar. Olar Muhammede boýun bolýarlar we yslamy (özüňi hudaýa bagş etmek) kabul edýärler. Musulman (yslamyň yzyna eýerijiler). Käbe ýurduň dini merkezi bolýar. Muhammet garyp-pukaralaryň tarapyny tutupdyr. Baýlaryň eden-etdiligini ýazgarypdyr. Ilkinji arap döwletiniň baştutany bolan Muhammet Pygamberiň derejesini göteripdir we hem dini hemem dünýewi häkimiýeti amala aşyrypdyr. Bu bolsa musulman ýurtlarynyň ählisine öz täsirini ýetiripdir. Muhammet zorluk bilen yslama salmandyr, diňe olary (araplary) birikdiripdir. 632-nji ýylda Muhammet aradan çykýar. Soňraky halifler Abu-Bekr (632-634), Omar (634-644), Osman (644-656), Aly (656-661). Muhammet ölenden soň garşylyklar ýitileşýär, gozgalaňlar turýar. «Ýalan pygamberler» olar musulman bolupdyrlar, ýöne halife boýun egmek islemändirler. 633-nji Abu-Bekr Musanna atly serkerdäni ýörişe iberýär. Parslara garşy iberilen goşuna serkerde Halid ibn Welid ýolbaşçylyk edipdir. 634-nji ýylda olar eýýäm Ýefratyň çep kenaryna geçipdirler. 634-nji ýylyň Maý aýynda Welid üç müň goşun bilen Siriýa ugradylýar. Musanna bolsa pars ýörüşine baş edip bellenilýär. Araplar basyp alan

ýerlerinde berkitmeleri gurupdyrlar. 637-nji ýylda Kadisi şäheriniň ýanynda araplar parslaryň «Beýik Rüstemiň goşuny» diýip atlandyrylan goşunlaryny çym-pytrak edýärler. Netijede Ktesifon söweşden eýelenýär. Ummasyz olja alypdyrlar. 638-nji ýylda Mosul welaýaty eýelenýär. Köp satraplar araplaryň tarapyna geçýärler. 642-nji ýylda Nehawendiň eteginde parslar bilen araplaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Netijede araplar Reý, Kazwin, Kumis şäherlerini ýeňillik bilen eýeläp Azerbeýjanyň ýerine girýärler. 644-nji ýylda Hamadan, Kum, Kaşan, Isfahan eýelenýär. 651-nji ýyla çenli araplar bütin Eýrany eýeleýärler we Owganystanyň ýerine çozup girýärler. Eýrana garşy ýörişler bilen bir hatarda araplar Siriýaň üstüne hem goşun iberýärler. Heniz Muhammet pygamber dirikäde Siriýa goşun iberilipdir. Emma içki gozgalaňlar sebäpli yzyna çagyrylypdyr. 634-nji ýylda Abu-Bekr 9 müňlik goşuny üç bölege bölüp Siriýa ugradypdyr. Şol döwürler ilki oňşuksyzlyklar we Eýran bilen uruşlar Wizantiýany gowşadypdyr. Wizantiýa bilen araplaryň arasyndaky birinji uruş Ierusalimiň eteginde bolup geçýär. Araplar ýeňýär we Gaza hem beýleki şäherleri söweşsiz eýeleýärler. Palestinanyň günortasyny we Ierusalimi eýelemek üçin araplar Amr ibn al-Asyň ýolbaşçylygynda uly goşun galdyrýarlar. Galanlary bolsa ýörişi dowam etdirip 635-nji ýylda Tweriadany we Galileýany eýeleýärler. Grekler Iordan derýasynyň jülgesini suwa basdyrýarlar. Ýöne araplara grekleri Iordanyň aňyrsyna kowmak we Damaskyň etegine ýetmek başardýar.

635-nji ýylyň Mart-Sentýabr aýlarynda Damask gabawda bolup, soňra araplar tarapyndan eýelenýär. Şäher ilatyna salgyt salynýar. Ýöne olaryň janyna we emlägine, dinlerine we buthanalaryna degmändirler. Damaskdan soň araplar Baalbek şäherini eýeleýärler. Şol wagtlar Wizantiýa imperatory Irakliý 80 müň goşuny bilen araplara tarap süýşüp ugraýar. Araplar Ýarmuk derýasynyň kenaryna tarap yza çekilýärler we greklere garaşýarlar. 636-njy ýylda

Ýarmuk derýasynyň boýundaky söweşde grek goşunlary kül-peýekun edilýär. Yza çekilýän grek goşunlaryny yzarlamak bilen araplar Damasky ikinji gezek eýeleýärler we birnäçe buthanalary metjide öwürýärler. Basylyp alnan Siriýa-Palestina etrabynda dikmelik döredilip, onuň başyna Omeýatlar urugyndan bolan Muawiýa goýulýar. 638-nji ýylda araplar Ierusalimi alýarlar. Siriýadan soň arap goşunlary Ermenistana iberilýär we 642-nji ýylda onuň paýtagty Dwini eýeleýärler. Köp olja alyp Siriýa dolanyp gelýärler. 658-nji ýylda araplar Ermenistany, Gruziýanyň bir bölegini eýeläp Hazarlaryň ýurduna çenli süýşýärler. Şol ýyl araplar konstantinopoly almaga şowsuz synanyşyk hem edipdirler. Ierusalimi alandan soň Amr ibn al-As Müsüre ugraýar. 640-njy ýylda ol Nil derýasynyň kenaryna ýetip Faýum ülkesini eýeleýär. Şol ýyl halif Omar Amra kömek üçin Zubeýriň ýolbaşçylygynda 4 müň goşun iberýär. Zubeýr pygamberiň egindeşleriniň biri, halifiň bolsa geňeşçisi bolupdyr. Geliopolisiň etegindäki söweşde Amr grek serkerdeleriniň oňşuksyzlygyndan peýdalanyp olaryň goşunyny ýeňýär.

641-nji ýylda araplar Wawiliony eýeleýärler. Şondan soň Wizantiýa araplar bilen parahatçylyk barada şertnama baglaşmaga mejbur bolýarlar. Şert boýunça grekler öz goşunlaryny Müsürden çykarýarlar we araplara salgyt töläpdirler. Araplar öz gezeginde hristian buthanalaryna degmezlige we Müsürde öň dowam edip gelýän dolandyryş sistemasyny saklamagy söz beripdirler. 642-nji ýylda araplar Aleksandriýany eýeleýärler. Müsüriň dikmeligine bellenen Amr Niliň sag kenarynda Fustat (köne Kair) şäheriniň (643-nji ýylda) düýbüni tutýar we öz merkezini şol ýere geçirýär. Basybalyşlar Demirgazyk Afrikada-da dowam edipdir we 648-nji ýylda olar Karfagene ýetýärler. Ilat altyn-kümüş berip boýun egýärler.Soňra Litwiýa we Tripoly eýeleýärler.

Yslamda alymlaryň döremegi. 634-nji ýylda Abu-Bekr öljek bolup ýatyrka Muhammediň egindeşlerini ýanyna

çagyryp halifligi olara berýändigini aýdýar. Omar (634-644) iň köp ýerler alynýar. 644-nji ýylda ony bir pars guly ölüm howply ýaralaýar. Oň ýerine Osman (644-656) bolýar. Kureýş, Omeýýat urugyndan. Ondan nägile bolýarlar. Sebäbi Aly bolmaly diýýärler. « Şia » (grupba) döreýär. Osman özüniňkileri goýupdyr. Nägile bolýarlar, gozgalaň turuzýarlar we 656-njy ýylda Medinede gozgalaňçylar onuň öýüne girip Osmany öldürýärler. Halif Aly bolýar (656-661). Muawiýa, Zubeýr, Muhammediň aýaly Aýşa Omeýýatlaryň tarapyna geçýärler. Siriýa haliflikden bölünýär. 657-nji ýylda Aly merkezini Kufa geçirýär we Zubeýr bilen ýaraşmak isleýär. Ýöne bolmaýar. Gandöküşikli söweşde Zubeýr we beýlekiler öldürilýär. Aýşa bolsa ýesir alynýar. Aly hemme dikmeleri täzeleýär. Diňe Muawiýany (Siriýa) aýryp bilmeýär. Ol 60 müňlik goşun ýygnaýar, Aly bolsa 70 müňlik. Emma Alynyň tarapdarlarynyň içinden harijitler («çykanlar») akymy döreýär.Olar «hudaýyň we halkyň isleginden daşarda halif bolmaz»- diýip, ondan bölünip aýrylýarlar. Sebäbi olar Halifiň bir maşgaladan bolmagyna garşy bolupdyrlar. Herbir musulmanyň halif bolmaga hukugy bar diýipdirler. Aly olary yzarlapdyr, gyrypdyr. Emma 661-nji ýylda Aly bir harijit tarapyndan öldürilýär. Halif Muawiýa bolýar. Şeýlelikde 661-750-nji ýyllarda arap döwletini Omeýýatlar dolandyrypdyr.

Araplar ummasyz köp ýerleri eýeläpdirler. Ähli basylyp alnan ekerançylyk ýerleri döwletiňki hasap edilip, olar öňki eýeleriniň elinde galdyrylypdyr. Üç görnüşli salgyt : jizýe – jan başyna salgyt her ýerde dürli bolupdyr ; Haraj – 1/3 bölegi hasylyň ; üjr – hasylyň 1/10 bölegi. Yslamy kabul edenler jizýeden boşadylýar. Ýer eýeçiliginiň a) ikta, b) mülk, ç) obşina, d) döwlet ýerleri bolupdyr. 661-nji ýylda Aly öldürilenden soň, goşun onuň ogly Hasana kasam edýär. Ol Muawiýa bilen haliflikden el çekmek barada gepleşikler geçirýär. Muawiýa etmeýär. Ol öz garyndaşlaryny ýok edýär, pygamberiň egindeşleriniň birnäçesini öz tarapyna çekýär. Ol

paýtagty Damaska geçirýär. Şonda-da ol Medinä baý-baý sowgat-serpaý iberýär eken. Ol ogly Ýezidi mirasdüşer diýip yglan etdirýär. 680-nji ýylda Muawiýa ölenden soň Mekgede täze halife garşy dildüwşik guralýar. Kufada bolsa şaýylar dildüwşik guraýarlar we Alyň beýleki ogly Hüseýni halif diýip yglan edýärler. Omeýýad goşuny tarapyndan gabalan Hüseýn boýun egmekden ýüz öwürýär we söweş wagtynda onuň goşuny çym-pytrak edilýär. Kellesi kesilip Damaska iberilýär. Hüseýiniň öldürilmegi şaýylaryň arasynda uly nägilelik döredýär. 682-nji ýylda Medinedäki şykyşda olar Omeýýatlary şäherden kowýarlar. 685-nji ýylda halif Abdyl Mälik (685-705) bolýar. Ol hem ähli garşydaşlaryny boýun egdirýär. 689-njy ýylda ol Siriýadan gelip Medinäni, 692-nji ýylda bolsa Mekgäni eýeleýär. Häkimiýet gutarnykly olaryň eline geçýär. Häkimiýet gutarnykly olaryň eline geçýär. Omeýýatlar öňki halifleriň basybalyşlaryny dowam etdirýärler. Olar häli-şindi Kiçi Aziýa çozup durupdyrlar. Hat-da 688-nji ýylda onuň Ýewropa kenary tarapyna-da geçipdirler. Ýöne elde saklap bilmändirler. Araplar VII-nji asyryň 80-nji ýyllaryndan Demirgazyk Afrika gaýtadan çozup girýärler. Sebäbi Araplar ýokka olar öňki-öňkiligine galypdyrlar. Netijede 710-njy ýylda araplar Ispaniýa bilen Demirgazyk Afrikany bölýän bogaza ýetýärler. Olar 500 sany esgere erkinlige göýberilen Tarigi baştutan edip jansyz (razwedka) iberýärler. Esli wagtdan ol uly olja bilen dolanyp gelýär. 711-nji ýylda başga bir erkinlige göýberilen Tarigiň ýolbaşçylygynda 7000 esger iberilýär. Tarigiň ady bilen Gibraltar bagly Jebel-Tarik (Tarik dagy). Ol az wagtyň içinde günorta Ispan şäherleri Esihany, Arçidonany, Elwirany, Kordowany we Weotgot döwletiniň paýtagty Toledony eýeleýärler. Soňra Omeýýatlar 18 müňlik goşuny goşmaça iberýärler we ol goşun 713-nji ýylda Sewilýany we 714-nji ýylda bütin Ispaniýany eýeleýärler. 718-nji ýylda Narbonnany, Karkosonnuny Nimi eýeläp, 732-nji ýyla çenli Tura çenli ýetýärler. Ýöne Puateniň eteginde grank patyşasy

Karl Martelden ýeňilýärler we togtaýarlar. Basybalyşlar günortada-da dowam edýär. 670-676-njy ýyllarda Orta Aziýada Maryny, Balhy, Geraty, Buharany, Samarkandy we beýlekileri eýeleýärler. 717-nji ýylda araplar Konstantinopoly gury ýerden we suwdan gabaýarlar, ýöne alyp bilmeýärler. Gündogarda halifatyň daýanç merkezi Mary bolupdyr. Orta Aziýany eýeläp araplar751-nji ýylda Talasyň eteginde Hytaý goşunlaryny ýeňipdirler. 711-nji ýylda araplar Hindistana girýärler we induizmiň merkezleriniň biri Multan şäherini eýeleýärler.

Omeýýatlar döwründe döwletiň başynda halifler. Basylyp alnan ýerler 5 dikmelige bölünýär. 1) Eýran, Yrak, Gündogar Arabystan, Horasan we Orta Aziýa; 2) Hidžaz, Ýemen, Merkezi Arap; 3) Ermeni, Azerbeýjan, Kiçi Aziýanyň gündogary; 4) Müsir, Liwiýa, Tripoly; 5) Günbatar Afrika we Ispaniýa. Dikmeler emir diýlip atlandyrylypdyr. Ol hem glawkom hemem baş adminstrator. Halif olary belläpdir, aýrypdyr. Ýöne ýerlerde olar hakyky hökümdar bolupdyrlar. Ähli ýeriň eýesi döwlet bolupdyr. Salgyt ýygnapdyr. Ýer eýeçiliginiň esasy formasy mülk bolupdyr. Satmagam, satyn almagam, miras galdyrmagada hukugy bolupdyr. Obşina ýerlerem bolupdyr. Ikta-da (gulluk üçin ýerler) bolupdyr. Onuň eýeleri satybam, satyn alybam bilipdir. Salgyt musulmanlar hüşr (1/10), muslim däller haraj (1/3) töläpdirler. Bulardan başgada muslim däller jizýe (jan başyna) salgyt töläpdirler. Başda bu salgytlar Wizantiýa we Sasanilaryňkydan örän az bolupdyr. Ýöne soň Omeýýatlar salgyt sistemasyny üýtgedýärler we salgydy töleýiş mümkinçiliklerine görä salypdyrlar.

Gozgalaňlar halkyňky.(daýhanlar, beduinler).685-nji ýylda şaýylar Kufada öz şygarlary bilen halk gozgalaňyny turuzýarlar. Oňa ýerli ownuk feodal Muhtar ýolbaşçylyk edipdip. Ol bütin Yraga diýen ýaly hökümdarlyk edýär. Ýöne 687-nji ýylda ýeňilýär we öldürilýär. 739-njy ýylda Demirgazyk Afrikada berberiler goz-galaň turuzýarlar. 742-nji

ýylda gozgalaň ýeňilýär. VIII-nji asyryň 40-njy ýyllarynda Orta Aziýada Abu Muslimiň gozgalaňy bolýar. Bu gozgalaňdan pygamberiň kakasynyň dogany Abbasyň nesilleri peýdalanypdyrlar. Gozgalaň 747-nji ýylda Maryda turýar. Halifiň goşuny ýeňilýär. Soňra gozgalaňçylar gaçgaklaryň yzy bilen Nişapura gelýärler we kömege gelen halif goşunlaryny derbi-dagyn edýärler. Halif Merwan II-nji 750-nji ýylda gozgalaňçylardan ýeňilýär we Siriýa gaçýar. Damaski alýarlar. Halif Müsüre gaçýar. Ony tutýarlar, öldürýärler. Abbasitler gelýär.

## Müsür IX-X asyrlarda.

Olar türkmenler tarapyndan Musürde döredilen tulunylar (868-905) we ihçidiler (935-969) beglikleridir. Bu iki döwletiň taryhy hem beýleki onlarça türkmen beglikleri ýaly, halkymyza düýbinden nätanyşdy.

Arap halyflygynyň bütin taryhynda diýen ýaly türkmenler bu ägirt uly hem-de köpmilletli döwletiň jemgyýetçilik-syýasy we medeni durmuşynda örän uly orun eýeläpdirler. Türkmenleriň söweşjeňligine we batyrlygyna sarpa goýýan halyflar türkmenleri köşk nöker gullugyna göwünjeňlik bilen alýardylar. Olary gulamlar ýa-da memluklar diýip atlandyrypdyrlar. Türkmenlerden düzülen köşk nökerleri halyflaryň häkimiýetini we olaryň şahsy howpsuzlygyny gözsüz batyrlyk bilen goraýardylar.

Bagdatly halyflar türkmen nökerlerini şäher durmuşyna imrindirmezlik maksady bilen, olaryň dogup-döräp kemala gelen dogabitdi hüý-häsiýetleriniň üýtgemezligi üçin, olary öz milletinden bolan gyzlara öýlendirýärdiler. Şeýdip olary halyflygyň düzümine girýän Gündogaryň beýleki halklaryndan üzňelikde saklamaga çalyşýardylar. Şonuň üçin hem halyflar oguz sähralaryndan türkmen gyzlaryny topar-topar edip getirip, öz türkmen nökerlerini öýlendirýärdiler. Şol türkmen

nökerlerinden we olaryň nesillerinden soňra meşhur serkerdeler, wezir-wekiller, şahyrlar, alymlar hatda özbaşdak döwlet döredip bilen güýçli hökümdarlar hem ösüp ýetişipdir. Şeýle hökümdarlaryň hatarynda Müsürde özbaşdak tulunylar döwletini döreden Tulun begiň ogly Ahmediň we ihçidiler begligini esaslandyran Tuguç begiň ogly Muhammet Ihçidiň atlaryny görkezmek bolar.

Tulunylar nesilşalygynyň irki döwürleri barada köp zat bilinmeýär. Diňe hanedana at beren Tulun begiň Merkezi Aziýanyň hökümdarlarynyň köşginde gulluk eden oguz esgeridigi bilinýär. Ol IX asyryň 20-nji ýyllarynda köşkde özüni edermen esger hökmünde tanadypdyr.Gullugyna saklygy we gözsüz batyrlygy üçin ony halyf al-Mamuna (813-833 ý.ý.)sowgat beripdirler. Dünýädäki musulman nesilşalyklarynyň gysgaça şejeresini döreden iňlis alymy E.Bosword Tulun begiň ady bilen baglanşykly täsin pikiri oňe sürýär. Onuň tassyklamagyna görä, “tulun” sözi türkmen diliniň “dolan aý” sözüniň arapça ýoýulmasydyr. Bagdatda gulluk edýän döwründe onuň adynyň bir bölegi bolan “Dolan” arapça “Tulun” görnüşünde ulanylyp, dürli taryhy çeşmelerde we XIX -XX asyrlaryň ylmy edebiýatynda onuň “Tulun” ady ymykly ornaşypdyr. Tulun beg halyflaryň köşgünde uly wezipeleri eýeläpdir. 854-nji ýylda Tulun beg aradan çykandan soň onuň ogly Ahmet Tulun onuň ornuna geçýär.

Bagdatly halyflar döwletiň bütin taryhynda Müsüre ägirt uly ähmiýet beripdirler. Sebabi Müsür ykdysady taýdan ösendi, harby-syýasy taýdan bolsa iňňän möhüm ýerde ýerleşýärdi. IX asyrda ol imperiýanyň iň günbatar mülküne öwrüldi. Çünki halyflaryň Demirgazyk Afrikadaky mülkleri elden gidipdi. Şol sebäpden hem döwletiň günbatar serhetlerini berkitmek üçin Müsüre örän başarjaň adamlary emir edip belleýärdiler.

Halyf Mütewekkiliň (847-861 ý.ý.) döwründe Ahmet Tulun birnäçe jogapkärli wezipelerde işläpdir. 868-nji ýylda bolsa halyf Mutazz (866-869) ony Müsüriň emiri edip belleýär.

Ähli häkimiýeti öz eline alyp, Ahmet Tulun şol ýyl Müsüriň özbaşdaklygyny yglan edýär. Bu waka ýurduň taryhynda aýratyn orun eýeleýär. Sebäbi Müsür faraonlaryň zamanyndan bäri geçen 1000 ýylyň dowamynda ilkinji gezek özüniň döwlet garaşsyzlygyna eýe bolupdy.

Öňler Wizantiýanyň düzüminde bolan Müsür ülkesiniň merkezi Aleksandriýa şäheridi. 639-njy ýylda arap serkerdesi Amr al-As Müsüri eýeläp, ýurduň köne paýtagty Aleksandriýada galmak isleýär. Emma ikinji çaryýar, halyf Omar (634-644) oňa Müsür dikmeliginiň täze merkezini gurmagy buýurýar. Şeýlelikde 641-nji ýylda Amr Fustat şäherini esaslandyrypdyr. 750-nji ýylda omeýýa neslinden bolan halyflar Müsürden kowlandan soň, bagdatly dikmesi Salyh Fustadyň golaýynda al-Asakir şäheriniň düýbüni tutýar. Soň al-Asakir Fustat bilen birleşip uly şäher emele gelýär.

Özbaşdaklyk gazanandan soň Müsüriň taryhynda gurujy hökümdar hökmünde şöhratlanan Ahmet Tulun 870-nji ýylda halyfyň dikmeleriniň oturýan ýeri bolan Fustatyň gapdalynda garaşsyz Müsüriň täze paýtagtyny – Kataý şäheriniň düýüni tutýar. Öň Müsürde Amr tarapyndan gurlan metjit bar eken. Emma juma namazynda Amryň esgerleriniň hemmesi bu metjide ýerleşmeýär ekenler. Şonuň üçin hem Ahmet Tulun täze paýtagtyň düýbüni tutanda, öňi bilen kaşaň metjit bina edipdir. Indi Ahmet Tulunyň esgerleriniň 20 müňusi bir wagtda bu metjitde namaza durupdyrlar. Müsüriň ymaratçylyk sungatynda “Tulunylaryň ýa-da Tulun ogly Ahmediň metjidi” diýip at alan bu meşhur bina häzir hem bar. Metjidiň daşynda soňra Kataý şäheri emele gelipdir. Hökümdar şäheriň daşyna beýik gala, onuň aňyrsyndan bolsa gorag guşaklygyny gurdurypdyr.

878-nji ýylda Ahmet Tulun Siriýany hem Müsüre birikdirýär. Şeýlelikde Ýakyn Gündogarda kuwwatly türkmen döwleti döreýär. Ahmet Tulun Müsüriň garaşsyzlygyny yglan etse-de Bagdat bilen arasyny üzmändir. Müsürden, Siriýadan

we Palestinadan gelýän salgydyň bir bölegini ol Bagdada ugradypdyr we juma namazynda halyfyň adyna hutba okadypdyr.

Ahmet Tulunyň dolandyran ýyllarynda Müsür çalt depginler bilen ösüpdir. Raýätlardan ýygnalýan salgydyň köp bölegi Müsürde galýardy. Hazynanyň serişdeleri oba-hojalygyny, söwdany, senetçiligi we gurluşygy ösdürmäge sarp edilipdir. Bu döwürde medeniýet ösüpdir we ylmyň dürli ugurlary boýunça işler alnyp barylypdyr. Bu işlere hökümdaryň hut özi howandarlyk edýärdi.

Ahmet Tulun aradan çykandan soň Müsür tagty onuň edenli ogly Abul Jaýş Humarawaýha (884-896) miras galýar. Ol tulunylariň döwletiniň serhetlerini has-da giňeldipdir we döwletiň düzümine Wizantiýanyň elinden alnan Sisiliýa adasy bilen Mesopotamiýa hem goşulypdyr. Netijede tulunylar döwleti sebitde iň kuwwatly ýurda öwrülýär. Ol Bagdat halyflygy, Karmatlaryň döwleti, Demirgazyk Afrikadaky Idrisiler, Aglabylar döwletleri we Wizantiýa imperiýasy bilen bäsleşipdir.

895-njy ýylda Humarawaýh aradan çykandan soň, ýurdy onuň ogullary Jeýş Abul Asahir (895-896) we Harun (896-904) dolandyrypdyr. Humarawayhyň ogullarynyň dolandyran ýyllarynda tulunylar döwleti gowşapdyr. Harun beg 904-nji ýylda aradan çykýar we häkimiýet onuň kämillik ýaşyna ýetmedik ogly Şeýbana (904-905) miras galýar. Harunyň dolandyran döwründe 903-nji ýylda tulunylar karmatlardan ýeňlipdirler. Bu ýagdaýdan bagdatly halyflar haýal etmän peýdalanýarlar we 905-nji ýylda halyf Muktafi (902-908) Müsüre garşy ägirt uly guryýer we harby-deňiz güýçlerini sürýär we Kataý basylyp alynýar.

Tulunylar döwletiniň ýykylmagyna täze hökümdaryň ýaşlygy, arap wezir-wekilleriniň hazyna ogurlygy, Niliň suwunyň peselmegi, ýerlerdäki dikmeleriň özara uruşlary we goşundaky bölünşikler sebäp bolupdyr.

Tulunylaryň dolandyryşy barada öz döwründe ençeme taryhy eserler döredilip, olaryň türkmen we yslam taryhyny öwrenmekde örän uly ylmy ähmiýeti bardyr. Tulunylar barada taryhy eser döreden alymlaryň ilkinjisi Ýusup ibn ad-Daýa ("Enekäniň ogly") hasap edilýär. Tulunylar hakyndaky maglumatlar onuň "Kitab ahbar al–atibba" ("Tebipler hakynda hekaýatlar kitaby") eserinde jemlenipdir. Bu kitaby ýazmakda ol Ahmet Tulunyň şahsy tebibi Ywraýym ibn Alynyň gürüňlerinden peýdalanypdyr. Üstesine-de ad-Daýa döwlet işgäri bolandygy üçin tulunylar barada döwlet diwanynyň maglumatlaryny hem ulanypdyr. Bu taryhçynyň eserindäki maglumatlary ibn Haukal, Ýakut ibn al-Kifti, Ibn Abu Usaýbiýe ýaly arap ýazarlary işlerinde peýdalanypdyrlar.

Tulunylar barada jikme-jik iş ýazan taryhçy ad-Daýanyň ogly Ahmet ibn Ýusup ad-Daýa (868/874-942/952 ý.ý.) hasap edilýär. Onuň doly ady Abujapar Ahmet ibn Ýusup ibn Ywraýym al Mysrydyr. Ad-Daýa lakamyny ol kakasyndan miras alypdyr. Ahmet ibn Ýusup tulunylar köşgünde ýokary wezipeleri eýeläpdir.Onuň "Katib al-Tulun" {"Tulynylar nesişalygynyň kätibi") derejesi bar eken. Ýakudyň ýzmagyna görä, Ahmet ibn Ýusup tulynylar barada üç sany kitap ýazypdyr. Ol kitaplar "Sirat Ahmet ibn Tulun" ("Tulun ogly Ahmediň ömürbeýany"), "Sirat Abul Jaýş Humarawaýh" ("Abul Jayş Humarawaýhyň ömürbeýany"), we "Sirat Harun ibn Abul Jaýş wa ahbar gilman bani Tulun" ("Abul Jaýşyň ogly Harunyň ömürbeýany we tulynylaryň nökerleri barada habarlar") diýlip atlandyrylýar.

Ýazaryň bu işlerini giçki döwrüň taryhçylary Ibn Seyit, al-Makrizi, Ýakut, şeýle hem memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy Ibn Taňryberdi giňişleýin peýdalanypdyrlar. Ahmet ibn Ýusubyň üç işi umumy görnüşde "Jami sirat ibn Tulun" we "Jami as sirat at-Tuluniýýa" atlary bilen hem agzalýar. Ibn Seýidiň işlerindäki tulunylar bilen baglanşykly

maglumatlary 1954-nji ýylda müsürli alym Şöwki Daýf Kaýirde neşir edipdir.

Ahmet ibn Ýusup Ahmet Tuluna beýik şahsyýet, döwlet işgäri,serkerde we hökümdar hökmünde belent sarpa goýýar. Eserde Müsüriň ykdysady ýagdaýy, döwletiň dolandyryş we maliýe edarasynyň işi, hökümdaryň goşuny we ýerlerdäki dikmeleri bilen gatnaşyklary barada gymmatly maglumatlar berilýär. Ahmet Tulun baradaky maglumatlary taryhçy 26 sany adamyň gürrüňlerinden alypdyr. Olaryň arasynda Ahmet Tulunyň köşk adamlary, hyzmatkärleri, serkerdeleri, çaparlary bardyr. Bu adamlaryň köpüsi gelip çykyşy boýunça türkmen bolupdyr. Ahmet ibn Ýusubyň gürrüňdeş bolan adamlarynyň arasynda hökümdaryň doganoglan agalary hem bar eken. Bu gürrünleri ýazar Ahmet beg ölenden soň, onuň ogly Humarawaýhyň dolandyran ýyllarynda ýazyp alypdyr.

Tulunylar barada eser ýazanlaryň ýene biri al-Balawy hasap edilýär. Onuň işi “Kitab sirat al-Tulun” (“Tulunylar nesilşalygynyň taryhy”) diýlip atlandyrylýar. Bu eser ýeke-täk nusgada saklanyp galyp, ol 1935-nji ýylda Damaskyň “az-Zahariýe” kitaphanasynda ýüze çykarylypdyr. Bu nusga 1939-njy ýylda Muhammet Gurt Aly tarapyndan Siriýada neşir edilipdir. Eser tulunylar nesilşalygyna bagyşlanan bolsa-da ondaky gürrüňler esasan Ahmet Tulunyň özi hakyndadyr. Al-Balawy eseriň girişinde bu işi Müsüriň tanymal adamlarynyň biriniň howandarlyk etmeginde ýazandygyny belleýär, ýöne “howandaryň” adyny görkezmändir. Al-Balawynyn ýazmagyna görä, şol adam Ahmet ibn Ýusubyň tulynylar baradaky eserini okandygyny, ýöne ondan göwnüniň suw içmändigini aýdypdyr.

Al-Balawynyň eseriniň X asyryň ikinji ýarymynda ýazylandygyny göz öňünde tutsak, ady näbelli “howandar” tulunylar neslinden ya-da ihçidler döwrüniň belli şahsyýetleriniň biri bolmaly. Sebäbi eser tulunylar begligi ýykylandan 50 ýyl geçenden soň ýazylypdyr. Bu işiň ähmiýetine alym K.A. Boýko uly baha berýär: “Al-Balawy

tarapyndan döredilen Tulun oglunyň ömürbeýany bu ajaýyp hökümdaryň dolandyran ýyllarynyň taryhyna we Müsüriň taryhynyň IX asyrynyň ikinji ýarymyna degişli iň irki çeşmeleriň hataryna degişlidir”.

Al-Balawynyň eserindäki gürrüňler hökümdaryň kakasy Tulunyň gelip çykyşy bilen baglanşykly hekaýatdan başlanýar. Şundan soň ýazaryň ähli ünsi eseriň baş gahrymany Ahmet Tulunyň şahsyýetinde jemlenýär. Ýazar Ahmet begiň Müsüriň syýasy durmuşynda peýda bolşundan başlap, tä ol aradan çykýança ömür ýoluny jikme-jik yzarlaýar. Al-Balawy nesilşalygy esaslandyran başarjaň we zehinli hökümdaryň çylşyrymly we gapma-garşylykly keşbini görkezip bilipdir. Onuň endiklerini, hüý-häsiýetlerini we dünýägaraýyşyny beýan etmek bilen Ahmet Tulunyň gowy häsiýetlerine uly üns beripdir, onuň ýowuzlyklaryny aklaýar.Eserde Ahmet Tulun edenli hökümdar, inçe diplomat, başarjaň serkerde, zehinli gurujy we tanymal deňizçi hökmünde häsiýetlendirilýär. Ahmet Tulunyň şahsyýetiniň çöwre tarapy hökmünde taryhçy onuň ogullarynyň biri al-Abbasy mysal hökmünde görkezýär. Al-Balawynyň ýazmagyna görä, Al-Abbasyň şahsy keşbi nesiller üçin diýseň öwrenerliklidir. Ol döwlet işlerinden başy çykmaýan, emelsiz nalajedeýin, barypýatan tüpbozan bolupdyr. Ol kakasynyň garşysyna topalaň turuzýar, ýöne derbi-dagyn edilip, ryswa bolýar.

Işiň ähmiýetli taraplarynyň biri-de tulunylaryň ömürbeýany bütin Ýakyn Gündogaryň taryhy bilen baglylykda beýan edilýär. Onda Müsüriň, Halyflygyň we Wizantiýanyň arasyndaky gatnaşyklaryň dürli ugurlary görkezilýär. Eserdäki wakalar Ahmet Tulunyň syrkawlamagy we aradan çykmagy, onuň nesihatlary, baýlyklary we jaýlanyşy bilen tamamlanýar.

Al-Balawiniň işi tulunylar häkimiýet başyndan gideninden köp wagt geçip, Müsüriň ykdysadyýetinde we syýasatynda çöküşler başlandan we häli-şindi bolýan topalaňlar merkezi häkimiýeti gowşadandan soň ýazylypdyr.

Şonuň üçin hem ýazaryň pikiriçe, Müsüre Ahmet Tulun ýaly ýurdy düzgüne salyp, topalaňlary ýatyryp biljek güýçli şahsyýet zerur bolupdyr. Şeýle şahsyýetiň üstünlikli döwlet işi, ýazaryň pikirine görä, ýerli hökümdarlar üçin nusgalyk tejribe mekdebi bolup biljekdi.

Al-Balawy bu işi ýazmak üçin Ahmet Tulun tarapyndan döredilen hökümet edarasyndan - "diwan al-inşadan" alnan resminamalary we hatlary giňişleýin ulanypdyr. Al-Balawiniň berýän maglumatlaryna görä, Ahmet Tulun şahsy kätibine özüniň dürli adamlar bilen gürrüňdeşligini, gürrüňdeşligiň nirede we kim bilen geçirilýändigine garamazdan, ähli gürrüňleri dolulygyna ýazdyrýar eken. Eger-de kätip şu düzgüni bozaýsa, ona haýal etmän çäre görlüpdir.

Tulynylar barada eser ýazan taryhçylaryň biri-de Abu Omar Muhammet ibn Ýusup ibn Ýakup ibn Hafs at –Tujibi al-Kindi al-Mysrydyr (897-961 ý.ý.). Onuň dürli hili atlandyrylýan "Kitab al-Umara" ("Emirler hakynda kitap") eseri saklanyp galypdyr. Bu eserde Müsüriň VII-X asyrlardaky emirleri bilen bir hatarda Tuluny we Ihçidi emirleri barada-da gymmatly maglumatlar berilýär. Al-Kindi beýan edýän wakalaryny dürli şahyrlara degişli goşgy setirleri bilen hem bezäpdir. Şol goşgylar Ahmet Tuluna, onuň ogly Humarawaýha bagyşlanyp arap şahyrlary tarapyndan ýazylan öwgüli, şeýle hem tulunylar nesilşalygynyň ýykylmagyna gynanç bildirilip, göz ýaş edilip ýazylan şygyrlardyr. Ýazaryň işindäki maglumatlar VII asyryn ortalaryndan gaýdyp, Muhammet Ihçidiň ölümine çenli (946 ý.) ýetirilip goýulypdyr.

Al-Kindiniň eseriniň nusgalary Akkadaky (Palestina) Ahmet paşanyň (XI asyryň göçürmesi), Gylyç Aly paşanyň (XII a.), Mustapa ependiniň (XVI asyryň başlarynyň göçürmesi), Esat ependiniň (XVI asyryň ahyrlary) kitaphanalarynda, şeýle hem Angliýanyň Britan mirashanasynda saklanýar. Gynançly ýeri, bu eseriň dünýäniň

köp ýurtlarynda häzirki bu güne çenli saklanyp gelýändigine garamazdan, ol biz üçin elýeterli däldir.

Tulunylar türkmen begligini ýyksalar-da bagdatly halyfyň dikmelerine Müsürde uzak höküm sürmek miýesser etmändir. 935-nji ýylda Müsür ýene-de keseki agalygyndan çykýar. Bu gezek Müsüre garaşsyzlygy beýleki bir türkmen begi Tuguç Ihçidiň ogly Muhammet beg alyp berýär

Tulunylardan tapawutlylykda ihçidileriň ata-babalary we olaryň gelip çykyşy barada belli bir derejede maglumatlar saklanyp galypdyr. Ihçit unwany Muhammet begiň ata-babalarynyň hökümdarlyk derejesi bolup, olar gadymy döwürlerden tä VIII asyryň ortalaryna çenli Merkezi Aziýanyň hökümdarlary bolupdyrlar.Ihçidileriň asly Amyderýanyň we Syrderýanyň aşak akymlarynda ýasan gadymy oguz taýpalaryndan bolupdyr.

Müsürde höküm süren ihçidileriň ata-babalary hakynda iňňän gymmatly maglumatlar saklanyp, olar bu nesilşalgynyň Türkmenistandaky we Merkezi Aziýadaky hökümdarlygynyň taryhyny yzarlamaga mümkinçilik berýär. Ihçidiler baradaky maglumatlar dürli taryhy çeşmelerde agzalýar. 1932-nji ýylda Täjigistanda Mug dagyndan tapylan sogdak resminamalarynda, Merkezi Aziýanyň ýerli zikgelerinde we hytaý çeşmelerinde ihçidiler barada gymmatly maglumatlar saklanyp galypdyr. 1936-njy ýylda Özbegistandan tapylan teňňelerde-de ihçidiler barada maglumatlar berilýär. Bar bolan taryhy maglumatlar ihçidileri Syryderýanyň we Amyderýanyň boýlarynda ýaşan gasdymy oguz taýpasy bolan kaňlylardan {hytaý çeşmelerinde “kangýuý” – “arabaly”} gelip çykypdyr diýip netije çykarmaga esas berýär. Hytaý çeşmelerinde Mawerennahr ýurdy Kangýuý (Kaňly), meşhur taryhçylar Narşahynyň we at–Tabarynyň işlerinde bolsa Sogdak (Sogdiana) diýlip atlandyrylýar.

Kaňly döwleti b.e.ö.IV asyrdan tä b.e. III asyry aralygynda rowaç bolan döwletdir. Kaňlynyň taryhy belli türkmen arheolog alymy H.Ýusupow tarapyndan belli bir

derejede öwrenildi.Bu döwletiň ýerleri günorta-gündogarda Fergana, demirgazyk-gündogarda Balhaş kölüne, günortada Amyderýanyň ýokary akymlaryna, demirgazyk-günbatarda Aral deňzine, günorta-günbatarda Uzboýyň orta akymlaryna çenli aralyklary öz içine alypdyr. Onuň merkezi Amyderýanyň kenarynda ýerleşen Kät (Köneürgençden öňki paýtagt) şäheri bolupdyr. S.P. Tolstowyň ýazmagyna görä, Kaňly döwletiniň esasy merkezi Horezm bolupdyr. Kaňlylar giçki döwürlerde Sogdagy (Sogdiýana), Baktriýany öz döwletleriniň düzümine goşýarlar. Halkymyzyň gadymy döwletleriniň biri bolan bu döwlet 600 ýyldan gowrak wagt ýaşapdyr. Kaňlylar Uzboýyň, Horezmiň, Baktriýanyň we Sogdiýananyň medeniýetinde, dilinde, sungatynda öçmez yz galdyrypdyrlar.

Kaňlylaryň döwletinde hökümdar “ihçit” diýlip atlandyrylypdyr. Araplar Mawerennahry eýelemänkäler bu ýeriň welaýatlaryny Kanly neslinden bolan ihçitler dolandyrýardylar.Taryhy çeşmelerde we ylmy edebiýatda “Ihçit” sözi “hökümdar” manysynda “Sogdagyň ihçidi” ýa-da hytaýça “Kaňly ihçidi” görnüşinde köp duş gelýär. Alymlar G. Gibb bilen K. Şiratory hytaý çeşmelerine esaslanyp, “Kaňlynyň hökümdarlary ihçit unwanyny göteren dolandyryjy Kaň nesline degişli bolupdyr” diýip belleýärler. Mawerennahryň hökümdarlarynyň hemmesi araplar gelmänkä we araplar gelenden soň hem şu nesle degişli bolupdyrlar.

Kaňlynyň VII-VIII asyrlardaky ihçidleriniň ady bize hytaý ýazgylarynda gelip ýetipdir.Olaryň ilkinjisiniň ady “Fo-hu-man” görnüşinde bellidir. 1903-nji ýylda E. Şawann onuň adynyň “Bähmen” görnüşini anyklady. Bähmen ihçit Kaňly ýurduny 650-696-njy ýyllarda dolandyrypdyr. Bähmenden soň Tukaspadak (Du-sa-bo-ti) ihçitlik edýär. Ondan soň Bähmeniň ogly Ni-ni-şy-şe (698-700) dolandyrýar. Bu at diňe hytaý çeşmelerinde agzalýar, beýleki arap-pars ýazgylarynda onuň hakyky türkmen ady görkezilmeýär. Bu hökümdardan soň 700-710-njy ýyllarda Kaňly ýurdyny onuň ogly Tarhan ihçit (Tu-

hun) dolandyrypdyr. Tarhandan soň 710-721-nji ýyllarda Ugrak (U-le-ga) hökümdarlyk edýär.

Ugragyň ihçitlik eden ýyllarynda ýerli halk bilen gelmişek araplaryň arasynda dartgynly ýagdaý emele gelýär. Araplar ilatdan alynýan salgytlary ýyl-ýyldan artdyrýardylar. Şonuň üçin hem 721-nji ýylda Ugragyň inisi Diwaştiç ihçit (onuň ady budda ýazgylarynda şeýle tutulýar) araplara garşy gozgalaň turuzýar. 721-722-nji ýyllarda ol arap dikmelerini birnäçe gezek ýeňlişe sezewar edýär. Ýeňlen dikmelere Bagdatdan goşun kömegi gelenden soň, Diwaştiç olara boýun egmek islemän Kaňlydan çykyp gidýär. Diwaştiç hem Ugrak ýaly ihçit unwanyny göteripdir. Emma 722-nji ýylda gozglaň basylyp ýatyrylýar, Diwaştiç bolsa wepat bolýar.

Bu wakalardan soň araplar ihçitleriň häkimiýetini ykrar etmäge we salgytlary azaltmaga mejbur bolýarlar.Şonuň üçin hem 722-nji ýylda häkimiýet başyna ýene-de Ugrak beg gelýär. Şu döwrüň kaňly we hytaý teňňelerini öwrenen alym O.I. Smirnowa ihçitlerde arap-pars we budda atlarynyň dyşýandygyna garamazdan, olaryň gürrüňsiz türki aslynyň bolandygyny belleýär.

738-nji ýylda Ugak aradan çykandan soň onuň ogly Tugra (Doge) ihçitlik edipdir.Onuň näçe ýyllap hökümdarlyk edeni belli däl. Şundan soň Türkmenistanda we Merkezi Aziýada ihçitler baradaky maglumatlar ýitýär.

Müsürli gürrüňe dolanyp gelsek, Muhammediň kakasy Tuguç beg Ferganany dolandyran ihcitleriň biriniň ogly bolup, X asyryň başlarynda Bagdatda halyfyň köşgünde gulluk edýär eken. Öz döwründe ol Damaskyň emiri wezipesini hem eýeläpdir. Emma halyfyň garşysyna gidenligi üçin, Tuguç beg tussag edilýär we zyndanda aradan çykypdyr. Muhammet beg kakasynyň şowsuzlyklaryny düzetmegi başarýar we 930-njy ýylda ilki Damaskyň emiri, 935-nji ýylda bolsa Müsüriň emiri bolmaklygy başarýar. Halyf ar-Rady (934-940 ý.ý.)

Muhammet bege ata-babalaryndan miras galan “ihçit” unwanyny beripdir.

938-nji ýylda Muhammet Tuguç özüni Müsüriň ihçidi diýip yglan edýär. Şeýlelikde Müsürde ýene-de bir türkmen hanedany – ihçidiler nesilşalygy esaslandyrylýar. 941-nji ýylda Muhammet ihçit begligiň düzümine Siriýany, Palestinany, 942-nji ýylda bolsa Mekge-Medinäni hem birleşdirýär.

Müsür gadymy döwürlerden bäri köp milletli ülkedi. Onda musulman halklary bolan türkmenlerden,araplardan başga-da, isaýylar we ýahudy halklary hem ýaşaýardy. Tulynylaryň döwründe bolşy ýaly, ihçidiler hem olary müsürli musulman raýatlary bilen deň tutýardylar, olara dürli meselelerde ýardam edýärdiler. Türkmen hökümdarlarynyň adalatly dolandyryşynyň netijesinde Müsürde hic haçan dinara ýa-da milletara dawalary bolmandyr. Tersine, taryhy çeşmelerde Muhammet Ihçidiň, haçanda müsürli isaýylar özara dawa edenlerinde olary köşeşdirendigi we taraplaryň ikisi üçin hem bähbitli karara gelnendigi barada aýdylýar.

Muhammet Ihçit hem Ahmet Tulun ýaly ylym-bilime we medeniýete uly sarpa goýan hökümdar bolupdyr. Ol sungat ussatlarynyň, din adamlarynyň, şahyrlaryň we alymlaryň hakyky howandary bolupdyr. Onuň aladalary bilen Kataýda ençeme jemgyýetçilik binalary gurlupdyr, ajaýyp eserler döredilipdir.

946-njy ýylda Muhammet beg aradan çykandan soň ýurdy onuň uly ogly Abulkasym Oňar Ihçit (946-960 ý.ý.), ondan soň bolsa ikinji ogly Abulhasan Aly Ihçit (960-966 ý.ý.) dolandyrýar. Abulhasan Ihçit häkimiýetini köşk adamlarynyň birine aldyrýar, ýöne ol topalaňçy türkmen serkerdeleri tarapyndan ýok edilip, Müsüriň iň soňky ihçidi Abulfawaris Ahmet tagta çykarylýar.

Çylşyrymly wakalaryň gidýän döwründe gowşan begligiň üstüne goňşy döwletler hem hüjüm edip ugraýarlar. Şonuň üçin hem ihçidiler öz goňşulary bolan araplaryň hamdaniler,

fatimiler, karmatlar döwletleri bilen üznüksiz uruşlary alyp barmaly bolupdyrlar. Sebäbi Ýakyn Gündogaryň iň baý ülkesi bolan Müsüri her kimiň eýeläsi gelýärdi. Müsüre Wizantiýa hem göz gyzdyrypdyr. Ahyr soňy 969-njy ýylda fatimileriň serkerdesi Jöwher Müsüre uly ýöriş geçirýär we paýtagt şäher Kataý eýelenýär. Jöwher hem Kataýyň gapdalynda täze paýtagty – Kaýiryň düýbüni tutýar. Fatimiler Müsürde laýyk 200 ýyl hökümdarlyk edenlerinden soň, 1169-nji ýylda türkmen serkerdesi Ýusup Salaheddin Eýýubi Kaýirde häkimiýeti öz eline alýar.

Eýýam belläp geçişimiz ýaly, ihçidiler hem Müsüri dolandyran türkmen hanedanlary bolan tulunylar, eýýubiler, memluklar we osmanlar ýaly bu gadymy ülkäniň taryhynda uly yz galdyrypdyrlar.

Müsürde ihçidiler nesilşalygy barada-da taryhy eserler döredilipdir. Şol eserleriň biriniň ýazary meşhur taryhçy Abu Muhammet al-Hasan ibn Ibrahim ibn al-Huseýin ibn al-Hasan ibn Aly ibn Halab ibn Reşid ibn Abdallah ibn Süleýman ibn Zulak al-Leýsidir (919-997). Bu ýazar ylymda Hasan ibn Zulak ady bilen tanalyar. Ibn Zulak tulunylaryň taryhyny hem gowy öwrenipdir. Ol birnäçe eser döredipdir. Onuň ihçidiler barada ýazan eseri “Kitab sirat Muhammet ibn Tuguç al-Ihşit” (“Tuguç Ihçidiň ogly Muhammediň ömürbeýany”) diýlip atlandyrylýar.

Ibn Zulak bu işi ýazmak üçin Muhammet ibn Musa ibn al-Mamunyň “Sirat al-Ihşit ” (“Ihçidileriň ömürbeýany”) eserini ulanypdyr. Bu eseri ol 946-njy ýylda al-Mamunyň özi bilen tanyşlykda içgin öwrenipdir. Emma esere ibn Zulagyň göwni ýetmändir. Sebäbi al-Mamun Muhammet Tugujyň göwnüni görmek, ondan mal-mülk hantama bolup, kitapda diňe hökümdaryň adyna aýdylýan öwgüli sözler bilen çäklenipdir. Ibn Zulagyň şaýatlyk etmegine görä, bu esere Muhammet Tugujyň hem göwni ýetmändir. Şonuň üçin hem aradan

çykmazynyň öňisyrasy Müsürden Siriýa gelen Muhammet Tuguç bu kitaby köpeltmegi gadagan edipdir.

961-nji ýylda Muhammet Ihçidiň ogly Abul Hasan Aly (961-966) Ibn Zulaga kakasynyň ömürbeýanyny ýazyp bermegini sorap ýuz tutupdyr. Ýazaryň eseri Aly Ihçide-de, onuň ejesine-de ýarapdyr. Ibn Zulagyň ýazmagyna görä, kitap üçin merhum hökümdarýň ogly bilen aýaly ýazary sahylyk bilen sylaglapdyrlar we her ýyl oňa halat-serpaý berýär ekenler.

Bize elýeterli bolmadyk bu kitapda, ibn Zulak Muhammet Ihçidiň jikme-jik ömürbeýanyny döredip, onda bu türkmen hökümdarynyň ata-babalary, onuň 935-nji ýýla çenli ömür ýoly, dolandyryşy, geçiren ýörişleri we alyp baran usruşlary, garşydaşlary bilen gatnaşyklary, onuň gullary, söweş atlary, eýelik eden baýlygy we başgalar barada gymmatly maglumatlar berýär. Ibn Zulagyň bu işi ýazmak bilen baglanşykly maglumatlary ylym üçin has hem ähmiýetlidir. Bu barada onuň özi şeýle ýazýar: “Bu ömürbeýana men diňe özümiň şaýat bolan wakalarymy we mümkin boldugyça diňe özümiň ynamdar diýip hasap eden adamlarymyň aýdyp beren gürrüňlerini goşdum. Abu Omar Muhammet ibn Ýusup al-Kindi “Ahbar umara Mysr” (“Müsüriň emirleri hakynda hekaýat”) esrerini döretdi we ony al-Ihçidiň ölümi bilen tamamlady. Onda ol Muhammet Ihçit barada az maglumat berýär. Men Oňar, onuň inisi Aly, Ahmet ibn Aly al-Ihçit baradaky maglumatlar bilen bu ömürbeýanyň üstüni ýetirdim. Şeýle hem bu ömürbeýana Aly ibn al-Ihçitden soň hökümdarlyk edenler barada-da maglumat goşdum.”

Ibn Zulagyň eli bilen ýazylan bu iş Müsürde XV asyrda-da bar eken. Ony 1417-1437-nji ýyllarda arap ýazary al-Makrizi peýdalanypdyr we eserden ýazgylary alypdyr. Eýýäm bellenip geçilşi ýaly, ibn Zulak Muhammet Ihçidiň ömürbeýanyny döretmek üçin diňe özüniň we ony ýakyndan tanan, ýazaryň özi üçin ynamdar hasap edilen adamlaryň gürrüňlerini ulanypdyr. Hakykatdan hem “Ömürbeýanyň” biziň

günlerimize çenli saklanyp gelen nusgasy dolylygyna Ihçidiler döwletini esaslandyryjyny ýakyndan tanan adamlaryň beren maglumatlaryna esaslanýar. Olar 40-a golaý adamlar bolup, olaryň arasynda Muhammet Ihçidiň maşgala agzalary, kazylar, wezirler, serkerdeler, onuň şahsy goragçylary, kätipleri, müneçjimleri, tebipleri we terjimeçileri bolupdyr. Umuman alanyňda, ibn Zulagyň işi hem Müsürde hökümdarlyk eden ihçidiler nesilşalygy barada gymmatly maglumatlary özünde jemleýär. Gyzykly ýeri, tulunylar we ihçidiler baradaky maglumatlary Müsürde memluklar döwrüniň meşhur türkmen taryhçysy ibn Taňryberdi (XIV a.) özüniň "An-Nujum az-Zahira" ("Parlak ýyldyzlar") eserinde peýdalanypdyr.

Ibn Zulagyň eserleriniň nusgalary häzirki döwürde Kairiň, Berliniň, Parižiň atly golýazmalar mirashanalarynda, şeýle hem Türkiýedäki Welieddin ependiniň , Myrat Mollanyň kitaphanalarynda saklanýar. Ibn Zulagyň işi 1933-nji ýylda "Müsüriň taryhy" ady bilen Kairde neşir edilipdir.

Ihçidiler barada taryhy maglumataryň esasynda 1950-nji ýylda Müsürde Saýýida al-Kaşifiniň "Mysr fi-asr Ihşidiýin" ("Müsür ihçidileriň döwründe") eseri hem neşir edilipdir.

Müsürliler öz ýurtlaryna garaşsyzlyk alyp beren türkmen gerçeklerini unudanoklar.Bu gadymy ýurduň taryhy bilen baglanyşykly neşir edilýän kitaplarda müsürli alymlar eýýubilere we memluklara bolşy ýaly, tulunylar bilen ihçidilere-de uly ähmiýet berýärler.Olar meşhur türkmen hökümdarlarynyň atlaryny guwanç bilen tutýarlar. Ahmet Tulunyň,Muhammet Tugujyň atlary Müsüriň taryhynda uly yz galdyran ýerli arap şahsyýetleri – Saad Zaglulyň, Ahmet Araby paşanyň,Gamel Abdel Naseriň we beýlekileriň atlary bilen bir hatarda hormat bilen tutulýar.Çünki olar Müsüre onlarça ýüzýyllyklardan soň,onuň iň soňky faraony – zenan patyşa Kleopatranyň döwründe ýitirilen garaşsyzlygyny alyp beripdirler.

Türkmen halkymyzda "Müsürde şa bolandan, Kenganda geda bol" diýen gadymdan gelýän pähimli bir söz bar. Oňa her kim bir hili düşünýär. Ýöne, kim näme diýse-de, bu parasatly söz Müsürde şa bolmagyň hakykatdan hem juda kyn bolandygy üçin dörän bolmaly. Aýdylanlara türkmeniň beýik hökümdarlarynyň bu gadymy ülkäniň taryhynda galdyrypdyran öçmejek yzlary we bitiren beýik işleri şaýatlyk edýär.

## Orta asyrlarda Arap medeniýeti

Arap medeniýetiniň ösüşinde iki ugur bardyr. Arap ýarym adasynda ir döwründe dörän, ýagny arap taýpalarynyň döreden medeniýeti.

I. VII – X asyrlarda araplaryň basyp alan ýurtlarynda dörän arap – musulman medeniýeti. Munuň sebäbi VII – X asyrlarda musulman ýurtlaryň hemesinde diýen ýaly ylmyň – bilimiň edebiýatyň hemmesi diýen ýaly arap dilinde, arap elipbiýinde ýazylypdyr. Olar Pireneý ýarym adasyndan (Häzirki Ispaniýa) tä Hindistana çenli dörän ýurtlardyr. Yslam dini döremezden öň arap ýarym adasynda çarwaçylyk we ekerançylyk bilen meşgurlanýan arap taýpalary ýaşaýardylar. Olaryň medeniýetine IV – VI asyrlarda ýaşan goňşy Ýemen, Siriýa, Ysraýyl, Eýran halklarynyň medeniýeti täsir edipdir. V – VII asyrlarda Halyfat döwleti döreýär. Arap basyp alyşlar döwründe Halyfat uly imperiýa öwrülýär. Ol basylyp alynan ýurtlary Yslam birleşdirýär we olara arap medeniýeti täsir edipdir. Olaryň medeniýeti hem araplara täsir edipdir. Arap medeniýetine goňşy hrystýan halklarynyň medeniýeti hem täsir edipdir. Liwan, Siriýa, Wizantiýa döwletleri VII asyrda arap medeniýetiniň kämilleşmeginde Ommeýatlaryň täsiri uludyr. Olaryň Halyfatlary Damask şäheri bolýar. Olaryň filosofiýasy bir hudaýlyk; dini, arhitekturasy, medeniýetleri basyp alan ýurtlaryna ýaýrapdyr. 750 – nji ýylda Abbasitleriň Halyfaty

döreýär. Olaryň merkezi Bagdat şäherine geçýär. IX – X asyrlarda arap medeniýeti ösüpdir. Olar Ýewropa hem täsir edipdir. Medesina, astronomiýa, taryh, filologiýa, geografiýa ýaly ylymlar ösüpdir we dünýä medeniýetini özgerdipdir. X asyrda araplaryň Abbasitler Halyfatlygynyň döremegi döwletiň bölünmegine getirýär. VIII asyrda ilki bilen Ispaniýada dörän arap – ispan medeniýeti bölünip aýrylýar. IX asyrda Eýranda ýuwaş – ýuwaşdan kitaplary we beýleki ýazuw işleri özgerdip başlapdyrlar. Olar öz dillerinde ýazyp başlaýarlar.

Demirgazyk Afrikada X – XII asyrlarda Fatimitler dinastiýasy agalyk edipdir. XII – XIII asyrlarda Demirgazyk Afrikada Aýubit dinastiýasy agalyk edýär. Olar ýerli Berber medeniýetini döredipdirler. Diniň merkezi Bagdatdan Kaýyra geçýär. Orta Aziýada Zakawkaziýada arap dilinde ýazan köp alymlar döreýär. Mysal üçin: Al – Farabi (870 – 950 ý) döreýär. Ibn Sina (980 – 1037 ý) oňa Ýewropada Awisena diýen ady berýärler. XIV – XV asyrlarda meşhur filosow we taryhçy Ibn – Haldun eserleri ýazýar. Siriýada, Eýranda arap ýurtlarynda antik awtorlarynyň Aristoteliň, Plotonyň eserlerini arap dilinde terjime edýärler. Olaryň eden üstünlikleri Ýewropa ýaýrap başlaýar. Ibn Sinanyň ýazan medesina eserleri bütin Ýewropa ýaýraýar. Uly şäherlerde bilim öýleri – abserwatoriýalar salynýar. Abu Reýhan Birunyniň matematika degişli ýazan işleri hem bütin dünýä ýaýraýar. Ol 973 – 1048 – nji ýyllar aralygynda ýaşapdyr. Mundan başgada Omar Haýýamy we Muhammet Merwezini agzamak bolar. Musulman ýurtlarynda 2 – hilli kalendra ulanylýar.

I. Muhammet Pygamberiň Mekgeden Medinä göçen döwri.
II. Isa Pygamberiň doglan gününden gaýdýar.

Omar Haýyam köp ýyllaryň dowamynda olary öwrenip kalendra düzýär. Netijede “Nowruz – nama” diýen işini

ýazýar. Şol kalendar häzire çenli dowam edip gelýär. Araplarda geografiýa ylmy has giň ösüpdir. Olar basyp alan ýurtlarynda syýahat edipdirler. Olar barada uly kitaplar ýazypdyrlar. Türkmenistanyň taryhyny öwrenmekde ýazan arap alymy Ahmet ibn – Fadlah X asyrda kitap ýazýar. Ol türkmenleriň arasynda bolup, giňden olar hakda ýazypdyr.

Araplarda taryh ylmy ösüpdir. VIII – X asyrlarda ýazylan işlerde Muhammet Pygamber hakynda maglumatlar ýazylypdyr.

Orta asyr arap alymlarynyň we arap dilinde başga ýazarlaryň ýazan işleri Orta Aziýanyň taryhyny bilmekde, öwrenmekde esasy çeşmeleriň biri bolup durýar. Al – Belazuriniň, At – Tabari, Mahmut Kaşkarlynyň ýazan işleri taryhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Belli bolşy ýaly Yslamdan öňki arap dünýäsi 2 topara bölünýärdi. Olar şäherli hem – de göçüp – gonup ýören araplardyr. Şäherliler daşdan, kerpiçden we güne guradylan çig kerpiçden örülen diwarlardan üsti bolsa hurma agaçlarynyň pürleri bilen örtülip we palçyk bilen suwalan sada öýlerdi. Çöl araplarynyň ýeke – täk öýleri çadyrlardy. Yslam dininiň ýüze çykan ýyllarynda hem bu aýratynlyklar dowam edýärdi. Medinede “Metjidi Nebiniň” (Pygamber metjidi) düýbi daşdan, diwarlar kerpiçden, üsti bolsa hurma agaçlarynyň pürleri bilen ýapylandy. Hat – da ýagyş ýaganda metjidiň içine ýokarsyndan ýagyş suwy syzýardy. Hem – de bu günimizdäki metjitler haly ýa – da kilim ýokdy. Döwrümizdäki ýaly münber, azançynyň ýeri we soňky jemagat ýerleri hem – de häzirki ýaly üsti ýapylan ýerler ýokdy. Ilkinji 2 Halyfyň döwründe söweşler sebäpli gurluşyk işlerinde meýilnamaly işlemäge mümkinçilik ýokdy. Ýöne Halyf Omaryň döwründe Kufe, Basra, Fustat (Kahre) şäherleri gurulypdyr. Ýöne bu gurulan şäherleriň hemmesi köne arap şäherleriniň keşbindedi. Gurluşyk we arhitekturada Eýranyň we Wizantiýanyň täsiri araplara Emewileriň Halyfatlyk eden döwründe gelip başlaýar. Yslamda

obalaryň we şäherleriň gurluşygynyň düýbüni Medinede metjidi Nebi bilen töweregindäki özgerşiklerden görýäris. Ýagny ortada metjit, ýakynynda mekdep has soňraklar hammamlar, kitaphana, myhmanhanalar, kerwensaraýlar we olaryň töwereginde Öýler, kwartallar gurulypdyr.

## Hytaý XVII- XVIII asyrlarda

XVII asyryň 30-40-njy ýyllarynda hytaý döwleti çuňňur durmuş-ykdysady we syýasy kynçylyklary başdan geçirilipdir. Agyr ýagdaý halkyň tolgunmagyna we uzak wagtlap dowam eden gozgalaňa getiripdir (1628-1644).

40-njy ýyllaryň başlarynda gozgalaň täzeden ýokary göterilişe eýe bolýar. Gozgalaňçy lagerde iki merkez emele gelýär.

1.Hubeý-Şensi (merkezi we demirgazyk-günbatar), 2.Syçuwanda (günbatary). Ýone iki merkezem goňşuçylykda ýerleşipdir. Hubeý-şensi toparyna öňki çopan Li Syzyçen (1606-1645), Syçuwan toparyna bolsa öňki esger Çžan Siýançžun (1606-1647) ýolbaşcylyk edipdirler.

Gozgalaňyň soňky döwürlerinde olar goşuny kämilleşdiripdirler. Esasy talaplary agalyk edýän nesilşalygyny agdarmak bolupdyr. Tertip-düzgüni ýola goýup hubeý-şensi topary Pekine tarap süýşmegi karar edýär. Welaýat merkezi bolan Siyany (Şensiniň merkezi) eýelänlerinden soň Li Syzyçen 1643-nji ýylda imperator diýilip yglan edilýär. Bu hereket daýhanlaryň dolandyryş üçin başga has kämil usullary tapyp bilmändiklerini görkezýär.

1644-nji ýylyň Aprel aýynda Li Syzyçeniň goşuny Pekini eýeleýär. Bu işe gozgalaňçylaryň beýleki topary gatnaşmandyr. Paýtgatyň ýeňillik bilen eýelenemginiň esasy sebäbi birinjidenä ýurt 15 ýyllap dowam eden içki uruşlar zerarly tozupdy, ikinjidenem Min hökümeti demirgazykda mançžurlara garşy hem uruş alyp barmaly bolyardy.

Paýtagt eýelenenden soň patyşa özüni öldürýär. Ýeňiji gozgalaňçylar ýurtda tertip-düzgüni ýola goýmaga başlaýarlar, tussaglary boşadýarlar, köp min emeldarlary jezalandyrýarlar. Şaher ilatyna, senetçilere gozgalaňçylar kömek bermegi we olara ýardam etmekligi wada edýärler. Emma uly kynçylyklar ýüze çykýar, sebäbi uly goşun saklamak üçin salgyt ýygnamalydy Bu bolsa ýatyrylan salgytlary dikeltmäge mejbur edýär. Netijede bu çäreler gozgalaňçylaryň gazanan ýeňişine uly howp salyp başlaýar. Emma esasy howp gozgalaňçylara demirgazykdan abanypdyr.

Mançžurlar, çžurçženleriň nesilleri bolup XVI asyryň ahyrlarynda Nurhasynyň baştutanlygynda birleşýärler we XVII asyryň başlarynda bu serdar mançžurlaryň döwletini döredýär. Onuň ogly Abahaý soňra öz döwletini Sin (arassa) diýip atlandyrýar we ýurdy hytaý nusgasy boýunça dolandyryp başlaýar. Hytaýa çozmazlarynyň öňisyrasy mançžurlarda 200 müňe golaý goşun bolupdyr.

1644-nji ýylyň ýazynda mançžur serkerdeleri hytaý goşun serkerdelerinden özlerini beýik hytay diwarlaryndan geçirjekdikleri barada habar alýarlar. Bu teklibi olara min generaly U Sanguý edipdir. Ol mançžurlaryň kömegi bilen gozgalaňy basyp ýatyrmak isläpdir.

Li Syzyçen emele gelen ýagdaýdan çykmak üçin U Sanguýa birleşmegi we mançžurlary derbi-dagyn etmegi teklip edýär. Başda razylyk bersede U Sanguý bu teklibi ret edýär we mançžurlara Şanhaýguwan geçelgesini açyp berýär.

1644-nji ýylyň ýazynda U Sanguý mançžurlar bilen bileleşip Hytaýy eýelemäge başlaýarlar we bu waka tä 1683-nji ýylla çenli dowam edýär. 1644-nji ýylyň Maý aýýnyň 27-de hytay diwarlarynyň Şanhaýguwan geçelgesiniň töwereginde Li Syzyçen bilen mançžurlaryň arasynda uly söweş bolup geçýär. Ýöne bu söweşde gozgalaňçy goşunlar yza çekilmäge mejbur bolýarlar. Li Syzyçen Pekini galdyrmagy karar edýär we yza, öňki günbatardaky bazalaryna tarap gidýär.

Pekini eýeläp mançžurlar Abahaýyň ogullarynyň biri Şunžyny (abadan dolandyryş) patyşa diýip yglan edýärler we Hytaýda Sin dinastiýasy esaslandyrylýar. Bu dinastiýa Hytaýda 267 ýyllap (1644-1911) agalyk sürýär. 1645-nji ýyldaky ýazky söweşlerden soň Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda gozgalaňçylaryň esasy güýçleri ýok edilýär. Li Syzyçen bolsa wepat bolýar.

Li Syzyçen ýeňilenden soň Syçuwandaky gozgalaňçylar Çžan Siýançžunyň baştutanlygynda kyn ýagdaýa düşýärler. Li Syzyçena kömek bermändikleri sebäpli mançžurlar Hytaýyň merkezi etraplaryny ýeňillik bilen basyp alypdyrlar.

Diňe 1646-njy ýylyň tomsunda Çzan Siýançžun basybalyjylara gaýtawyl bermegi karar edýär. Emma 1647-nji ýylyň gyşynda bolan söweşleriň birinde ol ýaralanýar we ýesir düşüp öldürilýär. Gozgalaňçy serkerdeler ölenden soň goşun dargamaýar. Olaryň deregine täze talantly serkerdeler döreýär.

Mançžurlara käbir hökümet goşunlary hem berk garşylyk görkezipdirler. Min generaly Şi Kef Ýançžou şäherini mançžurlardan birnäçe wagtlap goramagy başarýar. Ýöne ahyrsoňunda şäher duşman tarapyndan eýelenipdir we döwürdeşleriň ýazmagyna görä 800 müň ilat gyrlypdyr. Bu şäher Hytaýyň gündogarynda kenar ýakada ýerleşýär.

Bu şäher eýelenenden soň mançžurlar Hytaýyň Pekinden soň ikinji şäher bolan Nankine çozýarlar. Emma ony emeldarlar mançžurlara söweşsiz tabşyrypdyrlar. 1647-nji ýylda Min goşunlary bütinleý diýen ýaly dargaýar, ýogsam olaryň entäk ep-esli goşunlary bolupdyr. Ýöne olary birleşdirip biljek güýç tapylmandyr.

Şeýlelikde mançžur basybalyşlarynyň birinji döwri tamamlanypdyr. 1644-1647-nji ýyllarda mançžurlar Demirgazyk, Merkezi we Günorta Hytaýyň esasy ýerlerini eýeläpdirler. Ýöne olar basyp alan ýerlerinde ýeterlik derejede berkleşip bilmändirler. Sebäbi yzy üzülmeýän gozgalaňlar bolup geçýärdi. Şol gozgalaňlar 1650-nji ýyla çenli basylyp

ýatyrylypdyr. Şunuň bilen hem mançžur basybalyşlarynyň ikinji döwri tamamlanýar.

Hytaýyň köp ýerlerinde mançžur agalygy dikeldilenem bolsa göreşler bes edilmändir. Öňki gozgalaňçylaryň galyndylary Čžan Siýančžunyň egindeşi Li Dingonyň serkerdeliginde Hunan, Guýçužou, Guwansi (merkezi, günorta-günbatar, günorta) welaýatlarynda söweş alyp barypdyrlar. Dönik U Sanguýa LI Dingony has günorta gysyp çykarmak başardypdyr. Li Dingo Hytaýyň Hindi-Hytaý bilen araçäkdäki Ýunnan welayatyna çekilipdir. Bu ýerde uruşlar tä Li Dingo wepat bolýança 1662-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Mançžurlara garşy hereketler Günorta–Gündogar Hytayda-da dowam edipdir. Bu herektlere şäherleriň Watançy güýçleri gatnaşyp, oňa täjir maşgalasyndan bolan Čžen Çengun ýolbaşcylyk edipdir. Ol güýçli flotuň we Sinleriň tylynda hereket edýän goşunlaryň kömegi bilen XVII asyryň 50-nji ýyllarynda birnäçe üstünlikli ýörişleri geçirip bilipdir. Hatda ol Nankini eýelemäge-de synanşypdyr.

Mançžurlar Čžen Çenguna garşy birnäçe çäreleri geçiripdirler: kenar ýaka ilaty ýurduň jümmüşine göçüripdirler, güýçli flot döredipdirler. Şeýle ýagdaýda Čžen Çengun goşunlary we öz tarapdarlaryny Taýwana göçüripdir. Taýwanda (Formoza) gollandlar hojaýynçylyk edýärdiler. Čžen Çengun olary 1662-nji ýylda kowupdyr. Şunuň bilen mançžur basybalyşlarynyň üçünji döwri gutarýar (1650-1662). Taýwanda dörän bu döwlet tä 1683-nji ýyla çenli dowam edipdir.

Mançžurlara garşy iň soňky gozgalaňy dönük U Sanguý başlaýar. Gozgalaňyň sebäbi mançžurlar günortaly dikmeleriň goşunlaryny dargatmak barada karar çykarýarlar. Bu bolsa U Sanguýy ähli zatdan mahrum edýärdi. Şonuň üçin hem ol gozgalaň turzupdyr. Ýöne şindi gozgalaň basylyp ýatyrylmanka U Sanguý aradan çykýar we Hytaýyň taryhynda onuň ady dönükligiň nyşany bolup galýar.

Ähli ýerlerde mançžurlara garşy hereketler basylyp ýatyrlandan soň Taýwanda dolandyryjylar boýun egmegi karar edýärler we 1683-nji ýylda mançžurlara Taýwany söweşsiz berýarler. Şeýdibem Hytaýy basyp almaklygyň dördünji döwri tamamlanýar (1662-1683).

Hytaýy boýun egdirip mançžurlar ähli hytaýly erkek adamlaryň saçlaryny ýeňsesinden ördüripdirler. Bu däp hytaýlylaryň boýun egdirilendiginiň alamatydy.

Gozgalaňyn ýeňilmeginn esasy sebäbi hytaýlylar birleşip bilmändirler, ýurt tozgun ýagdaýdady, yzy üzülmeýän daýhanlar gozgalaňlary dowam edýärdi. Beýleki bir tarapdan mançžurlar inçe syýasat ýöredipdirler: Olar daýhanlaryň, ýer eýeleriniň mülklerine degmeýärdiler, ekerançylygy höweslendirýärdiler. Min hökümeti tarapyndan girizilen çökder salgytlar we borçlar ýatyrylypdyr.

Kansi (1662-1723), Siýanlun (1736-1796). Ýurdy mançžurlar eýeländen soň Hytaýyň durmuş-ykdysady gurluşynda känbir özgerişlikler bolup geçmeýär. Sürüm ýerleri öňküleri ýaly iki durmuş toparynyň arasynda - guan (emeldarlaryň) we min (halkyň) bölünipdir. Min kategoriýasyna ýurduň ekerançylyk ýerleriniň ¾ (75%) bölegi degişli bolupdyr.

Obanyň durmuş-ykdysady durmuşyna hytaý obşinasyna esaslanypdyr.

Obşini ýerleriniň iň ýaýran ýeri ýurduň Günorta raýonlary bolup durýar. Bu bolsa durmuş differensiýasynyň öňüni alypdyr. Obşini ýerleriniň içinde, buthana ýerleri, mekdep ýerleri, haýyr-sahawat ýerleri bolupdyr. Ondan alynýan önümler, dini baýramçylyklary geçirmäge, mekdebiň çykdaýjylaryny ödemäge, obşinanyň garyp-gasarlaryny eklemäge sarp edilipdir. Obanyň gurply adamlary 2 kategoriýa bölünipdir.

1.baýlaşan obşinnikler. Olar ýerleriniň bir bölegini kärendesine berip, beýleki böleginde öz maşgala çlenleri bilen

zähmet çekipdirler. Bular ýönekeý obşinniklerden kän bir tapawutlanmandyrlar.

2.topar hytaý jemgyýetiniň sowatly we wezipeli ýer eýeleri bolupdyrlar. Olar hem obşinadan çykan adamlar bolupdyr. Ýöne olar uly uruglardan (patranomiýa). Olar öz döwründe bilim alyp, synag tabşyran adamalardyr.

Garyndaşlyk gatnaşyklary güýçli bolsa-da kärende tölegi agyr bolupdyr, ýagny 30 % - den 70 % - e çenli. Ýöne ýapaçylyk (50 %) iň ösen töleg hasap edilýär.

Umuman sin döwri üçin orta we ownuk ýer eýeçiligi häsiýetli bolupdyr. Obaly baýlaryň aglabasy 50-100 mu möçberinde (3-6 ga) ýerleri bolupdyr, daýhanlaryňky bolsa 10-20 mu (0,6-1,2 ga) barabar. Uly mülkler seýrek bolupdyr.

Gürrün edilýän döwürde Hytaýda iki sany uly durmuş topary bolupdyr:

1.Min – bular hytay jemgyýetiniň esasy önüm öndürijileri, borçlary ýerine ýetirijileri we salgyt töleýjileri.

2.Guan – bular emeldarlar bolup dolandyryş ulgamyny ýöredipdirler, önüm öndürmändirler, salgyt tölenmändirler. Gulluk üçin olara hak tölenipdir.

IV

Hytaýyň syýasy gurluşy üçin çäklendirmedik häkimiýeti bolan hökümdar häsiyetlidir. Mançžur patyşasyny Bogdy han diýip atlandyrypdyrlar. Sin hökümdary hytaý däbi boýunça “Taňrynyň ogly” diýilip atlandyrylypdyr.

Patysanyň ýanynda 2 sany maslahatçy edara – sekretarýat we harby geňeş bolupdyr.

Şeýlelikde sany 700 müňden köp bolmadyk mançžurlar 150 mln Hytaýlyny dolandyrypdyrlar. Ýurt 18 welaýata, welaýatlar 10 oblasta (180 oblast), olar hem uýezdlere (1,5 müňe golaý) bölünipdir. Dolandyryşda baoszýa – köpçulikleýin jogapkärçilik giňden ulanylypdyr, ýagny birek-birege jogap berlipdir. Meselem, Hytaýda dolandyryş bölunişiginiň iň aşaky ülüşleri bolan bäs hojalyklarda, on hojalyklarda hemmeler biri-

biri üçin jogap beripdirler. Hytaýda oba dolandyryş ülşi hökmünde kabul edilmändir.

Hytaýy basyp alanlaryndan soň sin hökümdarlary basybalyjylykly syýasat ýöredipdirler. Olar öz täsirlerini Koreýa Mongoliýa ýetiripdirler. Koreýa sinler tarapyndan ýeňillik bilen täsire salnypdyr. Emma Mongoliýany eýelemeklik uzaga çekipdir. Mançžurlar Mongoliýany şindi Hytaýy eýelemänkäler basyp almaga başlapdyrlar. 1636-njy ýylda sinler içerki Mongoliýany, 1696-njy ýylda daşarky Mongoliýany (Halha) eýeläpdirler. Jungaryýany eýelemek üçin sinler uly çykdaýjylary etmeli bolupdyrlar. Sebäbi jungarlar sinlere ençeme on ýyllyklaryň dowamynda ýiti garşylyk görkezipdirler.

1757-nji ýylda mançžurlara Jungaryýany eýelemek başardýar. 1759-njy ýylda türki halkalryň ýaşaýan ýurdy bolan Kaşgariýa (Gündogar Türküstan) basylyp alynýar we ol Sinsizýan (Täze araçäk) diýilip atlandyrylýar.

XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda alnyp barylan inçe syýasatyň netijesinde Wiýetnam we Miýanma (Birma) ýapjalygy kabul edýärler.

Umuman alanyňda mançžurlaryň daşary syýasaty özüniň mazmuny boýunça basybalyjylykly häsiýetde bolupdyr.

Geçmişde Hytaýyň taryhynda ençeme nesilşalyklary höküm sürudirler. Şol nesilşalyklaryň ählisiniň hem dolandyran başky onýyllyklary özüniň asudalygy we bolelin durmuşy bilen häsiýetlendirilýär. Bu sinler babatynda-da şeýle. Ýöne köp asyrlap ýaşan nesilşalyklar 100 – 150 ýyldan soň güýçden gaçyp ugraýarlar ýa-da bolmasa nesilşalyklaryň başky onýyllyklary asudalygy we dumuşyň bolelinligi bilen tapawutlanýar. Mançžurlaryň hem başky dolandyran ýyllary şeýle boldy. Emma XVIII asyryň soňky çärýeginden başlap mançžurlaryň dolandyryşynyň ýaramaz ýagdaýlary görnüp ugrady. Hytayýň dürli ýerlerinde sinlere garşy çykyşlar ýüze çykyp başlady. Halk çykyşlaryna dini we gizlin jemgyyetler

ýolbaşcylyk edýärdiler. Ýöne olar esasan buddizmiň täsirindediler. Sebäbi hytaýlylaryň agramly köpçuligi konfusiýançylyga uýýardylar. Konfusiýançylyk bolsa öz yzyna eýerýänlerden tertipli bolmaklygy ündeýärdi, patysalara garşy çykyş etmezlige çagyrýardy.

XVIII asyrda halk göreşiniň merkezleri dürli dini we gyzlyn jemgyýetler bolupdyr. Olar adamlaryň deňligine uýýardylar. Dini sektalardan tapawutlylykda gizlin jemgyýetler gozgalaňy taýyarlamak we oňa ýolbaşcylyk etmek bilen meşgul bolupdyrlar. Aslyýetinde Hytaýda gozgalaňlary taýýarlamagyň hem aýratynlygy bardyr. Bu ýurtda gozgalaňlar ençeme ýyllaryň, käbir gozgalaňlar bolsa ýuz ýylyň dowamynda taýýarlanylypdyr. Gozgalaňçylar gozgalaň turuzmaga howlukmaýardylar. Köp ýyllaryň dowamynda adam we ýarag toplaýardylar, esgerlere söweş tälimlerini, tilsimlerini, aýratyn hem ýaragsyz başa-baş söweşmekligi öwredýärdiler. Welaýatlara aýlanyp halkyň arasynda wagyz-nesihat we düşündiriş işlerini geçirýärdiler. 1796-1804-nji ýyllarda Hytaýda bolup geçen “Akgül jemgyýetiniň” gozgalaný şeýle gozgalaňlaryň hataryna degişlidir. Bu gozgalaň hem köp ýyllaryň dowamynda taýýarlanylypdyr. Ýöne köp gozgalaňlarda bolşy yaly bu gozgalaň hem öz öňünde goýan maksadyna-Hytaýda mančžurlaryň agalygyny syndyrmak – ýetip bilmändir.

## Hytaý XVIII-XIX asyrlarda.

XVIII-XIX asyrlaryň sepgitlerinde Sin imperiýasynyň içki kynçylyklary– Angliýanyň Hytaýa zor salmagy sebäpli has hem güýjeyär. Angliýa özi üçin Hytaý tarapyndan girizilen çäklendirmeleri aýyrtmak barada talaplar bildirip ugraýar.

1793-nji ýylda Hytaýa iňlis wekili Makkartneý iberilýär. Ýöne onuň missiýasy başa barmaýar.

1818-nji ýylda täze wekil iberilýär Emma ol hem üstünlik gazanyp bilmeýär. 1834-nji ýylda Guançžouda (Kanton) iňlis-hytaý söwda gaýnaşyklaryna gözegçilik etmek üçin lord Nepir iberilýär. Ol Sinlerden bu barada rugsat almandyr. Şonuň üçin ondan gitmek teklip edilýär. Emma Nepir gitmekden boýun gaçyrýar we harby prowakasiýa guraýar, ýagny iki harby gämini Ižuszýan derýasynyň deňze guýýan ýerine salýar. Netijede iňlis-hytaý gatnaşyklary ýitileşip ugraýar. Ýagdaýyň agyrlaşmagyna tirýek söwdasy hem ýaramaz täsir edýär.

1773-nji ýylda Britan Hindistanyň hökümeti tirýek söwdasyna monopoliýa girizýär we ony Hytaýa daşap ugraýar. Onuňam sebäbi öň Hytaydan köp zat äkidilip (çaý, ýupek, matalar), Hytaýa import edilýän zatlar az bolupdyr. Şonuň üçin iňlisler eksport bilen importyň arasyndaky tapawudy kümüş bilen doldurypdyrlar. Indi bolsa kümşüň ornuna Hindistandan müňläp kg tirýek daşap ugrapdyrlar. Ummasyz peýda gazanypdyrlar.

1815-1819-njy ýyllarda her ýyl ortaça 4420 çelek tirýek (her çelek 60 kg), 1853-38-nji ýyllarda 35445 çelek getirilipdir. Netijede 1835-39-njy ýyllarda her ýyl ortaça 5,2 mln kümüş lýan tirýek satypdyrlar. Ýa-da şol kümüşiň agramy 200 müň kg (200 tomma) barabar bolupdyr. 1795-1838-nji ýyllar aralygynda Hytaýa getirilen tirýegiň agramy 27 mln kg ýetipdir. Tirýek söwdasyna Türkiýäniň tirýegini satýan amerikanlar hem gatnaşypdyr.

Hytaýda tirýek söwdasy 1800 ýylda ýatyrylan hem bolsa daşary ýurtlar dürli ýollar bilen ony ýerleşdirmegi başarypdyrlar.

Ýöne Hytaý döwlet işgärleriniň arasynda tirýek söwdasyna garşy çykanlaram bolupdyr. Şeýle adamlaryň biri Lin Szesýuý imperatora hat ýazyp, tirýegiň zyýanyny düşündirýär. Ol 1838-nji ýylyň Dekabr aýynda imperator tarapyndan tirýek söwdasyna garşy göreşmek üçin Guandun welaýatyna iberilýär. Guançžoua gelip ol 20 müň çelek tirýegi

ýakdyrýar. Iňlis hökümeti şuny bahanalap urşa başlaýar. 1839-njy ýylda deňizde çaknyşyklar bolýar. 1840-njy ýylda bolsa iňlisler yglan etmezden Hytaý garşy urşa başlaýarlar. Ol birinji tirýek urşydyr.

1841-nji ýylda iňlisler Guançşouň töwereklerini, 1842-nji ýylda Usuny, eýeläp iňlisler Nankine tarap süýüşýärler. Şinler boýun egýär. 1842-nji ýylyň Awgust aýynyň 29-da "Kornwallis" gämisinde Nankin şertnamasynda gol çekilýär. Bu ilkinji täze taryhda kemsidiji şertnamadyr. Şertnama boýunça 5 port-Guançşou, Sýamen, Fuçşou, Ninbo we Şanhaý iňlisler üçin açyk diýip yglan edilýär. Başga-da birnäçe ýeňillikler girizilýär.

1844-nji ýylda şeýle şertnama Hytaýyň boýnuna ABŞ Fransiýa hem dakýarlar.

I-nji tirýek urşy döwründe Sin goşunlary iňlislere degerli garşylyk görkezip bilmeýärler,ol ok-ýaý bilen ýaraglandyrylypdyr. Oňa derek halk gowy garşylyk gorkezýär. Tirýek uruşlary döwründe halkyň güni kynlaşýar, salgyt artýar. Gozgalaňlar başlaýar. 1841-1849-nji ýyllaryň dowamynda 110 gozgalaň bolup geçýär. Olara köplenç gizlin jemgyýetler ýolbaşçylyk edipdir.

1843-nji ýylda oba mugallymy Hun Sýusýuan (18141-1864) Guanside "Taňra tagzym egmek jemgyýetini" ("Baýşandihueý") döredýär. Ol hemmeler üçin deň adalatly jemgyýeti gurmagy maksat edipdir hem-de Sinleri agdarmagyň zerurlygyny aýdypdyr. Öz töweregine pikirdeşlerini ýygnap ugrapdyr. (mugallym Fen Ýunşan, kömür tutaşdyryjy Ýan Sýusin, garyp daýhan Sýan Çaoguý, bay daýhanyň ogly Şl Dakaý, ownuk pomeşik Weý Çanhueý).

Şin häkimiýetleri "Baýşandihuýei" yzarlap ygraýar. Ilkinji çaknyşyklar başlaýar.

1850-nji ýylda Hun Sýusýuan gozgalaňa başlaýar. Gozgalaň Guansi welaýatynyň Szintýan obasynyň ýanynda başlaýar. Şol ýerde Ýan Sýusiniň, Sýan Çaoguýyň, Weý

Çanhueýiň, Şi Dakaýyň otrýatlary ýygnanýarlar, berk tertip-düzgün, aýallar erkeklerden aýrylygynda aýry lagerde bolupdyr. Zatlaryny bir ýere ýygnap, deň-derman ulanypdyrlar. Kellelerine gyzyl mata daňyp uzyn saçlaryny goýberipdirler, saçlaryny örmändirler.

1851-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 11-de Szintýanda Sin dinastiýasyna garşy gozgalaň başlaýar. Şol gozgalaň "Taňrynyň beýik abadançylyk döwletini " guramk üçin başlaýar diýip jar edýärler ýa-da "Taýpin-týango".

Taýpin gozgalaňynyň taryhy dört döwre bölünýär.

1.Başky döwüre ilkinji çaknyşyklardan we Szintýan gozgalaňyndan Nankin Taýpin döwletiniň merkezi döredilýänçä (1850-1853).

2.Taýpin döwletiniň territoriýasynyň giňeýän döwri – Nankin eýelenenden tä Taýpinler bölünýänçä (1853-1856).

3.Taýpin gozgalaňynyň pese düşüp ugran döwri (1856-1860).

4.Taýpinleriň mançžur hytaý häkimiýetleri we daşary ýurt agressorlary bilen göreşler döwri (1860-1864) . Gozgalaňyň ýeňilmegi.

Birnäçe ululy-kiçili söweşlerden soň gozgalaňçylar 1853-nji ýylyň Mart aýynyň 19-na Nankini zabt edip alýarlar. Ol öň döwletiň paýtagtydy. Ony indi gozgalaňçylar Tiýanszin diýip atlandyrýarlar (Taňrynyň paýtagty) we ol Taýpinleriň döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Bu döwürde Taýpinleriň goşunlarynyň sany 1 mln adama ýetipdir. Hun Sýusýuan özüni Týanwan diýip atlandyrypdyr (Taňrynyň hökümdary).

1853-nji ýylda Taýpin hökümeti "Ýer ulgamy" barada kanun çykarýar. Her maşgala adam sany boýunça deň ýer bölekleri berilýär. 16 ýaşdan kiçilere ululara berilýän ýeriň ýarysy berilipdir. Ähli ýerler hiline görä 9 bölege bölünipdir. Birinji bölegiň 1 mu (0,15 ga), 9 bölegiň 3 mu ýerine barabar

bolupdyr. Artyk öndürilen önüm ýörite “Saraýlara” tabşyrylypdyr.

Taýpinleriň ýaşaýyşy harby lageri ýada salýardy. Goşunda berk tertip-düzgünler girizilipdir. Çakyr içmek, tirýek çekmek, dürli güýmenjeler bilen meşgullanmak gadagan edilipdir. Taýpin kanunlaryna görä aýallaryň hukuklary erkekleriňki bilen deňleşipdir, hatda goşunda aýallardan düzülen bölümler hem bar eken. Daşary we içeri syýasatda taýpinler daşary ýurtlar bilen deň hukukly we özara bähbitli söwdanyň we gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyrlar. Taýpin döwletiniň territoriýasynda diňe tirýek söwdasy gadagan edilipdir. 1853-1854-nji ýyllarda Angliýa, Fransiýa, ABŞ taýpinleriň paýtagtyna öz wekillerini ibermek bilen sinler bilen taýpinleriň arasyndaky gatnaşyklarda ýewropalylaryň bitarapdyklaryny bildiripdirler. Emma döwletleriň hakykat ýüzünde taýpinler babatyndaky syýasaty başgaçady. Olar assyranlyk bilen sinleri goldaýardyrlar, olara ok-ýarag, azyk we pul kömegini berýärdiler. Mümkin bolan ýagdaýynda bolsa Ýewropa döwletleri taýpinlere päsgel berýärdiler.

Nankini eýelänlerinden soň taýpinler 1853-nji ýylda demirgazyga Pekine tarap sinlere agdarmak üçin ýörişlere başlaýarlar. Söweşler bilen olar Anhueý, Henan, Şensi welaýatlarynda geçýärler we ýene-de Henana dolanyp gelýärler. 1853-nji ýylyň Sentýabr aýynda taýpin goşunlary paýatgtýaka welaýaty bolan Hebeýi eýeleýärler.

Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýyň uly merkezi bolan Tiýanszine golaý gelýärler, emma ony alyp bilmän togtaýarlar. Ýörişler netijesiz tamamlanýar. 1854-nji ýylda Pekini almak meýilnamalary hem puja çykýar.

1853-nji ýylda taýpin goşunlary Günbatara-da ýoriş guraýarlar. Anhueý, Sizyansi we Hubeý welaýatlarynyň köp ýerlerini sinlerden gaýtadan azat edýärler. Bu ýerlerde taýpinler täze garşydaşlar bilen iş salyşmaly bolýarlar. Hytaýly iri ýer eýeleri we hökümet adamlary Sizen Gofan, Li Hunçžan we

beýlekiler manççurlaryň taýpinleriň hötdesinden gelip bilmeýändikleri üçin, özleri goşun düzýärler we taýpinlere garşy urşa başlaýarlar. Ýöne entäk taýpinleri ýeňmek olara başartmaýar.

1853-1855-nji ýyllarda Hytaýyň günorta- gündogarynda “Kiçi pyçaklylar” jemgyýeti güýçlenip ugraýar. Jemgyýetiň ýolbaşçysy Liýu Liçuan bolupdyr. Onuň ýolbaşçylygynda 1853-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 7-de gozgalaň turuzulýar we gozgalaňçylar Şanhaýyň köp ýerlerini eýläp şäherde öz hökümetlerini döredýärler. Olar taýpinler bilen birleşmek isläpdirler. Emma bu başa barmaýar. 1855-nji ýylyň Fewral aýynda gozgalaňçylar Şanhaýy taşlap gitmäge mejbur bolýarlar. Liýu Liçuan bolsa wepat bolýar.

1856-njy ýylda taýpinler hem özara oňuşman başlaýarlar. Olaryň arasynda häkimiýet ugrunda dürli toparlar ýuze çykýar. Gozgalaňçylaryň baştutanlaryndan Weý Çanhueý Ýan Sýusin bilen oňuşmandyr. Ýan Sýusini Tiýanwanyň hut özi goldaýardy. Hun Sýusýuanyň goldamagynda Weý Çanhueý 1856-njy ýylda öldürilýär (sentýabr aýy). Weý Çanhueý wagtlaýynça Nagninde häkimiýeti eline alýar ýöne basym öldürilýär. Hun Sýusýuan tarapyndan  Şi Dakaý boşadylar we ol 1857-nji ýylda 1 mln-dan gowrak goşuny alyp Anhueýe, ondan Szýansiýe, ondan hem Hytaýyň günorta-günbataryna gidýär.

Nankinde häkimiýet başyna Hun Sýusýuanyň garyndaşlary gelýär. Şundan soň taýpinler gutarnykly gowşaýar.

Kynçylykdan peýdalanyp Angliýa we Fransiýa Hytaýdan 1842-1844-nji ýyllaryň şertnamasyna üýtgeşmeler girizmegi talap edýärler. Sinler kabul etmeýär. 1857-nji ýylda anglo-fransuz goşunlaryGuançžouň töwereginde ýerleşýärler we 1858-nji ýylda olar Taýanszyny eýeleýärler. 1858-nji ýylda anglo-hytaý, franko-hytaý şertnamalar baglaşylýar. Ýene birnäçe ýurtlar Hytaýda ornaşýarlar. Hytaý gol çekilen

şerytnamalary ratifisirlemeýär. Şonuň üçin hem ýene uruş başlaýar. 1860-njy ýylyň sentýabr aýynyň 16-da hytaýlylar ýeňilýärler. Imperator gaçýar.
1853-nji ýylyň Maý-Oktýabr aýlarynda Taýpinler demirgazyga ýöriş edýärler. Ýöne Týanszini alyp bilmän (Pekiniň ýanynda) Hankine (oňam adyny Týanszin diýip üýtgedýärler) dolanyp gelýärler.
60-njy ýyllaryň başlarynda mançžuryň hökümetine iňlis-fransuz, amerikan goşunlary hem kömek edip ugraýar. Ýagny açyk interrwensiýa başlaýarlar. Öň olar “biz uruşda neýtral” diýýärdiler. 1862-nji ýylda taýpin goşunlary Li Sýu-çeniň, Çen Ýuý-çeniň ýolbaşcylygynda bileleşen hytaý-daşary ýurt goşunlaryna garşy göreşipdirler. Emma taýpinler gowşap ugraýarlar.
1864-nji ýyla çenli taýpinler köp ýerleri ýitirýärler. Şoň üçin hem Hun Sýusýuan 1864-nji ýylyň Iýun aýynda özüni öldürýär. Iýul aýynyň 19-na bolsa garşydaş tarap Hankine kürsäp girýär we 100 müň adam öldürilýär.
Li Sýuçen ýesir alnyp, jezalandyrylyp öldürilýär. Şi Dakaý bolsa şindi 1863-nji ýylda günbatarda söweş wagtynda ölüpdi. Şeýlelikde taýpin gozgalaňy ýeňilýär.

## Hytaý XIX asyryň ahyrlary – XX asyryň başynda.

1-nji (1840-1842) we 2-nji Tirýek (1856-1860) uruşlarynda Hytaýyň ýeňilmegi we ýurduň Angliýanyň, Fransiýanyň baknasyna öwrümi başlamagy Sin köşgünde oňşuksyzlyklaryň ýüze çykmagyna sebäp bolýar. Dolandyryjy toparlaryň käbir öňden görüji wekilleri daşary ýurtlaryň harby-tehniki gazananlaryny peýdalanmagy talap edip ugraýarlar. Taryhda oňa “öz-özüňi güýçlendirmek syýasaty” diýilýär. Imperator aýal Sy Si (1835-1908) (Ehenara) hem şu toparlary goldapdyr (bu aýal ilki kämillik ýaşyna ýetmedik oglunyň (1861-de) Tunçsiniň adyndan 1875-den bolsa kämillik ýaşyna ýetmedik

jigisiniň Guansýuýyň adyndan dolandyrypdyr). Ol döwlet apparatyny, maliýe we magaryf ulgamyny, goşuny we floty, transporty we aragatnaşygy kem-käsleýin kämilleşdirip ugraýar. Bu işlere amala aşyrmak üçin Pekinde ýörite döwlet edarasy ("Baş uprawleniýe") döredilip, ol daşary söwda, ýarag gämi we maşyn satyn almak, deňiz goragy, demir ýol gurluşygyny, dag-magdan işlerini amala aşyrypdyr. Daşary ýurt dillerini öwredýän mekdepler açylypdyr.

Bu işler Sin köşgündäki feodal toparlaryň ýiti garşylygyna duçar bolupdyr, ýöne işler barybir dowam etdirilipdir. Köp tehniki we gumanitar okuw mekdepleri açylypdyr. Şol bir wagtyň özünde Hytaýa ýewropalylaryň aralaşmagy has hem güýjäpdir. Daşary söwdada, maliýe ulgamynda, gümrük işlerinde daşary ýurtlylar hojaýynçylyk edipdirler.

Şol döwürler hytaýly gara işçiler gazanç etmek üçin dürli ýurtlara (kuli) gidipdirler ýa-da olary aldap äkidipdirler. Olary ABŞ, Günorta –Gündogar Aziýa ýurtlaryna, Awstraliýa, Latyn Amerikasy ýurtlaryna äkdýärdiler. Sin hökümeti olaryň hukugyny goramak üçin hiç zat etmändir.

Uruşlar we daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylanda Hytay köp zyýan çekipdir. Şol sebäpden hem sinler 60-70-nji ýyllarda garyp ýaşayan ilata käbir eglişikleri edipdir, salgyt azaldylypdyr, ýeňillikli şertlerde kärende ýerleri berilipdir.

Daýhanlar gozgalaňlary basylyp ýatyrylýan döwürlerde hytaýly baylaryň goşunlarynyň serkerdeleri ummasyz köp girdeýji alypdyrlar. Soň olar öz goşunlary bilen gözegçilik edýän ýerlerinde berk tertip-düzgüni ýola goýupdyrlar. Harbylar işewirlige ýüz urup başlaýarlar, daşary ýurtly işewirler bilen gatnaşyklary ýola goýup başlaýarlar.

Bu babatda Anhueý welaýatyndaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga gatnaşan Li Huçžan uly üstünlikler gazanypdyr. Ol soňra paýtgata dikme edilip iberilýär. Ýöne ol öz goşunlarynam ýany bilen alyp gidýär we Demirgazyk-Gündogar we Demirgazyk Hytaýý öz gözegçiligine alypdyr. Li Hunçžan

goşunlaryny güýçlendiripdir, flot döredip ugrapdyr, arsenal açypdyr, daşary ýurt konsullary, banklary, söwda firmalary bilen gatnaşyk acypdyr. Ol Sin hökümetinden köp ýeňillikleri almagy hem başarypdyr. 1887-nji ýyla çenli onuň goşunlarynyň sany 40 müň adama ýetipdir. Ol Hytaýda täsirli adamlaryň birine öwrülipdir. Li Hunçžan ýaly täsirli harbylar başga-da bolup, olar hytaý militarizminiň düýbüni tutupdyrlar.

Hytayda kapitalistik kärhanalaryň düýbüni ilkinjiler bolup hytaýly feodallar we köşk adamlary tutupdyrlar. 1861-1894-nji ýyllar aralygynda olar 19 sany döwlet harby kärhanalaryny gurupdyrlar. Işçiler esasan soldatlardan, senetçilerden we daýhanlardan kemala gelipdir. XIX asyryň 60-70-nji ýyllarynda Hytaý portlarynda ýewropalylar hem senagat kärhanalaryny döredipdirler. Esasan eksporta gidýän çig maly işläp bejerýän, kommunal we ýeňil senagat kärhanalaryna eýeçilik edipdirler. 1894-nji ýyla çenli ýewropalylaryň elinde 101 sany kärhana (werfler, doklar, ýüpek saraýan, ýag çykarýan, harazlar, tipografiýalar we başg.) bolup, olaryň 2/3 bölegi iňlisleriňki eken. Daşary ýurt kärhanalaryň ýarysyndan gowragy Şanhaýda ýerleşipdir. Hytaýly işçileriň ýagdaýy beýleki ýerli kärhanalaryň işçileriniňkiden birneme ganymat bolupdyr.

70-80-nji ýyllarda Hytaýda ilkinji hususy kärhanalar hem ýüze çykyp ugraýar. Olaryň hytaýly sowdagärler we iri ýer eýeleri döredipdirler. Bu kärhanalar esasan egirme-dokma, harazlar, pagta arassalaýjy, ýag çykarýan, çaý işleýän, kükürt, poligrafiýa. 1872-1894-nji ýyllar aralygynda 75 sany hususy kärhana açylypdyr.

Hytaýyň senagat taydan ösüşiň esasy aýratynlygy. Birinji nobatda ol döwlet kärhanalarynyň ýüze çykmagy bilen bagly. Olaram esasan daşary ýurt kapitalyna degişli bolupdyr. Hytaýyň senagat buržuaziýasynyň döremegi söwda we manufaktura kapitalynyň fabrik kapitalyna transformirlenmegi esasynda däl-de pomeşikleriň bir bölejiginiň buržuazlaşmagy esasynda döräpdir.

XIX asyryň soňky çärýeginde daşary ýurtlaryň Hytaýa aralaşmagy has hem güýjeýär. Daşary ýurtlylara degişli portlarda 70-den gowrak protestant missioner guramalary bolan. Katoliklerem güýçli hereket eden. Olar jemgyýetçilik jaýlaryny we ýerlerini eýeläpdirler. Bu bolsa nägilelik döredipdir. Bu bolsa kä ýerlerde fransuz, iňlis konsullarynyň we missionerleriniň öldürilmegine getiripdir. Iňlisler, fransuzlar şuny bahanalap Hytaýyň boýnuna adalatsyz şertnamalary dakypdyrlar. Ýaponlar hem kem galmandyrlar. 1885-nji ýylda Týanszinde Li Hunçžan bilen Ýapon premer-ministri Ito Hirobumi ylalaşyk baglaşyp, şol boýunça Ýaponiýa hem Hytaý ýaly Koreýanyň içki işine gatyşyp bilipdir.

1883-nji ýylyň Maý aýynda Fransiýanyň wekiller palatasy Demirgazyk Wiýetnama harby ekspedisiýa üçin kredit bermäge razylyk berýär. Şol ýerde bir wagtky taýpin goşunlarynyň sinleriň tarapyna geçen we 50 müňlik hytay regulýar goşuny bolan. Birleşen hytaý we wiýetnam goşunlary fransuzlary birnäçe gezek ýeňýärler. Fransuz eskadrasy bolsa Fuçžou portuna girip Hytaýyň flotunyň günorta eskadrasyny bütinleý gark edýär.

Ýurtda fransuzlara garşy hereketler güýjeýär. Ula ýazmagyndan gorkup Sinler şertnama baglaşmaga mejbur bolupdyrlar. 1885-nji ýylda Fransiýa şertnama esasynda Sinleri Wiýetnamdaky formal agalyklaryndan mahrum edýär we Sinler Fransiýa günorta Hytaýda köp artykmaçlyklary bermäge mejbur bolýarlar.

90-njy ýyllaryň başlarynda ýapon-hytaý gatnaşyklary ýitileşýär. Seuldaky ýapon missiýasy koreýleri Hytaýa garşy göreşe küşgüripdir. Sebäbi Koreýa hemişe Hytaýyň täsirindedi. Seulda ýerleşen Sin hökümetiniň rezidenti Ýuan Şlkaý (Li Hunçžanyň adamy) ýapon täsirini gowşatmaga çalyşypdyr. 1894-nji ýylda Koreýada hökümete garşy halk gozgalaňy turýar. Koreý hökümeti Sinleri kömege çagyrýar. Ýaponiýada şuny bahanalan Koreýa, goşun salýar. Ýaponlar paýtagty eýeläp,

korolom ýesir alyp ony Hytaýa garşy uruş yglan etmäge mejbur edýär.
Ýapon-hytaý urşy başlaýar. Uruş basym günorta Mançžuriýa, lýaodun ý.a. we Şanduna geçirilýär. Ýaponlar hytaýlylary ýeňip galalary eýeläp, hytaý flotuny gark edýärler.
Imperator Sy Si gorkusyna ýaponlar bilen şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Munuň üçin ýene-de Li Hunçžan iberilýär. Ýaponiýanyň Simonseki şäherinde gepleşikler başlaýar. Ýaponlar uly talaplar bildirýärler. Ýöne Germaniýa, Russiýa, Fransiýa Sinleri goldaýarlar. Hytaý ýaponlara 200 mln lýan kontribusiýa töleýärler. Ýaponlar Taýwany, Lýaodun ý.a. eýeleýärler. Almalysy köp eken, ýöne Russiýa, Fransiýa, Germaniýa kömek edýärler. Soň Ýaponýany olar Lýaodundan el çekmäge mejbur edýärler. Ýöne Hytaý oňa derek 30 mln lýan kontribusiýa töleýär.
Uruşlar Sinleriň çüýrükligini görkezýär we “öz özüňi güýçlendirmek” syýasaty puç bolýar.
Şol döwürler rewolýusion demokratik hereket hem başlaýar. Onuň başynda Sun Ýatsen (1866-1925) durýar. Ol Guandunly bolupdyr. 13 ýaşynda Gawaý adalaryna gidýär. 1882-nji ýylda Gonkongda medinstituty tamamlaýar. 1893-nji ýylda ol Li Hunçžana hat ýazýar. Ýöne oňa haty gowşurmak başartmaýar. 1894-nji ýylda ol pikirdeşleri bilen “Hytaýy galkyndyryş birleşigini” döredýär. Onuň baş maksady Sinlere agdarmak bolupdyr.
1895-nji ýylyň başynda ol Gonkonga gelýär we “birleşigiň” ştabyny döredýär we Guandundaky “Asman-Zemin” gizlin jemgyýeti bilen gatnaşyklary ýola goýýar. Olar 1895-nji ýylyň oktýabr aýynyň 26-na gozgalaň turuzmagy maksat edinýärler. Ýöne onuň üsti açylýar guramanyň käbir agzalary tussag edilýär. Gozgalaň soňa goýulýar. Sun Ýatsen Gonkonga, Ýaponiýa, Gawaý adalaryna, ABŞ gaçyar. Soň Londonda 1896-njy ýylda Sin diplomatlary tarapyndan ogurlanýar we ony gzilinlik bilen Hytaýa äkitmek isleýärler. Ýöne öň Gonkongda

okap ýören mahaly özüni okadan iňlis mugallymy Kentli oňa kömek edýär. Iňlis jemgyýetçiliginiň ýardam etmeginde Sun Ýatsen azat edilýär.
1895-nji ýylda Hytaýda reformalar ugrunda hereket hem başlaýar. Onuň başyny hem asly Guandunly Kan Ýuweý (1858-1927 ý.ý.) başlaýar. 1888-nji ýylda ol imperator Guansýuýa hat ýazyp ony reformalar geçirmäge we daşary ýurtlylara gaýtawul bermäge çagyrýar. Ol Simoneseki şertnamasy baglaşylan döwri Pekine ýokary alymlyk derejesini almak üçin synag tabşyrmaga gelipdir. Şonda şertnama garşy herekete ýolbaşçylyk edýär. Onuň ýolbaşcylygynda 1895-nji ýylyň ýazynda Pekinde ýygnak bolup oňa 1200-den gowrak adam gatnaşýar. Şonda olar Kan Ýuweýiň imperatora ýazan memorandumyny goldaýarlar.
Menmorandum 2 bölekden ybarat bolup, birinjisinde Simoneseki şertnamasynyň garşysyna subutnamalar getirilipdir, maslahatlar berilipdir. Ikinjisinde bolsa giň reformalar bellenilipdir. Onda daşary syýasat, harby iş, ykdysadyýet we medeniýet meseleleri gozgalypdyr. Synag tabşyransoň Kan Ýuweý jemgyýetçilik işleri wedomstwasynda iş dolandyryjy bolup işe başlaýar we "Döwletiň güýjemegi" atly gazeti döredýär. Soň Pekinde onuň inisiatiwasy bilen "Döwletiň güýçlendirilmeginiň assosiýasiýasy" atly syýasy klub hem döredýär. Ýöne tiz wagtdan reaksion toparlar dürli bahanalar bilen onuň gazetiniň we klubynyň ýapylmagyny gazanýarlar. Şondan soň Kan Ýuweý Şanhaýa, ondanam Guanduna gidip mugallymçylyk ediberýär.
Daşary ýurt kapitalyna garşy hereketlere garamazdan Hytaýyň içine aralaşmak has hem güýjeýär. Angliýa Günorta Hytaýyň welaýatlarynda we Ýanszy deryasynyň basseýninde öz täsirini ornaşdyrýar, 1895-nji ýylda Fransiýa, Günorta we Günorta-Günbatar welaýatlarynda dag-magdan işlerini geçirmäge şol ýyl Germaniýa Hankou we Týanszinde konsessiýa döretmäge, Russiýa bolsa KWŽD-ni gurmaga hukuk alýar. Şeýlelikde

1897-nji ýyla çenli Hytaýýň 34 porty daşary ýurt söwdasy üçin açylypdyr.
1897-nji ýylda 2 sany nemes missionerleriniň öldürilmegini bahanalap, German eskaddrasy Şandun ý.a-nyň bir bölegini Sindao şäheri bilen bilelikde eýeleýär. “Konsessiýa ugrundaky söweşler” başlaýar. Orsýet 1898-nji ýylda Lýaodun ý.a.-nyň bir bölegini Dalýan we Lýuýşun (Port-Artur) şäherleri bilen bilelikde kärendesine alýar. Angliýa, Fransiýa hem birnäçe ýerleri alýar.
Sindaonyň eýelenmegi uly nägilelik döredýär. Kan Ýuweý ýene-de hereket edip başlaýar. Ol Pekinde Gaundun ylmy assosiýasyny we “Masgaraçylyga akyl ýetirenleriň assosiýasyny” döredýär. Ol ýene-de Guansýuýa memorandum iberýär. Nägile äheňde. Imperator şundan soň ony ýanyna çekýär. Onuň ýolbaşçylygynda “Döwleti goramak soýuza” döredilýär. Soýuzyň maksady ýurduň bütewiligini we halkyň howpsuzlygy goramak, reformalary propogandirlemek, ykdysady bilimleri ýaýratmak we hökümete ýurdy, dolandyrmaga kömek etmek bolupdyr.
Ýurtda watançylyk hereketiniň ýokary göterilmegi bilen imperator taryhda “ýüz günlik reformalar” ady bilen belli reformalary başlaýar. “Ýüz günlik reformalar” döwründe (1898-nji ýylyň iýul aýynyň 11-de) imperator 60-dan gowrak perman çykarýar. Permanlar hökümetiň ýanynda 4 sany baş uprawleniýany 1) senagat we söwda, 2) dag-magdan, 3) oba hojalygy, 4) demirýol döretmegi karar edýär. Goşuny modernizirlemek, artykmaç döwlet annapatlaryny ýatyrmak, ähli emeldarlaryň doklad bilen imperatora ýüz tutup bilmekleri, Paýtagtda uniwersitet açmak, hususy mekdepleri açmak, günbatar ylymlaryny girizmek göz öňüne tutulan. Imperator maşyn gurluşygyny ösdürmäge, gazet çykarmaga, žurnal, kitaplary terjime etdirmegi wada edýär.
Imperator Guansýuý we reformatorlar goşuna daýanyp agdarylyşyk etjek bolýarlar. Sebäbi reforma garşylyk güýçlidi.

Agdarylyşygyň harby ýolbaşçysy Ýuan Şlkaý satýar. 1898-nji ýylyň sentýabr aýynyň 21-de imperator Sy Si mançžur goşunlarynyň ygtybarly bölegi bilen Guansýuýy tussag edýär we öz regentligini dikeldýär. Kan Ýuweýiň tarapdarlarynyň 6-sy sutsuz zatsyz öldürilýär. Kan Ýuweý we başgalar daşary ýurda gaçyarlar. Sy Si "ýüz günlik reformalaň" köp permanlaryny ýatyrýar we reformalaryň garşydaşlaryny öz postalaryna getirýär.

XIX asyryň ahyrlaryndan daşary ýurtlylara garşy hereket has hem güýjeýär. Has hem missionerçilige garşy hereket güýçli bolan. Şol herekete "Uly gylyç jemgyýeti" ýolbaşçylyk edipdir. 1898-nji ýylda Şandunyň Demirgazyk ýezdlerinde (Şandun nemes konsessiýasy) gizlin jemgyýet bolan Ihetuan güýjäp ugraýar. Onuňky hem antinilissionerçilik bolupdyr. (Ihetuan-adalatyň we parahatçylygyň otrýady "ýa-da Ihetuan-adalatyň we parahatçylygyň bähbitleri üçin galdyrylan ýumruk" manysy bar) Ihetuanlaryň güýji daýhanlardan, senetçilerden, gaýykçylardan, ýükçilerden, ownuk jerçilerden ybarat bolup, olara daýhan Çžu Hunden ýolbaşcylyk edipdir (lakamy Taňrynyň Aždarhasy). Ol özüni min dinastiýasynyň nesillerinden diýip yglan edipdir. Olaryň esasy şygary kese ýerlileri kowup çykarmak.. Ihetuan-Ihensýuan-ýuan-ýumruk daşary ýurtlar "ýumrugy" göz öňune tutup gozgalaňlary "boksýorlar" diýip atlandyrýarlar. "Boksýorskaýa wosstaniýe", "Boksýor protokoly" – 1901-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-ne 8 döwlet bilen Sinler şertnama başlaýarlar.

Gozgalaň 3 etapdan. 1) 1899-njy ýylyň başlap esasan Şandun welaýatynda bolup geçýär. Hökümet ony basyp ýatyrmak üçin döwletleriň teklibi boýunça Ýuwan Şikaýy iberýär. 2) 1900-nji ýylyň ýazyndan beýleki welaýatlara-da ýaýraýar. Gozgalaňçylar Demirgazyk Hytaýyň şäherleri boýunça hereket etmek bilen daşary ýurt missiýalaryny we kärhanalaryny ýok edipdirler. Şundan soň 8 ýurt Angliýa, ABŞ, Ýaponiýa,

Fransiýa, Orsýet, Italiýa, Germaniýa we Awstro-Wengriýa Hytaýa çozýarlar.
Sinler öz ýagdaýlaryny berkitmek üçin Ihetuanlar bilen gepleşik geçiripdirler, şol bir wagtda bolsa daşary ýurt diplomatlaryny rahatlandyrmaga çalyşypdyrlar. Bu sin häkimiýetiniň ikiýüzlidigini görkezýär. 1900-nji ýylyň iýun aýynda sinler Ihetuan goşunyny Pekine goýberýarler. Ihetuanlar daşary ýurt goşunlary bilen uruşa başlaýar. Tiýanszine gelýän deňiz ýollaryny goraýan Dagu berkitmesiniň ýykylanyny eşidip Sy Si döwletlere garşy uruş yglan edýär. Pekinde we Tiýanszinde Ihetuan we Sin goşunlary daşary ýurt goşunlaryny gabaýarlar. Ihetuanlar admiral Seýmuryň iňlis goşunlaryny ýeňýärler. Ýöne Sinler Ihetuanlary iň howply ýerlere iberipdirler. Şeýdibem olardan dynmak isläpdirler. 1900-nji ýylyň Awgust aýynda 40 müňlik daşary ýurt goşuny Ihetuanlaryň garşylygyny syndyryp paýtagta girýär. Sy Si Li Hunçžany gepleşik geçirmäge iberip, özi hem öý tussaglygynda saklanýan Guansýuýy alyp gaçyar. Gozgalaňyň 3-nji etapy Sinler ýeňlen soň başlaýar. Sy Si goşunlaryna ýaragy Ihetuanlara garşy öwürmegi buýurýar.
1901-nji ýylyň sentýabr aýynyň 7-de Li Hunçžan Sin hökümetiniň adyndan döwletler bilen şertnama baglaşýar. Bu şertnama Hytaýyň taryhynda “Boksýor protokoly” diýilip atlandyrylýar. Şertnama boýunça Sinler 39 ýylyň dowamynda 450 mln lýan kontribusiýa tölemäge borçlanýar. Hytaýa köp zatlar gadagan edilýär. 1902-nji ýylyň ýanwar aýynda Hytaý hökümeti döwletleriň rugsady bilen Pekine dolanyp gelýär.
Sun Ýatseniň “Birleşigi”, Kan Ýuweýiň reformatorlary hem Ihetuanlary goldamandyrlar. Sun Ýatsen Ihetuanlaryň arasyna öz wekilini iberýär. Emma ol daşary ýurtlylar bilen gatnaşyklarda aýyplanyp öldürilýär.

## Hytaý XX asyryň başlarynda.

Ihetuanlaryň gozgalaňyndan soň sinler senagaty, transporty we söwdany ösdürmek, şeýle hem magaryfy we hünärmneleriň taýýarlanyşygyny gowulandyrmak babatda käbir işleri etmäge mejbur bolýarlar. Emma kapitalistik ösüşe feodal düzgünler we ýurduň ykdysadyýetinde daşary ýurtlaryň agalyk etmegi uly kynçylyklary döredipdir.

Muňa garamazdan XX asyryň başlarynda ýurtda 386 fabrik, şahta we kän açylyp, olar dolulygyna ýa-da kem-käsleýin milli kapitalyň elinde bolupdyr. Daşary söwdanyň möçberi hem artypdyr. Egerde 1901-nji ýylda ýurduň eksporty 122 mln dollar bolan bolsa, 1911-nji ýylda ol 245 mln dollara ýetýär. Import hem 193 mln bolanlygyndan degişli döwürde 306 mln ýetýär. Hytaýa daşary ýurt kapitalynyň eksporty hem güýçlenýär. 1900-nji ýyldan 1914-nji ýyla çenli daşary ýurt maýalary 750 mln bolanlygyndan 1 mlrd 650 mln dollara çenli artýar. Maýalar esasan demir ýola, daşary söwda, işläp bejerýän we dag-magdan senagatynda ulanylypdyr. Hytaýyň bergisi şol ýyllar 835 mln dollara çenli artypdyr. Bergiler esasan daşky karzlaryň hasabyna artyp, olar esasan sinleriň harby-dolandyryş zerurlyklaryna gönükdirilipdir.

Daşary ýurtlylar üçin açylan portlaryň sany 1912-nji ýylda 100-e ýetipdir. 1899-1913-nji ýyllarda daşary ýurt firmalarynyň sany üç esse köpelip, olaryň sany 2400-e, we ýurtda ýaşaýan daşary ýurtlylaryň sany bolsa 53 müňden 165 müňe ýetipdir. Hytaý bilen söwdada Angliýa birinji orny eýeläp oňa söwdanyň 50 % degişli bolupdyr.

XX asyryň başlarynda Hytaýda milli-azat edijilik we antimaçžur hereketler ösüp, ugraýar. “Aziýanyň oýanýan döwri” rus rewolýusiýasy bilen bagly. 1905-nji ýylyň tomsunda Sun Ýatsen dürli rewolýusion demokratik toparlary ýygnap “Hytaýyň rewolýusion birleşen soýuzyny” döredýär. Oňa köp sanly ýurtdaky we emigrasiýadaky toparlar girýärler. 1905-nji

ýylyň Noýabr aýynda Sun Ýatsen “Üç halk prinsigini” düzýär. Ol “Soýuzyň…” programmasy bolup hyzmat edýär. “Üç halk prinsigi-milletçilik, halk häkimiýeti we halk abadançylygy. “Soýuz” Tokioda “Minbao” (halk) žurnalyny hem çykaryp ugraýar. Bir ýyldan soň “Soýuzyň” agzalarynyň sany 10 müňe ýetipdir. 1906-1911-nji ýyllardan “soýuz…” 10-dan gowrak hökümete garşy çykyşlary we gozgalaňlary gurnapdyr. (Günorta, Merkezi we Günbatar Hytayda). Şu uly gozgalaň 1911-nji ýylda Guançžouda hem bolýar.
XX asyryň başlaryndan Kan Yuweý hem Gawaý adalarynda emigrasiýada Sun Ýatsene garşy çykyş edipdirler, şol bir wagtda bolsa reformalar ugrunda göreşdirler.Ýurduň içindäki liberla-buržuazlar Rewolýusiýa bolar diýip Sinleri gorkuzypdyrlar. 1909-njy ýylda beýik atabeg-regent Szaý Fyn, öz ogly, kiçi ýaşly imperator Pu I-niň adyndan welaýatlarda “maslahatçy komitetleriň” döredilýändigini yglan edýär. Manewr edýär, halky aldamaga çalyşýar. “Maslahatyň” maksady konstitusiýa taýýarlyk görmek bolupdyr.
Emma ýurduň içeri ýagdaýy gitdigiçe çylşyrymlaşyp ugraýar. Soňa baka pomeşikler, burşuýlar hem nägile bolup ugraýarlar.
1911-nji ýylyň güýzünde Gyçuanda (Merkezi Hytaý) ýaragly gozgalaň başlaýar. Sin goşunlary käwagt halkyň tarapyna geçýär. Hatda sinleriň diregi bolan pomeşikleriň bir bölegi olardan ýüz öwürýär.
Şu döwürde Orta Hytaýdaky Hubeý welaýatyndaky Uçan (3-si birleşip Uhany emele getirýär) şäherlerinde (Uçanda, Hankouda, Hanýanda) rewolýusion guramalar aktiwleşýärler. Edebiýat jemgyýeti bilen Hytaýly studentleriň assosiýasiýasy birleşýär. 1911-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 14-de edebiýat jemgyýeti bilen “Ähl umumy progress soýuzynyň” ýygnagynda gozgalaňyň umumy ýolbaşçysy döredilýär. Ýygnakda Şanhaýa wekil iberip birleşen soýuzyň ýolbaşcylary Hudan Sun bilen Syn Sýaşeni çagyrmagy maslahat edýärler. Şol ikisi gozgalaň ýolbaşçylyk etmeli eken. Sebäbi bu iki gurama welaýat

guramalary bolupdyr. Ýöne tötänleýin Hankoudaky rus konsessiýasynda ýerleşen gozgalaňyň syýasy komitetiniň jaýynda granat ýarylmagy sebäpli hökümet tussag etmelilere başlaýar.
Sin dikmesi şaheriň derwezesini ýaýdyryp köp adamlary tussag edýär. Soň olar öldürilýär. Oktýabr aýynyň 10-na agşam seržant Sýun Bikun sapýor batalýonynyň esgerlerini gozgalama galdyrýar. Ol rewolýusion guramanyň agzasydyr. Olary toplçular polkunyň esgerleri başga-da jemi 4 müň esger goldaýar. Rewolýusion goşunlar Uçandaky dikmäniň edarasyny eýeleýärler. Şol günüň ertesi Hubeýiň rewolýusion hökümeti döredilýär we Hubeýi goramak karar edilýär. Uçanyň, Hankounyň, Hanýanyň ilaty goşulyp gozgalaňçylarda ummasyz uly goşun düzülýär.
Sin goşunlaryna Hankouy eýelemek başardýar. Soň daşary ýurtlylaryň kömegi bilen Hanýany hem alýarlar. Ýöne gozgalaňçylara Uçany saklamak başardýar.
Hubeýdan soň 14 welaýat sinleriň häkimiýetiniň öz welaýatlarynda agdarylýandygyny yglan edýärler. Bu wakalar 1911-nji ýylyň oktýabr-noýabr aýlarynda bolup geçýär. Diňe Çžli, Henan, Gansu sinleriň elinde galýar. Şeýle şertlerde sin hökümeti Ýuan Şikaýa baş serkerdelik we hökümetiň başlygy wezipesini berýärler. Ol Günortanyň käbir syýasy toparlary bilen manççurlaryň arasynda güýçli hereket etmek bilen ýokary häkimiýete dyzapdyr. Oňa Ýewropa döwletleri hem ýardam edipdir. Şol döwürler iňlis baş kontrlynyň ýardam etmeginde sinleriň we rewolýusion goşunlar ylalaşýarlar.
1911-nji ýylyň dekabr aýynyň 29-da Nankinde welaýatlaryň wekilleri Sun Ýatseni Hytaý respblikasynyň wagtlaýyn prezidenti diýip yglan edýärler. Sun Ýatsen Hytaý respublikasynyň konstitusiýasyny kabul edýär. Kanun boýunça demokratik azatlyklar berilýär. Köp işler durmuşa geçirilýär. Orta asyr düzgünleri ýatyrylýar. Halka ýardam edilýär,

heläkçilik çekenlere kömek ediýär tirýek söwdasy gadagan edilýär. Magaryf ulgamyny ösdürmäge synanşyklar edilýär.
Emma rewolýusa başlandan bäri Ýewropa döwletleri sinlere kömek beripdirler. Nankin hökümeti bilen bolsa gatnaşyk etmändirler. Şeýle şertlerde sinler Sun Ýatsene prezidentlik wezipesini Ýuwan Şikaýa bermegi teklip edýärler. Eger şeýle edilse sinler häkimiýet başyndan gitmäge razydyklaryny aýdýarlar. Sun Ýatsen Hytaýda parahatçylygyň hatyrasyna bu teklip bilen razylaşýar. Ol paýtagtyň Nankinde galdyrylmagyny isleýär. Emma Ýuan Şikaý onuň teklibini kabul etmeýär.
1912-nji ýylyň dekabr aýynyň 12-de Pu I tagtdan el çekýär we sin dinastiýasy ýyklýar. Ýöne Ýuan Şikaý sinler üçin köp ýeňillikler döredýär. Şeýlelikde Sinhaý rewolýusiýasy gutarýar. Patyşalyk düzgüni ýykylsa-da Hytaýda Orta asyr düzgünleri saklanyp galypdyr. Daşary döwletleriň agalygy hem öňkileri ýaly galýar.
1912-nji ýylyň awgust aýynda öňki birleşen soýuzyň agzalary we oňa goşulan liberal-buržuaz toparlary Hytaýyň milli partiýasyny (Gomindan) döredýärler. Parlament saýlawlarynda Gomindan köp ses alýar. Ýöne hökümet düzüp bilmeýär. Ýuan Şikaýy ABŞ ykrar edipdir. Ol Gomindana garşy tutanýerli göreşipdir. 1913-nji ýylyň güýzüne çenli Ýuan Şikaý öz harby diktaturasyny berkarar edýär. 1914-nji ýylyň ýanwar aýynda parlamenti, soňam 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny ýatyrýar. Onuň ornuna öz konstitusiýasyny girizýär. Sun Ýaten öz egindeşleri bilen emigrasiýa gidýär.
1913-nji ýylyň iýul-sentýabr aýlarynda Hytaýda Ýuan Şikaýyň diktaturasyna garşy “ikinji rewolýusiýa” bolup geçýär. Ýöne hiç hili netije bermeýär.
1914-nji ýylyň awgust aýynda Hytaý özüni jahan urşunda bitarap diýip yglan edýär we döwletlerden öz ýerinde uruş etmezligi soraýar. Ýöne ýapon hökümeti 1914-nji ýylyň awgust aýynyň 22-de Germaniýa uruş yglan edýär. We 30 müňlik ýapon goşuny Sindaonyň demirgazygyna düşürilýär. Iki aýdan

soň Ýaponiýa tutuş Şandun ýarym adasyny eýeleýär. Ýuan Şikaýyň hökümeti ýaponlara garşylyk görkezip bilmeýär.
1915-nji ýylyň ýanwar aýynyň 18-de Ýaponiýa Hytaýa “21 talap” bilen ýüzlenýär. Bu talaplar mazmuny boýunça bäş topara bölünýär. Talaplaryň bir toparynda ýaponlaryň Şandun ýarym adasyna hukugy talap edilipdir. 2-sinde mançžuriýanyň we oňa golaý bolan içki Mongoliýanyň üstünden harby-syýasy we ykdysady kontrollyk talap edilipdir. 3-njisi Merkezi Hytaýda ýerleşen Hanýepin metallurgiýa kombinatynyň üstünden kontrollyk talap edipdir. 4-sinde Hytaýdan hiç bir döwlete nähilidir bir ýerleri bermek gadagan edilipdir. 7 punktdan durýan 5-nji toparda Ýaponiýanyň bütin Hytaýyň üstünden agalyk etmäge bolan islegleri görkezilipdir. Şu toparda Hytaý hökümeti ýapon syýasy, harby we maliýe maslahatçylaryny çagyrmaly bolupdyr. Hytaýyň harby senagatyny we polisiýasyny bilelikde dolandyrmak, ähli senagat we demir ýol gurluşygyny Ýaponiýa bermek talaplary bildiripdir. Ýuan Şikaý bu talaplary birbada kabul etmeýär. Bu barada Ýewropa döwletleri bilen maslahatlaşýar we ahyr soňunda bu talaplary kabul edýär. 1915-nji ýylyň maý aýynyň 9-y milli masgaraçylyk güni hökmünde hytaý taryhyna girýär.
“Ikinji rewolýusia” ýeňilenden soň Sun Ýatsen Ýaponiýa gidýär we şol ýerde 1914-nji ýylyň iýul aýynda Gomindanyň ýerine Hytaýyň rewolýusion partiýasyny (Junhua gemindan) döredýär.
Ýuan Şikaý her hili ýollar bilen Hytaýyň patyşasy bolmaklyga dyzapdyr. Ýewropa döwletleri başda onuň bu meýilini oňlapdyrlar. Ýöne soň Hytaýyň içinde patyşalyk düzgüne garşy hereketler güýçlenenden soň ony goldamaklaryny bes edýärler.
Günorta Hytaýyn köp ýerlerinde Ýuan Şikaýyň häkimiýetine boýun egmän Ýunnanda, Guanside, Guýçžouda, Guandunda, Çžeszýanda, Syçuanda, Hunanda özbaşdaklyk yglan edilipdir. Bu welaýatlarda “respublikany goraýyş goşunlary” döredilýär. 1916-njy ýylyň mart aýynyň 22-de Ýuan Şikaý patyşalykdan

resmi taýdan el çekýär. 1916-njy ýylyň iýun aýynyň 6-na Ýuan Şikaý tarpa-taýyn aradan çykýar.
Ýuan Şikaý ölenden soň harby toparlar has hem güýçlenyärler. Olaryň ulusy “Beýýan” (demirgazyk) topary bolupdyr. Respublikanyň prezidenti Li Ýuanhun bolýar. Ol öň wise-prezidentdi. Ol 1912-nji ýylyň konstitusiýasyny dikeldýär we parlamenti çagyrýar. Ýöne hökümetde diňe Ýuan Şikaýyň tarapdarlary galypdyr ýagny demirgazykly militaristler 1916-njy ýylyň awgust aýynda parlamentiň sessiýasynda öň Gomindana degişli deputatlar (olar Günbatar, Merkezi we Günorta Hytaýyň buržuaz-pomeýşik toparlarynyň bähbitlerine araýardylar) bilen militarist deputatlaryň arasynda göreşler başlaýar.
Sun Ýatsen 1916-njy ýylyň iýul aýynda Ýaponiýadan Hytaýa dolanyp gelýär. Halk içinde abraýy uly bolansoň ony prezidentiň permany bilen “hyzmatlary üçin” diýen orden bilen sylaglaýarlar.
Ýurtda syýasy ýagdaý çylşyrymly bolupdyr. Ýewropa döwletleri Hytaýy Germaniýa garşy uruş yglan etmäge itekleýärdiler. Sun Ýatsen bolsa garşy bolupdyr. Hytaýy harbylar urşa girmek isläpdirler. Ýaponiýa Hytaýyň Germaniýa garşy urşa girmegine garşy bolýardy. Sebäbi Hytaý urşa girse Ýaponiýa özüniň Şandundaky mülkünden dynaryn öýdüp gorkýardy. Ýöne Angliýa bu meselede Ýaponiýany goldajakdygyny aýdýar. Şundan soň Ýaponiýa hem Hytaýyň urşa girmegine garşy bolup durmaýar.
1917-nji ýylyň mart aýynyň 14-de ýurduň premer-ministri Duan Sižuý Germaniýa bilen dilomatik gatnaşyklaryň kesilýändigini yglan edýär.
1917-nji ýylyň maý aýynyň 10-da parlamentde Germaniýa garşy uruş meselesi goýulýar. Parlament uruş yglan etmekden boýun gaçyrýar we Duan Sižuýyň hökümetiniň iş başyndan gitmegini talap edýär. Şundan soň militaristleriň basyşyna döz gelip bilmän prezident Li Ýuanhun parlamenti dargadýar.

Dargadylan parlamentiň köp deputatlary Şanhaýa we Guançžoua gidýärler. Tiz wagtdan Duan Sižuýyň ýaponparaz hökümeti Li Ýuanhuny hem prezidentlikden gitmäge mejbur edýärler. Onuň ornuna Duan Sižuýyň ýardam bermeginde militarist Fen Goçžan prezident bolýar. 1917-nji ýylyň awgust aýynyň 14-de Hytaý Germaniýa garşy uruş yglan edýär.
1917-nji ýylyň awgust aýynyň 25-de Guançžouda dargadylan parlamentiň deputatlary Günorta Hytaýyň harby hökümetini döredýärler. Başlyklygyna bolsa Sun Ýatsen bellenýär. Oňa generalissmus çini hem berilýär. Günortanyň hökümeti demirgazyga ýöriş etmek üçin taýýarlanypdyr. Günorta Hytaýyň harby hökümetine ýunnan, guansi we syçuan militaristeri girýärdiler. Bu döwürler Gomindanyň abraýy pes bolupdyr. Üstesinede militaristik topar hem oňuşmandyrlar. Şundan soň Sun Ýatsen iş başynda gidýär we Guançžouy taşlap Şanhaýa gidýär. Rewolýusion demokratik hereket çuň krizise düşýär.

## Koreýa XVII - XVIII asyrlarda.

XIX asyryň ortalaryna çenli Koreýanyň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynda orta asyr tertip-düzgünleri dowam edipdir.
Ýurduň ykdysadyýetiniň esasany oba hojalygy tutup, ýerler umuman iri eýeleriň – köşk adamlarynyň döwlet emeldarlarynyň we wezipesiz pomeşikleriň elinde jemlenipdir. Netijede ýerler döwletiň, döwlet edaralarynyň we şahsy eýeçiligiň ygtyýarynda bolupdyr.
Ilat salgyt hökmünde ýer salgydyny (tüwi ýa-da beýleki dänelik ekinler) töländir we her hojalyk özünde önýän dürli senetçilik önümlerini tabşyrypdyr. Bulardan başga-da erkek adamlar dürli zähmet borçlaryny ýerine ýetiripdirler. (Esasan köşk we döwlet işlerinde). Şeýlelikde natural hojalyk asyrlaryň dowamynda koreý jemgyýetiniň ykdysady bazasyny düzüpdir.

Şol döwürlerde koreý jemgyýeti esasy üç gatlakdan-ýanbanlar ("iki bölek") graždan we harby emeldarlardan, ssanýin ýa-da ýanýin-ýönekeý halk, iň aşaky gatlaga bolsa-çhoninler (ýigrenjiler) düzüpdirler. Olara krepostnoý daýhanlar, döwlet senetçileri, söwdagärler, köçe süpürjiler, gassaplar we başgalar degişli bolupdyr.

Ýokary döwlet häkimiýeti korolyň elinde bolup, ol özüniň raýatlarynyň emlägine we janyna eýelik edipdir. Konfusiýan ideologiýasy döwleti uly patriarhal maşgalasy diýip düşünipdir, kiçiler ululara, çagalar ata-enesine boýun egmeli. Korol halkyň atasy hasaplanypdyr. Ol mukaddes figura bolup, onuň hakyky adyny tutmak gadagan edilipdir. Onuň ady simwollar bilen çalşyrylypdyr.

Döwletiň ýokary organy döwlet soweti bolup, oňa çinler, maliýe, däp-dessur, harby jenaýat we jemgyýetçilik işler edaralary giripdir.

Ýurt sekiz welaýata, birnäçe ýüz okruglara, uezdlere welaýatlara bölünipdir. Iň aşaky birlik oba bolupdyr.

XVII asyryň II ýarymynda Koreýa öňki tozgunçylykdan saklanyp ugraýar. Ýumrulan irrigasion setler dikeldilipdir, ýeňillikli şertler bilen täze ýerler açylypdyr, mançžurdan iş mallary getirilipdir.

XVIII asyrda ekerançylyk ýerler giňeldilip ugraýar. XVIII asyryň ahyryna çenli ýurtda 3259 sany ýerler goramak üçin gurlan gaçylar, 2265 suwaryş bentleri bolupdyr we olar esasan günorta welaýatlar bolan Kýonsanda, Çollada we Çhunçhonda ýerleşipdir.

Koreýada iri şahsy eýeçilikdäki ýerler artypdyr. Ol ýanbanlaryň döwlet ýerlerinde oturan daýhan ýerleriniň tarp ýerleriň we taşlanan ýerleriň özleşdirilmeginiň hasabyna giňäpdir.

Mysal üçin 1726-1769-nji ýyllar aralygynda döwlete salgyt töläpdirler 30 müň Kýol kemelipdir. Ýurtda pul-haryt gatnaşyklarynyň artmagy bilen ýeri satmak-satyn almak giň gerime eýe bolupdyr. Eger-de XVII asyrda ýeri satmakda-satyn

almakda hökümet edaralarynda ýere degişli resminamalary hasaba almaly bolan bolsa, XVIII asyrda şeýtmek hökman bolmandyr. Täjirleriň käbir toparlary diňe bir ýerleri satyn almak bilen çäklenmän, para berip öz şejerelerini üýtgetdirip dworýan titullaryny hem satyn alypdyrlar.

Ýerleriň köpçülikleýin eýelenilmegi netijesine öňki ýerli daýhanlar kärendeçilere öwrülipdirler, kärende şerti boýunça köplenç hasylyň ýary kähalatlarda bolsa ýarsyndan hem gowragyny ýer eýesine beripdirler.

XVII asyryň II ýarymynda ähli welaýatlarda kem-kemden tüwi salgydyny girizipdirler. Oň ýerine öňler öýde öndürilýän hustar önümler alynýan ekenler.

Şol döwürler metaldan edilen pul salgydy hem girizilipdir. Soňra kem-käsleýin harby we ýer salgydy pula geçirilýär. Öňler şol salgytlar däne we mata görnüşinde alynýan eken. Salgyt alynanda bikanunçylyklara giň ýol açylypdyr.

Mysal üçin 16-60 ýaş aralygyndaky erkek adamlara degişli salgydy ilatyň beýleki kategoriýalaryndan (aýal-çaga, garry ) hem alynypdyr.

Süýthorçulyk ösüpdir. Berilýän ssudalaryň (däne) rosenti köplenç alynan ssudadan artyk bolupdyr. Şonuň üçin hem halk içinde “göbek garyndan uly” diýip düşünipdirler.

Gürrüňi edilýän döwürde Koreýanyň içerki ýagdaýyny dürli toparlaryň häkimiýet ugryndaky göreşiniň güýçlenýändigi bilen häsiýetlendirmek bolar. Onuň sebäbi iri ýer eýeçiliginiň güýçlenmegi we senartistik meýilleriň güýçlenmegi bolupdyr.

XVII asyryň ahyrlaryna 4 sany feodal toparlaryň arasynda göreş gidipdir. Günorta, demirgazyk, gündogar we günbatar toparlary. Taryhnama eýýamynda şol oparlaryň geýimleriniň reňki boýunça “4 reňkler” partiýalary diýilip at alypdyrlar. Korollar çalyşýan wagtlary şol partiýalaryň arasyndaky göreşler has hem ýiti ähmiýete eýe bolupdyr. Şol döwürlerde gan almaklyk giň ýaýrapdyr. Öldürileniň nesillerinden biri tä ony öldüren öldürilýänçä onuň eşigini çykarmandyr.

Şol toparlaryň arasyndaky göreşde günbatar tarapy üstün çykýar. Ýöne olam iki sany duşmançylykly topara bölünýär. (“ýaşlar” we garrylar”) “Dne XVII asyryň 20-nji ýyllarynda korol Ýonjo (1725-1776) “Garrylaryň” toparyna ýolbaşçylyk etmek bilen döwlet wezipelerine bellenilişinde hiç bir topara artykmaçlyk bermejekdigini yglan edýär we özara uruşlary bes etmäge çagyrýar. Duşmançylykly toparlary köpçülikleýin yzarlamalar we jezalandyrmalar bes edilýär. Ýöne bary bir ýokary ýurtlaryň içindäki oňuşyksyzlyklar ýatmaýar.
1728-nji ýylda “ýaşlar” toparynyň başlygy Li Inžiwayň ýolbaşçylygynda uly gozgalaň turýar halk içindäki nägilelegi peýdalanmak bilen şu toparyň wekilleri ýurduň günorta welaýatlarynda, paýtagtyň häkimligi almagy üçin uly güýç toplaýar. Ýöne Anson şäheriniň ýanynda hökümet goşunlaryndan ýeňilýärler.

Giň daýhanlar köpçüliginiň ezilmegi daýhan gozgalaňlaryna getirýär. Nägilelikler her-hili salgyt tölemekden boýun gaçyrmak, köpçülikleýin gaçmak we aç-açan gozgalaň turuzmak metodlary ýurduň ähli ýerlerinde gozgalaňlar bolupdyr. Çolla welaýatynda 1727-nji ýylda gozgalaň bolýar.
Gozgalaňlar XIX asyrlarda-da bolup geçýär. Hökümetiň daýhanlaryň ýagdaýyny ýeňilleşdirmek barada edýän aladalary islenilýän netijeleri bermändir. XIX asyryň başlarynda guran gozgalaňlaryň iň ulysy 1811-1812-nji ýyllarda Koreýanyň demirgazyk günbatar taraplarynda ýerli pomeşşik Hon Gýonneniň ýolbaşçylygynda gozgalaň bolupdyr. Ol demirgazyk günbatarly bolup, onuň ildeşleri hökümet işine kabul edilmändir. Özem birnäçe gezek synag tabşyryp bilmändir. 1811-nji ýýlda olar Phýokanda welaýatynda gozgalaň turuzýarlar. Az wagtyň içinde olar demirgazyk günbataryň Nasan, Nwansan we beýleki şäherleri eýeleýärdiler. Gozgalaňlaryň makasady demirgazyk günbatar baradaky adalatsyzlygy ýok etmek bolupdyr. Ýöne Çongžu galasy

gabalanda Hon Gýonne we onuň otrýady heläk bolýar.Şäherde uly jeza çärelerini geçirýär hökümet goşunlary.
XIX asyryň I ýarymynda Koreýanyň kenarlarynda iňlis, fransuz, amerikan häkimleri peýda bolup ugraýarlar. Daşky howpuň artýan wagtlarynda Koreýada häkimiýet başyna tewongunyň hökümeti (Şazada rogent) 1863- nji ýylda korol ölenden soň, onuň mirasdary bolman soň li nesilşalygynyň gapdal şahalarynyň (1392-1910) birinden 12 ýaşly Li Şehwany tagta çykarýarlar. Li Şehweni dul korolewalaryň biri ogullyga alan eken. Häkimiýeti hakykat ýüzünde Jehweniň kakasy Li Hayn alyp, ol özüne Tewongun titulyny (şazada-regent) alýar.
Tewotul ýurdy berkitmek maksady bilen ol häkimiýetiň durmuş bazasyny giňeldýär. Dworýanlary (esasan hem öň çekinmeýänleri) dürli slere cekip ugraýar. Ol haýan üçin hem käbir işleri edýär. Harby salgydyň ornuna hojalyk salgytlaryny girizýär. Özem şol salgydy hemme gatlaklar tölemeli bolupdyr. Gatlaklaryň arasynda dowam edýän egin-eşik tapawutlary hem ýatyrýar.
1866-njy ýylyň başynda Tewoşynyň hökümeti fransuz missionerlerini we köp sanly koreýaly hristianlary jezalandyryp öldürýärler. Bu bolsa fransuzleryň Koreýa çozmagyna sebäp bolýar.
1866-njy ýylyň güýzünde fransuz ýedi gämisi urşa başlaýar, desant düşürýär. Ýöne bu gezek fransuzler maksadyna ýetip bilmän, yza çekilýärler.
1871-nji ýylda amerikan desanty düşürilýär. Ýöne olaram garşylyk görenlerinden soň yza çekilip gidýärler.
1874-nji ýylda korolyň ýasynyň ýetendigi sebäpli Towguny wezipesinden boşadýarlar we häkimiýet ýaşy ýeten korolyň aýalynyň garyndaşlarynyň eline ýa-da Min urugyna geçýär.

**XIX asyrda Koreýada döwlet ulgamynyň gowşamagy**.

XIX asyryň soňky çärýegi Koreýada feodal tertip-düzgüniň krizise düşmegi we daşary ýurtlaryň Koreýa garşy agressiw hereketleriniň güýçlenmegi bilen häsiýetlendirilýär.
70-nji ýyllarda koloniýalar edinmek ugrunda Ýaponiýanyň hökümeti uruş paraz meýilnamalar düzüp ugraýar. Onuň esasy ünsi başdan Koreýa gönükdirilýär. 1875-nji ýylda Kanhwa adasynda bolan ýapon-koreý düşünşmezlikden soň ýaponlar haýbat bilen koreýany "dostluk" şertnamasyny baglaşmaga mejbur edýärler. Ýogsam, koreý dolandyryjy toparlarynda ýurdy "ýapyklygynda" saklamak ýa-da açmak barada ýiti göreşler başlaýar. Tewongun (şazada-atabeg) (1863-nji ýylda korol ölýär, nesilem galmaýär.Korolyň dul aýaly Li nesilşalygynyň gapdal şahasyndan bolan 12 ýaşly oglany ogullyga alýar. Häkimiýet bolsa hakykatdan şol oglanjygyň kakasy alýar we özüne tewongun titulyny wezipesini alýar.)1874-nji ýylda korol kämillik ýaşyna ýetýär. Tewonguny aýyrýarlar. Häkimiýet bolsa täze korolewanyň garyndaşlary - Min urugyna geçýär) we onun tarapdarlary garşy Minler bolsa tarapdar bolýarlar. 1876-njy ýylyň fewral aýynyň 26-na Kanhwa adasynda ýapon-koreý şertnamasy baglaşylýar. Şertnama boýunça 3 koteý porty Pusan, Çemulpo (Inçhon) we Wonson açylýar. Şularda ýaponlar erkin söwda-senagat işlerini alyp barmagy, koreý suwlarynda erkin ýüzmäge rugsat alýarlar. Ýaponlar Koreýanyň içki slerini arkaýyn gatyşyp ugraýarlar.
1882-nji ýylyň mart aýynyň 22-ne şeýle şertnamany ABŞ baglaşýar. Ýöne ABŞ-nyň aralaşmagy progressiw häsiýetde bolupdyr. 1883-1884-nji ýylda şeýle şertnamany Angliýa, Germaniýa. Italiýa we Russiýa, soňra bolsa Fransiýa baglaşýar. Şondan soň kem-kemden koreýa kolonial garşylygy düşýar.
Bu wakalar Koreý halkyna uly täsir edýär. Nägilelik güýçlenýär. 1882-nji ýylda Seňýada gozgalaň bolýar. Mundan Tewongun peýdalanýar we soldatlaryň kömegi bilen hökümete

gelýär. Ýöne uzak saklanyp bilmeýär. Pitleriň haýyşy bilen sinler Koreýa goşun iberilýär we Tewongun tutulyp Hytaýa sürgün edilýär.
Şol bir wagtyň özünde ýaponlar hem gatnaşýarlar. Gozgalaň döwründe çeken zyýanlary üçin ýaponlar kontribusiýa talab edýärler. 1882-nji ýylyň awgust aýynyň 30-na Koreý hökümetiniň boýnuna Çemulpo şertnamasyny dakýarlar. Şol şertnama boýunça kontribusiýa, paýtagtda ýapon goşunlary, gozgalançylaryň ýolbaşçylyklaryna çäre görmeli. Koreýanyň içinde hytaýparaz we ýaponparaz güýçleriň arasynda-da garşylyk güýjeýär. Başda Hytaýyň täsiri uly bolupdyr. 1882-nji ýylda Hytaý bilen Koreýanyň arasynda "deňiz we gury ýer söwdasy barada ylalaşyk" baglaşylýar. Şonda Koreýanyň ýapja ýagdaýy ykrar edilip hytaý söwdagärleri edil daşary ýurtlylaryňky ýaly ýeňillikler alýarlar. Sin hökümeti hytaý instruktlaryny koreýa goşunyny üýtgedip gurmak hukugyny hem gazanýarlar. Muňa reformalaryň, ýewropalaşmagyň tarapdarlary närazy bolýarlar. Kapitalistik döwletler bilen gatnaşyklaryň tarapdarlary hem bardy. Olar Seulda garaşsyzlyk partiýasyny döredýärler. Olar sinler aýrylmaly we Ýaponiýa bilen ýakynlaşmaly diýip hasap edýärdiler.
Ýaponiýanyň hökümeti bu güýçleri goldapdyr. 1884-nji ýylyň ahyrynda olar ýaponlaryň ýardam bermeginde döwlet agdarlşygyny geçirýärler. Kim Okkýunyň ýolbaşçylygynda olar ýapon goşunynyň ýardam bermeginde köşgi eýeläp, patyşanyň ýesir alýarlar, min begzadalaryny öldürýärler. Kim Okkýunyň ýolbaşçylygynda hökümet düzülýär. Bu hökümet köp işleri durmuşa geçirmäge synanşyk edipdir. Ýöne iki günden soň bu hökümet hytaý goşunlary we gozgalaň turuzan şäherliler tarapyndan agdarylýar. Reformatorlar ýaponlar bilen Ýaponiýa gaçýarlar.
1885-nji ýylda Hytaý bilen Ýaponiýa Týanszinde şertnama baglaşyp, ikisem Koreýadan çykyp gidýärler. Ýöne ylalaşyk boýunça bu iki döwlet "mesele dörese" Koreýa girip bilipdirler.

Bu döwürler Koreýanyň durmuş ýagdaýy hem çylşyrymlaşýar. Gozgalaňlar turýar. 1894-nji ýylda Günorta Koreýada gozgalaň turup, oňa daýhan Çon Bonjun baştutanlyk edipdir. Olar Günorta Koreýanyň ep-esli ýerlerini eýeläp Seula howp salypdyrlar. Hökümet bu meselä Ýaponiýanyň we Hytaýýň gatnaşmagyndan gorkup, gozgalaňçylara ýaraşyk teklip edýärler. Gozgalaňçylar teklip bilen ylalaşýar we gozgalaň bes edilýär. Emma hökümet sözünde tapylman hytaýlylary kömege çagyrýar. Bu ýagdaýy bahana edip Ýaponiýa ýurda 10 müňlik goşun salýar we paýtagt eýelenýär. Tewongunyň we onuň tarapdarlaryndan oýnatgy hökümet döredilýär. Patysany bolsa Hytaýa garşy uruş yglan etmäge mejbur edýärler. Uruşda Hytaý ýeňilýär we Koreýadan çykyp gidýär. Koreýa ýaponlara demir ýol gurmaga hukuk berýärler.
Daýhanlar täzeden uruşa başlaýarlar. Çon Bonjunyň goşunlarynyň sany 200 müňden hem geçipdir. Ýöne ýaponlara we hökümet goşunlaryna olary ýeňmek başardýar. Çon Bonjuny tussag edýär we ol öldürilýär.
Şundan soň hökümet käbir gowy işleri durmuşa geçirýär. Gulçylyk ýatyrylýar, ähli raýatlaryň deňligi ykrar ediýär, orta asyr däp-dessurlary gadagan edilýär. Ýöne Koreýanyň Ýaponiýa baglylygy güýçlenýär. 1895-nji ýylyň aprel aýynyň 17-de Simonaseki şertnamasy boýunça Hytaý Koreýanyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. Bu bolsa Ýaponiýanyň täsiriniň güýçlenmegine getirýär.
XIX asyryň ahyrlarynda Ýewropa döwletleriniň arasynda Ýuwaş umman sebitinde agalyk ugrunda ýiti göreşler başlaýar. Şeýle bolansoň gazylyp alynýan magdanlara baý we amatly ýerde ýerleşen Koreýa olaryň daşary syýasatynda möhüm orna geçýär. Bu meselede aýratyn hem Russiýa bilen Ýaponiýanyň arasynda gatnaşyklar ýitileşýär.
Russiýa, Fransiýa we Germaniýa bileleşip Ýaponiýany Hytaýýň Liaodun ý.a. gitmäge mejbur edýärler. Şol döwürler Koreýada-da ýaponlara garşy meýiller güýçlenipdir. Patyşa

aýaly ýaponlaryň täsirinde bolan Koreý hökümetini agdarýar. Ol Russiýanyň kömek bermegine bil baglapdyr ýöne ýapon hökümeti koreýa öz wekili general Miuruny iberýär. Oňa dil duşuk guramaka başardýar. Soňam Tewonguna kömek bermek bahanasy bilen köşge girýär we 1895-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 8-de patyşa aýan we köşk adamlary öldürilýär. Patyşa bolsa täze ýaponparaz hökümetiň öý tussagyna öwrülýär.

1896-njy ýylyň fewral aýynda Koreýanyň patyşasy gaçyp rus diplomatik missiýasyna gelýär we  bir ýyla golaý şol ýerde oturýar. Patyşanyň çagyrşy boýunça goşunlar we Seulyň ilaty ýaponparaz hökümeti dargydýarlar, iki ministr öldürilýär. Ýaponlara garşy täze hökümet düzülýär.

Ýagdaý şeýle bolan soň ýaponlar ruslar bilen gepleşige başlaýarlar. 1896-njy ýylyň maý-iýun aýlarynda Seul Memorandumyna we Moskwa protokolyna gol çekilýär we olar özleri üçin Koreýa çozmak üçin amatly şert döredýärler. Ylalaşyk boýunça iki döwlet Koreýada goşun saklamaga hukuk gazanýarlar.

Ýöne ýyl-ýyldan Koreýada Ýaponiýanyň täsiri güýçlenipdir, Russiýanyň täsiri bolsa peselýär. Ruslar öz harby instruktorlaryny, maliýe maslahatçylaryny Koreýadan çykarmaga mejbur bolýarlar.

1904-nji ýylyň başlarynda Ýaponiýa Port-Arturda duran rus eskadrasynyň we Koreýanyň Çemulpo (Inçhon) Portunda duran gämilerine üstüne çozuş edýär we rus-ýapon urşy başlaýar.

1904-nji ýylyň fewral aýynyň 23-ne "Koreý-ýapon protokolyna" gol çekilýär. Ylalaşyk boýunça ýaponlar koreýanyň ähli işlerine gatyşyp bilipdirler. Ýaponlar hatda syýasy partiýa hem döreýärler: "Bütewi progressiw jemgyýet". Bu partiya ýaponlara koreýany eýelemäge ýakyndan ýardam edipdir. Ilaty demir ýol gurluşyna ýapon binalaryny gurmaga sürüpdirler.

1905-nji ýylda uruşda Russiýa ýeňilýär. 1905-nji ýylda ABŞ-yň Portsmut şäherinde şertnama gol çekilýär. Şertnama boýunça

Koreýa Ýaponiýanyň protektoraty diýilip yglan edilýär, Russiýadan Kuril adalaryny, Sahaliniň günortasyny alýar. 1905-nji ýylyň noýabr aýynyň 17-de ýapon-koreý şertnamasyna gol çekilip Koreýa Ýaponiýanyň protektoratyna öwrülýär. Koreýa daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryndan kesilýär. 1906-njy ýylyň fewral aýyndan başlap Koreýany ýapon general-rezidenti dolandyryp başlaýar.
Ýaponlar Li Wannionyň baştutanlygynda (bütewi progressiw jemgyýetiň başlygy) oýnatgy hökümet döredýärler. Bu hökümet ýaponlardan nägile bolup ýören patyşa Kojony hem tagtdan agdarýar. Elbetde ýaponlaryň Koreýany eýelemegi garşylyklary hem dörediрdir.
XX asyryň başlaryndaky Koreýada milli-azat edijilik hereketi hem güýjeýär. Aýratyn hem ýapon protektoratlygyndan soň. 1905-nji ýylyň Maý aýynda Seulda “konstitusion gurluşy öwrenmek barada jemgyýet” döredilýär. Olar ilata syýasy hukuklaryň berilmegi ugrunda çykyş edipdirler. 1905-nji ýylyň noýabr aýynda Koreý kluby döreýär, 1906-njy ýylyň mart aýynda bolsa Çan Jiýonyň we Pak Ynsigiň ýolbaşçylygynda “Koreýany berkitmek jemgyýeti” döredilýär. Bu jemgyýetler koreýlerde watançylyk duýgularyny güýçlendirmäge çalşypdyrlar.
Soňra ýaragly çykyşlaram bolupdyr. 1905-nji ýyldan soň ýaponlara garşy ýaragly gonşunlar döreýär. Demirgazykdaky gozgalaňçy goşunlara Hon Bomdo, Çha Doson serkerdelik edipdirler.
1907-nji ýylyň ahyrlarynda pytraňňy gozgalaňçy goşunlary birleşdirmäge synansyk edilýär. Ýöne Seula geçirilen ýörişler başa barmaýar. Dagynyk goşunlar birleşip bilmeýärler. Olara ýaponlara satylan dönükleri ýok etmek başardypdyr. Gozgalaňçy goşunlaryň sany artypdyr. 1907-nji ýylda olaryň sany 44 müňden geçip, olar ýaponlar bilen 322 söweşleri geçiripdirler. 1908-nji ýylda bolsa gozgalaňçuylaryň sany 70 müňe golaýlap, söweşleriň sany 1451-e ýetipdir. Ýöne soň

ýaponlara garşylyk peselip ugraýar. Sebäbi ýaponlar gozgalaňçylar garşy jezalandyryjy goşunlary sürüpdirler. Şol sebäpden hem gozgalaňçylar terrorçylyga ýuz urupdyrlar.
1910-njy ýylyň awgust aýynýň 22-de ýapon general- rezidenti Terauti we koreý hökümetiniň başlygy Li Wanýon ylalaşyga gol çekip, koreý imperatory ähli häkimýetini “dolylygyna we müdimilik” ýaponlara berýär. Ähli häkimýet ýapon general-gubernatorynyň eline geçýär. Koreýanyň koroly bolsa ýaponlaryň pensioneryna öwrülýär.
Ýaponlar Koreýa üç diwiziýa, žandarm-polisiýa edaralaryny girizýärler, türmeleri, konslagerleri gurýarlar. Koreý dilinde kitap, gazet, žurnal çykarmaklyk gadagan edilýär. Ýapon dili Koreýada ornaşdyrylyp ugraýar.
1910-1918-nji ýyllarda ýaponlar Koreýada ýer hasabatyny geçirýärler. Hasabat boýunça ýaponlar Koreýada uly ýer böleklerini eýeleýärler. Iň gowy ekerançylyk ýerleri ýapon monopolýalaryna berilýär. Olar ýurtdan ummasyz köp mukdarda önüm äkidipdirler. 1912-nji ýylda 500 müň sok (1 sok-160 kg) äkidilen bolsa 1919-nji ýylda 2800 müň sok tüwi äkidilipdir. Şunuň esasynda Koreýanyň käbir ýerlerinde açlyk hem bolýar.
Bu döwürde Koreýa getirilýän harytlaryň mukdary hem artypdyr. 1910-njy ýylda 39 mln 782 müň iýen, 1919-njy ýylda 283 mln 76 müň iýenlik haryt äkidilipdir. Koreýanyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlary hem artypdyr. Eger-de 1910-njy ýylda ýurduň ykdysadyýetine 10,5 mln iýen maýa goýulan bolsa 1919-njy ýylda ol 59 mln iýene barabar bolupdyr. Netijede Koreýa dolylygyna Ýaponiýanyň koloniýasyna öwrülýär.

## Ýaponiýa XVII - XIX asyrlarda.

Täze taryha geçilýän döwürde Ýer şarynyň dürli retonlarynyň halklarynyň we ýurtlarynyň arasyndaky gatnaşyklar ýygjamlaşdy. Beýleki bir tarapdan bolsa şol ýutlaryň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşiniň depgini boýunça bir-birinde tapawutlanyp ugrady. Şol tapawutlar Ýaponiýa üçin hem häsiýetlidir we onuň öz boluşly aýratynlyklary bardyr.

Öz goňşularyndan (Hytaý, Koreýa, Günorta-Gündogar Aziya ýurtlary) tapawutlylykda Ýaponiýa XVII-XVIII asyrlarda öz ösüşinde belli bir derejede Günbataryň ýurtlarynda meňzäp ugrandygyny bildirip başlady.

XVII asyr Ýaponiýada fedalizmiň iň çalt depginle rbilen ösen döwri boldy we şol ösüş mümkin gadar derejelere çenli ýetdi. Ýaponiýanyň ýokary derejede gurulan feodal gurluşy bardy we ol Aziýada iň ösen hasaplanýardy. Daýhanlaryň hojalygy ýöretmekdäki artylmaçlyklary (hasylyň 4 bölegi feodala-6-sy bolsa daýhana) oba hojalygyň we öndüriji güýçleriň çalt ýetginler bilen ösmegine ýardam edipdir. Hususy daýhan hojalyklary ekilýän ekinleriň görnüşlerini artdyrypdyrlar. Şalynyň 100-e golaý sort, bugdaýýň, arpanyň, süläniň 12 sorty ekin dolanşygyna girizilipdir. Resminamalaryň täze görnüşleri ulanylypdyr, suwarymly ekerançylyk giňärpdir. Bu bolsa 2-3 hasyl almaga mümkinçilik beripdir, üstesine-de bu işler üçin az zähmet sarp edilipdir. Şeýle şertlerde daýhanyň diňe bir özüne zerur bolan önümi däl, eýsem goşmaça önüm almaga-da mümkinçiligi bolupdyr. Netijede-de daýhan hojalygy berkäpdir.

Döwleti berkitmek üçin, bolup biläýjek gozgalaňlaryň, şeýle hem bölünişigiň öňüni almak üçin Tokugawalar dürli çäreleri durmuşa geçiripdirler. Tokugawa Hideýosiniň sýogunluk eden ýyllarynda daýhanlardan gylyç ýygnamagy diňe bir daýhanlary oba-hojalyga berkitmek bilen çäklenmän eýsem ony harby ulgamdan hem gutarnykly çykarypdyr.

Bolup biläýjek bölünişik meýilleriniň öňüne almak üçin Hideýosi baryp XVI asyryň ahyrlarynda XVII asyryň başlarynda birnäçe çäreleri geçirýär.
Durmuş tayan sýogun ýurdy birnäçe soslowiýelere: Si-no-ko-sýo. Si-Samuraýlar, no daýhanlar, ko senetçiler we sýo söwdagärler. Si gatlagy hem deň bolmandyr. Onuň ýokary gatlagyna sýogunyň özi we onuň töweregindäkiler giripdir.
Ilner-r Minado köne paýtagt bolan Kiotada oturup, diňe simwoliki häsiýetden peýdalanypdyr. Oňa sintoizm däbi boýunça diňe hormat bilen garapdyrlar. Iş ýüzünde diň ejanly hudaý bolupdyr. Esasy administariw hojalyklary knýazlyklar bolup, olaryň aglabasy Tokugawalara bagly bolupdyr. Şol knýazlyklar alýan girdeýjileri boýunça kotigoriýalara bölünipdir. Iň kiçi knýazlyk-ýylda 10 müň konu şaly alýanlar (konu 160 kg) hasaplanypdyr. Ýurt boýunça ýygnalýan şaly 11 mln konu barabar bolupdyr. Şolardan 4 mln konu Tokugawalara degişli bolupdyr. Iň baý knýazlar Mori Teremuto, Maýeda, Tosinago, Uesut, Kakekatsu ummasyz köp girdeýji getirýan ýerlere eýe bolupdyrlar. M-m Maýeda 1mln. 200 müň konu, 16 sany feodal maşgalasynyň her biri 300 müň konu şaly ýygnapdyrlar. Iri ýer eýeleri ilatyň 10 % tutup, ýer uçastoklary bolan we onda işleýän samuraýlaryň sany ýyl-ýyldan azalypdyr. Iri knýazlar (daýmýo) gulluk ýerlerinde oturýan samuraýlary öz galalaryna getiripdirer. We samuraýlary öz gulluk ýerinden alýan tüwi aýlyklarynyň möçberinde aýlyk töläpdirler.
Ýaponiýada ýerler hem döwletiň (sýogunyň ýerleri) we hususyýetçileriň (knýazlaryň mülkleri, ybadathana ýerleri). Daýhanlar ýerlerini miras galdyrmak şerti bilen özbaşdak hojalyk ýöredipdirler. Krepostnoýçylyk doly manyda Ýaponiýada bolmandyr. Ýöne käbir iri ýer eýeleriniň ýerine berkidilen daýhanlar bolupdyr.
Ýr eýeçiligiň esasy görnüşi kärende bolan. Tölegiň agalyk ediji görnüşi obrok bolup, kä halatlarda pul görnüşinde-de alnypdyr.

Barşina (zähmet borjy) Ýaponiýada giň ýaýramandyr. Diňe uzaklardaky etraplardaky samuraýlaryň gulluk ýerlerinde barşina bolupdyr.
Ýaponiýada iri şäherler Edo, Osaka, Kmoto, Nagoýa, Nagasaki, Hakato bolupdyr. Tokugawalar häkimiýeti eýeländen soň gündogarda täze paýtagty Edony gurdurypdyrlar. XVII asyryň ortalaryna Edonyň we Siotonyň ilaty 500 müne ýetipdir.
Tokugawalar günbatarlylaryň tehniki progresini hem giňişleýin peýdalanypdyrlar. Ýewropa ot açyş ýaraglaryny peýdalanypdyrlar. Hristiançylygyň ýaýramagyna garşy göreşipdirler. 1614-nji ýylda daşary ýurt dilini ýaýratmaklyk gadagan edilipdir. 1636-njy ýylda ýaponlara ýurtdan çykmak gadagan edilipdir (ölüm jezasy)uly gämileri gurmak gadagan.
1636-njy ýylda Nagasakiniň töwereginde (simabarada) daýhan gozgalaňy bolýar (olar katolik dinini kabul edenler bolupdyr). Şonuň üçin hem olara söwda etmek rugsat edilýär. Diňe Nagasaki ýylda iki gezek hytaýlylar we koreýler üçin açylypdyr. Simabar gozgalaňy basylyp ýatyrylandan soň sýogun Ýaponiýany ymykly ýapýar.
Tokugawa Iýemiňu (1632-1651) dolandyran ýyllarynda ýokarky gatlaklaryň üstünden berk gözegçilik ýola goýupdyr. Boýun Iýeasy döwründe samuraýlar birnäçe razrýada we kategoriýa bölünipdir. Samuraýlaryň ýokarky gatlagy – Kuge, galanlara –Buke. Bukede öz gezeginde hökümdar (daýmýo) we ýönekeý dwrorýanlara (busi) bölünipdir. Busileriň ýeri bolmandyr (aýlyk alypdyrlar).
Daýmýolaryň ýokary gatlagy bolan Simpanto Kugawo maşgalasy bilen berk bagly bolup galanlar fudaý-daýmýo (tokugawalaryň) tarapdary) todzama –daýmýo (garşydaşlary).
Sýogun resmi taýdan knýazlara salgyt salmandyr. Ýöne yzygiderli daýmýolar sýoguna müňlerçe altyn we kümüş pullary sowgat getiripdirler.
Samuraýlaryň iň amatly bölegini – Hatamotolar düzgün, olar sýogunyň we knýazlaryň wassaly bolupdyr. Olaryň ýeri

bolmandyr. Olara tüwi paýok beripdirler aýlyk hökmünde. Olardan goşun we adamlaryň aşaky gatlagy düzülipdir.
Ýaponiýanyň uzak wagtlaýyn ýapylmagy doly amala aşyryp bilmändirler. Gollandlar we hytaýlylar bilen näme-de bolsa gatnaşyklar edilipdir.
Bulardan başga-da  Sýogun we Imperator Annama we Sioma söwda gämilerini iberipdirler. Demirgazykdan birnäçe gezek (XVII-XVIII asyrlaryň dowamynda) Ýapon adalaryna gelen rus barlagçylary, ilçileri, harbylary, söwdagärleri Bakudu tarapyndan kabul edilipdir.
1845-nji ýylda Amerikan krizisi prezidente Ýaponiýa bilen gatnaşyk açmaga ygtyýar berýär. Birnäçe synanşyklar netije bermeýär. Şol sebäpden hem iýul aýynyň 8-inde Uraga buhtsyna (paýtagtyň golaýy) amerikan eskadrasy nommador Perriniň komandirligine getirýär. Ol gepleşigi talap edýär we Prezidentiň sýoguna ýazan hatyny amerikanyň täze döreden maşynlarynyň modelini berýär. Ýaponlar gepleşigi Nagasakägeçirmegi teklip edýärler. Emma Perri bir gepinde durýar. Ýaponlar 1854-nji ýylyň ýazyna çenli garaşmagy teklip edýärler.
Şol döwürde ýaponlar gepleşikler ýoly bilen amerikanlary güýmäp ýurdy açmazlygy maslahat edýärler. Emma 1854-nji ýylyň fewral aýynda Uraga gelen Perri (ol 9 gämili, 250 toply) eger-de gepleşikler geçirilmese ABŞ-nyň ähli flotyny goşaryn diýip haýbat atýar. Ýaponlar gowşaýar.
1854-nji ýýlyň mart aýynyň 31-inde Kanagowada (Iologama) 1-nji Ýapon-amerikan şertnama baglanşýar. Ýöne ol söwda şertnamasy (ol azyk-suwlary we beýle harytlary satyn almagy rugsat berýär. Iki ýurtda Simoda we Hakodaýede). Şonuň üçin hem amerikanlar haky şertnama baglaşmagy talap edýärler.
Amerikanlar bilen bar wagtda (1854-nji ýylyň awgust aýy) Putýatki hem gelýär. Ol üstünlik gazanyp bilmeýär. Kuril we Sahalin ykrar etmeli.

1854-nji ýylyň oktýabr aýynyň 14-ne iňlis ýapon şertnamasy olam edil amerikanlaryňky ýaly.
Ýene Ýaponiýa Gollandiýa bilen doly hukukly şertnamany 1856-1857-nji ýyllarda baglaşýar. Ýöne basyp 1858-nji ýylda baglaşylan täze amerikan ýapon şertnamasy gollandlardan ozdurylýar. Şol şertnama Ýaponiýa üçin kemsidiji bolýar. Ony ABŞ-nyň konsuly Garris baglaşypdyr.
Bu şertnama söwda erkinligini, daşary ýurtlaryň eksterritorýallygyny (portlarda ýaşalýan daşary serhetleri) göz öňünde tutupdyr. Hakadete, Simoda, Iýokagama, Nagasaki, Ningata, Kobe, Edo açylman degişli edilipdir. Üstesine-de eger-de Ýaponiýa bir döwlet bilen konflikte girse ABŞ araçy bolmaly, ABŞ-nyň ýaragyny satyn almaly, harby hünärmenleri çagyrmaly.
Şeýlelikde 1854, 1858-nji ýyllarda ýapon-amerikan, 1856-1858-nji ýyllarda ýapon-golland, 1854-1858-nji ýyllarda ýapon-iňlis, 1858-nji ýýlda ýapon-frank, 1855-nji ýylda ýapon-rus şertnamalary, ýaponiýanyň resmi suratda açylandygyny yglan edipdir.
XIX asyryň başlarynda sýogunlyk çuň syýasy krizise çümüp ugraýar. Ýurduň ilatynyň dürli gatlaklary sýogunyň häkimiýetinden nägile bolup ugraýarlar. Daýhanlar gozgalaňy şäher galalaryny bölüp geçýär. Ýüze çykyp duran söwda we senagat buržuaziýasy hem nägile. Bu nägilelikler todzama-daýmiolar hem goşulýar.
XVII asyryň ilkinji on ýyllyklarynda özara uruşlaryň tamalanmagy bilen ýurtda ekin dolanşygyna girizilýän ýerleriň we alynýan hasylyň mukdary artyp ugraýar. Natural reýitanyň eger-de Hidaýosynyň döwründe hasylyň 3,2 bölegine barabar bolan bolsa Tokugawanyň döwründe 5,2 –ä çenli azalýar. Ýöne sýogun daýhanlaryň durmuşyny köp tarapdan çäklendirýär. Tüwiden edilen nahar iýmeli däl, saka içmeli däl, ýüpek geýmeli däl, toý ýas ýönekeýje bolmaly we ş.m.

XVII asyryň ahyrlarynda XVIII asyryň başlarynda ýagdaý ýaramazlaşyp ugraýar. Öň hasylyň 4 bölegi hökümet 6-sy özüne bolsa indi 5-si oňa 5-si hem oňa. Işleýän ýerler köpelmeýär! Gurakçylyk köp bolýar. Kanun berk bolsa-da Tokugawalaryň dolandyran ýyllarynda 1163-nji ýylda daýhan çykyşlary bolup geçýär.

**Ýaponiýada durmuş gatnaşyklaryň ýitileşmegi.**

Baryp XVIII asyryň ortalarynda Ýaponiýada sýogunlyk "bikanun" režimina garşy oppozision hereketler başlaýar. Şol herekete sýogun tarapyndan gysylýan todzama-daýmiolaryň sowatly bölegi ýolbaşçy edipdirler. Olar sýogunata garşy aňyýetiň düýbüni tutupdyrlar. XIX asyryň I ýarymynda Ýaponiýada häkimiýetlere garşy durýan syýasy toparlar has hem güýjeýär. Olar sýogun häkimiýetiniň bikanundygyny, imperatoryň bolsa "Taňry tarapyndan mandat berilen" hasaplanypdyr.
XIX asyryň ortalaryndan Ýaponiýanyň güýç bilen "açylmagy" ýapon ykdysadyýetiniň ösüşüňe uly täsir edýär. Portlaryň söwda üçin açylmagy daşary söwdanyň ösmegine getirýär. Ýapon eksportynyň 50-80% ýüpek, çaý, 20% pagta, lis, balyk we deňiz önümleri tutupdyr. Ilport edilýän edilýän harytlar esasan senagat harytlaryndan, ýüplik, ýüň we nah matadan ybarat bolupdyr.
Ýapon bazary harytlardan dolup ugraýar. Bu bolsa ýerli önümçiligi tozdurypdyrlar. (Natural hojalygy, seh senetçiligine we manufaktura önümçiligi).
Muňa garamazdan ABŞ, Angliya, Germaniýa, Fransiýa bilen şu ykdysady gatnaşyklaryň alynyp barylmagy Ýaponiýada häzikri zaman kaptalistik senagatyň döremegine getirýär.
1868-nji ýyla çenli 50 sany agyr senagat kärhanasy we 100 ýüzden gowrak ýeňil senagat kärhanasy gurlupdyr. Daşary

ýurtdan alynýan enjamlaryň hasabyna metalluriýa, gämi gurluşyk, egirme-dokma, kärhanalary abzallaşdyrylypdyr.
Ýapon ýüpegine, gatyna bolan islegler ýapon oba hojalygynyň ýokary önümçiligine göterýär. Oba hojalygy bilen baglaşylmagyna pomeşikleriň, ýerli daýhanlaryň, buržuazlaryň maýalary artypdyr. Daýhanlaryňky ýaramazlaşýar. Ýersiz galýarlar. Köp sanly daýhanlar çykyşlary bolup geçýär. Şäher buntlary hem köpelýär.
XIX asyryň 60-njy ýyllaryndan Ýaponiýadan syýasy krizisi güýçlenýär. 1860-njy ýylyň 12 gozgalaň, 1866-njy ýylda 40 gozgalaň bolup geçýär.
Xix asyryň 60-njy ýyllarynda antisýogun hereketiň güýçlenýändigi üçin sýogun imperator köşgi bilen geleşige ýüz urup ugraýar. Köşkde-de belli feodallar sýogun bilen geleşigiň tarapyny tutupdyrlar. Olar “nobugattoý” (sýogun bilen imperatoryň soýuzy) toparyny döredýärler. Hat-da olar sýoguny imperatoryň gyz jigisinede öýlendirýärler.
Sýogunyň esasy garşydaslary todzama-daýmiolar, liderleri Takasun Sinasako, Herano Dziro, Okubotosimiti, Ito, Herabumin, Italaki, Taýsuke we başgalar. Todzamalaryň täsiri günorta-günbatar knýazlyklarda güýçli bolan.
1866-njy ýylyň Iýul aýynda sýogun Týosýu knýazyna (günorta-günbatar) garşy jeza beriji goşun sürýär. Şowsuz. Soň Týosýu, Saýuzma, Tosa, Hidzeý birleşip antisýogun koalisiýasyny döredýärler. Şol döwürler ilki sýogun Iemoti, soňam (1867-nji ýyl) imperator Komeý ölýär. Geleşigiň tarapdary eken. Emma onuň ölmegi täze sýogun Keýniň ýagdaýyny kynlaşdyrýar.
Kiçi ýaşly imerator Misuhitonyň pozisiýasynyň gowşaklygyndan peýdalanyp dworýan-buržuaz blogyň liderini täze impratorlaryň adyndan sýoguna memorandom bilen ýüzlenýär. Şonda häkimiýeti “kanuny” eýesine bermeklik talap edilipdir. 1867-nji ýylyň oktýabr aýynda memorandum sýogun keýkä gowşurylýar. Ol edilýän talaplar bilen ylalaşýar. Ýöne ol häkimiýetden el çekse-de öz häkimiýetiniň berk ýeri bolan

Merkzi we demokratiki Ýaponiýada göreşe taýyarlanýar. Ýöne birki söweşden soň 1868-njy ýylyň Ýanwar aýynda ýeňilýär.
1868-nji ýylyň maý aýynyň 3-ne Keýki Edo (Tokýo) galasyny söweşsiz tabşyrýar. Şeýlelikde sýogun häkimiýeti ýykylýar. Täze hökümet taýdan Mutsuhito ýolbaşcylyk edipdir. Mutsuhito (Meýdzi) sowatly dolandyryş. 1867-1868-nji ýyllarda ynkylaby "Meýdz isin" "Рестовратия мейдзи".
XIX asyryň 80-nji ýyllarynda Ýaponiýada kapitalizmiň çalt depginler bilen ösüp ugraýar. Şunda döwlet kärhanalaryna ähmiýeti giň bolan. Emma döwlet husuyýetçilige ünsi güýçlenipdir. Iň gowy kärhanalar hususyýetçilere satylypdyr. Şolaryň esasynda Missui, Misubisi, Furukawo, Ýasuda, Asano, Kawasaki we başgalar belli firmalara öwrülipdirler.
Senagaty ösdürmek üçin zerur bolan başky maýa toplanşygy hökümet gelýän salgytlaryň esasynda toplanylypdyr. Onuňam 80% ýer salgydy tutupdyr. Üstesine-de ýerli senagat önümçiligi üçin pes gümrük ýygymlary girizilipdir. Bu bolsa Ýapon senagaty daşary ýurt kongurensiýasyndan gorapdyr. Ýöne ýurtda esasan ýeňil senagat, has hem dokma senagat ösüpdir.
Hökümet öňi bilen goşun we flot üçin işleýän kärhanalary subsidirläpdir, şeýle hem transporty we aragatnaşygyň ösmegine ýardam edipdir. Diňe döwlet serişdelerine hasabyny demir ýol transport döredilip başlaýar. 1872-nji ýylda Tokiýo-Konogano demir ýoly (Ýaponiýada ilkinji) gurluşykdyr. Soň 1882-1890-njy ýylda demir ýoluň uzynlygy 2190 kl.
Kapitalizm çalt össe-de Ýaponiýa iri kapitalistik döwletlerden yza galypdyr. Ownuk kärhanalar agdyklyk edipdir.
Ýurduň ykdysady yzagalaklygy daşary söwda-da görnüpdir. Ýurt esasan oba hojalyk önümlerini çykarypdyr. Taýyn harytlar bolsa alnypdyr. Daşary ýurt çyg mallaryna garaşly bolmaklyk, öz ýurduň senagat çyg mal bazasynyň garyplygy, şeýle hem içeri bazaryň darlygy agressiw planlaryň düzülmegiň sebäbi bolupdyr.

Ýaponiýada buržuaziýanyň ykdysady pozisiýasynyň berilmegi onuň ýurduň syýasy durmuşynda aktiwleşmegine getirýär. Şol aktiwlik «Dzýu Minken Undo» (halk hukugy we azatlygy ugrunda hereket) oppozision hereketiniň ýüze çykmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bu hereket konstitusiýany, parlamentiň atyrylmagyny, adalatsyz şertnamalaryň ýetirilmegi talap edilýär. Bu herekete ir buržuaz başga ownuk buržuaz intelgensiýasy ownuk buržuazlar hem gatnaşypdyr. Işi netijesinde 80-nji ýyllaryň kä ýerlerde gozgalaň bolup geçýär.
Şeýle şertlerde syýasy partiýalar hem döräp başlaýar. 1881-nji ýylda Rikken Dziýuto (konstitusion liberal) port. Ýa-da Dziýuto (liber port) partiýa orta we ownuk liberal pomeşikleriň partiýa bolup oňa Mitsun firm. goldan.
1882-nji ýylda Kaýsinto (reformalar port) partiýasy döreýär. Oňa Fukidzao Ýunite ýolbaşcylyk edip, partiýa iri söwda we maliýe buržuazlarynyň liberal intelgensiýasynyň isleglerini aran.
Netijede ýurtdaky aktiwlik hökümeti daşary ýurtlaryň knýaz Itonyň ýolbaşçylygynda konstitusiýa öwrenmäge ibermäge mejbur edýär. Ýaponiýa üçin pruss parlamenti has ýaşy bolup görnüpdir we 1989-njy ýylda Ýaponiýada prussiýaňka golaý konstitusiýa kabul edilýär.
1889-njy ýylyň konstitusiýasy monarhiýany berkidipdir. Ol uruş yglan ediýär, şertnama baglaşýar, kanun kabul edýär we tassyklaýar. Parlament çagyrýar-ýatyrýar, ähli graždan we harby wezipelere belleýär, aýyrýar. Şeýle hem goşun we floty ýolbaşcylyk edipdir. Parlament perler we wekiller palatalaryndan duran. Perler palatasynda imperiýanyň maşgala çlenleri, aristokratlar iň uly salgyt töleýjiler we imperator tarapynda bellenen adamlar. Konstitusiýa bilen bir wagtda çap edilen saýlaw kanuna görä aşaky palata 25 ýaşdan ýokary we 15 iýenden az salgyt tölemeýän adamlar saýlanypdyr.
Parlamendiň kanun initiatiwasy bolan, bujet tassyklapdyr. Emma ministrler kabinety parlamentiň öňünde däp-dessurlara

jogap beren. Şonuň üçin hem parlament bujeti tassyk etmese hökümet otstawka gitmänem bilipdir. Harby kärhanalaryň gurluşygy, ýaraglanmak we güýçli harby deňiz flotynyň gurluşy Ýaponiýanyň aktiw agressiw hereketlere başlandygy şaýatlyk edipdir. Agressiýa öňi bilen Koreýa gönükdirilipdir. Şonuň üçin hem Koreýany almak üçin öňi bilen Orsýetiň bitaraplygy gerekdi. Munuň üçin Ýaponiýa Sahaliniň günortasyny (öň iki bolup ulanypdyrlar). Russiýa özi bolsa Kuril adalaryny alýar. 1875-nji ýylda.

1894-1895-nji ýyllarda Ýapon – hytaý urşunda hytaý ýeňilýär. 1895-nji ýylyň aprel aýynyň 17-ne Simoposeki şertnamasy boýunça Hytay-Koreýany garaşsyz döwlet hökmünde ykrar edýär. Taýwany Ýaponiýa berýär, köp hytaý portlary ýapon söwdasy üçin açylýar.

1904-1905-nji ýyllarda rus-ýapon urşy boýunça Ýaponiýa Sahaliniň Günortasyny Port-Artur Dalmini alypdyrlar. Kärende Günorta mançžuryýede agalyk sürüp ugraýarlar. 1905-nji ýylda Koreýa protektorat girýär. 1910-njy ýylda bolsa özbaşdaklygyny Koreýa ýitirýär, koloniýa öwürýär. XX asyryň başlary Ýaponiýanyň imperalistik statiýa geçmegi bilen häsiýetlendirilýär. Muňa 1897-nji ýylyň maliýe krizisi uly itergi beren, ýüzlerçe ownuk kärhanalar tozup, ulular tarapyndan ýudunypdyr. Bu bolsa kapitalyň merkezleşmegine (maýalaryň bir ýere ýygnanmagy) we önümçiligiň konsentrilenmegine (önüçilik serişdeleriniň işçi güýjüniň we önüm çykarşynyň örän uly kärhanalarda jemlenmegi) getiripdir. Netijede Ýaponiýada iri konsernler we kompaniýalar döräpdir. Olara döwlet hemişe ýardam beren.

1905-1907-nji ýyllarda Ýaponiýada senagat ynkylaby tamamlanýar. Ýöne entegem ownuk senagat hem bolar.

XX asyryň başlarynda Ýaponiýada iki kategoriýadaky senagat kärhanalary bolupdyr.

XX asyryň başyndan başlap kapitalyň konseptrasiýalaşygy önümçiligiň konseptarsiýalaşmagyndan

azdyklyk edil ugraýar. Ýagny artykmaç kapital döräp ugraýar. Şonuň üçin hem 1904-nji ýylda Ýaponiýa Hytaý ilkinji 3 mln möçberinde zaýem berýär. Olam öz bähbidi üçin, ýagny Ýapon metallursiýa kombinatlaryny çyg mal bilen üpjün etmek üçin Hytaýyň magdanly ýerlerini özleşdirmeli.

1894-1895-nji ýylyň ýapon-hytaý urşundan soň Ýaponiýa dünýä arasynda imperalistik döwlet hökmünde çykyş edip ugraýar. 1894-nji ýylda adalatsyz şertnamalaryň käbiri ýatyrylýar. 1899-njy ýylda günrük özbaşdaklygyny alýar. Indi özi kesgitleýär. Netijede 1911-nji ýyla çenli Ýaponiýanyň hukuklary beýlekiler bilen deňleşýär.

Ýaponiýada guramaçylykly işçiler hereketi XIX asyryň 80-nji ýyllarda başlaýar. 1881-nji ýyllarda neşirýatlaryň prosoýuzy döreýär.

1897-nji ýylda Sen Kataýama (öň daýhan ogly, elgrasiýada, ABŞ-da bolup okaýar) Ýaponiýada işçi prodr. Guramalaryny döretmek boýunça Liga döredilýär. 1898-nji ýylda onuň ýolbaşçylygynda «işçiler dünýäsi» žurnaly çykyp ugraýar.

1900-nji ýylda hökümet iş taşlaşyşlary, profsoýuzlar gadagan edýän kanun çykarýar. 1901-nji ýylda Kataýaly bilen Kotony Sýakaý Minsýuto (Sos.pard) döredýärler. Ýöne gadagan edilýär. Umuman Ýaponiýada işçiler hereketi ýiti häsiýetde bolýar.

1914-nji ýylyň awgust 22-ne Ýaponiýa Germaniýa goşun uruş yglan edýär we 30 müňlik ýapon goşuny Hytaýyň şondan ý.a.-syny Sindao porty bilen bilelikde eýeleýär.

1915-nji ýylyň ýanwar aýynyň 18-de bolsa Hytaý «21 talap» bilen ýüz tutýar.

## Ýaponiýa XX asyryň başynda.

Ýaponiýada işçiler klasy şäher hünärmentleriniň manafaktura işçileriniň tozan daýhanlaryň hasabyna kemala geldi. Emma Ýaponiýada beýleki ýurtlardan tapawutlylykda

daýhanlar ýersizlik zerarly obalary taşlamandylar. Olar kärendeçi bolup fabrikler bilen baglaşylan deňhukuksyz kontrakt esasynda iki çagalary ýada özi birnäçe ýyl şäherlerde gezmeli bolupdyrlar. Beýle daýhanlar oba bilen gatnaşygyna üzül-kesil kesmändirler. Ýapon işçiler çynpy az sanly we oba bilen aratagnaşykdaky iş güni 12 sagat bolup aýlyk haky erkekler 10 sen, aýallar, çagalar 3-4 sen gazanýardylar.
Ýawatada ilkinji metalurgiýa kombinaty döredilýär. Tokioda çoýun erediji zawod gurulýar. Ýaponiýada agyr senagaty pudagy ösdürilýär. Goşun 2 esse, flot 4 esse artdyryldy.

20 asyryň başlaryna Ýaponiýa ykdysady ýokary göteriliş esasynda Irikapitalistik birleşmeler kemala gelip, başlady. Munuň Sumistoma ýaly söwda senagaty kompaniýalary döräp başlaýar.

20 asyryň başlarynda Ýaponiýa öaüniň maýa goýumlarynyň hasabyna öz ykdysadyýetini pugtalandyryp başlaýar. I Jahan urşunyň öňisyrasynda ýurduň ilatynyň 60% oba hojalygy bilen meşgullnýardy. 1894-nji hökümet daşary ýurtlylar bilen baglaşylan deňhukuksyz şertnamalaryň birnäçesini we daşary ýurtlylaryň eksteritorial hukugyny ýatyrýar. 1899-njy ýylda başlap gulluk garaşsyzlygy ýola goýulýar. Şeýlelik bilen 20 asyryň başynda Ýaponiýa ykdysady taýdan kuwwatlanýar we harby güýç toplaýar.

1901-nji ýylda Ýaponiýada hökümet başyna Kaňur geldi. Ol basybalyjylykly syýasata aýratyn üns berdi. Çünki 20 asyryň başynda Uzak gündogarda imperialistik döwletleriň özara gapma garşylygy ýitileşýärdi. Russiýanyň Manjuriýada demir ýol çekmegi, Port Arturi kärendesine almagy Angliýanyň ABŞ – yň Russiýa bolan duşmançylykly gatnaşygyna has ýitileşdiripdi. Bu ýagdaý Ýaponiýanyň bähbitlerine ters gelýärdi. 1904-nji ýylyň 4 fewralynda Ýapon ekskadrasynyň admiraly Togo port Artuldaky rus flotynyň üstüne çozdy. Harby hereketiň ýagny hakyky urşuň başlanyna bolsa eýýäm iki gün geçipdi.

Ýapon goşunlarynyň 20% zaýalanýar, emma 1905 ýylda Ýaponiýa öz harby güýçlerini has berkidip 2 ýanwarda Port Arturda ruslara agyr zarba urýar. Mart aýynda aýynda bolsa Mukdeniň eteginde Ýaponlar uly ýeňiş gazanýarlar. Ýaponiýa kynçylyk bilen bolsada ýeňiş gazandy. 1905-nji ýylyň 31 maýynda Ýaponiýanyň daşary işler ministri Kamur Waşingtona iberilýär. 1905-nji ýylyň awgustynda Protsmutda parahatçylyk gepleşikleri başlanýr. Şertnama boýunça Ýaponiýa Koreýanyň üstünden protestaratlygyny dikeltdi. Bu uruş Rus patyşa hökümetiniň çökendigini görkezdi.

20 asyryň başynda Ýaponiýada işleýän işçiler iş sagatlarynyň ýokarlanmagyny aýlyk haklarynyň azlygyny we hökümetiň syýasatyndan närazyçylyklar esasynda bölekleýin herekete başlaýarlar. 20 asyryň başynda Ýapon işçileriniň aktiw hereketlerine ýolbaşçylyk eden gahryman Sen Kotaýamanyň döredijilik ýoly başlanýar. ABŞ okap bilim alýar. 1897-nji ýylda işçi profsoýuzlarynyň Ligasyny döredýär. Işçi dünýäsi žurnal çykyp ugraýar. Ol sosializm öwreniş jemgyýetinde işläp ugraýar we işçileri hak-hukuk deňlik ugrunda göreşlere çekmäge goşant goşýar.

Işçiler hereketiniň ýaýbaňlanmagy bilen hökümet tuha-tutlygy güýçlendirýär.
Emma işçiler birleşip hereketi ýaýbaňlandyrýarlar. 1901-nji ýylyň maýynda Kotokuwe Kataýamanyň ýolbaşçylygynda Sosial demokratik partiýa döredilýär. Partiýaň programmasy göreşi gizlin alyp barmaga, reforma geçirmäge gönükdirilendir. Emma partiýa derrew hökümet tarapyndan gadagan edilýär. Gyzlar bilen halk gazetinde çykyş edýärdiler. 1904 ýylyň gazetiň sahypasynda “Komunistik manifest” terjime edliýär. Bu makalalar üçin gazetiň redaktory yzarlanyp emirasiýa gitmäge mejbur bolýar.

1906-nji ýylda Sosialistik partiýa döredilýär. Şol ýylyň özünde partiýa birnäçe demonstrasiýalary gurnamaga ýolbaşçylyk edýär. 1910-nji ýylda polisiýa 12 sany sosialiti

ölüm jezasyna höküm edýär. Emma rewolýusion hereketler bes edilmeýär. 1910-nji ýylda şäher transport işgärleri herekete goşulýarlar. Emma 1910-nji ýylda sosialistleriň görnükli liderleriniň biri Kotoş öldürilýär.
1911-12-nji yllarda ýurtda ýekeje legal gurama bardy. Entek Ýapon sosialistleri az sanlydy we tejribesizdi.

1904-1907-nji ýyllaryň rus – ýapon urşy Ýapiniýanyň taryhynda täze döwri açdy. Ýaponiýa iri kolonial döwlete öwrüldi. Şertnama Port Artury we Kuançensyn demir ýoluny Ýaponiýa beripdi. 1905-nji ýylyň dekabrynda hytaý bilen baglaşylan Pekin şertnamasyna laýyklykda Ýaponiýa Günorta Mançjuriýadaky hukuklaryny has giňeltdi. Ol günorta mançjuriýada täze ýurtlary ýapon gämilerini açmak bilen Mukden Andun demir ýolunyň gurluşygyny hem konsesiýa aldy.

1906-nji ýylda günorta Mançjur demir ýoly kompaniýasy döredilýär. Tiz wagtda Ýapon kapitaly günorta mançjuriýanyň bazarlaryny eýeledi, ýapon harytlary bazarlary doldurdy. Angliýa we ABŞ Ýaponiýanyň syýasatyny goldaýardy. 1905 ýylyň dekabrynda Seulo Ýapon Ito, Hirobuni general rezident edip iberilýär. Rezident ýurduň içerki we daşarky işlerine we umumy düzümine gözegçilik edýärdi. Bu ýagdaý Koreý halkynyň närazylygyny döretdi. Emma Koreý delegatlary konferensiýa-da goýberilmedi. Şundan soň ýapon rezidentiniň düzümi berkedi. 1909-njy ýylda Koreý watançylary baş rezident Itony öldürýärler. Ýurtda tutha – tutlyk başlanýar. 1905-1907-nji ýyllaryň urşundan soň Lizum, Lisibisi, Sumitamo, Ýasuda ýaly söwda senagat kompaniýalary has giňedi. Olar içerki we daşarky söwda gözegçilik edýärdiler. 1905-nji ýylda Ýaponiýa Angliýa bilen täze soýuzdaşlyk şertnama gol çeksi. Onda mançjuriýada täsir sferasyny bölüşmek meselesine seredilýärdi.

Mançjuriýada Ýapon imperializmiň işeňňirleşmegi ýapon amerikan gatnaşyklaryny ýaramazlaşdyrdy. 1911-nji ýylda

Angliýa Ýaponiýa bilen soýuzdaşlyk şertnamasyny uzaltdy we käbir düzedişler girizdi. Ýagny Ýaponiýa ABŞ bilen konflikte girse hiç hili kömek berip bilmejekdigini aýan etdi.

1910-1912-nji ýyllarda mançjuriýada we içerki mongoliýada her tarap öz täsir sferasyny bölüşmek hakynda ýapon rus ylalaşyklaryna gol çekdi.

1914-nji ýylda I Jahan urşunyň başlanmagy bilen awgustda Ýapon hökümeti eger Angliýa urşa girse özüniň soýuzdaşlyk bergisini ýerine ýetirjekdigini aýan etdi. 1914-nji ýylyň 23-nji awgustynda bolsa Antantanyň tarapynda durup Germaniýa garşy urşy yglan etdi. Onuň mazmuny hytaýy syýasy, ykdysady we harby taýdan baglaşdyrmaga gönükdirilendi. “21 talap” bäş sany bölümden ybaratdy.

1) Bölüm Şondun prowinsiýasyna degişli. Ýagny Şondunda demir ýol, port söwdasyny Ýaponiýalara açmaly
2) Bölüm günorta mançjuriýa we Içerki mongoliýanyň bölegi hakynda.
3) Bölüm Hanýepin senagat kompaniýasyny garyşyk Ýapon – Hytaý kärhanasyna öwürmeli.
4) Bölçm Hytaý Buhtany adanyň hiç birine kärendä bermeli däl, satmaly däl.
5) Bölüm Hytaýa Ýapon syýasy, maliýe harby maslahatçylary ibermeli. Ýapon inženerleriniň kömegi esasynda Ýapon Hytaý harby zaodlary döredilmeli.

Hytaý 21 talaby mejbury kabul etdi. Şeýdip Ýaponiýanyň Hytaýy koloniýalaşdyrylmagy başlandy.

## Mongoliýa XVII - XIX asyrlarda.

XVII asyryň 30-njy ýyllarynda Mongoliýada ýurt dagynyklygyny başdan geçirýärdi. Ýurt 3 sany uly bölege: Günorta Mongoliýa, Halha we Günbatar Mongoliýa (oýrataýa) bölünýärdi. Olaram öz gezeginde ownuk hanlyklara bölünip, häkimiýet nesilden-nesle geçipdir. Mançžur basybalyşlarynyň

öňisyrasynda umumymongol hany diýen tutulyp göteren Ligden han (1592-1634) bolupdyr. Onuň mülkleri Günorta Mongoliýada ýerleşipdir. Ol näçe jan gersede ähli mongoliýanyň häkimligini ele almak başartmandyr.
Sebäbi ýurt ykdysady taýdan bütewi bolmandyr. Hanlyklar özlerini ölzeri üpjin edipdir. Hanlyklaryň ykdysady taýdan özbaşdak bolmaklygy olary özbaşdak, senaratistik syýasat ýöretmeklerine sebäp bolupdyr.
II
1634-nji ýylda mançžur basybalyşlary Günorta Mongoliýadaky Ligden hanyň mülki ýerleşen Çahar hanlygyny ýykýarlar. Bu bolsa mançžurlara bütin Günorta Mongoliýada öz alalynlaryny berkitmäge mümkinçilik berýär.
Günorta mongoliýanyň eýelenmegi demirgazyk hanlary (Halhanyňka) howsala salýar. Halha şol döwürler üç hanlykdan.
1.Tuşetu han (onuň ogly Halhanyň Lama buthanasynyň başlygy titulyny-Jebzundamba-Hutuhty-1 alýar ýa-da 1-nji bogdagegen).
2.Sesen han.
3.Dzasaktu han ybaratdy.
Mançžurlaryň howpyny aradan aýyrmak üçin 1647-nji ýylda Sesen han bilen Tuşetu han Günorta mongol hany Tengizi mançžurlara garşy uruşda goldaýarlar. Ýöne ýeňilýärler. Şundan soň mançžurlar ýeňilenlerden ogullaryny ýa-da inilerini Pekine giraw hökmüne ibermekligi talap edýärler. Ýöne olar boýun gaçyrýarlar. Emma 8 ýyldan soň 1655-nji ýylda Halhanyň hanlary mançzurlara boyün bolmaga mejbur bolýarlar we talap edilýän girewi Pekine ugradýarlar. Şeýlelikde olar mançžurlar döwletine garaşly bolup galýarlar. XVII asyryň 60-njy ýyllarynda aradan çykan Dzasaktu hanyň mirasdarlarynyň arasynda özara uruş başlaýar. Muňa Halhalylar bilen Mongoliýanyň Günbataryndaky Jumazlar hem goşulýar. Hersi bir topary goldaýar. Sin häkimýetleri öz bähbitleri üçin

peýdalanmaga çalyşýarlar. 1664-nji ýylda sinler Gobi çölüni Halha bilen içgi mongoliýanyň araçägi diýip yglan edýärler we araçäkden özbaşdak geçmekligi gadagan edip şol goşunlaryny ýerleşdirýärler. Şeýlelik bilen sinler mongol territoriýasyny bölýärler. 1686-njy ýylyň güýzünde Halhada Tuşetu han bilen Dzasaktu hany ýaraşdyrmak üçin hanlaryň uly gurlutaýy bolýar. Gurlutaýa Jungariýanyň hany Galdan hanyň wekilleri hem gatnaşýarlar. Ýöne ýaraşyp başa barmaýar.

1687-nji ýylyň başynda Tuşetu han Dzasaktu hanyň ýerlerine çozuş edýarler we uruşda Dzasaktu hany öldürýär. Muňa jogap edip Galdan han şol ýylyň güýzünde Tuşetu hanyň garşysyna öz atrýatlaryny iberýär. Ýöne bu atrýat ýeňilýär. 1688-nji ýylyň ýazynda Galdan han Halha 30 müňlik goşun iberýär we şol goşun Halhaly hanlaryň goşunlaryny derbi-dagyn edýär. 1688-nji ýylyň güýzünde Halhaly han begler Günorta gaçýarlar we sinlerden howandarlyk soraýarlar. 1691-nji ýylda Dalanoryň töwereklerinde dabaraly ýagdaýda Halha sin imperiýasyna şonuň bilen bir wagtda Galdan hana garşy çäreler görülip ugralýar. 1696-njy ýylyň tomsunda Urganyň töwreklerinde Galdanyň goşuny sinler tarapyndan derbi-dagyn edilýär. 1697-nji ýylda Galdan han awy içip ölýär. Söweş hereketler wagtlaýynça togtaýar.

Şu wagtdan soň Halha dolulygyna sin imperiýasyna goşulýar. Halhanyň hökümdary sinimperatory bolupdyr. Halha siniň kanunlary ýaýradylypdyr. Halha daşary gatnaşyklar palatasy tarapyndan dolandyrylypdyr. Şol palata Halhanyň dikmesiniň kondidatura tassyklanylandyr. Şol dikme Halhanyň harby syýasy administratiw häkimiýetini amala aşyrypdyr.

Öňki mirasdüşer feodal häkimiýeti bolan otoklar (r/n diýen ýaly) ýatyrylyp onuň ornuna Çingiz hanyň döwründe bolan hoşun (goşun) girizilipdir. Goşun birnäçe harby bölünişik birliklere bölünip her birlik (150 esger bermeli bolupdyr). Onuň başynda mançžur imperatory tarapyndan goýulan Dzasaktu durupdyr. Birnäçe hoşun aýmagy emele getiripdir. Ýöne

aýmagyň hökümdarynyň ähmiýeti hoşun ýolbaşçysynyňky bilen deňeçerräk bolupdyr. Pekin häkimiýeti Halha salgyt salmandyr. Oňa derek Halhalylar öz hasaplaryna Orsýet bilen araçägi goramaly, gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeli, ýörişde ýerleşen mançžur goşunlaryny eklemeli we ş.m. boçly bolupdyrlar.

Galdan han ölenden soň Jungariýanyň hökümdary onuň agasynyň ogly Sewan Rabdan bolýar. Ol mançžurlara Galdan ýeňlenden soň Jungariýanyň Halhaly knýazlaryny beren Altaýdan gündogara we demirgazykda ýerleşen ýerlerini bermeklerini talap edýär. Mançžurlaram öz gezeninde eýran hanlarynyň özbaşdaklygynyň dikeldilmegini talap edýär. Şeýdibem Jungariýany içinden dargatmak isleýärler.

1715-nji ýylda mançžurlar bilen Jungariýalaryň arasynda söweş hereketleri başlaýar. Bu uruşlar birnäçe ýyllap dowam edip hiç bir tarapda aýygytly ýeňiş bolmandyr.

1731-nji ýylda Jungar goşunlary Halha çozup girýärler hemde mançžurlary we olary goldaýan Halhaly hanlary ýeňýäler. Ýöne bir ýyldan soň olardan ýeňlip yza çekilýärler. 1739-njy ýylda parahatçylykly şertnama gol çekilip, Altaý dag göreşleri Jungariýa bilen Sinleriň arasyndaky araçäk diýlip yglan edilýär. Şeýlelikde Jungariýa ösüşine garaşly demirgazyk mongol döwletini (Halhada) döretmek, sinlere bolsa Jungariýany basyp almak başartmaýar.

Sewan Radbanyň ogly Galdan Sereniň höküm süren ýyllarynda Jungar hanlygy kuwwatly döwlete öwrenilýär. Bu hanlygyň sostawyny Gündogar Türkmenistanyň bir bölegi we Teşandaky gyrgyz ýerleri hem giripdir.

1745-nji ýylda Galdan Seren ölenden soň hanlykda tagt ugrunda göreş başlaýar. Munuň sin diplomatiýasy hem gatyşýar. Galdan Sereniň agasynyň ogly Dawasa (deweçi düýeçi) knýazlar bilen soýuz baglaşmak başardyar. Olaryň iň täsirlileriniň biri Amursana bolupdyr. Emma Dawasa tagta geçenden soň Amursan we onuň garşydaşynma öwrülýär.

Özara uruş başlaýar. Amursana ýeňilýär we 1754-nji ýylda Hytaýa gaçýar. Mançžur imperatory Týanlun Amursana kömek wada edýär. 1755-nji ýylda mançžur goşunlary iki kolon bolup Jungariýa ugraýar. Şol kolonniýalaryň birine Amursana ýolbaşcylyk edipdir. Birnäçe aýyň dowamynda hanlygyň ýerleri okkupirlenen ýagdaýda durýar. Dawasa Günbatara Kaşgariýa gaçýar. Ýöne tutulup mançžurlara iberilýär. Jungariýany eýeläp mançžurlar öz häkimiýetlerini ýaýradýarlar. Hanlyk ýatyrylyp onuň ornuna göniden-göni sinlere garaşly 4 sany hanlyk döredilýär. 1755-nji ýylyň Sentýabr aýynda aldaga düşen Amursana käbir oýrat we Halhaly serkerdeleri bilen dilleşip sinlere gozgalaň turuzýarlar.

Bu gozgalaň sinleri uly howsala salýar. Sebäbi diňe bir Jungariýa däl, Halhanyň hem bölünip aýrylmagy mümkindi. Üstesine-de mongol han begleri Bogdagegen hem sinlerden närazydylar. Şonuň üçin hem sinler gozgalaňy ýatyrmaga howlugypdyrlar. 1756-njy ýylyň ýazynda Jungariýa gowy ýaraglandyrylan sin goşunlary girizilýär. Gozgalaňçylar ýeňilýär. Amursana gazaklaryň arasyna gaçýar. Täze güýçleri ýygnap tomsuň ahyrlaryna yzyna dolanyp gelýär. Ol Halhada 1756-njy ýylyň tomsunda turan atimançžur gozgalaňçylaryna goşulmak isleýär. Emma olar bilen birleşmek başartmaýar. 1757-nji ýylyň başynda gozgalaňçylaryň baştutany Sengunçžabo ýesir alynýar gozgalaň basylýar. Soň sinler Jungariýa goşun iberýärlr. Gozgalaňçylar berk garşylyk görkezýärler. Emma Amursana olardan ýeňilýär we orsýetiň ýerine gaçmaga mejbur bolýar we iki ýyldan keselläp ölýär. Ýöne gozgalaňçylaryň pytraňňy toparlary söweşmegi dowam edipdirler. 1757-nji ýylyň ahyrlarynda 1758-nji başlarynda Jungariýanyň ilatynyň esasy bölegi gyrylýar. Azat edijilik hereketi ýeňilýär.

XVIII asyryň ahyrlarynda Sinler Mongoliýa babatynda berk düzgünler ýola goýup başlaýar. Bu barada ýörite “Kanunlar ýygyndysy” kabul edilýär. Onuň 1-nji warianty 1789, ikinji

gowy işlenenden soň 1818-nji ýylda güýjüne girýär. Bu döwre çenli sinler döwleti dolandyrmagyň hytaý ulgamyny doly özleşdirilýär. Emma mongoliýa babatynda şol ýeriň ýerli döwleti dolandyryş formasy peýdalanypdyr.
Eger-de Hytaýda "döwleti" imperator-emeldarlaryň apparaty prinsipinde dolandyrylýan bolsa, mongoliýada "beýik han - knýazlar" prinsipi boýunça dolandyrypdyrlar. Gowşak administratiw apporaty diňe kömekçi funksiýalary ýerine ýetirmek üçin işläp, özbaşdak meseläni çözüp biljekdir.
Ýerlerde häkimýeti eýeläp görkezen gulluk hyzmaty, bilen baha berilmän, gelip çykyşy boýunça kesgitlenipdir.
Mongol knýazlary Sinler tarapynda tassyklanyp, öz emeldarlarynyň edişleri ýaly knýazlara kümüş puldan we ýüpek matadan aýlyk beripdir.
Wagtyň geçmegi bilen Hytaýyň Ýewropa ýurtlarynyň ýerli koloniýasyna öwrülip başlamagy bilen XIX asyryň II ýarymyndan başlap Mongoliýa hem dünýä haryt aýlanyş ulgamyna goşulýar. Mongoliýadan köp mukdarda maldarçylyk ösüşleri ekidildi onuň ornuna senagat harytlary getirilip başlaýar.
VI
Edebiýat, filosofiýa, taryh ylmy janlanypdyr. Mogol akyldar-filosoflar Agwandadar, Agwanbaldan, geograflar sumba-hambo Işbalşir we ligendol-nomun-han Lşinpul-lama ýa-da Jambalçoýžindanzanprenlýan. Işlerinde orsýeti Ýakyn Gündogary we Ýewropa beýan edilipdir.

## Mongoliýa XIX asyryň ahyry – XX asyryň başynda.

XIX asyryň ahyrlarynda Mongoliýada orta asyr tertip-düzgünleri epteklerem berk bolupdyr. Ýöne Gündogara daşary ýurt kapitalynyň artýan möçberinde aralaşyp ugramagy bilen bu ýerleriň halklarynyň içinde bolup geçýän syýasy durmuş, ykdysady prosesslere uly itergi beripdir we arta asyr ulgamyna

häsiyetli bolmadyk ençeme alamatlary döredipdir. Şu alamatlar has hem yza galak mongol jemgyýetine güýçli täsir edipdir.

Gürrüňi edilýän döwürde mongol jmgyýeti esasan 2 gatlaga bölünipdir.

1.Gurply hojalyklar we iki araşlar köpçüligi. Gurply hojalyklar hem 2 topara:

1.Hojalyk işleri bilen meşgullanýan hojalyklar hem 2 topara:

1.Uly önümleri we elinde araşlary bolan hojalyklar we 2 örüsi bolmadyk, hojalygynda hyzmatkär (hamjylga) ulanýan hojalyklar. 1-nji toparyň müňlerçe mallary, 2-nji toparyň bolsa köpüsiniň ýaşapdy ýönekeý araşlardan tanalýan etmändir.

Lamaistik buthana Mongoliýada uly güýç bolan, onuň ummasyz köp mallary we önümleri bolan. Buthana hojalyklarynda müňlerçe erksiz (krepstnoý) adamlar şaoinarlar işläpdir. Lamaistik buthananyň baştutany bogda-gegen (mongol lamaizminiň taryhynda olaryň 8 sany bolan) XX asyryň başlaryndaky uly abraýdan peýdalanypdyr. Ol azat edijilik hereketiniň merkezine öwrülipdir. Bogdo-gegen mongoliýada iň gurply adam bolan ynkylabyň öňi syrasy onuň hojalygynda 80 müň şabinar işlän, bogdo-gegeniň bir ýylky býuketi 900 müň lana (1 lan-37,3 gr. kümüş) barabar. Bogdo-gegenden soň şerarhiýa boýunça hukukty, soň hubilgan, ondanam aşaky toparlara bölünen.

Araşlar hem 3 topara bölünen:

1)Somon (hoşunyň bir bölegi, administratiw harby birlik) araty. Bular esasy salgyt töleýän we dürli borçlary ýerine ýetirýän gatlak.

2)Hamjylga-hojalyk hyzmatkärleri, harby we poçta borçlaryndan boşadylyp.

3)Şabinarlar-buthana we abraýly lamalaryň krepostnoýlary. Somon aratlary diňe hoşunyň içinde göçüp-gonmagy, beýleki ikisem berkidilen ýerlerinde.

Aratlar köp borçlary ýerine ýetiripdirler.

Olar poçta gullugyny üpjün edipdirler (at, ot-iýmit we başg). Olar hökmany suratda ownuk poliseý we administratiw wezipeleri ýerine ýetiripdirler, ýerli we merkezi guramalaryň azyk-owkatlarynyň bermeli bolupdyrlar. Häli-şindi çykyp duran tötänleýin borçlary (ýerli otrýadlar üpjün etmeli, buthanalaryň remonty dini çäreleri hem üpjün etmeli). Bularyň hemmesine somon aratlary berjaý eden.
Aratlar emläk boýunça deň bolmandyr. Olar gurply, orta, garyplara bölünen. Arat hojalyklarynyň bazar bilen ýakynlaşyp ugran toparlary hem dörän.
Mongoliýada şäherler esasan buthanalaryň töwregeinde, rus-hytaý, araçäk-söwda punktlarynda döräpdir. XX asyryň başlarynda Mongoliýada 0 sany şäher bilen posýolaklar bolan. Ulylary Urga, Kobdo, Ulýasutaý.
Uly şäher paýtagt Urga bolan. Bu ýerde mongol söwdagärleriniň aýratyn bazary bolan, rus, hytaý söwdagärleriniňkiden aýratyn. Mongol söwdagärleri ot, bede, odun, ownuk demir harytlary (puly, tutklar, zülpe, çilt, petle gün we ş.m.) satanlar.
Şäher etegindäki söwda hem ösüpdir. Uzak ýerlerden gelip aratlar. Mal satanlar. Sebäbi pul gerek, salgydyny tölemeli. Sebäbi XIX asyryň ahyrlarynda-XX asyryň başlarynda ähli ýerlerde natural rentanyň ýerine pul salgydy girizilýän.
XIX asyr-XX asyryň başlarynda Mongoliýada hem azat-edijilik hereket aýlanyp ugraýar. 200 ýyldanam gowrak wagt dowam eden (1691-1911) Sin agalygyny garşy göreşler tutaşyp ugraýar. Sebäbi ykdysadyýet örän yza galan. Sebäbi sinleriň özem yza galan üstesine-de ýarym garaşly.
1900-njy ýylda Mongoliýanyň gündogarynda öňki Sesen hanyň aýmagynda, aratlaryň çykyşy, Ulýasutaýdy Enhtaýwanyň baştutanynda mongol garşydasynyň soldatlary gozgalaň turuzýarlar. Olary ihetuanlaryň gozgalaňyny ýatyrmaga iberjek bolýarlar. Olar Ulýasutaýdaky mançžur garşydaşyny ýok edýärler. Soňam dargaýarlar.

Şol döwürler Mongoliýañ günbatarynda bir wagtky Dzasantu hanyň aýmagynda Aýuşiniň ýolbaşçylygynda (arat) aratlar gozgalaň turuzýarlar. Olar hoşulyň hökümdaryna salgyt tölemekden bogon çagyrýarlar. Ol birnäçe gezek türmä düşüpdir. Ol hoşun hökümdaryny, mançžur emeldarlaryny ykrar etmändir. 1921-nji ýylyň ynkylabyna hem gatnaşýar. 1939-njy ýylda aradan çykýar.
Sesen hanyň aýmagynda hereket eden gozgalaňy toparlaryň birine Tohtoh ýolbaşçylyk edipdir. Hytaý söwdagärleriniň talapdyr, hytaý kolonistlerini kowupdyr. 1909-njy ýylda onuň garşysyna uly otrýad iberilýär. Orus araçägine gysýarlar. Ol gaçybatalga soraýar oruslardan.
XIX asyryň 90-njy ýyllarynda Halhanyň çet günbatarynda Kobdos oprugynda başlap antisin hereketler XX asyryň başlarynda has hem güýjeýär. Oňa suratlardan başga gurply adamlar hem gatnaşýar. Olar mançžur imperiýasyny nelisiýa iberip, harby dikmelerden, emeldarlaryň eden etdikleriniň bes edilmegi talap edilýär. Älemi sinler olaryň ýolbaşçysynyň garşysyny tussag etmeleri giňelýär. Şoň üçinem antisin goşunlary döräp ugraýar. Şol döwürler baý mongol Dambi Jansan orta çykýar. (Sowet taryhnamasynda "awantýurist" diýlip atlandyrylýar). Ol özüni günbatar Mongoliýada uly abraýdan peýdalanan legendar Amursananyň nesle we onuň hubilgany (şoň ruhy ýerleşen) diýlip yglan edýär. Ol öz taryhyna köp ilaty toplamasy we uly abraý gazanmagy başarýar. Sinler kowulandan soň 1911-1912-nji ýyllarda ol kobdos okrugynyň liderleriniň birine öwrülýär. 1921-nji ýylyň ynkylabyndan soň ol ýok edilýär.
1907-1910-njy ýyllarda hereketler merkezde-Urgada-da güýçlenýär. Hereketlere ýokary gatlagyň we lamalaryň watançy toparlary ýolbaşçylyk edýär.
1911-nji ýylyň şalykda Bogdo-gegeniňkide maslahat bolup sinleri agdarmagy we garaşsyzlygy jar etmegi ykrar edýärler. Goldar uýasyda bilen Russiýa wekil ibermeli edilýär.

Delegasiýa Tuşetu han aýmak goşunlarynyň serkerdesi Handdorž ýolbaşçylyk edip, 1911-nji ýylyň awgust aýynda Peterburga gelýär we Dim S.D. Sazonow bilen duşuşýar. Ruslar duýgudaşlyk bildirtýärler.
Hytaýda antimançžur hereketiň güýçlenmegi mongoliýalary galkyndyrýar. 1911-njiýylyň dekabr aýynyň 1-de knýazlar komiteti we ýokary lamalarlar mongol halkyny magniorest bilen ýüzlenip, Mongoliýany garaşsyz diýip yglan edýärler. Döwletiň başyna Bogdo-gegen Debzundamba-hutuhti VIII asyra geçýär.
Ýöne bu wakalar çylşyrymly halkara ýagdaýynda geçýär. Ýaponiýada, Russiýada bu ýerlere dyzapdyrlar. 1910-11912-nji ýyllaryň rus-ýapon gizlin şertnamasynda Mançžuriýany, Mongoliýany, Koreýany täsir zonalaryna öwürmek barada dilleşipdirler. Daşary Mongoliýa (Halha) Russiýanyň, içeri Mongoliýa, Mançžuriýa bolsa Ýaponiýanyň täsir zonasy diýlip uglan edilýär. Bu zatlar gelejekki mongol döwletiniň döremegine uly täsir edýär.
Bogdo-gegen hem ähli mongol ýerlerini berkitdirmegi isläp, orslardan arka gözläpdir. Ýöne orslar hytaý bilen arany bozmak islemändir. Haçanda Ýuan Şikaýa “mongol meselesi” goýulanda, ol Mongoliýaň Hytaýdan aýrylmagyna kes-kelläm garşy bolýar. Şonuň üçinem orslar Bogdo-gegen bilen 1912-nji ýylyň noýabr aýynda şertnama baglaşýarlar. Ýöne onda Mongoliýanyň statusy görkezilmändir.
Ýuan Şikaýam hereket edip ugraýar. Ýöne netije gyrybermeýär. Şoň üçin hem mongol bilen hytaýýň ahyrsynda ownuk uruşlar başlaýar. Oruslar motollara az-kem kömek (ok-ýarag, instruktorlar) berýär. Uruşlar 1913-nji ýylyň ahyryna çenli dowam edýär. Netije çykmajagy bilen Hytaý Orsýet bilen gepleşige başlaýar.
1913-nji ýylyň noýabr aýynda rus-hytaý deklerasiýasy kabul edilýär. Russiýa Mongoliýany Hytaýyň bir bölegi diýip ykrar edýär. Hytaý bolsa daşky Mongoliýany awtonom diýip yglan

edýär. Hytay öz goşunlaryny we wekillerini Mongoliýa ibermeli däl bolupdyr. Mongoliýa beýleki döwletler bilen syýasy gatnaşyklardan beýleki işleri edip bilipdir. Şeýle hem Hytaý Mongoliýanyň territoriýasy we beýleki syýasy meselelerini ruslar bilen mongol wekilleriniň gatnaşmagynda çözüp bilipdir.

Bu şertnamadan mongollar nägile bolýarlar. Ýöne barybir kän zat edip bilmeýärler.

Diňe 1915-nji ýylyň maý aýynda Kiýahtada Mongol, Rus, Hytaý wekilleriniň gatnaşmagynda mongoliýanyň halkara-hukuk statusy kesgitlenilýär. Ýagny Mongoliýä Hytaýyň sostawyndaky awtonomiýa bolýar. Ýöne hytaý her edip hesip edip onuň awtonomiýasyny ýatyrmaga çalyşýar.

1919-njy ýylyň güýzünde Urga general Sýuý Şuçženiň ýolbaşçylygynda hytaý goşunlary girýär. Bogdo-gegene awtonomiýadan boýun gaçyrýandygy baradaky netijäni gowşurýar. Bogdo-gegeniň döwleti ýykylýar.

Mongol döwletinde Bogdo-gegen umumy mongol hany bolýar we ähli häkimiýeti öz eline alýar. Ol hökümetiň başlygy bolupdyr. 5 ministr DIM, IIM, Goranmak ministrligi, maliýe we ýustisiýa. Bogdo-gegen ýurdy berkidipdir. Bölünişikçilige garşy göreşipdir. Onuň hökümetine dört aýmagyň hiç birindenem wekil girizilmändir. Hökümetiň agzalarynyň içinde hat-da aşaky gatlakdan çykanlar ýöne başarjaň adamlar hem bolupdyr.

Uly feodallardan, lamalardan hem salgyt alnyp başlaýar. 1912-1913-nji ýyllarda daşary ýurtlylardan ýer üçin salgyt alnypdyr. 1916-njy ýylda perman çykyp ýerasty we ýerüsti baýlyklar döwletiňki diýlip yglan edilýär.

Döwlet ulgamy öňki dowam edip gelýän hanlaryň gurultaýyny ýatyrmandyr, onuň bilen sazlaşykly işlemäge çalşypdyr. Aýmak knýazlarynyň ýygnagy kanuny diýip yglan edilýär. Ýöne aýmak ýygnagynyň başlyklygyna hökümetiň ygtyýary

bilen bellenipdir. Özem onuň kandidaturasy heniz bellänilmänkä IIM-de gollanylmaly bolupdyr.
XIX asyryň ahyrynda – XX asyryň başlarynda mongol jemgyýetiniň ideýa taýdan ösüşi ýurduň durmuş-ykdysady we syýasy ösüşine bagly bolupdyr. Aň-düşünje esasan ösen orta asyrlaryň derejesinde bolupdyr. Ýöne Günbataryň täsirlerem güýçli duýulypdyr.
Ýurduň esasy ideologiýasy lamaistik din bolupdyr. Ol özüniň iň gowy ideýalaryny öňe sürüpdir. Ýöne ol jemgyýetiň ösüşini doly üpjün edip bilmändir.
Beýleki bir ideýa ugry ýokary gatlaklar tarapyndan ýöredilip, ol garaşşyz Mongol döwletini döretmäge, ony öňdebaryjy döwletleriň hataryny goşmaga gönükdirilipdir. Onuň üçin Çingiz hanyň legendar obrazy wagyz edilipdir, şeýdibem sin agalygyny ýok etmek maksat edilipdir. Bu ugur hem gowy progressiw maksatlary öňe sürse-de taryhy ösüşi doly üpjün edip biljek däldi.
Bir zada bellemek gerek, bogdo-gegeniň hökümetiň ýurduň ösüşini çaltlaşdyrmak maksady bilen “Mongoliýany öwrenmek boýunça komitet” hem döredýär (geologiki resuslaryny, ilatyň ýerleşişini öwrenmek, Mongoliýanyň kartasyny düzmek we başg).
Bogdo-gegeniň buýrugy bilen mongol toýunçylary ýurduň taryhyny uzyn taşlaýarlar. Ol 1918-1919-njy ýyllarda gutarylýar. Onuň özbaşdaklyk ideýalary öňe sürlüpdir. Mongol taryhçysy Ş.Damdin “Altyn kitap” eserini ýazypdyr. Şol ideýalar.
Şol döwürler ilkinji mongol iktaligentleri hem döräp ugraýar. 1913-1914-nji ýyllarda “Täze aýna” žurnaly 1915-1920-nji ýyllarda “Paýtagt täzelikleri” gazeti çykan. Bular mogaryfçylygy, aň-bilimi, täzelik öňe süren. Şol döwrüň öňdebaryjy aň-düşünjelerini J.Sewen S.Žamsarano, B.Dorž, Badrahbator, Demçigdorž we beýlekiler bolan.

## Wýetnam XVII-XIX asyrlarda.

XVII asyryň ahyrlarynda Daýwiýet döwleti häzirki Wiýetnamyň territoriýasynda deňeräk ýerleri tutupdyr. Daýwiýet Günorta-Gündogarda iň bir ösýän, şonuň bilen bir wagtda çylşyrymly durmuş gurluşly döwlet bolupdyr. XVIII asyryň ahyrlary Wiýetnam jemgyýetinde ösen feodalçylyk döwrüniň gutarýan döwri bolupdyr. Obşina ýerleriň dargamak prosesi çalt depginler bilen gidipdir. Bu bolsa mirasdüşer mülkleriň we hususy ýerleriň ýüze çykmagyna tizleşdiripdir.

Iri ýer eýeleriniň statusynyň XVII-XVIII asyrlarda ýokary galmagy öňi bilen harby gullugyň we aşaky emeldarlaryň funksiýasyny ýerine ýetirmekligiň ähmiýetiniň artmagy bilen bagly bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtda daýhanlaryň köp böleginiň ýerleriniň mukdary kemelipdir we olary ýaňky ady tutulan ýer eýelerine (harby we maldar) bagly bolup başlapdyrlar.

Ýokary gatlaklarda bolup geçen bu prosesler graždan emeldarlarynyň ýokary we orta gatlaklarynyň pozisiýasynyň gowşamagyna getiripdir. Şol emeldarlar konkurslar we wua (imperatorlaryň) häkimiýeti esasynda kemala gelip, olardan graždan we harby işleriň mirasdüşer ýolbaşçylary (Tua) bellenilipdir. Orta gürpde häkimiýet: merkezde-Týuanyň köplüginiň welaýtalarda bolsa harby-ekrançy uruglarda goýuýan dkmelere degişli bolupdyr. Şäherleriň, şenetçiigiň we söwdanyň ösmegi ýurdy ähli zatlar bilen üpjün etmäge, şol sanda ok atýan ýaraglar bilenem, mümkinçilik beripdir.

Daýwieýtiň esasy ik bölegi bolan Demirgazykda we Günortada bu prosesler dürli hilde bolup geçipdir. Demirgazykda ilat örän gür ýerleşipdir. Bu bolsa bir tarapdan daýhan ýerleriniň ölçeginiň kemelmegine we pomeşşikleriň güýjemegine, beýleki bir tarapdan bolsa iri pomeşşikçilik mülklerniň kemala gelmegine päsgel beripdir, sebäbi ýerler düýbinden ýetmändir, az bolupdyr. Umuman XVII asyr Demirgazykda sosal

konfliktleriň artmagy şeýle hem, şäherleriň, söwdanyň we gazylyp alynýan söwdanyň ösmegine getiripdir. Daňňoaý – Demirgazyk Wiýetnam Daňrayň häzriki merkezi we Günorta Wiýetnam ýerleriň ýetmezçiligi öňki asyrlarda ilaty günorta ilatyň azrak ýerleşen şaly eklýän ýerlere göçürmek arkaly çözülipdir. Emma günortada Ňuen urugyndan bolan Týua knýazlygy döränden soň (Daňrayň) günorta göçüşlik kynlaşýar. Demirgazygyň hökümdarlarynyň 1625-1672-nji ýyllarda az ilatly giň ýerleri eýelemek planlary başa barmaýar.

Ňyunlerde ýer alyp bilmänlerinden soň Daňňoaýyň hökümdarlary Gyzyl derýanyň deltasyndaky obalara üns berilşini güýçlendirýärler.

Başarjaň Týua Çin Kyoň (1707-1729) döwründe birnäçe çäreler geçirildi. Ol Deltada salgytlary ýeňilleşdirýär, iri ýer eýeleriniň ýerleriniň mukdary azaldylýar, söwda giňeldilýär (sebäbi adamlaryň hemmesini ekerançylyk bilen meşgullandyryp bolanok ýer ýetenok) 1723-nji ýylda döwlet gullugy bilen abgly bolmadyk feodal ýer eýeçiligini ykrar edilýär.

Çin Kyonyň bu çäreleri ýagdaýy ýeňilleşdirýär. Emma ilatyň agdaklyk etmek meselesini çözüp bilmeýär.

Daňňoaýyň durmuş we döwlet gurluşynda ýokary häsiýet Týua degişli bolupdyr. Irki döwürde imperatoryň elinde ýokary häkimiýeti almak bilen Çin urgundan bolan týualar XVIII asyryň başlaryna çenli ähli häkimiýeti öz ellerine alypdyrlar. Týualaryň öz goşunlary bolup graždan apparaty ýönekeýleşdirilen we gowşak bolupdyr. Diýmek häkimiýet harbylaşan uruglaryň elinde bolupdyr.

Ýokary harbylardan düzülen döwlet apporaty berkäpdir, merkezleşipdir we tertipleşipdir. Umuman Daňňoaýyň Týualary döräýjek meseleleri çözmäge hemişe taýýar bolup durşuna nalajedeýin hem zalym Çin Ziýaňyň gelmegi bilen köp zatlar bulaşdyryldy. Daňňoaý ýenede krizise batyp ugraýar. Daýhanlar gozgalaňa başlaýar.

1743-nji ýylda Ňuen Hyu Kau tarapyndan ýolbaşçylyk edýän daýhanlar gozgalaňy başlaýar. Ol berk tertipli goşun döredipdir. Çinleriň atrýatlaryny birnäçe gezek ýeňipdir. Umuman gozgalaň 8 ýyllap dowam edýär. Ahyrynda Daňňoaýyň Ňean welaýatynda olar ýeňilýär. 1740-1751-nji ýyllarda gozgalaň Daňňaoýda bolup geçýär.

Günortada (Daň Çauňda) ýagdaý başgaçarak bolupdyr. XVIII asyrda Ňuenler Týua öz ýerlerini Menong derýasynyň Deltasynyň hasabyna giňeldýärler.

Graždan häkimiýeti Demirgazykda (Daňňoaý) gowşak bolup, harby elementler güýçli bolupdyr. Kenar ýaka şäheriň ilaty ösen senetçilik, daşary söwda, Kabotaj (deňiz ýoly söwda we ýük daşalyşy) söwda bilen ýakyndan iş salyşypdyrlar. Üstesine-de Daňraýyň Günorta welaýaty Zýadini-de hususy pomeşikçilik eýeçiligi bolup ol ýyl-ýyldan şalyny bazara köp çykarypdyr. Bu ýerde obşina gowşak bolup bazar gatnaşyklary çalt ösüpdir.

Daňrayň ýene-de bir aýratynlygy, esasanam günortasynda serhet ýakalarynda ýerleşýän özbaşdak daýhan hojalygynyň uly kategoriýasy bolupdyr. Olar salgydy az töläpdirler, sebäbi serhedi gorapdyrlar.

Umuman daýhanlar hakynda gürrüň edilende olary iki topara bölmek bolýar.

1.Merkezi Wiýetnamyň obşinaçy daýhanlary.

2.Günorta Wiýetnamyň (aýratyn hem Zýadin welaýatynyň) hususyýetçi daýhanlary.

1771-nji ýylda Kýuinon welaýatynda (Menotyň delatasynda) Günbatar daglarynda (Teý-şon-günbatar dagy) gozgalaň başlaýar. Gozgalaňçylar Nuenleriň çinowniklerini kowupdyrlar, gullukçy feodallaryň baylaryňam bir böleginiň elinden emlägini alyp daýhanlara paýlapdyrlar. Daýhanlar bilen birlikde gozgalaňçýlaryň arasynda ownuk döwlet gullukçylary, sowdägärler, senetçilerem bolupdyr. Gozgalaňa 3 dogan Nuen Wak Nýak-emeldar, Ňuen Wan Hýue-söwdagär, we Ňuen Wan Libudda monahy ýolbaşçylyk edipdirler.

Olaryň esasy ykdysady talaplary salgytlaryň azaldylmagy, emläkleriň paýlaşylmagy, obanyň içindäki zulumy azaltmak bolupdyr. Syýasy taýdan olar XVI asyryň 20 ýyllarynyň ahyrlarynda agdarylan umumy Wiýetnam Le dinastiýaysnyň dikeldilmegini we Ňuen administasiýasynyň gozgalaňçylaryň adamlary bilen çalşyrmagyny talap edipdirler. Bir bada Ňuenler gozgalaňy basyp bilmeýärler. Ýöne gozgalaň giň gerime eýe bolup ugransoň olaryň garşysyna regulýar goşunlary sürüpdirler. Uly şertlerde Teýşonlar Le dinastiýasyna (Ňuenleriň garşysyna) formal taýdan boýun egýärler we Çinlerden titul alýarlar.
1778-nji ýylda Ňuen Wan Nýak özuňi imperator diýip yglan edýär we Teýşonlaryň döwleti döreýär.
Şol döwürde Teýşonlaryň dolandyryjy toparlarynyň arasyndan feodallaşmak prosesi gidipdir. 80-nji ýyllarda Teýşon döwletiniň gurluşy üýtgäp ugraýar we feodal döwletine öwrülişi başlaýar. Ýöne bu döwletde daýhanlaram, aýratynam Nýu--- welaýatynyňkylar  uly rol oýnapdyrlar.
1786-njy ýylda Teýşon goşuny Ňuen Wan Hýueniň-baştutanlygynda Demirgazyga, Çinleriň mülkune çozup girýärler we olary derbi-dagyn edýärler. Häkimiýet formal taýdan Le dinastiýasyna berilýär. Ýöne hakykat  ýüzünde hökümdar Ňuen Wan Hýue bolupdyr.
Bu ýerde Teýşonlar tarapyndan döredilen döwlet apparatyna Le dinastiyasynyň we Çinleriň (Týua) köp emeldarlary girizilipdir. Şeýle bolansoň emeldarlaryň Teýşonlara bolan duşmançylygy Teýşon döwletiniň çalt feodallaşmagy netijesinde peselipdir. Şu döwürden ýurt Teýşonlar tarapyndan birikdirilipdir. Diňe günortada Ňuenleriň aza sanly güýçleri galypdyr.
Ýöne tiz wagtdan Teýşonlaryň arasyndan agzalalyk başlaýar we ýurt bölünýär.
Ňuen Wan Hýue güýçli serkerde bolmak bilen 1789-nji ýylda Demirgazyga hamala Le dinastiýasyny dikeltmek bahanasy bilenýurda giren Sin imperiýasynyň  goşunyny ýenýär we

Demirgazygyň hökümdary bolýar. Sinler bilen bolan uruşlar köp çykdajylary talap edipdir. Şol sebäpli hem ýurtda nägilelikler döreýär.
Mundan Nuenler peýdalanýar. Sebäbi olar günortada käbir pozisiýalara saklandyrlar. Olaryň lideri, Nuenler dinastiýasynyň çlenleriniň biri Nuen Fuk An (soňra ol imperatorlar The To titulyny alýar) günortaly wnuk mülkli feodallaryň, söwdagärleriň şeýle, hem fransuz söwdagärleriniň we missionerleriniň (olar Günorta we Merkezi Daýwýete çaltlyk bilen ornaşýar ekenler) goldamagynda 1788-nji ýylda aktiw hereket girişýär. 1787-nji ýýlda Fransuzlar bilen Wersal şertnamasyny baglaşykly we Fransiýa birnäçe egnişikler edip we olaryň harby güýjünden peýdalanmak isläpdir. Fransuz ynkylaby bu planlaryň amal edilmegine päsgel berenem bolsa, barybyr ýurdy ep-esli ok-ýarag we halypa tutma goşunlar fransuz missionerleri we Episkoý Adranskiý Pino de Beýan tarapyndan getirilipdir.
Şeýlelikde Ňuen Fuk Anyň 150 müňden gowrak goşuny Teýşonlaryň (sebäbi indi olary köpler goldamandyr) üstüne aýgytly hüjüm edipdir. Ňuen Fuk An ilkinji üstünliklerinden soň iri şäherleriň söwdagärlerine we ownuk-ýerli feodallara bolan gatnaşygy (olar öň Teýşonlary) üýtgedipdir. Şol sebäpden hem obşina geçiljek bolmagyndan nägile feodallar Ňuen Fuk Any goldap başlapdyrlar. 1792-1802-nji ýyllarda Ňuen Fuk Anyň goşunlary kem-kemden Merkezi Wiýetnamyň günortasyny, soňam Teýşonlaryň watany bolan Kýunýon welaýatyny eýeläpdirler. Daýwýetiň demirgazygyny Ňuen Fuk An günortada öz döwletini döreden soň gelýär we ony eýeleýär. 1802-nji ýýlda ol imperator diýlip yglan edilýär. Teýşonlar tarapyndan ýurduň birikdirilmegi ýurduň esasy meselesi bolan Demirgazyk artykmaç ilatlyk meselesini çözmäge-ýagny daýhanlary günorta göçürmek, şalygy bolsa Demirgazyga ibermek meselesini çözmäge ýardam edýär.

XVIII asyryň ahyrlarynda-XIX asyryň başlarynda Zýadim şalygynyň öndürilmeginiň birnäçe esse aýyrmagy goşunam, ýurduň merkezi Hýue şaherleri (öň paýtagt demirgazykda Thaňlauň (Hanoý) we merkezi döwlet apparotanyma eýelmäge ýetipdir. 1804-nji ýyldan ýurt Wiýetnam diýmek atlandyrylyp ugrandyr. Bu döwürde obşina eýeçiligi pese düşüp ownuk ýerler artypdyr.

Ňuenleriň döwleti döwründe döwlet gurluşyny kämilleşdirmek, salgyt ulgamyny düzgünleşdirmek we reformalary geçirmek ugrunda özara göreşleri bolupdyr. Ýokary gatlaklaryň, bir bölegi köne ykdysady gatnaşyklary (obşina) beýleki bir bölegi bolsa täze ykdysady (pomeşikleriň bolmagy) gatnaşyklaryň toparyna tutupdyrlar. Umuman dolandyryjy toparlaryň arasyndan konserwatorlar we realistler bölünip çykypdyrlar. Realistleri Hut The Toniň (Ňuen Fuk An) özi goldapdyr. Onuň hyzmaty bilen Zýadin ýurduň şaly mülküne öwrülen beýleki welaýatlara ummasyz köp iberilipdir, Demirgazygyň daýhanlaryň bolsa The To salgytlaryny azaldypdyr.

Döwlet gurluşynda serkerdeler we harby metodlar giň ulanylypdyr. (The Tonny berk goşuny bolan) braşdan emeldarlary bolsa 1818-nji ýyla çenli pully aýlyga geçirilipdir, bu bolsa olaryň güýjüni gaçyrypdyr. Sebäbi indi olaryň gulluk ýerleri ýok. Indi olar Merkezi häkimiýete garaşly bolupdyrlar. Şunuň esasynda bazar gatnaşyklary ösdürilip, şalyny öndürilip we satuwa çykarylyp güýçlenendir.

Hojalyk naturalyndan çykyp ugrapdyr we şalyny işläp wagtyň islän möçberinde pula satyn alyp bolupdyr.

Umuman The Tonyň döwründe ýurt çalt depginler bilen ösüpdir ykdysadyýet bazar gatnaşyklaryndan geçip ugrapdyr.

The To Wiýetnamyň garaşsyzlygyny we öz dinastiýasyny ykrar etdiripdir. Ýewropa döwletleri bilen deň hukukly gatnaşyklar alyp barypdyr.

The Todan soň onuň ogly Than To Wiýetnamyň wuasy bolýar. Ol atasynyň ýoluny dowam etdirmän konserwatorlara

duýgudaşlyk bildiripdir. Ol wiýetnamly konfusiýaçy akyldar Fan Hiýuýi Tiýunyň (XIX asyryň başlary) “Altyn asyr hakyndaky” utopiýalaryna çümüpdir. Fan Hiýuýi Tiýu wiýetnam jemgyýetinde obşina gurluşynyň tarapdary bolup ol konfusiýançylygy wagyz edipdir.
1820-nji ýyldan başlap Than To “Merkezleşdirilen dolandyryş – obşina” konsepsiýasyny amala aşyrmaga girişýär. Ol ýurdy Daýnam (Beýik Günorta) diýip atlandyrýar. Bu elbetde Demirgazyga garşy goýulmakdy. Ýöne Than Tonyň işleri kynlyk bilen gidipdir. Sebäbi ýurtda realistler hem güýçlidi. Ýöne uzak wagtlap Than To öz tejribelerini merkezde geçirip bilipdir. Özi hem öz häkimýetini Than To Demirgazyga diňe 1826-njy ýylda, Günorta – Ziýadina bolsa ölmezinden bäs ýyl öň – 1836-nji ýylda ýetirip bilipdir.
Onuň geçiren işleriniň ulularynyň biri – “bindin tejribesi” bolupdyr. Bindin welaýatynda ol hususy ýerleri giň möçberde kemeltmek we döwlet ýerlerini giňeltmäge synanyşypdyr. Emma onuň tejribesi başa barmaýar. Diňe nägilelikleri we girdejinniň kemelmegini döredýär. Than To realistleriň köşkden giderilmegini gazanypdyr. Olaryň ornuna döwlet işinden başy çykmaýan begzadalary çekipdir. Goşuň söweş ukyplaryny ýitirp ugraýar. Ot aç ýaraglarynyň ähmiýeti peselýär. Ol The Tonyň esasy daýanjy bolan harbylara gyýa göz bilen garapdyr.
Şaly öndürilişi gazylyp alynýan senagat, söwda, senetçilik pese düşýär. Ýurtda horluk başlaýar.
Imperator Zyk Ton (1847-1883) ýüzüni realistlere öwürýär. Ol XIX asyryň 50-nji ýyllarynda The Tonyň işlerini dowam etdiripdir. Ol aýratyn hem Demirgazyga uly üns beripdir. Zyk Ton pomeşiklere ýakyndan ýardam edipdir, döwlet emeldarlarynyň sanyna azaldypdyr. Ýöne Than Tonyň edip giden işleri döwletiň ösüşine uly zyýan edipdir. Üstesine-de ýurduň daşary ýagdaýý hem asuda bolmandyr. Wiýetnama ýeropalylar zor salýadylar. Netijede baý döwlet XIX asyryň 50-

nji ýyllaryndan başlap ykdysady we durmuş krizisleriniň grdawyna duçar bolýar.

## Hindihytaý ýurtlary XIX asyryň ahyry XX asyryň başynda.

XIX asyryň II ýarymynda Wiýetnam Fransiýa eýelemäge başlaýar. Bu meselede Angliýa oňa päsgel bermeýär. Ýöne Fransiýa hem gowşak bolup, ýeke özüniň Wiýetnamy eýelemäge güýji ýetmändir. Şoň üçin hem Ispan hökümetine ýüz tutýarlar. Ispanlar göwünjeňlik bilen razylaşýarlar. Sebäbi olar hem Fransiýanyň Filippinlere degmeginden gorkupdyrlar.
Wiýetnamy eýelemek işine fransuz admiraly Rigo de Jepuýi ýolbaşcylyk eden. 1858-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-de frank-ispan goşunlary Wiýetnamyň Danang(ň) ýurtdaky eýeleýärler. Ondan soň olar Wiýetnamyň paýtagtyny eýelemekçi bolýarlar. Ýöne peselçilik fransuzlary heläk eden. Şoň üçin kem goýbolsun edilmeýär we Saýýuny eýelemegi planlaşdyrýarlar.
1859-njy ýylyň fewral aýynda franko-ispan goşunlary Saýuny zabt edip alýarlar. Köp olja-da düşýär. Emma wiýetnamalar boýun egmeýärler. Göreşi güýçlendirýärler. Şoň üçin fransuz hökümeti imperator Ty Dyk bilen parahatçylyk şertnama gol çekmek barada gepleşiklere başlaýarlar. Emma ol uzaga gidýär. Basym Rigo de Jepuýi kontr-admiral paž bilen çalşyrylýar. Hökümet ondan şertnama baglaşmagyny talap eden, kontrbusiýa territoriýa soram diýipdir hökümet. Diňe wiýetnam messionerlige, Wiýetnamda 3 sany konsulyň ýerleşmegine we Hýuede fransuz rezidentine ýerleşmegine rugsat berseler bolýar diýenler.
Şondan soň Danangy fransuzlar galdyrypdy Saýýuna gidýärler we öňi ugraýarlar.
Saýýundaky frank-ispan goşunlarynyň ýagdaýy kyn bolan. Olaryň daşynda köp sanly wwet goşuny alan, 2 jildenem peselçilik. Emma 1860-njy ýylda Hytaýdaky uruş gutarýar

(tirýek). Bu bolsa fransuzlary bu ýerdäki goşunlaryny artdyrylmaga ýardam edýär. Netijede 1861-1862-nji ýyllarda Fransiýa Günorta Wiýetnamyň köp ýerlerini eýeläpdir. (Ispan goşunlary örän azaldylypdyr). Şondan soň fransuzlar bilen gepleşikler täzeden başlaýar, ýagny 1861-nji ýylyň aprel aýynda we 1862-nji ýylyň iýul aýynyň 5-de fransuz admiral Şarne bilen wiýetnam wekili Fan Than Zýan Saýýun şertnama gol çekýärler. Şol boýunça Günorta Wiýetnamyň 3 welaýatyny, 1 adasyny eýeläpdir. Fransuz söwda we harby gämileri Menong boýunça ýüzüp bilipdir, fransuz we ispan katolik missionerleri el degrilmesiz bolan we olar arkaýyn işläp bilenler, Wiýetnam Fransiýadan birugsat hiç bir döwlete territoriýadan yer bermeli däl we Fransiýa we Ispaniýa 4 mln. meksikan dollarynda kontrbusiýa tölemeli. 1867-nji ýylyň iýun aýynda Günorta Wiýetnamdaky Fransuz goşunlarynyň serkerdesi La Granadýer Günorta Wiýetnamyň galan welaýatlarynam eýeleýär.

Günorta Wiýetnam eýelense-de wiýetnamlylar fransuzlara garşy göreşipdirler. Partizan urşuny alyp baranlar we bu göreş tä 1885-nji ýyla çenli dowam eden. Netijede Günorta wiýetnamda (Kohinhen) Fransiýa koloniýa edinýär. Ony ilki harby, soňam raýat gubernatory dolandyran. Gubernatoryň ýanynda maslahatçy organ hem bolan-kolonial sowet 16 adam 10-sy fransuz, 6-sy wiýetnam özem saýlaw bilen. Welaýatlarda fransuz rezidenti oturan. Kohinhine goýberilýän pul hem ýyl-ýyldan artypdyr. Eger-de 1862—nji ýylda onuň býudžeti 1 mln 344 müň frank bolan bolsa 1882-nji ýylda ol 20 mln franka ýetipdir.

1882-nji ýylyň aprel aýynda fransuzlar Demirgazyk Wiýetnamy hem eýeläp ugraýarlar. 1882-nji ýylyň aprel aýynyň 25-de Hanoý eýelenýär. 1883-nji ýylyň iýul aýynda imperator Ty Dyk ölýär. Tagt ugrunda oňşuksyzlyklar başlaýar. Demirgazyk Wiýetnam Tonkin diýilip atlandyrylýar. Ol fransuz protektoraty bolýar. Fransuz-wiýetnam urşuna Hytaý hem gatnaşýar. Sebäbi Wiýetnamy Hytaý özüniň ýapjasy

hasaplaýardy. Şonuň üçin hem 1884-nji ýylyň maý aýynda Týanszin şertnamasy baglaşylyp Wiýetnam Fransiýanyň protektoraty bolýar. Ýöne wiýetliler uzak wagtlap – 1895-nji ýyla çenli fransuzlara garşylyk görkezýärler.

1887-nji ýylyň oktýabr aýynda Fransiya Hindi-hytaý bileleşigini döredýär. Oňa Annam bilen Tonkin protektorat, Kohinhin, Komboja we Laos bolsa koloniýa bolýar. Protektorat Fransiýanyň DIM-i, koloniýalar bolsa koloniýalar ministrligi tarapyndan dolandyrylýar. Hindi-hytaý bileleşiginiň başynda general- gubernator durupdyr. Oňa fransuz hökümeti tarapyndan köp özbaşdaklyk berilipdir.

XIX asyryň ahyryndan fransuz kapitaly Wiýetnamy özleşdirip ugraýar. Wiýetnamda fransuzlar söwda edipdirler. Ýöne bu ýerde iňlis, german, golland we hytayly söwdagärler hem söwda edipdirler. 1892-nji ýyldan başlap fransuz harytlaryna hiç hili gümrük salynmandyr, beýleki ýurtlar babatynda bolsa girizilipdir. XIX asyrdan başlap Wiyetnamda hereket edýän fransuz eksport-import söwda jemgyýetleriniň täsiri artypdyr. Bu döwürde olaryň 5-si hereket edipdir. Olar Wiýetnama her hili fransuz önümlerini getiripdirler, bu ýerden bolsa çig mal we azyk önümlerini äkidipdirler.

Fransuzlar ekerançylyk ýerlerini hem eýeläp başlapdyrlar. 1900-nji ýyla çenli fransuzlaryň elinde 300 müň ga, 1913-nji ýylda bolsa 470 müň ga ekerançylyk ýerleri bolupdyr. Fransuzlar gant, agaç, çakyr, ýag, sabyn, dokma önümlerini, otly çöp zawodlarydyr fabriklerini gurupdyrlar. Bu bolsa ýerli önümçilige uly zyýan ýetiripdir.

Wiýetnamda demir ýollaryň gurluşygy hem başlaýar. 1881-1885-nji ýyllarda Saýgon-Mitho ýoly (70 km), 1899-1905-nji ýyllarda Hanoý-Win (312 km), 1906-njy ýylda Hiýue-Danang, 1910-njy ýylda Haýfon-Hanoý-Laokaý (384 km) demir ýollary gurulýar. Netijede demir ýoluň umumy uzynlygy 2600 km ýetýär. Demir ýol bilen birlikde telegraf ulgamy hem gurlup onuň umumy uzynlygy 14 müň km ýetýär.

Fransuzlar Wiyetnamda öndürilýän duza, tirýege, spirtli içgilere monopoliýa girizipdirler. Tirýek dükanlarda satylypdyr. Hindi-hytaý pagta, ýüpek, kokos hozyny, arahisi, küjini, sinki, gurşuny, demiri, kömüri, göni, kawçugy, kofýany, maýisi, tüwini, çaýy, burçy, temmäkini we agajy eksport edipdir.
Fransuzlar Wiýetnama 1904-1908-nji ýyllarda 98,3 mln franklyk haryt getirip, bu ýerden 40,4 mln frank çig mal äkidipdirler. Esasy äkidilýän haryt tüwi bolupdyr. 1913-nji ýylda Fransiýa Hindi-hytaýdan – esasan hem Günorta Wiýetnamdan 1 mln 287 müň tonna tüwi äkidipdirler we ol ähli eksport edilen önümleriň 62 % tutupdyr. Şol döwürler ýerli buržuaziýa hem döräp ugrapdyr, olar koloniýal dolandyryşyň zakazlaryny ýerine ýetiripdirler. Ýerli buržuaziýa degişli ulag kärhnalary demir ýol üçin agaç düşekleri daşapdyrlar, dokma senagatynda we oba hojalygynda uly işleri ýerine ýetiripdirler. Olar belli bir derejede söwda-da ulag işlerinde – aýratyn hem kabotaž söwda-da
XIX asyryň ahyrynda Wiýetnamda öňde baryjy ideýalar ýaýrap ugraýar. Kan Yuweýiň we Lýan Si Çaonyň (Hytaý) we Meýdzi Ýaponiýasynyň täsiri güýçli bolupdyr. XX asyryň başlaryndan azat edijilik hereketinde 2 ugur ýüze çykýar. Birinjisi – ele ýarag alyp göreşmegiň tarapdary bolan. Ikinjisi - parahat ýol bilen okuw, bilim, demokratiýa bilen etmeli diýýär.
1-nji toparyň ideology Fan Boý Týau (1867-1940) bolupdyr. Oba mugallymyň ogly. Ol fransuzlary Wiýetnamdan kowmaly diýipdir, özem edebiýatçy bolan.
2-nji toparyň ideology Fan Týu Çin (1872-1926) bolan. Ol ownuk mülkdaryň ogly bolan. Ol ownuk mülkdaryň ogly. Eger-de Fan Boý Týau feodaly hem fransuzlara garşy ulanmaga çalyşan bolsa, tersini Fan Týu Çin buržuaz toparlaryna daýanyp feodallara garşy çykyş edipdir. Şonda ol fransuzlara hem daýanmaly diýipdir.

Fan Boý Týau-nyň ahyrky maksady-garaşsyz Wiýetnam döwletini döretmek bolupdyr. Ol ýaragly göreşiň tarapdary. Ol bu göreşde Ýaponiýana daýanmagyň tarapdary bolupdyr. Sebäbi Ýaponiýa ýeke-täk garaşşyz aziýa döwletidi.
Fan Boý Týau Hytaýda “Wiýetnamyň galkynyş soýuzyny” hem döredýär (Wiýetnam Kuoň fuk hoý”). Ol 1912-nji ýylyň fewral aýynda Guandunda bolup geçýär. Sun Ýatseniň ideýalary uly täsir edýär.
I jahan urşunda Wiýetnam hem koloniýa hökmünde urşa gatnaşýar. “Fransiýa we Wiyetnam bir maşgala!” şol döwürlerde esasy şygar bolupdyr. Fransiýany öwüp arşa çykarypdyrlar. Bu şygara garşy germanlar. “Fransiýa – XVIII asyryň ahyrynyň derejesinde galdy, şonuň üçin hem öz orunlaryny nemeslere bermeli” diýen şygarlaryny öňe sürüpdirler. Fransuzlar bu ýerde Angliýa bilen ykjam gatnaşyklar edipdirler.
Uruş ýyllarynda Fransiýa Wiýetnamdan 240 müň gallon spirt, 1750 t kauçuk, 2800 t kastor ýagyny, 4300 $m^3$ ýörite agajy, 500000 t.tüwi, 6700 t arahis, 22 müň t gant, 2344 t temmäki we başgalar. Köp zat äkidipdirler. Sement, wolfram, sink galaýy gurşun äkidilipdir. Umuman 11 mln altyn frank möçberinde haryt äkidilipdir.
50000 golaý wiýetnam işçileri fransuz obýektlerinde (Ýewropada) işläpdirler. Wiýetnam soldatlary frontda söweşipdirler. Umuman uruş ýyllarynda Fransiýada 92 müňden gowrak hindihytaýly işläpdir we söweşipdir. Şol döwürde wiýetnam kapitalistleri döräpdir. Ho Ta Tang, Nguen Than Liýen, Bat Thaý Biýuý we başgalaryň gämileri baržalary gaýyklary bolupdyr. Nguen Şon Hanyň lak zawody, Le Wan Fukyň, Ngo Ty Hanyň tipografiýalary we Nguen Wan Tanyň küýze zawody bolupdyr. Azatlyk hereketleri şol döwürlerem dowam edipdir. Fan Boý Týau – Wiýetnamyň garaşsyzlygy ugrunda göreşmegi wagyz edipdir.

## Indoneziýa XVII – XIX asyrlarda.

Indoneziýanyň territoriýasynda dürli dillerde we dialektlerde gepleýän taýpalar we halkyýetler durmuş-ykdysady ösüşiň dürli etaplarynda bolupdyrlar. XVII asyrda Indoneziýanyň ilaty 3 mln adamdan ybarat bolupdyr.
Sumatranyň, Kalimantanyň, Sulawesiniň jümmüşlerinde ilkidurmuş jemagat gurluşynyň dargamak we irki orta asyr gatnaşyklarynyň ýüze çykmak ýagdaýy dowam edipdir. Kenar ýaka etraplarda bolsa orta asyr beglikler bardy. Olar şindi ort asyrlar döwründe-de ep-esli ösüpdirler we goňşy ýurtlar bilen söwda aragatnaşygyny alyp barypdyrlar.
Ýurduň ösen --- ýawa bolup onda güýçli döwletler ýerleşipdirler. Olaryň häkimiýeti diňe bir ýawa däl, eýsem başga ýerlerde ýaýrapdyr. XVI asyrda merkezleşn feodal imperiýasy bolan Majapahit dargapdyr. Onuň ornuna musulman dinastiýalarynyň baştutanlygynda birnäçe özbaşdak döwletler döräpdir.
Esasan durmuş gurluşy oba jemgaty bolupdyr. Feodal gatnaşypdyr ösüpdir. Döwlet eýeçiliginden başga-da feodallaryň hususy mülkleri hem bolupdyr.
XVI asyrda portugallaryň peýda bolmagy we Malakkanyň eýelenilmegi we deňiz söwda ýollarynyň eýelenilmegi Indoneziýada söwdanyň peselmegine getirýär.
XVII asyryň ortalarynda Golland ost-Hindistan kompaniýasy indoneziýada esasy pozisiýalary eýeleýär we haryt satyn almakda monopoliýa girizýärler. Portugallara garşy ýerlileriň göreşinden peýdalanyp Gollandlar tiz wagtdan portugallaryňkydanam zabyt düzgünleri girizýärler.
Ýawa adaetidi gollandlary güýçli feodal döwletleri göreşi durupdyrlar. Şol sebäpden hem Ýawany eýelemek uzaga çekipdir.
XVII asyryň ortalarynda Ýawanyň merkezi we gündogar bölegin mululman knýazlygy bolan Mataram özüne

ýerleşdirilýär. Bu ýerde ýer --- diýip hasap edilipdir we şol ýeriň ep-esli bölegi özüniň eýeçiliginde bolupdyr. Mataramyň esasy oba hojalyk önümlerini öndürýän ýaçeýkasy oba jemagaty bolup, onuň çlenleriniň her biriniň bölek ýeri bolupdyr. Boş ýerler we örüler jemagatyň ygtyýarynda bolupdyr. Jemagaty saýlawly oba administrsiýasy dolandyrypdyr. Bu ýere natural hojalyk dowam edip ekerançylyk senetçilik bilen utgaşdyrylypdyr. Köp salgytlar pul bilen çalyşyrylypdyr. Ol ýa-da beýleki harytlary satmagyň monopoliýasy we şäherlerde salgyt ýygnamak söwdagärlere (otkupşiklere) satylypdyr.

XVII asyryň bütin doamynda Mataram soltanlary öz ýerlerini giňeldipdirler. Madura, Surabaýa, Şeribom beglikleri basylyp alynýar.

XVII asyryň ortalarynda Ýawanyň günbataryndaky Bantam (Banten) begligi güýçlenýär. XVI asyrda bu ýere gollandlar gelipdirler we olar şol wagtdan başlap ýuwaş-ýuwaşdan Indoneziýany eýeläp ugraýarlar.

XVII asyryň ortalarynda Ost-Hindistan kompaniýasy Mataram bilen Bantamp çaknyşdyrmagyň we soňra ikisini hem eýelmegiň ugruny gözläp ugraýar.

1652-nji ýylda Golland (Niderland) Ost-Hindistan kompaniýasy Mataramyň soltanyny şertnama baglaşmaga mejbur edip, Ýawadan kompaniýa üçin ýer alýar. Şol ýyllar Mataramda salgytlar artypdyr, esasan hem basylyp alnan Madura adasynda ýagdaý kyn bolupdyr. Üstesine-de soltan Amangkurat 1-nji zabyn syýasat ýöredipdir. Şonuň üçin hem 1674-nji ýylda Mataramda gozgalaň turup oňa Mataramly beg Trunujoýo ýolbaşçylyk edipdir. Gozgalaňlaryň esasy --- Amangkurat agdaran we Majana hit döwletini (XVI) dikeltmek bolupdyr. Gollandlar soltany kömek berselerde, gozgalaňçylar paýtagty eýeleýärler. Soltan kompaniýany ýerlerine göçýär.

1677-nji ýylda ölen soltanyň ogly Amangkurat 2-nji gollandlar Ost-Hindistan kompaniýa oň üçin giň hukuk bermäge mejbur

edýär. Kompaniýanyň ýerlerem giňeldilýär. Semarang – gollandlary ýerleşýär. 1678-nji ýylda kompaniýa harby güýçleri iberip, gozgalaňlary ýeňýär we Amangkuraty tagta getirýär.
Mataramda berkänden soň gollandlar Bantamyň üstünden gözegçiligi güýçlendirmäge başlaýarlar. Bantam soltanynyň maşgalasyndaky häkimiýet ugrundaky göreşde gollandlar goşulyp 1683-nji ýylda Bantamyň soltany gollandlar tarapyndan tutulýar we Batawiýa (Jakarta) iberilýär we ölýänçä tussaglykda saklanýar. 1684-nji ýylda onuň ogly kompaniýa bilen şertnama baglaşyp, Çeribon welaýatyny kompaniyanyň ygtyýaryna berýär we Bantamda söwda etmäge gollandlar doly rugsat alýarlar.
Bantamyň ýeňilmegi iňlis Ost-Hindistan kompaniýasy üçin uly urgy bolýar. Olar Bantamdan gitmäge mejbur bolýarlar. Ýöne Bantamda we Mataramda gollandlara garşy hereketler güýçlenip, 1686-njy ýylda Gündogar Ýawada Surapatiniň ýolbaşçylygynda gozgalaň turýar. Surapati öň gul eken we soň kompaniýanyň goşunynda serkerde bolup gulluk edýär. Bantama garşy golland hereketleri döwrüne ol Matarama gidip töweregine adam ýygnap, Gündogar Ýawada özüni hökümdar diýip yglan edýär.
Başda Amangkurat II olary goldapdyr. Soň Surapatiniň häkimiýeti giňänden soň kompaniýadan kömek soraýar. Ýöne kompaniýa Amangkurat II güýçden gaçýança kömek bermeýär. Haçanda Amangkurat II ölüp, häkimiýet Amangkurat III geçende, tagt üstünde dawa başlaýar. Gollandlar indi bu meselä goşulýarlar we tagta dalaş edýän Amangkurat III kakasynyň doganyny Susuhunan Pugeri ykrar edýärler we goşunlarynyň kömegi bilen agasyna paýtagta almaga kömek edýärler. 1705-nji ýylda täze soltan Susuhunan Puger Madura adasynyň bir bölegini kompaniýa berýär. Häkimiýeti elden gideren Amangkurat III bolsa Surapatä goşulýar. Ýöne 1711-nji ýylda Surapati ýeňilýär we Amangkurat III gollandlara ýesir düşýär. Surapatiniň tarapdarlary ýeňilseler-de boýun egmeýärler. Diňe

1719-njy ýylda gollandlar Surapatiniň ähli ýerlerini eýeleýärler, onuň özi bolsa söweşde wepat bolýar.
XVIII asyryň başlaryna çenli Ost-Hindistan kompaniýasynyň kolonial ulgamy kemala gelýär. Kompaniýa ägirt uly girdejileri alypdyr we oňa beýleki ýurtlaryň Ost Hindistan Latoniýalarynyň gözi gidipdir. Indoneziýanyň köp adamlaryny boýun egdirip kompaniýa eksporta iberilýän önümleri (hoşboý ysly önümler) gözegçilige alýar. Şol sebäpden hem ulanylar. Ýewropada satylýan önümleriň bahasynyň ýokary bolmagyny gazanypdyrlar. Indoneziýa seýrek duşýan bao-hojalyk önümlerine (bakja, miwe) baý bolupdyr. Şol ösümlikleri ekmek belli-belli ýerlerde rugsat edilipdir. Başga ýerlerde çapylyp ýok edilipdir. Emma tebigat olary ýene dikeldipdir. Kompaniýada çapmak üçin täze-täze ekspedisiýalary iberipdirler.
Ösümlikleri ekmäge rugsat berlen ýerlerde-de ýagdaý kyn bolupdyr. Sebäbi ilatdan pes bahadan alypdyrlar, artykmaç ekmäge ýol bermändirler. Şol sebäpden ilat ösümlikleri beýleki harytlary çalşmakdan mahrum edilipdir. Gozgalaňlar netijesinde ilaty tozan ýerlerini golland kolonistlerini göçürip getiripdir. Olar artykmaç huhuklardan peýdalanypdyrlar.
Trýek söwdasyna-da kompaniýa monopoliýa girizipdir. Soňra Sumatraniniň günbatar kenaryndaky düzly ýerlerede monopoliýa girizilipdirler we uly girdejileri alypdyrlar. Günbatar Smatradaky duz gaýnadylýan ýerler ýapylyp, duzuň bahasy bu ýerde on esse artypdyr.
XVII asyrda kompaniýa hytaýly emigrantlary – senetçileri we ekerançylary peýdalanypdyr. Soň ýöne olary getirmegi bes edilýär. Sebäbi olar tiz baýlaşypdyrlar şol sebäpden 1740-njy ýylda olaryň arasynda tussag etmek başlanýar. Ähli garyplar we işsizler Seýlon adasyna göçürilmeli edilýär. Şol sebäpden hem hytaýlylar Ýawanyň dürli ýerlerine gaçýarlar. Kompaniýa olaryň öýlerini tozduryp başlaýar. Soňra olary yzlaryna dolanmaga çagyrýarlar. Gaçgaklaryň bir bölegi dolanyp gelýär we Batawiýada (Jakarda) aýratyn kwartallarda ýerleşdirilýär.

Galanlary ýawalylar bilen birleşip, ellerine ýarag alýarlar. Netijede hytaý-ýawa gozgalaňy başlanýar.
Soltan Paku Buwona II gorkusyna kompaniýa ýüz tutýar. Ýöne gozgalaňçylar paýtagt Semerangy eýeläp, Paku Buwanany kowýarlar. Ýerine bolsa Seýlona surgün edilen Aman Kurat III agtygy Aman Kurat IV soltan diýip yglan edilýär. Ýöne soň gozgalaňçylar ýeňilip ugraýarlar. Aman Kurat IV boýun egýär. Paku Buwona II bolsa tagtyna dikeldilýär.
XVIII asyryň başlarynda gollandlara özleriniň iňlis bäsleşlerinden goranmak kyn düşüp ugraýar. Iňlisler hem pes oturmandyrlar. Golland emeldarlaryny satyn alypdyrlar. Soňa baka söwda faktorileri hem az girdeji getirip başlapdyrlar. Faktorileriň köpüsi ýapylypdyr. Gollandiýanyň hökümeti kompaniýa her-hili kömekleri berse-de netije bermändir.
XVIII asyryň ahyrlarynda Gollandiýa Angliýanyň Demirgazyk Amerikadaky koloniýalaryny goldapdyr. 1780-784-nji ýyllaryň iňlis-golland uruşlary Golland Ost –Hindistan kompaniýasyna uly zyýan ýetirýär. Iňlisler Sumatradaky Padang söwda faktoriýasyny we galasyny eýeleýärler. Iňlisler Ýewropa-Indoneziýa aralygyndaky deňiz ýollarynada gözegçilik edipdirler. Kompaniýa agyr krizisi başdan geçiripdir. Gozgalaňlary basmak, hazyna ogurlygyny, täze ýerleri eýelemek gymmat düşüp kompaniýa tozýar. 1800-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 1-inde kompaniýa ýapylýar.
Gollandiya Napoleonyň soýuzdaşy bolýar. Şol sebäpden hem 1811-nji ýylda 100 gamiden durýan iňlis floty Indoneziýanyň kenaryna gelýär we Awgust aýynda kän garşylyk görmän iňlisler paýtagt şäher Batawiýany eýeleýärler. General gubernator boýun egmäge gol çekýär. Şeýleleikde Indoneziýa indi Angliýanyň koloniýasyna öwrülýär.
Indoneziýanyň gubernatory Stemford Raflz bolupdyr. Ol Indoneziyada reforma geçirýär. Bu ýerde Hindistandaky ýaly raýatwari düzgüni girizilýar. Ähli ýerler Angliýanyňky diýilip yglan edilýär, daýhanlar bolsa mirasdüşer kärendeçilere

öwrülýärler. Pul salgydy girizilipdir. Feodal borçlar we natural ýygymlar ýatyrylýar. Umuman, bu reformalar Indoneziýanyň ösüşine daşary ýurtlar bilen gatnaşyklaryna gowy täsir edipdir. Bu döwürler Indoneziýa ABŞ hem aralaşyp ugraýar.
S. Raflz ýerli feodallaryň häkimiýetini hem gysypdyr. Olaryň elinden sud häkimiýetini, salgyt ýygnamaklygy we natural önüm almak hukuklaryny ýatyrypdyr.
1813-nji ýylda S. Raflz Bantamyň soltanyny häkimeti taşlamaga mejbur edýär we häkimeti iňlislere berdirýär. Onuň özüne titulyny galdyryp, pensiýa belleýärler.
Napaleon ýeňilenden soň, Gollandiýa özbaşdak döwlet hkmünde dikeldilýär. Angliýa Ýewropada öz täsirinde bolan döwletiň bolmagyny isläp, 1814-nji ýylda şertnama boýunça Gollandiýanyň Indoneziýa bolan hukugy dikeldilýär. Angliýanyň Indoneziýany Gollandiýa gaýtaryp bermek işleri bäş ýyla çekipdir.
Golland agalygy dikeldilen soň, halkyň ýagdaýy ýene-de agyrlaşýar. Şol sebäpden Indoneziýada halk gozgalaňy bolup geçýär öňa soltan maşgalasyndan bolan bolan Dipenegora baştutanlyk edýär. (1785-1855). Gozgalaň 1825-nji ýyldan başlap 1830 çenli dowam edyär. Hat-da olar paýtagty eýelemegi hem başarýarlar. Ýöne gozgalaň basylyp ýatyrylýar. Dipenegarany gepleşige çagyran bolup tussag edýärler we sürgün edilýär.
Indozneziýadan alynýan girdejini artdyrmak bahanasy bilen gollandlar “mejbury ekinler sistemasyny” girizýärler. Şu sistema boýunça ähli ýawaly daýhanalar, salgyt tölemeginiň ornuna haýsy hem bolsa bir eksport önümlerini berýän ekini ekmeli bolupdyrlar. Alynan önüm hökmany suratda hökümet ambarlaryna tabşyrylmaly bolupdyr. Obşina ýerlerini ýaýran raýonlarda obşina ýerleriniň bir böleginde daýhanlar bileleşip şekerçiňrigini, temmäkini we beýleki tehniki ekinleri ekmeli bolupdyrlar. Şeýle hem şolary birinji ýola işläp bejermek üçin kärhanalar gurulyp, şolarda töwerekdäki obalaryň daýhanlary

mejbury ýagdaýda işlemeli edilýär. Şol kärhanalaryň eýelero şol önümleri hökümet ambarlaryna tabşyrmaly bolupdyrlar. Önümleri eksport etmeklik bolsa diňe Niderland söwda jemgyýetine berilipdir.
Eksporta gidýän önümleri berýän ekinleri ekmek üçin iň gowy ýerler saýlanyp, azyk harytlaryny öndürmeklige bolsa arryk ýerler berilipdir.
Umuman “Mejbury ekinler” sistemasy döwründe Indoneziýadan Gollandlar 900 mln. guldene barabar girdeji alypdyrlar.

## Indoneziýa XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda.

XIX asyryň ikinji ýarymynda Ýewropa we demirgazyk Amerika imperializm stadiýasyna gadam basan döwürleri Indoneziýanyň kolonial sosial-ykdysady gurluşy agyr krizisi başdan geçiripdir. Şonuň üçin hem 50-60-njy ýyllardan başlap golland häkimiýetleri “Mejbury ekinler sistemasyny” (öňler daýhanlara ýer salgydyna derek eksporta gidýän tehniki ekinleri (temmäki, indigo, şekerçiňrikwe başgalar)mejbury ekdiripdirler.) ýatyryp ugrandyrlar. Sebäbi zähmet öndürijiligi pes bolan, üstesine-de golland senagat buržuaziýasy hem Indoneziýanyň “özleşdirmäge” özüne hukuk berilmegini talap edipdir.

1870-nji ýylyň “Gant kanuny” hususy palantasiýalary döretmäge doly mümkinçilik beripdir. Bu bolsa “mejbury ekinler” sistemasyny bütinleý ýok edipdir. Şol ýyl ýörite “agrar kanuny” kabul edilip uly hususy palantasiýalary döretmäge amatly şertleri döredipdir. Bu kanun boýunça hususyýetçileriň ýerlerinden başga ähli ýerler döwletiňki diýip yglan edilýär. Hususyýetçiler bolsa esasan ýawada ýerleşýän Jokýakarta we Surakarta knýazlyklarynaky feodal mülkleri, şeýle hem ýewropalylary we hytaýlylara satylan ýerler hasap edilipdir.

Galan ähli ýerler “boş ýerler” hasap edilipdir. Şeýle bahana bilen hem daýhan obşinalarynda örüler we tokaýlar alynypdyr.”Boş ýerleriň” mestoproklу bölekleri ýewropaly plantatlaryna kärendesine berilipdir. Kanun ýewropalylara hususy ýer almagy gadagan edipdir. Şeýle-de gollandlar ösen kapitalistik ýurtlaryň raýatlaryny getirmejek bolupdyrlar.

Plantatorlar aýry-aýry daýhan ýerlerini ya-da bütin obşina degişli ýerleri olardan kärendesine almagy gazanypdyrlar. Munuň üçin töleg hem töläpdirlar. Ýöne daýhanlar hem öz kärendesine beren ýerlerine plantasion ekinleri ekilýän döwründäki arakesmede tiz ýetişýän azyklyk ekinleri ekmäge rugsat alypdyrlar. Ýöne munuň üçin plantatorlar olary ekin ekmekde ony ýygnamakda ulanypdyrlar.

“Mejbury ekinler” sistemasynyň ýetyrylmagy bilen indonez obasynda emläk deňsizligi (esasan hem Ýawada) güýjäpdir. Baýan daýhanlar, emeldarlar, süýthorlar daýhan ýerlerini eýeläpdirler. Daýhanlaryň ýersizleşmegi işewür adamlar üçin zerur işçi güýjüni döredipdir. Münlerçe ýawaly tozan daýhanlar ýurduň beýleki ýerlerine işletmek üçin (hakyna tutma) äkidipdirlar.

XIX asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap iri banklar Indoneziýanyň senagat kärhanalaryny we plantasiýalaryny özlerine tabyn edip ugrapdyrlar. Bu işde has hem Niderland söwda jemgyýeti uly rol oýnan . 1875-nji ýyla çenli su jemgyýetiň kontrolynda we ygtyýarynda ençeme plantasiýalar, 27 gant zawody, 17 temmäki, kofe we beýleki kärhanalary bolan.

“Mejbury ekinler” sistemasynyň ýapylmagy Indoneziýa diňe bir golland kapitalynyň däl, eýsem beýleki Ýewropa öwletleriniň we ABŞ-nyň kapitalynyň aralaşmagyna-da getiripdir. ABŞ-nyň güýçlenýän we Indoneziýa dyzaýan döwründe Angliýa gowşan Gollandiýanyň elinde bolanyny kem görmändir. Üstesine-de, knýazlarynyň güýçlenmegi hem Angliýa Gollandiýanyň bütin Indoneziýany eýelemegine garşy

bolmandyr. Tersine birneme ýardam beripdir. Ýöne iňlisler Smatrada söwda işlerinde Gollandlar bilen deň hukugy gazanypdyrlar.

Gollandlar Açe soltanynyň tabyn bolan ençeme knýazlary boýun egdiripdirler. Emma Açe Gollandiýa boýun egmek islemändir. Olar gollandlara garşy aşaklyk bilen ABŞ bilen gepleşikler geçiripdirler. Şu hem Açeniň gollandlar tarapyndan agressiýa sezewar edilmegine bahana bolupdyr. Ilki gollandlar Açeniň boýnuna şertnama dakmaga synanşyk edýärler. Açe soltany ony ret edýär. 1873-nji ýylda gollandlar Açe çozýarlar. Emma çozuş şowsuz bolýar. Şol ýyl olar ikinji gezek çozýarlar we paýtagt (Kutaraji) eýeleýärler. Emma halk mollalaryň we serdarlaryň baştutanlygynda göreşip başlaýarlar. 1899-nji ýyla çenli göreşýärler, ýöne ýenilýärler. Umuman şol döwürler Indoneziýada 300-e golaý “içki dolandyryşly” beglikler we ýerler bolupdyr.

XX asyryň başlaryna çenli Indoneziýanyň köp bölegi golland koloniýasy bolan. Kalimanganyň demirgazygyndaky Saoarawak (Malaýziýa) we Demokratik Barneo Angliýanyň protektoraty bolan, Timorda Portugaliýa, Täze Giwineýa Gündogar Angliýa we Germaniýa tarapyndan ylalaşylan.

Indoneziýany koloniýa öwürse-de Gollandiýa gowşak bolan. Şonuň üçin hem ol imperialistik döwletlariň arasynda sapalak atmaga mejbur bolupdyr. Olaryň “açyk gapylar” syýasaty hem şuň bilen düşündirilýär. Ähli iri imperialistik döwletlere Indoneziýany “özleşdirmäge” rugsat bermeýär. Gollandiýa degişli bolmadyk kompaniýalaryň we raýatlaryň işleri hiç-hili çäklendirilmändir. Eksport we import gümrükleri golland harytlary üçinem beýlekileriňki üçin hem deň bolupdyr. Gollandlaryň bir tapawudy salgyt ýygnamalarynyň we aksiýalardan gelýän girdejileri alypdyrlar. Duza we trýege döwlet monopoliýasyndan gelýän girdejilere eýelik edipdirler. Ilaty ýol gurluşyk işlerinde mugtuna diýen ýaly işledip bilipdirler.

Beýleki döwletleriň basyşyna döz gelip bilmän, Gollandiýa olary Indoneziýanyň garylyp alynýan peýdaly zatlaryny özleşdirmäge göýbermäge mejbur bolan. Golland we daşary ýurt hususy kapitaly nebit we kömür almaga girişipdirler.

Mejbury “açyk gapylar” syýasaty gollandlaryň koloniýasyna daşary ýurt kapitalynyň aralaşmagyna getirendir. Iňlis kapitaly hem Indoneziýanyň plantasiýa hojalyklaryna aralaşypdyr. Inlisleriň uly gämi monopoliýalary indonez çigmalyny eksport etmekde uly işleri alyp barypdyr. Iňlis-golland gatyşyk kompaniýalaryny döredipdir. XX asyryň başlaryna uly senagat kärhanalarynyň beren ýawalylara degişli bolmandyr. Manufakturalar olaryň ellerinde bolupdyr. Emeli çig mal meselesinde ýewropalylara garaşly bolupdyrlar. Şol sebäpdenem bu ýerde azat edijlik hereketi haýal gidipdir. Ýöne her näme bolsa ýurtda azat edijilik hereket ýüze çykyp ugraýar. Bu hereketi esasan Ýewropa bilimlerini alan intelegensiýa wekilleri bolýarlar. Azat edijilik hereketiniň düýbüni täri boýunça Araç Wahiddin Sudiro Husoda  tutýar. Şonuň ýolbaşçylygynda 1908-nji ýylda “Budi Utoma” (Beýik Maksat)guramasy (milli medeni aň-bilim ýaýradyjy gurama) döredilýär.

1908-nji ýylyň oktýabr aýynda Wahiddin “Ýaş Ýawa” guramasyny döredýär we onuň 1-nji kongresini açýar. Bu gurama we “Budi Utoma” radial hereket etmändir. Olar ýuwaş-ýuwaşdan milleti (esasan ýaşlary) gelejek taýýarlapdyrlar.

Milli hereket bir hatarda birleşen jemgytçilik hereket hem güýçlenip ugraýar. 1912-nji ýylda Daues Dekker tarapyndan hindi partiýasy döredilýär. Oňa golland sosial demokratlary bilen  gatnaşykda bolan hindi-ýewropalylar (mitisler atasy golland, ejeleri ýerli) giripdirler. Hindi ýewropalylar ýawalylar bilen deňeşdireniňde hukuk taýdan aýratyn bolupdyrlar. Ýöne “arassa” gollandlar bilen deň bolmandyrlar. Ýöne ýewropalylar ýaly olaryň hem ýer edinmäge hukuklary bolmandyr, Hindi

korparasiýasy Indoneziýanyň Garaşsyzlygy barada çykyş edip ugrapdyr. Şondan soň häkimýetler bu partiýany gadagan edýärler. Kartin Raden Adjen (1871-1904)

Indoneziýada milli hereketiň güýçlenmegine 1912-nji ýylyň sentýabr aýynda “Sarekat yslam” (Yslam soýuzy) guramasynyň döremegi uly itergi berýär. Ony başda söwdagärler döredýärler. Başda ol “Yslam söwdagärleriniň soýuzy”, soňra bolsa “özara kömek jemgyýeti” diýip atlandyrylýar. Soň bu herekete intelegentler, şäheriň ownuk buržuaziýasy, işçiler, daýhanlar goşulypdyr. Sariakad yslam kynçylyk çekýän çlenlerine kömegem beripdirler. Bu hereketiň ideýa we guramaçylyk taýdan ýolbaşçysy surabaýaly Umar Said Çakroaminoto bolupdyr. Bu hereket indoneziýanyň iň abraýly we köpçülikleýin guramasy bolan. Bu guramada Çiptomangunkusumo (1886-1843) Ki Hajar Dewantro (1889-1959), Agus Salim (1884-1954) bolupdyr.

Birinji jahan urşunda Gollandiýa Bitaraplyk yglan eden hem bolsa, uruş Indoneziýanyň ykdysadyýetine uly zyýan ýetirýär. Uruş çig malyň äkidilmegini we satylmagyny kynlaşdyrýar. Netijede plantasiýalar kemelýär, daýhanlar işsiz galýar. Getirilýän harytlar hem gymmatlaýar. Ýurtda nägileleikler güýjeýärSariakat Yslamyň täsiri has güýjeýär. 1916-njy ýylda ýurtda onuň 80-den gowrak bölümi bolup, oňa 360 müň adam giripdir. Ol Indoneziýalylaryň hukuklarynyň giňeldilmegini talap edipdir.

1916-njy ýylyň dekabr aýynda Niderland parlamenti indoneziýada halk sowetini - parlamenti (Folksroad) döretmegi karar edýär. Ýöne onuň maslahat beriji hukugy bolupdyr. Ýöne bu-da indoneziýalylaryň hukugy meselesinde öňe gidişlikdir. 1917-nji ýylyň ahyryndan Serakat Yslamda Garaşsyzlyk meseleleri hem gozgalyp ugraýar.

## Owgan döwletiniň döeremegi we iňlis basyplaýşlaryna garşy göreş

XVIII asyryň başlarynda Owganystanyň teritoriýasynda onlarça özbaşdak taýpalar-tireler ýaşapdyrlar. Abdal (durrany soňra) taýpasy Kondagar bilen Geratyň (800 müň), gilzaýlar Gazim welaýatynda we Kandegaryň bir bölegi, ýusupzaýlar, wezirler, oranzaýlar we türkler Peşalar jülgesinde, daglyk Buker Swat we Dira oblastlarynda ýaşapdyrlar. Durmuş obrazlary çarwaçylyk we ýarym çarwaçylyk bolupdyr.

Wagtyň geçmegi bilen olarda döwlet kemala gelip ugraýar. XVIII asyryň başlarynda Gilzaý knýazlygy döreýär.

1747-1773-nji ýyllarda Nedir şanyň serkerdeleriniň biri abdal taýpasynda bolan Ahmet han Sadazan owgan goşunlaryny Nedir şanyň lagerine äkidýär. Ýüzüniň ugruna ol şanyň hazynasynyň hem bir bölegini alyp gidýär.

Olar Kondagara dolanyp gelýärler we taýpa geňeşinde Ahmet han bütin Owganyň hökümdary diýip yglan edilýär. Ol dur ýa-da durrany. Şundan soň Abdaly taýpasy hem durrany diýip atlandyrylýar. Döwletdäki möhüm postlar we wezipeler durrany taýpasyundan biolan hanlara berilýär. Ahmet şanyň häkimýetini owgan taýpalarynyň köpüsi ykrar edýärler. Abdallar bilen oňuşman gilzaýlar hem boýun egdirilýär. Hit derýasynyň sag kenaryndaky Derajat, 1750-njy ýylda bolsa Hyrat eýelenýär. Soňra ol Seýistany, Penjaba girip Şikarnury we Lahory eýeleýär.

1752-nji ýylda ol Kaşmiri eýeleýär, 1754-nji ýylda uzak gabawdan soň Eýranyň Maşat şäherini alýarlar. Maşatda ol Ahmet şa patşa diýilip yglan edilýar. Onuň adyna pul zikgelenilýär.

1756-57-nji ýylarda Ahmet şa goşunlaryny Deliniň üstüne sürýär. Şonda ol 12 mln. ruliýa barabar bahada olja alýar. Epidemiýa (goşunynda ) başlanmagy üçin ol yza dolanmaly

bolýar. Ýöne Hidistanyň içinde uruşlar başlanda ol Penjaba çozup girýär we Marathileri Penjapdan çykarýar. Marathiler bilen owganlaryň arasyndaky aýgytly söweş 1761-nji ýylda Panipatyň eteginde bolup, şonda Ahmet şa Marathileri derbi-dagyn edýär, netijede 1761-nji ýyla çenli döwlet köp ýerleri öz içine alypdyr. Emma syfeleriň gozgolaňyndan soň bütin Penjap ýitirilärýär. 1769-njy ýylda Horasan bölünýär.

Ahmet şanyň döwltinde tire-taýpa guramalary saklanylyp galypdyr. Käbir taýpalaryň teritoriýasy içki özbaşdaklyga eýe bolup ol gadymy däpler boýunça dolandyrylypdyr, ýagny miras ýada saýlawly hanlar tarapyndan dolandyrylypdyr. Ýada taýpa çlenleriniň ýygnagy bolan jirga tarapyndan dolandyrylypdyr.

Ýurtdaky ýerleriň esasy formalary hökümet ýerini hem öz içine alýan döwlet ýerleri, hanlaryň mülkleri, owgandäl oba obşinasynyň we owgan taýpalarynyň ýerelri bolupdyr. Ähli ýerlerden natural görnüşde döwlet salgydy alynypdyr.

Köp taýpalar salgytdan boşadylyp olar azajyk paç töläpdirler. Esasy salgyt salynýan ilat owgan däl halklar bolupdyr. Şeýle hem salgytdan owgan hanlaryna bermek jagir we wakf ýerleri boşadylypdyr. Salgydyň möçberi ýeriň ýagdaýyna görä ondan bir böleginden üçden bire çenli bolupdyr. Salgyr ýygnamaklyk hukugy welaýatlardaky dikmeler we ýerli feodallara (otkup). Ýer salgydyndan başga-da musulman däl ilat jan başyna (jiza) salgyt salynypdyr. Hazyna oturumly ilata salynýan öý salgydy hem salynypdyr. Mallara-da salgyt salynyp, salgytlar goşuny saklamak we obalardaky wezipeli adamlara aýlyk tölenipdir. Şäherleriň senetçileri natural we pul salgydyny töläpdirler. Täjirler gümrük we ýol salgydyny töläpdirler. Döwlet serişdelri goşuny saklamaga, dolandyryşa gurluşyk işlerine sary edilipdir. Serişdeleriň bir bölegi zerur ýagdaýlar üçin saklanypdyr.

Owgan döwleti welaýatlara bölünip, olaram öz gezeginde okruglary bölüpdir. Olary şa tarapyndan goýulan dikmelr dolandyrypdyrlar. Bulardan başfada hökümdara wassal

ýagdaýda bolan emirlikler, hanlyklar bolup, olaryň öz dolandyryş sistemalary dowam edipdir. Ýokary kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimýet şanyň elinde bolupdyr, ýöne owgan begzadalaryna maslahat salmazdan uly meseläni bir özi çözüp bilmändir. Aýratyn möhüm meseleler owgan taýpalaryny wekilleri gatnaşýan loýýa –jirgada çözülipdir. Wezir ähli hökümet edaralarynyň işine ýolbaşçylyk edipdir. Esasy döwlet edaralary şanyň konselýaryýasy maliýa konselýariýasy bolup olar şanyň permanlaryny we diplomatik ýazgylary taýarlandyrlar.

Goşuny esasan Ahmet şanyň regulýar goşuny, hanlaryň družinalary we taýpa opolçeniýalary tutupdyr. Regulýar goşunyň ýadrosyny atly korpus düzüpdir. Şu korpusyň esgeleriniň üçden bir bölegini gyzbaşlar galanlaryny täjikler, galmyklar we parslar düzüpdir. Diňe Ahmet şanyň ogly Timur döwründe korpusa az sanly owgan girizilipdir.

Regulýar goşunda eýranly atyjylar, meýdan jandarlaryna we artileriýa hem bolan. Kondagardaky şa athanasynyň ýanynda artileriýa kazarmasy we däri öndürýän ussahana bolupdyr. Goşunda ýeňil toplar bolup, olara düýe bilen daşapdyrlar. Goşunyň 75% atly goşun tutupdyr. Pyýada goşun Hind deryýasynyň sag kenaryndaky ilatdan ýygnalypdyr. Regulýar goşuna silah-salar komandirlik edipdir.

1773-nji ýylda Ahmet şa ölen soň onuň ornuna Timur şa 1773-1793 gelýär we hanlaryň topalaňy başlaýar. Ol paýtagty kondagardaan Kabula geçirýär. Onuň döwletiň merkezi häkimýetini berkitmek işler şowuna düşmeýär. Hindistandaky ýerleri saklamak başartmaýar.

Timuryň ogly Ziman şah 1793-1801 hem separatistleri bilen häli-şindi urşup durmaly bolýar. Ol feodlaryň, hanlaryň ýerlerini konfiskasiýa edip, käbirlerini jezalandyrypdyr. Ol iňlisleri hem halamandyr. Hindistanyň musulman hanlary bilen iňlislere garşy göreşmek barada maslahat edipdir.

Iňlisler hem onuň garşysyna her-hili dildüwşikleri gurapdyr. Munuň üçin Eýran şalaryna gol ýapypdyrlar. Ahryrynda Ziman şa tutulýa r we gözi oyulýar.

XIX asyryň başynda owgana Elfikstanyň ýolbaşçylgynda iňlis missiýasy gelip 1-njy owgan-iňlis şetnamasy baglaşylýar. Owganlar Fransiýa, Eýrana garşy göreşde Anglýanyň tarapynda durmagy borçlaşypdyrlar.

Owganyň güýden gaçmagyndan peýdalanyp, silhler Kaşmiri we Multan galasyny eýeleýär. Hyrat özbaşdak bolýar. Peşawar, kondogar we Gazin özbaşdak bolýar.

Soňra owganda sadazaý we baranzaý taýpalarynyň ararsynda uruş başlaýar. Bu uruş Dürrany döwletiniň dargamagy sebäp bolýar.

1826-njy ýylda Kabul baranzaý taýpasynyň baştutanlynyň biri Dost Muhammet eýeleýär we özüni Owganyň eýeleri diýip yglan edýär. Ol birnaçe işleri geçirmegi başarýar. Hanlary köşeşdirýär, maliýe ýagdaýyny gowulaşdyrýar, söwdanyň howpsyzlygy üpjün edýär, goşuny düzedýär. Ok ýarag ýasaýan ussahanalary açdyrýar.

Dost Muhammediň güýçlenmegi iňlislere ýaramaýar we onuň garşydaşydygyny Şujini ulanýarlar. Şol bir wagtyň özünde iňlisler Sinh döwlriniň hökümdar Ranjit Sighy hem onuň üstüne küşgürýärler we Panjaby sinhler eýeleýärler. 1836-njy ýylda Pejawar resmi taýdan sinhleriň döwletine goşulýar.

Şol döwürler iňlisler bilen orslar hem owganyň üstünde bäsleşip ugroýarlar, olaryň ikisem owgan babatda ikiýüzli syýasat ýöredýärler. Soňra Anglýada Rusiýada birleşip ugraýarlar.

Owganystana agresiýa etmek üçin iňlisler her hili bahalary arapdyrlar. Olar Dost Muhammet hamana Hindistanyň ýerlerini basyp aljakmyş diýip iňlis parlamentini yndyrypdyrlar. Iňlis hökümeti Dast Muhammediň dogany Şujä kömek bermegi wada berýärler. Tagty almak üçin. Iňlisler 30 müňlik goşuny Owgana çozmak üçin taýarlaýarlar.

Dost Muhammet uruşa taýyn bolmandyr. Onuň bary-ýogy 15 müň goşuny bolupdyr. 1839-njy ýylyň ýazynda iňlis goşunlary Sinde garşy kelat hanlygyny eýeleýärler we Kandagara girýärler. Şu ýerde-de Şuja şa diýilip yglan edilýär. 1839-njy ýylda olar Goznini eýeleýärler. Dost Muhammet Kabudan çykyp iňlislere garşy uruşa başlanam bolsa, günorta Türkistana çekilmäge mejbur bolýar.

Şuji we iňlisler Kabuly eýeleýärler. 1840-njy ýylyň başlaryna çenli iňlis goşunlary tarapyndan Gazi Kandagar, Jelalabat, Kabul eýeleýärler. Şujynyň baýnuna iňlisler birnäçe borçlary dakýarlar. Esasan iňlis goşunlaryň Owganda hemişe galmaklary barada.

Iňlislere garşy owganlaryň azat edijilik göreşi başlaýar. Gilzaýlar gozgalaň turuzýarlar.

1840-njy ýylda Dost Muhammet owganlaryň we özbekleriň goşunlaryna doýanyp iňlisleri gusyp ugraýar.

1841-nji ýylda gilzaýly gozgalaňçylar Çarikar şäherini eýleleýärler. Şohbat şäherinde (Gaziniň paýtagty ) iňlis oterýady ýok edilýär.

Kabuld-da gozgolaň turýar. 1841-nji ýylyň noýabr aýynyň 2-ne şäher ilaty iňlis gubernatory Berisiň rezidensiýasyna çozýarlar we ony öldürýärler. Kabulyň eteginde ýerleşýän iňlis goşuny gabalýar. Azat edilen şähere Dost Muhammediň ogly Agbar 6 müň goşun bilen gelýär. Kabul gozgalan bilen bir wagtda Gazidäki, Kandagardaky we Jelalabatdaky iňlis gornizonlary gabalýar.

Şujiniň goşuny dargaýar, köpüsi gozgolaňçylara goşulýar. Iňlis goşunlary ýaragyny taşlap boýun egýärler. Araçäge bary ýogy 500-600 iňlis ýetýär, ýöne olam gozgolaňçylar tarapyndan öldürilýär.

Owganlar Jelalabady gabaýarlar Kandagary zabyt edip alýarlar, gazini azt edýärler. Şuji öldürilýär.

Iňlisler jezalandyryjy ekispidisiýa iberýärler we Dost Muhammede tagty eýelemegi teklip edýärler. Ýöne şonuň üçin

ondan ogly Akbar handan iňlis goşunlarynyň wagtlaýyn owgana geçirilmegini talap edýärler. Akbar öz goşunlaryny äkidýär.

Iňlis jezlandyryjy ekspediýasy gozgolaňçylardan ýowuz öç alýarlar. Obalar, şäherler talanýar. Ilaty gyrýarlar ýöne iňlisler owganda galmaga ýürek edip bilmeýäler we ýurtdan çykyp gidýärler.

1843-nji ýylyň başlarynda häkimýete ýene-de Dost Muhammet gelýär.

Dost Muhammet owgan ýerlerinde häkimýeti dikeltmek üçin köp işleri geçirýärler. Ol Peşewary gaýtaryp alýar. Ýöne soň iňlisler Peşewary alýarlar. Iňlisler Dost Muhammedi dedemirgazyga küşgürýärler we ol Oeta Aziýanýn ep-esli ýerini eýeläp owgan Türküstany welaýatyny eýeleýärler. (50-nji ýyllaryň ortalary)1854-nji ýylyň ylalaşygy boýunça Dost Muhammet Peşewardan ýuz öwürýär. Oňa derek iňlisler Geraty we Kandagary özüne birikdirmäge Dost Muhammede rugsat berýärler. 1855-nji ýylda Dost Muhammet Kandagar welaýatyny eýeleýär we 1862-nji ýylda 10 aý gabawdab soň Gearty eýeleýär.

Dost Muhammet ölenden soň ogullarynyň arasynda göreş başlaýar. Şonda Şiraly han üstün çykýar.

Siraly han Hindistana syýahat edýär we köp täze zatlary görýär. Ýurduna gelip reforma geçirmegi ýüregine düwýär. Salgyt reformasy boýunça natural salgyda derek pul salgydyny girizýär. Harby reforma boýunça harby borçlulyk girizilýär. 60-njy ýyllaryň ahyrynda onuň goşuny (regulýar) 50 müň adama ýetýär. Döwlet häkimiýetini berkitmegi hem başarýar. Ýörite maslahatçy organy we döwlet polisiýasyny döredýär. Ol söwda we medeniýetde reformalar geçirýär. Poçta gullugy girizilýär, ýollar bejerilýär, tüpeň zawodynyň gurluşygy başlaýar. 1875-nji ýylda 1-nji owgan gazeti çykyp ugraýar.

## Owganystan XIX asyryň ahyry  XX asyryň başynda.

XIX asyryň 70-nji ýyllaryň gyşynda iňlisler iki gezek owgany boýun egdirmäge synanşyk edip ugraýarlar. Munuň üçin G.Rauminson tarapyndan ýörite plan düzülýär. Lan boýunça hindi-owgan araçäginde harby komlizisiýalary we berkitmeleri giňletmegi, owganlar britan konsulluklary we agentliklerini döretmegi (Kabula syýasy gözegçiligi etmek üçin) göz öňüne tutupdyr. Muňa taryhnamada "hüjüm" syýasaty diýilýär.

1873-nji ýylda Angliýa russiýa bilen ylalaşyk baglaşyp, owganystany öz taşir ediş zonasy diýip yglan edýär. Şeýle hem iňlisler 70-nji ýylyň başlarynda araçäkdäki puştun ýerlerini hem eýeläp ugraýarlar. Hindistanyň Kwetta begligine (puştunlar bilen araçäkde ýerleşýär). Demir ýol, telegraf çekýärler. Ýöne owgan emiri Şiraly hany olar hemişelik iňlis rezidentlerini kabul etmäge boýun edipbilmeýärler.

Şol sebäpden hem wije-korol ara Kitton Kabuldan resmi däl iňlis wekilini yzyna çagyrýar we urşa taýýarlanyp ugraýar. Şiraly han russiýa bil baglan, Angliýa boýun egmek islemändir. Ýöne Angliýa russiýa bilen mesele barada ylalaşýar. Şondan soň Litton Şiraly handan Çemberliniň ýolbaşçylygynda britan missiýasyny kabul etmegi talap edýär. Şol Çemberlin Kabulda, Balhda, Hyratda iňlis agentligini döretmäge Şiraly hany boýun etmeli eken. Ýöne emir oyn kabul etmeýär. Angliýanyň primer-ministri Bikonsfild Owganystana bu barada talap bilen ýüz (ulitimatum) tutýar. Onuň jogabyna garaşmanam 35 münlik iňlis goşunyny 1878-nji ýylyň noýabr aýynda hüjüme başlaýar. Haýber jümesinde berk garşylyk görýärler. Ýöne 1879-njy ýylyň ýanwar aýynda iňlisler Jelalabady eýeleýärler. Kanbula tarap süýşüp ugraýarlar. Şol sebäpden hem Kabulda howsalaly ýagdaý we bulam-bujarlyklar başlaýar. Käbir hanlar Şiraly hanyň garşysyna çykypdyrlar. Ýagny iňlisleriň talaplaryny ýerine ýetiripdirler. Emma Şiraly han ogly Ýakup hany

Kabulda goýup mazara şerife gidýär we Fewral aýynyň 20-ne, M-Şerifde ölýär. Ýakup han bolsa iňlislere agressiýany bes etmek barada, eger şeýdilmese halkara kongresini çagyrjakdygyny ýazýar. Russiýa hem iňlisleriň hereketi sebäpli nota berýärler.

Ýakup han iňlislere garşy göreşi bes edýär we 1879-njy ýylyň maý aýynyň 26-na Gandamak diýen ýerde (Kandagar taraplarda) parahatçylykly şertnama baglaşmaga mejbur bolýar. Şertnama boýuça Owganystanyň daşarky gatnaşygynda mahrum bolýar. Kabulda ýörite rezident bellenilýär. Emire bolsa ýylda 600 müň rupiýa pensiýa berilýär. Urşuň birinji etapy gutarýar.

Ýöne halk boýun egmeýär. Mollalar halky göreşe çagyrýarlar. Muň iri hanlaryň hem käbirleri goşulýarlar. 1879-njy ýylda Owgan soldatlary Kabulda gozgalaň turuzýarlar. Iňlis rezidentligini ýok edýärler. Ýakup han ötünç sorapwije-korola ýüzlenýär.

Iňlisler general Robertsi iberýärler. Onuň öňünden Şiraly hanyň serkerdesi Muhammet han goşun bilen çykýar. Iňlisler ýeňilýär. Owgan goşunlary Gazin tarapa çekilýärler. Robertsi şondan soň paýtagty eýeleýär. Ol Ýakup hany çäre görmänligi üçin agdaryp Hindistana sürgün edýär.

Gaznide antiňlis toparlar Şiraly hanyň generaly Muhammet jan han bardagyň ýolbaşçylygyna goşun ýygnalypdyr. Oňa uly ulama Din Muhammet ýardam berýär. Soň Muhammet jan han bardagyň goşunyny Owgan Türkistandan hem goşun gelip goşulýar. 1879-njy ýylyň ahyrlarynda olar Kabula süýşüp ugraýarlar. Söweşden soň Kabuly eýeleýärler. Ýöne Hindistandandan kömek gelen soň Muhammet jan han Kabuldan gidýär.

1880-nji ýylda iňlisler Gazini alýarlar. Munuň bilen bir hatarda iňlisler Owgana täze hökümdaryny görkezýärler. Russiýada gözläpdir. Şol adamyň dost Muhammediň agtygy, Şiraly hanyň doganynyň Abdyrahman bolup çykýar. Ol bir

wagt Owganystandan gaçyp Buhara emirligine giden eken. Ana şol Owganystana gaýdýar.

Owganystanda-da iňlislere garşy göreş ýatmandyr. Firadyň häkimi Aýgök han ýiti garşylyk görkezipdir iňlise. Ýöne iňlisler Abdyrahmany ykrar edipdirler. Şeýle hem iňlis rezident goýmaly däl, goşun goýmaly däl, içki işine gatyşmaly däl. Abdyrahman öz gezeginde Angliýadan başga döwlet bilen gatyşmajakdygyny söz berýär.

1880-nji ýylda Maýwandda Aýýub han iňlisleri ýeňýär. 1938-nji Kabulda ýadygärlik gurulýar. Aýýup Kandagary gabaýar, soň Hyrada gaýdýar. Aýup Kandagary eýelejek bolýar, bolmaýar. Aýup rahman Hyrady eýeleýär.

Abdyrahman han (1881-1901) Owganystany doly eline alýar.Ol merkezi häkimiýete garşy çykýanlary ýok edýär. Söwda üns berýär. Owgan ružesini girizýär. Ýeke-täk pul Owganda bolýar. Ol Demirgazygyň owganlary göçüripdir. Hyratlylary Murgaby we Badgisa. Abdyrahman han Hindiguş daglarynyň günorta ulgamlarynda ýaşaýan Kapiristany hem boýun egdirýär. Yslama salýar (ýazyçniki) we Nurystan diýlip atlandyrylýar. Ol ministrlikleri: maliýe, söwda, ýustisiýa, jemgyýetçilik işleri, polisiýa, döwlet kanselýariýasy döredilýär. Bilim we saglygy saklaýyş wedomstwalary hem bolan. Ýöne Abdyrahman han Hind deryasynyň sag kenaryndaky puştun ýerlerini alyp bilmändir.

Daşary syýasatda Angliýanyň täsiri güýçli bolan. 1885-nji ýylda Angliýanyň günäsi bilen Daş köpri söweşi bolýar. 1885-nji ýylda Russiýa bilen Owgan araçägi Tejen-Amyderýa aralygynda çekilýär.

1893-nji Mortiler Dýurangyň ýolbaşçylygynda iňlis missiýasy gelýär. Owgan-Hindi araçägini çekmek üçin, şol kö puştun ýerleri iňlislere geçýär. Araçäge ``Dýurandyň missiýasy`` diýýärler. Şol araçäk Süleýman dag gerişleri boýunça geçýär. Netijede Abdyrahman han utulýar.

Hindistanda galan puştunlar birnäçe gezek gozgalaň turuzýarlar.

XX asyryň başlarynda Owganystan belli derejede Angliýa garaşly döwlet bolan. Özem ýapyk döwlet bolan Ýewropalylar diňe emiriň rugsady bilen ýurda gelip bilipdirler. Owganlaram ýörite rugsat bolmasa (ony almak kyn) gidip bilmändirler.

Şu döwürde owgan barada iňlis harytlary bilen doldyrylypdyr. Şol döwürler Germaniýa hem aralaşyp ugrap Öňdebaryjy ideýalar hem ýaýrap ugrapdyr. Olar köne düzgünleriň ýatyrylmagyny talap edipdirler.

1801-nji ýylda Abdyrahman ölensoň, tagta ogly Habibulla gelýär (1901-1919). 1903-nji ýylda ilkinji dünýewi okuw jaýy Habibis liseýi açylýar. Oňa orta gatlaklaryňam çagalary girip bilipdir. Köşkde Ýewropa eşigi girizilýär. Habibulla iňlis subsidiýalaryndan başda boýun gaçyrypdyr. Ýöne Dekiň iňlis missiýasy gelensoň atasynyň gol çeken dokumentlerine ygrarly bolan.

Şol döwürler täze ideýalaram ýaýraýar. Konstitusiýa we reformalar ugrunda çykyş edipdirler. Ilki çykyş eden Habibiýäň müdiri Abdyl Gany bolupdyr. Şu liseýiň töwereginde - ``ýaş owganlar`` döreýär. Olaryň ideology Muhammet beg Tarzy bolan. Olam baranzaý taýpasynyň Muhammetzaý tiresinden bolupdyr. Dost Muhammedem şol taýpadan. Köp wagtlap ol emigrasiýada (Eýran, Yrak, Siriýa) bolupdyr. Ol antimonopolist bolan. Prosweşeniýe barýan ýol ol magaryfda sengatada ylymda tehnikada we yzygalaklyga garşy göreşde göreşipdir. ``Ýaş owganlar`` Habibullaň işçi ogly Amanullaň töwereginde jemlenipdirler.

Şol döwürler köne owganlar hem bolupdyr. Olar köne tertipli düzgüniň tarapdary bolupdyrlar. Olaram iňlisleri ýigrenipdirler. Sebäbi Angliýa bilen täze düzgünler geler öýdüp gorkupdyrlar. Habibullany hem hetdenaşa modernisrt hasaplapdyrlar. Köne owganlar Emiriň insi Nasrulla

ýolbaşçylyk edendir. Urşuň ön ýany olar Germaniýa we Türkiýä simpatiýe bidiripdirler.

Türk soltanynyň Angliýa we Russiýa garşy uruş yglan etmägi owganlara uly täsir eden.

Türkiýe fon Nidermir awtro-türk missiýasy düzülýär. Missiýa Eýranyň üsti bilen Kabula gelýär. Nusrulla we Amanulla, soňam emir bilen duşuşýar. Bu missiýa Habibullany Germaniýa bilen şertnamaly baglaşmaly yrmak başardýar. Şol boýunça nemesler we türkler owgan goşunyny reorganizasiýa etmäge gatnaşmaly.

Missiýanyň owganda bolan mahaly serhetýaka puştunlaryň (momont, host) gozgalaňam bolýar. Britan hökümetine german-türk missiýasyny kowdurmak başardýar. Oňa derek olar Habybulla subsadilary köpeltmegi wada edýärler. Şeýleleikde german-türk missiýasy iş bitirip bilmän 1916-njy ýylda (maý) Owgandan gidýär. 1917-nji ýylda Habibulla goşunlaryny Hindi-owgan araçägine geçirýär. Ýöne kömege derek, olary urşy bes etmäge çagyrýar. Iňlislerem puştunlaryň gozgalaňlaryny basyp ýatyrypdyrlar.

## Eýran XVII-XIX asyrlarda.

XVII asyryň ortalarynda we XVII asyryň ikinji ýarymynyň başlarynda Sefewileriň döwletiniň ykdysady ýagdaýy ösýän şertlerde bolupdyr. Emma XVII asyryň 70-nji ýyllardyndan ilki oba-hojalygynda, soňra senetçilikde we söwdada ykdysady krizisiň alamatlary ýüze çykyp ugraýar. Ýuwaş-ýuwaşdan suwaryş desgalary dargap ekerançylyk ýerleri azalyp, ilatyňň sany kemelip ugraýar. XVII asyryň ortalarynda Eýranda feodal önümçilik gatnaşyklary agalayk etmegini dowam etdiripdir. Eýranda köp ýaýran ýerler döwlet ýerleri ýa-da diwany bolupdyr. Şonuň hojalgynyň ýerleri – hasseniň möçberi artypdyr. Döwlet emeldarlaryna, welaýatlaryň hökümdarlary, taýpa serdarlary döwlet ýerleriniň

hasabyna tiul ýerleri berilipdir. (wagtlaýyn şertli ýerler.) Wakf ýerleri hem köp bolan. Kem-kemden mülk ýerleri ýa-da arbaby hem artypdyr.

Daýhanlaryň umuman öz ýerleri bolmandyr. Şonuň üçin hem kärende şertlerinde ýer eýeleriniň ýerlerinde işläpdirler. Ýerden alynýan önüm daýhan bilen ýer eýesiniň arasynda bäşe bölünipdir: ýer üçin, suw üçin, tohum üçin, iş maly üçin we işçi güýji üçin. Şol sebäpden hem daýhana önümiň ýary, üçden biri, kä halatlarda bäşden bir bölegi galypdyr. Bulardan başga-da iş borçlaryny ýerine ýetiripdir: ýol gurluşygynda, kanal, gala gurulanda, şeýle hem goşun üçin azyk we iýmit tabşyrmaly, ondan oňa geçip ýören hökümet emeldarlaryny eklemeli bolupdyr.

Oturymly daýhanlardan başga-da ýurtda köp sanly çarwalar – ilat bolupdyr. Maldarçylyk bilen meşgullanypdyr.

XVII asyryň ahyrynda döwletiň başynda häkimiýeti çäklendirilmedik şa durupdyr. Döwleti dolandyrmak üçin şa weziri we döwlet dolandyrylyşynyň ýokary wezipeli adamlaryny belläpdir. Serkerdebaşy hem şu tarapyndan bellenilipdir.

Ýurt administratiw taýdan patyşa degişli bolan oblastlary hasse we diwana degişli oblastlara bölünipdir. Bu oblastlary: hasse oblastyna şu tarapyndan bellenilýän Weli, diwany oblasty bolsa begler begi dolandyrypdyr. Jemgyýetde ruhanylar uly abraýdan we täsirden peýdalanypdyrlar. XVII asyryň ahyrynda olar şa köşgünde-de uly täsirden peýdalanypdyrlar.

Eýranyň demirgazyk-günbatary we gündogary asuda bolmandyr. Sebäbi şol ýerlerde esasn sünnüler şaýylaryň häkimiýetine häli-şindi oppozisiýalar durupdyrlar. XVIII asyryň başlarynda Sefewi Eýrany çuň krizise düşüp ugraýar. Şol krizis birinji nobatda

1) Ykdysadyýetiň çökmeginde, salgydyň iki-üç esse artmagynda

2) Döwlet apparatynyň gowşamagynda para-peşgeşiniň güýçlenmeginde
3) Milli sosial we dini duşmançylygyň güýçlenmeginde

Sefewi döwletiniň gowaşamagyndan Owganlylaryň gilzaý taýpasy peýdalanýar. 1709-njy ýylda sefewilerden bölünýärler. 1722-nji ýylda gilzaýlar Mir Mahmydyň ýolbaşçylygynda 20-30 müňlik goşun bilen Eýrana çozýarlar we 1722-nji ýylyň oktýabr aýynyň 22-ne Yspyhany eýeleýärler. Sefewi şasy soltan Huseýin (1694-1722) agdarylyp Mir Mahmyt Eýranyň şasy diýip yglan edilýär. Eýranyň demirgazygynda Soltan Huseýiniň ogly Tahmasp özüni şa diýip yglan edýär we güýç ýygnap ugraýar.

Şol ýylda Turkiýa Eýrandan Tahmasi we Eýranyň demirgazyk-günbatar bölegini eýeleýärler. 1722-nji ýylda Pýotr hem Pars ýörüşini gurnaýar.

Owganlara garşy güçler ýuruň demirgazygynda Mazenderandi ýerleşipdirler. Oňa Nedir han ýolbaşçylyk edipdir. 1729-njy ýylyň sentýabr aýynda owganlar Damganyň eteginde Nedirden ýeňilip Yspyhana gaçýarlar. Umuman 1730-njy ýyla çenli owganlar Eýrandan çykarylýar. Şondan soň Nedir Eýranyň hökümdaryna öwrülýär. Ol 1730-35 ýyllarda türkleri basyp alan ýerlerinden çykarýar. Umuman ol 1736-45-nji ýyllarda köp ýerleri eýeleýär. 1747-nji ýylda öldürilýär. Ýurt birnäçe knýazlyklara bölünýär.

1760-njy ýýla çenli Günorta Eýrandaky Zendi taýpasynyň serdary Kerim han zenda baryp Eýrany birikdirmek başardýar. Onuň döwründe ýurt birneme dikelýär. Ýöne Kerim han öenden soň 1779-njy ýylda ýene-de içki uruşlar başlaýar. 1794-nji ýyla çenli Agamuhammet han tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän gajarlar taýpasy bütin Eýrany birikdirýär. 1795-nji ýylda Gruziýa çozýar. Şu ýörişden soň 1796-njy ýylda Agamuhammet han özüni şa diýip yglan edýär we Gajarlar dinastiýasy başlaýar. Şindi 1785-nji ýylda olaryň paýtagty Tähran bolýar. 1797-nji ýylda Agamuhammet dildüwşükde

öldürilýär. Tagta onuň doganynyň ogly Fethali şa (1797-1834) çykarylýar.
XVIII asyryň ahyrlaryndan Angliýanyň, Fransiýanyň, Russiýanyň, Eýranyň içki işlerine gatyşmaklary başlaýar. 1804nji ýylda rus-eýran urşy başlanýar. Sebäbi hem Zakawkaziýe. Bu uruşda Eýrana Fransiýa kömek wada edýär. Sebäbi Angliýa antinapaleon soýuzyna garşy Russiýanyň tarapyny tutýar. Fransuzlar Eýrana instruktor iberýärler. Ýöne Tilzit şertnamasyndan soň (1807) Eýran iňlisler bilen ýakynlaşyp ugraýar. Angliýa instuktor, ýarag berýär. 600 müň tümen subsidiýa berýär. Ýöne frank hem-de iňlis kömekleri peýda bermeýär. Orslaryň 1812-nji ýylyň oktýabr Aslanduzda bolan söweşde ýeňilýär we 1813-nji ýylyň oktýabr aýynyň 12-ne Gülistan şertnamasy boýunça Dagistana, Gruziýa we Häzirbgjana umudy puç bolýar.
1826-nji ýylyň iýul aýynda Eýran goşunlary ýene-de orslara garşy urşa başlaýar. Goşuna Fatali şanyň ogly şazada Abbas Mürze ýolbaşçylyk edýär. Ýöne olar ýeňilýärler we Ýerewany Töwrüzi,Hoýy Maranda galdyryp gidýärler. Fewral aýynyň 10-yna 1928-nji ýylda Türkmençaý şertnamasy baglaşylýar. Şertnama boýunça araçäk Araks derýasy boýunça içirilýär. Eýran 20 mln. rubl kontribusiýa tölemeli bolýar. 1829-njy ýylyň fewral aýynyn 11-ne Griboýedowyň ýolbaşçylygyndaky rus missiýasy dargadylýar we öldürilýär.
1834-nji ýylda Fatali ölenden onuň agtygy (Abbas Mürzäniň ogly. Muhammet şa bolýar. (1834-1848)
XIX asyryň 40-njy ýyllarynda iňlisler Hyrady eýelemäge hyýallanýarlar. Şonuň üçinem orslar Muhammet şa Hyrada gabaýar. Muňa jogap edip iňlisler Pars aýlagynda Harg adasyny eýeleýärler we 1838-nji ýylda Eýran bilen gatnaşygy kesýärler. Eýran gorkusyna olaryň talaplaryny (Hyratdan gaýtmagy) we Türkmençaý ýaly şertnama (eksterritoriallyk, söwda ýeňillikleri) baglaşmak talap edýärler. Talap ýerine ýetirilýär. 1841-nji ýylda gatnaşyk ýola goýlup, şertnama baglaşylýar,

eksterritoriallyk, 5% gümrük, söwda ýeňillikleri. 1856-nji ýylda şeýle şertnama ABŞ bilen hem baglaşylýar.
Kapitulýasiýa režimiň girizilmegi daşary ýurt kapitalynyň Eýrana akmagyna oňaýly şert döredýär.
XIX asyryň 40-njy ýyllarynda Zenjanda, Töwrizde, Yspyhanda, Ýezdde we başga welaýatlarda dagynyk halk çykyşlary bolup geçipdir. Bu çykyşlaryň başynda babitleriň şaýy sektasy durupdyr. Bu sektany esaslandyryjy şirazly mata söwdagäri Seýit Aly Muhammet bolupdyr. Ol başda 12-nji şaýy ymamy Mätini gelmegini wagyz edýän şehitler iktasyna giripdir.
1844-nji ýylda Aly Muhammet özüni Bab diýip (bab-girelge (gapy jennetiň, dowzahyň) manysyny aňladyp Mäti şol gapydan öz erkini , islegini adamlary beripdir ) atlandyrylýar. 1847-nji ýylda bolsa özün Mäti diýlip yglan edilýär. Ol öz taglymatyny "Beýan" atly kitapda görkezilipdir.
Baby Muhammet tarapyndan çykarylan kanunlar we düzgünler köpeldi, şonuň üçin hem olary täzeleri – "Beýandakylar" bilen çalyşmaly diýipdir. "Beyanda" ähli adamlaryň deňligi, Eýranyň möhüm oblastlarynda Häzirbegjanda, Mazenderanda, Parsda, Horasanda mukaddes patyşayklary döretmek barada aýdylypdyr. Ähli baby däller kowulmaly, emläkleri bolsa babylaryň arasynda paýlanylmaly diýlipdir. Şeýle hem Bab şahsyýeti we emlägi goramagy wagyz edipdir.
1847-nji ýylda Bab tussag edilýär. Onuň yzyna eýerijileriň bir bölegi molla Muhammet Aly Barforuş we wagyz-nesihatçysy Korrat el-Aýn we beýlekiler Babyň demokratik pikirlerini öňe sürüpdirler. 1848-nji ýylyň tomsunda babylar Mazenderanda dowam edýän kanunlaryň we düzgünleriň ýatyrylýandygyny yglan edýärler. Şeýle hem salgytlar, borçlar, hususy eýeçilik ýatyrylýar. Aýallara erkek adamlar bilen deň hukuk berilýär. Emläkler umumy diýlip yglan edilýär.
1848-nji ýylda babylar Mazenderanda gozgalaň turuzýarlar. Oňa 2000-e golaý adam gatnaşayr. Gozgalaňa Muhammet Aly

Barforuş we molla Huseýin Başruýe ýolbaşçylyk edipdirler. Ýöne 1849-njy ýylda gozgalaň ýeňilýär. Şa hökümeti gozgalaňçylaryň janyna degilmejekdigini wada edýär. Emma diri galanlaryň hemmesi jezalandyrylýar.
1850-nji ýylda Gilýanda Muhammet Aly Zenajny tarapyndan gozgalaň tuzurylýar. Gozgalaňlar Eýranyň beýleki welaýatlarynda-da turup, Nasreddin şanyň (1848-1896) weziri Mürze Tagy hanyň bellemegine görä, babylaryň sany 100 müň adama ýetipdir. Mürze Tagy han Nasreddin şa Baby öldürmegi maslahat berýär. 1850-nji ýylyň Iýul aýynda Bab Töwrüzde atylýar. 1850-nji ýylyň iýun aýynda Neýrizde-de (Parsda) gozgalaň turýar. Ýöne gozgalaň bu ýerde-de basaylyp ýatyrylýar. Gozgalaňcylaryň diri galanaryny topa salyp atypdyrlar.
Şundan soň babylar terrora ýuz uraýarlar. 1852-nji ýylyň awgust aýynda olar Nasreddin şanyň kast etmäge synanyşýarlar. Ýöne ol şowsuz tamamlanýar. Şundan soň Tähranda we başga ýerlerde babylar köpçülikleýin tussag edilipdir we jezalandyrylypdyr. Şeýlelikde babylaryň gozgalaňy ýeňilýär. Babyň şägirtlerinden Behaulla şahsy eýeçiligi sosial deňsizligiň saklamagyň tarapdary hökmünde çykyş edip başlaýar, ol milli özbaşdaklyga gozgalaň etmezlige garşy çykyş edipdir. Ol gelejekde behaizmiň düýbüni tutupdyr.
Mürze Tagy han (Emir Nyzam, Emir Kebir) özgertmeleri geçirmäge synanşýar. Ol merkezi häkimiýeti berkidipdir, ruhanylaryň täsirini peseltmäge çalşypdyr, harby we maliýe ulgamyny özgertmäge jan edipdir. Ol welaýatlardaky häkimleriň eden-etdiligine, parahorlyga garşy göreşidir. Emeldarlaryň sanyny we olara berilýän aýlygy azaldypdyr. Ol Eýranyň mili özbaşdaklygy berkitmek üçin daşary ýurtlylaryň döwletiň içki işlerine gatyşmaklaryna garşy iş alyp barypdyr. Ol Osman imperiýasynda bolanda Tanzimatyň durmuşa geçirilýändigini görüpdir we Eýranda hem şeýle çäreleri durmuşa geçirmegi maksat edinipdir. Emma Mürze Tagy hanyň

amala aşyryp ugran çärelerinden feodal we ruhany toparlary nägile bolupdyrlar. Ony Nasreddin şa ýamanlapdyrlar. 1851-nji ýylda Mürze Tagy han Nasreddin şa tarapyndan öldürilýär. Şundan soň Eýranda özgertmeler ýatyp galýar.
1851-nji ýylda Nasreddin şa Günorta Türkmenistana harby ýöriş geçirýär. Ýöne ol masgaraçylyk bilen tamamlanýar.

## Eýran Gajarlaryň dolandyran döwründe.

XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli Eýran Angliýa we Russiýa garaşly ýagdaýda bolupdyr. Daşary ýurtlara kärende ýerleriniň berilmegi netijesinde şol garaşlylyk has hem güýjäpdir. 1862-1874-nji ýyllarda iňlisler Eýran bilen telegraf ulgamlaryny gurmak barada 4 sany konwensiýa baglaşypdyr, ýagny London bilen Hindistanyň aragatnaşygyny üpjin etmek üçin. Eýranyň günorta-günbataryndaky daş ýollary Angliýa tarapyndan, demirgazygyndakylary bolsa Russiýa tarapyndan gurulypdyr we gözegçilik edilipdir. Angliýa we Russiýa Eýrana demir ýol gurmaga rugsat bermändir. 1890-njy ýylda bolsa ýörite resminama bilen Eýrany demir ýol gurmazlyga mejbur edýärler. Bu ýagday tä 1910-njy ýyla çenli dowam edipdir. Diňe I jahan urşy ýyllarynda Russiýa bilen Angliýa hersi öz gözegçilik edýän ýerlerinde uzyn bolmadyk demir ýol gurýarlar.
1872-nji ýylda iňlis raýaty baron Reýter Eýranyň şasyndan 70 ýyllyk möhlet bilen ýurduň senagat baýlyklaryny ulanmaga alýar. Ýöne halk içinde nägilelikler zerarly bu ylalaşyk ýatyrylýar. Ýöne munuň deregine şa hökümeti Reýtere Şehinşah bankyny döretmäge rugsat berýär. Bu bank pul çykarmaga monopoliýany öz eline alýar. Eýranyň zikgehanasy Reýter tarapyndan gözegçilige alynýar. 1890-njy ýylda Tähranda rus telekeçisi Polýakow Persiýa hasap-karz bankyny döredýär. Bu bank Eýranyň demirgazygynyň ykdysadyýetine gözegçilik edipdir.

1888-nji ýylda iňlis telekeçisi Linç Karun derýasynda derýa parahotçylygyny kärendesine alýar. Rus telekeçisi Liýanozow Hazar deňzinde balyk hojalygyny kärendesine alýär. 1879-njy ýylda ruslar Astrabat-Çekişler telegraf ulgamyny kärendesine alýarlar.
1892-nji ýylda Eýran hökümeti iňlis bankyndan 500 müň f.st. ilkinji daşary ýurt karzyny alýar. 1900 we 1902-nji yyllarda bolsa Russiýadan 32,5 mln. rubl karz alýar. Bu karzlar Eýranyň garaşly döwlete öwrülmegine uly täsir edipdir. Sebäbi Eýran özüne berilen karzlary wagtynda üzüp bilmeýärdi we onuň bergileriniň mukadary ýyl-ýyldan artýardy.

II

XIX asyryň ahyrlarynda XX asyryň başlarynda Eýrana getirilýän harytlaryň mukadry artypdyr. Bu bolsa ýerli senetçiligi öý senagatyny, Eýran milli buržuaziýasynyň fabrik-zawod önümçiligini tozdurypdyr. Eýrandan äkidilýän oba-hojalyk önümleriniň we çig malyň möçberi artypdyr. Ýurduň oba hojalygy indi daşary bazaryň isleglerine tabyn edilip ygrapdyr.
Diňe bir ykdysadyýet däl, eýsem Eýranyň döwlet dolandyryşynyň hem köp pudaklary daşary ýurtlaryň eline geçipdir. 1879-njy ýylda rus ofiserleri tarapyndan eýranlaryň özünden pars-kazak polky, soň brigada diwiziýa düzülýär. Ol ýeke-täk söweşjeň eýran goşuny bolupdyr. 1898-nji ýylda Eýranyň gümrükahanasyna belgiýaly Naus başlyk bolupdyr. Hat-da ol poçta ministri baş hazynaçy hem bolupdyr. Iňlislere we ruslara ýakyna adamlar ýerlerde wezipelere çekilipdir. Şol döwürler Angliýa Eýrandan käbir ýeleri (Sistanyň, Buljustan ýerleri) alýarlar. Harby deňiz güýçleri pars aýlagyny eýeläpdir.
Şol döwürler Eýranyň şasy Nasreddin şa (1840-1896) bolupdyr. Ol käbir işleri edipdir. Az-kem ýewropalaşypdyr, täze ministrlikleri, mekdepler, täze sud döredilipdir. Ýöne şaýy

ruhanylary nägile bolupdyr. Umuman Eýran yza galak ýarym feodal, ýarym kolonial döwlet bolupdyr. 1909-njy ýylda Londanda konsessiýa alnan nebitli ýerleriň esasynda IENK-iňlis eýran nebit kompaniýasy döredilýär. Eýranda salgytlar agyr bolupdyr. Onuň käbir ýerlerinde gulçulyk hem saklanyp galypdyr. 1905-nji ýylda Goçandyň häkimi salgyt töläp bilmändikleri üçin 300 gyzy ata-enesinden alyp türkmenlere satypdyr.

XIX asyryň ahyrynda Eýranyň milli buržuaz, intelligentiýasy we beýleki watançy toparlaryň arasynda buržuaz milletçilik ideýalary ugraýar. Başda bu ideýalary Eýranly emigrantlar wagyz edipdirler. Türkiýede, Müsürde, Hindistanda, “Kanun”, “Ahtar”, “Hikmet”gazetleri neşir edilipdir. Şolarda Melkum hanyň, Abdyrahym Talybowyň, Zeýnelabedin Merageýiniň eserleri çap edilipdir. Şol döwürlerde Töwrüzde, Tähranada täze dünýewi mekdepler, kitaphanalar döredilipdir. Şanyň häkimiýetini çäklendirmek, emläk we şahsyýetiň hukuklaryny goramak talap edilipdir.

Ownuk XIX asyryň ahyrynda ruhanylaryň we buržuaziýanyň içinde panyslamçy ideýalary wagyz edilipdir.

XIX asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda Eýranda gizlin watançy guramalar döräp ugraýar. 1901-nji ýylda Tähranda “Enjumene mahfi” (Gizlin enjumen) we başgalar döreýär. Olar şa emeldarlarynyň we daşary ýurtlaryn eden-etdiliklerine garşy çykyş edenler, reforma talap edipdirler.

1896-njy ýylda Nasreddin şa panyslamçy Reza Kermani tarapyndan öldürilýär. XX asyryň başlarynda Eýranda “açlyk topalaňlaram” bolup geçýär. Şeýle hem demokratik Eýrana Orsýetiň içindäki wakalaryň täsiri hem ýetip ugraýar. “othodniçestwo” bilen bagly. Başda Zakaspide işleýärler.

Eýranyň içem düzüw bolmandyr. Sosial garşylyklar ýitileşipdir. 1905-nji ýylyň Fewral aýynda Tähranda premýer Aýn-eddowläniň eden-etdiklerinden nägile bolan halkyň köpçülikleýin çykyşlary bolupdyr. Olar ýurtda “adalathananyň”

(arz-şikaýat diňlenýän ýer) döredilmegini talap edenler. Şa söz berýär. Ýöne tussag edip ugraýar.
Muňa jogap edip iş taşlaýyş, dükanlar ýakylýar. Uly ulamalar protest bildirip Kuma gidýärler, şol ýerdenem Aýneddowläniň gidirilmegini konstitusiýa we parlamentiň (mejlis) çalşyrylmagy talap edilýär.
1906-njy ýylyň iýul ayynyň 29-na Aýneddöwle otstawka iberilýär, onuň ýerine liberal Nasrulla han Moşireddowle bellenýär. Awgust aýynyň 5-ne konstitusiýasynyň girizilýändigini barada şa permany çykýar. Ýöne mejlise saýlawlar barada düzgünnamany tassyklaýar. Ýene nägilelikler güýçlenýär.
Hasam Töwrüzde uly bolýar. 1906-njy ýylyň sentýabr aýynda bu ýerde bazarlar ýapylýar. Sowdagärler, ulamalar we pomeşikler ýygnanyp Eýranda ilkinji “En Jumen” (komitet) döredýärler.
Şeýlelikde 1906-njy ýylyň oktýabr aýynyň 9-na mejlise saýlawlar düzgünnamasyny kabul etmäge mejbur bolýar. Bu saýlawa 6 gatlak 1) Şazadalar we gajarlar, 2) ulamalar, 3) aristokratiýa, 4) söwdagärler, 5) ýer eýeleri we daýhanlar, 6) senetçiler) gatnaşmaly edilýär. Ýaş we emläk senzi bolupdyr.
1906-njy ýylyň oktýabr aýnyň 7-ne Eýran mejlisiniň 1-nji ýygnagy açylýar. Oktýabr, Dekabr aýlarynda mejlis käbir ilhalar kanunlar (çöregiň maksimal bahasy kesgitlenýär, dasary ýurt karzy ret edilýär, Eýranyň milli bankynyň döredilmeginiň proekti maslahatlaşylýar iňlis we rus başlarynyň garşysyna)
1906-nji ýylyň dekabr aýynyň 30-na Muzaffareddin şa Eýran konstitusiýanysynyň bir bölegi bolan kanunlar toplumyny tassyklaýar. Ony mejlis düzüpdir. Şol kanunlar boýunça şanyň häkimiýetini mejlis çäklendiripdir. Mejlisiň ähli kanunlary we býujeti tassyklamak hukugy bolandygy olaryň ýerine ýetirilişini barlao bilipdir. Daşary ýurtdan karz alynjak ýa-da olary konsepsiýa beriljek bolsa, ýa-da olar bilen dürli şertnamalar

baglaşjak bolsa hökman mejlisiň hem razylygy bolmaly bolupdyr.
1907-nji ýylyň ýanwar aýynyň 8-ne Muzaffereddin şa ölüp ,onuň ornuna Muhammet Aly şa geçýär. Ol mejlisiň duşmany bolan we Tährana goşun ýygnap ugraýar. Şonuň üçinem Tähranda, Reşitde, Yspyhanda çykyşlar bolup geçýär. Töwrizde ýaragly gozgalaň bolýar. Şonuň üçin hem Muhammet Aly şa 1907-nji ýylyň dekabr aýynda perman çykaryp, Eýranda konstitusiýa girizmäge razy bolýar.
Ýöne çykyşlar peselmeýär. Gozgalaňlar, demonstrasiýalar, iş taşlaýyşlar ilkinji işçiler guramalary, profsoýuzlar döräp ugraýar. Köp ýerlerde “enjumenler” döreýär. Olar ýerlerde häkimiýeti ele alyp ugrapdyrlar, öz ýaragly “fedaý” otrýadlaryny (ideýa üçin jan bermäge taýyn adam) döredipdirler.
Metbugat hem güýçlenýär. 1905-1907-nji ýýlda Eýranda 350 gazet we žurnal çykan. (Tähranda 150, Töwrizde 50, Reşitde 25,Yspyhanda 30, Maşatda 10 we başg)
Mejlis umuman gowy kanunlary kabul edýär. Aristokratlaryň meselesi peseldilýär. Tiyullar ýatyrylýar, ogurluga ewe parahorlyga garşy, enjumenler barada kanunlar kabul edilýär.
Muhammmet Ali şa hem dek oturmandyr. 1907-nji ýýlda daşary ýurtda bolýan reaksioner Amin As-Kultan çagyrylyp han Möhür ed döwletiň ornuna goýulýar. 1907-nji ýylyň ýazynda we tomsynda köp ýerlerde rewalusiýa garşy fiodallaryň gozgolaňy bolýar. Tähranyň içinde-de Amin as-Sultan her hili prowikasiýalary gurapdyr. Şonuň üçin hem 1907-nji ýylyň awgust aýynyň 31-ne fedaý Abbas Ag Aly as-Sultany oldürýär.
1907-nji ýylyň oktýabr aýynyň 07-ne konstitusiýa bilen bagly möhüm resminama gol çekýär. Şol kanunlarda (konstitusiýa esasy bölegi) ähli adamlaryň kanunyň öňünde dňligi, şahsyýetiň we emlägň eldegirilimesizligi, söz, metbugat, jemgiýeler, ýygnaklkar azatlygy, şerigat sudlary bilen birlikde

dünýewi sudlar häkimýetiň üç bölünen: kanun çykaryjy, sud ýerine ýetiriji häkimýet, şulara giň häkimýet berilen. Ulamalarada giň hukuk berilipdir.

Şol döwürler daşary ýurtlar hem giňişleýýin aralaşypdyrlar. Nemesler haryt getirýär. Türkiýa, Urmiýa kölüniň töweregini alýar, 1907-nji ýylyň awgust aýynyň 31-ne iňlis-rus ylalaşygy boýunça Eýranyň demirgazygyndaky Kaspi-Sirin-Ispyhan-Yezd-Zulfagar Russiýanyň tasir zonasy, Bendar- Abbas-Kerman-Birjand-Gazik-Anglýanyň täsir zonasyna öwrülýär. Buda ýurtda nägilelikler döredýär. 1915-nji ýylda Anglýa uruşdan soň Gara deňiz bogazlarynda sen alarsyň diýip Russiýany täsir ediş sferasynyň giňeldilmegine razy edýär. Şol boýunça Angliýa Eýranyň günortasynda pozisiýasyny berkidýär. Ýagny “neýtral” zonada indi Angliýanyň täsirinde. Öň “neýtral” territoriýa Russiýanyň hem, Angliýanyň hem haky ýokdy. 1907-nji ýylyň ahyrynda Muhammet Aly şa-da öz täsirini güýçlendirmek maksady bilen Tährana goşun çekip ugraýar. Ýagny enjimenleri ýatyrmak üçin. Halk köpçüligi mejlisi enjimenleri goramak üçin 20.000 fedaý ýygnaýar. Beýleki şäherlerde M. Alyny agdarmak barada karalar kabul edilýär. Şa boýun egmäge mejbur bolýar. Şeýlelikde şa bilen mejlis ylalaşýar. Ýöne soň ýene-de garşyyk güçlenýär. M. Aly pars, kazak brigadasynyň komandiri polkownik Lýahowa 1908-nji ýylyň iýun aýynyň 20-ne mejlisi eýelemegi buýurýar. Iýun aýynyň 23-ne ol üstün çykýar. Enjimenler, mejlisçiler ýeňilýär. Köpler tussag edilýär. Netijede bar ýerde Wensiýa ýeňýär.

Şondan soň rewalusion Töwrize geçýär şol ýerde tomus gozgolaň bolup, häkimýet Settar bilen Bagiriň eline geçýär. Olayň ýolbaşçylygynda 1908-nji ýylyň Oktýabr aýynda Töwrizden şanyň tarapdarlary kowulýar. 1909-njy ýylyň Türkmnbaşy aýynda Yspyhanda hem konistitusiýanyň tarapdarlary ýeňilýär. 1909njy ýylyň fewral aýynyň 8-ne Reştde hem gozgaloň bolup häkimýet konisitusiýanyň tarapyna geçýär. Mart aýynda Bendir-Abbassda, Buşird-de alýarlar.

Şundan soň Anglýa bilen Rusiýa çozup girýarlar. Ruslar Töwrizi eýeleýärler. Ýöne Settar bien Bagiri tussag etmäge we Enjumini ýatyrmaga gorkýarlar.
Töwriz gozgolaňy we şa garşy hereketler Muhammet Alini abraýdan düşürýar. 1909-njy ýylýň iýul aýynda demirgazykdan gilýan fedaýlary, günortadan hem Bagtyýar otrýadlary Tährana ýörüş edip ony ýeleýärler. Muhammet Aly agdarylýar, onyna kämillik ýaşyna ýetmedik Ahmet yglan edilýar.
1906-1907 ýylda konstitusiýa dikeldilýar. Sepahtaryň ýolbaşçylygynda wagtlaýyn hökümet döredilýär. Muhammet Ali bolsa 100 müň tümen pensiýa alyp daşary ýurda gidýär.
Ýöne Sepahtara hem kynçylykdan çykmak başartmaýar. Şonuň üçin hem onuň ornuna 1910-njy ýylyň iýul aýynda Mostwowfi al-Mamolegň ýolbaşçylygynda täze hökümet döredilýär. Bu hökümet rewolýusiýa garşy hereketelri alyp barypdyr. Bagtyýar oturýadlarynyň hem-de Ýefrem Dowidýans (daşnak) tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän ýerli polisiýa 1910-njy ýylda Tährandaky fidaý otrýadlaryny ýaragsyzlandyrýar.
Soň Mostafi al- Mamalegiň ornuna ýene-de Sepahtar gelýär. Mostoufi- Germaniýa, SepahtarAngliýa ýykgyn edenler. 1911-nji ýyldan Sipahtar Angliýadan 1mln. 250 müň funt sterling karz alýar.
Ruslar hem dek oturmaýar. Olar Muhammet Aliniň Kaspiň göndogar kenaryna-Kümüşdepä gitmegine mümkinçilik berýärler. Ol bu ýere gelip (1911-iň tomsunda) türkmenlerden uly otrýad ýygnap Tährana ýörüş edýär. Ony şahsewen (şasöýenler) hanlary hem goldoýarlar. Emma 1911-nji ýylyň güýzünde onuň goşunlary derbidagyn edilýär.
Şundan soň Angliýa bilen Russiýa Eýrana doly eline alyp ugroýarlar. 1911-nji ýylyň noýabr aýynda Russiýa , Azerbeýjana, Gilýana we Horasana uly goşun salyp, meýletin fedaý goşunlaryny derbi-dagyn edilýär we rewolusiany demirgazykdan basyp ýatyrýar. Tähranda daşnak Ýefrem ejnumenleri, mejlisi, çepci gazýetelri ýok edýär. Günortada

rewolýusiany Angliýa basyp ýatyrýar. Netijede 1905-1911-nji ýylda Eýran rewolusiýasy ýeňilýär.

1914-nji ýylyň noýabr aýynyň 2-ne Eýran özüni bitarap diýip yglan edýär. Ýöne uruşýanlar ony bozýarlar. 1914-nji ýylyň noýabr aýynda türkler Eýran Azerbaýjana çozup girýärler, Hoýy Urmiýany, Töwrizi eýeleýärler. Ýöne ruslar 1915-nji ýylyň ýanwar aýynyň 31-ne türkleri Töwrizden çykarýarlar soň uruşlar German-türk we rus-iňlis toparlarynyň ararsynda Eýranyň günbatarynda (Hemadan, Kirmanşah, Hanekin) bolýar.

Nemis agentleri hem uly iş alyp barypdyrlar. Germanlar ruslar, iňlisler kowulan soň Eýranlylara garaşyz döwlet wada edipdirer.

Eýran buržuaz milleçileri hem ( olar 3-nji mejlisde köp ekener) Awstro german türk blogyny goldap. Hatda Mostoufi al-Mamalek hem simpatiýa bildripdir. 1915-nji ýylyň noýabr aýynda ol iňlisler, ruslar bilen birlikde beýleki tarapa uruşa girmekden ýüz öwürýär, gepleşk hem geçirmek islemeýär. Şundan soň patyşa goşunlary Tährana ýörüş edýär we Ahmet şa rus, iňlis basyşyna çydaman Mostoufini boşadýar r we 3-nji mejlisi dargadýar.

Mejlisiň käbir deputatlary we käbir öňki ministerler Kuma gidip, Eýranyň “wagtlaýyn milli hökümetini” döredýärler. Soň rus hüjümleri zerarly Hemedana geçýär. 1916-nji ýylyň başlarynda yza çekilýän türk goşunlary bilen Turkiýa gidýär.

1917-nji ýylyň başyna çenli Eýramyň demirgazygyndan tä Yspyhana çenli rus goşunlary tarapyndan eýelenýär. Angilýa bütin günorta Eýrany eýeleýär. Ruslar, iňlisler mallary, azygy rejeläpdirler. Bu bolsa halky aýaga galdyrypdyr. Gilýandar Kuçek hanyň ýolbaşçylynda jeňjelçiler döräpdir we rus okkupasion goşunlaryna garşy uruşupdyrlar. Umuman birinji jahan urşy Eýrany tozdurypdyr.

## Osman imperiýasy XVII – XIX asyrlarda.

Täze taryha geçilỳän döwürde Osman imperiỳasynyń ỳewropa döwletlerinden yza galyp başlandygy mese-mälim bildirip ugraỳar. Ỳewropada (Angliỳa, Gollandiỳa) burźuaz düzgünler berkarar edilỳän döwründe Türkiỳede feodal düzgünler has berkeşipdir.

Ỳöne imperiỳanyń harby kuwwatynyń berk bolmagy ońa ummasyz köp ỳerleri saklamaga mümkinçilik beripdir. Ỳurduń gowşamagy öńi bilen ykdysadyỳetde bolỳan özgermeler sebäpli bolupdyr.

XVII asyryń ortalaryndan sipahi ulgamy dargap ugraỳar we bu ỳagdaỳ ỳurduń jemgyỳetçilik we hojalyk durmuşyna uly täsir edip başlaỳar. Mysal üçin, ol ỳurduń harby kuwwatynyń we merkezi häkimiỳetiń ỳerlerdäki abraỳynyń peselmegine getiripdir. Netijede Türkleriń Ỳewropadaky basybalyşlary, harby oljalary azalypdyr, ỳerlerde separatizm güỳçlenipdir.

Diỳmek sipahi ulgamy transformirlenỳär, ỳagny timariotlar öz gulluk ỳerlerini öz hususy eỳeçiligine öwrüp başlaỳarlar. Netijede timar şertli eỳeçilik häsiýetini ỳitirip, hususy eỳeçilige öwrülip ugraỳar.

XVII-XVIII asyrlarda Anatoliỳada we Balkanlarda ỳüze çykyp ugran täze agrar gatnaşyklar hususy eỳeçilik meỳilleriń güỳçlenmegi bilen häsiỳetlendirilỳär. Şol meỳillere mysal edip köp ỳaỳran hususy eỳeçilik ỳerleri bolan çiftlikleri görkezmek bolar.

Çiftlikler dürli ỳollar bilen kemala gelipdirler. Mysal üçin, XV-XVI asyrlarda Türk daỳhanlarynyń (raỳatlar) nesilden-nesle geçỳän durnukly eỳeçiligi bolupdyr. Emma sipahi ulgamyń (timarlar) dargap başlamagy bilen raỳatlaryń ỳer eỳeçilik hukuklary hem gysylyp ugraỳar. Ỳöne bu oba ilatynyń ỳerden mahrum bolmagyny ańlatmandyr. Sebäbi çiftlikleriń eỳeleri daỳhanlary ỳerden kowjak bolmandyrlarda, olary kärendeçilere

(ülüşçilere) ỳa-da günlükçilere öwürmäge çalşypdyrlar. Olara tapu diỳilip atlandyrylỳan resminama berilip, şol boỳunça daỳhanlar berlen ỳeri işläp bejermegi nesilden-nesle geçirmäge hukuk alypdyrlar. Ỳöne tapudan mahrum bolan daỳhan öz durmuş derejesini ỳitiripdir.
Çifitlikler esasan Anadolynyń we Balkanlylaryń uly şäherler bilen baglanşykly ỳerlerinde tiz döräpdir. Sebäbi ol ỳerlerde oba hojalyk önümlerine isleg ỳokarydy. Sońra ỳerleri ekinlere ỳöriteleşdirmek hem giń ỳaỳraỳar.
Oba hojalyk önümleriń bahalary XVII asyryń ortalaryna çenli peselipdir we tä XVIII asyryń ahyryna çenli bir durkuragynda durupdyr, özem oba hojalygy XVI-XVII asyryń sepgitlerindedäki açlygy ỳeńip geçmegi hem başarypdyr.
Hazyna gelỳän girdeỳjiler ỳyl-ỳyldan azalypdyr. Mysal üçin XVIII asyryń ortalarynda käbir maglumatlara görä hazyna gelmeli girdeỳjiniń dińe 1/5 bölegi gelipdir. Sebäbi öńler salgyt ulgamynda "döwlet-daỳhan" ỳörelgesi dowam eden bolsa, ol indi "ỳer eỳesi-daỳhan" ỳörelgesine öwrülipdir.
Döwlet girdeỳjileriniń azalmagy gymmatly metallaryń gytçylygyny döredipdir. Eger-de 1652-nji ỳylda döwlet hazynasyndaky pul ỳetmezçiligi 120 mln akça bolan bolsa, 1661-nji ỳylda ol 175 mln akça ỳetipdir. XVII asyrỳn ahyrynda döwletiń çykdaỳjylary girdejiden 1,5 esse artyp, pul ỳetmezçiligi 200 mln akça ỳetipdir. Şol sebäpden hem salgytlar artypdyr. Käwagtlar uruş we başga sebäplere görä salynỳan salgytlar indi yzygiderli salynypdyr.
Iltizam diỳilip atlandyrylan otkup ulgamy giń ỳaỳrapdyr (mogollarda zemindary). Salgyt ỳygnamaklyk auksionda satylypdyr. Porta (hökümet) baha kesipdir, özem alynjak salgyda laỳyk edip we kim köp berse şońa satỳarlar. Ỳaman ỳeri iltizam 1-3 ỳyl möhlet bilen berilipdir. Netijede girdeji aljak bolup iltizamçy daỳhanlary halys tozdurypdyr.
Şeỳle kynçylykly döwürlerde Türkiỳede özgertmeleri geçirmäge hem synanşyk edilipdir. XVII asyryń ikinji

ỳarymynda beỳik wezir Mehmet paşa Köprüli berk we aỳgytly çäreleri geçirmeli bolupdyr. Sebäbi ỳörişler üçin täze serişdeler gerek bolupdyr. Ol sipahi ulgamyny dikeltmäge çalşypdyr. Emma timar ulgamynyń dargamagy sipahileriń söweş urybyna ýaramaz täsir edilipdir. Sebäbi olar her hili ỳollar bilen uruşmak islemändirler. Beg nökerleriniń sanynyń azalmagy we onuń gowşak harby endikleri Portany ỳanyçar goşunyny artdyrmaga mejbur edỳär. Ỳöne ỳanyçar goşunynda-da köp üỳtgeşmeler bolup geçipdir.Ońa salgyt tölemejek bolup şaherliler, senetçiler, söwdagärlerem alnypdyr. Bu bolsa ỳanyçar goşunyny gowşadypdyr.

Mehmet paşa timaratlaryń arasynda berk düzgüni ỳola goỳmak üçin köpçülikleỳin jezalandyrmalardanam gaỳtmandyr. Şeỳlelikde ownuk gulluk ỳerleriniń we begleriń atly nökerleriniń sany artypdyr.

XVIII asyryń başlarynda Türkiỳede Günbataryń tejribesini öwrenmek meỳilleri döräp ugraỳar. Sebäbi olar özleriniń uza galyp barỳandyklaryny duýup ugraỳarlar. Olar esasan hem ỳewropalylaryń harby gämilelerine, ok-ỳaraglaryna, inženerçilik gulluklaryna isleg bildirip ugraỳarlar. Şol meỳiller asly wenger, yslamy kabul eden Ybraỳym Müteferrik özüniń 1725-nji ỳylda ỳazan we bada-bat Porta berilen “Halklary ỳola salmagyń parasatly prinsipleri” diỳen işinde öz beỳanyny tapypdyr. Ỳöne goşuny “gäwür” ulgamy boỳunça kämilleşdirmek berk garşylyga sezewar bolỳar. Şol sebäpden hem bu iş örän haỳal gidipdir. Şol döwürler harby mekdep döredilip, ofiser kadrlaram taỳyarlanyp ugraỳar. Ỳöne ol bary ỳogy 10 ỳyl işläp, ỳapylỳar.

1727-nji ỳylda tipografiỳada açylỳar. Emma ol hem ylym-bilim babatda köp peỳda getirse-de, Ybraỳym Müteferrik ölenden soń ỳapylỳar.

XVIII asyryń ahyrlary Osman imperiỳasy üçin örän kyn döwür hasap edilýär. Ol Ỳewropadaky basyp alan ỳerlerini elden giderip ugraỳar. Hat-da şol döwrüń köp syỳasy işgärleri

“Tiz wagtdan Osman imperiỳasy dargar” diỳip heşelle kakypdyr.

Ỳöne Osman imperatory Selim III (1789-1807) döwleti krizisden alyp çykmagy başarỳar. Onuń geçiren özgertmeleriniń esasy maksady söweşe ukyply we güỳçli goşunyń kömegi bilen merkezi häkimiỳeti berkitmek bolupdyr. Onuń özgertmeleri taryhda “Nizami-I-Jedid” (täzelenen gurluş) ady bilen bellidir.

1792-1783-nji ỳyllarda Selim III tarapyndan çykarylan permanlar “köşk atyjylar” korpusyny döredilmegini, hökmany harby okywyň geçirilmegini, ähli harby bölümlerde berk düzgüniń ỳola gogolmagyny, täze flotyń döredilmegini, harby mekdepleriń açylmagyny göz öńüne tutupdyr. Bu işleri etmek üçin daşary ỳurtly adamlary (fransuz) çagyrypdyrlar. Goşuny üỳtgedip gurmaklyk täze ỳarag we ok-däri zawodlarynyń gurluşygyny hem talap edipdir.

Bu çäreler dińe Selim III-niń imperatorlyk eden başky ỳyllarynda üstünlikli bolupdyr. Ỳöne soń ỳatyp galỳar.

Selim III-den soń özgertme geçirmäge Rumeliỳanyń aỳany (musulman) Mustafa paşa Baỳraktar synanyşyk edỳär. 1807-nji ỳylda konserwatiw pikirli Mustafa IV-ni öz goşunlary bilen gelip agdarỳar we Mahmyt II-ni tagta çykarỳar. Baỳraktar “Nyzamy-jedidi” dikeltmäge synanyşỳar, sebäbi ol baş wezir bolupdyr. Selim III boỳun egmeỳanleri güỳç bilen boỳun egdirmäge synanşan bolsa, Baỳraktar uly aỳanlary çagyryp, “soỳuz şertnamasyny” baglaşmaga synanyşỳar. Emma weziriń bu hereketleri netije bermeỳär we ol ỳanyçar topalańlarynda öldürilỳär.

Osman imperiỳasy gürrüňi edilỳän döwürlerde işjeń daşary syỳasat alyp barypdyr. 1645-1669-njy ỳyllarda Osman türkmenleri Krit adasyny eỳeläpdirler. 1672-1676-njy ỳyllarda Polşa ,1678-1681-nji ỳyllarda Osman imperiỳasy Russiỳa bilen Ukrainanyń üstünde uly uruşlary alyp barypdyr. Şunda türkmenler Sagkenar Ukrainanyń köp ỳerlerini eỳeleỳärler.

Bakjasaraỳ şertnamasy boỳunça 1681-nji ỳylda Russiỳa bilen araçäk Dnepr derỳasy boỳunça geçipdir.

1683-nji ỳylda osman türkmenleriniń goşunlary Gara Mustafa paşanyń serkerdeliginde Wengriỳa kömek bermek üçin Awstriỳa garşy uruşa girỳär we Wenany gabaỳar. Awstriỳalylara Polşanyń patyşasy Ỳan Sobeski kömege gelỳär we 1683-nji ỳylda osmanly türkmenler Awstriyany taşlap yza çekilỳärler.

Osmanly türkmenleriń bu şowsuzlygyndan Awstriỳa, Polşa, Wengriỳa we Malta peỳdalanyp 1684-nji ỳylda Türkiỳä garşy "Mukaddes soỳuz" döredỳärler. 1686-njy ỳylda bu bileleşige Russiỳa hem goşulỳar. Türkiỳa garşy ỳaranlaryń hereketi şowly bolup türkmenler Budany, Belgrady we bütin Günorta Gresiỳany (Moreỳa) taşlap gidỳärler. 1697-nji ỳylda Awstriỳa bilen Türkiỳanyń arasyndaky uruşda-da osmanlylar ỳeńilỳärler. Karlowiskiỳ şertnamasy boỳunça Awstriỳa Wengriỳany, Transilwaniỳany, Sloweniỳany, Polşa bolsa Sagkenar Ukrainany eỳeleỳärler.

1735-1739-njy ỳyllarda Russiỳa bilen Türkiỳäniń arasynda täze uruş bolup geçỳär. Bu uruşda Russiỳanyń tarapynda Awstriỳa hem çykyş edỳär. Ỳöne Fransiỳanyń araçy bolmagynda bu uruş togtadylỳar. Urşuń netijesi boỳunça Awstriỳa käbir ỳerleri Türkiỳä gaỳtaryp berỳär.

Osman imperiỳasy Polşany bölmek wakalaryna hem gatnaşỳar. Bu bolsa Russiỳa bilen Türkiỳäniń arasynda 1768-1774-nji ỳyllaryń uruşlaryna sebäp bolỳar. Uruşlaryń netijesinde Türkiỳe bilen Russiỳanyń arasynda Guỳujyk-gaỳnarja şertnamasyna gol çekilỳär. Şertnama boỳunça Russiỳa Gara deńizde söwda flotuny saklamaga we orus söwdägärlerine ỳeńillik gazanmagy başarỳar. Şeỳle hem şertnama boỳunça Krym hanlygy garaşsyz döwlet diỳilip yglan edilỳär. Bu bolsa sońra Krymyň Russiỳa tarapyndan basylyp alynmagy üçin amatly şert döredỳär.

Tanzimat – bu osman imperiỳasynda liberal – burźuaz özgertmeleriniń geçirilen ỳyllarydyr. “Tanzimat” bu arap sözi bolup “tanzim” – türkmençe “düzgün” diỳen manyny berỳär. “Tanzim” sözüńiń yzyna “at” goşulmasy goşulanda “Tanzimat” ỳagny düzgünler diỳen manyny berỳär. Has düşnükli edilip aỳdylanda Tanzimat özgertmeler diỳen manyny berỳär. Tanzimat Türkiỳede döwletiń Ỳewropa döwletlerinden yza galỳandygy üçin we Ỳewropa döwletleriniń gazananlaryny Türkiỳede durmuşa geçirmek maksady bilen amala aşyrmak göz öńüne tutlỳar. Tanzimat 1839-1870-nji ỳyllarda amala aşyrylỳar. Şonuń üçin hem bu döwür Türkiỳäniń taryhynda Tanzimat döwri diỳip atlandyrylỳar.

Hakykatdan hem XVIII asyryń ahyrlarynda – XIX asyryń başlarynda osman imperiỳasy durmuş ykdysady we syỳasy taỳdan uly kynçylyklary başdan geçirip ugraỳar. Öz döwrüniń belli döwlet işgärleri Türkiỳede özgertmeleri geçirmegiń zerurlyklary barada aỳdyp ugraỳarlar. Bu işde belli döwlet işgäri Mustafa Reşit paşanyń (1800-1858) ady tutulmaga mynasypdyr. Mustafa Reşit paşa Tanzimatyń awtory bolupdyr.

Özgertmeler osman imperiỳaysnda soltan tarapyndan gol çekilen “Gulhaneỳi hatti – şerif” permanyndan başlaỳar. Bu permana osmanlaryń Gülhana köşgünde 1839-njy ỳylda gol çekilỳär. Permanda osman imperiỳasynyń ähli raỳatlary dinine, diline, emlägine garamazdan olar kanun öńünde deń bolupdyrlar, jany, emlägi, mertebesi el degrilmesiz bolupdyr. Başga-da käbir çäreler geçirilipdir. Tanzimatyń 1-nji döwründe (1839-1853-nji ỳyllarda ỳagny Krym urşuna çenli) goşunyń, döwlet apparatynyń ỳagdaỳyny düzgünleşdirỳän, şeỳle-de maliỳe meselelerini gozgaỳan çäreler geçirilipdir.

Tanzimatyń 2-nji döwri Krym ugrundan soń başlaỳar. Öńküler geçirilen işler berkidilỳär.

XIX asyryń ikinji ỳarymynda Tanzmatyń täsiri bilen Türkiỳede bu ỳurt üçin öń häsiỳetli bolmadyk täze ańyỳet-syỳasy akymy ỳüze çykyp ugraỳar. Bu döwürde Türkiỳäniń

içinde we daşynda belli bir derejede ỳewropa bilimini alan sowatly adamlar peỳda bolỳarlar. Olaryń aglaba köpüsi Ỳewropa döwletlerinde, aỳratyn hem Fransiỳada okap gelen adamlardy. Türkiỳeli ỳaşlar bu döwürler Pariźiń okuw jaỳlarynda okamaklaryny dowam etdirỳärdiler. Olar bu ỳerde hukukçynyń, lukmanyń, inźeneriń we beỳleki hünärleri öwrenỳärdiler. Pariźde ỳaşamak bilen olar Ỳewropanyń artykmaçlyklaryny, aỳratyn hem Ỳewropanyń hukuk we dolandyryş ulgamyny içgin öwrenỳärdiler. Talyplar duşuşyklarynda bu meseleleri gyzgalańly ara alyp maslahatlaşỳardylar.

Türkiỳäniń içeri syỳasy durmuşynda görnükli orun alan bu şahsyỳetleri "täze osmanlylar" diỳip atlandyrylỳardy. Täze osmanlylar osmanly jemgyyetiniń dürli gatlaklaryndan we milletlerinden çykan adamlardy. Olar osman imperiỳasyny kämilleşdirmegi, onda ỳewropa düzgünlerini ornaşdyrmagy maksat edinỳärdiler. Olar osman imperiỳasynda ỳaşaỳan ähli halklaryń deńhukuklary, şahsyỳetiń azatlygy ugrunda çykyş edỳärdiler.

Täze osmanlylar osman imperiỳasyna konstitusiỳanyń we parlamentiń zerurdygyny aỳdỳardylar. Täze osmanlylar tarapyndan neşir edilỳän gazet-źurnallarda deńlik, demokratiỳa, söz we ỳygnaklar azatlygy barada gińişleỳin gürrün edilỳärdi.

Täze osmanlylaryń iń görnüklileriniń hatarynda Namyk Kemalyń, Ybraỳỳm Şinasynyń, Aly Suwawiniń, Ziỳabeỳiń we beỳlekileriń atlaryny görkezmek bolar. Bulary Türkiỳäniń içindäki aỳry-aỳry döwlet işgärleriniń goldaỳanlaryda bardy. Beỳik wezir Mithap paşa şeỳle adamlaryń biridi. Ol osman imperiỳaysnyń ỳyl-ỳyldan güỳçden gaçỳandygy görüpdir we onuń öńüni alyp biljek çäreleri durmuşa geçirmegiń tarapdary bolupdyr.

Täze osmanlylaryń öńe sürỳän pikirleri nebsimiz agyrsa-da soltan hökümeti we soltanyń özi tarapyndan goldaw tapmandyr. Amala aşyrmak islenilỳän çärelere köşgüń ỳanyndaky dini

toparlar nägilelik bildiripdir. Şonuń üçin hem XIX asyryń 60-70-nji ỳyllarynda osman imperiỳasynda täze osmanlylar yzarlanylypdyr. Döwletiň içinde we onuň daşynda kemala gelen ýagdaýa dogry düşünip bilmezlik we osman imperiýasyny öz döwrüniň talaparyna görä özgertmekligi başaryp bilmezlik döwletiň ỳagdaỳyny has hem kynlaşdyrypdyr.

## Osman imperiýasy XIX asyrda.

XIX asyryń ikinji ỳarymyndan Türkiỳe kem-kemden gowşap ugraỳar (Krym urşy sebäpli). Daşary ỳurt kapitalynyń aralaşmagy güỳçlenỳär. Türkiỳe bergidara öwrülip başlaỳar. 1856-njy ỳylda iňlis-fransuz Ottoman banky, soń Fransiỳanyň Lion banky, German we Wena banklary, franko-awstro-wenger Saloniki banky döredilỳär. XX asyryń başlaryna çenli Türkiỳede umuman ỳewropa banklarynyń 15-siniń filiallary işläpdir, ỳurduń özüniń bolsa 1888-nji ỳylda açylan ỳeke-täk oba hojalyk banky bolupdyr. Netijede maliỳe taỳdan Türkiỳe Ỳewropa ỳurtlaryna garaşly bolupdyr. Şoń üçin hem Ýewropa ỳurtlary Türkiỳede konsessiỳa ỳerleri alyp ugrapdyrlar.

Aỳratyn hem demir ỳol gurluşygynyń konsessiỳasy güỳçli gidipdir. Demir ỳol gurluşygynyň konsessiỳasyny baryp 50-nji ỳyllarda Angliỳa alypdyr. Ỳöne bu ugurdan göreşler XIX asyryń sońky çärỳeginde has güỳçlenỳär. Sebäbi Germaniỳa Anatoliỳada demir ỳol gurluşygyn konsessiýa alypdyr, ỳagny Izmitden (Mermer deńziniń kenaryndaky port) – Ankara çenli aralygy. Bu gurluşyk 1892-nji ỳylda tamamlanỳar we 1893-nji ỳylda soltan hökümeti german bankyna Bagdat demir ỳolunyń 1-nji bölegini gurmaga rugsat berỳär.

Ińlisleriń garşylygyna garamazdan nemeslere konsessiỳany Bagdada çenli uzaltmagy başarỳarlar.

Netijede 1885-1908-nji ỳyllarda osman imperiỳasynyń demir ỳol seti 4 müń km barabar bolỳar.

Demir ỳoldan başga-da ỳewropalylaryń kontrollygynda deńiz transpoty we portlar hem geçipdir. Kömür we beỳleki magdanlary gazmaga, Stambulyń, Izmiriń komunal kärhanalary, telegraf ulgamlaryny geçirmek konsessiỳa berilipdir.

Konsesiỳa bermek oba hojalygyna-da geçỳär. Temmäki satyn almak, gaỳtadan işlemek fransuzlara geçiripdir.

Osman budźetindäki defisit hem ỳyl-ỳyldan artypdyr. Eger-de X1X asyryň 80-nji ỳyllarynda 7-8 mln liradan ybarat bolan bolsa, 90-njy ỳyllaryń ahyrlarynda 8-10 mln lira, 1906-njy ỳylda bolsa budźetiń desiti 12 mln lira ỳetipdir.

Daşary ỳurt kapitalynyń gelmegi Türkiỳedäki kapitalistik önümçilik ulgamyny giňeldip ugraỳar. XIX asyryń 70-nji ỳyllaryndan başlap fabrik, zawod, şahta, demir ỳol ussahanalarynyń gurluşygy başlaỳar.

Goỳumlar esasan Ỳewropa senagaty bilen bäsleşmeỳän pudaklara goỳulypdyr. Olam esasan pagtany we temmäkini gaỳtadan işleỳän kärhanalar. Ỳöne ownuk kärhanalar köp bolupdyr.

1900-nji ỳylda hasaba alynan 1587 kärhananyń dińe 200-e golaỳy fabrik, zawod bolup, galanlary ussahanalardy. Zawod-fabrikler, oba hojalyk önümlerini gaỳtadan işleýän (pagta, gök, ỳüpek) azyk senagatynyń kärhanalary bilen bir hatarda Türkiýede dokmaçylyk,ýüplik egirmek, sabyn gaỳnatmak, haly dokamak hem belli bir derejede ösen bolupdyr.

Magdan işleri esasan ỳewropalylara degişli bolup, olar kömür we başgalar gazyp alypdyrlar.

Oba hojalygy pes ỳagdaỳda bolupdyr. Ỳer ỳetmändir. Bu bolsa ỳurtda işsizligi artdyrypdyr. Ýagdaý döwletiň ösüşini kynlaşdyrypdyr. Sebäbi 90% ilat obada ỳaşapdyr. Ỳüze çykyp ugran milli burźuaziýa hem esasan söwda bilen bagly bolupdyr.

Ỳöne XIX-XX asyryń sepgitlerinde intelgent gatlagy güỳjeỳär. Wraçlar, ỳuristler, gullukçylar, ỳazyjylar, źurnalistler, serkerdeler köpelỳär.

X1X asyryň 70-nji ỳyllarynyń başlarynda Türkiỳede uzaga çeken syỳasy krizis başlaỳar. Sebäbi feodal-çäklendirilmedik gurluş dargap ugraỳar. Üstesine-de ỳurt territoriỳalarny ỳitirip ugraỳar. Daşary ỳurtlaryń täsiri güỳçlenỳär. Üstesine-de ỳurtdaky kynçylyklar soltan Abuleziziń (1861-1876-njy ỳyllarda) hökümetinede nägilelikleri artdyrỳar.

Bu bolsa 1867-nji ỳylda ỳurtdan göçüp giden “Täze osmanlary” (Namyk Kemal Ybraỳym şynasy Ali Suwawi Ziỳabeg) ỳurtda işlemäge mümkinçilik döredỳär. Tiz wagtdan olara amnistiỳa berilỳär we Türkiỳä dolanyp gelỳärler. 1872-nji ỳylda N.Kemal “Ibret” (öwüt-nesihat) gazetini-de çap edỳär. Azatlyk demokratiỳa ideỳalary ỳurt garaşsyzlygyny milli meseläni “osmanlaşdyrmak” esasynda milli hereketlere garap ỳöne hukuk bermeli. Konstitusiỳa talap edilỳär. Ỳöne hökümet ỳene-de tussag etmelere başlaỳar. 1873-nji ỳylda N.Kemal we pikirdeşleri sürgüne iberỳär, gazetler ỳapylỳar. Ỳöne osmanly ideỳalary ỳokary gatlaklarynyň hem käbir toparlaryna ỳaỳraỳar. Uly döwlet işgäri Midhat paşa (Bolgariỳanyń Siriỳanyń gubernatory bolan)  “Täze osmanlylaryń ideỳalaryny” ykdysady meselelerde durmuşa geçirmäge synanşyk hem edipdir .

1875-nji ỳylda ỳagdaỳ çylşyrymlaşỳar. Anatoliỳada 2 ỳyllap hasylsyzlyk bolỳar, munuń üçin hökümet aşary 10 esse artdyrỳar. Nägilelikler döreỳär. 1876-nji ỳylda Bolgariỳada, Bosniỳada Gerşegowenada çykyşlar bolup,hökümet tarapyndan basyp ỳatyrỳar.

Ỳewropa ỳurtlary Bosniỳadaky Gerşegowenadaky jezalandyrylmagy bes etmegi we osman imperiỳasyndan reformalary geçirmegi talap edỳärler.

Bu bolsa Midhat paşany herekete getirỳär. Ol konstitusion reformanyń tarapdary bolupdyr. Ol soltanyň  syỳasatyndan

nägile toparlara ỳolbaşçylyk edipdir. 1876-njy ỳylyń maý aỳynyń 9-11-ne Stambulda medreseleriń okuwçylarynyń, senetçileriń, söwdagärleriń, äher ilatynyń, demostrasiỳasy bolup geçỳär. Midhat paşanyň we onuń tarapdarlarynyň ỳolbaşcylyk etmegi netijesinde wezir Nedim paşanyń hökümeti otstawka gidỳär. 1876-njy ỳylyń maý aỳynyń 30-yna Abduleziz agdarylỳar. Midhat paşa Mirata 4-nji soltan bolar öỳdüpdir. Sebäbi ol reformanyń tarapdary bolupdyr, "Täze osmanlaryń" hem pikirdeşi. Ol az wagtlylyk soltan bolỳar. Onuň saglygy gowy bolmandyr. Şonuń üçin hem köneçil toparlar 1876-nji ỳylyń awgust aỳynyń 31-ne Myrat 4-njini agdarỳarlar.

Myratdan kiçisi Abulhamit (1876-1909-njy ỳyllarda) soltan diỳip yglan edilỳär.

Täç geỳmezden öń ol Midhata konstitusiỳany yglan etmejekdigine wada edỳär. Emma gelensoń howlukmaỳar.Osman imperiỳasynyń syỳasy ỳagdaỳy kynçylyga galypdyr. Serbiỳa, Çernogoriỳa, Türkiỳä garşy uruş yglan edỳärler. Türkler olary derbi-dagyn edỳär. Russiỳa goşulỳar. Ol Serbiỳa bilen ỳaraşmagy talap edipdir beỳleki Ỳewropa döwletlerem aktiwleşỳär. Şundan soń Stambulda Balkan barada konferensiỳa geçirmek karar edilỳär. Şol konferensiỳa Bosniỳa, Gerşegowina we Bolgariỳa üçin awtonomiỳanyń proỳektiniń taỳỳarlanỳandygyny öńki Midhat paşa (beỳik wezir) tizräk konstitusiỳanyń girizilmegini, sebäbi şol ỳurduń statusy konstitusiỳada görkezilmelidi, talap edỳär. Abdulhamid II eglişige gelỳär we 1876-njy ỳylyń dekabr aỳynyń 23-ne konferensiỳanyń başlan güni konstitusiỳanyń girizilỳändigi hakdaky perman okalỳar. Midhat bilen N.Kemal tarapyndan düzülen konstitusiỳada 2 palataly parlament göz öńune tutular. Ähli adamlar kanun öńünde deń, şahsyỳet emläk eldegrilmesiz, metbugat azatlygy gözöňüne tutylypdyr.

Soltana hem giń hukuklar galdyrylỳar. Ol mukaddes, parlamentiń öńünde hasabat bermeỳär, ministrleri belleỳär, aỳyrỳar, daşary ỳurtlar bilen şertnama baglaşỳar, kanun kabul

edỳär (parlamentiń kabul edenlerini). Ol halif titulyny hem saklaỳar. Osman döwleti bölünmeỳär, hemmeler osmanly.

Diỳmek kanun köp zatlary berỳär. Ỳöne gowşak Türk burźuaziỳasy peỳdalanyp bilmeỳär. Üstesine-de konferensiỳa netijesiz tamamlanỳar. Türkler awtonomiỳa bermeỳär. 1877-nji ỳylda ỳylyń dowamynda Midhaty tussag ediljär we sürgüne iberilỳär. Beỳleki “osmanlar” hem şeỳle.

Ỳöne Abdulhamit konstitusiỳany ỳatyryp bilmeỳär we 1877-nji ỳylyń mart aỳynda mejlisiniń 1 sessiỳasy açylỳar. Ońa 179 deputat (71 musulman 49 musulman däl) gatnaşỳar. Mejlis gowşak, ỳöne tankytlaram bolupdyr. 1877-nji ỳylyń güỳzünde mejlise täze saỳlaw geçirilỳär. Bu mejlis 1878-nji ỳylda soltan hökümetine ynam bildirilmeỳär. Sebäbi oppozision deputatlar köpelipdir. Sebäbi soltan rus-türk urşunda gowşak hereket edỳär. Şonuń üçin hem soltan mejlisi näbelli wagta çenli dargytỳar. 1876-njy ỳylyń konstitusiỳasy bolsa ähmiỳetini ỳitirỳär. Sebäbi mejlis ỳok.

Şundan soń Türkiỳäniń daşary syyasaty çylşyrymlaşỳar. Konstantinopol konferensiỳadan soń Russiỳa ỳenede konferensiỳa geçirmekli teklip edỳär. Sebäbi ol slỳawỳanlaryń tarapyny tutan. Londonda konferensiỳa bolup, Türkiỳede Bosniỳa Gerşegowina we Bolgariỳa awton bermekden boỳun gaçyrỳar. Şonuń üçin hem 1877-nji ỳylyń oktýabr aỳynda Russiya Türkiýä garşy garşy urşa başlaỳar. Russiỳanyň tarapda Rumyniỳa bilen Serbiỳa urşa başlaỳar. Birnäçe operasiỳalaradan soň Türkiỳe ỳaraşyga mejbur bolỳar. 1878-nji ỳylyń maý aỳynyń 3-ne San-Stefano diỳen ỳerde (mermer deńziniń kenary) ỳaraşyk baglaşỳar. Şertnama boỳunça Serbiỳa Çernagoriỳa Rumyniỳa garaşsyz Molgariỳa bolsa ỳerli garaşsyz beglik bolmaly diỳip netijä gelỳärler. Günbatar döwletler nägile bolỳarlar. Angliỳanyń, Awstro-Wenger tarapynyň teklibi boỳunça Berlin kongressi çagyrỳar. 1877-nji ỳylyń maý aỳynyń 12-de Berlin Traktaty kabul edilỳär. Şol boỳunça Serbiỳe Çernagoriỳa we Rumyniỳa garaşsyz, ỳöne Awstro-Wengriỳa

Bosniỳany we Gersegowenany okkupirlemäge rugsat alỳar. Demirgazyk Bolgariỳa beglik, ỳöne soltanyń wassaly, Günorta Bolgariỳa bolsa Gündogar Rumeliýa ady bilen Tükiỳäniń awtonom territoriỳasy. Türkiỳe, Rossiỳa kontribusiỳa, Ermenileriń ỳaşaỳan ỳerinde reforma geçirmegi boýun alỳar. Öń Günbatar döwletleri Türkiỳäniń Russiỳa tarapyndan boýun bolmagyna garşy durỳardylar. Indi bolsa özleri ỳerlerini alyp ugraỳarlar. 1881-nji ỳylyń fewral aỳynda Tunisi, 1882-nji ỳylda Angliỳa müsüri, Fessaliỳany Gresiỳa, Gündogar Bolgariỳa berỳärler.

1897-nji grekleriń gozgalańy netijesinde Krit awtonom bolỳar.

Ỳöne şol döwürler Türkiỳäniń soyuzdaşy Germaniỳa bolup ugraỳar. Ol Türkiỳäniń bütewiliginiń tarapyny tutan. 1889-nji ỳylda imperator Wilgelm II Türkiỳä gelỳär we özüni bütin dünỳäniń musulmanynyń dosty diỳip yglan edỳär.

Indi ỳurduń içi barada gürrüń edilende Abdulhamit 2 konstitusiỳany ỳatyryp, ỳurtda Türkiỳe taryhynda aỳdylỳan “zulumy” ỳola goỳỳar .

Orta asyr tertip-düzgünlerine dolanyp ugraỳar. Gazetler źurnallar ỳapylỳar okuwyń hili örän pese düşỳär. Dini okuw güỳçlenỳär. Dolandyryjylaryń sowat derejesi pes bolan. 1888-nji ỳylda ministrleriń birinde-de uniwersitet bilimi bolmandyr. Ỳurtda syỳasy yzarlamalar, şugulçylyk ösüpdir.

Onda soltanlaryń milli syỳasatyndan daşlaşỳar. Milletara uruşlar hem bolup geçýär.

Abdulhamydyń tirỳaneỳasyna garşy göreşler başlaỳar. 1898-nji ỳylda Stambulyń harby medisina uçilişesinde kursant Ybraỳym Temonyń ỳolbaşçylygynda “Itihad we Terakki” (bütewilik we ösüş) gizlin jemgyỳet döredỳär. Şol döwürde Midhat tarapyndan hem Ahmet Rizabeýiň ỳolbaşçylygynda topar döreỳär (ỳewropada) olar ölzerini ỳaştürkler diỳip atlandyrypdyrlar. Ońa Abdul hamitden nägile dolandyryjylar hem giripdirler. Hususanda şazada Sabaheddin Türkiýede

Ỳewropaky ỳaly düzgün bolmaly diýipdir.Ýöne milli meselede ońşuksyzlyk dowam edipdir.Ryzabeý “osmançylykdan” ugur alỳar. Sabaheddin bolsa milli desentralisiỳa awtonomiỳa geçirmeli, inoburźuazliỳany tarapyňa çekmeli diỳỳär. Soń Sabaheddin topar döredip ady “hususy inisiatiwalaryń we denestralizasiỳa jemgyyeti” bolỳar. Ol ähli halklaryń deńligi, imperiỳany federasiỳa etmegiň tarapdary .

XX asyryń başlarynda tiraniỳa gurluşyna garşy göreş güỳçlenỳär. 1903-nji ỳylda Makedoniỳada gozgalań bolýar.

1905-nji ỳylyń ahyrynda Eỳranyń täsiri bilen Anadoliỳada hereketler başlaỳar. 1906-njy ỳylda Erzurumda “Jan berer” guramasy, burźuaz rewolỳusion gurama döreýär.Olar otrỳad hem döredỳärler – dadaş. “Jan berere” söwdagärler, senetçiler, soldatlar, ofiserler girýärler. Ölar tas 2 ỳyllap Erzurumda häkimiỳeti elde saklaýarlar. Şol ỳyllar Makedoniỳanyń rewolỳusion guramasy, Ermenileriń daşnak (liber-nas-tow) paronlary döreỳär. Daşnak öń Parižde döreỳär. Şolar 1907-nji ỳylda Pariźde Ỳaştürkler bilen bilelikde gozgalań etmegi maksat edinỳärler. Gozgalańy “Ittihad we Terakki” öz boỳnuna alỳar.

Pariž kongresi gozgalańy Abdulhamidiń soltanlygynyń 33 ỳyllygyna gabatlap geçirmegi maksat edinỳärler. Ỳöne ỳagdaỳ ir başlamaga mejbur edỳär. Sebäbi rewolỳusion hereket peselipdir. Tiran basyp ỳatyrỳar eken.

1908-nji ỳylda iýul aỳynda Rewelda (Tallinn) Nikolaỳ 2 we ińlis koroly Eduard VII duşuşan. Awstro-Wengriỳanyń Solonikä geçirjek bolỳan demir ỳoluna garşy hereket etmegi we bu ỳere 10-12 müńlik goşun salmagy şertleşỳärler. Diỳmek Makedoniỳany Türkiỳeden aljak bolỳarlar. Türkiỳä bu barada ultimatum hem berỳärler.

Şu bahana bolỳar.

1908-nji ỳylyń iýul aỳynỳn 3-de Makedoniỳanyń Resna şäherleriniń komendanty Ahmed Nyỳazy baỳyń ỳolbaşçylygynda (200 adam) ỳaragly gozgalańa başlaỳar. Soń

beỳleki ỳaştürk guramalary alyp göterỳärler. Ỳaş türkler tarapyndan taỳỳarlanan gozgalańlar (salonini, Monastir, Skople) başlaỳar.

Iýul aỳynyń 23-de “Ntitihad we Terakkanyń” solonini komiteti Soltana diktimatizm berỳär. Eger-de konstitusiỳa dikeldilmese Stambula ỳöriş guramadan, üstesinede Stambulyń Izmirina şeỳle hem flot ekinotlary hem gozgalańlary goldaỳarlar. Şoń üçin hem iýul aỳynyń 24-ne geçirilỳän gije Abdulhamit 2 konstitusiỳa we pare, çagyrmaga mejbur bolỳar.

Muny eşiden halk manyfaktorlary başlaỳar. Bu bolsa soltany ỳene-de eglişige mejbur edỳär. Rewolỳusion herekete gatnaşyjylary amnistiỳa berilỳär (40 müń syỳasy tussaglar we emirantlar, senzura ỳatyrylỳar).

Ỳöne ỳaş türkler Abdulhamidi häkimiỳetde galdyrỳarlar we onuń hökümetine girmeỳärler. Ỳöne parlamentde köp ỳer alanỳar, Ahmet Ryza beỳ wekiller palatasynyń başlygy bolỳar.

Ỳöne ỳaş türklere daşyndan uly urgy urỳarlar. Yagny Awstro-Wengriỳa Bosniỳa we Gerşegowenany eỳeleỳär, ynkylapdan peỳdalanỳar. Muny bolsa içki reaksiỳa peỳdalanỳar, ỳagny ỳaş türkler ýurdy masgara etdi diỳỳärler.

1909-njy ỳylyń aprel aỳynyń 13-de Abdulhamidiń ylalaşygy bilen Stambulyń garnizony (ony Sabaheddiniń “Akrar”(liberal) partiỳasy hem goldaỳar) topalaňa başlaỳar. Netijede Abdulhamid çäklendirilmedik häkimiýetini belli bir derejede dikeldỳär. Ỳöne ỳaştürkler derrew basyp ỳatyrỳarlar, aprel aỳynyń 26-da häkimiỳeti ỳene-de alỳarlar. Aprel aỳynyń 17-de Abdulhamid agdarylỳar ỳerine garry hem erksiz Mehmet V Reşit (1908-1918) goỳulỳar. Täze hökümete birnäçe ỳaş türk gelỳär, gubernatorlar, ilçiler, goşun ỳolbaşylaryna köşgüń köp adamalary ỳaş türkler bolupdyr. Şunda esasy orny “Ittihad we Terakki” eỳeleỳär.

Ỳaş türkler köp reformalary geçirỳärler. Ỳöne özlerem diktatorlyga dyzapdyrlar. Şoń üçin olaryń garşysyna oppozisiỳa (köşk adamlary, mollalar, komprodor toparlar) döreỳär. 1911-

nji ỳylda olar "azatlyk we yalalaşyk" partiỳasyny hem döredỳärler. 1912-nji ỳylda olara parlamenti ỳatyrmak başardỳar.Sebäbi parlamentde ýaş türkler köp bolupdyr.

Şoń üçin hem 1913-nji ỳylyń ýanwar aỳynda Enwer beýiń ỳolbaşçylygynda ỳaş türkler döwlet agdarylmagyna geçirỳärler.

Soń ỳaş türkler senagaty ösdürmek barada käbir işleri geçirỳärler.

Ỳaş türklerem imperiỳany saklap bilmeỳärler. 1912-nji ỳylda Liwiỳany (Tripolitaniỳa, Kirenaika) ỳitirỳär.Bu ýerleri Italiỳa eýeleýär. Mundan oppozisiỳa peỳdalanỳar we häkimiỳete "Azatlyk we ylalaşyklar" partiýasy gelỳär.

1912-nji ỳylyń Soltan hökümeti Makedoniỳa awtonomiỳa bermekden ỳüz öwürỳär. Şonuń üçin hem 1912-nji ỳylyń aprel aỳynda Bolgariỳa, Serbiỳa, Gresiỳa, Çernagoriỳa (Balkan soỳuzy) Türkiỳa garşy urşa başlaỳar. 350 müńlik Türk goşunyň garşysyna Balkan soýuzy 700 müń goşuny söweşe başlaýar.Ýaranlar Stambula golaỳlaỳar. Mundan ỳaştürkler peỳdalanỳarlar we häkimiỳeti ele alarlar. Soń ỳaş türkler Rumyniýa bilen birlikde Serbiỳany, Gresiỳany, Çernagoriỳany, Bolgariỳa küşgürỳärler we Türkiỳe Bolgariỳadan Gündogar Frakiýany we Edirnäni alỳar. Balkan urşunda Türkiỳe ỳewropadaky ähli ỳerlerini ỳitirỳär.

1913-nji ỳylyń ahyrlarynda hökümet "-Triumwiratyň": harby ministr Enwer paşanyń, içeri işler ministri we "Bütewilik we ösüş" partiýasynyń başlygy Talaat paşanyń we Stambulyń gubernatory Jemal paşanyń eline geçỳär. Bular Germaniỳa bilen gutarnykly ỳakynlaşỳarlar.

## Arap ýurtlary XVII asyryň II ýarymynda - XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde.

Türkleriň basyp alan ýerleriniň içinde arap ýerleri möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Türkler XVI asyrda Liwiýany, Liwany, Polestinany, Yragy, Hijazy, Ýemeni,

Müsüri, Tripolini, Tunisi, Alžiri we başga ýerleri basyp alypdyrlar. Türkler diňe Marokkany, şeýle hem Arap ýarym adasynyň günorta gündogarynyň ortasyny alyp bilmändirler.

Özüniň sosial-ykdysady ösüşi boýunça arap ýerleri deň ösüp bilmändirler. Müsürde, Liwanda, Libiýada, Palestinada feodal gatnaşyklar ösem bolupdyr. Deňizýaka etraplarynda pul haryt gatnaşyklary ösen bolupdyr, Arabystanda, günorta Yrakda, Alžiriň içerki etraplarynda, Tunisda, Tripolide patriarhal gatnaşyklary saklanyp galypdyr.

Türkleriň arap ýurtlaryndaky ýerleriň wakyfdan başgasyny soltanyňky diýip yglan edipdirler. Türkleriň berk ornaşan ýerleri bolan Yrakda we Siriýada eýeçiligiň türk düzgüni girizilipdir. Osman imperiýasynyň beýleki welaýatlarynda Müsürde, Tunisde, Alžirde, Ýemende we Basrada ähli ýerler ýerli feodallaryň elinde bilen bolupdyr. Şol ýerlere her ýylda salgyt salynyp, onuň bir bölegi soltanyň hazynasy üçin niýetlenilipdir. Ýer eýeleri bolan türkler ýa-da araplar fellahlardan (daýhan) natura görnüşinde we pul gönüşinde salgyt alypdyrlar.

Osman imperiýasynyň arap ýerlerinde yslam dininiň dürli mezhebleri giň ýaýrapdyr. Din döwletde uly abraýdan pedalanyp, jemgiýetde uly rol oýnapdyr. Sud, magamor olaryň elinde bolup, syýasata-da uly täsir edipdirler. Şol döwürler din işgärleri Kairde ýerleşýän (al-Azhar) uniwersitetinde taýýarlanylypdyr.

Döwlet dini, din döwleti hemişe goldap gelipdirler. Olara döwlet tarapyndan uly ýerler bölünip berlipdir. Şol wakyf ýerleri osman imperiýasynda işläp bejerilýän ýerleriniň üden birini tutupdyr. Bulardan başga-da dindarlaryň elinde bazarlar, kerwen-saraýlar, dükanlar hem bolupdyr. Dini edaralaryň emlägi konfiskasiýa edilmändir we olar salgyt ulgamyndan peýdalanypdyrlar.

Sünnilerden başga-da araplaryň arasynda yslamyň başga akymlaryny, ýagny şaýylar, druzlar, zeýditler, ybaditler, ismailitler hem bolupdyrlar. Şolardan iň ulusy şaýylar bolup, olaryň agramly bölegi Yrakda ýaşapdyrlar.

Araplaryň az bölegi hristianlygyň gündogar ugry bolan monofisitlige (muňa uýýanlar isu hristosyň diňe hudaýylygyny ykrar edip, onuň adamlygyny gynalşyny inkär edipdirler) uýandyrlar. Monofisitligiň görnüşlerine müsüriň kontlary, yragyň assiriýalylary, liwanyň maralitleri degişli bolupdyrlar. Bulardan başgada Watikan bilen baglanyşykly uýan buthanalary bolan grek-kotolik we ermeni-kotolik dinleri hembardyr. Yslam dini araplarda agalyk etsede, beýleki dinler yzarlanmandyr. Ähli dini adamlaryň öz mendeşleri budhanalry, haýyr-sahabat guramalry bolup, özleriniň dini dessurlaryny arkaýyn amala aşyrypdyrlar. Hiristiýanlaryň esasy mukaddes ýerleri döwlet tarapyndan goralypdyr.

XIX asyrda bolup geçen dinara dawalar esasan ýewropalylaryň ýöreden syýasaty bilen bagly bolan. Sebäbi olar ýerleşmek üçin bir ol tarapy, birde beýleki tarapy gollapdyrlar. XVIII asyryň 40-njy ýyllarynda Merkezi Arabystanda Wahhabitler hereketi döreýär. Bu hereket uly din wekili Muhammet Abdulwahhabyň ady bilen baglydyr. Abdulwahhab bir hudaýlylygy gollapdyr, gadymy ynançlara we şeýhlere sežde edilmegini tankytlapdyr. Ol adamlary ýönekeýlige, ahlaklylyga çagyrypdyr, bol elin ýaşaýyşy ýazgarypdyr. Wahhab Muhammediň hudaýlaşdyrylmagyna, Mekgedäki we Medinedäki keramatly ýerlere tankyt edipdir. Olar pars-şaýylary we „ýalan halyd“ türklere garşy çagyrypdyrlar. We bitewi arap döwletini öretmegi isläpdirler. Wahhabi taglymatyny Merkezi Arabystandaky kiçiräk Deriýýa emirliginiň saud dinastiýasy kabul edýär.

1786-njy ýylda wahhabizm Merkezi Arabystanda üstün çykýar. Netijede saud dinastiýasy XVIII asyryň 80-nji

ýyllarynda pars aýlagynyň kenaryndaky Bahreýni we Kuweýti, Ommany eýeleýärler. Olar hem wahhabiligi kabul edýärler. Soňra Maskady eýeleýärler. XIX asyryň başlarynda wahhabiler Hijazy eýeläp Mekkäni, Medinäni talaýarlar we gyzyl deňzine çykýarlar. Şeýlelikde 1803-nji ýyldan başlap Arabystanyň mukaddes ýerlerine zyýarata barýanlaryň sany göz-görtele azalýar.

XVIII asyryň II ýarymyndan XIX asyryň başlaryna çenli wahhabylar bütün Arabystany diýen ýaly öz içine alýan döwlet döredýärler. Maskadyň soltany, Ýemeniň ymamy, Hadramawutyň hökümdarlary Saud emirlerine salgyt töläpdirler.

XVIII asyryň ahyrlarynda wahhabylar türkleriň elinde (öň arabystanyňam köp ýerleri türkleriň elinde bolan) bolan Siriýa, Yraga çozup ugraýarlar. Wahhabileriň 1801-nji ýylda şaýylaryň mukaddes şäheri bolan Kerbelany talamaklary musulman dünýäsinde uly howsala döredýär. Wahhabylar Sünni Yragyň berilenini bilýärler. Sebäbi türk goşunlary olaryň çozuşyny saklamagy başarypdyrlar. Meselem, 1808-nji ýylda olaryň bagdada eden ýörişini yzyna serpikdirýärler. Şeýlelikde wahhabileriň döwletiniň araçägi Damask-Aleppo Mosul-Bagdat meselesi boýunça geçipdir. Wahhabiler Arabystany birikdiripdirler.

Müsür Osmanlylaryň iň baý bölegi bolupdyr. Müsür imperiýasynda aýratyn statusdan peýdalanyp, bütewi territoriýa höküminde görülipdir we osmanlylaryň ýer eýeçilik düzgüni bu ýerde ornaşdyrylmandyr. Müsüri Stanbuldan 1 – 2 ýyl möhlet bilen iberilýän hökümdar dolandyryp, ol soltanyň bu ýerdäki wekilli bolupdyr. Başda bu wezipä Beýlerbeý diýilip atlandyrylypdyr, XVII asyrda weli paşa bilen çalşyrylypdyr. Ýöne soň paşa tituly güýçlenipdir. Wezipä bellenilendigi üçin paşa soltana we onuň maşgalasyna belli bir mukdaryny berip, ol ýörite resminamalarda bellenilipdir.

Paşa Müsüriň durmuşynyň ähli ugurlaryna jogap beripdir. Paşanyň ýanynda maslahatçy wekil bolan diwan bolupdyr. Oňa türk goşunlarynyň 7 sany korpusynyň serkerdeleri, mamlük begleri, esasy şerigat sudýasy bolup kady esger, 4 sany musulman mezhepleriniň baştutanlary (şafitler, hanafitler, märekitler, hanbalitler) we Pygamberiň neslinden bolan gulamanlar giripdir. Paşanyň orunbasary kethuda bolup, ol täze bellenilen paşa Müsüre gelmezinden birnäçe aý öň gelip, soltan üçin paşanyň adyndan salgyt ýygnapdyr we şonuň 15% aýlyk hökmünde özünde galdyrypdyr. Paşanyň ýanynda onuň özüniň we Osman döwletiniň möhürnini saklaýan gullukçy, terjimeçi bolupdyrlar. Türkmenler arap dilini bilmändirler ýa – da gowşak bilipdirler, şonuň üçin hem dolandyryş işlerini türkmençe alyp barypdyrlar.

Müsüri soltan tarapyndan bellenilen türkmen paşalary dolandyrsada, ýerli mamlük begleriniň täsiri uly bolupdyr. Olar her hili ýollar bilen häkimýete dyrjaşypdyrlar.

XVII asyryň 60 – njy ýyllarynda Müsüriň syýasy arenasyna mamlük Aly beý çykypdyr, ol belli bir wagyt aralygynda Stanbuldan garaşsyz bolupdyr. Türkmen soltany her hilli ýollar bilen ony ýok etmäge çalyşypdyr. Emma şuwsyz çykypdyr.

1766 – njy ýylda Aly beý özüni Müsüriň soltany diýip yglan edipdir. Ony käbir arap ýerleriniň hökümdarlaram ykrar edipdirler. Ýöne soň ol türkmenler tarapyndan ýesir alynyp Müsüre äkidilýär we şol ýerde – de aradan çykýar (1771 ý).

Ondan soňra Mamlüklar Myrat beý bilen Ybrahym beý bilelikde Müsürde hojaýynçylyk edýärler. Olar Ali beýden tapawutlylykda Stanbula salgyt ibermändirler. Soňra has az iberipdirler.

Müsüriň ykdysady esasyny ösen oba hojalygy bolupdyr. Ekinleriň dürli görnüşleri ekilipdir. Müsürli sellah ýeri berkidilip, ol berkidilen ýerni taşlap gidip bilmändir.

Salgytlar berk normanlaşdyrylmandyr. Esasy salgytlardan başga – da, ýygymlaryň we borçlaryň köp görnüşleri bolupdyr. Umuman ýerine ýetirmeli borçlaryň sany 70 – e ýetipdir.

Salgyt salynanda ýeriň hilli, ýaplardan daşlygy – ýakynlygy ekilýän ekiniň görnüşi göz öňüne tutulypdyr. Salgyt alynanda belli bir ölçeg birligi bolmandyr. Şol sebäpden hem sellahy talapdyrlar.

XVIII asyrda Müsür goňşy döwletler bilen giň söwda işlerini alyp barypdyr. Ýewropalylar artykmaç hukuklardan peýdalanypdyrlar. Olary degişli ýurtlaryň Müsürdäki wekilleri howandarlygyna alypdyrlar. Fransiýasy, Angliýa, Wengriýa, Russiýa, Awstriýa, Gollandiýa we Şwesiýa.

Fransiýa rewolýusiýadan öňem Müsüri almagy niýet edýär eken. Olar oňa iňlislere garşy möhüm plandaky höküminde garapdyrlar. 1798 – nji ýylyň Aprel aýynda Napolýon Gündogar goňşularynyň baş serkerdesi bolýar we Maý aýynda 38 müňlik goşun bilen Aleksandriýanyň kenarlaryna golaýlaýar. Ondan birneme öňräk Nelsonyň iňlis floty gelipdi.

Ilatyň garşylygyna garamazdan Iýul aýynyň 2- ne Aleksandriýa fransuzlar tarapyndan eýelenilýär. Ol bu ýerde ýerli öz – özüni dolandyryşýaly bir gurama döredýär. Ýerli halkdan bolan tanymal adamlary belleýär. Napolýon azaheriň ilatyny asudalyga çagyrypdyr, dinlerine degilmejekdigine wada edipdir.

Napolýon Kaýirdäki türk paşasynada hat ýazyp, olara döwleti berkitmäge kömek etjekdigini we “mamlük – uzurnatorlaryna” görä görkezendigini ýazypdyr. Haçanda Kaýirde fransuzlaryň Aleksandriýany eýelänlerini eşidip, mamlüklar Myrat begiň ýolbaşçylygynda düzülen goşun döredýärler. Ýöne ilkinji çaknyşyklarda mamlüklaryň harby sistemasynyň ýüze çykýar.

1798 – nji ýylyň Iýul aýynyň 21 – ne Mamlüklar bilen Fransuzlaryň arasynda söweş bolup, şonda mamlüklar ýeňilýärler. Myrat beý ýokarky Müsüre çekilýär. Kaýirden soň fransuzlar Deltada ýerleşýän köp şäherleri eýeleýärler.

Sentýabr aýynda Banapart “uly diwan” döredip oňa 3 sany musulman şihy, 3 sany söwdegär, 3 sany oba şihy, 1 sellah we 1 bedewin girizilýär. Şeýle guramalar ýerlerde – de döredilýär. Ýöne olar hiç hilli häkimiýet güýji bolmandy, diňe gözegçilik edipdirler. Bonapart döwründe Müsür dolandyrypdyr. Ony 40 aý dowam eden fransuz agalygy döwründe fransuz hazynasy Müsürden 80 mln frank girdeýji alypdyr. Halk gozgalaňlary turuzypdyr.

Şol döwürler (1798 Awgust) Nelsonyň iňlis eskadrosy Aleksandriýadan uzak bolmadyk ýerde duran fransuz flotyny ýeňýär. 15 gämiden diňe 4 – si gaçyp galýar. Iňlisleriň ýeňişi Müsürleri galkyndyrýar. Gozgalaňlar güýçlenýär. Bonapart represiýat güýçlendirilýär.

1798-nji ýylyň oktaýabr-noýabr aýlarynda Kaýirde gozgalaň turýar. Basylyp ýatyrylýar.

## Arap ýurtlary XIX asyrda

1798 – 1881 – nji ýyllardea Müsürde fransuzlar agalyk edýärler. Emma iňlisleriň we türkleriň birleşen goşunlarynyň zor salmagy, şeýle hem mamlüklaryň hüjümi netijesinde 1801-nji ýylyň sentýabr aýynda fransuzlar Müsürden çykyp gidýärler.

Türkiýe bilen Fransiýanyň arasynda baglaşylan şertnama boýunça Müsür türk soltanyň golastylygynda galdyrýar. Sebäbi 1803 -nji ýylda Kaýir mamlüklaryň we Osman goşunlaryň alban korpusynyň birleşen güýçleri Muhammet Alynyň ýolbaşçylygynda eýelenýär. Ýurdy dolandyrmak üçin üçleriň häkimiýeti girizilip, onuň iki Mamlük beýi we Muhammet alp gidýär.

Şu wagytdan 1 ýyl öň 1802-nji ýylda türkler mamlüklara garşy uruş başlaýarlar, ýöne 1804-nji ýylda ýeňilýärler. Emma mamlüklaram arkaýyn agalyk edip bilmeýärler. Sebäbi Kaýiriň halky mamlüklara garşy gozgalaň tuzdurýarlar. Şeýle ýagdaýda Muhammet Aly gozgalaňçylary goldaýar we öz korpusy bilen mamlüklary yzarlap başlaýar. Netijede Mamlüklar Kaýirden kowulyp çykarylmaýar. Türk paşasy Kaýire gaýtarylyp getirilýär. Muhammet Aly bolsa onuň orunbasary bolýar.

Ýöne 1805-nji ýylda täze gozgalaň netijesinde türk paşasy hem kowulýar. Kaýir ilatynyň goldamagynda Muhammet Ali häkimiýetegelýär. Soltan ony Müsüriň dikmesi diýip ykrar etmäge mejbur bolýar.

Iňlis – türk urşy döwründe 1807-nji ýylda iňlisler Aleksandriýa we Rozeta uly desant düşürýärler. Muhammet Ali olary ýeňmägi başarýar. Abraýly halk içinde artýar.

Muhammet Ali mamlük beýlerine garşy hem göreşendir. 1808 – nji ýylda olaryň topalaňyny ýarýar. 1811-nji ýylda bolsa olaryň köpüsini gyrýar.

Ol dini hadymlaryny hem yzarlapdyr. 1808-nji ýylda "Al – Azharyň" rektoryny tussag edýär.

Pygamberiň nesilden bolan uly dil şägerleri, Hanifit kanunçylygynyň baş müftüsi hem tussag edilýär. Şeýlelikde 1812 – nji ýylda ýokary Müsürdäki ýerli garaşsyz mamlük nýazlylary hem ýok edilýär we Muhammet Ali Müsüriň öz ygtyýarly hökümdaryna öwrülýär.

Muhammet Ali reforma geçirip ugraýar. Onuň bilen 1808-nji ýylda ähli ekerançylyk ýerleri hasaba alynýar. Şunda multazimleriň ýerleri salgyt tölemeýändikleri üçin emlägi elinden alynýar we Muhammet Aliniň tarapdarlarynyň arasynda paýlanylýar.

Wakyf ýerleri we feodallaryň tarapyndan obşynanyň elinden alnan ýerlere salgyt salynyp ugralýar. 1812-nji ýylda mamlük beýlerine degişli ähli ýerler elinden alynýar.

1813-nji ýylda salgyt ulgamynda täzelemek işleri başlaýar. Müsüriň hemme ýerinden oba şihlarynda ýörişe barlag düzülip ony ýewropali spesialistler hem gatnaşýarlar. Gozgalaňçylyk başlamaz ýaly Aşaky Müsürden we ýokarky Müsürden bolan şihler ýerlerini çalşypdyr.

Müsüriň ähli ýeri üçin laýyk ýer ölçegi feddan (0,42 ga) girizilýär. Her bir daýhan üçin 3 – 5 feddan ýer meýdanyny bölegi berilýär. Ýeriň hem hiline görä ýer eýesi her feddandan 10 – 15 real salgyt bölmäge borçly bolupdyrlar. Ähli goşmaça işlerini ýygymlar we borçlar ýetirilipdir.

1814 – nji ýylda permany bilen mültazimleriň ýeri döwletiň haýryna geçirilipdir. Olar öňki hukuklara, ýagny sellahlara öz hasaplaryna şeýlelikden, ýerli sud häkimiýetinden oba administrasiýa gözegçilik etmekden, salgyt ýygnamakdan daýhanlardan borç ýerine ýetirilmänleri talap etmekden möhüm edilindir. Salgytdan alynýan paýyň ornuna pomeşikler döwletden pensiýa alypdyrlar. Ýöne pensiýalar nesilden – nesile geçmändir.

Wakf emläklerine elin etmegiň barlag işleri hem tamamlanandyr. Wakf resminamalaryny görkezmedik halatynda ýerler döwletiň hasabyna geçirmändir. Galan ähli Wakf ýerlerine funksilenen salgyt salynypdyr. Metjitleri, medresileri, keselhanalara, ýatakhanalara we beýleki haýyr – sahabat ideýalaryny saklamak döwletiň hasabyna geçirilmändir. Yslama gulluk edýänlerem multazimler ýeli pensiýa alyp başlandyrlar.

Reforma netijesinde täziliklere garşy feodal topalanşyklarynyň şeýle hem din wekilleriniň kuwwaty peseldilipdir. Öňki çäksiz ýygymlary we borçlaryň orny entäk salgyt ulgamyna girizilmändir. Otny ulgamy ýatyrylyp salgydy döwletiň özi ýygnap başlandyr. Netijede hazynanyň girdeýjisi ep – esli artypdyr. 1820 – 31 – nji ýyllar aralygynda döwletiň täze salgyt ulgamyny hasabynda alynýan girdeýjisi 2 – se artypdyr. Muhammet Aly döwründe Müsür sellahlaryň

ýagdaýy hem üýtgändir. Hiç bir adam arçynyň rugsady bolmasa obadan çykyp gidip bilmändir. Gaşjak daýhanlary tutmak üçin gözleg işleri geçirilip, diňe bir bir gaçagyň oba arçyny däl, eýsem baryp obasynyň arçynyna hem çäre görmändir.

Umuman reformalar öndürilen güýçleriň ösmegine getirilipdir. Döwlet onuň öndüriji güýçleriň ösmegine getiripdir. Döwlet önüm öndürilişini goldapdyr, köp irrigasiýa işlerini geçiripdir. Kaýiriň eteginde Niliň öňüne ilkinji bent gurulypdyr.

Ilkinji döwlet fabrigi 1818 -nji ýylda gurulypdyr. Şondan soň her ýyl täze – täze fabrikler açylypdyr. Has hem dokma senagaty ösüpdir. Sebäbi pagtaçylyk pudagy hem ösüpdir. 1828 – nji ýyla çenli öndürilýän pagtanyň 28 % ýurtda işlenilipdir.

Ýurtda ýüpek, dokma fabrigi hem gurulypdyr. 1833-nji ýylda ýüpek matalary satmakda döwlet 1 mln 200 müň frank girdeýji alypdyr. Dokma senagaty üçin zerur materiýallar esasan Fransiýadan we Angliýadan satyn alynypdyr.

Gant we Aýna zawotlary hem gurulypdyr. Bularyň hemmesi senetçiligi ösdüripdir. Olar gedaýlara ýa – da hakyna tutma işgärlere öwrülipdirler. 1840 – njy ýylda diňe Kaýiriň zawot fabriklerinde işleýän işçileriň sany 65 müň adama ýetipdir. Ýöne işçileriň şertleri agyr bolupdyr. Edil harby garnizondaky ýaly ýaşaýyş bolan işe zerurlyk bilen alypdyrlar. Köp şäherlerde işçiler belli bir fabrika ýazgy edilipdir, hatda gitmäge harjylary bolmandyr, para bermeli bolupdyr. Käbir fabrikiň işçileri kazarmada ýaşapdyrlar. Batalýonlara, rotalara bölünipdirler. Piýada goşunyň ofiserleriniň ýolbaşçylaryda harby okuwlara geçipdirler.

Muhammet Aly regulýar goşunam döredýär. Ilki mamlük ýigitlerini harby okuwa alýar. Ýöne ol soň diňe Müsürlileri alyp başlaýar. Özem zor bilen täze goşun fransuz sestemasy boýunça düzülipdir. Fransuz ustawlary arapça

geçirilipdir. Ýörite orta hünärment mekdepleri, pyýada, kowal, topçular. Flotada uly üns beripdir. 1840 – njy ýyla çenli ýurduň umumy goşun sany regulýar däli bilen bilelikde 276 müňe ýetýär. Bu ägert uly goşun bolup, harby taýdan aýratyn taýýarlanylan bolupdyr.

Muhammet Aly näme iş etjek bolsa kadr meselesi ýüze çykypdyr. Şonuň üçin hem ol ýerli kadarlary daşary ýurtlara okuwa iberipdir (medesinadan, arhitekturadan, agranom, diplomatiýa we beýlekiler).

Müsürde dürli okuw jaýlary açylyp arap, türk diller, matematika, geografiýa, taryh. Şolary 30 – njy ýyllaryň 9 müň okuwçy okapdyr. 1828 – nji ýylda "Müsür täzelikleri" gazeti çykarylyp başlaýar.

Muhammet Aly döwründe Müsür formal taýdan Osman imperiýasyna düzüminde bolupdyr. Juma namazynda soltanyň adyna Hutba aýdylypdyr. Muhammet Alam soltan tarapyndan goýlan paşa bolup soltan tarapynda her ýyl tassyk edilip durlupdyr.

Muhammet Aly Osmanlylardan garaşsyzlygyna ymtylypdyr. 1811 – nji ýyldan başlap soltanyň adyndan uruş alyp barypdyr we arap gündogarynyň köp ýerlerini Arabystany, Sudany basyp alypdyr we formal taýdan Osman imperiýasynyň goşulypdyr, hattat ýüzünde bolsa müsürlileri Muhammet Aly grekleriň 1827 – nji ýyldaky gozgalaňyny basyp ýatyrmagada gatnaşypdyr. Soltan görkezmesi boýunça 1827 – nji ýylda Müsür goşuny Afrikany eýeleýär.

1831 – nji ýylda Siriýany we Palestinany almaga ymtylýar. Bu bolsa Paşa bilen arasyny bozýar. Sebäbi Siriýa we Palestina Osman imperiýasynyň welaýatlary bolan. 1832 – nji ýylda türkmenler bilen müsülileriň arasynda uruş bolup, türkmenler ýeňilýärler 1833 – nji ýylda Kutahiýada şertnama bolup Muhammet Ali osmanlylary ykrar edýär. Ýöne soltan oňa köp ýerleri berýär. Muhammet Alynyň güçlenmegi ýewropa ýurtlaryny gorkuzýar. Şonuň üçin hem

ony gysyp başlaýarlar. Türkiýäni olar urşa iterýärler. 1839-njy ýylda uruş başlaýar. Uruşda Osmanlylar asgynlaýar şondan soň 1840-njy ýylda Angliýa/ Fransiýa/ Rusiýa/ Awstralýa Muhamet Ala duýdurş (ultimatom) berýärler. Muhammet Aly bu duýduryşy reddetýär. şonuň üçin hem Iňlis-Türkmen floty bilelikde desant düşürýärler. Şondan soň Müsürliler çekilýärler. Muhammet Aly bolsa boýun egýär. 1841-njui ýylda ol soltanyň buýýrugy boýunça goşunmlaryny Siriýadan/ Liwandan/ Arabystandan/ Kiritden çykarýar. Özünede Müsüri we Siriýany mirasdüşer şerti bilen belleýärler. Netijede Muhammet Aly boýun egýär we özbaşdaklygyny ýitirýär.

Öz häkimiýeti şowsuzlyga uçranyndan soň Muhammet Aly häkimiýeti ogly Ibrahyma tabşyrýar. Ýöne Ibrahym üç aýdan soň ýagny 1848-njy ýylda ölýär. ondfan köp wagt geçmänkä Muhammet Alynyň özi hem ölýär. Şondan soň häkimiýet başyna ogly Abbas paşa (1849-1854) geçýär. Abbasyň sosial bazasy Alban/Çerkez/ Türk feodallary bolupdyr. Ol dildüwüşigiň pidasy bolýar we häkimiýet Muhammet Alynyň ogullarynyň kiçi ýaşlylarynyň ýagny Sengidiň (1854-1863) we soň bolsa Ismaýylyň (1863-1879) ellarine gecýär.

1840-njy ýyldan başlap ýewropa kapitaly Arap ýurtlaryna aralaşyp başlaýar. Soň bolsa diňe bir arzan baha harytlar däl/ eýsem araplaryň ykdysadyýetine zyýanlar hem aralaşyp abşlaýar. Müsür çyg mal bazasyna öwrülüp başlaýar. Pagtanyň eksporty artýar. 25 ýylyň içinde onuň eksporty on esse köpelýär. ???? eger-de 1850-nji ýylda 365 müň kaptar (45 kg golaý) ugradylýan bolsa/ 1876-njy ýylda ol 3 mln kaptardan hem geçýär. Dokma fabrikleriň sany kemelip başlaýar. Muhammet Aliniň döwründe işleýän 29 sany uly dokma fabriginden 1870 – nji ýyla çenli diňe 3 sanysy galýar. Bu elbetde bäsleşigiň netijesidi, koloniýanyň ösmegini islemändirler. Şeýlelikde pagta Müsüriň esasy

eksport harydyna öwrülýär. XIX asyryň 60 – njy ýyllaryndan pagtanyň eksportyny daşary ýurt kompaniýalary öz ellerine alýarlar. Iňlis kompaniýalary aýratyn işe öwrülip görkezipdirler. XIX asyryň 50 – nji ýyllaryndan olar Müsürde Kaýiri – Aleksandriýany we Suesi birikdirýän demir ýolunyň gurluşygynyň konsepsiýasyna alýarlar.

1854 – nji ýylyň noýabr aýynyň 30 – da Müsür – fransuz kaptalisti Ferdenant Lessepsa Sues kanalynyň gurluşygyna başlamaga rugsat berýär. Gurluşyk gutarandan soň 99 ýyllap konsesiýa bermeli edilýär. Bu kanalyň gurluşygyna 30 müň Müsür sellahy gatnaşypdyr. Olar zor bilen işledilipdir. Diňe 1863 – nji ýylda zor bilen işlemeklik gadagan edilýär. Sebäbi iňlisleriň fransuzlara her hili ýol bilen işi togtatmaga çalşypdyrlar, ikinjiden hem goşmaça hem Müsüriň özem gowaça meýdanlarynda işlemäge adam güýjüni alypdyr. Gurluşyk 1869 – nji ýylda tamamlanýar. Werdiniň „Aýyda“ baleti görkezilýär.

Daşary ýurt, birinji nobatda fransuzlaryň kopitalynyň Siriýa we Liwana aralaşyp ugramagy hem bu ýurtlaryň hojalygynyň tebigy ösüşini bulaşdyryp ugraýar. XIX asyryň başlarynda Siriýada 50 müňe golaý dokma stanoklary bolan dokma 40 – njy ýyllarda olar 2,5 müňe çenli azalypdyr. Eksport edilýän nah matanyň öndürilişi ýatypdyr. Soňra ýewropalylar Liwanda we Siriýada öz dokma fabriklerini hem gurup başlaýarlar.

Iňlis işinde XVIII asyryň ahyrynda Arabystana aralaşyp başlaýarlar. XIX asyryň ortalarynda iňlisler Maskatda (Oman) Ormuzda, Bahraýinde, Katarda agalyk edip ugraýarlar.

XVIII asyryň ahyrlarynda Yragam formal taýdan Osmanly imperiýasyna degişli bolan. Ony gruzin mamlüklary – külemenleri (ak gullar – yslama uýdurlan we harby okuw geçirilen) tarapyndan dolandyrylypdyr.

1812 – nji ýylda häkimiýet başyna mamlük külemen Beýik Süleýmanyň ogly Seýit paşa geçýär. Ol özbaşdaklyga ymtylypdyr. 1817 – nji ýylda onuň ornuna gruzin Daut paşa gelýär. Ol ýaşka Beýik Süleýmana satylypdyr, soň kätibi bolup, onuň gyzyna öýlenipdir. Olam köp özgerşikleri geçiripdir.

1828 – 1829 – nji ýyllaryň Rus – türkmen urşlarynda Daud boýun egmägi başlaýar. Porta ony talaňçy diýip yglan edýär we 1831 – nji ýylda urşa başlaýar. Yrakda mamlük – külemenleriň häkimiýeti dargadylýar we Yrak Porta boýun egdirilýär.

XVIII asyryň başlarynda Tunisde Huseýimitleriň dinastiýasy başlap, olar hem formal taýdan Porta degişli bolupdyrlar. XIX asyryň 20 – nji ýyllaryndan Tunise – de daşary ýurt kapitaly aralaşyp ugraýar. Esasan Fransiýa işeňirlik görkezipdir.

Alžirli türkmenlere garakçy Fahraddin Barbarossa XV asyrda alyp berýär. Alžir ýanyçar ofiserleri tarapyndan saýlanýan beý tarapyndan dolandyrylypdyr. Türkmen ýanyçar onuň häkimiýeti diwan tarapyndan çäklendirilipdirler. Olar esasan düzlük ýerlerde we şäherlerde agalyk edipdirler. XIX asyryň başlarynda Alžir krizise düşüp ugraýar.

1830 – nji ýylda fransuzlar alžire çozýarlar. Ýöne oňa Abdul Kadyr garşylyk görkezýär. Ol (1832 – 1847 – nji ýylar aralygynda döwlet döredýär).

## Arap ýurtlary XIX asyryň ahyrynda XX – asyryn başynda

XIX asyryň ahyrynda Liwanyň, Siriýanyň we Palestinanyň ykdysadyýetine daşary ýurt kapitaly agalyk edipdirler. Esasan hem fransuz kapitaly agalyk edipdir. Wagtyň geçmegi bilen Osman imperiýasynyň şu ýerlerini

daşary ýurtlylar özleriniň agrar çig mal bazasyna öwüripdirler. Bu ýerlere kapital goýulypdyr, haryt satypdyrlar. Siriýa bilen Liwan miwe önümlerini, şeker çiňrigini, tämmäki, pagta we ýüpek öndürip Fransiýa we Angliýa eksport edipdirler.

Siriýanyň we Liwanyň tämmäkisine fransuzlar manapolýa girizipdirler. Hemme zady özleri kesgitläpdir baha, ölçeg möçberlerini hem özleri kesgitläpdirler.

Ýurtlaryň bank ulgamy hem daşary ýurt kopitallarynyň elinde bolupdyr. Siriýada, Liwanda we Palestinada Ottaman bankynyň şahamçalary, fransuz, iňlis we nemes banklary bolan iňlis – palestin oksaner kompaniýasy Palestina kommersiýa banky, Salogiki banky, Lion krediti, German gündogar banky, Germaniýanyň Galesten banky agalyk edipdirler. Ätiýaşlandyryş işleri bolsa esasan Awstraliýanyň elinde bolupdyr. Daşary ýurt kompaniýalary gämi gurluşygyny hem öz ellerine alypdyrlar.

Fransuz kopitalyna Ýaffa – Ierusalim, Beýrut – Damask demir ýol liniýasy beýrut porty şäherleriniň kamunal kärhanalary degişli bolupdyr.

XIX asyryň ahyryndan baý sionistler Ýewropanyň kömek bermegi bilen Palestinada ýerleri satyn alyp ugrapdyrlar. Şu döwürde Yraga – da aralaşmak güýçlenýär. Deňiz we derýa ulaglary, bank işleri, daşary söwda, işläp bejerýän senagat esasan iňlis kompaniýalaryň eline geçýär.

1861 – nji ýylda Tigr, Efrat, Şat al – arap derýalaryndaky derýa gämi gurluşygyna Lipçiň – iňlis kompaniýasy eýeleýär. 1862 – nji ýylda Hindistan bilen pars aýlagynyň, ýurtlarynyň arasynda yzygiderli gatnaý ýola goýulýar. 90 – njy ýyllarda Yrakda 10 sany daşary ýurt ulag kompaniýalary işläp iňlisler munda telegraf liniýasynam gurupdyrlar. XIX asyryň 80 – njy ýyllarynda Bagdatda we Basrada Ottaman bankynyň bölümleri işläp. Elbetde bu ýerde hojaýynlar diňe iňlisler bolmandyr. Şonuň üçinem olar

Fransuz, Belgiýa, Italýan kompaniýalary bilen bäsleşige girmeli bolupdyrlar.

Bu ýere hasam germanlar dyzapdyrlar. Olar bu ýere pagta we däne äkidip ýerine öwürmegi arzulapdyrlar. Olar Bagdat demir ýol gurluşygyny öz ellerine alypdyrlar.

Görnüşi ýaly Yrak hem beýleki arap ýerleri ýaly kopitalyň aýlawyna düşüpdir. Ýöne entäkler yza galanlary galypdyr.

Kopitalyň aralaşmagy yza galan etraplar bolan arap ýarym adasyna aralaşyp ugraýar. 1869 – njy ýylda Sues kanalynyň açylmagy bilen arap ýarym adasynyň Ýewropadan Aziyan ýoluň ugrunda ýerleşen – ýöne Angliýa entäk kanal açylmaka şol kenaryň köp ýerini eýeleýär. Kanal açylmaka iňlisler Adeni eýeläpdirler. Oman bolsa protektoraty bolan Fransiýa, Russiýa, Germaniýa hem şol kenarda ýerleşmäge çalşanlar. Elbetde Osman döwleti iňlis ekspansiýasyna päsgel bermäge çalşypdyr.

1871 – nji ýylda iňlisler Katar şeýhiniň boýnuna protektoratlyk atjak bolýarlar. Şonuň üçin hem Yragyň häkimi Midhat paşa Osman goşunlaryny Katara we Kuweýta iberýär. Netijede bu ýerler Osman imperiýasynyň täze ojagyna – ýagny Nežd Sanjary diýilip atlandyrylyp ugraýar. Şol döwür türkmenler daglyk Ýemeni eýeleýärler. (1872)

Angliýada pes oturmaýar. 1888 – nji ýylda olar Bahreýni Protektorata öwürýärler. Fransuzlar hem şol ýerlere dalaş edipdirler. Şol sebäpli 90 – nji ýyllarda fransuz – iňlis bäsleşigi döreýär ahyr Fransiýa gitmäge mejbur bolýar.

1899 – njy ýylda Germanlar Bagdat demir ýoluny gurmaga we ulanmaga konsesiýa alýarlar. (Konýadan Bagdada we pars aýlawyna çenli). Bu elbetde iňlisler üçin garaşylmadyk ýadgaý däldi. Olar oňa öňünden hem taýýarlyk görýärdiler. Şonuň üçin hem baryp 1896 – njy ýylda iňlisler Osman soltanynyň Wassaly bolan Kuweýtiň şeýhini agdardylar. Ýerine bolsa şeýhy öldüren iňlis adam şeýh

bolýar. 1899 – njy ýylda ol Angliýa bilen şertnama baglaşyp «özüne deregem mirasdaryna deregem, soňky nesilerine deregem şu ýeri Angliýadan başga hiç kime bermejekdigine gol çekýärin» didirýarler.

Germaniýanyň Kuweýtde deňiz bazasyny edinmek we şol ýere Bagdat ýolunyň bir goluny eltmek islegi Angliýa bilen bäsleşige getirýär. Germaniýanyň maslahaty bilen Osman soltany Kuweýta goşun iberýär (1901-nji ýylda) emma Kuweýt buhtasynda duran iňlis ireýseri türkmenlere kenara düşmäne mümkinçilik bermeýär.

XIX asyryň ahyrynda Müsüre daşary ýurt kapitallaryň aralaşmagy has hem güýçlenýär. Şonda daşary ýurt karzlary esasy orun tutýar. Daşary ýurt bankirleri opengeýim, Fruling, Goşen, Roşind we başgalar. Uly kredit bilen karzlary beripdirler. Käbir karzlaryň ýyllyk göterime 15 – 25 % baranbar bolupdyr. Ýöne karzlar doly berilmändir.

Egerde 1862 – 1873 – nji ýylda iňlis banklary Müsüre 68 mln frank bermäge şert eden bolsa, hakyky suratda 46 mln funk sterlink beripdirler. Netijede 1876 – nji ýyla çenli Müsüriň bergisi 94 mln funk sterlin barabar bolan.

Şeýlelikde XIX asyryň 80 – nji ýylyň başlarynda ýurduň girdeýjisiniň 60 – 80 % bergileri üzmäge gidipdir. Şonda bergi üzmek üçin täze karzlar alynypdyr, ýer salgydy artylypdyr.

1876 – njy ýylda Müsüriň maliýe ulgamy pese düşýä we bergilerini tölemege bes edýär. Şonuň üçin hem ýewropalylar maliýe işine gatyşyp başlaýarlar. Bu barada Fransiýanyn, Italiýanyň, Awstraliýanyň wekillerinden topar düzülýär. Komissarlar bergileriň wagtynda tölenmegi üpjün etmeli bolupdyrlar. Bir wada Fransiýa bilen oňyşman Angliýa öz toparyny şu komisiýa belemeýär.

1876 – nji ýylyň maý aýynda Müsüriň hediwi ähli bergileriň birleşdirilmeýändigi we olaryň 65 ýylyň dowamynda (ýylda 7 %) üzmelidigi barada karar çykarýar.

Şertiň kepilnamasy höküminde Aşaky Müsüriň 4 sany baý welaýatyndan alynýan ýer salgydy, Kaýiriň we Aleksandriýanyň gümrük girdeýjileri we hediw Ysmaýylyň mülküniň girdeýjisiniň komisiýanyň ygtyýaryna berilýär.

Soň farnsuzlar we iňlisler ylalaşyga gelip özbaşdak kommisiýa döredýärler. Olar ýurduň girdeýjilerine gözegçilik edýän iňlis emeldarlaryny bellemäge we ýurduň çykdaýjylaryna gözegçilik edýän fransuz emeldarlaryny bellemäge hediwi mejbu edýärler.

Göterimleri tölemek üçin köşgiň ştaty kemeldilýär, emeldarlaryň aýlygy azaldylýar. Goşun kemeldilýär, salgyt 1 ýyl özünde alynýar, demir ýoluň tarifi 100 % kemeldilýä gümrük artyrylýar. Ýöne barabyr serişde ýetmeýär. Girdeýji 9,5 funk sterlin bolup, kredittorlara tölemeli 7,4 mln funk sterlin bolan.

1878 – nji ýylyň aprel aýynda Müsüriň maliýa edaralaryny öwrünmek (barlamak) boýunça täze halkara komissiýasy döredilýär. Bu kamissiýa Müsüre berilmeli täze karzyň kepilnamasy hökmünde hediw Ysmaýylyň mülkini iňlis bankiri. Rotşalda bermek barada karar çykaýar. Mundan başga – da komissiýa ýurdy dolandyrmakdan hedewe çetleşdirmek we ony ornuna Ýewropanyň gatnaşmagynda ministrler kabinetini döretmek barada karar çykarýar.

Hediw bu karary kabul etmäge mejbur bolýar we 1878 – nji ýylyň awgust aýynda täze ministrler kabinetini belleýär. Kabinete iri pomeşik, Ermeni asylly Nubar paşa ýolbaşçylyk edýär. Içeri işler ministrligine Riýaz paşa, iňlis R.Biloson maliýe ministri Fransiýanyň wekilli – jemgyýetçilik işler ministri, Awsraliýanyň wekili baş kontralýor, Italiýanyň wekili – ýoldaş ministr bolarlar.

Ýagdaýyň şeýle häsiýete eýe bolmagy ýurtda nägileligi güýçlendirýär. Garşydaş intelegensiýa wekilleri we ofiserler ýolbaşçylyk edipdirler. Olar giriş jemgyýet döredip, özlerini “watançylar” diýip atlandyrypdyrlar. Alžiri Ahmet Arabi

(ofiser) aňýetleri Muhammet Abdo, Adib Ishak, Abdallah an-Nadim bolan. Olar esasan J.Al – Afsaniniň okuwçylary bolan. Esasy işleri “Müsür müsürliler üçin”.

Olar “opazision” garşydaş gazetler çap edipdirler. Hedwiň we “ýewropa kabinetiniň” düzgüni tankyt edilipdir.

1879 – njy ýylyň fewral aýynda “Ýewropa kabineti” 2,5 müň ofiseri baýatmak we olara öň tölenmeli puly tölemek bes edilýär. Nägilililik boşadylanlar toparlanşyk edýärler we Nubar agasiýany we R.Wilsony tussag edýärler. Hedew Ysmaýyl geleni yrjak bolýar. Soň taraplaryny ýerine ýetirmäne söz beren soňlar Nubar bilen Wilsony başadýarlar.

Ofiserleriň çinini gorkuzýar. Nubar harby gullukdan boşadylýar, ofiserler goşunda galdyrylýar, pullary tölenýär. Ýöne ähli daşary ýurtlar inostranlary saklaýarlar.

Ýöne Müsüriň içi düzelmeýär. Sebäbi bergileri üzdürmek üçin “Ýewropa kabineti” her hili iş eden iri ýer eýeleri şol syýasatdan zyýan çeken, sebäbi salgyt artýar.

Garşy çykmalar, ýygnaklar, parlamentiň deputatlarynyň çykyşlary hediw Ysmaýyla “Ýewropa kabinetini” işden boşadylmagyna mümkinçilik berýär. Onuň ornuna şerif paşanyň ýolbaşçylygynda milli kabinet gelýär.

Bu hökümet köp ýeropaly emeldarlary boşadýar. Ýyllyk bergi götermi 5 – e çenli peselýär we Müsüriň 1 – nji konstitusiýany düzmäge başlaýar.

Iňlis hökümeti hedew Ysmaýyldan ýewropaly ministrleriň wezipä gaýtarylyp getirilmeleri talap edýär. Ysmaýyl boýun gaçyrýar. Şondan soň ähli ýewropa hökümetleri nägililik bildirýärler. Ahyrynda hediw Ysmaýyl türkmen solatny tarapyndan aýrylýar we ýerine ogly Tofik bellenilýär.

Tofik milli hökümeti agdarýar we ýerine iňlis poroz Riýaz paşany belleýär, köp ministrler ýewropylar.

Mundan soň bu hökümete garşy hereket has hem güýçlenýär.

1879 – njy ýylyň başlarynda Aleksandriýada “Täze Müsür” gizlin jemgyýeti döreýär. Bu jemgyýet özgertmeleriň tarapynda. Bu jemgyýet 1880 – njy ýylyň başlaryna çenli hereket edýär. 1879 – nji ýylyň ahyrynda milli partiýa (al – Hizb al – watanyý) döreýär. Ol antipologiýal häsiýetde. Daşary ýurtlara garşy herekete A. Araby paşanyň ýolbaşçylygyndaky ofiserler başlaýar.

Aýlygyň wagtynda  berilmezligi, salgytlaryň mejbury işlere  iberilmegi, harby çin berilmeýänligi howatyrlandyrypdyr (ýokary çinler Türk-Çerkezlere berlipdir) bahana bolýar.

1880-nji ýylyň maý aýynda Araby paşşa ministrlere talap bilen ýüz tutýar. Şondan soň harby ministrler-Arabynyň howandarlaryny yzarlap başlaýar. 1881-nji ýylyň Ýanwar aýynda Araby talaplar bilen ministrler kabinetine ýüz tutýar. Şondan soň Arabyny tussag edýärler. Emma Kair goşunynyň polklary harby ministrlerini gabaýarlar we Ahmedi boşadýarlar. Hökümet gorkup harby ministri aýyrýar we ýerine al-Hizb – al-Watanyň liderleriniň biri Mahmut Samy al-Barudyny bellemäge mejbur bolýar. Soň hökümet hrbylara ýlyk berýär. Ýöne gozgalaňçy polklary Kairden çykarmaga synanyşk edýär. Harby ministr Mahmut Samy gorkup gaçýar we Atstawka iberilýär.

Araby ýene-de gozgalaň turuzýar. Ol hökümetiň otstawka gitmegini konistitusiýa, parlamente talap edýär Hediw boýun bolýar. Şondan soň Şerif premýer bellenilýär. Şerif paşa ýewropaylar bilen hyzmatdaşlyk etmegiň tarapdary bolýar. Şonuň üçin hem parlamente Hediwden onuň aýrylmagyny talap edýär. 1882-nji ýylyň fewral aýynda Şerif aýrylyp, onuň ýerine Mahmut Samy harby ministrlige bellenilýär. Buny parlament hödürleýär.

Şondan soň özgerişlikler geçirilip başlaýar. Saýlaw ulgamy, demokratik, oba hojalygy we banklar halk magaryfy.

Daşary ýurtlylary howsala salypdyr. 1882-nji ýylyň maý aýynda Angliýa we Fransiýa öz raýatlaryny goramak bahanasy bilen Aleksandriýa flot iberýärler.

Olar Hediwa ultimatom berip Mahmut Samynyň we Arabynyň aýrylmagyny talap edýärler. Hediw olar bilen ylalaşýar. Emma harbylar boýun egmeýärler. Şonuň üçin hem Hediw Arabyny ýene-de harby ministrlige belleýär.

Şondan soň ýewropalylar Tofiga Osmanlylara ýüz tutmagy maslahat berýär. Osman soltanyň özüne ýüz tutulan soň Kaire wekillerini iberýär. Olar Araby paşa Istanbulda uly wezipe bermeli edýärler Araby bu teklibi reddetýär.

1882-nji ýylyň iýun aýynyň 23-ne Istanbulda ýewropa döwletleriniň gatnaşmagynda konferensiýa açylýar. Bu konferensiýa Müsür meselesine bagyşlanýar. Şunda beýleki ýewropa döwletleri Müsür meselesinde angliýanyň özbaşdak hereket etmezligi üçin, Müsürde tertip-düzgüni ýola gaýmak üçin Osman goşunlaryny üç aýlyk Müsüre salmak kararyna gelinýär. Sebäbi Msüsürde musulman-hristian çaknyşyklary bolýardy.

Emma 1882-nji ýylyň iýul aýynyň 11-ne Iňlis floty Aleksandriýany oka tutup başlaýar. Iýul aýynyň 13-ne bolsa Iňlis desantlary Aleksandriýa düşürilýär we şol aýyň 15-ne şäheri eýeleýär. Bu wakadan soň Fransiýa nägile bolup flotuny yzyna çagyrýar.

Şondan soň Hediw Aleksandriýa – Iňlisleriňkä gaçýar we şondan soň Arabynyň baştutanlygy yglan edilýär.

Kairde bolsa adatdan daşary birleşik döredilip, Tofygyň aýrylýandygy, Arabynyň bolsa baş serkerde diýlip yglan edilýär. Emma Müsür goşunlary Iňlisleriň öňünde durup bilmeýärler we 1882-nji ýylyň sentýabr aýynyň 13-ne Kair eýelenýär. Araby bolsa ýesir düşýär. Şonuň bilen birlikde jemi 30 müň adam tussag edilýär. Araby paşa we egindeşleine ölüm jezasy berilýär, ýöne soň ol ömürlik sürgün edilip Seýlona iberilýär. Şondan soň Müsür Osmanlylaryň ýöne bir

kolonýasy ýaly bolup galyberýär. Aslyýetinde bolsa ony iňlisler dolandyrýar. Sebäbi Angliýa baş rezidensiýa (Lord Kromer 1883-1907) ýa-da baş konsuly belleýär. 1883-nji ýylda iki sany wekilçilikli gurama konsulçylyk sowet we baş ýygnak bolýar. Ýöne ol ýygnagyň kän bir täsiri bolmandyr.

Soň Angliýa Müsüriň ykdysadyýetini güýçli özleşdirip ugraýar. Täze ýerler açylyp gowaça köp ekilýär. Bu işleriň hemmesini Iňlisler edipdir. Gant senagaty bolsa Fransuzlaryň elinde bolupdyr. Şol döwürde Müsür çyg mal bazasyna öwrülýär.

Ýewropalylar sudana XIX asyryň 30-njy ýyllarynda aralaşyp ugraýarlar. 60-njy ýylyň ahyryndan Angliýa gündogar Sudany eýeläp ugraýar. 70-nji ýylyň ahyrlaryna çenli Sudanyň köp ýerlerini eýeleýär. 1881-nji ýylda Sudanlylar Derwüş Muhammet Ahmediň (mätidigi yglan edilýär) ýolbaşçylygynda gozgalaň başlaýar. Olar Iňlislere köp zyýan ýetirýärler. 1885-nji ýylyň başynda mätiçiler Hartumy eýeleýärler we Sudanyň häkimi Bardol öldürilýär. Mätiçiler teokratik dölet dinini döredýärler. Ilki Mäti Ahmet soň Abdulla hökümdar bolýar we şol ikisiniň ýolbaşçylygynda goşun döredilýär. 1895-nji ýylda onuň 86 müň goşuny bolup paýtagty Omdurman bolupdyr. Ýöne 1898-nji ýylyň sentýabr aýynda Iňlis-Müsür goşunlary Omdurmany eýeleýärler. Şondan soň mätiçiler döwleti ýykylýar. 1899-njy ýylda Sudan „kondominium“ diýlip yglan edilýär. Ony Hediw tarapyndan bellenýän, ýöne Iňlisleriň rekomendasiýasy (hödürnamasy) bilen häkim dolandyrýar. Ol ýerde Iňlis ofiserleri hojaýynçylyk edipdir. I jahan urşuna çenli Angliýanyň ýarym kolonýasyna öwrülýär. Iňlisler ol ýerde demir ýol gurupdyrlar.

XIX asyryň soňky çärýeginde Liwiýany koloniýa öwürmek höwesi güýjeýär. Esasy bäsdeşler Italyýa bilen Fransiýa bolupdyr. 1871-nji ýyl öda Italiýa (iň garuyp ýewropa – kolonial döwleti, Efiopiýany alyp bilmeýär, diňe

garyp Eritreýa bilen Somalini alýar (1885-nji ýylda)) Tunis beýiniň porotektoratlykdan çykmaga synanyşýar. Ýöne Angliýa bilen Fransiýanyň basyşy netijesinde ondan el çekýär. Ýöne 1881-nji ýylda Tunisi protektorata öwürýär.

Ýöne Italýa Liwiýany islemek meýlinden el çekmeýär. 80-nji ýylyň ahyrynda synanyşýar. Ýöne ýene-de başarmaýar. Sebäbi Liwiýa Angliýada, Germanýada göz dikýärdi. Diňe 1907-nji ýylda Italýa Fransiýany bu meselede yrýar. Fransiýa razylygyny bereninden soň Russiýada razylaşýar.

Başda Italýa Liwiýa ykdysady taýdan aralaşýar. Söwda, bank işleri güýçlenýär.

1911-nji ýylda Italýa Osmanlylara ultimatum (duýduruş) berip Türkmenleriň garşylyk görkezmezliklerini talap edýär. Şol döwürde Liwiýa Osmanlylaryň (Tripoly welaýaty) bolup durýardy. Türkmenler garşylyk görkezmäge çalyşýarlar. Emma Rim ylalaşmaýar. 1911-nji ýylyň oktýabr aýynda Italýanyň desantlary söweşe başlaýar. Şondan soň Türkmen Italýan urşy turýar. Emma Italýanlar Tripolini, Bengazini, Dernuni, Derkuny, Homsi eýeleýär. Sebäbi bu ýerde bary-ýogy 7 müňlük bir diwiziýa Türkmen goşuny bolupdyr. Netijede 1912-nji ýylyň Oktýabr aýynda Osmanlylar Italýa bilen Lozanna şertnamasyny baglaşýar. Ýöne Osmanlylar Italýanyň Liwiýany eýelemeklerini ykrar etmeýärler, ýöne goşuny we administrasiýany äkitmäge razy bolýarlar. Ýöne Liwiýalylar uzak wagtlap (1914-nji ýyla çenli) Italýanlara garşy söweşýärler. 1878-nji ýylyň Berlin kongresinde Tunisiň hem ykbaly çözülýär. (Osman ýerlerini paýlaşmak meselesi hem şonda başlaýar.) 1881-nji ýylda Fransuz goşunlary Tunisi eýeleýär we Tunisiň beýi protektoratlyga gol çekýär, öň Osmanlylaryň welaýaty bolan Tunis, indi „özbaşdak manarh“. Ýöne ähli meseleleri Fransiýanyň rezidenti çözýar. 1883-nji ýylda şertnama bilen ýene-de berkidilýär „protektorat“. Fransuzlar ýer eýeleýärler. 1892-nji ýyla çenli 443 müň gekdara çenli ýeri eýelenýär.

Alžire Fransuzlar XVIII asyryň ahyrynda XIX asyryň başlarynda aralaşyp ugraýarlar. 1830-njy ýylda alžir şäherini eýeleýärler. 1844-nji ýylda bolsa Alžiri doly eýeleýärler. Ýöne uzak wagtlap Alžirliler Fransuzlara garşy göreşýärler. Abdulkadyr 1832-nji ýyldan 1844-nji ýyla çenli Fransuzlara garşy berk göreşýär.

Alžirde Fransuzlar köp syýasy tussaglary, işçileri, opaziionerleri ugradýarlar. Ýurdy Fransuz generallary we häkimleri dolandyrýarlar. Bularam köp ýerleri eýeläpdirler. XIX asyryň 70-nji ýyllarynda Fransuzlar 400 müň gekdar ýeri eýeleýärler ýene 40 ýyldan 500 gekdar ýeri almagy meýilleşdirýärler. Netijede 1917-nji ýyla çenli ýerleriň 55% ni eýeleýärler.

Marokka asyrlaryň dowamynda özbaşdak ýaşapdyr. Ýöne XIX asyryň 60-njy ýyllarynda Marokka Ýewropalylar aralaşyp ugraýar. XIX asyrda Awstro-Wenger, Angliýa, ABŞ, Niderlantlar, Belgiýa, XVIII asyrda bolsa Fransiýa, Italýa kapitulýasion hukuklary (söwdegärler üçin) alýarlar.

Marokka has hem Fransiýa dyzaýar. 1870-nji ýyldan başlap Marokkanyň oazislerini eýeläp ugraýarlar. Ýöne beýleki döwletler muňa garşy çykypdyrlar.

1880-nji ýylda Madritde „Marokkanyň meselesi“ boýunça koferensiýa bolýar. Şonda onuň ‚özbaşdaklygyny“ kesgitlendiripdirler. Şonda konferensiýa gatnaşan döwletleriň razylygy bolmasa, ony hiç kim üýtgedip bilmändir.

Ýöne Fransuzlar bary bir oňa 1912-nji ýylda protektorat düzgünini Marokkanyň boýnuna dakýarlar. Frank-Ispan ylalaşygy boýunça 1912-nji ýylda Marokkanyň demürgazyk ätiýaçlyk gory Ispanýa geçýär.

XIX asyryň ahyrynda Arap ýerlerinde jemgyýetçilik aň-düşünjeleri ösýär. Arap Galkynyş hereketiniň baştutanlary Ýakup Sarruf, Adib Ishak, Farah Antun, Nejib Haddad, Abdurahman al-Kawanibi, Aly Mübärek we başgalar bolupdyr. Ýöne hemmesiniňkidenem güýçli we Arap

watançylarynyň ideologi Muhammet Abdo bolupdyr. Ol Araby paşanyň gozgalaňyna hem gatnaşypdyr.

Günbatar paraz ideologlaryň biri Mystafa Kamil bolupdyr. Ol Parižde bilim alypdyr. Ol Ýewropa tertip-düzgünini ýola goýmagyň tarapdary bolupdyr. Ol antiiňlis pozisiýada durupdyr. Ýewropalylary Müsürden aýratyn hem Iňlisleri ewandirlemäge çagyrypdyr.

Anti günbatar meýilleriniň döremeginde Jemaleddin al-Afganynyň roly uly bolupdyr. 1871-79-njy ýyllarda Müsürde ýaşan we töweregine Arap-intelgentlerini ýagnapdyr.

Arap wetançylarynyň Osmançylyk ideýalaryny gollanlar hem bolupdyr. Olardan Halyl Ganem, Süleýman al-Gustany, Şekip Arslan. Olar Osman imperiýasynyň içinde deňhukukly halklaryň syýasatyny gollapdyrlar.

1908-nji ýylda ýaş Türkleriň yňkylabyny, ornan ýerlerinde uly joşgun bilen kabul edipdirler. Olaryň „deňlik“, „doganlyk“, „agzybirilik“ hakyndaky şygarlaryny Arap intelgentleri gollapdyrlar.

1914-nji ýylda Arap ýerleri hem 1-nji jahan urşuna girýärler. Ýöne uruş Osmanlylar üçin amatsyz bolýar. 1914-16-njy ýyllarda Yragyň ep-esli ýerini. 1917-nji ýylda bolsa Angliýa Bagdady eýeleýär. 1916-njy ýylyň ahyryna çenli Iňlisler Sinaýy eýeleýär. 1917-nji ýylda Palestinany eýeleýär. 1918-nji ýylda bolsa Fransuz-Iňlis goşunlary bütün Siriýany eýeleýärler.

1917-nji ýylyň başyndan Iňlisler irosionistik syýasat ýöredip ugraýarlar.

## Hytaý 1917-1945-nji ýyllarda

Birinji jahan urşynyň tamamlanan döwürleri hytaý yzagalak, ýarym kolonial, ýarym feodal, ýurt bolmagyny

dowam etdirýärdi. Pri döwletler Hytaýy dolylygyna diýen ýaly “täsie zonalaryna” öwrüldiler.

Birinji jahan urşy ýyllarynda Hytaýyň ykdysadyýeti birneme janlandy säbäbi uly döwletleriň bar ünsi ýewropada boldy. Hytaýda fabrik zawod önümçiligi birneme giňedi. Senagat işçileriniň sany 2 mln. çenli artdy. Milli buržuaziýa birneme guruplandy. Emma orta asyr döwlet gurluşy, uly döwletleriň agalygy dowam edýärdi. Şu şertlerde Hytaýda rewalýusion çykyşlar güýjäp ugrapdy. Muňa rus rewalýusiýasynyň hem täsiri boldy.

Oktýabr aýynyň wakalary hakyndaky habarlar Hytaýa gelenden soň dürli çykyşlar başlady. Pekin uniwersitetiniň professory Li Da Çžao “täze ýaşlar” žurnalynda makalalar çap edýär (oktýabr (garaşsyzlyk) rewalýusiýasy barada).

1919-njy ýylyň maý aýynda Hytaýda watançylyk hereketi başlanýar. Sebäpli Pariž konferensiýanyň karary. Şol karar boýunça Şanduny Germaniýadan aýryp Ýaponiýa berýärler. Hytaýlylar bolsa özlerine berilen öýdüpdir.

Ilkinji bolup Pekilli talyplar gurnaýarlar. Şol miting 1919-njy ýylyň maý aýynyň 4-ne bolup geçýär. Olar özbaşdak şygarlaryny, göteripdirler, dönüklere çäre görülmegini talap edýärler. Şertnama gol çekilmegine goşulýärlar. Polisiýa çozýar, ýeňjilýärler tussag edilýär. Muňa jogap edip Pekinli talyplar Maý aýynyň
5-ne okuwa çykmaýarlar. Şeýle hereketler başga ýerlerdede bolup geçýär.

Ýaponlaryň harytlaryny almakdan ýüz öwürýärler. Şäherlerde iş taşlaýyşlar bolup geçýär. Şeýle şertlerde hökümet birnäçe ýaponparaz emeldarlary işden çykarmaga tussag edilen talyplary boşatmaga mejbur bolýar. Pariž sertnamasyna bolsa Hytaý gol çekmeýär.

Şol döwürlerde Hytaýa marksistik edebiýat hem köpçilikleýin ýaýrap başlaýyar. Hytaýdaky hereketler komenterniň hem ünsüni berk özüne çekýär. Hytaýa wekiller

iberip durulýar. Netijede 1921-nji ýylyň iýul aýynda HKP birinji gurlutaýy Şanhaýda bolup geçýär.

Hytaýyň ýaponparaz millitaristik hökümeti (Pekinde) 1912-nji ýylyň Maý aýynda RSFSR-däki öz wekillerini yzyna çagyrýar we Maý aýynda Ýaponiýa bilen Russiýa garşy interwensiýa guramak barada ylalaşyk baglaşýar. Ýöne Russiýa Hytaý bilen arany sazlamak başardýar we 1924-nji ýylda sowet - Hytaý şertnamasyna gol çekilýär.

Şol döwürler ABŞ hem Hytaý babatynda aktiw syýasat ýöredip ugroýar. Ol Waşinikton konferensiýasynda (Noýabr aýynyň 21-i, Fewral aýynyň 22-si) Şanduny Ýaponiýadan Hytaýa gaýtaryp berilmegine ýardam edýär.

Şol ýyllarda ABŞ we Angliýa Hytaý milletaristlerini goldaýar. Olar ýaponparaz güýçler bilen iki gezek uruşdan soň (1920-1922) merkezi we demokratik Hytaýyň köp ýerlerini kontrollyga alýarlar.

1922-23-nji ýyllarda işçiler hereketi güýçlenýär. 1922-nji ýylda iňlis oloniýasy bolan Gankongda 100 matros dönükler iş taşlaýarlar. Iş haky, iş şerti. Beýleki bir çykyş Pekin-Honkow demirýolynda bolýar. Ýöne Fewral aýynyň 23-ne millitaristler tarapyndan basylyp ýatyrylýar.

Şeýle şertlerde Hytaýyň Günortasynda azat edijilik hereketi üçin gowy şertleri döreýär. Sebäbi, 1923-nji ýylyň fewral aýynda Guançžowda Sunýasen hökümet döredýär we kommunistler bilen arasyny berkidip ugraýar. Sowet Soýuzy bilen dostlugyň atarapdary bolupdyr.

1923-nji ýylda KPK Gomindanyň (Sun Ýatseniňki – milli partiýa) arasynda bitewi Frat barada ylalaşyga gelinýär.

Täzeden gurulan Gomindanyň 1924-nji ýylyň ýanwar aýynda Guançžouda bolup geçen I gurultaýynda KPK Gomindany kabul edilýär. KPK-nyň käbir ýolbaşçylary MIK-ne girizilýär.

Gurultaýda ``üç prinsip`` kabul edilýär – milletçilik, halk häkimiýeti, halk abadançylygy. Şu üç prinsip Sun Ýat-seniň

``üç syýasaty`` bilen utgaşypdyr. SSSR bilen soýuz, KPK bilen soýuz, Daýhanlary we işçileri goldamak.

1924-nji ýylyň maý aýynda Sun-Ýat-sen SSSR-de gelen sowetnikleriň kömegi bilen rewolýusion armiýany gurnamaga başlaýar, kommunistler bilen.

1924-nji ýylyň maý aýýnyň 31-de Sowet Hytaý şertnamasy baglaşylýar. Oňa Pekiniň militaristik hökümeti gol çekýär. KWŞD iki tarap üçin deň ``kommersiýa kärhanasy`` diýlip ykrar edilýär. Tä Hytaý ony satyn alynça.

Guançžouda emele gelen bitewi Fratyň hökümetini ýok etmek üçin birnäçe gezek çykyşlar bolup geçýär. Ýöne olara şol çykyşlary basyp ýatyrmak başardýar.

Şol döwürde demirgazykda-da syýasy wakalar bolup geçýär. Demirgazykly militaristleriň generaly Fen Ýuý-Sýan 1924-nji ýylyň oktýabr aýynda öz goşunyny ``milli goşun`` diýip yglan edýär we Pekini eýeleýär. Ýöne ol yzygiderli syýasat ýoredip bilmeýär. Sebäbi ol Pekini hökümet başyna ýaponparaz syýasatçynyň gelemegine ýol berýär. Şol syýasatçy Pekinde dürli syýasy toparlaryň gatnaşmagynda konferensiýa gurnaýar. Şol konferensiýa agyr keselli Sun-Ýat-senem gelýär. Ol 1925-nji ýylyň mart aýynyň 12-ne aradan çykýar. (1866-1925)

1925-nji ýylyň II-III aýlarynda Guançžouda (Guandul wela) çukyşlar bolýar. Ýene-de rewolýusiýa goşuny tarapyndan basylýar. Netijede bütin Guand milli – rewolýusion häkimiýet gurulýar. Komunistler, Gomindan bilen bilelikde.

1925-nji ýylyň maý aýynyň 30-na Şanhaýda we Sindaoda ýapon imperialistleriniň eden-etdiliklerine garşy demokratiýa çykanlary iňlis polisiýays tarapyndan oka tutulýar. Bu bolsa uly gahar-gazap döredýär. Iýun aýynyň 1-ne 200 müň adam gatnaşan iş taşlaýyş, 50 müň talyp okuwy bes edýär. Ýapon harytlary baýkot edilýär. ``30 maý hereketi`` başlaýar.

1925-nji ýylyň iýun aýynyň 19-na Gankongda iş taşlaýyş, iýun aýynyň 23-ne Guançžouda demonstrasiýa bolup geçýär.

Soňra Gankongda we Guançžouda 250 müň adam gatnaşan iş taşlaýyşlar bolup geçýär. Staçkalar baýkot bilen yutgaşypdyrlar. Köp staçkaçylar Gankongy we Guançžauy taşlap töwerekdäki şäherlere we obalara gidipdirler.

Şeýle şertlerde Gomindanyň sag ganatynyň liderleriniň biri çak kaý-şi 1926-njy ýylyň martynda berk çäreleri geçirip ugraýar, kommunistleriň we çepçi gomindançylaryň garşysyna agdarylyşyk geçirýär. Muňa SSSR hem goşuýar. Netijede ylalaşyk boýunça Çak Kaý-şi öz häkimiýetini berkidip, kommunistleri ýolbaşçy wezipelerinden boşadansoň, tussag edilen kommunistler boşadylýar. Ýöne bütewi front saklanyp galýar.

Şu şertlerde bütewi front demirgazyga ony birikdirmek maksady bilen hüjüme başlaýar. 1926-njy ýylyň ýazyna çenli Guançžou hökümeti öz tabynlygyna Guanside Guançžou welaýatlaryny (Günorta Hytaý) hem girizildi.

1926-njy ýylyň iýul aýynyn 9-na demirgazyga ýöriş başlaýar. Oňa Blýuheriň ýolbaşçylygynda Sowet harby delegasiýasy işläp taýýarlaýar. Awgust aýynda Hunan, sentýabr – oktýabr aýynda Hubeý, noýabr – dekabr aýynda Isensi, Sunszýan. Netijede, 1926-njy ýylyň ahyrynda 7 welaýat (Günorta Hytaý) Ýan Sziniň jülgesi Jan Çžou hökümetine birikdirýär.

Demirgazyk ýörişiniň üstünlikleri Bütin Hytaýy herekete getirýär. Demirgazykda militaristlere garşy hereketini general Fen Ýu-Sýan güýçlendirýär we özüni Guançžou hökümetiniň soýuzdaşy diýip yglan edýär. Onuň goşunlary militaristleriň zor salmagy netijesinde Pekinde Günbatara yza çekilmeli bolupdy. Güýzde bolsa, onuň özi hüjüme geçýär we Noýabrda Şensi welaýatyny eýeleýär. Dekabr aýynda bolsa Hepaki welaýatynyň demirgazyk-günbatar bölegini eýeledi, günortasyna bolsa milli rewolýusion goşunlar girdi.

Ýöne sagçy gomindançylar bilen kommunistler arasynda-da göreş gidýärdi.

1927-nji ýylda HR Goşunlar mart aýynyň 22-ne Şanhaýy, HRT beýleki topary bolsa Nankini eýeledi.

Şol döwürlerde uly döwletler hem rewolýusion çykyşlardan çekinip Uhanda ýerleşýän milli hökümete ultimatum berip başlaýar. Nankinini iňlisler oka tutýarlar (deňizden)

Şu şertlerde öz goşunlaryna daýanyp, Çankaý-Şi döwlet agdarylyşygyny geçirýär. 1927-nji ýylyň aprel aýynda häkimiýet Şanhaýda, Nankinde, Guançžouda, Günorta-Gündogar Hytaýýň köp şäherinde, sagçy gomindançylaryň eline geçýär.

Çanhaý-şiniň agdyralşygyndan soň Uhan hökümetiniň häkimiýeti Hubeý, hunan, Izýansi welaýatlarynda saklanyp galýar. (merkezi Hytaýda) Ýöne basym bu ýerde-de ýagdaý üýtgeýär. HRG dürli gatlaklardan bolan generallar (baýlar) rewolýusiýadan çekinipdirler. Millet üçin söweşijeler, ýöne synp üçin däl.

1927-nji ýylyň maý - iýun aýlarynda Uhanly gomindanlar agdarylyşyk geçirýärler. Ýogsam üç aý Haý-şini dönüklikde aýyplapdyrlar. Şundan soň 1925-27-nji ýylyň rewolýusiýasy tamamlanýar.

## Hytaý 1946-2009-njy ýyllarda.

Urşuň ahyrynda Hytaý ikä bölege bölünýär. Gomindanyň we HKP-niň kontrollyk edýän ýerleri. Şol döwürler HKP-niň güýçleri gomindanyňkydan örän az bolupdyr. HKP SSSR. Gomindanyna bolsa ABŞ kömek edipdir. Mançžurdan ýaponlar kowulandan soň SSSR-iň oljalary HKP-niň güýçlerine (HAG) berýär.

1945-nji ýylyň awgust aýynyň 29-na Gomindanyň inisiasiwasy boýunça HKP bilen gepleşikler ABŞ araçy bolýar. Gepleşikler döwründe uruş hereketleri ýatmandyr.

1946-njy ýylyň ýanwar aýynda ähli partiýalaryň gatnaşmagynda Stesi konsultatiw konferensiýa bolup, şonda koalision hökümeti döretmek karar edilýär. Ol döwlet soweti bolup, ýary Gomindanyň, ýaram HKP-niň wekillerinden düzülmeli edilýär. Milli ýygnak çagyrmak, giň demokratik azatlyklary bermek, daýhanlara ýer, işsizlige garşy göreş, iş erkinligi umumy goşun döretmek (50 sany gomindan, 10 sany HKP-nyň diwiziýalary) we başgalar karar edilýär. Emma söweş hereketleri güýçlenýär. Uruş hereketleri Demirgazyk-Gündogar Hytaýda başlaýar. 1946-njy ýylyň ortalarynda Gomindanyň 4,3 mln esgeri HKP-niň 1,2 mln esgeri bolupdyr. 1946-njy ýylyň iýul – oktýabr aýlarynda Gomindan goşunlary Demirgazyk-Gündogar Hytaýyň 100-den gowrak şäherlerini, 200 müň kw.km. ýerini alýar. 1947-nji ýylyň mart aýynda HKP-niň paýtagty Ýanýany eýeleýär. Ýöne bu iň soňky üstünlik bolýar. Şunda Gomindan 1 mln-dan gowrak esger ofiser ýitirýär. 1947-nji ýylyň ahyrynda Gomindanda 3,7 mln, HKP-da 2 mln esger bolupdyr.

1947-nji ýylyň ortalarynda HAEG hem aktiw hereketleri başlaýar. Gomindandan käbir toparlar bölunip aýrylýar. 1948-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne Gankongda Gomindanyň rewolýusion komiteti döräp, ol HKP bilen soýuzy goldaýar. Gomindanyň we Çanhaý-şi ýagdaýy kynlaşýar. 1948-nji ýylyň tomsunda we güýzünde HAEG-ri Gomindan goşunlaryny Demirgazyk-Gündogar Hytaýda umuman ýok edilýär. Şoňa Lýaoşen operasiýasy diýilýär. Şundan soň HAEG-ri Gomindanyňkydan artyk bolýar. 3 mln – 2,9 mln 1948-nji ýylyň Fewral aýynyň 5-ne HAEG, Pekin–Týanzin–Katan söweşine başlaýar. Ýanwar aýynyň 31-ne 1949-njy ýylda HAEG Pekine girýär. HAEG goşunlaryna Pen de-Huaý (1 armiýa), Lýu Bo–çen (2 armiýa), Çen I (3 armiýa), Lin Býao (4 armiýa) ýolbaşçylyk etdiler.

1949-njy ýylyň aprel aýynyň 23-ne HAEG Nankin (Gomindanyň paýtagty) eýlenýär. 1949-njy ýylyň oktýabr

aýynyň 14-ne Guançžou (Gomindanyň soňky paýtagty). Şol Sinzýan goşuna girýär. Çan Naý-şi Taýwana gidýär. 1951-nji ýylda HAEG Tibete girýär. Şeýlelikde Hytaýda kommunistik hereket ýeňýär.

1949-njy ýylyň oktýabr aýynyň 1-ne Pekiniň Týananşen ploşedinde HHR jar edilýär.

Graždan urşundan soň SSSR HHR-e ummasyz kömek berýär. 1950-nji ýylyn iýun aýynyň 30-na ýer hakyndaky kanun kabul edilýär. Agrar özgertme 1953-nji ýylyň ýazyna çenli geçirilip gutarylýar. Jemi daýhanlar 47 mln ga ýer alýarlar. Bu özgertmeler iri ýer eýeleriniň emläginiň hasabyna geçirilýär. Emma HKP-e oba hojalygynda kapitalistik gatnaşyklarynyň döremeginden gorkup, olary birek-birege kömek birleşikleine salyp ugraýar. (birdäki TOZ-lar) 1953-nji ýylda şol birleşmelerde daýhan hojalygynyň 40 %-i jemlenendir.

Senagatda-da uly işler edilip ugraýar. Daşary ýurtlylara degişli kärhanalar iri buržuaziýa degişli kärhanalar millileşdirilýär. Döwlet sektory döräp ugroýar ýöne milli buržuzaziýanyň emlägi saklanyp galypdyr, diýmek kopitalistik gatnaşyklar dur. Emma HKP-olaryň işlerini her hili ýolar bilen çäklendiripdir. Salgyt köp salynypdyr. Netijede HKP-milli buržaziýanyň köküne palta urup başlaýar. Dürli bahanlar, mesele “5 hyýanatçylyk” (arahorlyk, salgytdan boýun gaçyrmak, döwlet emlägini ogurlamak, döwlet zakazlaryny ýerine ýetirmezlik, ykdysadyýet bilen bagly gizlin infarmasiýalary ogurlamak we ulanmak ), “3 hyýanatçylyk” (korrupsiýa, birokratizim ) bahanalary bilen olaryň netijesinde kö kärhanalar döwletiň haýryna ýada ýeri döwlete degişli edilýär.

1955-nji ýylyň noýabr aýynda hususy senagaty we söwdany döwlet pudaklaýyn kompaniýalaryň garamagyna geçirýär. Eýelerine bolsa az mukdarda kompensasiýa we ýokary aýlykly iş berilaýär.

1953-1957-nji ýyllarda 1-nji bäş ýyllyk plan, gaty köp işler edilýär. 1955-1956-njy ýylarda önümçilik koperatiwlerine birikdirilýär 96,3%. Emma 1957-njy ýyldan başlap HKP syýasatyny bulaşdyryp ugroýar. Eger-de 1953-nji ýylda kabul edilen kararda Hytaýda sosialistik özgerişleri 3 baş ýyllygyň dowamynda (1953-1967) geçirmeli diýilen bolsa indi “ uly böküş” syýasatyny ulanyp ugraýarlar. Bu böküşler senagatda-da, oba hojalygynda-da bolmaly edilýär. Şol döwürler Mao Daçlaý önümçilik brigadasynyň we dasiniň promiseliniň tejriberini öňe sürýär. Ýagny hemme zat içinde önýär.

Oba hojalygynda kamunalar gurulup başlaýar (kazarma sosializimi) ähli zat umumy hatda melleklrem. Zähmet harbylaşdyrylypdyr. Zatlar deň bölünip berilipdir senagatda-da şeýle obalarda, zawod fabrikler inistitular, mekdep keselhanalar, tiatorlar, klublarda peç gurupdyrlar. Çoýun, polot eredipdirler.

“ Uly bölüşe” garşy çykanlar bolupdyr. Goranmak ministeri PEN De-Huaý, demirgazyk gündogar partiýa gurmasynyň başlygy Gao-Gan, ikisem represirlenýär.

50-njy ýyllaryň ahyrlarynda halkara ýagaý ýaramazlaşýar. SSSR-den ýüz öwürip ugroýar. 1958-njy ýylda Taýwan bogazynda gomindançylar tarpyndan kantrollyk edilýän adalar oka tutulýar. 1959-njy ýylda Hytaý-Hindi araçäginde konfliktler bolýar. 1960-njy ýylda Hytaýdaky ähli sowet spisolistleri yzyna çagyrylýar.

Sosialistik ýutlar bilen arasy hem bozulup ugroýar “öz güýjüňe daýanmak” syýasaty başlanýar. 1960-njy ýyla çenli “uly böküşiň” bolup bilmejegi duýulup ugroýar şonuň üçin hem ýuwaş-ýuwaşdan ýüz öwürüp ugroýarlar. Onuň ýerine

1) Daýhanlaryň insiatiwasyna mümkinçilik bermeli
2) Ähli güýji kyn ýagdaýdan çykmaga gönükdirmeli edilýär.

Daýhanlara mellekleri gaýtarylýar, zat satmagy rugsat edilýär, mal saklamaga rugsat berilýär. 1961-62-nji ýylda U

Hanyň “Haýjuýyň peseldilmegi” spektakoly görkezilýär. 1965-nji ýylda ol tankyt edilýär we ýok edilýär.

1966-njy ýylda Hytaýda “ medeni rewalusiýa başlaýar”. Oňa Mao-Sze-dunyň aýaly Szýan Sin ýolbaşçylyk edipdir. Bu represiýanyň bir görnüşi. Başgaça pikirlenýärler, şahsyýet pultuna garşy çykýanlar yzarlanypdyr.

Bu işde Hunweý binlere (gyzyl goragçylar ) we szaofanlara (topoloňçylara) daýanypdyrlar. Olar bartkonlara, edaralara zawod fabriklere çozupdyrlar. Ýagdaý çylşyrymlaşyp ugroýar. Şonuň üçin hem 1967-nji ýylyň ýanwar aýynda Mao “üç tarapyn birleşigini” (Hunweýbinler, Izaofanlar, goşun we partapparatyň we adminisrtatiw organlaryň) öňe sürmäge mejbur bolýar. Emma içki çylşyrymlaşmalar 70-nji ýyllaryň birinji ýarymynda-da dowam edýär. 1943-nji ýylda Den Sýaopin aklanýar.

1976-njy ýylda-da içki dawalar dowam edýär. Şol ýyl premýer Çžou En-laý ölýär. Aprel aýda onuň hormatyna geçirilen çärede Peliniň Týananmen ploşadynda Szýan Sziniň tarapdarlaryna garşy uly çykyş bolýar. Şondan soň Den Sýao-nyň ýene-de aýrylýar. Onuň ýerine primýerem Gossowem Hun Go-fti bolýar.

1976-njy ýylyň iýul aýynda Çžu De (legendar serkerde, internasionalist, rewolýusioner) hem ölýär. Sentýabr aýynda Mao Sze-Dun hem ölýär. Oktýabr aýynda Szýan Sin we tarapdary tussag edilýär. Den Sýao-nyň ýene-de realitirlenýär. Şondan soň    Hytaýda rewolýusiýalar başlanýar.

1978-nji ýylda ``medeni rewolýusiýa`` resmi taýdan näletlenýär. ``Hytaý spesifikasyna laýyk gelýän sosializm`` syýasaty başlanýar. Awtory Den Sýao-niň ilkinji maşgala potratçylygy, kärendeçilik girizilýär, hyzmat ediş sferasynyň kärhanalary hususy eýeçilik berilip başlaýar. Kapitalistik ýurtlar ``açyk syýasat`` ýöredilýär. SSSR bilen tä Gorbaçýow gelýänçä gowy bolmaýar.

Halk hojalygynda kommunalar reorganizasiýa edilip ugraýar. Administratiw hojalyk we partiýa häkimiýeti bölünýär.

Sosialistik modernizasiýa 3 etapda geçirilmeli edilýär.

1) 2000-nji ýyla çenli önüm bilen özüňi üpjün etmeli.
2) 2021-nji ýyla çenli orta ösen döwlet derejesine ýetirmeli.
3) 2049-njy yyla çenli (HHR-iň 100 ýyllygyna) osen sosialistik döwlet bolmaly.

1982-nji ýylyň konstitutiýasy boýunça Hytaýyň ýokary kanun çykaryjy organy halk wezipeleriniň ähli Hytaý ýygnagy (5 ýyldan) başlap Wan Li, premýer Gossowet Li Pen Gensen SK KPK Çžao Szýan. Başga partiýalaram bar.

1990-njy ýyllar töweregi ýurtda 60 mln t. golaý polat, 47 mln t. golaý prokat, 543 mlr kwt elektrik energiýa, 203 mln t. sement, 18 mln t. himiki dökün, 700 müň awtomaşyn, 33 traktor, 200 müň metal kesýän stanok, 1 mlrd t. kömür, 137 mln t. nebit, 394 mln t. däne, 4,2 mln t. pagta, 63 mln t. gant berýän çig mal, 440 müň t. pile, 540 müň t. çaý. Mallary: doňuz 350 mln, goýun 201 mln, sygyr 125 mln, etiň öndürilişi 22 mln t, deňiz önümleri 11 mln t, nah mata 18 mlr m, gant 5 mln t golaý. Puly-ýuan. Köp önümlere talon sistemasy ýatyrlypdyr. Ynam bilen öňe barýan, ýöne köp meseleleri bar bolan döwlet.

## Koreýa 1917-1945-nji ýyllarda

Russiýadaky we Ýewropadaky rewolision hereket, şeýle hem kolonial ýurtlardaky azat edijilik hereketler Koreýada hem azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegine sebäp boldy.

Şol döwürler Koreýa Ýaponiýanyň koloniýasydy (1910). Ýurtda Yaponiýanyň harby-poliseý düzgünini girizipdi. Ýurtdaky ähli häkimýet: kanun çykarjy, ýerine ýetirji we sud häkimýetleri Ýaponiýanyň harbylaryndan goýlan general-gubernatora degişlidi.

Kolonial tertip-düzgünini hemişelik goşunyň iki diwiziýasy, harby gämilleriň eskodrasy, 1,5 müň gowrak žandarm-poliseý guramalary ýola goýardylar. Hatda mugallymlar hem okuwçylary “Beýik Ýaponiýa sadyk” ýagdaýda saklamak üçin mugallymlar harby formaly, billeri gylyçly giripdirler. Koreýler jemgyýetçilik işler bilen meşgullanyp bilmändirler, mendenler koreý dilini öwretmeklik gadagan edilipdir.

1910-18-nji ýyllarda göçürilen ýer ýazgysy ýerleriň umasyz köp bölegiň ýerli pomeşikleriň ygtyýaryna berilipdir. Hakykat ýüzünde bolsa ýerlere Ýaponlar eýeçilik edip müňlerçe koreý daýhanlary ýerlerini ellerinden gidirip Ýaponiýalaryň monolostik ýer kampanýalaryň kärindiçilerine öwrülipdirler. “Gündogar kolonizasion jemgyýeti” banklar, irragision we kridit berýän jemgyýetler koreý daýhanlary kärendesine ýer berýän esasy guramalar bolupdyrlar.Kärinde salgydy ýokary bolup, ol kä halatlarda hasylyň 70-80% barabar bolupdyr. 1919-njy ýyla çenli kärindiçiler we ýarym kärindiçiler koreý obasynyň daýhan hojalyklarynyň 75% tutupdyr. Ýersiz talabanlaryň we daýhanlaryň sany artypdyr we olar daglyk ýerlerde kyn şertlerde ýer açypdyrlar. Müňlerçe daýhanlar goňur ýurtlary göçüp gitmäge mejbur bolupdyrlar. Netijede ýerler eýeleriň elinde jemlenip ugrapdyr. 90 müň komeşigiň eýeläp oturan ýeri 2,5 mln daýhan hojalygynyň ýerine barabar bolupdyr.

Koreýanyň ykdysadyýetinde ähli ýolbaşçy wepipeleri eýelemek bilen ýapon mononolistler koreý biznesmenlerini gysypdyrlar, hemde koreýanyň ýer asty baýlyklaryny özleşdirmäge başlapdyr. Şol ýyllar mis, demir, gurşun, galaýy köp mukdarda gazylyp alynypdyr, şolary işläp bejermek üçin metallgurgiýa we beýleki senagat härhanalaryny gurmaga girişipdirler. Şol işlerde işleýän koreý we ýapon işçileriniň iş şertleri we zähmet hak bölünişiniň alýan aýlygynyň 50% tölenipdir.

Kolanial sütem koreý halkynyň giň gatlaklarynda ýiti garşylyk tolkunyny döredipdirler. Diňe ir fondy bar mahaly ýaponlar bilen bile baglanşykly 20 müňdenem gowrak konfliktlar bolup geçipdir. Has hem milli buržuwaziýa we intellegetsiýa nägile bolupdyr. Sebäbi ýaponlar milli buržuwaziýanyň elinden ähli häkimýeti alypdyr, intellegensiýa belli koreý medenýetine we diline äsgermezçilik edilmeginden nägila bolupdyr.

Rus rewoliosiyasy we Ýaponiýada 1918-nji ýylyň awgust aýynda bolup geçen “Tüwi topalaňlary” Koreýda antikonýal gozgalaňynyň turmagyna sebap bolýar.

Gozgalaňy milli buržuwazýa ýolbaşçylyk edipdir. Ilki badalar, esasan hem 1918-nji ýylda koreýada milli öz başdaklygyna çagyrýan listowkalar, plokatlar, manifestler ýaýradylyp ugraýar. Ilkinji partizan otrýadlary, takyk hereketlerini döräp ugraýar. Özbaşdaklyk uruşdaky göreşde dörän “Özbaşdaklyk ugrundaky hereketiň iniaiw merkezi” ýörite petansiýa taýarlaýar. Petisiýa ýapon parlamentine, koreýada ýapon general-gubernatoryna-da, Pariž konferensiýasyna we ABŞ-nyň hökümýetine iberýär. Porensiýada koreýa Garaşsyzlyk berilmegi talap edilmegidir.

Bu merkez şu talaplary goldamak üçin 1919-njy ýylyň mart aýynyň 1-ne parahatçylykly demonstratsiýa gurnaýar. Muňa Seuýanyň ýaşaýjylarynyň 300 müňe golaýy gatnaşýar. Parahatçylykly ýörüşler başga şäherlerde-de bolup geçýär.

Ýörüşlere garşy ýapon häkimýetleri zabun çäreleri ulanylýar we şol çäreler ýörüşiň gozgalaňa öwrülmegine sebäp bolýar. Mart-Aprel aýlarynda gozgalaň giň girime eýe bolup, oňa gatnaşyjylaryň sany 2 mln-a eýetýär. Ýöne gozgalaň başdan ýolbaşçysy bolanlygy sebäpli (olara ýapon polisiýasy tusag edýär) gozgalaň dagynyk häsiýetde bolup geçýär. Interwentler aýratyn zalymlyk bilen gozgalaňy basyp ýatyrýar. Ýapon polisiýasynyň azaldyp görkezýän maglumatlary

boýunça 8 müň adam öldürilýär, 15,6 müň ýaralanýar, 52,8 müň adam bolsa tussag edilýär.

Şeýlelikde gozgalaň ýatyrylýar. Netijede milli buržuwaziýa parahatçylyk ýoly bilen garaşsyzlyk gazanyp bilmeýär. Şanhaýda ýerleşýän emigrant hökümýeti näçe hereket etse-de (ol ABŞ bil baglapdyr) maksadyna ýetip bilmeýär. Hatda şu hökümýetiň delegetsiýasy Pariž 1919-njy ýyl ýanwar aýynda konferensiýasyny goýberilmeýärem. Ýöne Li Synmant tarapyndan ýolbaşçy edilýän hökümýeti umydy elden bermeýär.

1919-njy ýylyň gozgalaň ýeňilse-de ol käbir netijeleri hem berýär. Sebäbi ýaponlar diňe pregressiw megodlar bilen ýol alyn bolmajagyn göz ýetirýärler. Şonuň üçin hem ýaponlar "medeniýetli dolandyryş megodyna geçip ugraýarlar. Koreý buržuwaziýanyň öňünde ýeňilşik hökmünde ýaponlar aksionýar jemgyýeti hakyndaky" kanuny (1910). ýatyrýar. Şonuň üçin hem ýerli kopital käbir ýeňilmekleri gazanýar. Ýöne ol ýapon kopitaly üçin howply däldi. Sebäbi ähli ykdysady ruçaglar ýaponlaryň elindedi. Birneme soňrak garaşyk ýapon-koreý kompaniýalary ýüze çykýar. Munuň özi koreýanyň kopitaliskleriň önümçilige gönümel başlanandygyny görkezýär.

Ýaponlar harby-poliseý düzgünlerem birneme ýumşatmaga mejbur bolýarlar. Sud işleri ýönekeýleşdirilýär, syýasy azatlyklary we öz-özüni dolandyryşy birneme wada edýärler. Bu çäreler milli buržuwaziýany az-kem kanagatlandyrsada, ol barybir özbaşdaklyk umytlaryndan elçekmeýär.

1920-nji ýyllarda koreýada ownukly-irili senagat kärhalary we olarda işleýän işçileriň sany hem artyp ugraýar. 1929-njy ýyla çenli koreýa kärhanalarda işleýän işçileriň sany 100müňe, a hakyky tutulyp işledýän adamlaryň sany 1mln ýetýär. Ýöne koreý kärhanalarayna kiçi bolup, uly zawod-fabrikler ýek-tün bolupdyr. Şonuň üçin hem koreýanyň işçiler

hereketi Hytaýyň we ýaponiýanyň işçiler hereketiçe bolmandyr.

Güýçli işçiler guramalar bolmandyr kijijek işçi birleşikleri häsiýetli Marksizm hem ýuwaş-ýuwaşdan ýaýrap-ýaýrap ugraýar. Ýöne entekler goşak. Oňa derek ilkinji işçi daýhan saýuzlary döräp ugraýar. 1924-nji ýylda ähli koreý işçi daýan sauzy umumy daýhan ýaşlary we aýallar guramakary ýüze çykýar.

1925-nji ýylda aýry - aýry komunistik guramalarynyň bazasynda komenterniň kömegi bilen legal däl ýagdaýda Seulda koreý kompartiýasy döredilýär. 1926-njy ýylda Seulda garaşsyzlyk talaplaryny öňe sürýän demonstrasiýa hem gurnaýar. Ýöne Kompartiýa gowşak bolupdyr özem komunistik ideýalardan daşda bolan milli intelegensiýa düýbünden başga prinsipler boýunça hereket edipdir. Üstesinede Kompartiýanyň içinde ýiti fraksion göreşler dowam edipdir. Üstesine-de ýapon žandermeriýasynyň represiýalary we prowakasiýalary zerarly olar oňly iş alyp baryp bilmändirler. Şol sebäpden hem 1928-nji ýylda Kominterniň kakary bilen KKP öz işini bes edýär.

Şeylekide 20-nji ýyllarda Koreýanyň köp ýerlerinde iş taşlaýyşlar bolup geçýär. 1928nji ýylyň ahyrynda, 1929-njy ýylyň başlarynda Wonsanda. 1930-njy ýylyň ýanwar aýyndsa Pusanda, 1930-njy ýylyň awgust aýynda Phenýanda iş taşlaýyşlar we tolgunşyklar bolup geçýär.

Daýhanlaryň we talyplaryň çykyşlary hem bolupdyr. 1930-njy ýylyň başynda Seulda, Pusanda, Wansanda, Inçhonda, Mokpho we beýleki şäherlerinde okuwçy ýaşlaryň we intelegensiýanyň gatnaşmagynda antiimperialistik ýörişler we iş taşlaýyşlar bolup geçýär.

1931-nji ýylda ýaponlar Mançžuriýany basyp alanlaryndan soň, Hytaýyň Demokratik Gündogarynda monçžur-koreý ykdysady kompleksini döretmäge girişipdirler. Bu kompleks hakykatdan Uzak Gündogaryň agressiw hereketleri alyp barmak üçin döredilýär. Şu kompleksi

giňeltmek üçin 1931-1941-nji ýyllarda göýberilen düýpli maýa goýumlary 2,5 esse artypdyr. Şol maýa goýumlaryň esasynda ýapon milletaristleri Çhonjinde metallurgiýa, Hynnamda himiýa kombinatlaryny, elektrostansiýalary gurupdyrlar. Şol sebäpden hem II jahan urşy ýyllarynda Koreýa Ýaponiýanyň urş hajatlary üçin zerur bolan materiallaryň we zatlaryň üçden bir bölegini beripdir. Özem ýaponlar bilen Koreýany indusriýalizasialaşdyrýarys diýip öwünipdirler. Hakykat ýüzünde bolsa Koreýanyň ykdysadyýetine goýulan goýumlaryň 94% ýapon monopoliýalaryna degişli bolupdyr. Gurulan kärhanalar portlary galan ýerde bolanlygy üçin Ýapiniýa taýn önümleri äkitmegi ýeňilleşdiripdir. Ýöne kärhanalarda maşynlar öndürilipdir. Esasy önümler metaldan edilen zapas şaýlary, oklar, demir listleri himiýa önümleri öndürilipdir. Bu bolsa Koreýanyň senagatyny Ýapon senagatyna bagly edip goýupdyr. Üstesine-de Koreýanyň öz inžener mehaniki kadrlary bolmandyr.

30-njy ýyllaryň başlarynda ýapon imperiýalistleriniň partizançylyk hereketleri başlaýar. Şol hereketlere ownuk kommunistik toparlar we intellegensiýanyň wekilleri ýolbaşçylyk edipdirler. Partizanlaryň esasy bazasy 1 mln bolupdyr. Golaý Koreýada ýaşaýan Hytaýyň demirgazyk-günbatar raýonlary bolupdyr. Ol ýerde dörän ilkinji partizan otrýadyna Kim Ir Sen komandirlik edipdir. Soňra Seý Ýengenis, Kim Çakyň we beýlekileriň otrýadlary döreýär.

Birnäçe partizan otrýadlaryny birleşdirmek bilen 1934-nji ýylyň mart aýynda Halk – rewolýusion goşun döredilýär. Halk-rewolýusion goşuny demirgazyk-Hytayyň beýleki partizan toparlary bilen bilelikde ýaponlara garşy harby hereketleri alyp barypdyrlar.

Kominterniň inisiatiwasy boýunça ýurdy ýapon ofiserlerinden azat etmek üçin 1936-njy ýyldan demirgazyk-gündogarynda ýurduň ähli watançy güýçlerini birleşdirýän “ýurdy dikeldiş jemgyýeti ” döredilýär. Bu jemgyýetiň

programmasyna ýapon imperiýalistlerini ýurtdan çykarmak garaşsyz, demokratik Koreýa döwletini döretmek we şu işleri amala aşyrmak üçin, syýasy, ykdysady we medeni özgerişleri geçirmek, ýaponlary degişli senagat kärhanalaryny, demir ýollary, gämileri, plantasiýalary millileşdirmek we koreýaly dönükleriň emlägini konfiskasiýa etmeklik göz öňünde tutulypdyr. Işçiler, daýhanlar, intelegensiýa bilen bir hatarda "ýurda dikeldiş jemgyýetine" söwdagärler, senagatçylar, din işgärleri hem giripdir.

1937-1940-njy ýyllarda koreýaly partizanlar ýapon goşunlaryna garşy birnäçe operasiýalar geçiripdir. (Kim Ir Sen) Bu operasiýalar esasan demirgazyk Koreýada we Koreýanyň demirgazyk-gündogar Hytaý bilen serherleşýän raýonlarynda alnyp barylypdyr. 1940-1941-nji ýyllarda partizanlar üçin agyr döwür biolýar. Sebäbi Ýaponiýanyň Kwantun armiýasy partizanlara garşy birnäçe jeza beriji ekspedisiýalary gurnapdyr. Soňra şol partizan goşunlary ýaponlary. Koreýlary urşa mobilizlemek işlerine, üpjin ediş işlerine päsgel beripdirler, düşündiriş işlerini geçiripdirler.

Sowet soýuzynyň ýeňişi, (ABŞ-daky) emigrant hökümeti hem öz işlerini güýçlendiripdir.

## **Koreýa 1945-2009-njy ýyllarda**.

1945-nji ýylyň awgust aýynyň 15-inde Koreýa sowet goşunlary tarapyndan azat edilýär. 1945-nji ýylyň sentýabr aýynyň başlatynda amerikan goşunlary hem Günorta Koreýa düzülýär. Netijede eýýäm urşuň yzysüre Koreýa ikä bolünip ugraýar.

Demirgazyk Koreýada Kompartiýa gaýtadan dikeldilýär. 1946-njy ýylyň mart aýynda ýer reformasy geçirilýär. Şunuň esasynda ýaponlaryň we ýerli iri ýer eýeleriniň mülkleri ýok edilýär. Jemi 1 mln. çonbo (0,99 ga) ýer konfiskasiýa edilip ol batraklara ýersiz daýhanlara we az ýerlilere berilýär. Köne

bergiler we borçlar ýatyrylýar. Indi bir gezek salgyt tölenenden soň daýhanlar öz önülerini bazarlarda satyp bilipdirler.

1946-njy ýýlyň awgust aýynyň 190-da Wagtlaýyn halk komiteti ýaponlara we ýerli maýadarlara degişli senagat kärhanalarynyň şahtalaryň, känleriň, demir ýol we suw ulaglarynyň, aragatnaşyk serişdeleriniň, banklaryň söwda kärhanalarynyň we medeni edaralaryň millileşdirilýändigi barada kanun kabul edýär. Netijede Demirgazyk Koreýada sosialistik mazmunly döwlet sektory ýuze çykyp ugraýar. Aýallaryň deňligi hakynda kanun kabul edilýär. SSSR-iň kömek bermegi bilen saglygy saklaýyş we halk magaryfynyň täze ulgamy döredilýär.

1946-njy ýylda Täze halk partiýasy we Koreýanyň KP-sy birleşip, Demokratik Koreýanyň Zähmet partiýasyny döredýärler.

Bu döwürlerde Koreýa barada iki çemeleşiş bardy. SSSR bu ýurtda sowetparaz döwlet gurmaga jan edýärdi. ABŞ bolsa özüniňkini dikeltjek bolýardy. Şu meseläni çözmek üçin 1945-nji ýylyň Dekabr aýynda Moskwa ýygnagynda ABŞ, SSSR we Angliýa ýygnanşýarlar. Emma netije çykmaýar. Sebäbi taraplar öz diýenlerini gögertjek bolýardylar.

Ýagdaý şeýle bolan soň 1948-nji ýylyň maý aýynyň 10-da Günorta Koreýada saýlawlar bolup geçýär. Şunuň netijesinde 1948-nji ýylyň awgust aýynyň 15-de Koreýa respublikasy jar edilýär. Ýurduň prezidentligine Li Syn Man saýlanýar. Ýurduň demokratik konstitusiýasy kabul edilýär.

1948-nji ýylyň awgust aýynda Demirgazyk Koreýada-da saýlawlar bolup geçýär. Saýlawlar ýurduň günortasynda-da geçirilýär. Sebäbi bu ýerde komunistleriň güýçlenmeginden gorkýardylar. Demirgazykda bolup geçen saýlawlaryň netijesinde 1948-nji ýylyň sentýabr aýynyň 9-da Koreýanyň Ýokary halk ýygnagynyň birinji mejlisi bolup, şonda KHDR jar edilýär. Ministrlar Kabineti döredilip, başlyklygyna Kim Ir Sen bellenýär. 1948-nji ýylyň ahyrynda SSSR Demirgazyk

Koreýadan öz goşunlaryny çykarýar. Emma günortada amerikan goşunlary galýar. Şeýlelikde iki Koreýa hem ösüp başlaýar. SSSR Demirgazyga, ABŞ bolsa Günorta kömek edýärler.

1950-nji ýylyň başlarynda 38-nji paralleliň ugrunda iki tarapdan hem çaknyşyklar guralyp ugraýar. Bu bolsa 1950-nji ýylyň iyun aýynyň 25-inde iki Koreýanyň arasynda uruş başlamagyna gerirýär. Bu uruşda Günorta Koreýa ABŞ, Angliýa, Fransiýa, Awstraliýa, Türkiýe, Taýland, Filippinler, GAR we başgalar kömek berýärler. Bu goşunlar Koreýa BMG-niň baýdagy astynda gelipdirler. Sebäbi Demirgazyk Koreýa bu uruşda agressor diýlip hasap edilýär we ýokarda ady tutulan goşunlary BMG Koreýa ugradýar.

KHDR-iň goşunlary SSSR-iň kömek bermeginde 38-nji parallelden geçip, Günorta Koreýanyň köp ýerlerini Seul bilen bilelikde eýeleýär. 1950-nji ýylyň awgust aýyna çenli KHDR-iň goşunlary günortanyň 90% ýerini eýeleýär. Li Sin Manyň hökümeti kyn güne düşýär. Şonuň üçin hem ABŞ soýuzdaşlary bilen bilelikde aýgytly hüjüme geçýärler. Bu 1950-nji ýylyň sentýabr aýynda bolup geçýär. Oktýabr aýynyň başlarynda soýuzdaş-günorta koreý goşunlary eýýäm 38-nji parallelden geçýärler, soňra bolsa Phenýany we ençeme şäherleri eýeleýär. 1950-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-inde KHDR üçin çylşyrymly günlerde ýurda hytaý meýletinçileri hem girizilýär. Hytaýda ýerleşýän sowet howa güýçleri ýurda giren hytaý goşunlarynyň tylyny ABŞ-yň howa güýçleriniň zarbasyndan gorapdyrlar. 1950-nji ýylyň dekabr aýynyň ahyrlaryna çenli KHDR-iň ýerinden soýuzdaş-günortakoreý goşunlaryndan azat edilýär. 1951-nji ýylyň ortalarynda front liniýasy 38-nji parallelde saklanýar.

1951-nji ýylyň iýun aýynyň 23-inde SSSR Koreýadaky urşy bes etmäge çagyryş bilen çykyş edýär. ABŞ ylalaşýar. Ýöne gepleşikler uzaga çekipdir. Gepleşikler gidýän döwründe 38-nji parallelde käwagtlar uruş hereketleti ýaýbaňlanýardy.

Diňe 1953-nji ýylyň iýun aýynyň 27-sinde Keson şäherinden uzak bolmadyk Phanmunjom diýen ýerde Koreýada urşy bes etmek baradaky ylalaşyga gol çekilýär.

Uruş iki tarapada uly zyýan ýetirýär. Soýuzdaş-günorta koreý tarapy 1 mln-dan gowrak soldatyny we serkerdesini ýitirýär. Şolaryň hem 400 müňüsi amerekanlaryňky. Olaryň içinde ýaralananlar we ýesir düşenler hem bardy.

Uruşdan soň iki tarap hem ýurdy dikeldip ugraýarlar. Sebäbi ykdysadyýet uruş zerarly weýran bolupdyr. Demirgazyk Koreýada milli önüm öndürilişi 1949-njy ýyl bilen deňeşdirilende 1953-nji ýylda 40% kemelipdir, 8700 kärhana weýran bolupdyr. Ýurdy dikeltmek üçin 3 ýyllyk plan işlenip düzülýär (1954-1956). Demirgazyk Koreýada şu döwürde 240 sany iri senagat kärhanasy dikeldilýär. 80 sanysy bolsa täzeden gurulýar. Şol döwürler oba hojalygyny kooperirlemek hem başlaýar. 1956-njy ýylyň ahyrynda kooperatiwlere 81% daýhan hojalyklary birleşdirilýär. 1953-nji ýylda bu san 1,2% barabardy. Netijede döwlet sektory güýçlenip 1956-njy ýylda milli girdejiniň 82% beripdir. Umuman, 1958-nji ýylyň awgust aýyna çenli ähli daýhan hojalyklary kooperirlenýär.

KHDR-e sosialistik ýurtlar esasn SSSR uly kömek beripdir. 1953-1960-njy ýyllarda KHDR-e 750 mln. rub. kömek berilip, şonuň 292 mln. SSSR-ki. Özem mugtuna kömek sosialistik ýurtlaryň beren kömegine 50 sany iri kärhana 1961-1967-nji ýyllarda 7 ýyllyk plan kabul edilýär. Şol hem umuman ýerine ýetirilýär. 1970-nji ýylda KHDR 16,5 mln. kwt. sag elektrik energiýa, 27,5 mln. t. kömür, 2,2 mln. t. polat, 1,5 mln. himiýa dökün, 4 mln. t. sement, 400 mln. metr mata we başgalar öndürilipdir. Başga-da ýürtda güýçli pressler, agyr ýük çekýän awto ulaglary uly taranswatorlar, ekiskowatorlar, buldozerler, elektowozlar, gämiler gurulýär. 1961-nji ýylda KHDR-de 5,4 mln. däne öndürilipdir.

Amerikanlar hem Günorta Koreýa ummasyz köp kömek edipdirler. 1945-1968-nji ýyllar aralygynda ABŞ Günorto

Kareýa 7,4 mld. dollar kömek beripdir. Günorto Koreýa hem daşary ýurt inwestisiýalaryny höwes bilen çekipdir.

1951-nji ýylda bu ýerde-de ýer resormasy geçirilipdir. Iri ýer eýeçiligi şolaradn ýer satyn alynmagyň netijesinde çäklendirilipdir. 1958-1961-nji ýylda Günorta Koreýada krizis ýagdaýy ýüze çykýar. 1960-njy ýylyň mart aýynyň 15-ne saýlawda ýene-de Lin Sin Man  üstün çykýar. Ýöne giň halk köpçüligi nägile  bolýar. Demonstrasiýalar, esasan hem talyp ýaşlar, prezident köşgüni gabat Li Sin Many häkimiýetden (liberal partiýa) gitmäge mejbur edýärler. Onuň ýerine oppazision demokratik partiýa gelýär. Ýöne 1961-nji ýylyň maý aýynyň 16-na demokratik partiýa general Pak Çon Hi tarapyndan agdarylýar. 1963-nji ýylyň ahyrynda saýlawlar netijesinde ol Günorta Koreýanyň prezidenti bolýar we respublikan demokratik partiýany döredýär. 1979-njy ýylyň oktýabr aýynda öldürilýär. Saýlawlarda prezident Çon Du Hwan (1980-1987), soň Ro Deu bolýar.

Häzirki döwürde Demokratik Koreýada , Günortada-da ösen ýurtlar hasap edilýär. Aýratyn hem Günorta Koreýa.

Demirgazyk Koreýanyň içki ýagdaýy barada aýdylanda 1996-njy ýylyň ýanwar aýynda Kim Ir Sen aradan çykýar. Ýurtdaky häkimiýeti onuň ogly Kim Çen Ir miras alýar. Ol Koreýanyň Zähmet partiýasynyň MK-synyň Baş sekretary we KHDR-iň prezidentidir.

Günorta Koreýa çalt depginler bilen ösýän ýurtdyr. Bu ýerde dokma, polat eredýän, himiýa nebiti gaýtadan işleýän, elektroenergetika, sement, awtomobil, gämi gurluşyk, elektron we elektrotehnika senagaty örän ösen hasap edilýär. Ykdysadyýetiň ösüş depginleri hem örän ýokary. Ýylda 8% ösüş görkezýär. Ýöne XX asyryň 90-njy ýyllarynda 12-13% ýetipdir. Jemi milli önüm 1988-nji ýylda 157 mlrd. dollara (jan başyna ýylda 3700 dollar) barabar bolupdyr. Günorta Koreýa gämi öndürmekde Ýaponiýadan soň dünýäde 2-nji orunda, telewizor öndürmekde 4-nji ýerde durýar. Eksportuň 95% taýyn

önümlerdir. Eksportuň mukdary 60-70 mlrd. doll., importy bolsa 50-55 mlrd.

Esasy öňde baryjy kompaniýalary – Hende, Samson, Laki Goldstar, Teu. 1996-njy ýylda haryt dolanşygy 280 mlrd. doll., eksport 130 mlrd. doll. ýetdi.

1993-nji ýylyň saýlawlarynda Ro De U garşydaşy Kim Ýen Samdan (Respublikan demokratik partiýasy ) ýeňildi.

Häzirki döwürde KR-niň prezidenti Kim De Jun. Ol 2000-nji ýylda Demirgazygyň lideri Kim Çen Ir bilen dusuşdy.

KR-niň prezidentleri: Li Sin Man (1948-1960), Ýun Bo Son (1960-1961), general Pak Çžon Hi (1961-1979), Çon Du Hwan (1979-1987), Ro De U (1987-1993), Kim Ýen Sam (1993-2001), Kim De Jun.

## Eýran 1918-45-nji ýyllarda.

Häzirki zaman taryhyna geçilýän döwürde Eýran yza galak agrar ýurt bolup ol Angliýanyň we Russiýanyň ýarym koloniýasydy.

Ýurdyň ykdysadyýeti tozgun ýagdaýda bolup, ýurdyň maliýe sistemasy, içeri we daşary söwdasy bütünleý diýen ýaly dargandy. Ýurtda açlyk we epidemiýalar höküm sürüpdir. (G.Seýitliýewiň "Kemal" poemesy ).

Ýurduň ilaty 10 - 12 mln. barabar bolup ilatyň ýaryndan gowragy ekeraçylyk bilen meşgul bolupdyr. Ilatyň 25% bolsa türkmenler, lurlar, kürtler, buluçlar, kaşgaýlar, araplar düzüp olar esasan maldarçylyk bilen meşgul bolupdyrlar.

Eýran obasynda esasan feodal tertip-düzgünler höküm sürüp, ekerançylyk erleri we suwaryş setleri şanyň, feodallaryň pomeşikeriň we we din hadymlaryňyn elinde jemlenipdir. Daýhanlaryň esasy köpçüliginde ýerler bolmansoň olar, hususy eýeleriň ýerlerini kärendesine alypdyrlar.

Şäherlerde senetçilik giň ornaşyp, fabrik-zawod onümçiligi örän pes derejede bolupdyr. Daşary ýurt

konssesiýon kärhanalary bolan nebit promysellerinden (günorta-günbtar) we Kaspi deňizindäki balyk promysellerinden başga diňe ownuk elektro stansiýalar, dokma, gap-gaç öndürýän we gön işläp bejerýän ownuk milli fabrikleri bolupdyr. Olaryňam köpüsi daşary ýurt konkurensiýasyna çydaman ýapylypdyr.

Ýurtda köp sanly ownuk söwdägärler (jerçiler) bolup daşary ýurt konkurensiýasy sebäpli olaryňam ýagdaýy ýaramaz bolan. Iri täjirler bolsa esasan iri er eýeçiligi we daşary ýurt kapitaly bilen bagly bolan. Milli buržuwaziýanyň bu bölegi komprodor buržuwaziýänyň esasyny düzüp olaryň bähbitleri şäherleriň ownuk milli buržuwaz toparlarynyň we haýal ösýän milli buržuaziýanyň bähbitlerine göz -görtele tapawut edipdir. Häzirki zaman taryhyna geçilýän döwürde beýleki kolonial we ýärym koloniýal ýurtlarynda bolşy ýaly Eýran üçin hem milli azat edijilik hereketiniň ýokary göterilmegi häsiýetlidir. Oňa ýer ýüzünde bolup geçýän wakalar, Seýle hem Russiýada bolýän syýasy bakalar uly itregi beripdir.

Azat edijilik hereketini basyp ýätyrmak üçin Angliýa 1918-nji ýylyň başlaryndan Eýrany okkupirlemäge başlaýar. Sebäbi patyşa Russiýasy ýok eýýäm. Eýranyň demirgazyk günbataryna general Densterwil demirgazyk-gündogaryna general Malleson iberilýär. Densterwil Reşdi soňra bolsa Günorta Kawkazy eýelemelidi. Mallesonyň topary bolsa soňra Zakaspä we Türküstana girýär. 1918-nji ýylyň awgust aýynda jeňňelçileriň ýolbaşçysy Küçek han iňlisler bilen olary Bakuwa tarap geçirmäge ylalaşýar. Şondan soň iňlisler Reşti, Bakuwy eýeleýärler.

1918-nji ýylyň awgust aýynda Tähranda Wasug ed-Döwläniň ýolbaşçylygynda iňlisparaz hökümet düzülýär. Bu hökümet sowet hökümetiniň diplomatik wekillerini ykrar etmeýär. 1918-nji ýylyň noýabr aýynda aklar tarapyndan sowet wekilhasay dargadylýar. 1919-njy ýylyň iýun aýynda bolsa ilçi Kolomisew öldürilýär.

1919-njy ýylyň awgust aýynda Wosug ed-Döwläniň hökümeti mejlise sala salmazdan eýran-iňlis ylalaşygyny baglaşýar. Ylalaşyk boýunça Eýran goşuny iňlis instruktorlarynyň, maliýe, ýol gurluşygy, daşary söwda iňlis maslahatçylarynyň eline geçýär.

Iňlisleriň agalygyna garşy azat edijilik hereketi başlaýar. 1920-nji ýylyň aprel aýynyň 7-ne Töwrizde şeýh Muhammet Hiabaniniň baştutanlygynda Azerbaýjan demokratik partiýasy gozgalaň turuzýar. Gozgalaňa senetçiler, ownuk buržuaz toparlar, intelligensiýa, milli buržuaziýa gatnaşýarlar. Azerbaýjan demokrtalary 1919-njy ýylyň iňlis-eýran ylalaşygynyň ýatyrylmagyny, respublikanyň yglan edilmegini, demokratik reformalaryň geçirilmegini, Azerbaýjana awtonomiýa berilmegini talap edipdirler. Töwrizden şa gubernatory we emeldarlar kowulypdyr. Netijede Töwerizde we beýleki şäherlerde häkimiýet demokratlaryň eline geçipdir.

Kyn şertlarde demokratlar spekulýasiýa garşy, saglygy saklaýyş we we magaryf barada çäreler görüpdirler. Ýöne gazanylan üstünligi berkidip bilmeýärler we 1920-nji ýylyň awgust aýynda hökümet goşunlarynyň bölümleri Töwrizi gabaýarlar. Sentýabr aýynda gan döküşikli söweşlerden soň Töwrüz eýelenýär. Hiabani we onuň köp egindeşleri öldürilýär. Bu işlerde iňlisler eýran hoküwetine uly kömekleri berýärler.

1920-nji ýylda Gilýanda-da rewolýusiýa başlaýar. 1920-nji ýylyň maý aýynda jeňňelçiler Reşti eýelenýär. Soňra bolsa tutuş Gilýany we Mazendaranyň bir bölegini alýarlar. 1920-nji ýylyň iýun aýhynyň 5-ne Gilýan respublikasy jar edilýär. Wagtlaýyn hökümete Küçek han ýolbaşçylyk edip, bu hökümete bütewi front esasynda Ehsonolonyň ýolbaşçylygyndaky buržuaz intellegentler Haly Gurbanyň ýolbaşçylygydaky batrak-kürtler we Haýdar Amuoglunyň ýolbaşçylygynda eýran komunistleri girýärler.

Tiz wagtda Küçen han bilen eýran komunistleriniň arasy bozulyp ugraýar. Sebäbi komunistler ýerleri rekwizisiýa edip

ugrapdyrlar, ownuk söwdagärleriň, senetçileriň emlägini alypdyrlar, dine garşy çäreleri geçiripdirler, Küçen han we milli buržuaziýa bilen hyzmatdaşlyklaryndan boýun gaçyrypdyrlar. Şeýlelikde 1920-nji ýylyň iýul aýynda bütewi halk fronty dargaýar.

Kommunistler Ehsonollonyň, topary bilen iýul aýynyň 31-ne Ehsonolonyň baştutanlygynda höküet düzýärler. Bu hökümet pomeşik ýerleriniň daýhanlaryň arasynda paýlamak, natural borçlary ýatyrmak, daýhana berilýän hasyl böleginiň artdyrylmagy barada deklarasiýa kabul edýärler. Emma şonuň bilen bir hatarda olar azyk tabşyrmagyň mejbury sistemasy girizilip, ol esasan daýhanlaryň we senetçileriň boýnuna ýüklenipdir. Şäherlerde salgyt arytdyrylypdyr, olam esasan senetçileriň, ownuk söwdegärleriň we şäherleriniň boýnuna düşüpdir. Ustüsinede 1920-njy ýylýn awgust aýynda Ehsenolona Tährana şowsuz göreş gurnaýar. Tersine Reşiti ýitirýärler.

Azerbeýjandaky we Gollandaky wakalar Tähranda we beýleki ýerlerde-de goldaw topýar. 1919-nji ýylyň ylalaşygyna garşylyk güýjeýär. Netijde 1920-nji ýylyň iýun aýynynda Wasug-ed-Döwletiniň hökümeti otstawka gidýär. Onuň oruna gelen hökümet iňlis-eýran ylalaşygyny ykrar etmeýär we 1920-njy güýzünde Moskwada sowet-eýran şertnamasyny baglaşmak barada gepleşikler başlaýar.

Iňlislerem iş görüp başlaýarlar we munuň üçin iňlis hökümeti bilen bagly bolan Ziýeddin Tabatabaýini we pars kazak goşunlarynyň ofiseri Reza hany we beýlekileri çekýärler.

1921-nji ýylyň fewral aýynda Reza han döwlet agdarylyşygyny geçirýär. Hökümeti Ziýaeddin Tabatabaýi düzýär. Reza han bolsa ilki kazak bölümleriniň serkerdesi, soňam harby ministr bolýar. Täze kabinete sowet-eýran şertnamasynyň öňüni almak başartmaýar. Şol sebäpden hem 1921-nji ýylyň fewral aýynyň 26-na Moskwada şertnama baglaşylýar. Söwet hökümeti patyşa hökümetiniň ähli

talaplaryny ýatyrýar. Ýöne özi üçin bänbitli maddany girizmegi başarýar.

Ziýaeddin Tabatabaýiniň hökümeti halk köpçülügine beren wadalarynda tapylmaýar we 1921-nji ýylyň maý aýynda otstawka gidýär. Onuň ornuna gelen Kawam-as-selteniň hökümeti harby ministr Rer han bilen bilelikde azat edijilik hereketine garşy çäreler görüpdir.

1921-nji ýylyň maý aýynda Ehsanolla komunistler birleşýärler. Ýöne ýenede öňşyksyzlyklar başlaýar. 1921-nji ýylyň sentýabr aýynyň Kuçek han komunistleriň ýolbaşçylygynda Haýdar Amuogluny öldürýär. 1921-nji ýylýň noýabr aýynda Kuşek hanyň özi hem Eýranyň hökümet goşunlary tarapyndan ýok edilipdir.

1921-nji ýylyň tomsunda Maşatda-da gozgolaň turýar. Oňa polkownik Muhammet Tagy han Pasiýan ýolbaşçylyk edýär. Ol Nawanyň hökümetini ykrar etmändir. Emma bu gozgolaň hem Oktýabr aýynda kürtleriň kömegi bilen basylýar. 1922-nji ýylyň fewral aýynda polkownik Lahutiniň ýolbaşçylygynda Töwrinde täze gozgolaň urýar. Ýöne buda basylyp ýatyrylýar.

1920-1922-nji ýyllaryň azat edijilik hereketelriniň ýeňilmeginiň sebäpleri.

1921-nji ýylda Iňlisler Eýrandan çykyp gidýärler. Ýöne Iňlisler iňlis-eýran nebit komunalynda şehin-şah bolupdy öz täsirlerini saklap gomerler.

1922-nji ýylyň başlap Eýranda dürli çäreler geçirilip başlaýar. Bütewi goşun döredilýär. Kazanlar, jandarlar, serbozlar ýetirilýär. Boýun egmeýän hanlar syndyrylýar.

Bu bolsa Reza hanyň abraýyny artdyrýar.

1923-nji ýylda ol premer minister bolýar. Gajarlary agdarmak üçin ol respublikan hereketlerini goldan bolýa. 1925-nji ýylyň fewral aýynda mejlis goşunyň haýbat atmagy netijesinde Reza hany baş serkerdeligine belleýär. Oktýabr aýynyň 31-ne bolsa mejlis Gajarlaryň agdarylyşygy yglan

edilýär. 1975-nji ýylyň dekabryň 12-ne Reza han Eýranyň mirasdüşerler şasy diýilip yglan edilýär. Şol ýyllar dürli, kanunlar hem kabul edilýär. 1827-nji ýylda jenaýat we raýat kodeksi (1929). 1928-nji ýylda ýer emlägini registrasiýa etmek baradaky 1930-njy ýylda ýerleriň zorluk bilen eýelenilmegine garşy we döwlet ýerlerine iri ýer eýlerini kärendesine bermek barada agrar banditizima garşy kanun, ýagny daýhan gozgolaňlar, 1934-nji ýylda bolsa döwlet ýerlerini satmak barada kanunlar kabul edilýär.

Feodal gatnaşyklaryň barlygyna garmazdan Eýranda kapitalistik gatnaşyklar ösüp başlaýar birnäçe zawod fabrikler gurulýar.

1920-30-njy ýyllarda birnäçe medeni we durmuş ugurlarynda reformalar geçirilýär. Dünýewi mekdepler aýallar mekdepleri, Tähran uniwersiteti (1934-nji ýylda) Tähran medinistututy 1935-njy ýylda çadyry aýyrmak barada din işgärleriniň täsirini peseldýän çäreler ýewropa geýimi girizilýär. Feodal titullary Türkiýedäki ýaly familiýa bilen çalşylýar kamary ýyl hasabyna derek milady şemsi kalendary girizilýär. 1935-nji ýylda dil we edebiýat akademiýasy döredilýär. 1918-nji ýylyň awgust aýynda Tähranda 22-nji ýyllaryň azat Lahutiniň ýolbaşçylygynda Töwrizde täze gozgalaň turýar.

1921-nji ýylda iňlisler Eýrandan çykyp gidýärler. Ýöne iňlisler iňlis-eýran tebit kompanýäsynda, Şehin-şah banky öz täsirlereni saplap galýarlar. hökümede uly kömek berýärler.

1920-nji ýylda Tilýanda-da rewolýusiýa başlanýar. 1920-nji ýýlyň maý aýynda jeňňelçiler Reşiti eýeleýärler soňra bolsa tutuş Tilýany we Mazendaranyň bir bölegini alýarlar. 1920-nji ýylyň iýun aýynyň 5-de Tilýäni respublikasy jar edilýär. Wagytlaýyn hökümete Küçek han ýolbaşçylyk edip bu hökümete bütewi front esasynda Ehsanpollanyň ýolbaşçylygyndaky buržuwaz intillgentler Haly Gyrbanyň ýolbaşçylygyndaky batrak kürtler we Haýdar Amuoglynyň ýolbaçşçylygyndaky Eýran komunistler girýarler.

Tiz wagytda Küçek han bilen Eýran komunistleriniň arasy bozulyp ugraýar. Sebäbi komunistler erleri rekwesistiýa edip ugrapdyrlar, ownuk söwdägärleriň, senetçileriň emlägini alpdyrlar, dine garşy çäreleri geçiripdirler. Küçek han milli buržuwazýa bilen hýzmatdaşlygyndan boýun gaçyrypdyrlar. Şeýlelik-de 1920-nji ýylyň iýul aýynda bütewi halk fronty dargaýar. Töwrizde güýzinde Moskwada sowet-eýran şertnamasyny baglaşmak barada gepleşikler başlaýar.

Iňlislerem iş görüp başlaýarlar we münuň üçin iňlislerem bagly bolan Ziýaeddin Tabatabaniň we pars kazak goşunlarynyň owiseri Rezi han we beýlekiler çekilýär. 1921-nji ýyluň Fewral Rezi han döwlet agdarylyşygyny geçirýär. Hökümýeti Ziaeddin Tabatadan düzýär. Rezi han bolsa ilki kazak bölümleriniň komandiri soňra harby ministri bolýar. Täze kabinete sowet-eýran şertnemesynyň öňüni almak başartmaýar. Şol sebäpden 1921-nji ýylyň Fewral aýynyň 26-a Moskwada şertnema baglanşylýär. Sowet hökümeýeti patyşa hökümýetiniň ähli taraplaryny ýätyrýar. Ýöne öži üçin bähbitli madany girizmegi başarýar.

Ziaeddin Tabatabaniň hökümeýeti hany hökümýetine beren badasynda tapylmaýar we 1921-nji maý aýynda otstawka gidýär. Onuň ornuna gelen Kowam –as-seletiň hökümýeti harby ministr Reza han bilen Telýämda uly azat edijilik hereketine garşy çarşy çäreler görüpdir.

1921-nji ýylyň maý aýynda Küçek han, Ehsanolla, komunistler birleýärler. Ýone ýene-de oňşuksyzlar başlaýar. 1921-nji ýylyň sentýabr aýynda Küçek han komunistleriň ýolbaçylygynda 1921-nji ýylda Haýdar Amuoglyny öldürilýär.

Komunistler, Ehsanolla topary bilen iýul aýynyň 31-de Ehsanollanyň baştutanlygynda hökümet düzýärler. Bu hökümiýet pomeşik erleriniň daýhanlarynyň arasynda paýlamak, natural borşlary ýatyrmak daýhana berilýän hasap böleginiň artdyrlmagy barada deklorasiýa kabul edýarler. Emma şonun bilen bir hatarda azyk tabşyrmagynyň mejbury

sistemasy girizilip, ol esasan daýhanlary we senetçilerin boýnuna ýüklenipdir. Şäherlerde salgyt artdyrlypdyr. Ol hem esasam senetçileriň, ownuk söwdägärleriň we şäherlileriň boýnuna düşüpdir. Üstesinede 1920-nji ýylyň Wosug-äd-Döwläniň ýolbaşçylygynda ownuk buržuwaz toparlar intelligensiýa milli buržuwaz liderler gatnaşýarlar. Azarbaýjan iňlisparaz hökümet gurulýar. Bu hökümet Söwet hökümetiniň digloatik welilerini ykrar etmeýär. 1918-nji ýylyň noýabr aýynda Sowet wekilhanasy dargadylýar. 1919-nji ýylyň Iýul aýynda bolsa baliret Kolonisew öldürilýär.

1919-njy ýylyň awgust 9-na Wosog-äd-Döwläniň hökümeti mejlise sala salmazdan eýran iňlis ylalaşygyny baglaşýar. Şu ylalaşyk boýunça eýran goşuny iňlis instruktorlaryndan, malýe, ýol gurluşygy, daşary söwda iňlis maslahatçylarynyň eline berýär. Iňlis okuppasiýäsyna garşy azat edijilik hereketi başlaýar. 1920-nji ýylyň aprel aýynyň 7-de Töwrezde Şeýh Muhammet Hiabaniniň baştutanlygynda azarbaýjan demokratik partiýasy gozgalaň turuzýar. Bu gozgalaňa senetçiler, demokratlary 1919-njy ýylda iňlis ýylyň awgust aýynda şanyň bölümleri Töwrizi gabaýarlar. Netijede 1920-nji ýylyň sentýabr aýynda gan döküşikli söweşlerden soň Töwriz eýelenilýär. Hiabani we onuň köp egindeşleri öldürilýär. Bu işlerde iňlisler awgust aýynda Ehsanolla Tährana şowsuz çozuş guraýar. Tersine Reşitini ýitirýärler.

Azerbeýjandaky we Tilýandaky eýran ylalaşygynyň ýatyrylmagyny respublikanyň yglan edilmgini,. Töwrizden şa gubernatory we emeldarlary kowlupdyr we ýylyň Noýabr aýynda Küçen hanyň özem eýranyň hökümýet goşunlary tarapyndan ýok edilýär. 1921-nji ýylyň tomsunda Maşatda-da gozgalaň turýär. Oňa polkownik Muhammet Tagy han Pasiýan olbaşçylyk edýär. Ol Kawamiň hümýedini ykraretmandir. Emma bu gozgalaňbeýleki erler-de demokratik reformalarynyň geçirilmegini Azerbaýjana awtonomiýa berilmegini talap edipdirler häkimýet demokratlaryň eline geçýär.

Kyn şertlerde demokratlar opekulýasiýa garşy, saglygy saklaýyş we magaryw barada çäreler görüpdirler. Ýöne olar gazanylan üstünligi berkidip bilmeýärler we 1920-nji wakalar Tähranda we beýleki erlerde-de goldaw tapýär. 1919-njy ýylyň ylalaşygyna garşylyk güýçlenýär. Netijede 1920-nji ýylyň iýun aýynda Bosug äd-Döwläniň hökümýeti otstawka gidýar. Onuň ornuna gelen hökümýet iňlis eýran ylalaşygyny ykrar etmeýär we 1920-nji ýylyň oktýabr aýynda kürtleriň kömegi bilen basylýar. 1922-nji ýylyň fewral aýynda polkownik basylyp ýatyrylýar. 1920-nji yylyn ortalaryna yene tazeden baslanyar.

II -nji jahan urşy başlanda Eýran hökümýeti neýtrallygy yglan edýar. Emma nemes içalylary harbylary spesalistleri giň iş görüpdirler.

1941-nji ýylyň iýun – awgust aýylarynda SSSR 3 gezek duýduryş berýär. Emma 1941-nji ýylyň awgust aýynyň 25-ne Eýrana sowet goşunlary girizilýär. Iňlisler Eýranyň günortasyndan ýurduň içine girýärler. Reza şa gowşak hereket edýär nägile bolýär we 1941-nji sentýabr aýynyň 16-da Resa Tagtdan el çekýär, ogly gelýär. German wekilleri we olaryň saýuzdaşlary eýrandan çykýarlar. Ýurduň patyşasy Reza şanyň ogly Muhammet Reza (1941-1979) bolýar.

1942-nji ýanwar aýynyň 29-da SSSR, Angliýa we Eýran şertnama baglanyşýarlar. Şol esasynda lend-liza müň boýunça zat daşalýar. Amerikanlar hem Eýranda uly işleri bitirýärler.

Uruş ýyllarynda Eýranyň içinde reaksiýa höküm sürýär. Milli hereketler yzarlanýar. Azarbeýjalylar uly göreşler alyp barýarlar. Sowet goşunlarynyň girmegi bilen ýene-de özbaşdaklyk umydy döreýär. Türkmenler azerbaýjanlylary goldapdyrlar.

## Eýran 1945-2009-njy ýyllarda

Uruş ýyllary Eýranyň içiki düzgünleri düzüw bolmansoň harby ýagdaý dowam edipdir. 1945-nji ýylyň başlarynda Eýranyn köp erlerinde harby ýagdaý girizilýär. Terrori işler esasan Azerbaýjan güýçli bolupdyr. Sebäbi bu er Türkililigiň diregi hasapanypdyr. Eýran reaksiýasy Türki halklaryň dilini, medenýetini hasaba almandyrlar.

Şonuň üçin han Eýran Azerbeýjanynda milli demekratik hereket gýçlenýär. 1945-nji ň tomsunda Azerbeýjanyň Demokratik partiýasy döredilýär. Bu partiýa Eýran Azerbeýjanyň aftonomiýa berilmegini, Azerbeýjan diliniň ulanylmagy Ekjumanlaryň döredilmegi we başgalar. 1945-nji ýylyň ahyrynda ol uly güýje örülip onda 70 müň çlen bolan. 1945-nji ýylyň dekabr aýlaw bolup (Azerbeyjanda) mejlis düýär we hökümeýet döredilýär. Hökümýediň programmasy boýunça Azarbeýjan awtonomiýasyny berkitmek, husuwsy eýeçilik saklamak bilen kop progresiw içleri geýär. Azarbeýjan hömýeti Eýranyň merkezi hökümýetini ykrar edipdir we Azarbeýjanyň awtonomiýasyna garşy gelmeýän ähli görkezmelerini yglan edipdir.

Töwrizde Azarbeýjanda Hoýda Marogiýede we beýleki Azarbeýjan erlerinde goýan polisiýa ýaraglaryny Azarbeýjan demokratiýasyna tabşyrýärlar we olara boýun egýärler. daýhanlaryň arasynda döwlet erleri mugt paýlanylýar, reaksion pomeşikleriň erleri konfiksasiýa edilýär. 1946-nji ýylda işleýän fabrikleriň işini gowlandyrýärlar, täze fabrik açýärlar, 8 sagatlyk iş güni senetçilige ýardam, zähmet hakynda kanun, ähli mekdeplerde Azarbeýjan dilinde okuw, täze mekdepler we Azarbeýjan döwlet uniwersiteti döredilýär. Medenýete saglagy saklaýyşa sosial goraga köp üns berilýär.

1945-nji ýylýn ahyrynda Demokratik Kürdüstanda hem demokratik hereket gýçlenýär. Kürdüstan Demokratik

partiýasy döredilýär. Lihabat şäherinde aftonom kürd hökümýeti döredilýär. Şeýle şertlerde Eýran reaksiýasy manewra gidýär. Hanilanyň hökümýedi ostawka gidip, ornyna 1946-njy ýylýn basynda Kawam -es-Seltäniň hökümýeti gelýär. 1946-nji ýylyň iýun aýynyň 13-e Kawaniň hökümýeti Azerbeýjan hökümýeti bilen ylalasyk baglanyşýar. Şol boýunça Azarbeýjan hökümýeti we mejlisi welaýat enjumenleri we adminstratiw sowete öwrilýär. Ähli geçirlen çäreler güýjinde galýar. Kowamiň hökümýeti ähli döwlet erleriniň daýhanlaryň arasynda paýlamak barada barada karar ýär. Hasyl pasygynda daýhana pomeşiklerden alyp 15% köp paý berilmegini karar edýär.

Emma bu zatlar aldawçylyk üçin edilen. 1946-njy ýylyn iýunynda Kowam hem Demokratik tartiýa döredýär. Bu partiýa polisiýnyň we jandarmiriýanyň ýrdamy bilen bütün ýurtda demokratik guramalary çozuş edip durýar. 1946-nji ň güýzinde reaksiýä herekete gelip ygraýar. Eýran goşunlary Azarbeýjana sürlip ugraýar. Netijede 46-nji ýylyň ahyrlarynda Azarbeýjan Eýran goşunlary tarapynda basylýar. Birnäçe müň adamlar öldürilýär.

1947-njy ýylýn baslap Eýranda ABŞ-yň täsiri artyp ygraýar. Bu bolsa iňlis polisiýasyna zyýan ýetiripdir. Şonuň üçinem olar Kowamyň gidirilmegini we ornuna antowil häkiminiň geçirilmegini gazanýärlar. Ýone ABŞ-yň täsiri gyçli bolan .

40-njy ýyllary ahyrlarynda Eýran burjuwaziýanyň intelmientleriň watançi toparlary milli fronty döredýärler. Şol hem 1951-iň aprel aýynyň 29-na höümýete gelýär, Mosaddynyň ýolbaşçylygynda, bu hökümýet AINK-ny äge we nebitli erlerini mellileşdirmegäge synanyşyk edipdir. Angliýa, ABŞ-ni şeýtdirmejek bolup Gaogadani halkara sud yny hem berýärler. Emma Mosaddygyň hökümýeti boýun bolmaýar.

1951-nji ýylyň Oktýabr aýynda bu mesele howpsyzlyk Sowetinte-de seredilýärü Şonda eýranyň nebtini "halkara"

kompaniýa bermegi teklip edýär. Mosaddyk etmeýär. Ýagny bu Eýranyň öz içeri işi diýýär. Soň iňlisler Eýrany blokada (yndys) edýärler. Mosaddyk 1952-nji ýylyň iýun aýynda otstawka gidýär. Kowam gelýär. Ýöne halk köçä çykýär, we iýul aýynyň 21-ne 1952-nji ýylda ýene-de Mosaddyk gelýär. 1952-iň güýzünde Eýran Angliýä bilen arasyny kesýär, we onuň diplomatlaryny çykarýär.

1953-nji ýylyň awgust aýynyň 19-na Tähranda SRU-nyň gatnaşmagynda döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Mosaddygyň hökümýeti tussag edilýär. Premererom agdaryşygyň ýolbaçysy general Zohýedi bolýar. 1953-nji ýylyň dekabr aýynda iňlisler bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýulýar. Eýran nebtiniň meseleleri ene ara alnyp maslahatlaşylýar we ol 25 ýyllyk (1979-njy ýyla çenli) Halk ara nebit konsorsumyň konsesiýa berilýär. Nebit çykarylyşy artýar. 1950-de 32mln t. bolan bolsa 1961-de 57 mln t. 1957-58-nji ýyllarda italýan, amerikan, kanat kompanýasyna konsesiýa berilýär.

1955-de Eýran, Bagdad paktyna (1959-dan SENTO) girýär. ABŞ-da sowetnikler köpelýär. 1960-da 12-müň sany haryt getirmekligi artýär. Ýurda getirilýän harytlaryň mukdary, Eýranyň eksport edilýän harytlardan 5esse artyk bolan. Ýöne enteklerem Eýran yza galak bolar. Türkiýadan has yza galypdyr. Iş haky pes, iş wagty ýokary bolan. Şonuň üçin hem demonstrasiýalar iş taşlaýyşlar bolup geçipdir. Olar basylyp ýatyrylypdyr.

Ýurdyň yza galaklygyny öňini almak üçin çäreler geçirmegi gözeginde tutýar. 1963-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 23-ne 6 sany kanun boýunça referendum geçirilýär. 1). Ýer reformasy, 2) tokaýlary millileşdirmek, 3) er reformelaryny geçirmek üçin finansirlemek döwlete zawod- fabrikleri satmak , 4) içileriň kärhananyň girdeýjisini paýlaşmaga gatnaşmagyny, 5) Parlamentde saýlawlar baradaky kanuna üýtgeşmeler girizmek, 6) sowatsyzlygy ýok etmek üçin

"Magaryf korpysyny" döretmek 1953-nji ýylyn Aprel aýynda aýallara saýlaw hukugy berilýär. Soň enede birňäçe kanun proýektini meselem "saglygy saklaýyş korpusy", suw çeşmeleri millileşdirmek. Şularyň hemmesine amala aşyrylmagy Eýranda "Ak rewolýutsiyýä " diýip at alypdyr. 10 ýyllap dowam edýär. 1973-nji ýyl Şündan soň Eýran belli bir gowy temp bilen ösüp ugraýar. Oba hojalygy garaşylan netijäni bermesede senagat gowy ösýär. Ilatyň hal ýagdaýy gowylaşýär. 1972-de jan başyna girdeýji 400 dollara ýetýär. (1961-de 130 dollar ). Köp kärhanalar gurylýär. SSSR-em guryar. Elektro enegiýa öndürilişi artýar. Käbir senagat harytlary eksport edilip ugraýar: Awtobus, sement, mata, aýakgap, holodilnik we başgalar.

Nebit ösdürilişi artýar. 1962-de Eýran 65,3 mln t. nebit çykaran bolsa, 1973-de 294 mln t. ýetýär. Eýran dünýäde 4 orna çykýär. ABŞ, Benesuwella, Sawud Arabystany . 1973-de Eýran nebitden 4mlrd. dollar girdeýji alýar. 1973-de Eýran Halk ara nebit konsorsumy bilen Eýranyň ähli nebit promysellerini, nebit ugradýan zabodlara berilmegini gazanýar. Oňa derek Eýran HNK-nyň ýurtlarynyň 20 yyllap nebit berjekdigini kepillendirýär. 1974-de dünýa bazarynda nebtiň bahasy artýar we Eranyn girdeýjisi 18,6 mlrd. dolara çenli artýar.

Daşary ykdysady meselelerden başgasy bilen gowy däl. Şatt- el -Arab derýasy boýunça araçäk hem-de şaýy köpçüliginiň ýagdaýy. 1971-de 3 adany pars eýelän soň (eýran) , Yragk bilen gatnaşyklary kesilýär. 73-de dikeldilýär. 1973-de şa ähli partiýalary ýatyrýar we " Eýranyň galkynyş" partiýasyny bir partiýallygy - sistemeny girizýar.

70-nji ýyllaryň ikinji ýarymyndan şa ABŞ -yň Eýranda ornaşmagyna Günbatryň medeniýetine garşy hereket has güýçlenip ugraýar, üstesine-de ilatyň hal ýagdaýy hem ýaramazlaşyp ygraýar. Bu göreşe şaýy ruhanlary we olaryň liderleri Ruholla Musabi Homeýni (1900-1990) ýolbaşçylyk

edipdir. Şol döwürler ol          eteginde oturypdyr. (1964-de Türkiýa kowulýär, ol erdenem Yraga, ol erdenem kowulýar. Soňam Rariże , ol Rezi Pekliwi döwrinde-de şa garşy çykyş edipdir. 1944-de täze şa Kuli gelende ol ene özi erinden turmandyr. Mosaddygyň hereketini makullapdyr, ýone dindarlara gol ýapmanlygy üçin tankytlapdyr. Ol 1962-de aýatolla bolýar. Şol ýyl şadan bir meselede üstin çykýar. Ýagny şaýatlary kurandan ant içýär ekenler öň indi şa şony ýatyrýar. Hamiýni ruhanlary galdyrýar we şä boýun bolýär.

Eýran re-si 3 etapy geçýar. 1-nji 1978-iň ýanwar aýynda 1978-iň sentýabr aýyna çenli, ýagny harby ýagday girizilýar. 2) Etabda şa mauwra ýüz uryp ygraýar. Ýöne bu zatlara üns bermeýar. Şoň üçinem hökümeti Şahpur Bagtyýar premeýer belläp, özem gaçyp gidýär. 3) Etap 1979nji ýylyň ýanwar - fewral aýy bu rewelýusiýony ýeňip şa reżemininiň ýýkylmagyna getirýär.

Asyryň ahyrlarynda Eýranyň durmuş-ykdysady ösüşinde ilerlemeler duýulýar. 1990-njy ýylda içki önümiň ösüşi 6,5% bolan bolsa, 1995-nji ýylda ol 10% ýetdi. Býudjetiň ýetmezçiligi şu döwürde 50% kemeldi. 1996-1997-nji ýyllarda maýa goýumlarynyň möçberi 23,7% köpeldi. Içerki önümiň takmynan 25% gaýtadan ykdysadyýete gönükdirilýär.

XX asyryň 90-njy ýyllarynda Eýranda garyplyk 47% -den 17%-e çenli kemeldi. 1997-nji ýylda saýlanan prezident M. Hatami daşarky dünýä bilen çeýe syýasat ýöretmäge çalşýar.

Eýran yslam respublikasy Garaşsyz Türkmenistan bilen ysnyşykly ykdysady, syýasy we nedebi gatnaşyklary alyp barýar. Iki döwletiň baştutanlary dostlukly döwletleriň her birinde yzygiderli dostlukly saparlarda bolýarlar.

## Mongoliýa 1918-1945-nji ýyllarda

Gürrüňi edilýän döwürde Mongoliýa Aziýanyň iň yza galak haklarynyň biridi. Mongoliýada orta asyr hukugy we borçlary saklanyp galypdy. Üstesine-de iki asyrdan hem köp wagtlap ýurt Mançižurlaryň gol astynda bolupdy.

XIX asyryň ahyrlaryndan XX asyryň başlarynda Mongoliýa daşary ýurt kapitaly aralaşyp başlaýar. Ýoponiýa we Rosiýýa ýaly döwletler Mongoliýany eýelemegiň ýollaryny agtarypdyrlar.

1911-nji ýylda Hytaýda Mançižur dinastiýasynyň ýykylmagy we mongol halkynyň azat edijilik hereketi netijesinde Mongoliýa öz döwletini dikelýär. Häkimýet başyna Bagdogeçer (lomanstik buthanyň baştutany) geçýär. Ýöne özbaşdaklyk tiz wagtdan howaýy bir zada öwrülýär. Sebäbi Russiýa bilen Hytaýýň arasynda 1913-nji ýylda baglaşylan Pekin deklorasiýasyna we 1915-nji ýylda Russiýa, Hytaý we Mongoliýa tarapyndan baglaşylan üçtarplaýyn kýahta ylalaşygyny Mongoliýany Hytaý we Russiýa bagly edip goýýar.

Ýurdyň ykdysady ýagdaýy örän pes ýagdaýda bolup, onuň esasyny umuman maldarçylyk düzüpdir.

Russiýada oktýabr rewalusiýanyň ýeňilmegi Mongoliýa-da şeýle wakanyň bolup gecmegine şert döredýär. Sowet hökümeti beýleki goňşy ýurtlary ýaly Mongoliýa babatdaky hem birnäçe şertnamalary ýatyrýar.

Ýöne bogdogeçeniň hökümeti täze dörän Sowet hökümetine müňkirlik bilen garaýar we öz araçägini baglaýar. Emma oň derek 1919-nji ýylda Hytaý milletaristleri ýurdy okipirleýärler. Mongoliýanyň hökümeti dargadylan, onuň ornuna Suý Şu-Çženiň hytaý administrasiýasy girizilýär we harby diktatory ornaşdyrylýar. Ýurdy Hytaý firmalarynyň ogetleri aralaşyp ugraýarlar. Suý Şu-Çženiň permany bilen

mongol ilaty basyp alyjy goşuny saklamak üçin agyr salgytlary töläp ugraýarlar.

Şeýle şertlerde 1919-nji ýylyň güýzünde Urgada 2 sany gizlin gurama döreýär. Oňa Suhe-Batar bilen Çaýbolsan ýolbaşçylyk edýärler. 1920-nji ýylýň ortalarynda bu iki gurama birleşip we gizlin iş alyp barýarlar.

1921-nji ýylyň maý aýnyň 1-da Mongoliýanyň halk partiýasynyň 1-nji gurlutaýy bolup geçýär. Soňra ol komenterna kabul edilýär.

1920-nji ýylyň oktýabr aýynda Mongoliýa yza çekilmän Baron Ungerniň goşunlary girýär. Sowet hökümetiniň ýardam etmeginde okwardiýaçylary we hytaý millitaristlerine garşy mongol halky görşe galýar.

1921-nji ýylyň mart aýynyň 13-ne partiýanyň karary bilen wagtlaýyn halk hökümeti döredilýär. Mongolyýanyň halk-rewolusion partiýasy döredilýär. 1921-nji ýylyň maý aýynyň 13-de partiýanyň karary bilen wagtlaýyn halk hökümeti döredilýär. Mongoliýanyň halk rewolýusion partiýasy döredilýär. 1921-nji ýylyň aýynyň 18-de Maýmaçek şäheriniň töwereginde Hytaý goşunlary derbi dagyn edilýär. Şäher Altyn Bulok diýilip atlandyrylýar. 1921-nji ýylyň iýun – iýul aýlarynda Mongol we gyzl goşunlar baron Uteriniň goşunlaryna garşy urşa başlaýar. Iýul aýynyň 6-dan Urga (paýtagt) azat edilip, ol Ula-bator (Gyzyl Bator) diýilip atlandyrylýar. Iýul aýynyň 10-da hemişelik halk häkimýeti işläp başlaýar. Iýul aýynyň 11-de bolsa halk ynkylabynyň ýeňen güni diýilip kabul edilýär.

Ynkylab ýeňse-de köp meseler galypdy. Häkimýet meselesi. Sebäbi bogda gegeniň häkimýetini aýratyn boljak däldi. Sebäbi onuň hakl içinde uly abraýy bardy. Şol sebäpden hem 1921-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-da halk hökümeti bilen Bogdo gegeniň arasynda “kasam şertnamasy” baglaşylyp, bogdo gegenhan tagtynda galdyrylýar.ýöne ol diňe buthana

işleri bilen meşgul bolmaly edilýär. Galan wezipeler halk hökümetine degişli edilýär.

Mongoliýanyň hökümetiniň öňünde baý gatlaklary ýok etmek, kapitalistik elemetleriň döremegine ýol bermezlik, ýurdyň ykdysady garaşsyzlygyny gazanmak wezipeleri durýardy. Bu işler kyn şertlerde alynyp barylypdyr.

1921-24-nji ýyllarda ýokary gatlaklaryň aýratyn hukuklary ýatyrylýar, prepostpançylyk ýatyrylýar, dürli salgytlar we barçlar aýrylýar. 1923-nji ýylýň ahyrynda 1924-nji ýylyň başynda ýerli edaralara saýlawlar geçirilýär.

1923-nji ýylyň fewral aýynyň 22-de Suwhä Bator ölýär. 1924-nji ýylýň maý aýynda bolsa Bogdo Gegen ölýär. Ýokary gatlagyň wekilleri han tagtynyň saklanyp galmagyny isläpdirler. Emma 1924-nji ýylyň Iýul aýynda MHRP MK-sy Mongoliýada han Regiliniň ýatyrylyp, respublikan gurluşygy girizilýändigini jar edýär.

1924-nji ýylýň Noýabr aýynyň Beýik Halk huralynyň 1-nji gurlutaýy bolýar we onuň konstusiýasy kabul edilýär. Ýer we onuň asty, tokoýlar, suwlar we onuň baýlyklary umumy halk eýeçiligine geçirilýär we olary şahsy eýeçilik bolmaly däl diýilýär. Ähli raýatlar deň diýilip yglan edilýär.

1926-nji ýylda diniň döwletden aýrylandygyny yglan edilýär. Ateistik propaganda güýçlenýär.

Mongoliýada 1920-nji ýylyň 30-njy ýyllarynda bolup geçen wakalar edil bidäki ýaly boldy. 1026-27-nji ýyllarda partiýanyň içinde jedeller (sagçy-gyşaryndylar diýip atlandyrylýar) başlady. Olar guruply adamlar ýok edilse kyn bolar diýýärdiler. Olar “durmuş oňşyksyzlygyň” tersine “milli özbaşdaklygy berkitmeli” diýýärdiler.

Emma 1928-nji ýylýň Garaşszylyk aýynda MHRP-nyň 7-nji gurlutoýunda salgytlar derbi dagyn edilýär. 1929-32-nji ýyllarda 1300 iri feodal hojalygyň emlägi köp disgasiýa edilýär. Özem şol emläk 10 mln. tugrige barabar bolupdyr.

Bizdäki ýaly geçişligem döreýär. Haýdan-haý kolhoz gurluşyna girişýär. Zorluk bilen aratlary kalhozlara birikdirdirýärler. 1931-32-nji ýyllarda bolup geçýär. Köp monastirler ýapylýar, çokunmaklyk gadagan edilýär. Şol sebäpden hem 1932-nji ýylyň ýazynda Mongoliýanyň köp aýmanlarynda hökümete garşy gozgalaňlar bolup geçýär.

1932-nji ýylyň Iýul aýynda MHRP MK-nyň we MKK-nyň III adatdan daşary pelnumynda ýagdaý berik analizlenýär çepçilik tankyt edilýär.

1932-34-nji ýyllarda hökümet kolhozlary ýatyrman, maldarçylyk salgydy hakyndaky kanuny we beýlekiler hakynda kanunlar kabul edilýär.

Mongoliýa öz öňünde duran uly wezipeleri çözmekde SSSR hemişe uly kömek berip geldi. Ol Mongoliýa seganat kärhanalaryny gurmak, oba hojalygyny ösdürmak, gesleri gurmakda we başga-da birentek kömekleri berdi. Işgärler meselesinde-de uly kömek aldy.

Esasy kömek harby we diplomatik ugurlarda boldy. Çan kaý-Şiniň hökümeti uzak wagtlap Mongoliýany ykara etmedi. Ol Mongoliýa Hytaýyň ýeri diýip tutýardy.

Şol sebäpden hem SSSR-iň hökümeti 1936-njy ýylyň maý aýy6nyň 12-de Mongoliýa bilen özara kömek hakynda protokola gol çekdiler. Bu hytaýlylaram, ýaponlaram birname ýuwaşapy. Emma 1939-njy ýylda ýaponlar halkyň bol derejesiniň sebitlerinde MNR-e çozdylar. Mongoliýanyň çagyryşy boýunça SSSR-yň goşuny kömege geldi we Ýaponlar derbi dagyn edildi.

1938-39-njy ýyllarda dürli şugulçylyk we beýleki bahanalar bilen monostirler ýapyldy, ýamalaryň emlägi konfolokatiýa edildi. 1940-njy ýylyň maý aýynda MHRP X gurlutaýynda we 1940-njy ýylyň Iýul aýynda beýik Halk Huralynyň VII gurlutaýynda ýurdyň demokratik etapyna göz aýlandy (1921-1940 ý.ý.). konstitusiýa kabul edildi. Uruş

ýyllarynda SSSR kömek etdi dürli sowgatlar, 60 müň at iberdiler, eşelonlar, pul zat.

Soň sowet goşuny bilen mongol goşuny ýaponlary urmaga gatnaşypdyrlar. Uruşdan soň Hytaýyň Gom Gomindan häkimiýeti mongoliýany ykrar etdi.

## Mongoliýa 1945-2009-njy ýyllarda.

II jahan urşunda Mongoliýa SSSR-e ýakyndan kömek etdi. 1945-nji ýylyň awgust aýynda Mongol atly goşunlary Zabaýkaliýa frontynyň hatarynda ýaponiýa garşy söweşdi. Kyn gerişlerinden we Gobi çölünden geçmäge gatnaşdy. Demirgazyk-Gündogar Hytaýa azat etmäge gatnaşdy.

Baryp ýalta konferensiýasy döwründe (1945-nji ýýlyň fewral aýy) SSSR-iň, ABŞ, Angliýa, MHR-y, ykrar edýärler (status-kwaýagny öň nähili bolsa şonlygyna galmagynyň tarapdary). Şonuň esasynda 1945-nji ýylyň awgust aýynyň 14-de Gomindan Hytaýy daşky mongoliýanyň garaşşyzlygyny ykrar edýär. Ýöne bir şert bilen, ýagny egerde MHR-nyň halky ýörite salahsalyşyk esasynda öz garaşsyzlygyny ykrar etseler. 1945-nji ýylyň oktýabr aýýnyň 20-de seýle salahsalyşyk geçirilýär. Şonda biragyzdan garaşsyzlyk goldalýar. Ony Gomindan hem ykrar edxýär,.

1950-nji ýylyň fewral aýynyň 14-de SSSR Hytaý şertnamasy boýunça MHR-nyň garaşsyzlygyny ykrar edilýär.

XX asyryň diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar. Ýöne gatnaşyklar diňe SSSR bilen ösüpdir. Bu uruşda, 1946-njy ýylda, 1957-nji ýylda, 1966-njy ýylda dostluk, hyzmatdaşlyk (syýasy, ykdysady goranmak, ylmy tehniki we medeni ugurlarda) hakda şertnamalar baglaşylýar.

1961-nji ýylda MHR BMG-nyň çleni. Ýöne ABŞ diňe 1987-nji ýylda MHR bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar.

60-njy ýyllarda, esasan hem Hytaýda “medeni ynkylap” döwründe. MHR-e söweş goşunlary girizilýär. 80-nji ýyllarda ýagdaý birneme ýumşap ugraýar we 1987-nji ýyldan başlap söweş goşunlary çykarylyp ugraýar. 1992-nji ýylda bolsa bu iş doly gutarýar.

1989-1990-njy ýyllarda mongol goşunynyň sany hem azaldýar.

SSSR-iň ýardam bermekde MHR-de häzirki zaman ykdysadyýetiniň ösüşi hem çaltlanyp ugraýar. Uruşdan soňky ýyllarda maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek: gön, aýakgap, ýüň işleýän, dokma, azyk önümleri has artýar.

Magdanyň gazylyp alnyşy artdyrylýar. Nalaýhada, Darholda kömür çykarylyşy, Erdenetde mis magdanynyň alnyşy güýçlenýär. Gurluşyk materiallary sement, kerpiç, aýna we başgalar güýçli depginde öndürilýär. Öý gurluşyk we agaç işleýän kombinatlar guruldy. 1960-1985-nji ýyllarda halk hojalygynyň esasy fontlary 12,5 esse artdy. Ýöne şu ýerde başky fontlaryň az bolandygyny bellemeli.

Senagat önümçiligi 9 esse, jan başyna düşýän milli girdeji 1,6 esse artdy.

MHR maldarçylyk ýurdundan ekerançylyk ýurduna hem ugraýar. Bu ýerde 1 mln ga gowrak tarp ýer özleşdirildi. Netijede 1985-nji ýylda 1 mln t golaý däne ýygnaldy. Mongoliýada kortofel we bakja ekinleri hem öndürilýär. Bellemeli zat mongoliýanyň topragy ekerançylyk üçin amatly däldir.

Oba hojalygynda öri meýdanlaryna zyýan ýetirilipdir. Sebäbi ýerden netijeli peýdalanylmandyr. Sebäbi köp önüm aljak bolsa köp ýere ekin ekmeli. Edilen işlere garamazdan maldarçylyk oba hojalygynyň esasy pudagy bolup galdy. Onda öndürilýän önümleriň 80 % maldarçylyk berýär. Oba hojalygynda iki eýeçilik: dölwet hojalyklary we koperatiw hojalyklar agdyklyk edýär.

Häzirki döwürde Mongoliýada ykdysady kynçylyklar duýulýar. Ol hem birinji nobatda bazara geçilmegi bilen baglanşykly. Kanun boýunça eýeçiligiň ähli görnüşlerine rugsat berilýär, hususy kärhanalary döretmek höselendirilýär, mal saklamakdaky çäklendirmeler ýatyryldy.

Ýurduň durmuş sferasynda-da üýtgeşmeler boldy. Eger-de 1921-nji ýýlda ýurtda 600 müň ilat bar bolan bolsa, özi hem azalýan görnüşde bolan bolsa, 1987-nji ýylda ilatyň sany 2 mln ýetdi. Sowet ýyllarynda ylym, medeniýet, magaryf ösdi. 1986-njy ýylda mekdeplerde 380 müň çaga okapdyr. 10 müň ilata 390 talyp düşüpdir. 1925-nji ýylda Mongoliýada 2 sany wraç we 5 feldşer bolan bolsa, häzirki döwürde olaryň sany degişlilikde 4000, 14 müň boldy. 1961-nji ýylda Ylymlar Akademiýasy döredilýär. 1981-nji ýylda mongol kosmonawty J.Gurrahça uçdy.

Mongol halky XX asyryň ahyrlarynda uly ösüsler gazandy. Ony inkär edip bolmaýar. Şunda SSSR oňa uly ýardam etdi. Ýöne barybir näçe işler edilsede asyrlar boýy dowam eden yzagalaklygy doly ýeňip geçmek başartmady. Sebäbi olara SSSR özbaşdak işlemäge we ýaşamaga mümkinçilik bermedi. Bir mongol ýazyjysy 1988-nji ýylda "Biz uzak wagtlap mugallymymyza söýgümizi beýan edip, okuwçynyň ornunda gezdik" diýip aýdypdyr.

SSSR-iň Mongoliýa täsiri hakynda gürrüňň edilende diňe ykdysady kömegi ýatlap oňmaly däl. SSSR-iň taryhyndaky gussaly sahypalar Mongoliýada-da boldy. Ol Çoýbalsanyň şahsyýet kulty bilen bagly boldy. Bu barada ilkinji gezek 1987-nji ýýlyň Dekabr aýynda MHRP-nyň bäşinji plenumynda aýdyldy. 1932-nji ýylyň ýazynda ýurduň aglaba ýerlerinde lamalaryň ýolbaşçylygynda aratlaryň gozgalaňy bolup geçdi. Sebäbi olary artellere kommunalara zorluk bilen salýardylar, mallaryny ellerinden alýardylar. Kim garşylyk görkezse represiýalara sezewar edýärdiler. 1933-nji ýylda ençeme partiýa ýolbaşçylary tussag edilipdir. 1937-nji ýylda represiýalar

köpçülikleýin häsiýete eýe bolýar. Şonda uly ýaşly ilatyň 10 % tussag etmelere sezewar edilýär. Ýurtdaky 100 müňden gowrak lamalaryň 70 müňisi ýok edilýär. Lamaistik buthanalaryň 700-si hemişelik ýapylýar. Suhabatoryň egindeşlerinden marşal Demid (goranmak ministri), Halk Huralynyň başlygy Dogsom, hökümetiň başlygy Amar, MHRP-nyň jogapkär işgäri Losol we başgalar öldürilýär. Mongol goşunlarynyň generallarynyň 80 %, halk ynkylabyna gatnaşan partizanlaryň 15 % repressirlenýär. Mongol täze edebiýatynyň düýbüni tutujy Nasagdorž we ençeme ýazyjylar tussag edilýär. Burýatlar Barginler yzarlanýar.

Nädogry hojalyk syýasaty maldarçylyga uly zyýan ýetiripdir. 1940-njy ýylda mallaryň sany 26 mln barabar bolan bolsa, 1953-nji ýylda 23 mln çenli azalypdyr. Ýogsam plan boýunça mallaryň sany 200 mln ýetmelidi.

1984-nji ýylyň MHRP-nyň bäşinji plenumynda 1940-1984-nji ýyllar aralygynda MHRP MK-nyň baş sekretary we Çoýbalsan ölenden soň (1952) MHR-yň hökümetine ýolbaşçylyk eden Ý.Sedebag hem tankyt edilýär. Bu plenumda J.Batmunh MHRP MK-nyň we beýik halk Huralynyň prezidiumynyň başlyklygyna, ministrler sowetiniň başlyklygyna bolsa D.Sodnom bellenýär. 1986-njy ýyldan başlap Mongoliýada-da üýtgedip gurmak syýasaty başlaýar. Bu döwürler ýurtda 60 müňden gowrak sowet hünärmenleri işläpdir. Demir ýolda, transportda, metallurgiýada, oba hojalygynda, partiýa-syýasy, harby ulgamlarda. Bu bolsa ýerli hünärmenleriň ösmegine uly zyýan ýetiripdir. Özi hem esasy meseleleri sowet hünärmenleri çözüpdir. Ulan-Batora tiz-tizden sowet partiýa delegasiýalary gelýär ekenler. Şunda olar hakykat ýüzünde gözegçilik maksatlary üçin gelipdirler. Şu meseleler mongol metbugatynda tankyt edilip ugraýar.

Mongoliýada MHRP-a garşy durýan partiýalar, jemgyyetçilik guramalary döräp ugraýar. Olar SSSR-däki we Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň täsirinde bolupdyrlar. 1989-njy

ýylyň ahyrynda 1990-njy başlarynda Mongoliýanyň demokratik soýuzy (MDS), Sosial demokratik hereket, Täze progressiw soýuz, Mongol talyplarynyň soýuzy döreýär. Ýygnaklar, ýörişler, açlyk çekmeler başlaýar. 1990-njy ýylyň mart aýynda Staliniň heýkeli aýgylýar.

1990-njy ýylyň fewral aýynda Ulan-Batorda MDS-yň gurultaýy bolup geçýär. Onuň agzalarynyň köpüsi öň MHRP-dan çykan adamlar bolupdyr. Gurultaýda Halk Huralynyň agzalaryny we MHRP_nyň agzalaryny iş başyndan gitmäge çagyrypdyrlar. Gurultaýyň gidýän döwründe hökümet jaýynyň öňüňde 20 müň adam ýygnak edipdir. MDS ýolbaşçylary açlyk çekipdirler. Şol sebäpden hem 1990-njy ýylyň Mart aýynyň 12-15-leri aralygynda bolup geçen MHRP MK-nyň 8 plenumy MK-nyň syýasy býurosynyň we sekretarýatynyň ähli agzalaryny Batmunh bilen bilelikde iş başyndan aýyrýar. Ý.Sedenbal partiýadan çykarylýar.

MHRP- MK-nyň baş sekretarlygyna G.Oçirbat saýlanýar. Şundan soň MHRP köne dolandyryş ülňülerinden ýuz öwürip ugraýar. 1990-njy ýylyň tomsunda goşundaky içeri işler guramasyndaky partiýa guramalary ýatyrylýar. Ähli syýasy güýçleriň gatnaşmagynda Halk Huralynyň ýanynda maslahatçy geňeş hem döredilýär. 1990-njy ýylyň iýul aýyndaky saýlawlarda sesleriň 80 % MHRP alýar. Şeýlelikde Mongoliýa ösüşiň demokratik ýoluna düşýär. 1992-nji ýylyň Ýanwar aýýnyň 13-ne täze konstitusiýa kabul edilýär. Täze Gerb kabul edilýär. Ýurt Mongoliýa diýilip atlandyrylyp (Mongol Ulus), prezidentlige G.Oçirbat saýlanýar.

Mongoliýa RF, ABŞ, Ýaponiýa, Angliýa, Awstraliýa, GFR we Hytaý bilen gowy gatnaşyklary saklaýar. Mongoliýada mallaryň baş sany 23 mln, ýylda 800 müň tonna däne öndürilýär.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrlarynda Mongoliýada agyr kynçylyklar bolup geçýär. Ýurtda 50 müňden gowrak işsiz bar.

1996-1997-nji ýyllaryň mejlise we prezidentlige saýlawlarda demokratik ösüşleriň tarapdary N.Babagandi üstün çykýar we ol häzir mongoliýanyň prezidentidir.

## Indoneziýa 1918-1945-nji ýyllarda.

Indoneziýa häzirki zaman taryhyna geçilýän döwürde iri kapitalistik döwletleriň agrar-çigmal baknasy, senagat harytlarynyň satylýan bazary, arzan işçi güýjüniň ýerleşýän ýeri we maýa goýumlarynyň goýulýan ýeri bolup hyzmat edipdir. Bu bolsa ýurduň ykdysadyýetiň bir taraplaýyn ösmegine getiripdir: dag-magdan senagatyndan başga agyr senagaty bolmandyr, ýöne giňişleýin ösen ýeňil senagaty hem bolmandyr.

Kiçijik Gollandiýanyň kapitalistleri Indoneziýada kynlyk bilen saklanypdyrlar. Sebäbi uly kolonial ýurtlary, şol sanda Indoneziýany dolandyrmaga onuň gurby çatmandyr. Şopnuň üçin hem kepitalistik döeletlere esasan hem Angliýa, bu ýere aralaşmagyna ýol bermäge mejbur bolupdyr. Soňabaka Indoneziýanyň ykdysadyýetine ABŞ bilen Ýaponiýa hem aralaşyp ugraýar.

Uruşdan son Indoneziýanyň esasy eksport önümi bolan nebite, galaýa, kauçuga, ganda, temmäkä, çaýa we kofä isleg artypdyr. Bahalaryň artmagy daşary ýurt monopoliýalaryna ummasyz girdeji beripdir. 1937-nji ýyla çenli kapitalistik döwletleriň Indoneziýanyň ykdysadyýetine goýan goýumlary 2 mlrd. 264 mln. dollardan hem agypdyr. Şol goýumlaryň ýarysy bolsa gollandlara degişli bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde içki bazary üpjin etmek, çig malyň başky işlenilişi we oba-hojalyk önümlerini satmak esasan hytaý kapitalynyň elinde bolupdyr. Bu bolsa milli buržuaziýanyň kemala gelýän ýaňky pudaklaryna indoneziýalylaryň özlerini goýbermändir. Şol sebäpden hem Indoneziýada iri milli buržuaziýa bolmandyr diýen ýaly. Diňe käbir senetçilik pudaklarynda orta we ownuk

buržuaz gatlaklary bolup, olaryň hem kärhanalary manufakturalaryň derejesinden ýokary geçmändir. Ýöne bu ýrde-de güýçli hytaý kapitaly indoneziýaly işewürlere ýol bermändir. Muny şeýle sanlar hem tassyklaýar ýagny, XX asyryň 40-njy ýyllarynyň başlaryna çenli ýerli maýa goýumlarynyň 150 mln. dollary hytaýlylara we 15 mln. bolsa indoneziýaly işewürlere degişli bolupdyr.

Indoneziýanyň milli buržuaziýasynyň kemala geliş aýratynlyklary gollandlara olary öz bähbitleri üçin ullanmak mümkinçiliklerini azaldypdyr. Bu bolsa bütin indonez jemgyýetiniň bütewi bir front bolup, gollandlara garşy göreşmeklerien getiripdir. Şeýlelikde, Indoneziýada azat edijilik hereketine esasn orta we ownuk buržuaz gatlaklary we intelligensiýa ýolbaşçylyk edipdir.

Ýawa adasynda gollandlar ýerli iri ýer eýelerini mülklerinden mahrum edip, olary gullukçylara öwrüpdirler, beýleki adalarda bolsa öz ýerlerini saklamak we gollandlardan uly pul summalaryny almak bilen olaryň gözegçiliginde galypdyrlar. Şeýlelikde XX asyryň ikinji on ýyllygynyň ahyrlaryna çenli feodal milletçiligi öz möwrütini ötüripdir.

Indonez intelligensiýasy esasan gullukçy aristokratlardan gelip çykypdyrlar. Ýewropa bilimini almak bilen olar döwlet apparatynyň orta we aşaky zwenalarynda işläpdirlar. Ýöne kolonial administrasiýada wakansiýalaryň ýetmezçiligini ownuk emeldarlaryna, söwdagärlerine, din işgärlerine, inteligentlerine döwlet apparatynda işlemäge mümkinçilik bermäbdir. Şonuň üçin hem olaryň arasyndan ähli syýasy partiýalaryň liderleri döräpdir.

Şol döwürleriň esasy milli, syýasy guýçleri bolan “Budi Utoma” (Beýik maksat) (1908) ilkinji gezek indoneziýalylaryň we ýewropalylaryň deňligi baradaky syýasy talaby öňe sürýär. Şol döwürde azat edijilik hereketiniň dürli akymlaryny özünde birleşýän antiimperialistik blok bolan “Sarekat yslamyň”

(yslam soýuzy) 2 mln.-dan gowrak azgasy bolupdyr. Ilatyň 90% yslama uýmagy olary birleşdirmäge mümkinçilik beripdir.

Indoneziýada 1914-nji ýylda golland sosial demokratlary tarapyndan döredilen hindi sosial demokratik birleşmesi hem belli bir işleri alyp barypdyr. Şu gurama hem sarekat yslama giripdir.

1920-nji ýylda şol sosial demokratik birleşik özüni IKP diýip atlandyrýar we komiterne girýär. Onuň başlyklary Semaun, Alimin, Darsona, Musso we beýlekiler bolupdyr.

1921-nji ýylda Sarekat islam syýasy partiýa öwrülýär. (Öň blokda) we özbaşdak çlenlige girýär. IKP çykýar. Serakat Islama girmedik ýerli bölümler, özlerini Sarekat Rakýat (halk soýuzy)diýip atlandyrýarlar. (1923)

Golland häkimiýetleri hem yslamdan gorkup IKP-nyň işine birbada ýol beripdirler. Şonuň bilen bir hatarda olar indonez jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň öz taraplaryna jan edipdirler. Baryp 1913-nji ýylda şu maksatlar üçin olar Halk Sowetini (folksraad) ýa-da oýnatgy parlamenti döredipdirler. Ol diňe maslahatçy maksatlar üçin döredilipdir. Halk Sowetindäkileriň köpçüligi gollandlar bolupdyr. Ýöne iIndoneziýanyň tanymal adamlary giripdirler. Ol häkimiýetleriň işlerini tankyt edipdirlar.

Ýöbe eýsem 1923-nji ýyldan soň başlap Indoneziýada jedeller güýçlenip ugraýar. Profsoýuzlar iş taşlaýyşy başlaýarlar. Transportçylar profsoýuzynyň başlygy Semaun (ol KPI-niň başlygy bolan) tussag edilýär. Muňa joap edip demir ýolçular iş taşlaýarlar. Polisiýa bilen çaknyşyk bolýar. 140 profsoýuz ýolbaşçylary tussag edilýär. 10 müň işçi işden kowulýar.

Häkimiýetler tussag etmeklige düşünýär. Iş taşlaýyşlar, ýygnaklar, metjitler gadagan edilýär. KPI-niň Sareakat Islamyň ýolbaşçylygyndakylary tussag edilýär.

Häkimiýetlere garşy IKP Rakýat (Halk soýuzy) gozgalaň turuzmaga taýýarlanýar. KPI-de 3 müň. çlen SR –de bolsa 30 müňe çenli çlen bolupdyr.

Gozgalaň 1926-njy ýylyň noýabr aýynyň 12-ne 13-ne bellenýär. Ýöne onuň öň ýany polisiýa köp ýolbaşçylary tussag edýär.

Ýöne gozgalaňa başlnaýan wagtynda, ýöne üstünlik gazanyp bilmeýärler. 1927-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne Günbatar Sumabrada-da gozgalaň bolýar. Basylyp ýatyrylýar.

200 rewolyusion jezalandyrylyp öldürilýär. 4,5 müň türmä basylýar. Köpüsi ömürlik sürgün edilýär. Semaun, Muso we başgalar. Emigrasiýa gidýärler. IKP gadagan edilýär. Çepçi profusaýuzlar ýatyrylýar.

Ýöne gollandlar egilişik edýärler. Agyr jan başyna salgyt ýatyrylýar, indoneziýalylaryň wekilçiligigi artyrylýar. Halk sowetiniň hukuklary güýjeýär. Genral gubernator milletçi soýuzlary yzarlamazlyga söz beripdirler.

Şol milletçi soýuzlar 1924-nji ýyldan başlap “ylmy barlag klublary” görnüşinde ýüze çykyp ugrapdyrlar. Has hem Bandung kluby güýçli bolup, ol 1926-njy ýylda döreýär we öňa ýaş intener sukarta ýolbaşçylyk edipdir.

1927-nji ýylda onuň ornuna Sukarto Indoneziýanyň milli partiýasyny döredýär we ýurda özbaşdaklyk berilmegi ugrunda çykyş edip ygraýar. Göredşiň serişdesi hökmünde halkyň birleşmegi, köpçilikleýin çykyşlar. Kolonial apparat bilen hyzmatdaşlyk etmezlik bolupdyr. Muňa käbir IKP çlenleri hem giripdir. Partiýanyň çlenleri esasan işçilerden, daýhanlardan, ownuk söwdegärlerden, ybarat oňa ownuk Buržuaz inteligentler dolndyrypdyr.

Sukorto tarapyndan işlenip düzülen marhenizim (ýönekeý adamyň ideologiýasy) özünde Sunýaseniň halkçylygy, Gandiniň boýun egmezlik syýasaty Indaneziýanyň milli partiýasynyň teoretiki esasyny düzüpdir. Bu partiýany aýýallar we ýaşlar saýuzlary hem goldapdyr.

IHP-siniň insetiwasy bilen 1921-nji ýylda syýasy partiýalaryň fedarasiýasy döredilýär. Muňa Sutomonyň ýolbaşçylygyndaky Suroboýanyň milli reformastik ylmy barlag kluby hem giryär. Burederasiýada dünýewi paralelleriň köplük edýändigi üçin Sarikat Yslam federatsiýadan çykýar.

Häkimýetler çäre görüp ugroýarlar. IHP-nyň liderleri, şol sanda Sukarto hem tussag edilýär. Sebäbi olary "kanuny häkimýe zor bilen agdarmaga synanşykda " aýyplapadyrlar. Şol sebäpden hem partiýanyň täze ýolbaşçy Sortano IHP-ny ýatyrýar we 1931-nji ýylyň aprel aýynyň 29-na Indaneziýanyň partiýasy diýip atlandyrylýar. Şol ýylyň başynda Surabaýa kluby hem özüni "Indaneziýa milletiniň bütewiligi " diýip atlandyrýar.

Indaneziýada krizis uzaga çekýär. Ýagny 1936-37-nji ýyllara çenli soň hem ykdysady durgunlulyk başlaýar. Krizis uly zyýan berýär. Kauçuga, dürlu oba hojalyk önümlerine, şeýle hem galaýa nebite we ganda islegiň azalmagy önümçiligiň peselmegine we satuw kwotasyna girizilmagine getirýär. Eksport 59% çenli aşak düşýär, bergiler artýar krizis döwründe salgytlar 70-80% artýar, sosial sfera göýberilýän serişdeler iki esse azalýar. Aýlyklar azalýar, işsizlik artýar. Aýlyklar azalýar. Işsizlik artýar. Ýurduň 98% tutýan ýerli ilaty ýurdyň girdeýjisiniň 20% berilipdir, ilatyň 2% tutýan Hytaýlar, Hindiler, Araplar 20% alypdyrlar, ilatyň 0,5% tutýan Ýewropallar bolsa 10% alypdyrlar.

Antiimperialistik hereketler ýenede güýçlenýär. Türmeden çykyp Suparto Partindo ýolbaşçylyk edip ugraýar. Pariýanyň çlenleriň sany 20 müňe ýetýär.

1933-nji ýylyň awgust aýynyň 1-na Suparto täzeden tussag edilýär.

1935-39-njy ýyllarda Indaneziýanyň ykdysadyýetinde ösüşler başlarýar. Inwestisiýalar oba hojalygyndan dag-magdan senagatyna geçip ugroýar. Stragetiki harytlaryň bahasy ýokarlanýar. Uly döwletler uruşa taýarlanýarlar. 1939-njy ýylda

Indaneziýanyň paýyna dünýäde öndürilýän kauçugyň 37%, galaýynyň 17%, nebitiň 3% düşüpdir. Indanez kauçugynyň nebitiniň, galaýsynyň 80% ABŞ-a iberilipdir. Ýaponiýa köp kapital goýmasa-da indaneziýa öz harytlaryny köp daşapdyr we ol indanez imporitiniň 38% tutup, birikmelere eýeleýär. Gollandlar olara päsgel beripdirler, her edip hesip edip ýapon ykdysady ekpansiýasynyň öňüni almaga çalyşypdyrlar.

1940-nji ýylyň Maý aýynyň 10-na Golandiýa, Germaniýa tarapyndan akkupirlenýär. Korelewa we hökümet Londona gidýär.

Munda Ýaponlar peýdalanýarlar. Ýogsam Indoneziýanyň general-gubernatory Metropoliýanyň gidenligi sebäpli ähli häkimýeti öz elinede alýar.

1942-nji ýylyň Ýanwar aýynda Ýaponlar ýeňillik bilen Indoneziýanyň nebitli raýonlaryny eýeleýärler. Iňlis-golland gösnlaryny yeňip olar Ýawa we Sumatri hem desant düşürýärler. Soň Janaritany eýeläp goland häkimiýetlerini kontribusiýa mejbur edýärler.

Ýaponlar Sukartony we başgalar öz tarapyndan döredilen gurmalara girselerde gizlinlik bilen antiýapon güýçler bilen aragatnaşyk saklapdyrlar.

1945-nji ýylyň maý aýynyň 1-de ýaponlar "Garaşsyzlyga taýynlyk baradaky ylmy-barlag komitetini döretmäge meşgul bolýarlar, şonda gelejekki indonez döwletiniň konstitusiýa taýýarlanypdyr. Komitetiň 1945-nji ýylyň iýun aýynyň 1-indäki sesýasynda Supario " pança sila"- bäş ýörelge yglanedýär.

1.Milletçilik-özbaşdak özbaşdaklyk

2. Demokratikýa hukuk-azatlyk, saýlaw

3. Sosial abadançylyk

4. Internosianalizim ähli halklar bilen deň gatnaşyklar

5 Bir hudaýa ynanmak yslam beýleki dinler bilen deň, dini ynançda deňlik

**Indoneziýa 1945-2009-njy ýyllarda.**

1945-nji ýylyň awgust aýynyň çenli tapadan düşen ýapon okulantlary Indaneziýanyň eýýäm dolandyryp bilmeýärler, öňki kolanizatorlar bolsa heniz dolanmandy.

Şonuň üçin hem 1945-nji ýylyň awgust aýynyň 17-ne Indaneziýanyň garaşsyzlygy jar edilýär. Konstitusiýa kabul edilýär. Ýürt unitor resminama diýilip yglan edilýär. Awgust aýynyň 29-na Parlamentiň funksiýasyny ýerine ýetirýän Indaneziýanyň merkezi mili komiteti döredilýär. Onuň wekilleri prezidentiň tarapyndan bellenilip, olar partiýalaryň we guramalaryň çlenleri bolupdyrlar. Sentýabr aýynyň 4-ne ministrler kabineti döredilip oňa prezident ýolbaşçylyk edipdir.

Ýurtda syýasy durmuş janlanyp ugraýar. 1945-nji ýylyň oktýabr aýynda KP podpolýeden çykýar. Işçiler we Sosialistik partiýalary hereketini güýçlendirýär. Indoneziýanyň halk partiýasy hem işe başlaýar. Noýabr-Dekabr aýlarynda Maşumi partiýasy (Indanez musulmanlarynyň konsultatiw söwleti), hristian, kotolik partiýalary döreýär.

Netijede Indaneziýa ösüşiň kapitalistk ýoluna düşýär. Häkimýet milli buržuaziýanyň eline geçýär. Ýöne olar ownuk buržuaz rewelision Demokratlar we aşaky gatlaklar bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edipdirler.

Wýetnamda bolşy ýaly 1945-nji ýylyň sentýabr aýynda bu ýerede Ýapon goşunlaryny ýaragszylandyrmak üçin Iňlis goşunlary düşürilýär (Ýawada) tiz wagtda Golland koloniýal häkimýetler hem gelýär. Iňlis golland goşunlary Ýawanyň esasy administratiw merkezlerini eýeleýärler. Kemala gelip ugran Indanez goşunlary garşylyk görkezip ugraýarlar Indaneziýany dünýä jemgiýetçiligi hem golapdyr. Şonuň üçin hem 1946-njy ýylyň noýabr aýynda Iňlisler goşunyny çykarýarlar. Gollandlar hem gepleşik gecirmäge mejbur bolýarlar. 1947-nji ýylýň mart aýynyň 25-ne olar ylaşyk baglaşýarlar we Indanez respublikasyny defakdo tagtdan ykrar

edýärler ýöne onuň häkimýeti Ýawada, Sumatrada we Madurada ykrar edilipdir. Gollandlar Indoneziýanyň federatiw respublika görnüşinde ykrar edýärler. Netijde Indoneziýada birnäçe awtonom knýazlyklar bolupdyr. Indoneziýa hem öz gezeginde daşary ýurtlaryň hukuklaryny we emlägini eldegirmesiz diýip ykrar edipdir.

Gollandlar Inaneziýanyň teritoriýasynda Sumatrada-da, Madurada-da şeýle hem Gündogar Indoneziýada birnäçe ownuk döwletlerem döredipdirler. Ýagny olaryň birleşmegini kynlaşdyrypdyrlar “agzyny alartda, höküm sür”. Gollandlar kolonial goşunyň sanynam artdyrypdyrlar. Ol 1847-nji ýylyň ortalaryna çenli 120 müň adama ýetiripdir.

1947-nji ýylyň iýul aýynyň 20-ne Golland goşunlary tertip-düzgüni goýmak -maksady bilen urşa başlaýarlar.Ýurt garşylyk görkezýär. 1947-nji ýylyň awgust aýynda Indonez meselesi BMG-de seredilenden soň bu ýere “hökümetli hyzmatlar komissiýasy” (Belgiýa, Awstraliýa, ABŞ-nyň wekillerinden) iberilýär.

Şonuň işi netijesinde 1948-nji ýylyň ýanwar aýynda ylalaşyk baglaşylýa. Indi Gollandiýa täsiri güýçlenýär. Indoneziýanyň häkimiýeti indi Ýawanyň merkezi böleginde, Sumatranyň käbir ýerlerinde galypdypdyr.

Şol döwürler Indonez hökümetine çepçe Emir Şarufutdin ýolbaşçylyk edipdir. Onuň hökümeti 7 sagatlyk iş günini ýyllyk zähmet rugsady girizilýär, daýhanlara taşlanan ýerler paýlanypdyr, daýhanlara döwlet kredit berýär we başgalar.

Ýöne Şarifetdiniň hökümeti otstawka gidýär. Hökümete wise-prezident Hatta gelýär.

1948-nji ýylyň sentýabr aýynda Gündogar Mada goşunyň içinde özara uruş bolýar. Şunuň üçin Hattanyň hökümeti komunistleri günäkärleýärler we müňlerçe kommunistler öldürilýär. Şol sanda gensek SK, KPN, Musso, Şarifutdin

Mundan gollandlar peýdalanyp 1948-nji ýylyň dekabr aýynyň 18-ne söweş hereketlerine başlaýar. Paýtagt eýelenýär.

Sukarno (prezident tussag edilýär). Ýöne goşuny doly boýun egdirmek başartmaýar. Şol sebäpden ýene-de gepleşikler başlaýar.

1949-njy ýylyň awgust aýynda Gaagada konferensiýa başlaýar. Oňa Golland, Indoneziýa we oýnatgy döwletler gatnaşýar. Şonuň netijesinde 1949-njy ýylyň noýabr aýynyň 2-ne Indoneziýanyň birleşen ştatlary (IBŞ) döredilýär. Oňa Indoneziýa we 6 sany döwlet girýär. Indoneziýa 4,5 mlrd. guldan tölemeli, Gollandiýa harby kontrollygy alýar, Indonez Golland-Indonez soýuzyna girýär. Günbatar Irianyň Indoneziýa girizilmegi yza çekilýär.

Emma bu ýagdaý uzaga çekmeýär. Federal gurluşdan nägile bolýarlar. Indonez goşunlary ýurtdaky beýleki döwletleriň çykyşlaryny basyp ýatyrýar we 1950-nji ýylyň awgust aýynyň 17-ne Indoneziýa unitar döwlet yglan edilýär.

Täze unitar respublikasynyň premýer ministri Maşuliniň lideri Natsyr bolýar. Ol Günbatara ýykgyn edýär. Ýöne 1951-nji ýylyň mart aýynda Natsir otstawka gidip, ornuna ýene-de Maşumili Sukiman gelýär. 1952-nji ýylyň fewral aýynda Suniman hem otstawka gidýär, Şunda Maşumi partiýasy bölünip ondan Nahdatul Ulama (musulman Ulamalarynyň soýuzy) bölünýär. Maşuliniň ornuna milli partiýa Wilononyň ýolbaşçylygynda hökümete gelýär. Ol ýurduň jemgyýetçilik durmuşyny demokratlaşdyrypdyr. Garaşsyz daşary syýasat ýöretmäge jan edipdir. Golland harby missiýasy ýatyrylýar. Ýawa banky millileşdirilýär, gollandlara degişli känler alynýar.

1953-nji ýylyň awgust aýynda Wilonyň ornuna milli partiýanyň wekili Aly Sostroaminjoýo gelýär.

Täze hökümet 1954-nji ýylda Gollandiýa bilen soýuz gatnaşyklary kesýär. Köp ýurtlar bilen gatnaşyklar ýola goýulýar. 1954-nji ýylda SSSR bilen degişli gatnaşyklary ýola goýýar. Bu hökümet örän köp işler edýär. Aragatnaşyk serişdeleri, transport, kommunal hojalyk kärhanalary milleşdirilýär, daşary ýurtlara degişli ýerler konfiskasiýa

edilýär, daýhanlara plantansiýalaryň içindäki ýerleri galypdyrlar. Bu çäreleri çepçi partiýalar, KP (500 müň çepçi bar) goldaýar.

1955-nji ýylyň iýul aýynda Sostroaminjoýo hökümeti otstawka gidip ornuna Burhaneddin Harahanyň (Maşumin) hökümeti gelýär.

1955-nji ýylyň sentýabr aýynda ilkinji gezek parlament saýlawlary bolup, iň köp sesi milli partiýa alýar, KPD köp ýer alýar.

Parlament 1956-njy ýylyň mart aýynda açylýar. Şonda hökümet düzülip, ýene-de Aly Sostroaminjoýo gelýär. Ýene-de uly işler edip ugraýar. Garaşsyzlygy berkidýär. Gaaga konferensiýasynyň kararlary ýatyrylýar. Gollandiýa 4,5 müň bergisem ýatyrylýar. Demokratik Sumatrodaky nebit promyselleri millileşdirilýär. SSSR, sosialistik ýurtlar bilen gatnaşyklar gowulaşýar. 1956-njy ýylda Sukrto SSSR-e gelýär.

1956-njy ýylyň ýanwar aýynda Sulowesi we Sumatrada ofiserleriň topalaňlary bolýar, ýagny ýurduň hemme ýeriniň deň ösmeginden nägile bolup, olary Maşumi we sagçy sosialistik partiýa goldaýra. Ýöne Sukarto ony basyp ýatyrmak başrdayar.

Şol döwürde Sukarno “dolandyrylýan demokratiýa” ýörelgesine geçmäge mejbur bolýar. Onuň esasy mazmuny ýerine ýetiriji häkimiýetiň (Prezidentiň) abraýy we hukuklaryny giňeltmekde artdyrmakda 1957-nji ýylýň mart aýynda ýurtda adatdan daşary ýagdaý girizilýär. Aprel aýynda parlamentden daşary hökümet düzülip onuň başyna partiýa däl Juanda bellenilýär.

1959-njy ýylda Sukarno uçreditel ýygnagy ýatyrýar. 1945-nji ýylda konstitusiýa girizilýär. (1949-njy ýylda bäri wagtlaýyn konstitusiýa hereket edýär.) Şol konstitusiýa boýunça parlamente wekilleri prezident belleýärdi. Ýene-de şeýle bolýar. KP, Milli partiýa, goşun, profsoýuz, daýhanlar, aýallar, ýaşlar guramalaryndan wekiller parlamente bellenilýär.

1960-njy ýýlda prezidentiň karary bilen Maşumi çepçi sosialistik partiýasy ýatyrylýar. Sebäbi olar günbatarçy bolýarlar. Topalaňlary gollanlar, esasan hem olar anarhistler.

Şol ýyl prezidentiň ýolbaşçylygynda milli front döredilip, onuň programmasy, Sukarto tarapyndan 1959-njy ýylyň awgust aýynyň 17-ne jar edilýär. Syýasy manifest dokumenti bolýar. Şonda 5 ýörelge: 1. 1945-nji ýylyň konstitusiýasy;2. Indoneziýa sosializmi;3. Indoneziýanyň özboluşlylygy; 4. Ugrukdyrýan demokratiýa;5. Ugrukdyrylýan ykdysadyýet.

1959-njy ýýldan başlap Günabatar Eýranyň Indoneziýa bilen birleşmek meselesi çylşyrymlaşýar. Gollandlar bu ýerde goşunlaryny köpeldýärler. 1961-1962-nji ýyllarda Indoneziýa bilen Gollandiýanyň arasynda Günbatar Eýranyň üstünde düşünşmezlik bolýar. SSSR Indoneziýany goldaýar. Golland Indoneziya gepleşikleri başlaýar. 1962-nji ýylyň awgust aýynyň 15-ne Nýu-Ýorkda ylalaşyga gol çekilip, Oktýabr aýynyň 1-ne Günbatar Eýran BMG-niň dolandyrýan dolnadyrylyşyna berilýär, 1963-nji ýylyň mart aýynyň 1-ne Günbatar Eýran Indoneziýa bilen birleşýär.

1962-1963-nji ýyllarda Indoneziýa özarasynda döräp ugran (1963-nji ýylda döreýär) Malaýziýa federasiýasyna garşy duşmançylykly syýasat ýöredýär. Sebäbi ol ýerde iňlisler hojaýynçylyk edipdi. Indi şol federasiýa dörese, ol Indoneziýa garşy duşmançylykly syýast ýöreder öýdüp gorkýar.

1965-nji ýylyň ýanwar aýynda Malaýziýanyň BMG-niň howsuzlyk sowetiniň hemişlelik däl çlenligine saýlanmagyndan nägile bolup BMG-den çykýar. Onuň ýerine Maoçy Hytaý bilen syýasy taýdan golaýlaşyp ugraýar.

Malaýziýa garşy hereket ýurda gönerýär, izolýasiýa salýar. Içki ýagdaý ýaramazlaşýar. Syýasy krizis tutaşýar.

1965-nji ýylda yurtda döwlet agdarlyşygy geçirmäge taýýarlyk görýän “generallar soweti” hakynda myş ýaýraýar. Şol sebäplerden hem oktýabr aýynyň 1-na prezidet goragynyň ýaş ofiserleri birnäçe çinli generallary tussag edýärler we

atýarlar, ýagny Sukartony agdarmakda günäkärläp. Ofserler hökümetiniň ýatyrylýandygyny we ony öz ellerine laýandyklaryny yglan edýärler. Bu çykyşlar “30-njy ýylyň sentýabr aýynda hereketi” diýilip atlandyryly, ony KP goldaýar. Emma Indoneziýanyň gury ýer goşunlarynyň srategiki rezerwiniň komanduýuşisi general Sparto ýeňilmek bilen “30-njy sentýabr hereketlerini” dargadýar. KP-dan öç alýar. Gensek Aýdit öldürilýär. Sukarto özüniň çepçi dünýägaraýşyndan dänmeýär, antikomunistik hereketi goldamaýar. Ýöne tertip düzgüni ýola goýmak üçin hereket hem etmeýär. 1966-njy ýylyň mart aýynyň 11-ne Suharno häkimýeti general Sukarto tabşyrýar. 1967-nji ýylda bolsa prezidentliginden hem mahrum edilýär.

Sukarto döwründe berk tertip düzgünler girizilýär. Köp müň komunist öldürilýär.

Ýöne ykdysadyýet janlanyp ugroýar.

1967-nji ýylda onuň gatnaşmagynda ASEAN döredilýär.

Parlament halk wekilleriniň soweti prezident olary belleýär. Üç partiýa legal hereket edýär. 1973-nji ýylda musulman partiýalary birleşip 1.Bütewiligiň we ösüşiň partiýasy, 2. Indoneziýanyň demokratik partiýasy, 3. Funksional toparlaryň guramasy (Golnar) profesional, jemgiýetçilik koperatiw guramalaryň birleşigi.

2,7 mln. t. balyk, 25 mln.$m^3$, 1,2 mln. kauçuk öndürýär.70 mln.t. nebit, 1,7 mln. daş kömür, boksit 650 müň 1,3 mln. t. nebiti gaýtadan işlejek maşyn ýygnamak somolýot ýygnamak (başga ýerden getirmek) gämi remont, sement öndürmek ilaty 180 mln.

1997-nji ýylyň krizisi Indoneziýanyň ykdysadyýetine uly zyyýan ýetirýär. Ýurduň milli pulunyň hümmeti 6 esse peselýär. Daşary ýurt bergileri 117 mlrd. dollara ýetip Braziliýadan we Meksikadan soň dünýäde 3 orna geçýär.

Ýurtda syýasy krizis hem güýjeýär. Şunuň netijesinde 1998-nji ýylyň maý aýynda genral Suharto iş başyndan gitmäge

mejbur bolýar. 1999-njy ýylyň saýlawlarynda Suhartonyň syýasatyndan nägile güýçler Sukarnonyň gyzy Megawatiý Sukarnoputranyň daşyna jemlenýärler. Ýöne saýlawlarda ol ikinji ýeri eýeläp, ýurduň prezidenti harbyleryň dikmesi A.Wahit bolýar.

Häzirki döwürde Indoneziýanyň prezidenti Sukrnoputro bolup hökümet ýurdy ykdysady krizisden alyp çykmak üçin uly işleri alyp barýar.

## Pakistan 1945-2009-njy ýyllarda

Pakistan döwleti 1947-nji ýylyň awgust aýynyň 14-ne ýüze çykýar. Ol iki bölekden biri Pakistanyň häzirki territoriýasy, beýlekisi häzirki Bangladeş. Dörän döwri ilat 70 mln. adam, 1971-nji ýylda – 130 mln. ýetýýär. Ýöne 1971-nji ýylda Bangaleşiň aýrylmagy bilen-65 mln.-1977-nji ýylda bolsa 73 mln. ýetýär.

Kolonial geçmişden Pakistana agyr miras galýar. Ykdysadyýet pes bolupdyr. Onuň esasyny oba-hojalyk düzüpdir. Senagat kärhanalary esasan çig maly almak we işlemek bilen bagly kärhanalar bolupdyr.

Ýurdyň ykdysadyýetinde iňlis kapitalynyň täsiri güýçli bolupdyr. Oňa çaý plantasiýalary, duz känleri, kömür känleri we nebit promiselleri, şeýle hem iňlis firmalary we banklary ýurduň söwdasyny we maliýe dolandyryşygyny kontrollyga alypdyrlar.

Ilatyň ýaşaýyş derejesi-de pes bolupdyr. Ýurtda gyzdyrma, garahassalyk, iňce kesel höküm sürüpdir. Ilatyň 13 % sowadyu bolupdyr. 1947-1958-nji ýyllarda Pakistany dolandyran musulman Ligasy, onuň hökümetiniň baştutany Jinna nähilidir bir reformalary amala aşyryp bilmändir.

Jinnanyň dolandyran ýyllarynda ýurduň ykdysadyýetiniň esasy meselesi agrar problema bolaupdyr.

Sebäbi ýurduň esasy ýer fondy iri ýer eýeleriniň elinde bolupdyr. Ony daýhanlar köplügini kärendesine alanlar we 60-70 % hasyl kärende salgydy hökmünde tölenen. Üstesine-de ýurduň gyrak çetliginde – begar (barşinada) bolupdyr.

Şonuň üçin hem 1950-1952-nji ýyllarda hökümet agrar reformasy barada kanun kabul edýär. Kanun boýunça uly ýerler çäklendirilmäge we satyn alynmaga degişli edilipdir. Gündogar Pakistanda iri ýer eýeçiligine degilmändir-de, kärende salgytlary peseldilipdir, begar ýatyrylypdyr.

Syýasy ýagdaýy durnuksyz.

1948-52-de ýurduň premýeri Lianat Alihan.

1952-53 Hoja Nazimutdin.

1953-55 Muhammet Aly.

1955-56 Çaudri.

1956-57 bengallar gelýär. X-Ş.Suhrawerdi

1957-58 respublikan partiýa M.F.Nun.

1959 oktýabr 8. Pereworot Aýub han

1969 mart 25 1969 Aga Muhammet Ýahýa han.

Pakistanda belli bir derejede milli meselede bolupdyr. Gündogaryň esasy ilaty bengallar, Günbataryňky penjaplylar, sindhiler, buluçlar we puşbunlar bolupdyr. Hökümet uzak ýyllaryň dowamynda urdu dilini döwlet dili hökmünde girizmäge (onda 3% ilat geplän). Muňa nägile bolupdyrlar. Häzir hem ol dowlet dili ýöne resmi däl. Pakistanda bengallar kän bir hukukdan peýdalanyp bilmändirler. Nägile, wezipeler az berilýär. Ýöne 1954-nji ýylda bengaly Pakistanyň döwlet dilleriniň biri hökmünde ykrar edilipdir. 1955-nji ýylyň oktýabr aýynda ýurtda diňe iki administratiw birlik günbatar we gündogar Pakistan (Betaniýa) ykrar edilýär. Öň günbatar Pakistan (Penjab, Sind, Buližistan we demirgazyk günbatar welaýat bölünýär) buda nägilelik döreden. 50-nji ýyldan başlap Pakistan ABŞ kömek berip ugraýar. Azyk, çig mal kömegini şeýle hem geologiki gözlegler, geçijek, ýollary, aeroportlary,

ýurt gurmak üçin serişdeler beripdir. ABŞ Angliýanyň monologiýalary agyr senagat gurmaga-da kömek berýärler. Ýöne gur ilatyň Pakistan üçin az. 1954-nji ýylda SEATO we Bagdat paktyna (1955) girýär.

50-nji ýyllaryň ortalarynda yza galak ýagaý sebäpli içeri syýasy ýagdaý bulaşýar. Musulman Ligasyndan hem dürli toparlar çykypdyrlar. Şolaryň iň täsirlisi 1849-njy ýylda Musulman Ligadan çykan Awali leg (halk ligasy) bolupdyr. Ol Gündogar Pakistanyň bähbidini gora.

1956-njy ýylyň mart aýynda Pakistanyň Konstitusiýasy kabul edilip, ýurt respublika diýip yglan edilýär. Ýagny, Britan milletleriniň arkalaşygyna girýär. Ýurduň resmi ady Pakistan yslam respublikasy.

50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ýurtda oppazision güýçler hem berkeýär. 1957-nji ýylyň iýul aýynda Pakistanyň milli halk partiýasy döreýär. Ownuk oppozision demokratik partiýalar esasynda.

1956-njy ýylda yslamy güýclerem berkemek üçin yslam frontyny döredip, oňa musulman ligadan başga jemagaty yslam, Nyzamy-yslam partiýalary we guramalary girýär. Netijede partiýalary, içeri partiýa görnüşleri ýitileşýär. Netijede 1958-nji ýylda häkimiýete Aýub hanyň baştutanlygynda harbylar gelip Oktýabr aýynyň 27-ne öz üstüne giredejiniň weriýasyny alýar.

Täze hökümet ähli partiýalary jemgyýetçilik guramalary ýatyrýar. Senzura girizýär. Käbir reformalary geçirýär. Jagirdary sistemasy ýatyrylýar. (1959), uly ýerler kemeldilýär. 500 akrdan (1 akr-40 stawka) köp bolmaly däl. Galanlary satylmaly. Kredit berilýär. Hökümet täze ýerleri açýar, irrigasiýa giňeldilýär we başgalar.

Senagata daşary ýurt kapitaly giňden ulanylypdyr. Halk magaryfy, ýurisprudensiýa, maşgala meseleleri demokratiýalaşýar, ýewropalaşýar.

Bular elbetde gowy täsir edýär. Agyr senagat döräp ugraýar. Maşyn gurluşy, metallurgiýa zawodlary nebit-himiýa kärhanalary magaryf we medesina gowulaşýar. Ýöne 60-njy ýyllaryň ahyrlarynda-da Pakistana köp zat, esasan azyk we medikament ýetmändir.

Pakistanda ösüşden diňe uly kapitalistik maşgalalar peýdalanypdyr. 22 baý maşgala ýurduň senagatynyň birden üç we banklaryň üçden dört aktiwine gözegçilik edipdir. (meselem Habibiň, Saýnolyň, Adamjyň, Doddyň, we beýlekileriň monopoliýalary)

1962-nji ýylda mart aýynyň 8-ne harby ýagdaý ýatyrylýar we konstitusiýa kabul edilýär. Bu konstitusiýa prezidente uly hukuk berip, ol Aýup Han bolýar.

Syýasy durmuş hem janlanyp ugraýar. Dolandyryjy partiýa musulman Liga bolup, oňa Aýýub Han ýolbaşçylyk edýär.

Köp ýurtlar bilen gatnaşyklary örän gowy . Hindistan öňküligine galýar. 1965-nji ýylyň ýazynda hindi-pakistan araçäginde söweşlerem bolýar. Awgust aýynda Kaşmir ugrunda harby konflikt bolýar.

1966-njy ýylyň ýanwar aýynda Daşkentde Kosiginiň araçy bolmagynda A.B.Şastri – premýer, Aýub han ýagdaý düzelýär.

60-njy ýylyň soňlarynda ýagdaý ýene-de ýitileşýär. Iş taşlaýyş, demonstrasiýalar başlanýar. Gündogar Pakistanda-da özbaşdaklyk meýli güýçli. Awami Lig (ýolbaşçy Mujubur Rahman) awtonomiýa talap edýär. 1968-69-njy ýylda has güýjeýär. Ýurtdaky ýagdaý ýitileşýär. Şonuň üçin hem 1969-njy ýylyň mart aýynyň 25-ne Aýub Han wezipäni generan Ýahýa Hana berýär (prezident) Harby ýagdaý, parlament ýatyrylýar. Konstitusiýada ýatyrylýar. Ýahýa han döwründe günbatar Pakistanyň öňki welaýatlary dikeldilýär.

1970-nji ýylyň dekabr aýynda saýlawlar bolýar. Şonda Awami Lig köp ses alýar. Milli ýygnakda 160, ýer bolsa 300

bolan. Gündoar Pakistanyň welaýatlarynda bolsa 300 ýeriň 288-sini Awami lig alan.

Günbatar Pakistanda 1967-nji ýylda döredilen Pakistanyň halk partiýasy hem güýçlenýär. Bu partiýa milli ýygnakda 82 ýer alan. Onuň şygary-dinimiz yslam; demokratiýa biziň dolandyryş formamyz; sosializm (yslam) biziň ykdysady sistemamyz.

Saýlawdan soň Awami Lig Gündogar Pakistana regional awtonomiýa talap edýär. Ýahýa han repressiýa bilen jogap berýär. M. Rahman we beýlekiler tussag edilýär. 1971-nji ýylyň mart aýynyň 26-na Awami Lig gadagan edilýär. Emma halk aýaga galýar. Halk resminamasy jar edilýär. Şonuň üstünde Pakistan 1971-nji ýylyň dekabr aýynda Hindistan bilen urşa başlaýar. Bangladeşe Hindistan kömek berýär. Uruşda Pakistan ýeňilýär. 1917-nji ýylyň dekabr aýynyň 16-na . Soň Hindistan bilen Günbatardaky söweşler hem ýatýar.

Bu bolsa Ýahýa hany hökümetden gitmäge mejbur edýär. 1917-nji ýylyň dekabr aýynyň 20-ne Pakistanyň halk partiýasy hökümete gelýär. 1972-nji ýylyň aprel aýynda harby ýagdaý ýatyrylýar. Şu partiýa köp işleri geçirilýär. Daýhanlaryň, işçileriň hukuklaryny goraýar, köp kärhanalary kontrola alýar. Köp tussaglary (syýasy) boşadýar. Ýer eýeçiligi 100% akra çenli (40) kemeldilýär. Ýöne satylýar.

1973-njy ýylyň aprel aýynda täze konstitusiýa kabul edilýär. Awgust aýynyň 14-ne güýje girýär. Prezident Çoudri F.N. premýer, Z.A. Bhutto öň prezidentdi. 1973-1975 ýyllarda ýagdaý kynlaşdy.

1947-da saýlawda Pakistanyň halk partiýasynyň garşysyna Pakistanyň milli alýansy (9 partiýanyň blogy) duran. Ýöne PHP ýeňýär. Ýöne appazisiýa hasap etmeýär. Mundan peýdalanyp 1977-nji ýylyň iýul aýynyň 5-ne general Z.U.Hak agdarylyşyk geçirýär. Bhuta tusgaý edilýär we asylýar. Partiýalar ýatyrylýar. Harby ýagdaý 1981-1987-nji ýyllarda ABŞ Pakistana 3,2 mlr dollar kömek edýär.

1988-nji ýylyň awgust aýynyň 17-ne awiýakatastrofada ölýär. Prezident Gulam Ishakhan. 1988-nji ýyldan soň Päkistanda demokratik düzgünler dikeldilýär.

Pakistanyň halk partiýasynyň lideri Benazir we Musrat Bhuttolar. Häzirki döwürde Pakistanyň ykdysadyýetine 6 sany monopolistik toparlar gözegçilik edýär.

Habibiniň topary 45 sany kompaniýany birikdirip umumy kapitaly 7 mlrd rupiýa; Saýgoly- 28 kompaniýa 6 mlrd, Adamjy-21 kompaniýa 3 mlrd. rupiýa, Dawudy-21 kompaniýa 1,5 mlrd, Şeýh Ysmaýyl 35 kompaniýa 1 mlrd, Fahni 46 kompaniýa 1 mlrd. rupiýa golaý.

XX asyryň ahyrlary Pakistan üçin durnuksyz ýagdaýda geçdi. 1993-nji ýylda ýurduň prezidenti Gulam Ishak han hökümeti dargatdy. 1996-njy ýylda Prezident Serdar Faruk Ahmet Legary parlamenti dargatdy we hökümeti (B.Bhutto) iş başyndan aýyrdy. Hökümete N. Şarif geldi.

1999-njy ýylda Pakistanda harby agdarylyşyk bolup, häzirki döwre çenli ýurdy general Perwez Muşarraf dolandyrýar.

## Wýetnam 1917-1945 ýyllarda.

Wýetnam 1887-nji ýyldan bäri Hindi-hytaý soýuzyna girýär. Ol üç bölekden durup, Tonkin (Bombo), Annam (Trunbo), Kohinhin (Nambo) diýil atlandyrylýar.

Wýetnam XIX asyryň 2-nji ýarymynda Fransiýa tarapyndan eýelenip, 1-nji jahan urşynyň ahyryna çenli Kamojo we Laos bilen birlikde Hindi-hytaý soýuzyna girdi. Hindi-hytaý Fransiýanyň Günorta-Gündogar Aziýadaky koloniýasydy. Fransuz kolonial agalygy döwründe Wýetnam dürli syýasy-administratiw statusly 3 sany “ýurda” bölündi. Merkezi we demokratik Wýetnam fransuz rezidentleriniň ýolbaşçylygynda protektoraty, Günorta Wýetnam bolsa koloniýa hasaplanylyp, ol fransuz gubernatory tarapyndan dolandyrylýardy.

Prezidentler we gubernator öz gezeginde bütin Hindistanyň general-gubernatoryna degişli bolupdyrlar.

Wýetnam monarhiýasy bolan Nguenler dinastiýasy merkezi we demokratik Wýetnamda kolonial häkimiýeti saklap galypdyr.

Wýetnamlaryň hukuk ýagdaýy fransuzlar tarapyndan girizilen “Endi jenat”diýip atlandyrylan tuzemliler üçin kodeksde görkezilipdir. Şu kodeks esasynda wýetnamlylar elementar hukuklardanam kesilipdir: olar ýurduň içinde arkaýyn gezip bilmändirler, olaryň öýleriniň eldegirmesizligi kepillendirilipdir. Howpsuzlyk bahanasy bilen olar islendik wagt barlagsyz-sudsyz tussag edilipdir, türmä basylypdyr. “Endi jenat” kodeksi kolonizatorlaryň öňünde hyzmat görkezen öz az sanly Ystykamlara degişli bolmandyr. Wýetnamlylar diňe bir kolonial administarasiýa däl, eýsem graždan gulluklaryna-da göýberilmändir. Zähmete hak bermekde Wýetnamly emeldar ýa-da spesialistler diskriminasiýa sezewar edilipdir. Fransuz köp alypdyr.

Ýerli milletiň wekilleri gatnaşýan käbir saýlawly guramalr hem bolupdyr. Olardan Günorta Wýetnamda kolonial sowet demokratik Wýetnamdaky welaýat sowetlerini we ýerli konsultatiw palatany görkezmek bolar. Ýöne olar fransuz kolonial administarsiýasynyň ýanynda işläp, olar diňe maslahatçy funksiýany ýerine ýetiripdirler. Edil şeýle funksiýany 20-nji ýyllarda Wýetnam azat edijilik hereketine egilişik hökmünde Merkezi Wýetnamda döredilen ýerli konsultatiw palata we welaýat sowetleri, şeýle hem Hindistanyň ykdysady we maliýe bähbitleriniň Uly soweti hem ýerine ýetirilipdir. Şu maslahatçy edaralaryna saýlawlar örän çäkli saýlawçylaryň gatnaşmagynda geçirilipdir.

XIX asyryň II ýarymyndan fransuz kapitaly tarapyndan başlamasa Wýetnamyň ykdysady kolonizasiýasy 1 jahan urşy döwründe-de dowam edipdir. Ýöne bu döwürde fransuz kapitalynyň Wýetnama akymy biraz peselýär. I jahan urşynyň

ahyryna çenli Hindi-hytaýa göýberilen fransuz inwestisiýalarynyň möçberi 1 mlrd. altyn franka barabar bolupdyr. Fransuz kapitaly minerallary gazyp almakda, işläp bejerýän senagatda berk ornaşýar. Fransuz kapitalynyň oba-hojalygyna aralaşmak prosesi hem dowam edipdir.

20-nji ýyllaryň başlaryndan başlap ykdysady bum döwründe Wýetnam Fransuz inwestisiýalary hes giň ýaýrap ugraýar. Bir wagtky daýhan ýerlerinde çalt depginler bilen kauçuk, kowre we çaý plantasiýalary döreýär. Şeýle hem dag magdan işlerinde we işläp bejeriji pudaklarda fransuzlaryň işewürligi artyp ugraýar. Fransuz kapitalynyň ep-esli bölegi bank işlerine söwda we ulag serişdelerine hem göýberilýär. Şeýlelikde Wýetnam ykdysadyýetiniň köp pudaklary üçin fransuz monopoliýanyň elinde jemlenýär. Olar hem öz gezeginde fransiýanyň kuwwatly maliýe toparlaryna bagly edilýär. Ýagny, Hindi-hytaý banky, Wendeliň topary, Riwo we başgalar. Şeýlelikde 20-nji ýyllarda Wýetnamyň fransuz metopoliýasynyň agrar çig mal baknasyna öwürmeklik prosesi tamamlanýar.

Wýetnamyň halk hojalygynda fransuz kapitalynyň agalyk etmegi ýurduň sosial gurluşyna-da täsir edýär. Eger-de I jahan urşynyň öňi syrasy Hindistanyň işçileriniň sany 50 müňden geçmedik bolsa, ondan 1929-njy ýyla çenli fransuz kärihanalarynda eýýäm 220 müň işçi işläpdir. Daýhanlaryň ýerlerini ellerinden gidirmek prosesi hem dowam edipdir. 20-nji ýyllarda wýetnam daýhanlarynyň ýarpysyndan gowragynyň ýerleri bolmandyr.

I jahan urşy döwründe, aýratynam 20-nji ýyllarda şäherlerde ownuk buržuaz gatlaklarynyň döremek prosesi ýagny söwdagärler, senetçiler şeýle hem milli buržuaziýa hem döräp ugrady. Ýöne ýurtda fransuz kapitalynyň agalyk etmegi milli buržuaziýa ykdysadyýetiň ýokary basgançaklaryna çykmaga mümkinçilik bermedi. Şonuň üçin hem ol ykdysadyýetiň ikinji derejeli pukdaklaryna, ýagny ýag we

sabyn öndürýän, şalyny gaýtadan işleýän, tipografiýa işlerinde içki awtomobil we derýa ýük daşalşynda içerki, esasanam bölek satuw söwdasynda ornaşdy.

Özüniň ykdysady ýagdaýy babatynda gowşandy we san taýdan azdy. Wýetnam buržuaziýasynyň ýokary gatlagyny feodal ýer eýeçiligini we fransuz kapitaly bilen baglanşygy bolan az sanly iri plantatorlar we potartçylar düzýärler.

Ýöne 20-nji ýyllarda kapitalizmiň ýokary depginler bilen ösmegine garamazdan Wýetnamyň ilatynyň 94 % öňküligi ýaly oba-hojalygynda zähmet çekipdirler. Wýetnamly iri ýer eýeleri fransuzlar we katolik buthana ýurduň şaly ekilýän ýerleriniň 60% eýelik edipdir, ýurduň 90% ilatyny düzýän daýhanlar bolsa şaly ekilýän ýerleriň 30%-ne eýelik edipdirler.

Ýerden peýdalanmagyň giň ýaýran formasy kärende bolup, hasylyň 70% çenlisi kärende tölegi hökmünde tabşyrylypdyr. Wýetnam obasyndaky esasy figura kärendeçi – daýhan “ta-diýen” we az ýerli hususyýetçi daýhan bolupdyr.

20-nji ýyllaryň 1-nji ýarymynda Wýetnamda azat edijilik hereket umumymilli we buržuaz-demokratik şygyrlar astynda geçdi.

Şol döwrüň syýasy akymlarynda Fan-baý-Týau-nyň buržuaz demokratik ideýalarynyň täsiri güýçli bolupdyr. Fan-boý-Týau ilkinji Wýetnam rewolýusaner –demokraty bolupdyr. Fan Týu Çin (1872-1926) bu reformist, fransuzlar bilen gatnaşyk etmeli.

20-nji ýyllaryň syýasy hereketinde rewolýusion meýilli ownuk buržuaz ýaşlar işeňňir rol oýnapdyr. Şol ýyllarda Wýetnamda biri-biriniň yzyndan dürli partiýalar we toparlar döräp ugraýar. Olar gazetleri neşir etmek bilen fransuz kolonial režimini tankytlapdyrlar, demokratik aztlyklaryň berilmegini talap edipdirler. Rewolýusion hereketiň çep ganatyny ownuk buržuaz partialar bolan Täze Wýetnamyň partiýasy, ýaşlar partiýasy we başgalar düzüpdir. Wýetnam jemgyýetiniň ýokary gatlaklarynyň wekilleri reformistik pozisiýadan çykyş etmek

bilen, olar 1925-nji ýylda Saýgonda Konstitusion partiýany döredýärler. Olar Wýetnama dominan status berilmegini, wekilçilikli guramalarda wýetnamlylaryň we fransuzlaryň deňligini, demokratik azatlyklary talap edipdirler.

1927-nji ýylda Wýetnamyň syýasy arenasyna, Hytaý gomundan partiýasynyň täsirinde bolan Wýetnamyň milli partiýasy döreýär.

Wýetnama marksizmiň ýaýramagynda Fransuz KP-sy uly rol oýnaýar. FKP metropoliýada ýaşaýan kolonial halklaryň wekilleriniň arasynda uly geçiripdirler. WDR-iň birinji prezidenti Ho Şi Min hem FKP-nyň ilkinji çlenleriniň biri bolupdyr.

1925-nji ýýlda Hytaýda Ho Şi Min tarapyndan – Wýetnam ýaşlarynyň rewolýusion ýoldaşlygy-ilkinji LOMM-i gurama döredilýär. Onuň hataryna Hytaýda ýaşaýan wýetnamly ownuk buržuaz ýaşlar giripdir. Soňra marksizmi propogandirlemäge Täze Wýetnamyň partiýasy hem geçirýär. Emma bu iki partiýanyň arasynda we hersiniň içinde fransion göreş başlaýar we şu ikisiniň ýerine 3 sany kommunistik gurama döreýär we hersi özüni hakyky proletariat partiýasy diýip yglan edipdir.

1930-njy yylyň başlarynda Komenterniň gatyşmagynda kommunistik guramalardaky Fraksionizmi ýeňmek başardýar. 1930-njy ýylyň Fewral aýynda Gonkongda Wýetnamyň kommunistik partiýasy döredilýär. 1930-nji ýylyň ahyrlaryndan bu partiýa Hindi-hytaý KP-sy diýlip atlandyrylyp ugraýar.

1930-31-nji ýyllar Wýetnamda azat edijilik hereketiniň ýokary göterilişi bilen häsiýetlendirilýär. Bu wakalaryň esasy säbäpleri 1929-1933-nji ýyllaryň dünýä ykdysady krizisi bolupdyr. Şol ýyllar kolonial Wýetnamdaky ähli önümçilik pudaklary çuň krizise düşýär. Işçiler köpçülikleýin işden boşadylypdyr, müňlerçe daýhan hojalyklary tutupdyr.

Netijede halk çykyşlary, nägilelikler güýçlenipdir. Ilkinji antifaransuz gozgalaňy. Demirgazyk Wýetnamdaky iýenbaý

garnizony turuzýar. Şeýle gozgalaň Gyzyl derýanyň deltasynda ýerleşýän Fu-tho, Haý-zyoň, Thaý bin welaýatlarynda we Hanaýda bolup geçýär. Bu gozgolaňlar (1924-nji ýylda döredilen) Wýetnamyň milli partiýasy(Wýetnam Kuog, Dan, Daň, ) tarapyndan gurnalypdyr. Emma gozgolaňlar fransuzlar tarapyndan basylyp ýatyrylypdyr. Partiýanyň ýolbaşçylary jezalandyrylyp öldürilýär, partiýa bolsa düýbünden diýen ýaly öz işini bes edýär.

Wetnamdaky syýasy ýagdaý Fransuziýada 1936-njy ýylda Halk frontynyň ýelşi hem koloniýal täsir edýär. Dürli döwürlerde tussag edilen partiýa ýalbaşçylygyna amnistiýa berilýär.

1936-39-njy ýylda Hindistanyň Kompartiýasy Kominteriniň VIII kongresiniň kararyndan ugur alyp faşizimi we uruşa garşy bütewi front döretmek ugrundaky göreşe goşulýar. Şeýle hem Fransiýadaky Halk frontyň Hökümetiniň goldamak üçin wagtlaýynça özbaşdaklyk şygaryny aýyrýar.

1936-njy ýylyň Halk frontunyň hökümeti Hindi-Hytaýyň Kompartiýasy Komenoýeriniň VII kongresiň kararyndan ugur alyp faşizmi we urşa garşy bütewi front döretmek ugrundaky göreşe goşulýar. Şeýle hem Fransiýadaky Halk frontuň hökümetini goldamak üçin waglaýynça özbaşdaklyk şygaryny aýyrýar.

1936-njy ýylda Halk frontda hökümeti Hindistanly işçilariň ýagdaýyny ýeňilleşdirýän birnäçe kararlar kabul edýär. Mysal üçin 1938-nji ýyla çenli iş wagtyny 8 sagada çenli kemeltmek, her hepdede dynç güni, aýallaryň we çagalaryň gijeki işlerde işledilmeginiň gadagan edilmegi we başgalar.

1937-nji ýylda Wýetnamda Demokratik front döredilip, oňa legallaşan guramalr, Fransuz sosialistik partiýasynyň Hindi-hytaý seksiýasy, ownuk-buržuaz reformistleriniň topary şeýle legallaşan dürli jemgyýetçilik guramalary girýärler.

1939-njy ýylda Fransiýada Halk fronty ýeňlenden soň Wýetnamylaryň gazanan ähli zatlary yzyna alynýar.

Fransiýa Germaniýa boýun egdirilenden soň Fransiýanyň kollaborsionistik hökümeti 1940-njy ýylyň sentýabr aýyndan 1941-nji ýylyň Iýul aýyna çenli Ýaponiýa bilen birnäçe ylalaşyklary baglaşýar. Netijede ýaponlar Hindi-Hytaýy urşsuz eýeleýär. Üýtgeşik ýeri ýapon agressiýasy Hindi-hytaýda fransuz kolonial administratiýasynyň saklanyp galmagynda (ta 1945-nji ýylyň mart aýyna çenli Hindi-hytaý Ýaponiýanyň elinde boldy) bolup geçdi.

Uruş ýyllarynda fransuz kolonial administratiýasy Ýaponlara Hindi-hytaýdan ummasyz köp zatlary äkitmäge mümkinçilik berdi. Ýurt talanypdyr. Üstesine-de 1944-1945-nji ýylla sepgidinde bolup geçen tabigy betbagtçylyklar 2 mln. wýetnamlynyň açlykdan ölmegine getiripdir.

1941-nji ýylyň maý aýynda KPKNK-niň karary bilen Wýetnamyň garaşsyzlyk ligasy diýlip atlandyrylan milli azat edijilik fronty (Wýetnam) döredilýär. (Uzyn ady Wýetnam Dok lan Doň min)

Wýetnamyň Ligasy esasan 1941-nji ýyldan başlap ýurduň demokratik gündogarynda daglyk-tokaýlyk raýonlarynda iş alyp barypdyrlar.

1944-nji ýylda Wýetnam ligasyna milli buržuaz partiýasy bolan Dempartiýa, Medeniýet işgärleriniň Watany halas ediş jemgyýeti goşulýar.

1945-nji ýylyň Mart aýynda ýaponlar Wýetnama özbaşdaklyk beren bolýarlar. Imperator Baodaýyň baştutanlygynda Wýetnam hökümetini döredýärler.

## Wýetnam 1945-2009-njy ýyllarda.

1945-nji ýylyň awgust aýyna çenli Wýetnamyň watançy güýçleri Wýet Minyň (Wýetnamyň garaşsyzlyk ligasy) ýolbaşçylygynda ýurduň belli bir territoriýasynda (Wýetnamyň demirgazyk gündogar daglyk, tokaýlyk raýonlary) hereket edipdir.

Sowet goşunlarynyň aktiw hüjümleri Wýet Mina aktiw hereket etmäge mümkinçilik berýär. Hindi-hytaý KP-sy awgust aýynyň 13-15-ne part konferensiýasynda gozgalaň turuzmagy karar edýär. Karar Wýet Mina ligasynyň milli kongresi tarapyndan goldaw tapýar. (awgust aýynyň 16-sy. 1945 ý.) Kongres Wýetnamy azat etmegiň Milli Komitetini döredýär.Başlygy Ho şi Min (1890-1969). Onuň üstüne Wýetnamyň Wagtlaýyn hökümetiniň başlygy wezipesi ýüklenýär.

Wýetnam gozgalaňyna tapdan düşen ýaponlar käbir garşylyk görkezýärler. 1945-nji ýylyň awgust aýynyň 19-na Hakoýda gozgalaň turup, häkimiýeti ele alýarlar. Awgust aýynyň 23-ne imperator Bao Daýyň paýtagty Hýe-de-de gozgalaň turýar Wýet Miniň talapy boýunça Bao Daý tagtdan el çekýär. Awgust aýynyň 25-ne Saýgonda-da häkimiýet Wýet Mine geçýär. 1945-nji ýylyň sentýabr aýynyň 2-ne Wýetnamyň Wagtlaýyn hökümeti Wýetnamyň garaşsyzlygy hakynda deklarasiýany jar edýär we WDR-yň döredilýändigini yglan edýär. Bu ASSAN-da ilkinji işçi daýhan hökümeti.

Emma 1945-nji ýylyň sentýabr aýynda Podstam konferensiýasynyň karary bilen ýapon goşunlaryny ýaragsyzlandyrmak üçin 16 parallelden günorta iňlis goşunlary, demirgazyga bolsa Golinden goşunlary girizýärler. Golinden hytaýparaz syýasat ýöredýär. Angliýa bolsa Fransiýanyň Wýetnamdaky bähbitlerine dikeltmäge kömek edýär. 1945-nji ýylyň mart aýynda ýaponlaryň ýaragsyzlandyran we interpirlän fransuz goşunlaryny täzeden ýaraglandyrýar. 1945-nji ýylyň sentýabr aýynyň 22-23-de şu goşunlary iňlisleriň ýardamy bilen Saýgony eýeläp Günorta Wýetnama okkupirläp başlaýarlar. Soňky aýlar bolsa. Günorta Wýetnamy uly fransuz ekspedision korpusy girizilýär. Netijede 1945-nji ýyla çenli fransuzlary Günorta Wýetnamyň esasy ýerlerini eýelemek başardýar.

1945-nji ýylyň sentýabr - dekabr aýlarynda WDR-ň hökümeti birnäçe çäreleri geçirýär. Pomeşiklere kärende

salgydyny azaldýarlar, kolonial salgytlar (duz, jan başyna salgyt) ýetiriler, 8 sagat iş güni girizilýär we başgalar. Ýerlerde täze häkimýet guramasy döredilip başlaýar. 1946-njy ýylyň Ýanwar aýynyň 6-na saýlaw geçirilýär. (Milli ýygnak). 95 % sesi Wýet Min alýar. Noýabr aýynyň 8-ne konstitusiýa kabul edilýär.

Ýöne ýurdyň içi hem daşy hem dartgynly bolan. Şonuň üçin Hindi-hytaý kompartiýasy 1945-nji ýylyň noýabr aýynda öz-özüni ýatyrýar. Sebäbi bahana edilmegi mümkin. Ýöne onuň liderleri, çlenleri Wýet Minde galýar we olar beýleki güýçlere-de ýygnakda we hökümetde orun berýärler. Dogry hereket. 1946-njy ýylyň maý aýynda Wýet Minden hem wekilçilikçi (sebäbi Wýet Min esasan çepçi hereket) Lýen Wýet Ligosy (Wetnamyň milli ligasy) döredilýär. Ýöne munda-da Wýet Mindäki komunistikmliderler salanyp galypdyr.

Şol döwürler WDR-iň hökümeti Fransia bilen hem gepleşige başlaýar we birnaçe egilişikleri edýär. 1946-njy ýylyň fewral aýynda Golindan goşunlary Fransuz goşunlary bilen çaknyşýarlar. WDR-iň hökümeti 1946-njy ýylyň mart aýynyň 6-na Fransiýa bilen preliminar şernama baglaşyp Fransuz saýuzyna girmäge we 15 müňden köp bolmadyk Fransuz goşunlaryny kabul etmäge söz berýär. Fransiýa WDR-iň "öz parlament hökümeti, goşun we maliýa sistemasy bolan azat döwlet" diýip ykrar edýär.

1946-njy ýylyň tomsynda Günorta Wýetnamda "Kohin Hin awtonom respublikasy" (Fransiýanyň sostawynda, Fransuz kolonistik adamlarynyň gol astynda) 1946-njy ýylyň sentýabr aýynyň 14-ne WDR bilen Fransiýa wagytlaýyn ylalaşyk gazanýarlar, ýagny Günorta Wýetnamda söweş hereketlerini bes etmek barada, sebäbi portizanlar uruş edipdirler.

Emma 1946-njy ýylyň dekabr aýynyň 19-na Fransiýa bilen WDR-iň arasynda uruş başlanýar. Dekabr aýynyň 20-ne Hoşimin halky göreşe çagyryp çykyş edýär. Emma Fransuzlara 10 aýyň içinde demokratik Wýetnamyň esasy ýerlerini

eýelemek başardýar. WDR-iň hökümeti we goşunlary jeňňeliklere we daglara çekilýär. Şol döwürler Fransuzlar Gonkongda ýaşaýan Bao Daý bilen gepleşik geçirip ony Wýetnama getirmegiň aladasyny edýäler. Şu gepleşiklere Amerikanlar hem goşulypdyr. Netijede 1948-njy ýylýň maý aýynda Bag Daýyň ýolbaşçylygynda Wýetnamda merkezi wagtlaýyk hökümet döredilýar. 1949-njyýylýň noýabr aýynda bolsa Fransuz soýuzynyň sostawyndaky “Wýetnam döweti” Bao Daýyň ýolbaşçylygyda döredilýär.

Wýetnam dowletini Anglýa, ABŞ hem ykrar edipdirler. Amerikanlar bu režime köp kömek beripdirler.

Emma WDR-iň hökümeti hem dek ýatmandyr. Hytaý-wýetnam araçäginde berk baza döredilipdir. 1950-nji ýylda bu hökümeti SSR ykrar edýär. 1951-nji ýýlda WDR-iň halk goşuny has aktiw hüjüm edip ugrapdyr. 1951-nji ýylyň fewral aýynyň Hindi-hytaý KP-sy döredilip, ol Wýetnam zähmetkeşleriň partiýasy diýip atlandyrylýar. 1951-nji ýylyň noýabr aýynda iki milli front Wýet Min we Lýen Wýet birleşip, Lýen Wýeti emele getirýärler şol döwürden başlap hem Wýetnamyň halk goşunlary kompuçiýanyň we Laosyň halklary bilen Fransz kolonizatorlaryna garşy göreşýärler. 1952-nji ýýlda halk goşuny Wýetnamyň demokratik Gübatarynda şowly söweş aperasiýalary geçirýärler.

Fransuzlar ABŞ-niň kömegi bilen Wýetnam goşunlaryny doly ýok etmek üçin yörüte harby plan taýýarlapdyrlar. Munuň üçin demokratik Wýetnamda Fransiýa Hindi-hytaýdaky goşunlarynyň ýaryny bu ýere ýygnaýarlar. 1954-nji ýylyň mart aýynda Dýenbýenfu ugrunda aýgytly söreşler başklaýar. Maý aýynyň 7-ne agyr söweşlerden soň Dýenbýenfu halk goşuny tarapyndan eýelenilýär.

Bu ýeňiliş Fransiýany gepleşiklere mejbur edýär.

1954-nji ýylyň aprel aýynyň 6-na Ženewada SSSR, HHR, Fransiýa, Anglýa ABŞ-niň daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda ýygnak başlaýar. Mesele Hindi-hytaýda

parahatçylyk, iýul aýynyn 21-ne Ženewa ylalaşygyna gol çekilip, söweşler bes edilmeli edilýär. Wýetnam 17 parallel boýunça bölünýär. Demekratik WDR-iň goşuny Günorta Fransiýa we Bao Daýyň hökümeti.

Ženewa ylalaşygy boýunça Wýetnam ikä bölünýär.Tiz wagtdan ABŞ Fransiýany Günortadan gysyp çykarýar. Fransiýada bu ýrde saklanmak kyn düşýärdi. 1954-1956-njy ýyllarda Fransiýa Günorta Wýetnamdaky köp hukuklardan ýüz öwürýär we 1956-njy ýylyň ýazynda öz ekspedision korpusyny Günorta Wýetnamdan çykarýar. 1955-iň ýanwary aýynda ABŞ Günorta Wýetnama işeňňir kömek berip ugraýar. 1955-nji ýylyň oktýabr aýynda sala salyşygyň netijesinde Bao Daý tagtdan giderilýär, Günorta Wýetnam respublika diýip yglan edilýär. Prezidentlige Ňo Din Ziýem saýlanýar. Şol ýyl parlamente saýlawlar geçirilýär we konstitusiýa kabul edilýär.

Ženewa ylalaşygyndan soň Demirgazyk Wýetnamda dikeldiş işleri başlaýar. Senagtda dikeldiş işleri 1955-57-nji ýyllarda tamamlanýar we 1939-njy ýylyň derejesine ýetýär. Oba-hojalygynda iri ýer eýeçiligi ýok edilýär. Sürüm ýerleriniň 93,7% daýhanlaryň eline geçýär. 1958-1960-njy ýyllarda daýhanlaryň 86% oba-hojalyk kooperatiwlerine birleşdirilýär. Wýetnam zähmet partiýasy ýerli buržuaziýanyň gowşaklygy we onuň milli azat edijilik herektine gatnaşanlygy üçin hususy kapitalistik kärhanalary parahatçylykly ýol bilen özgerdilýär. 1960-njy ýyla çenli hususy kärhanalaryň 93% gatyşyk döwlet-hususy kärhanalaryna öwrülýär. Bu iş kynlyk bilen gidipdir. Sebäbi her kim zadyny beresi gelmändir.

XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli ýurduň ykdysady ýagdaýy pes bolupdyr.

Günortada-da ençeme çäreler geçirilýär. Ýerleri eýelerinden satyn alyp paýlaýarlar. Ýer eýelerinden döwlet 440 müň ga. ýer satyn alýar. Günortada ABŞ-yň, GFR-iň, Ýaponiýanyň, Gonkongyň we Taýwanyň firmalary işläpdir.

Ýöne günortada Ňo Din Zýeniň we ABŞ-yň garşysyna partizançylyk hereketi güýçli dowam edipdir.

1960-njy ýyldan başlap ABŞ Günorta Wýetnamda söweş hereketlerine başlaýar. 1961-nji ýylda “Aýratyn uruş meýilnamasy” düzülýär. 18 aýlyk uruş döwründe (1961-nji ýylyň iýul –1962-nji ýylyň dekabr aýlary) Günorta Wýetnamyň goşunlary ABŞ goşun bölümleri bilen uruş operasiýalaryny geçirýär. Ýöne ol netijesiz tamamlanýar. Günorta Wýetnamyň içeri syýasy ýagdaýy ýaramazlaşýar. 1963-nji ýylyň noýabr aýynda döwlet agdarlyşygy bolup geçýär. Ňo Din Zýen otstawka gidýär. 1965-nji ýylyň iýun aýynda täze döwlet agdarylyşygy bolup, häkimiýete “ýaş generallar” Wan Thiýu we Ňuen Kao Ki gelýärler. 1966-njy ýyldaky saýlawlardan soň olaryň birinjisi prezident, beýlekisi bolsa wise-prezident bolýar.

1965-nji ýyldan başlap ABŞ Günorta Wýetnamyň içinden WDR-e garşy howa hüjümlerine başlaýar. Şol ýyl ABŞ-yň goşun bölümleri 184 müň adam, 1968-nji ýylda bolsa 516 müň adama ýetýär. Bu urşa Günorta Koreýa, Awstraliýa, Filippinler, Taýland we Täze Zelandiýa hem gatnaşýar.

Günorta Wýetnamda azat edilen etraplar hem giňäp ugraýar. Ýöne ABŞ-yň hereketleri hem güýjeýär. Günorta Wýetnamda 1966-67-nji ýyllarda ABŞ 2-nji “strategiki garşylyklaýyn” hüjüme başlaýar. Bu hüjüme 400 müň amerikan we 600 müň günorta wýetnam goşunlary gatnaşýar. Emma bu hüjüm hem garaşylan netijäni bermeýär. Sebäbi SSSR Wýetnama ýakyndan kömek berýärdi. SSSR –iň ýaraglary bilen WDR-iň goşunlary 1964-68-nji ýyllarda ABŞ-yň 2942, 1972-nji ýyla çenli bolsa 4181 samalýotuny urup ýykýarlar. 1968-nji ýylyň maý aýynda taraplar Parižde gepleşige başlaýarlar. Bu gepleşige 1969-njy ýylda ABŞ-daky boljak prezident saýlawlarynyň golaýlamagy sebäp bolýar.

Gepleşiklerden soň ABŞ bu urşy “wýetnamlaşdyrýar” ýagny, wýetnamlylar biri-biri bilen urşup başlaýarlar. ABŞ Günorta Wýetnama köp kömek berýär, onuň goşuny

artdyrylýar. Netijede, Günorta Wýetnamyň goşunlarynyň sany 1 mln. 100 müň adama ýetýär. 1969-njy ýylyň iýun aýynda Günorta Wýetnamyň azat edilen ýerlerinde kommunistik paraz Günorta Wýetnam republikasy döredilýär. Ol SSSR tarapyndan ykrar edilýär.

1972-nji ýyldan ABŞ ýene-de söweş hereketlerine başlaýar. Ýogsam Parižde goşunlaryny çykarmaga wada-da edipdi. ABŞ 10 aýlap WDR-i howadan bombalaýar. Şol ýyl Parižde ýene-de gepleşikler başlaýar. Gepleşikler netijesiz tamamlanýar. 1972-nji ýylyň dekabr aýynyň 18-29-y aralygynda ABŞ WDR-i güýçli howa hüjümine sezewar edýär.

1973-nji ýylyň ýanwar aýynda Parižde gepleşikler täzeden başlanýar we şol aýyň 27-ne gol çekilýär. Ol çekilşige WDR, GWR, ABŞ we WR gatnaşýarlar. 60 günuň dowamynda ABŞ Wýetnamdan goşunyny çykarmaly diýlip karar edilýär. 1973-nji ýylyň oktýabr - dekabr aýlarynda Günorta Wýetnamda ýagdaý ýitileşýär. Saýgon we GWR-niň goşunlary urşa başlaýar. ABŞ Saýgona kömek berýär. Saýgon goşunynda ABŞ-nyň 14 müň instruktury gulluk edipdir. 1974-75-nji ýyllarda Wýetnam respublikasynyň we onuň prezidenti Thieu-nyň ýagdaýy kynlaşýar. Ol 1975-nji ýylyň aprel aýynyň 21-ne iş başyndan gidýär. Şol aýyň 30-na GWR-iň goşunlary Saýgony eýeleýär. ABŞ Wýetnamdan çykyp gidýär.

Günorta Wýetnam eýelenenden soň  ýurduň birleşmek mümkinçiligi ýüze çykýar. 1975-nji ýylda ýurduň iki böleginde-de taýýarlyk işleri alynyp barylýar. 1976-njy ýylyň noýabr aýynyň 15-28-i aralygynda Sýgonda konferensiýa bolup geçýar. Konferensiýada birleşmek, saýlaw geçirmek karar edilýär.

1976-njy ýylyň aprel aýynda Milli ýygnaga saýlawlar bolyp geçýär. Şol ýylyň Iýun aýynyň 24-inden - iýul aýynyň 3-i aralygynda Milli ýygnagyň birinji sessiýasy açylyp, WSR döredilýär. Paýtagt Hanoý, Saýgon bolsa Ho Şi Min diýlip üýtgedilýär. 1976-njy ýylyň dekabr aýynda WZP WKP-a

öwrülýär. Ýurtda sosializm gurluşygy dowam etdirilýär. SSSR ýakyndan ýardam berýär. 1978-nji ýylda Wýetnam ÖYKS (SEW) hataryna kabul edilýär. Günortada işewür adamlaryň emlägi millileşdirilýär.

1978-1979-njy ýyllarda WSR HHR bilen uruşda üstün çykýar.

1979-njy ýylyň ýanwar aýynda wýetnam goşunlarynyň kömegi bilen Kampuçiýada Pol Potyň düzgüni agdarylýar. WSR goşulşmazlyk hereketiniň agzasy. 1976-njy ýylda bolsa BMG-niň hataryna kabul edilýär. 1996-njy ýylda WSR ASEAN guramasyna kabul edildi.

WSR-iň ykdysadyýetiniň esasy pudagy oba hojalygydyr. Bu pudakda ýurduň milli girdejisiniň 40% golaýy öndürilýär. Bu ýurtda 20 mln. tonna gowrak azyklyk önüm – tüwi, mekgejöwen we başgalar öndürilýär.

Häzirki döwürde Wýetnamda bazar ykdysadyýetine geçmek syýasaty – “Doý Moý” syýasaty dowam edýär. Doý Moý WSR-iň täzelenmegini, kämilleşmegini, ykdysadyýetiniň we syýasatynyň liberallaşmagyny göz öňünde tutýar. Birnäçe ýyl mundan ozal ABŞ bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy.

ASEAN-dan başga-da WSR AREC (Ýuwaş okean Aziýasynyň ykdysady soweti) we başgalaryň işlerine gatnaşýar.

## Turkiýe 1918-1945-nji ýyllarda.

Birinji jahan urşy ýyllarynda Turkiýe Germaniýanyň Awstro-Wengriýanyň soýuzdaşy bolmak bilen Angliýa garşy uruş alyp barypdyr. Ýurtda dowam edýän krizis ýagdaýyna garamazdan Turkiýe urşy dowam etdirýär. 1918-nji ýylyň mart aýynda Breat-Litowsk şertnamasyna gol çekse-de urşy dowam edýär. 1918-nji ýylyň ýazynda türk goşunlary günorta, gündogar Ermenistanyň köp ýerlerini we Azerbeýjany eýeleýär.

1918-nji ýylyň sentýabr aýynyň 15-ne türkler Bakuny eýeleýärler.

Emma Turkiýedäki krizis goşuna-da aralaşýar. Şonuň üçin hem ollebriň başynda goşun Zakawkaziýeden çykarylyp ugraýar.

Turkiýe Mesopotamiýada, Palestinada, Siriýada, Antantanyň goşunlarynyň hüjümini saklap bilmeýär. 1918-nji ýylyň oktýabr aýynyň 30-na Osman imperiýasy Antanta bilen Mudros şertnamasyny baglaşmak bilen boýun egýär. Şertnama boýunça ýeňijiler Osman imperiýasynyň arap ýerlerini eýeleýärler. Turkiýäniň hususy ýerleriniň islendik bölegini okkupirleýärler hukuk alýarlar. Türk goşuny demobilizasiýa degişli edilýär, ýaraglar we harby materiallar Antantanyň goşunlarya berilýär. Osman hökümeti Antanta tarapyndan berk kontollyga alynýar. Bu ýagdaýlar Osman döwletiniň özbaşdaklygyna howp salypdyr.

Şundan soň Antanta döwletleri öz goşuny Turkiýa salýar. Şertnamadan soň alty aýyň dowamynda Angliýa günorta-gündogar Anatoliýany (Kilikiýa), Fransiýa bilen bilelikde bolsa Gündogar Fransiýany Gara deňiz bogazlary bilen bilelikde okkupirleýärler.

Şeýle şertlerde öz içine türk jemgyýetiniň dürli gatlaklaryny jemleýän watançy güýçler (harbylar, intelligentler, milli buržuaz liderleri) imperialistik döwletlere garşy görsmek üçin öz guramalaryny döredip ugraýarlar. Ýurduň dürli ýerlerinde dörän şol guramalar başda “hukulary goramak jemgyýetleri” diýip atlandyrylypdyr. Şu jemgyýetleri birleşdirmekde general Mustafa Kemal paşa uly rol oýnapdyr.

1919-njy ýylyň maý aýynyň 15-de Günbatar Anatoliýany basyp almak üçin Gresiýa öz goşunlaryny Izmirde düşürýär. Orta ýer deňziniň käbir kenar ýerlerinde bolsa öz goşunlaryny Italiýa düşürýär. Bu bolsa ýurtda uly nägilelikleri döredýär.

1919-njy ýylyň awgust - sentýabr aýlarynda Mustafa Kemal ähli “…jemgyýetleri” birleşdirýär. Erzurumda we

Siwasda Kemal paşanyň ýolbaşçylygynda umumy türk ýolbaşçy merkezi bolan “hukuklary goramak jemgyýetiniň wekilçilikli komiteti” döredilýär. Netijede soltan hökümetiniň garşysyna buržuaz-rewolýusion hökümet ýüze çykýar. Bu hökümet azat edijilik hereketine ýolbaşçylyk edipdir. Kemal paşanyň hökümeti solatn hökümeti bilen hem belli bir gatnaşyklary alyp barypdyr. Kemal paşanyň tarapdarlary ýüze çykyp, olary kemalçylar diýip atlandyrýardylar.

1919-njy ýylyň ahyrynda soltan hökümeti wekiller palatasyna saýlawlary belleýär. Soltan hökümeti kemalçylara tabyn ýerlerde saýlawlaryň geçirilmegini gazanyar. Ýöne saýlawlarda kemalçylar üstün çykýarlar.

1920-nji ýylyň ýanwar aýynda Istambulda wekiller palatasy işe başlaýar. Palata kemalçylaryň esasy talaplaryny özünde jemleýän milli jarnamany kabul edýär. Jarnama boýunça Anatoliýa, Gündogar Frakiýa, bogazlaryň esasynda türk milli döwletini döretmeklik göz öňünde tutulypdyr. Görkezilen ýerlerde daşary ýurt agalygyna ýol berilmeli däl diýilipdir.

1920-nji ýylyň mart aýynyň 16-na iňlisler Stambuly eýeleýärler. Parlament dargadylyp birnäçe deputatlar tussag edilýär. Muňa jogap edip, Kemal paşa türk deputatlaryny Ankarada ýygnanmaklyga çagyrýar.

1920-nji ýylyň aprel aýynyň 23-de Ankarada Turkiýäniň Beýik Milli ýygnagy açylýar. Ýygnakda Kemal paşa TBMÝ-niň başlyklygyna saýlanýar. Maý aýynyň 3-de hökümet döredilip, oňa-da Kemal paşa ýolbaşçylyk edýär. Şeýlelikde ýurtda iki häkimiýetlilik emele gelýär.

1920-nji ýylyň Aprel aýynyň 26-synda Kemal Paşa TBMÝ-niň adyndan Leniniň hökümetine diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak barada, şeýle hem imperiýalistik döwletlere garşy bileleşip göreşmek barada tekilp bilen ýüzlenýär. RSFSR ilkinji bolup TBMÝ-nyň hökümetini ykrar edýär.

1920-nji ýylyň tomsunda Ankara hökümeti köne soltan goşunlarynyň galyndylaryndan özüniň ýaragly güýçlerini döredip ugraýar.

1920-nji ýylyň awgust aýynyň 10-da Antanta ýurtlary Parižiň golaýyndaky Sewr şäherine ýygnanyp, Türkiýäniň geljekki ykbalyny çözmäge girişýärler. Sewr şertnamasyna laýyklykda Turkiýe Angliýa, Fransiýa, Italiýa we Gersiýanyň arasynda bölüşdirilýär. Ýurduň demirgazyk-gündogary Ermenistanyň daşnak hökümetine berilýär, günorta-gündogarynda bolsa Angliýanyň ýapjalygynda kürt döwleti döreduilmeli edilýär. Bu şertnama soltan hökümeti gol çekýär. Netijede, Turkiýe döwlet hökmünde ýaşamagyny bes edýär.

Grek goşunlaryny esasy zarba urujy güýç hökmünde kemalçylara garşy ulanmak bilen soýuzdaşlar gündogarda daşnaklary kemalçylaryň üstüne küşgürýärler. Ýöne daşnaklar kemalçy goşunlary tarapyndan derbi-dagyn edilýär.

1921-nji ýylyň Ýanwar aýynda Turkiýe KP-nyň ýolbaşçylary Mustafa Sübhi, Edehem Nejat we beýlekiler öldürilýär.

1921-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 20-sinde kemalçylar ýurduň wagtlaýyn konstitusiýasyny kabul edýärler. Ýöne entäk soltanlyk ýatyrylmandy, respublika bolsa yglan edilmändi.

TBMÝ-nyň güýçlenmegi saýuzdaşlary olar bilen ýakynlaşmaga itekleýär. Şonuň üçin hem 1921-nji ýylyň Fewral soltan hökümeti TBMÝ-gam Londan konferensiýasyna çagyrylýar. Saýuzdaşlara kemalistleri söwet hökümetiniň üstüne çüşgürmäge çalyşýarlar. Başa barmaýar. Şondan soň Grek goşunlary hüjüme geçýär.

Şol döwürler kemlaçylar Sowetler bilen has golaýlaşýarlar. 1921-nji ýylyň Mart aýynyň 16-nda Moskwada sowet-türk şertnamasyna gol çekilýär. Şertnama boýunça Kars welaýaty we Batumy welaýatynyň bir bölegi Türkiýa berilýär. Kemalçylar RSFSR-den ep-esli ok-ýarag we pul kömegini hem alýarlar. 1921-nji ýýlýň ahryrynda – 1922-nji ýylyň başlarynda

Frunze Anakarada bolýar, käbir harby masalahatlary hem berýär.

1921-nji ýýlyň ýazynda grek goşunlary Antanta tarapyndan güýçlendirilip, ähli frontlar boýünça hüjüme geçýär. Awgust aýynyň ahyrlaryna çenli olar Sakarýa derýasyna çenli ýetmek nilen Merkezi Anatoliýa we hut Anakara howwp salyp başlaýarlar. Ýöne agyr söweşlerden soň 1921-nji ýylyň sentýabr aýynyň 2-de kemlaçy goşunlara olaryň hüjümini togtatmak başardýar. Şeýleikde 1921-nji ýylyň ahryrynda-1922-nji ýylyň 1-nji ýarymynda uly söewşler bolmaýar, iki tarap hem aýgytly söweşlere taýýarlanýarlar.

Şol döwürler Antantanyň arasynda hem oňşyksyzlyklar başlaýar. Fransiýa Kilikiýada söweş hereketelrini bes edip, 1921-njii ýylyň oktýabr aýynda TBMÝ-nyň hökümeti bilen şertnama baglaşýar. Italýa bolsa assyrynlyk bilen öz goşunlaryny Kiçi Aziýadan çykarýar. Fransiýa bilen Italiýa Türkiýa bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýýarlar.

Indi diňe Angliýa bilen Gresiýa galýar. 1921-nji ýylyň ahyrynda kemalçylar greklere garşy söweşleriň baş meýilnamasyny işläp düzmäge başlaýarlar, şonda Frunza olara käbir maslahatlary hem berýär.

1922-nji ýylyň awgust aýynyň 26-nda adam we maddy resurslaryny jemläp kemalçy goşunlar hüjüme geçýärler. Grekler hem Anglýadan uly kömekleri alypdylar, ýöne grekler çym-pytrak edilýär we 1922-nji ýylyň sentýabr aýynyň ortalarynda Anatoliýadan çykyp gidýärler. 1922-nji ýylyň oktýabr aýynda Antanta, Gedsiýa Türkiýe bilen Mudanýa şertnamasyna gol çekýärler. Netijede türk halky ýeňiş gazanýar.

1922-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-de TBMÝ-y soltan hökümetini ýatyrýar, ýöne halyflyk galdyrylýar. Iň soňky osman soltany Mehmet VI Wahydeddin noýabr aýynyň 17-de iňlis gämisinde Malta gidýär. Şonuň üçin hem onuň elinden halyflygy hem alynýar. Şazada Abdyl Mejit halyf diýilip yglan edilýär. Ýöne respublika entegem yglan edilmeýär.

Ýeňişden soň azat edijilik hereketiniň ýolbaşçylarynyň arasynda hem bölüşik başlaýar. Hereketiň içinde klerikal-konserwatiw we ýarym fiodal toparlar ýüze çykyp ugroýar. Şol sebäpden hem Kemal paşa 1923-nji ýylyň aprel aýynyň 1-de TBMÝ-y ýatyrýar we täze saýlawlary yglan edýär. Milli buržuzaziýa we onuň bilen baglanşykly intelligensiýa we harbylar Kemal paşanyň teklibi bilen şol aýda öňki “hukuklary goramak jemgiýetiniň” esasynda Türkiýäniň halk partiýasyny döredýäler. 1923-nji ýylyň saýlawlarynda THP üstünlik gazanýar. TBMÝ-da agdyklyk etmek bilen bu partiýa Türkiýäni respublika diýip yglan etmegi teklip edyär we 1923-nji ýylyň oktýabr aýynyň 29-na respublika yglan edilýär. Mustafa Kemal paşa respublikanyň prezidentligine saýlanýar. Tiz wagtdan THP Türkiýäniň halk respublikan partiýasy diýilip atlandyrylýar. Şeýelikde Türkiýede feodal-teokratik monarhiýa ýykylyp, onuň ornuna demokratik-buržuza döwlet ýüze çykýar.

1922-nji ýylyň noýabr aýynyň 20-de Şweýsaryýanyň Lozanna şäherinde Türkiýe bilen Antanta ýurtlarynyň arasynda patarahtçylykly şertnama gol çekmek üçin gepleşikler başlaýar. Oňa sowet respublikalary Russiýa, Gruziýa, Ukraina (SSSR entäk ýokdy) gatnaşýarlar. Uzaga çeken gepleşiklerden soň 1923-nji ýylyň iýul aýynyň 24-de şertnama gol çekilýär.

1) Lozannada Türkiýäniň garaşsyzlygy ykrar edilýär.
2) Soltan döwründäki adalatsyz şertnamalar ýatyrylýar.

Ýöne käbir meselerde Ankara höküeti hem uly eglişikleri edýär. Bogazlardan geçmek, daşarty ýurt bergileri, konsessiýalar, gümrük taryflary, käbir territorýal meselerde Ankara hökümeti ylalaşýar. Meselem, bogazlar meselesi Gara deňzine degişli bolmadyk ýurtlar bolan Anglýa, Fransiýa, Italiýa hatda Ýaponiýanyň gatnaşmagynda çözülýär. Bogzlaryň üstünden halakara gözegçiligi ýola goýulup bogazlaryň zonasynda demontrizasiýa geçirilýär.

Uruş gutranadansoň Türkiýanyň öňüde uly meseler ýüze çykýar. Ýurt ykdysady taýdan yza galandy. Şonuň üçin hem

kemalistler birnäçe çäreleri geçirip ugraýarlar. Hökümet dşary ýurt kärhanalry demir ýollaryň ählisini satyn alýar. Maliýa işlerinde özbaşdak amala aşyrmak üçin merkezi bank döredil;ýär.

Hökümediň ykdysady syýasatynyn esasyny etatizim tutupdyr. Etatimiz-bu döwlet serişdeleriň senagata, demir ýol transportyna, soňra bolsa hojalygyň ähli pudaklaryna golýulmagydyr. Ýada etatizim başgaça döwlet kopitalizimidir. Ýöne bu prinsipi bžuaziýanyň hem inisiatiwalaryna giň ýol beripdir. sebäbi potratçylyk işlerini esasan türk buržuaziýasy ýerine ýetiripdir.

Ykdysady syýasat gowylyga getiripdir ýöne oba hojalygyň ýagdaý o diýen gowy bolmandyr. 20-30-njy ýyllarda birnaçe kärhanalar gurulýar, demir ýol seti giňeýär. Daşary söwdanyň balansa 1929-njy ýyla çenli Türkiýa zyýanly bolup galypdyr (Defisit).

Köp üýtgeşmeler geçirilýär. Könelerden üstün çykmak üçin 1923-nji ýylýn oktýabr aýynda paýtagt Anakara geçirilýär. 1924-nji ýylyň noýabr aýynda halyfat ýatyrylyp osman dinastiýasy ýurtdan kowulýar. Wakflar we din işleri ministerligi ýatyrylýar. Ähli dini mekdepler ýatyrylýar. Diniň elinden sud häkimýeti alynýar.

1924-nji ýylyň aprel aýynyň 20-ne birinji respublikan konstitusiýa kabul edilärýär.

1925-28-nji ýyllarda ýewropadaky raýat we jenaýat kodeksleri girizilýär. Köp aýallylyk gadagan, aýal-erkek deňleşdirilýär. Ýewropa kolendary, ýewropa eginbaşlary girizilýär, çadyry aýyrylýar. Täze alfawit girizilýär. Ysalamdan döwlet sattusy aýyryldy. 1934-nji ýýlda täze familiýa girizilýär ol ata türk familiýasyny kabul edýär.

Şu işleriň geçirilýän döwründe. Kemalizim ýada atatürkizim idialogiýasy ýüze çykýar. Kemalizim öz içine 1) respublikaçylyk, 2) milletçilik, 3) Lantizim (döwletden we mekdepden aýyrylyp), 4)türk milletiniň bütewiligi, 5)

rewolisiýanlyk (kemalistik idelogiýalara we reformalara wepalyk) Türkiýanyň halk respublikan partiýasyna garşy apazisiýa güýçlenýär. Iri ýer eýeleri, ýokary din wekilleri, hökümdarlar progressiw respublikan partiýasynyň (TPRP) döredýärler (1924-nji ýylýň Noýabr aýy) Şu partiýa hökümete garşy 1925-nji ýylyň başlarynda Şeýh Seýdiň baştutuanlygynda kürtleri küşgürýärler. Olara topalaň turuzýarlar. Hökümet ilki Fewral aýynda üýşürip (ondan bir bölegi ) pul salgydy bilen çalşýarlar. Daýhanlaryň ýgdaýyny ýeňilleşdirýär. Soňra bolsa gozgalaňy basyp ýatyrýar. TPRP bolsa dargadylýar. Şu partiýa bilan baglanşykly topalaňa ýardam eden derwüş ordiýalary we monastyrlar ýapylýar. Hökümet oppazisiýalarynyň arasynda tussag etmeler güýçlenýärler. 1930-njy ýylda Günbatar Anatoliýada-da topalaň bolup, olam basylýar.

1938-nji ýylda Atatürk aradan çykýar. Prezident Ismet Ineniň bolýar. Şondan soň öňki oppazisiýalar bilen dolandyryjylaryň arasy ýakynlaşyp ugraýar. Oppozisionerler emigrasiýadan dolanyp ugraýarlar. 1930-njy ýylyň maý aýynda bütin Germaniýa bilen söwda şertnamasyna gol çekilýär we Germaniýa söwda-da birinji ýeri eýeleýär. Soň Angliýa Fransiýa, ABŞ baglaşýar. 1932-nji ýylyň Iýul aýynda Turkiýa milletler ligasyna girýär. 1934-nji ýylda Germaniýa, Tursiýa we Ýugoslawiýa bilen Balkan Antantasyna girýär.

1933-nji ýylda Germaniýa Turkiýa täsirini güýçlendirýär. Angliýa we Fransiýa onuň bilen bäsleşýärler. Itlaliýa 1935-nji ýylda Efiopiýa çozanda Angliýa Turkiýa bilen şertnama baglaşýar. Ýagny, eger Italiýa Angliýa garşy bir iş görse Turkiýa iňlislere kömek bermeli.

1936-nji ýylda iýun - iýul aýlarynda Monbrýo (Şweýsariýa konferensiýa) bogazlar meselesine seredýär. Şonda SSSR-iň ýardam bermegi bilen Turkiýa bogazlaryň doly eýesi bolýar, eýeçilik etmäge doly hukuk alýar. Ýöne Günbatar

döwletlere käbir şertler bilen Gara deňzine aralaşmaga hukuk alýarlar.

1937-nji ýylda Turkiýa Saadabata pantina gol çekýär. Iňlisleriň täsiri bilen şuňa Ýakyn Gündogar Antantasy döredilýär. Angliýanyň teklibi bilen Fransiýa Siriýanyň Aleksandereýsanjagyny Turkiýa berýär. Şol Sanjak Hataý welaýaty diýlip 1939-njy ýylda Turkiýa girýär.

II jahan urşy başlanda Turkiýa neýtral diýlip yglan edilýär. Angliýa, Fransiýa şertnamada (özara kömek, dostluk) baglaşýar. 1940-njy ýylda Fransiýa ýeňilenden soň Germaniya bilen golaýlaşyp ugraýar. Nemes gämilerini Gara deňzine geçirýär. Ol Orta Aziýa, Kawkaza, Krymy almak işläp, 1944-nji ýylda soýuzdaşlyk talaby bilen Germaniýadan arasyny üzýär. 1945-nji ýylyň Fewral aýynda uruş ygklan edýär. Ýöne uruş hereketlerini alyp barmaýar.

## Türkiýe 1945-2009-njy ýyllarda

Uruşdan soň Türkiýede syýasy göreşler, sosial çykyşlar güýçlenýär. Şol döwürler Türkiýede Halk respublikan partiýasy höküm sürýärdi. Ýöne 1945-nji ýylyň ahyrlarynda 1946-njy ýylyň başlarynda Demokratik Partiýada ýüze çykýar. Ol hem kemalizmden ugur alýandygyny beýan edipdir. Ýöne başga metod bilen işlemäge çalşarys diýipdir. HRP-i Angliýa, DP ABŞ-a gol ýapanlar.

Turkiýada döwlet kapitalizmi güýçli bolan. DP-a bolsa şolary şahsy eýeçiliginiň tarapyna geçirilmeginiň tarapdary. Şonuň üçin hem senagatçylar gollanlar.

Ýöne 1946-njy ýylyň Iýul aýynda saýlawda HRP-sy ýene-de üstin çykypdyr. ABŞ Turkiýa kömek berse-de ýurduň ýagdaýy kyn bolupdyr.

1950-nji ýylyň ýanwar aýynda ýene-de saýlawlar DP üstün çykýar. J. Baýar Prezident A. Menderes premýer ministr.

Täze hökümet “şahsy inisiatiwa” (etaizmiň – döwlet kapitalizminiň-garşysyna) uly üns beripdir.

Daýhanlara ýerem beripdir. 1950-1954-nji ýylda 170 müň daýhan hojalyklary ýer alypdyr.

Senagata we infrostrukturany ösdürmäge uly üns beripdir. 1950-1960-njy ýyllarda asfalt ýollaram gurulypdyr. Elektroenergiýa köp üns beripdir. On ýylda elektro energiýa öndürmek 3,6 esse artypdyr. Täze portlar, gant we dokma fabrikler gurulypdyr. 1948-1957-nji ýyllarda ABŞ Turkiýa 800 mln. dollar kredit beripdir.

DP-niň laýsizm (sekulýarizasiýa) ýörelgelerini inkär edýär. Dine uly orun berip ugraýar. Azan öz türk dilinde okalýan bolsa, arap dilinde rugsat berilýär. Mekdeplerde çagalar musulmançylyk öwredilip ugraýar (4-nji synpdan başlap) täze metjitler Stambulda ýokary yslam instituty açylýar.

Baýa Linderes döwründe 1951-nji ýylda Turkiýa geçýär. 1952-nji ýylda Koreýa urşyna gatnaşýar. 1954-nji ýylda SEATO (Bagdat pakty) 1959-njy ýylda SENTO (Ankarada) girýär. SSSR bilen arasy gaty erbet däl.

Emma 50-nji ýyllaryň ikinji ýarymynda ýurtda korruksiýa güýçlenip ugraýar. Döwlet we partiýa işgärleri ogurlyk bilen meşgul bolýarlar. Maliýe we ykdysady krizis hem güýçlenipdir. Netijede ýurtda syýasy krizis başlaýar. DP Antidemokratik normalary ulanyp ugraýar. I.Inöni horlapdyrlar.

Baýar Menderesiň hökümetinden türk ofiserleri olarda kemalizm güýçli sekulýarizimem nägile bolanlar we döwlet agdarylyşygyny taýýarlanyp ugraýarlar. Oňa Jemal Gürselem (türk goşunlarynyň baş tutab. köç) yrýarlar.

Netijede 1960-njy ýylyň maý aýynda hökümet agdarylýar.

Soň häkimiýeti Ş. Gurseliň ýolbaşçylygynda (onu ofiser. Izmirden getirýärler, sebäbi perewotdan has öň hökümet ony otstawka iberýär, pensiýa ) milli birlik komitetiniň eline geçýär. Ol premýemerem bolýar.

DP sud bolýar. 592 adam suda çekilýär. Olaryň 15-si atuwa, 31-si ömürlik türme 418-i dürli sroklaryň 123-si aklanýar.

MBK-i diňe 4 sany atuwa karar edýär. Ýöne J.Baýaryňky ömürlik türme bilen çalşylar. (soň amnisiýa düşýär) A.Menderes premýer, MID Zorly, maliýe ministri Polatgapy atylýar.

60-njy ýyllaryň başlarynda Turkiýe heniz hem yza galan ýurt bolupdyr. Ýöne näme-de bolsa senagat belli bir derejede ösüpdir. 1938-1960-njy ýyllaryň ahyrynda türk senagaty 4 esse artypdyr. Ýagny senagat kärhanalarynyň sany önümçilik bolsa 7 ese artaypdyr.

1961-nji ýylyň ýanwar aýynyň 6-na Uçreditel ýygnak açylýar. HRP 273 ornuň 200-sini alýar. Sebäbi ol Atatürkiň partiýasy bolupdyr. 1961-nji ýylyň Iýul aýynyň 9-na Konstitusiýa kabul edilýär.Ol 1924-nji ýylyň Konstitusiýasyndan hem demokratik kanun bolupdyr. Kanun boýunça partiýalara rugsat berlipdir. HRP-den başga-da DP-niň galyndylary Adalat partiýasyny we Turkiýäniň Täze partiýasyny döredýärler.

1961-nji ýylyň oktýabr aýynyň 15-de bolan parlament saýlawlarynda HRP köp ses alyp Inöni premýer ministr J. Gursel bolsa prezident bolýar.

1961-65-nji ýyllarda ýurtda hökümet krizisi bolýar. Ol 4 gezek çalşylypdyr, şolaryň 3-si Inönininiňki, 1-i bolsa garaşsyz senator Ürgüplininiňki. 1965-nji ýylyň Garaşsylyk aýyndaky saýlawlarda Adalat partiýasy iň köp ses alýar we S.Demirel premýer bolýar. Ol 1969-njy ýylyň saýlawlarynda-da üstin çykyp, hökümet düzýär.

J.Gürselden soň prezident J.Sunaý, 1973-nji ýylyň Aprel aýyndan başlap adminiral Fahri Goruktürk prezident. Umuman şol döwürler goşunyň syýasatdaky täsiri örän uly bolupdyr.

1970-nji ýyldan başlap ýagdaý ýene-de çylşyrymlaşýar. Ýurtda işsizlik köpelýär. Syýasy krizis ýüze çykýar. 1971-nji

ýylyň mart aýynyň 12-sinde türk goşunlarynyň baş ştaby Demireliň çalşyrylmagyny talap edýär. Onuň ornuna HRP-niň ýolbaşçylarynyň biri Erim gelýär. Ýöne 1972-nji ýylda ol hem iş başyndan gitmäge mejbur bolýar, onuň ornuna HRP-den 1967-nji ýylda bölünen Ynam partiýasynyň lideri Melen gelýär. Ol Demireliň Adalat partiýasynyň käbir agzalaryny hökümete çekýär. 1972-nji ýylda HRP ýene-de bölünýär. Ondan Respublikan Ynam partiýasy aýrylýar we 1973-nji ýylda Ynam partiýasy bilen birleşýär.

HRP-niň ýolbaşçylygyna Bülent Ejewit gelýär. Öň partiýanyň lideri Ismet Inönidi. 1975-nji ýylyň saýlawlarynda AP üstün çykyp, Demirel iş başyna gelýär. 1977-nji ýylyň saýlawlarynda bolsa Ejewit üstün çykýar. Ol 1979-njy ýýla çenli hökümete ýolbaşçylyk edýär.

1974-nji ýylda Turkiýäniň sosialistik işçiler partiýasy döreýär, başlygy Ahmet Gaçmaz. 1975-nji ýylda Turkiýäniň sosialistik partiýasy hem döreýär, baş sekretary Jenan Pyçakçy. Şeýle hem Turkiýäniň işçiler partiýasy, başlygy Nihat Sargyn, döreýär. Bular çepçi güýçler bolupdyrlar. Şeýle partiýalar Turkiýede başga-da bardy.

1980-nji ýyldan başlap ýurduň syýasy ýagdaýy ýene-de ýaramazlaşyp ugraýar. 1980-nji ýylyň aprel aýynyň 6-na prezident Goruktürk iş başyndan gidýär. 1980-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 12-sine türk goşunlarynyň baş ştabynyň ýolbaşçysy Kenan Ewreniň baştutanlygynda döwlet agdarlyşygy bolup geçýär. Syýasy partiýalar, profsoýuzlar beýleki jemgyýetçilik guramalary ýatyrylýar. K.Ewren Milli howpsuzlyk geňeşiniň başlygy, premýerlige bolsa admiral Bülent Ulysuw, orunbasary bolsa T.Özal bolýar. Daşary işler ministrligine bolsa F. Türkmen belleniýär.

Bu hökümet ýurtdaky tertip-düzgüni ýola goýýar. Iki aýyň dowamynda 8 müň terrorçy tussag edilýär. Hökümet 1980-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 12-sinden 1981-nji ýylyň maý aýyna çenli 46 müň terrorist, ekstremizst tussag edip, 633 müň

724 ok atýan ýarag konfiskasiýa edilýär. Syýasy işgärler Ejewit, Demirel iki aýlap öý tussaglygynda saklanýar.

Harby hökümet Turkiýäniň ykdysadyýetini ösdürmäge-de uly üns berýär. Döwlet daşary ýurt maýalarynyň ýurda çekilmegine ownuk we orta telekeçiligi ösdürmäge uly üns beripdir. Şunuň netijesinde Turkiýäniň ykdysadyýeti XX asyryň 80-nji ýyllarynyň ortlalaryndan başlap janlanyp ugraýar, işsizleriň sany kemelip başlaýar.

SSSR-iň dargamagy Turkiýäniň durmuş-ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösüşine ägirt uly ilerleýji täsir edýär. Sebäbi öňki SSSR-iň käbir soýuz respublikalary (Azerbaýjan, Türkmenistan, Özbegistan, Gyrgyzystran, Gazagystan) Turkiýäniň daşary syýasatynda uly ähmiýete eýe bolup başlaýarlar. Bu ýurtlar hem Turkiýa respublikasy bilen gatnaşyklar açmak isleýärdiler.

Turkiýe bu respublikalara garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap dürli ugurlarda ýardam berip ugrady. Bu respublikalar ýangyç resurslaryna we çig mallara baý ýurtlar bolup durýardy. Şonuň üçin hem bu ýurtlar bilen gatnaşmaklyk Turkiýäniň ykdysady ösüşine uly täsir edip biljekdi.

Gürrüňi edilýän döwletler Turkiýe bilen medeni gatnaşyklary hem giňeltdiler. Sebäbi bu halklaryň dini, dili, medeniýeti, gelip çykyşlary boýunça türki halklardy. Turkiýe aýratyn hem biziň döwletimiz Garaşyz hem baky Bitarap Türkmenistan bilen ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar. Türkmenistanyň Prizidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ençeme ýola Turkiýe respublikasynda resmi saparlarda boldy. Häzirki döwürde Türkmenistanda türk firmalarynyň ençemesi ýangyç energetika, dokma, gurluşyk senagatlarynda beýleki daşary ýurt firmalary bilen üstünlikli işleri alyp barýar.

Turkiýäniň häzirki zaman ykdysadyýeti hakynda aýdylanda milli monopolistik kapital berkeýär. Şolaryň iň kuwwatlylary “Goç holding”, “Sabynçy holding”, “Çukoroba holding”, “Ekinji holding” kompaniýalarydyr. Mysal üçin

Wehbi Goçuň firmasy 1981-nji ýylda 2 mlrd. 533 mln. dollar haryt satypdyr. Netijede "Goç holding" we "Sabynçy holding" dünýäniň iri korporasiýalarynyň arasynda 186,189-njy ýerleri eýeleýärler.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň ahyrlaryna çenli milli içki önümiň öndürilişi jan başyna 3 müň dollara barabar boldy. Bu ýyllar ýurtda 2 mln. t. kömür, 50 mln. t. goňur kömür, 4 mln. t. nebit, 4 mln. t. demir magdany öndürildi. 12 mln. t. polat eredildi, elektroenergiýa 100 mlrd. kwt/s öndürildi. Ýurtda 75 müň ýük we 250 müň ýeňil awtomobil öndürildi. Turkiýe her ýylda 20 mln. t. bugdaý, 8 mln. t. arpa, 2 mln. t. pagta, 250 müň t. temmäki öndürýär. Ýurtda mallaryň baş sany: iri şahly mallaryňky 20 mln-dan, dowarlaryň sany 70 mln.-dan geçdi. Ýurduň eksporty 25 mlrd. dollardan geçip, onuň 80% senagat önümleridir. Ýurda 45 mlrd. barabar önüm import edilýär. Onuň esasyny nebit-gaz, kämil tehnologiýa we ýaraglar tutýar. Ýurda her ýylda 9 mln. turist gelýär.

## Ýaponiýa 1918-1945-nji ýyllarda.

Ýaponiýanyň dolandyryjy toparlary I jahan urşyny Hytaýda we Uzak Gündogaryň bazarlarynda berkemek üçin peýdalandy. Bu bolsa senagatyň we söwdanyň ösmegine, şeýle hem etrap uly monoplistik (Misun, Misubisi, Ýasuda we Sumitommo) ummasyz girdejiler bilen üpjün etdi.

Uzak gündogordaky we ýuwaş okiýandaky ýükleriň daşalmagyna Ýaponlaryň söwda floty tarapyndan monopoliýa edilmegi köp peýdalar getirdi, bu bolsa öz gezeginde gämi gurluşugyny ösdürdi.

Uruş ýyllarynda Ýaponiýa uly peýda gören hem bolsa ilatyň giň gatlaklary kyn ýagdaýda ýaşapdyr. Kahalar häli şindi ýokarlanyp durupdyr. Şol sebäpden hem 1918-nji ýylda awgust aýynda Ýaponiýanyň köp ýerlerinde "tüwi topalaňlary" ady bilen taryha giren hereket bolup geçýär. Ýaponlaryň esasy

iýmit  rasionyny düzýän tüwiniň bahasynyň ýokarlanmagy topalaňyň  turmagyna bahana bolýar.

1918-nji ýylyň awgust aýynyň 3-ne Toýama profektura serişde kenar ýaka obalarynyň biriniň balykçylarynyň aýallary üsti tüwi ýükli gämini eýeleýärler we soňra söwdegärlere degişli tüwi ammarlaryny talaýarlar.

Awgust aýynyň 10-na tolgynşyklar Kiota, awgust aýynyň 12-ne bolsa Ossakada, Kobede, Nagoýada soň bolsa Tokioda we beýlekiler şäherlerde bolup geçýär. Tüwi satylýan dükanlary açyp, onuň harydyny paýlaşypdyrlar. Az wagtyň içinde şeýle hereketler Ýaponiýanyň üçden iki territoriýasyny tutup, oňa 10 mln.  adam gatnaşypdyr. Halk çykyşlary Kýusýu adasynyň şahtalaryna we känlerine, Misibuen konserniniň polat eredilýän zawodyna we gämi gurluşyk werfinede ýaýraýar.

Hökümet topalaňçylara berk çäre görýär. 8 müňden gowrak adam tussag  ewdilip, olaryň köpüsi kaborga we ömürlik tussaglyga höküm edilýär, müňlerçesi öldürilýär.

1918-nji ýylyň sentýabr aýynda Ýaponiýada hökümet başyna Haranyň baştutanlygynda Seýukaý kartiýasy gelýär. Ol ýurdyň içinde berk tertip düzgüni ýola göýýar. Ş taşlaýjylara berk çäre görýär. 1919-nji ýylýň mart – aprel aýlarynda Koreýleriň gozgolaňyny basyp ýatyryp, harby režimi raýat dolandyryş bilen çalyşýar. Koreýleri häkimýete çekýär.

Haranyň kabineti 1918-nji ýylyň ýanwar aýynyň sowet Russiýasyna garşy başlan interwensiýany dowam etdiripdir. Ýogsam “Russiýadan eliňi çek” jemgiýeti hem bolupdyr.

1922-nji ýylyň iýul aýynyň 15-ne Tokioda pytraňňy sosialistik toparlar birleşip ÝaKP-ny döredýärler. Şol ýylyň ýanwar – fewral aýlarynda Sen Kotaýama, Tokuda, Kiýuti we beýlekiler Mosiýada we Uzak Gündogaryň halklarynyň gurultaýynda bolupdyrlar.

ÝaKP gowşak çykýar. Sebäbi dürli gatlaklaryň wekilleri gatnaşygyndadyr. Oňuşmandyrlar.

1923-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-ne Ýaponiýada müňlerçe adam ýitgilerine getiren güýçli ýer sarsgyny bolup geçýär.

Şondan soň hökümet ýangynlarda we talaňçylyklarda komunistleri, sosialistleri we koreýleri günäkärläp tussag etmekleri geçirilýär we KP örän gowşaýar. 1924-nji ýylyň mart aýynda ÝaKP dargaýar.

1923-nji ýylyň ahyrynda dünýäniň beýleki iri döwletleri ýaly Ýaponiýada hem halk hojalygy ýene-de özüni tutup ugraýar. 1923-nji ýylyň ýer titremesinden soň hökümet iri senagatçylara ýardam edýär. Ýer titreme zerarly ýitgileriň öwezini doldurmak üçin kompensasiýa töleýär. Döwlete bermeli tölegleriň wagtyny yza süýşirýär.

1925-nji ýylda Ýaponiýada erkekler üçin ählumumy saýlaw hukugy kabul edilýär we 1928-nji ýylda ol güýje girýär. Bu kanunda aýallaryň saýlaw hukugy berilmeýän hem bolsa, ol öňňkülerinden ep-esli tapawutlanypdyr. Saýlaw hukugy 30 ýaşdan ýokarylara berilipdir. Oturymlylyk senzi 1 ýyl bolmaly diýilip görkezilipdir. Eger-de obadan şähere gelenine 1 ýyl bolmadyk bolsa ol saýlawa gatnaşyp bilmändir. Döwletden kömek pul alýan adamlaryň saýlaw hukugyny goldamandyr. Saýlawa gatnaşýan guramal her bir görkezilýän kandidatlary üçin 2 müň iýen pul girewini goýmaly bolupdyr. Umuman bu kanun saýlawçylaryňň sanynyň 4 esse köpelmegine getirdi.

Şonuň bilen bir hatarda "jemgyýetçilik asudalygyny goramak" hakynda kanun kabul edilip, şol bada-da güýje girýär. Bu kanun halk içinde "howply hyýallar hakyndaky" kanun diýen ada eýe bolýar. Bu kanun boýunça "döwlet gurluşyny üýtgetmek ýa-da hususy eýeçiligi ýok etmekligi maksat edinýän" guramalarynyň çlenlerini 10 ýyl türmä basmak ýa-da katarga ibermekligi göz öňünde tutupdyr.

1927-nji ýylyň ýazynda häkimiýet başyna Tanakanyň ýolbaşçylygynda Seýukaý partiýasy gelýär. Bu hökümet uruş paraz syýasat ýöredilipdir. "Ol Hytaýy almak üçin öňi bilen

Mançžuriýany we Mongoliýany eýelemeli. Dünýäni eýelemek üçin bolsa öňi bilen Hytaýy basyp almaly” diýipdir.

1929-33-ýyllaryň ykdysady krizisi amerikan ykdysadyýeti bilen bagly bolan ýapon ykdysadyýetine uly urgy urýar. Sebäbi senagat krizisi pba hojalygyny hem öz içine alýar. Beýleki kapitalistik döwletlerden tapawutlylykda Ýaponiýanyň ykdysadyýetinde oba hojalygy uly rol oýnapdyr. Has hem ýüpekçilik çöküpdir. Sebäbi Ýaponiýanyň daýhanlarynyn ýaryna golaýy şu pudak bilen meşgullanypdyr. ABŞ-daky krizis netijesinde ýapon ýüpeginiň bu ýurda iberilişi örän peselipdir. Ýagny 1930-njy ýylda ýüpek ABŞ-a ýapon eksportynyň 30% tutupdyr. Indi bolsa ýüpegiň bahasy has aşak düşüpdir. Netijede ýüpekçilik bilen daýhanlaryň meşgullanýan daýhanlaryň sany örän azalypdyr.

Şeýle hem kömür, metallurgiýa, nahmata öndürýän senagatlar, gämi gurluşygy gowşapdyr. Netijede ykdysady krizis ilatyň ýaşaýyş derejesiniň peselmegine getiripdir. Iş haky azalypdyr, işsizleriň uly toparalary ýüze çykypdyr. Şol ýyllar işsizleriň sany 3 mln. ýetipdir. Ownuk we orta kärhanalar tozupdyr.

Ykdysady krizis ýurduň sosial ýagdaýyna-da ýaramaz täsir edýär. Konkurensiýa döz gelip bilmän tozan ownuk we orta buržuaziýa nägilelik bildiripdir. Agrar krizis bolsa ownuk we orta pomeşikleri tozdurypdyr. Bu gatlaklar monopolistik kapitalyň esasy toparlary bolan “köne” konsernler Misun, Misubisi, Ýasuda, Sumitoma şeýle hem minseýto we seýkýuaý partiýalaryndan düzülen we konsernler bilen bagly bolan hökümetiň syýasatyndan nägile bolupdyrlar. Senagatyň harby pudaklarynda (reňkli metal öndürmek) . Birinji jahan urşy ýyllarynda ýüze çykan “täze” konsernleriň eýeleri bolsa köne maliýe toparlary konsern görnüşini alyp barypdyrlar. Ýöne olaryň maliýe bazasy pes bolupdyr. Ýapon jemgyýetiniň harbylar toparynyň ýokary gatlaklary bolan “ýaş ofiserler” şol “täze” konsernler bilen bagly bolupdyr we seýunaý we

miniseýto partiýalarynyň hökümetiniň yöredýän syýasatyndan nägile bolupdyrlar.

Olar ownuk buržuaz we ownuk mülkadarlardan çykanlardan.

Seýukaý-minseýto

“köne” konsernler (miszi we başgalar)

“täze” konsernler

“ýaş ofiserler”

Umuman “ýaş ofiserler” olar bilen bagly bolan “täze” konsernler düýp mazmun boýunça faşizmiň ýapon görnüşi bolupdyr. Ol antikapitalistik çykyşlary gurnapdyrlar, esasy 4 konserniň işjeňňirleginiň çäklendirilmegini talap edipdirler, parlamentiň we buržuaz pomeşik partiýanlarynyň ýatyrylýan ugrunda çykyş edipdirler.

Umuman ýaponiýada faşizim öz işlerini aktiwleşdiripdir. Faşistik toparlar bolan milletçiler, terrorçylyk işlerini alyp barypdyrlar. 1931-nji ýylyň oktýabr aýynda olar hökümede garşy düldüeşik guraýarlar. 1932-nji ýylyň aýynyň 15-ne “ýaş ofiserler” faşistik toplalaň geçirýärler, primerýer Inukai öldürilýär, polisiýanyň, seýýukat partiýasynyň ştab-kwartirasyna çozuşlar guralýar. Linsizi we Ýapon bankynyň jaýlaryna bomba taşlaýar. Elbetde, topalaň basylyp ýatytylýar, ýöne faşistleriň topalaňlary boýunça syýasy partiýanyň hökümetiniň üstünden garaýan kabinet döredilýär. Şol döwürden (1932) tä Ýaponiýa ýeňilýänçä hökümet düzmeklik harby-emeldarlar toparlaryna tabşyrylýar.

1936-njy ýylyň fewral aýynyň 26-synda Tokiýoda täze faşistik topalaň turýar. Oňa ýaş ofiserleriň ýolbaşçylgynda 1500 soldat gatnaşýar. Parlament, harby ministrlik, baş poliseý ulgamy eýelenilýär. Birnaçe ýokary wezipeli adamlar öldürilýär.

Ýapon dolandyryjy toparlary ykdysady krizisden çykmak üçin daşky basgalaşyklary başlaýarlar. 1931-nji ýylyň sentýabr aýynda Mançižuriýa çozýar we 1932-nji ýylyň başlaryna

eýeleýär. 1932-nji ýýlda Şanhaýy eýelemäge synanyşyk edýärler, soňra bolsa içeri Monçežuriýa çozup girýärler.

1933-nji ýylyň maý aýynda Ýaponiýa milletler ligasyndan çykýar. Aziýada agalyk etmeginiň kül-külüne düşüp ugraýar. Mançežuriýany eýeläp harby hajatlar üçin göýberilýä serişdeler artyp ugraýar. 1932-1936-nji ýylarda Ýaponiýanyň belli konsernleri 5,5 milýard kenlik zakaz laýarlar. Netijede şu döwrüň içinde şol konsernler 2 esseden hem köp girdeýji alýarlar. Harby pudaklaryň ösmegi senagatyň umumy ösüşine-de gowy täsir edýär. 1937-nji ýylyň saýlawlarynda seýukaý we minseýto partiýalary halk köpçüliginiň goldanmagynda häkimýet başyna gelýärler. Olar 75 % sesi alýarlar.

Ýöne Kanoeniň täze hökümeti agresiw daşgy syýasat alyp barýar. 1937-nji ýylýň noýabr aýynyň 7-ne ýaponlar Demirgazyk Hytaýa çozýarlar. Soňra söweş hereketleri Hytaýyň bütin teritoriýasyna ýaýradylar. Yürdyň ykdysadyýeti urşuň hajatlaryna gönükdirilip, ýurduň budžetiniň 70-80% harby hajatlar üçin sarp edilýärdi. Harby sratetini çig malyň import edilemgie we pes bahadan ýapon harytlarynyň eksport edilmegine getirýär. Harby ykdysadyýetiň ösmegi, urşa mobilizasiýa geçirilmegi işizligi birneme gowşaýar.

Ýaponiýanyň agressiw meýillerine Söwet ýerleriniň hem ep-eslisiniň eýelenilmegi güjeýär. 1938-nji ýylyň awgust aýynda Hasan kölüniň töwereginde ýapon goşunlary eňilýär.

1939-nji ýylýň başlarynda dolandyryjy toparlaryň arasyndaky oňşyksyzlyk Kanoeniň hökümetiniň ýeňilmegine we onuň ornuna ýapon faşistleriniň ýolbaşçylgynyň biri Hiranumanyň gelmegine sebäp bolýar.

Onuň döwründe SSSR, MNP bilen (1939-njy ýylyň maý – awgust aýynda) Halhin-Gol (MNP-de) konfilikti bolýar.

1940-njy ýylyň maý aýynda häkimýet başyna ýene-de Kanoeniň hökümeti gelýär. Ýurtda faşiziýasy syýasatyny ýöredip, ähli syýasy partiýalary ýatyrýar. Olaryň ornuna

monarho-faşistik gurama bolan “Tagta kömek assasiýasynyny” döredýär.

1940-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-ne Kanoeniň hökümeti Tokioda Germaniýa, Italiýa bilen “3-ler soýuzyna” gol çekýär. Şonda Germaniýa, Italiýa, Ýaponiýa Uzak Gündogarda “täze düzgünleri ornaşdyrmak funksiýasyny berýärler.

1941-nji ýylyň iýul aýynda ýaponlar tarapyndan hindi-hytaýgünortasynyň eýelenmegi ABŞ-nyň Angliýanyň aktiwleşmegine getirýär.

1941-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-ne ýapon awiasiýasy ABŞ-nyň Pirl Harbor bazasyny (Gawaýda) bombalaýarlar. ABŞ uruş yglan edýär.

1942-nji ýylyň ýazyna çenli Ýaponlar Malaýany, Sengapury, Filippinleri, Indoneziýanyň köp adamalryny Bermany, Gonkongy, Guam, Ueýk, Täze Britaniýa adamlaryny Salaman adamalaryny eýeleýär. Ýöne 1942-nji ýýlyň maý aýynda Midueý adamlarynyň ýanynda ýapon floty Amerikanlar tarapyndan ýeňilýär.

2943-nji ýylyň ýazynda we tomsunda ABŞ-nyň ýaragly güýçleri ýaponlary birnäçe deňiz söwetlerinde ýeňil köp adamlary ýaponlardan azat edilýär.

Germaniýa ýeňilenden soň 1945-ni ýylyň iýul aýynyň 26-na Podetam deklarasiýasy çap edilýär. Onda Ýaponiýanyň boýun egmegi, dekilitarizasiýa we demokratiýa geçirilmeklik talap edilýär. Emma ýaponlar boýun bolmaýar. 1945-nji awgust aýynyň SSSR urşy başlaýar. Awgust aýynyň 6-9-na ABŞ atom bombasyny taşlaýar.

1945-nji ýylyň awgust aýynda ABŞ goşunlary ýaponiýanyň teritoriýalary düşürilýär.1945-nji ýylyň sentýabr ýynyň 10-na “Missuri” linkorynda Tokio aýlagynda Ýaponiýa uruşsyz boýun egýändigi hakyndaky şertnama gol çekýär.

## Ýaponiýa 1946-2009-njy ýyllarda

Ýaponiýa gürrüňsiz boýun egenden soň (1945-nji ýylyň sentýabr aýynyň 2-de) ýurt Amerikan goşunlary tarapyndan okkupirlenýän. Okkupasiýanyň birinji döwürinde Amerikan ýapon monopolistik kapitalyny gowşatmaga çalşypdyr. Ýaponiýanyň floty we goşuny ýaragyzlandyrylýar.

Boýun egenden soň ýaponiýanyň ýagdaýy gözgyny ýagdaýda bolupdyr. Senagat önümçiliginiň derejesi 1946-nji ýylda 1936-njy ýyl bilen deňeşdirende 30% golaý bolupdyr. Nyrhlar, salgytlar ýokarlanypdyr, puluň infilýasiýa düşmegi güýçlenipdir. Şularyň netijesinde iş taşlaýyşlar güýçlenipdir.

1945-nji ýylýň ahyrlarynda ýurduň syýasy durmuşy ýuwaş-ýuwaşdan janlanyp ugraýar. Şol döwürler öňki Seýýukaý (syýasy dostlaryň jemgyýeti. Öňki Dziýuton ornuna (1881-nji ýylda döredilen.) partiýasy Liberal partiýa diýilip atlandyrylyp ugraýar. Birinji başlygy Iosida, 1946-njy ýylda primer ministr bolýar (1954-nji ýyla çenli (47-48-nji ýyllarda arakesme ), öňki Minseýto indi progresiw demokratik partiýa diýilip atlandyrylýar.

Amerikan okkupasion regili döwründe öňki faşistik kanunlar ýetirilýär. Uzak gündogarda uruşuň günäkärleriniň 27-si, (olaryň 7-si asylýar) sut edilýär. 1948-nji ýylda zähmet hakynda kanun kabul edilýär: Profsoýuz döretmäge kanun berilýär, iş taşlamag hukuk, 8 sogaplyk iş güni, bir hepdelik ýylda dynç (pully). Ýöne ýapon işçileriniň iş haky günbataryňkydan 5-8 esse az bolan.

1946-1949-njy ýyllarda ýer reformasy geçirilip, pomeşikçilik ýer eý çiligi ýok edilýär. Ýöne olardan ýeri satyn almaly bolupdyr. Iň köp ýer 3 ga (Hokkaýdo adasynda 12 ga ) möçberinde kesgitlenilipdir. Kärede aslgydy azaldypdyr, natural salgyt pul salgydy bilen çalşyrylypdyr. Kärendeçileriň sany üzül-kesil azalyp, daýhanlaryň ýeri ýer meýdanlaryny

hususu eýeçilige alypdyrlar. Ýer reformasy kopitalistik gatnaşyklary güýçlendirilipdir. Önüm köp alynypdyr.

1947-nji ýylyň maý aýynyň 3-däki konstusiýa ýapon imperatorynyň häkimýetini çäklendiripdir. Ol "milletiň simwoly" diýilip yglan edilipdir. Konstitusiýa "gizlin maslahaty" ýatyryp, ýerine ministrler kabineti iki palatany parlamenti girizýär. Ähli umumy saýlaw ulgamy (aýallarada degişli) girizilýär, demokratik hukuklar girizilýär, din döwletden aýrylýar.

1951-nji ýylyň sentýabr aýynyň 8-de ABŞ-nyň San-Fransisko şäherinde ýapon-amerikan şertnamasyna gol çekilýär. Şu şertnama boýunça Ýaponiýa Koreýany garşsyz, Talwandana geçýär, garşy ýurtlar babatynda güýç ulanmajagyny boýun alýar. ABŞ ýaponiýa teritoriýasynda deňiz, howa, guryýer goşunlaryny ýerleşdirmäge rugsat alan. Şu şertnam 1952-nji ýylyň aprel aýynyň 28-de güýje girýär. Soň şu şertnama söwda we nawigasiýa öz ara kömek baradaky ylalaşyklar we şernamalar goşulýar.

1950-nji ýylda ABŞ-nyň Koreýada uruş hereketlere başlanmagy bilen ýaponiýada ýük daşalyşy artyp ugraýar, onam ýapon transportlary daşanlar. Şeýle hem ABŞ-nyň harby zakazlary hem artýar. Netijede ýurda dollar akyp ugraýar. Amerikan zakazlarynyň netijesinde 1950-1952-nji ýyllarda Ýaponiýa gelýän girdeýjiler 150 mln. dollar bolandygyndan 824 mln. dollara çenli artýar ýada 5,4 esse. Şunuň esasynda Ýaponiýanyň wamonti rezerwi 3,7 esse artyp, 1952-nji ýylýň ahyryna çenli 1mlrd. dollara ýetýär.

Koreý urşunyň ýatmagy bilen Amerikan zakazlary azalýar; emma onuň ýerine Ýapon hökümetiniň harby zakazlary şol azalmany koligensirleýär. Şeýle hem daşary ýurt kopitaly hem ösen. ABŞ we beýleki halkara ykdysady guramalary köp zaýomlar berilipdir. 77% ABŞ-nyň we halkara rekonstruksiýa we ösüş bankyndan berilýän zaýomlar esasan elektro energiýa we gara metalluriýa gönükdirilipdir.

1953-nji ýylyň oktýabr aýyndan aýlanşygyndaky kagyz pullaryň bir bölegi aýrylýar, bu bolsa bahalaryň peselmegine we eksporta höwes döredýär. Netijede ýapon ykdysadyýeti depginler bilen ösüp ugraýar.

Umuman 1951-nji ýylda Ýapon ykdysadyýeti uruşdan öňki derejesine ýetýär, 1957-nji ýylda bolsa Ýaponiýa gämi guruluşynda kopitalistik dünýäde birinji orna çykýar. 1960-njy ýyllara çenli ýaponiýanyň senagaty ýylda 20% ösüpdir. Örän uly görezijidi !!!

Şu ýyllar daşary syýasatda öňe gidişlikler bolýar. 1956-njy ýylda SSSR bilen parahatçylyk şertnama gol çekilýär. Uruş döwri ýesir düşüp, sud edilenler yzyna gaýtarylýar. 1956-njy ýylyň Dekabr aýynda BMG-a kabul edilýär. SSSR bilen ykdysady gatnaşyklar giňäp ugraýar. Ýöne kapitalistik döwletler bilen deňeşdireniňde örän pes bolupdyr.

1970-nji ýylda Ýaponiýanyň jemi milli önümi 1960-njy ýylyň derejsinden 4,5 esse ýokary bolup, ol dünýädäki iň ösen döwletleriň hataryna goşulýar. Şu döwürde ol gämi gurluşynda, radio-trazistr, oktini önümler, kino-foto apparat öndürilende dünýäde 1-nji ýere, elektronikada, awtomaş, sintetiki önüm durmuşda ulanylýan elektrotehnikada 2-nji ýere, polat äpetlikde 3-nji ýeri çykýar.

Elbetde bu ösüşler kynçylyksyz bolmandyr. 1957-nji ýylda, 1965-nji ýylda krizis ýagdaýlary bolup geçipdir. Ýöne 1951-1970-nji ýyllar üçin çalt depginler ösüşler häsiýetli bolan. Köp alymlar Ýapon ösüşiniň syrlary barada kelle döwýärler. Oňa jogap gözleýärler we onuň çen bilen şeýleräk sebäplerini görkezýärler.

1.50-nji ýyllaryň başlarynda köne enjamlaryň täzelenmegi.

2.Başda ýapon işçileriniň iş halklarynyň ep-esli pes bolmagy.

3.Harby zakazlar. Ilki Koreý soňam Wiýetnam uruş döwründe.

4.Ujypsyz harby çykdajylaryň sebäbi başda ABŞ Ýaponiýanyň harby çykdajylarynyň 80% töläpdirler.

5.Ýapon konseptleriniň köp pudaklaýynlygy. Meselem bir önüme isleg peselse şol bir konseri basga bir geçişli harytlary öndürip başlapdyr. Meselem gämi gurluşynda krizisi başlasa, şol zawod maşyn gurluşyk, hilini enjamlar Trubinalary we başga önümleri öndürenler. Isleg dörän badyna ýene-de gämiöndürilip başlanýar.

6.Programirlemek, ýagny bazaryň islegini öwrenmek güýçli (ýagny daşgy ýada içgi bazaryň).

7.Beýleki ýurtlaryň tejribesini öwrenmek. Litsenziýa satmak. Ýaponlar "kesekiň ideýasyny peýdalanyp, kongurensiýa ukuply haryt öndürmeli" diýipdirler.

8.Ylmy tehniki ynklabyň netijesinde komilensleýin owtomatik önümçilik ýola goýulan. Bir önüm öndürmekde galýan galyndyny, beýleki bir önüm öndürmekde ulanmak. Nebiti gaýtadan işlemek-sintetiki materiallara matellurgiýa-himiýa, himiýa gurluşyk materiallary, agaç işläp bejermek-himiýa we başgalar.

9.Önümçiligiň güýçli rasionalizatiýasy (oýlap tapmak) we intensifikasiýasy-az güýç bilen köp önüm ýada şol bir wagtyň özünde köp önüm öndürmek.

10.Daşary söwda. Ol 100% pagta, ýüň, kauçuk, pikel, bonsid, 90% nebit, 90% demir magdanyny iltorb edýär. Şunuň netijesinde örän köp önüm öndürilýär. Ýenede bir alamat Ýaponiýa dünýä bazaryny örän arzan bahaly haryt bilen çykýar. Hilem gowy. Netijede uly girdeýji alýar. Ýogsam konkurensiýa güýçlendi.

Häzirki döwürde Ýaponiýa dünýäniň kuwwatly döwletleriniň biri hökminde ynam bilen öňe barýar. Ol halkara syýasy ulgamynda hem pozitiw güýç hökminde çykyş edýär. Ýapon diplomatlary döwletara we regional konfliktlerde (Eýran-yrak, owgan uruşy Ýugoslawiýada) häli şindi aragirler hökminde çykyş edýärler. Üstisine-de zyýan çekenlere maliýa

goldawtam berýärler. Harby bloklara girmeýär.ABŞ we günbataryň ösen döwletleri bilen ýagny aragatnaşyk saklaýar. Olm dünýäniň baý 8 döwletiniň biri. Hytaý bilen gowy söwda edýär. Ýogsam käbir oňşyksyzlaram bar. Taýwan, Hytaý täze tehnologiýany bermeýär, geçen uruşda bolan ýagdaýlar we başgalar.

Häzirki wagtda Ýaponiýa konstitusion monarhiýa imperator 1989-njy ýyldan bäri Akihito (ýöne ol simwol) kanu çykaryjy edara parlament iki palatadan, 1) wekiller we maslahatçylar palatasy. Esasy partiýalary LDP, Sou parma Soumal demokratik saýuz we başgalar.

Ýaponiýanyň ilaty ýer ýüzüniň ilatynyň 2,5 % guruply ýeri 0,3 % tutýar. Ýöne ol ýer ýüzünde öndürilýän senagat öňüminiň 12% öndürilýär. Ýurdyň jemi milli önümi 2,4 trln.dollara barabar. Jemi milli önüm jan başyny düşüşi boýunça ABŞ-dan geçdi. Ol gämi, awtomobil, traktor metal işleri stanoklar elektro tehnki önümleriň, robotlaryň öndürilişi boýunça birinji ýerde dünýäde.

1996-nji ýyla çenli 100 mln. t. golaý polat eredildi, 12,4mln. awtomobil, 600 mlrd. kwt sagat, sebagat robatlary 12,6 müň sany, elektron we EHM 125 mlrd. dollaryny öndürýär.

Esasy ekini şaly bolup 15 mln. t. tüwi, 13 mln. t. balyk öndürilen.

## Hindistan 1918-1945-nji ýyllarda.

I-nji jahan urşy ýyllarynda Hindistanda sosial-ykdysady öwrilşikler bolup geçýär we hindi halky bilen iňlisleriň arasyndaky gapma-garşylyklar güýçlenýär. Hindi buržuaziýasy uruş ýyllarynda birneme güýçlenýär. Nah mata senagaty ösýär. Sebäbi iňlisleriň zakazlaryny ýerine ýerirýärdiler. Angliýadan dokma önümleriniň gelmesi kesilýär. Hindi kapitalistleri

girdeýjilerini önümçiligi giňeltmäge gönükdiripdirler. Ýöne olar Anglýadan gelýän enjamlara bagly bolupdyrlar.

Hindi buržuaziýasy bilen iňlisleriň arasynda syýasy oňşyksyzlyklar başlaýar. Sebäbi olar köp syýasy talantlary bildiripdirler. (Ýurdy dolandyrmaga giňişleýin gatnaşmak)

Ýurtda sosial gapma-garşylyklar hem güýjeýär. Ýurtda dürli rewolýusion toparlar döreýär. 1922-nji ýylda Bombeýda Ş. Dalkeniň ýolbaşçylygynda, Benaresde Ş. Usmanyň ýolbaşçylygynda, Kalkutdada Muzaffar Ahmediň we başgalaryň ýolbaşçylygynda döreýär.

Köp Hindiler Russiýa gelip görýärler. Kabulda emigrant hindiler tarapyndan döredilen hindi rewolýusion asosiýasiýasynyň çlenleri Pratan we Baranatulla Pekin bilen hem duşuşýarlar.

Hindi esgerlari Zakawkaziýede we Türküstanda bolup, köp zatlary görýärler.

Hindistanda 1018-21-nji ýyllarda azt edijilik hereketine Mantýego Çelisfordyň gözegçiliginde düzgüni berkidýän we Rouletiň azat edijilik hereketine gatnaşyjylara garşy gönükdirilen kanunlary bahana bolýär.

Şol ýyllaryň azat edijilik hereketine INK-niň (1885) lideri M.K. Gandi (1869-1948) ýolbaşçylyk edýär. Ol göreşiň güýç ulanmazlyk formasyny – satiagraha (hakykatda erjellik-упорство в истине) ulanýar. 1891-nji ýylda London uniwersitetini gutarýar. 1893-nji ýylda Bombeýde aklawjy bolup işleýär. Onuň öňe sürýän ideýalary hindi jemgyýetiniň giň gatlaklaryna düşnükli bolupdyr.

Gandiniň garaýyşlary boýunça 1919-njy ýylyň Aprel aýynda Penjapda, Biharda, Bengaliýada, Mandrastda demonstrasiýalar bolup geçýär. Sebäbi Roulettiň kanuna garşy. Giň gatlaklar gatnaşýar. Musulmanlar türk soltanynyň halifynyň tarapyny tutup çykyş edýärler. Iňlislere garşy owganlara duýgudaşlyk bildirýärler.

1919-njy ýylyň Aprel aýynda kolonial häkimiýetleri Penjabyň Anritsar şäherinden azat edijilik hereketiniň liderleri bolan Kitçulu we Satýanalany çykarýar. Muňa jogap edip demonstrasiýa 20 müň adam gatnaşýar. Polisiýa ot açýar. Ýüzlerçe adam öldürilýär, müňlerçesi bolsa ýaralanýar.

Amnitsardaky wakalar bütin Penjaby, soňky bütin porty aýaga galdyrýar. Laharda ilki demonstrasiýa, soň gozgalaňa başlaýar. Sinh obrýadlara gatnaşýar.

Şol döwürler Angliýanyň parlamenti “Hindistany dolandyrmak baradaky” kanuny ýa-da Monteno – Çensfordyň koloniýalygyna galýar. Ýöne hindilere ýerine ýetiriji guramalarda käbir orunlary beripdirler.

Bu kanun 1939-njy ýylda iňlis parlamenti tarapyndan tassyk edilýär. Kanuna Hindistanyň işleri boýunça ministr Monteno we Hindistanyň wise koroly Çelmsfoerd taýýarlaýarlar. Bu boýunça Hindistany dolandyrmaga hindiler köpçülikleýin gelip başlaýar. Bu kanun 1935-nji ýyla çenli dowam edýär. Ýagny Hindistanyň konstitusiýasy kabul edilmäge ýöreýär.

Kanun boýunça ähli Hindi kanunçylyk ýygynynyň agzalarynyň asny 141 çenli artypdyrlar. Olardan 102-sini ilat saýlaýar, 39 sanysyny bolsa general gubernator belleýär. Döwlet Sowetine agzalaryň sany 60-a çenli köpeldilýär. Olaryň 34-sany ilat saýlaýar, 26-sany general gubernator bellenýär. Saýalwçylaryň sany hem artýar. Ýerlerde saglygy saklaýyş, bellenilen we ýol gurluşyk ministrlikleri döredilipdir. Ýöne ähli häkimýet Hindistan-da general gubernatoryň we welaýat gubernatoryň elinde bolupdyr.

Saýlawlaryň “Kuriý” sistemasy ulanylan, ýagny musulmanlar we induslar üçin şu kanun boýunça knýazlaryň palatasy hem döredilipdir.

Işçiler hereketi hem güýçlenipdir. Ýöne entek özbaşdak çykyş edip belläpdir. Profsoýuzlar döreýär. 1920-nji ýylda ähli

hindi profsoýuz kongresi döredilýär. Bulara Angliýanyň leýboristik partiýasynyň we profsoýuzlarynyň täsiri bolupdyr.

Daýhanlar hereketi hem güýçlenýär. Olar kärende şertleriniň gowulandyrylmagyny talap edýär. Penjapda, Madnas welaýatynda.

1823-1827-nji ýyllar Hinduistanda milli kapitalizmiň giňelmegi we güýçlenmegi bilen häsiýetlendirilýär. Hindilere degişli zawod fabrikleriň sany artýar.

Bu ýyllar azat edijilik hereket birneme gowşaýar.Öňler INK-de 10 mln. çlen bolsa, ol birnäçe 100 müňe çenli kemelýär.

Obşinalara duşmançylygy hem iňlisler tutaşdyrmagy başarypdyrlar. Bu syýastada olar Hind mahasabhany (Induslaryň beýik soýuzy) we musulman ligasyny çaknyşypdylar. 1923-nji ýylda Hindistanyň köp ýerlerinde musulman-indus çaknyşyklary bolup geçýär. Liga induslary musulmana geçirmäge, Hind Mahasbha bolsa tersine.

INK-a hem özgerýär. Onda üç ugur ýüze çykýar.

1. Sagçy toparlar (ýa-da "öwrülişikleriň tarapdarlary") köpçülikleýin çykyşlery goýbolsun edip, saraja (öz-özüňi dolandyryş) etmek üçin biritan administrasiýasy bilen hyzmatdaşlygyň "konstitusion" formasyny ulanmagy dogry hasaplaýar. Ýolbaşçysy Motilal Nerz.
2. Topara "öwrülişikleriň garşydaşlary" degişli bolup, ol "konstruktiw programmany" öňe sürüpdir. Bu programma boýunça el dokmaçylygy propogandirlenýär. (garyplaryň tarapyny tutmak), alkogolizme garşy we aşaky Kastada daşary ilaty goldamak göz öňünwe tutlýar. M.K. Gandi bu topara ýolbaşçylyk edipdir.
3. Çep ganata J. Nerz we S.Ç. Bos ýolbaşçylyk edipdirler. Olar kongressiň ýolbaşçysynyň ýöredýän syýasatyndan nägile bolýarlar we köpçülikleýin

antiimperialistik göreşi çaltlandyrmagyň tarapdarlary bolupdyrlar.

Dünýä ykdysady krizisi (29-33) Hindistanyň ykdysady we syýasy ýagdaýyna uly täsir edýär. Dünýä kapitalistik bazaryna berk baglanşdyrylan Hindistan ykdysady krizisiň uly zarbasyna duçar bolýar. Krizis oba hojalyk önümleriniň bahanasy örän pese düşýär. Daýhanlar köpçülikleýin bergä batýarlar, ýersiz galýarlar, gedaýlaşýarlar. Hindistanyň käbir raýonlary açlyga sezewar bolýar.

Hindi senagaty hem ykdysady krizisi başdan geçirýär. Senetçiler tozupdyrlar, ownuk we orta kapitalistler hem tozupdyr. Krizisden çykmak üçin kapitalistler önümçiligi "rasionalizasiýalaşdyrmagy" (işçileri azaalyp, aýlygy azaldyp, zämeti intensifikazilandyrmak) güýçlendirilýär. Işsizleriň sany artýar.

1928-nji ýylda Hindistana ýerli konstitusiýany taýýarlamak üçin lord Saýmonyň ýolbaşçylygynda komissiýa gelýär. Komissiýa bir hindini hem goşmaýarlar. Uly nägilelik döredýär.

1928-nji ýylda INK-nyň inisiatiwasy bilen dürli partiýalaryň Ähli Hindistan konferensiýasy çagyrylýar. Konferensiýa tarapyndan Motilal Neruniň ýolbaşçylygyndaky komitet konstitusiýanyň proektini taýýarlaýar. Bu proekt Hindistana dominan statusynyň berilmegini, ählumumy saýlawhukugynyň girizilmegini, saýlawlarda dini alamatlary boýunça bölünişigi ýatyrmaga (Mysal üçin musulmanlarda plança, induslardan plança), şeýle hem ýurtda dil esasynda täze administratiw bölünşigi geçirilmegi we başgalary göz öňünde tutupdyr. 1928-nji ýylyň dekabr aýynda bu proekt INK-nyň sessiýasynda tassyklanýar. INK-nyň çep ganaty proekte garşy çykýar. Sebäbi olar doly özbaşdaklygyň tarapdarlary bolupdyr. Çepçiler ýerlerde oktýabr ligasyny döretmäge girişýärler. 1929-njy ýylda Lahorda bolan INK-nyň sessiýasynda çepçileriň

talapy bilen doly garaşsyzlyk barada rezolýusiýa kabul edilýär. Netijede 1918-22-nji ýyllardaky ýaly INK ýene-de milli buržuaziýa tarapyndan ýlbaşçylyk edilýän köpçülikleýin partiýa öwrülýär.

1930-njy ýylyň ýanwar INK-da Gandiniň 11 punkty öňe sürülýär. Bu punktlar hindi jemgyýetiniň giň gatlaklarynyň bähbitlerini arapdyr. Şol 11 talybyň esaslary aşakdakylardan ybarat: funt-sterling bilen deňeşdirilende rupiýanyň kursunyň aşaklandyrylmagy (sebäbi iňlisleriň ýagdaýy bilen hindileriň ýagdaý deň däl) ýer salgydynyň azaldylmagy, harby çykdaýjylary azaltmak protensionistik (ýerli kapitalistleri daşary ýurt kapitalyndan goraýan syýasat) tarifleri girizmek, jenaýat agtaryş departamentini ýatyrmak, duz monopoliýasyny ýatyrmak.

Iňlis hökümeti bu talaplary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýar. Şondan soň Gandiniň ýolbaşçylygynda graždan boýun egmeklik hereketi başlanýar. 1930-njy ýylyň mart aýynyň 12-ne ol az sanly egindeşleri bilen Ahmedabatda Arap deňziniň kenarynda ýerleşýän Danda obasynda ugraýarlar we şol ýerde suwy bugardyp duz almagy başlaýarlar. Olar şeýle etmek bilen iňlisleriň duz monopoliýasyny skliwlerini bozupdyrlar. Aprel aýynyň ortalarynda ýurduň köp ýerlerini öz içine alan graždan boýun egmezlik hereketi başlaýar. Iňlis harytlary satylýan magarypleri pikirlenipdirler. Meýdançalarda iňlis matalaryndan tikilen harytlary ýakypdyrlar. Hindi söwdagärleri hem zyýan çekselerem , bu herekete gatnaşýarlar.

1930-njy ýylyň maý aýynda INK bikanun diýilip yglan edilýar we
M. Gandi, M.Nerz, J. Neru we beýleki ýolbaşçylar we 60 müňden gowrak rýadowoý gatnaşyjylar türmä taşlanýar.

Ýöne bu hereketler göreşi gowşadyp bilmeýärler. 1930-njy ýylyň aprel aýynyň 20-sine Demirgazyk Günbatar welaýatda graždan boýun egmezlik kompaniýasyna başlamak karar edilýär. Şol döwürler ýaz ýarmarkasy mynasybetli

Peşewarda köp ilat ýygnanýar. Häkimiýetler bu işe ýolbaşçylyk etmek üçin iberilen kongresçiler tussag edilýär, Neijede şäherler obalar bir tarapdan – polisiýä beýleki tarapdan gatnaşyk başlaýar. Polisiýa kömege goşunlar gozgalaňçylary atmakdan boýun gaçyrya. Peşewarda häkimiýet gozgalaňçylaryň eline geçýär. Bu hereket soň Serhit welaýatyna geçýär.Peşewar gozgalaňdan soň puştun taýpalary hem gozgalaň turuzýar. Oňa Abdul Gafar ýolbaşçylyk edipdir. 1930-njy ýylyň tomsunda Peşewarda, Şolanurda, Çittagongada, Bombeýde, Kalkutda, Madrasda we beýleki şäherlerde bolup geçýär.

1931-32-nji ýyllarda knýazlyklarda antifeodal çykyşlar bolup geçýär. Şeýle hereketler Jammu – Kaşmir knýazlygynda, Albar knýazlygynda. Ýöne olar basylyp ýatyrylýar.

1931-nji ýylyň başlarynda iňlisleriň geçiren berk çäreleri netijesinde antiimperiýalistik göreş peselip ugraýar. Şeýle ýagdaýda 1931-nji ýylyň mart aýynda Hindistanyň wise koroly lord Irwin bilen graždan boýun egmezlik kompaniýasynyň lideri Gandiniň arasynda gepleşikler başlaýar we onuň esasynda Deli Paktyna gol çekilýär.Gandi kompaniýany bes etmäge we tegelek stola gatnaşmaga söz berýär. Hökümet tussag etmeleri bes etmäge, harby ýagdaýy ýatyrmaga we tussag edilenleriň köpüsini boşatmagy wada edýär. Muňa HMK-nyň köp liderleri we agzalary nägile bolýarlar. Ýöne ahyr netijede Deli Paktyny tassyk etmeklik başardýar.

1931-nji ýylyň tomsunda Londanda köp hindi partiýalarynyň, obşinalarynyň we begleriniň gatnaşmagynda tegelk stol bolup geçärýär. Gandi ähli hindi toparlaryny birleşdirmäge çalşýar. Emma iňlislere olary biri-birine garşy goýmak başardýar.

1931-nji ýylyň dekabr aýynda tegelek stol netije bermäninde soň Gandi Hindistana dolanyp gelýär we ýene-de boýun egmezlik kompaniýasyna başlaýar. Ony ýene-de tussag edýärler. Türmede oturan wagty 1932-nji ýylyň sentýabr

aýynda 1931-nji ýylda kabul edilen “obşina kararyna” protest bildirip açlyk yglan edýär. Şol kararda eldegrilmesizlere degişli saýlaw kuriýasy girizilipdir. Ol “iňlisler şeýtmek bilen azat edijilik hereketini bölyärler” diýip gahar bildiripdir. Ol eldegirilmesizler üçin ýerleriň artdyrylmagyny talap edipdir.

Gandiniň açlyk çekmegi uly tolgunşyklary döredipdir. Ýöne ol öňküleri ýaly giň gerime eýe bolmandyr. Sebäbi bir tarapdan tussag etmeler, beýleki tarapdan bolsa HMK yza çekilmek usulyny ulanyp başlaýar.

Hindistanyň senagat taýdan yzagalaklygyna garamazdan, ol koloniýalaryň iň öseno bolupdyr. Urşuň öň ýanlary dokma fabrikleriniň sany artýar, metal öndürilişi ýokarlanýar. Milli kapitalizmiň ösmegi hindi buržuaziýasy bilen iňlisleriň arasynda içerki bazar ugrundaky bäsleşigiň ýitileşmegine getirýär.

Hindi kapitalynyň üstünden gözegçiligi güýçlendirmek üçin 1935-nji ýylda Hindistanyň rezerw banky döredilýär. Hindi kapitalyny ulansa-da bu bank hindi senagatyny maliýeleşdirmändir we bu bank ýerli senagatyň ösüşini togtadýan gural bolupdyr. Ýöne şeýle päsgelçiliklere garamazdan ýerli kapitala daşary ýurt kapitalynyň rolyny peseltmek başardar. Mysal üçin dokma senagatynda ýerli kapitalyň paýý 65% çenli artýar. Hindi kapitaly jut senagatyna-da aralaşyp ugraýar. 1938-nji ýylla çenli käbir känler we şahtalar hem hindi kapitalistleriniň eline geçýär. Emma muňa garamazdan iňlis kapitaly hindistanda agalyk ediji ýagdaýda durupdyr. Sebäbi ähli häkimiýet olaryň elinde bolupdyr. 1928-33-nji ýyllaryň azat edijilik hereketini basyp ýatyryp iňlisler repressiw syýasaty güýçlendirýärler. Köp demokratik guramalar ýatyrylýar, aktiwistler tussag edilýär.

1935-nji ýylda iňlisler “Hindistany dolandyrmak hakyndaky” kanun çap edilýär. Oňa “gullaryň konstitusiýasy” diýip at beripdirlar. Köp partiýalar tarapyndan umuman kabul edilýär. Sebäbi ol käbir eglişikleri edipdir. Saýlawçylaryň sany

35 mln. çenli artypdyr. Ýöne ähli ähmiýet heniz hem general gubernatoryň elinde galypdyr.

1879-njy ýylyň sentýabr aýynda Hindistan iňlis wise koroly tarapyndan söweşýän tarap diýip yglan edilýär.

2 jahan urşy ýyllarynda iňlisler hindistanyň adam we maddy resurslary giňişleýin ulanypdyr. 2 mln. adam urşa alynýar.

Urş ýyllarynda Hindistanyň ABŞ bilen ykdysady aragatnaşygy güýçlenýär. Sebäbi Angliýa kyn ýagdaýa düşüp ABŞ-ny hindi ykdysadyýetine gtaşdyrmaga mejbur bolýar. ABŞ hindistana maddy hem moral goldaw berýär. Olar hem Hindistany garaşsyzlygy berkitmegiň tarapdary bolupdyr.

1842-njy ýyla çenli ýaponlar günorta-gündogar Aziýa ýurtlarynyň köp ýerlerini eýelän Hindistanyň araçäklerine golýa gelýärler. Iňlis goşunlary yza çekilipdir. Birmada. Şol ýerde ýaponlar Subhaz Çandra Bossyň ýolbaşcylygynda “Hindistanyň hökümeti” döredilýär. Ýesir düşen hindilerden Singapurda we Miaýanma (Birma) we Malaýziýada ýaşaýan hindilerden goşun hem düzülýär. Boss erkin bolmak üçin ýaponlar bilen hyzmatdaşlyga baş goşýarlar.

1942-nji ýylyň awgust aýynda IPK boýun egmezlik syýasatyna başlamagy karar edýär, emma ýolbaşçy tussag edilýär. 1944-nji ýylyň ýazynda ýapon goşunlary hindi araçäginden çepçi Assamo çozup girýärler. Howply ýagdaý emele gelýär. Şol döwürler iňlisler Gandini we beýlekileri boşatmaga mejbur bolýar.

Şol döwür hem IPK musulmanlaryň arasynda çemeleşikler başlaýar. Liganyň başlygyny Muhammet Aly Jinna bilen Jinna Hindistany bölmegi teklip edýär. Gandi garşy bolýar. 1945-nji ýylyň ýazyndan INK bilen M. Ligasy bilelikde hereket edýärler.

## Hindistan 1945-2009-njy ýyllarda.

Ikinji jahan urşy Hindistanyň ykdysadyýetine uly zyýan ýetirýär. Köp ýerlerde açlyk ýüze çykýar.

Uruşdan soň Hindistan bilen Angliýanyň arasyndaky garşylyklar hem ýitileşýär. Şol döwürler HNK-si azat edijilik hereketiniň esasy güýji bolupdyr.

1945-nji ýylyň tomsunda Kalkutdada Bombeýde uly çykyşlar bolup geçýär. Şol ýylyň güýzünde bolsa hindi soldatlarynyň iňlisler tarapyndan Hindistandaky we Indineziýadaky hereketleri basyp ýatyrmaga äkidilmegi hem nägilelik döredýär. Çykyşlar bolup ony KMK we musulman liga ýolbaşçylyk edipdir.

Goşunyň içinde-de tolgunşyklar bolýar. Ýaponlar Birmada agalyk eden döwürlerinde hindilerden Hindistanyň Iňlislere garşy milli goşunyny döredýär. Ýöne uruşdan soň şol goşuny iňlisler subut edýär. Hindiler ony gorap çykyş edýarler.

Hereketler flota-da aralaşýar. Flotda köp hindiler, motroslar gulluk edipdirler. Olar şertden nägile bolup topalaň turuzyp ugraýar. 1946-njy ýylyň Fewral aýynda Bombeýde duran “Talwar” gämisiniň matroslary, soň köp gämileriňki topalaň turuzýarlar. Uly şäherler Bombeý, Koroçi, Marukko, Madrasyň ilaty goldaýar. Fewral aýynyň 23-ne gozgalaň ýatýar. Köp adamlar öldürilýär. Talaplary gowy şertler, iňlis goşunlary Indoziýadan çykmaly, demobilizasiýa, posobiýa tölenmeli we başgalar.

Ýagdaýyň çylşyrymlaşmasy iňlisleri manýowra mejbur edýär, 1945-nji ýylyň ahyrynda 1946-njy ýylyň başlarynda merkezi we welaýat ýygnaklaryny saýlaw belleýär. Saýlawlarda HMK we Mus min köp ses alýarlar. Ýöne emläk senziniň güýçli bolmagy ilatyň agramly bölegini saýlawdan mahrum edýär. HMK-niň saýlaw döwründäki şygary-garaşsyzlyk, musulman Liganyň Pakistan.

1946-njy ýylyň mart aýynda iňlis hökümet Hindistana dominionlik bermäge razydygyny yglan edýär. Şol sebäpli Hindistana komissiýa iberilýär. Proekt boýunça Hindistanyň welaýatlaryny dini alamatlary boýunça bölmäge synaşyk edýärler we knýazlyklara giň awtonomiýa berilmeli edilýär.

Şol bir wagt wagtlaýyn hökümet hem düzülmeli edilip, onda 40% ýer induslara, 40% musulmanlara, 20% beýleki toparlara Musulman liga ylalaşýar, HMK ýok, sebäbi ?!

Şol sebäpden hem HMK awgust aýynda 1946-njy ýylda wagtlaýyn hökümet düzýär. Musulman liga gatnaşmaýar we Pakistan ugrunda göreşip ugraýar. Induslaryň musulmanlaryň gatnaşyklary ýitileşýär. Ölşükler başlaýar.

1947-nji ýylyň fewral aýynyň 20-ne iňlis hökümeti Hindistanyň garaşsyzlygyny bermäge taýýardygyny yglan edýär. Täze wise korol lord Maunbetten 1947-nji ýylyň iýun aýynda proekti plan edýär.HMK-de, musulman ligada kabul edýär. Göçe-göçlik başlaýar, ölşükler. 1947-nji ýylyň awgust aýynyň 15-inde Hindistanyň garaşsyzlygy jar edilýär, ýöne dominon hukugynyň (1947-nji ýylyň awgust aýynyň 15-ne 1950-nji ýylyň 26-syna)

Köp musulman territoriýalary Hindistanda galýar. Katiýawar ýarym adasyndaky Junagad begligi Pakistana goşuljak bolýar, ýöne başa barmaýar. Junagadyň ilatynyň köpüsi induslar bolupdyr. Şol sebäpden hem hindi goşunlary Junagada girizilýär.

Jammu we Kaşmir hem goşuljak bolýar. Bu ýere hem hindi (Maharaja çagyrýar). Goşunlary we Pakistan goşunlary halk ---- girýär. Pakistan diňe Kaşmiriň günbataryny alyp bilýär. Galany Hindistanda, ýöne heniz hem dawwaly.

1947-1948-nji ýýlyň dowamynda ölşükler dowam edýär. Haýdarabat Nyzamy Pakistana goşuljak bolýar. Ýöne hindi goşunlary eýeleýär.

Gandi indus musulmanynyň urşuna garşy bolýar. Ol Hindistanda galýan musulmanlar üçin gowy şert döredilmegini

talap edýär. Şol sebäpden hem 1948-nji ýylyň ýanwar aýynyň 30-na Gandi öldürilýär.

Hindistany garaşsyz döwlet diýip ykrar etmeklik güýçlenýär. 1949-njy ýylyň noýabr aýynyň ahyrynda Hindistanyň uçreditel ýygnagy Hindistanyň konstitusiýasyny kabul edýär. 1950-nji ýylyň ýanwar aýynyň 26-na güýje girýär.

1950-nji ýylyň ýanwar aýynyň 26-na konstitusiýa Hindistany " Garaşsyz demokratik respublika" diýip jar edýär. Ýöne Britan milletleriniň arakalaşygyna giripdir. 1951-nji ýylyň ahyrynda 1952-nji ýylyň başynda saýlaw geçýär. Köp sesi HMK alýar (74 %) J. Neruwiň baştutanlygynda hökümet düzülýär.

Ykydysadyýeti ösdürmek üçin 5 ýyllyk plan girizilýär. (1951-1956 ý.) 56-61, 61-66. Döwlet sektory öňki iňlislere degişli kärhanalaryň esasynda döreýär. Milli buržuaziýanyň hususy eýeçiligi hem güýçli bolupdyr. Ona hojalygynda ep-esli işler edilýär.

Hökümet demokratik kanunçylygy hem girizýär. Hindistandaky diskriminasiýa ýatyrylýar. Aýallar erkekler deň köp ştatlarda başlangyç mugt okuw girizilýär.

Milli ştatlary döretmek işi hem alynyp barylypdyr. Öň esasan knýazlyklar esasynda bolan knýazlyklar (şonda musulmanlaşan induslaram başga milletler hem bolan) Indi milli etiki alamat boýunça bölünýär. Ilkinji milli şatat 1953-nji ýylda günottoda döredilýär. Andhry Prodeş. 1956-njy ýylda Madras (Tamilnadu), Maýsur (Karnatato), Kerala 1963-nji ýýlda Maharaşdra, Gujarat. Häzir 25 ştat we 6 sany soýuz territoriýasy bar.

1950-njy ýylyň Konstutiýasy boýunça iňlis dili döwlet dili bolupdyr. Tä 1965-nji ýýla çenli. Soň hindi dili pars elementi güýçli dil bolupdyr. Dil ýöne bu demokratiýada güýçli. Hindistan döwlet dili bolmagyna günorta garşy bolan. Sebäbi bu ýerde drawit dilleri giň ýaýrapdyr. Häzir döwlet dili

hökümeti iňlis dili giňden ulanylýar. Ýöne ýerli dillerem ornaşýar.

1957-nji ýylyň fewral – maý aýlarynda Hindistanda saýlawlar bolup HMK köp ýer alýar. Merkezde-de, ýerlerde-de J.Neru hökümet düzýär. Rojenuri Prosat prezident bolýar. 60-njy ýyllarda HMK-den partiýalar hem bölünip aýrylýar. Bengal kongresi Keralo kongresi, Jana kongres we başgalar. 1967-nji ýylyň saýlawynda ýene-de HMK üstün çykýar. Ýöne köp ses ýitirýär.

70-nji ýyllardan başlap HMK-nyň täsiri ýuwaş-ýuwaşdan gaçyp ugraýar. HMK-nyň içinde-de toparlanşyk döräp ugraýar. Öňünçä ol 1969-njy ýylda 2-ä bölünýär. HMK we Kongres guramasy (oppozisiýa). 1971-nji ýylyň saýlawlarynda-daol ep-esli ses alýar. Umuman I. Gandi 1964-1977-nji ýyllarda premýer ministr bolýar. Ondan öň 1947-1964-nji ýyllarda J. Neru bolýar. 70-nji ýyllaryň ortalarynda I. Gandiniň hökümeti kyn ýagdaýy başdan geçirýär. Sebäbi ýurtda işsizlik sosial kärendeçiler güýçli bolupdyr. Netijede 1947-nji ýylyň saýlawlarynda Janato Parti (halkyň partiýasy) üstün çykýar we onuň lideri Desan hökümet düzýär. Kongres ýeňilýär. Umuman HMK 1947-77-nji ýyllarda häkimiýetde, 77-79-njy ýyllarda oppozisiýada. Şondan bäri hem ýene-de häkimiýetde.

1980-nji ýylda I. Gandä we HMK ýeňiş gazanmak miýesser edýär we 1984-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 31-ne I. Gandi öldürilýär. Dekabr aýynda bolan saýlawlarda HMK köp ses alýar we R.Gandi gelýär. Ýöne ol hem öldürilýär. Şondan bäri hem premýer ministr Narasimko – Rao.

Hindistan agrar industrial döwlet 9 mln. golaý ilaty bar. Oba hojalykda ilatyň 62%, senagatda 20%. Ilatyň köpüsi krizisden jebir çekýär. Oba ilatynyň 20% ýeri ýok, 60% gowragynyň ýeri bolsa 5 akradan (1 akra – 0,4 d.a) geçmeýär. Häzirki döwürde 170-180 mln. t. däne öndürilýär. Senagatda-da ep-esli öňe gidişlikler bar. 1990-1995-nji ýylda ykdysadyýetiň ösüşini 4-6%ýokarlandyrmak başardýar. Hindistanda 170 mlrd.

kw. sagatelektrik energiýa öndürilýär. 32 mln. t. sement, 12 mln. t. polat, 10 mlrd. nah mata, 50 mln. t. demir magdany, 175 mln. t. kömür, 30 mln. t. nebit. Traktorlaryň öndürilişi boýunça Hindistan dünýäde öňdäki orunlarda barýar. Heniz hem 5 ýyllyk plan sistemasy ýöredilýär. Puly rupiýe. Eksporta jutdan edilen önümler maşyngurluşyk we metal işleýän enjam, gant, nah mata, çaý, gön, dürli otlar, prýanosti, import nebit, nebit önümleri, maşynlar we enjamlar, azyk, dökün, metal, söwdagärleri ABŞ, Ýaponiýa, GORR 30mln.-dan gowrak işsiz bar, 300 mln. gedaýyň bäri ýaynynda ýaşaýar.

## Owganystan 1918-1945-nji ýyllarda.

Owganystandaky garaşsyzlyk ugurundaky hereketler XX asyryň başlarynda dörän "Ýaş owganlaryň" hereketri bilen aýrylmaz baglanşykly bolup durýar. Bu herekete owgan jemgyýetiniň giň gatlaklary bazar bilen baglanşykly mülkdarlar, södagärler, kemala gelip ugran ýerli intelegensiýa gatnaşypdyrlar. Olar garaşsyzlygyň dikeldilmegini döwleti dolandyrmakda ykdysadyýetde we medeniýetde buržuaz reformalaryň geçirilmegini talap edipdirlar. "Ýaş owganlar" az sanly bolsalar-da olaryň programmalary owgan jemgyýetiniň giň gatlaklarynyň bähbitlerini arapdyr.

Şol döwürde iňlisler owganystany sowet Russiýasyna garşy interwensiýa geçirmek üçin plantasiýa öwürmäge synanşyk edipdir. Haçan-da 1918-nji ýylda interwensiýa başlananda owganlaryň döwleti üçin uly howp döreýär. 1918-nji ýylda sowet hökümetiniň Habibulla hana (1901-1918) dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak baradaky teklibini kabul edip bilmeýär.

Höküm süren soňky ýyllarynda Habibulla han kän bir aktiw işleri alyp baryp bilmeýär. Şol sebäpden onuň syýasatyndan diňe bir "ýaş owganlar" däl, eýsem "köne owganlylar hem närazy bolupdyrlar. Olar täzäniň garşydaşlary

bolupdyr. Ýogsam olaryň belli-belli ýolbaşçylary daşary ýurtlylaryň täsiriniň çäklendirilmegini, musulman gadymyýetiniň dikeldilmegini isläpdirler.

1918-1919-njy ýyllarda Habibulla hana garşy oppozisiýa güýçlenýär. Sebäbi ýurduň ykdysady we sosial ýagdaýy çylşyrymlaşýar. Owgan daşary söwdasy tozýar. Goşunda ofiserler we esgerler azalýar.

1919-njy Fewral aýynda Habibulla han öldürilýär. Tagt üstünde "köne owganlar" bilen "ýaş owganlaryň arasynda göreş başlaýar. Nasrulla han Amanulla han. Göreşde Habibullanyň ogullarynyň biri Amanulla han (1919-1928) tagta çykýar. Bu bolsa owgan jemgyýetiniň giň gatlaklarda hoşallyk bilen bilen garşylanylýar. Bu göreşde Amanullany Kabulyň ilaty we goşun işjeň goldaýar.

Amunulla han birinji derejeli wezipe hökmünde esgerleriň aýlygyny galdyrýar. Döwlet salgytlaryny ýygnamak hukugyny ýatyrýar we içki gümrükhanalary artýar. 1919-njy ýylyň Mart aýynda ýaş emiriň häkimiýeti Owganystanyň ähli ýerlerinde ornaşdyrylýar.

1919-njy ýylyň mart aýynyň 3-ne Amanulla han Hindistanyň iňlis hökümetine iňlis-owgan gatnaşyklaryna gaýtadan seretmek barada ýüzlenýär. Emma 1,5 aýdan soň gelen jogapda iňlisler gatnaşyklaryň öňki derejesinde galdyrylmagyny talap edipdirler.

Şeýle ýagdaýlarda 1919-njy ýylyň oktýabr aýynyň 27-ne sowet häkimiýeti owgany garaşsyz döwlet hökmünde ykrar edýär. 1919-njy ýylyň Aprel aýynda Amanulla W.I. Lenine hat iberip dostlukly gatnaşyklaryň möhümdigini ýazýar. Lenin bolsa ilçi alyş-çalyş teklip edýär.

1919-njy ýylyň maý aýynda Kabulda Daşkentden Türkistan respublikasynyň diplomatik missiýasy gelýär. Ol owganlary iňlislere garşy hereketde goldajakdyklaryny aýdýar. Maý aýynyň ahyrynda Taşkende owgan dinlomatiýasynyň wekilleri gelýär.

1919-njy ýylyň maý aýynda Angliýa III iňlis-owgan urşyny (1) 1839-1841, 2) 1878-1881) başlaýar. Olar Heýbar jülgesinden geçýarler. Ýöne owganlar berk garşylyk görkezýärler. 1 aýdan soň Angliýa Angliýa 1919-njy ýylyň iýun aýynyň 3-ne hereketi togtatmaga mejbur bolýar we awgust aýynyň 8-ne rewolýusiýada-da premminar (öňünden baglanşylýan şertnama) gol çekmek bilen şertnama gol çekmek bilen owganyň garaşsyzlygyny ykrar edýär. 1919-njy ýylyň oktýabr aýynda owgan diplomatik missiýasy Moskwa, Dekabr aýynda bolsa RSFSR-iň dikeldilen missiýasy Kabula gelýär.

1921-nji ýylyň fewral aýynda Owganystan bilen RSFSR-iň arasynda dostlukly şertnama baglaşylýar. 1921-nji ýylyň noýabr aýynda Angliýa bilen hem şertnama baglaşylyp diplomatik gatnaşyklary ýola goýulýar. Soňra köp Ýewropa we Aziýa ýurtlary bilen baglaşýar.

1926-njy ýylyň awgust aýynda SSSR we Owganystan we neýtrallyk we birek-biregiň üstüne çozmazlyk hakynda gol çekilýär. Dostlukly şertnamalary Owgtanystanda 1921-1927-nji ýyllarda Eýran 1921 we 1928-nji ýyllarda Turkiýa bilen baglaşýar. 1926-njy ýylda Amanulla patyşa (korol) titulyny kabul edýär.

20-nji ýyllarda Owganystanda möhüm reformalar amala aşyrylýar. Merkezi we ýerlerdäki döwlet apparaty berkidilýär. 1923-nji ýylda 1-nji Konstitusiýa kabul edilýär. Ol kanunyň raýatlaryň eýeçiliginiň we öýleriniň eldegirmesizligini hemmeleriň kanunyň öňünde deňligini we beýleki raýatlyk hukuklaryny kepillendiripdir. Hökümet ýerli halklaryň häkimiýeti çäklendirilip olary salgyt ýygnamak hukugyndan mahrum edýär. Magaryfda we sud işlerinde din işgärleriniň hukuklary çäklendirilýär. Dünýewi okuw jaýlarynyň sany artýar.

1921-nji ýylda kabul edilen “senagaty höweslendirmek hakyndaky” kanun ýerli telekeçilere uly ýeňillikleriň berilmegini göz öňünde tutupdyr. Hokümet söwda şertleriniň

guralmagyna ýardam edipdir. 1923-nji ýylda ýere hususy eýeçiligini berkidýän kanun iri ýer eýeleriniň we beýleki ýer eýeleriniň döwlet öňündäki borçlaryny ýatyryp onuň ornuna ýer salgydy girizilýär. Şeýle hem natural salgyt ýatyrylyp pul salgydy girizilýär. Bu çäreler Owganystandan feodalizmin köküne palta urup, kapitalistik gatnaşyklaryň giňelmegine ýol açypdyr. Ýöne bu çäreler ilatyň giň bähbitlerini arap bilmändir. Sebäbi Owganystanyň jemgyýetçilik syýasy gurluşy uly reformalaryň geçirilmegine mümkinçilik bermändir. Geçirilýän çärelerden halklar we din hadymlary nägile bolupdyrlar.

1927-28-nji ýyllarda Amunulla han uzak wagtlaýyn daşary ýurtlara aýlanmaga gidýär. Hindistana, Müsüre, Türkiýä, Eýrana we Ýewropa ýurtlaryna aýlanýar. Gaýdyp gelenden soň reformalaryň geçirilmegini güýjetmäge çalşýar. 1928-nji ýylyň güýzünde bolan topalaň “ýaş owganlaryň” häkimiýetiniň ýykyklmagyna getirýär. Ýurtda özara uruşlar başlap häkimiýetiň başyna Baçan Sakao gelýär. Ony demirgazyk we günorta welaýatlaryň kärendeçi daýhanlary goldapdyrlar. Ýöne olaryňň bar umytlary puç bolýar. Baçan Sakao häkimiýeti alyp tersine salgydy artdyrýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda geçirilen reformalary ýatyrýar. Daşary syýasatda Orta Aziýaly gozgalaňçylary goldaýar. Sowet Soýuzy bilen arasy bozulýar.

1929-njy ýylyň ahyrynda Baçanyň garşydaşlary güýçlenýär. Garşydaşlar owganystanyň milli buržuaz ýol blen gitmeginiň tarapdary bolýarlar. Şol güýçlere Amanulla döwrüniňň harby ministri general Muhammet Nedir ýolbaşçylyk edýär. 1929-njy ýylyň oktýabr aýynda Kabuly eýeläp Baçany agdarýar we Owgtanystanyň patyşasy bolýar. Ol ruhanylaryň öňki täsirlerini dikeldýär. Ýöne olary döwlet gözegçiligine alýar.

1931-nji ýylda konstitusiýa kabul edilýär. Kanunda ruhanylaryň sud we magaryf işlerindäki rolyny berkidýärler, taýpa serdarlaryna merkezi we ýerli apparatyň işlerine

gatnaşmaga mümkinçilik döredýär. Konstitusiýa kanunçylyk işlerinde saýlawly halk sowetini döredip oňa maslahatçy funksiýasy berilýär.

Nedir şanyň hökümeti SSSR bilen hem aragatnaşygyny gowulandyrýar. 1930-31-nji ýyllarda owgan territoriýasyna gozgalaňçy güýçleri ýok etmäge girişýär. 1931-nji ýylyň iýun aýynyň 24-ne SSSR bilen owganystanyň arasynda neýtrallyk we birek-biregigiň üstüne çozmazlyk barada şertnama baglaşylýar. 1933-nji ýylda ol bagda gizlenip ýörkä atlyp ödürilýär. Ogly Muhammet Zahir şa tagta çykýar. Onuň içeri we daşary syýasaty ütgedilmesizligine galýar. 30-njy ýyllarda milli söwda kapitalynyň merkezleşmegi güýçlenýär. Döwlat tarapyndan goldaw berilýän aksioner şertler ýurduň ykdysadyýetinde möhüm pozisiýalary eýeleýär. Başda olar import harytlaryny içerki bazarda satmak we eksport üçin ýerli çig maly taýyarlamak işleri bilen meşgul bolupdyrlar. Ýöne soňra döwletiň goldawy bilen şereketler daşary söwda operasiýalarynda iňlis-hindi söwda kapitalynyň wekillerini gysyp çykarýarlar.

Ykdysady gatnaşyklarda SSSR bilen gowy gatnaşyklar edilýär. Bu bolsa 1929-33-nji ýyllaryň krizisiniň Owganystana zyýanyny azaldýar.

30-njy ýyllarda Owganystanda döwlet kapitalynyň işleýişinde birnäçe senagat kärhanalary gurulýar. Medeniýetde käbir özgerlişikler bolýar. 1932-nji ýylda ilkinji ýokary okuw ayy-medisina fakulteti açylýar. Ýöne ilatyň agramly bölegi sowatsyz bolupdyr.

II jahan urşynyň öňisyralarynda Germaniýa we Italiýa Owganystana aralaşmaga synanşyk edipdirlar. German monopoliýalary öz täsirini güýçlendiripdirler.

Uruş başlanda Owganystan 1939-njy ýylda özüniň neýtral döwletdigini yglan edýär. Ýöne german agentleri ýurduň içinde işleri geçiripdirlar. Diňe 1941-nji ýylyň Oktýabr aýynda SSSR bilen Angliýa Owgan hökümetine ýüzlenme

kabul edenlerinden soň german we italian raýatlary ýurtdan çykarylýar. Şeýlelikde urşyň bütin dowamynda Owganystan bitaraplygyny saklaýar.

Urşa gatnaşmasa-da Owganystan dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň bozulmagy zerarly uly kynçylyklary başdan geçirýär. Importyň kemelmegi bahalaryň ýokarlanmagyna getitirýär. Maliýe ýagdaýy ýaramazlaşýar. Kagyz pullaryň mukdary artyp, iflýasiýa güýçlenýär.

Umuman, garaşsyzlygyň 20-nji ýylynda Owganystanda köp zatlar üýtgeýär. Emma feodal we ýarym feodal gatnaşyklar enteklerem ýurduň jemgyýetçilik-syýasy we ykdysady durmuşynda möhüm pozisiýalary eýeleýär.

## **Owganystan 1945-2009-njy ýyllarda**.

II jahan urşyndan soň hem Owganystan yza galak döwletleriň biri bolup galmagyny dowam etdirýärdi. 40-njy ýyllaryň ahyrlarynda Owganystanyň ykdysadyýetine ABŞ aralaşyp ugraýar. Ol Owganystana suw gurluşygyny setlerini, ýollary gurdurmaga kömek beripdir. 1949-54-nji ýyllarda Owganystanyň 30,5 mln. dollar zaýem hem berýär. 40-njy ýyllaryň ahyrynda 50-nji ýyllaryň başlarynda Zahyr şanyň agasy (kakasynyň inisi) şa Mahmyt ýolbaşçylyk edipdir. Şol ýylda Owganystanda ep-esli sler hem edilýär. Ýöne 1952-nji ýyldan soň hökümet ýüze çykan meselelere hötde gelip bilmeýär. Şol sebäpden hem 1953-nji ýylda hökümete Zahyr şanyň doganoglan inisi we giýewisi Muhammet Dawut gelýär. Ol önümçilige uly üns beripdir. Munuň üçin daşary söwda kredit sistemasynyň ösdürilişine täze banklaryň döredilmegine senagat gurluşygyna uly üns beripdir. 1956-njy ýylda 5 ýyllyk meýilnama kabul edilip onda esasy üns elektrik energiýa, senagat, transporta, oba hojalyga, magaryf sistemasynyň we medisina hyzmatynyň giňeldilmegine gönükdirilýär. 1959-njy ýylda aýallara çadra ýapynmaklygyň hökmanylygy ýatyrylýar.

1946-njy ýylda BMG-niň çleni bolmak bilen Owganystan bloklara girmändir we diňe hyzmatdaşlyga garşy çykyş edýär. Ýöne Owganystany Pakistandaky Puştun meselesi kynçylyk döredipdirler. Owganystan Puştunlara milli özbaşdakly talap edipdir. Şol sebäpden hem Pakistan bilen arasy bozulýar. 1955-nji ýylda Pakistan owgan harytlary üçin ulaglary kesýär. Bu-da Owganystana zyýan edýär, 1956-58-nji ýyllarda Puştun meselesi Owganystan Pakistan gepleşikleriniň esasy meselesi ýöne netijesiz.

60-njy ýyllaryň başlarynda gatnaşyklar ýene-de ýitileşýär. 1961-nji ýylyň Sentýabr aýynda gatnaşyklar kesilýär. 1963-nji ýyla çenli M. Dawudyň hökümti hem şol zatlar sebäpli kyn ýagdaýa dşýär. Şonuň üçin hem M. Dawut otstawka gidýär. 1963-nji ýylyň mart aýynda Muhammet Ýusubyň (şa maşgalasyna degişli bolmadyk adam) baştutanlygyndaky hökümet geçýär. Ol Pakistan bilen arany düzedýär.

60-njy ýyllarda SSSR-iň ýardamy bilen ençeme kärhanalar ýollar, irrigasiýa setleri gurulýar.

1964-nji ýylda täze konstitusiýa kabul edilýär. Şol konstitusiýada Owganystanyň taryhyny ilkinji gezek aýallara saýlawa gatnaşmaga hukuk beripdir. 1965-nji ýylda parlament saýlawlary geçirilip, Halk Jirasyna saýlanmaly 2/6 deputatyň ornuna 1350 kandidat bäsleşipdir. Şol ýylyň Oktýabr aýynda Muhammet I Ýusubyň hökümeti otstawka gidip, ornuna Muhammet Haşim Maýwandwal gelýär.

1966-67-nji ýyllarda resmi hökümetler syýasy partiýa döretmäge-de synanşýarlar. Ýöne jemgyýetçilik aňynyň aktiwleşmeginden gorkup, öňki-öňküligine galýarlar. Maýwandwal otstawka gidýär, ornuna Nur Ahmet Ettemady gelýär. Ýöne 1971-nji ýylda ol hem otstawka gidýär. Bary bir Owganystanyň ykdysady ýagdaýy kynlaşypdyr. Ýöne pes hem bolsa ýuwaş-ýuwaşdan ösüşlere tarap süýşüpdir. XX asyryň 70-nji ýyllaryndan başlap jemgyýetçilik gurluşy hem janlanypdyr,

işçileriň intelegensiýa wekilleriniň, çykyşlary hem bolup geçipdir.

1972-nji ýylda Ettemadiniň ornuna M. Şafik gelýär.

1973-nji ýýlyň Iýul aýynyň 17-sinde Owganystanda döwlet agdarylyşygy bolup geçýär. Monarhiýa ýatyrylýar. Muhammet Zahir şa Italiýada dynç alyp ýören eken. Häkimiýet başyna patyşanyň inisi we giýewisi M. Dawut gelýär. Agdarylyşygyň netijesinde 1964-nji ýylyň konstitusiýasy ýatyrylýar. Parlament dargadylýar. Owganystan respublika diýilip yglan edilýär. Ähli häkimiýet M. Dawudyň ýolbaşçylygyndaky Merkezi Komitete berilýär. Täze hökümet döredilip, oňa-da M. Dawut ýolbaşçylyk edýär. 1976-njy ýylda 7 ýyllyk plan kabul edilýär. Ýurda daşary ýurt maýalary (Günbatar Ýewropa we Ýaponiýa) çekilip başlaýar.

Daşary syýasatda Owganystan bitaraplygyny dowam etdirýär. Ykdysady meselelerde Owganystan nebit satýan arap ýurtlaryndan köp kömekleri alýar.

1977-nji ýylda Owganystan respublikasynyň konstitusiýasy kabul edilýär. Prezidentiň posty girizilip oňa M.Dawut saýlanýar. Ol ähli kanun çykaryjylyk, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerini öz elinde jemleýär.

Umuman 1973-1976-njy ýyllar aralygynda Owganystan ýuwaş-ýuwaşdan buržuaz demokratik ösüş ýoluna düşüp ugraýar. Ýöne bu zatlaryň öňüni 1978-nji ýylyň Aprel aýynyň 27-sinde bolup geçen harby agdarylyşyk togtadýar. Bu wakalaryň öňisyrasy (25.04.78) N. Taraki, B. Karmal tussag edilýär. Bu agdarylyşyga Abdyl Kadyr, Watanjar dagy ýolbaşçylyk edýärler.

Agdarlyşykdan soň (1357-nji ýylyň 7-nji saury) häkimiýet harby-rewolýusion geňeşiň eline geçýär. Aprel aýynyň 29-da ol häkimiýeti rewolýusion geňeşe berýär. Şol aýyň 30-da rewolýusion geňeş ODR yglan edýär. N.M. Taraki Owganystanyň rewolýusion geňeşiniň başlygy we ýurduň premýer-ministri bolýar, orunbasary B. Karmal.

Saur ynklaby ýurtda sosialistik jemgyýeti gurmagy maksat edinipdir. Munuň üçin ençeme çäreler geçirilip başlanýar. 1978-nji ýylyň noýabr aýynda ýer reformasy barada dekret kabul edilýär. Dekret boýunça her bir maşgalanyň 30 jeripden (6 ga.) artyk ýer almaga hukugy bolmandyr. Reformanyň netijesinde 1979-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne çenli 500 müň daýhan hojalygynyň ýeri bolmandyr. Şol sebäpden hem 1979-njy ýylyň ahyryna çenli 300 müň daýhan hojalygy döwletden ýer alypdyr.

Daşary syýasatda SSSR-iň iň ýakyn ýaranyna öwrülýär. 1978-nji ýylyň dekabr aýynda Owganystan bilen SSSR-iň arasynda Moskwada iki taraplaýyn ykdysady, medeni, syýasy we harby şertnama gol çekilýär. Onuň gözegçiliginde köp işler durmuşa geçirilýär. Goşunda, polisiýada, howpsuzlyk, prokuratura, sud gulluklarynda, partiýa, aýallar we ýaşlar guramalarynyň işlerinde SSSR-iň täsiri güýçli bolupdyr.

ODR-iň ýolbaşçylary hem özara oňuşmandyrlar. 1979-njy ýylyň sentýabr aýynda premýer-ministr H. Amin N.M. Tarakini agdarýar. Ýurduň içeri syýasy ýagdaýy bulaşýar. Hökümete garşy guramaçylykly uruş hereketleri başlaýar. 1979-njy ýylyň dekabr aýynyň 27-sinde SSSR-iň ýörite gulluklarynyň gatnaşmagynda H. Amin agdarylýar we onuň ornuna Owganystanyň ÇSSR-däki ilçisi B. Karmal getirilýär. Dekabr aýynyň 30-ynda bolsa Owganystana sowet goşunlarynyň çäklendirilen bölümleri girizilýär. Bu bolsa ýurtdaky oppozision ýaragly toparlaryň garşylygyny has-da güýçlendirýär.

Owgan mojahetlerine ABŞ, Saud Arabystany, Pakistan, Müsür ýakyndan kömek beripdirler. Ilkinji mojahet toparlary 1978-nji ýylyň maý aýynda Pakistanda döredilýär. 1979-njy ýylyň iýul - noýabr aýlarynda Pakistanda 30 müň mojahet taýýarlyk okuwlaryny geçipdir. Netijede şol ýylyň ahyryna çenli täze owgan hökümetine garşy göreşýän mojahetleriň umumy sany 100 müň adamdan hem geçipdir.

Şu döwürler owgan mojahetlerine birnäçe partiýalar we toparlar ýolbaşçylyk edipdirlar. Olaryň ählisi serhetýaka Peşewarda ýerleşipdir. “ Owganystany azat etmegiň milli yslam fronty” – ýolbaşçysy Seýit Ahmet Ýylany. Ol köp ýyllap Zahir şanyň resmi däl maslahatçysy bolupdyr we onuň agtygyna öýlenipdir. “Owganystanyň yslam partiýasy” – ýolbaşçysy Gulbeddin Hekmatýar (1944-nji ýylda doglan, çepçi ekstremistik partiýanyň agzasy bolan ol Zahir şany we M. Dawudy “komunistparazlykda” aýyplapdyr.)

“ Owganystanyň yslam jemgyýeti” – ýolbaşçysy Burhaneddin Rabbani (1940-njy ýylda doglan, Kabul uniwersitetiniň professory, asly Badahşanly täjik)

“Owganystany azat etmegiň milli fronty” – ýolbaşçysy Sebgatulla Mojaddedi. (1926-njy ýylda doglan, “Habibiýäni” tamamlan. Onuň kowumdaşlary 1929-njy ýylda Amanulla hany agdarmaga gatnaşypdyrlar.)

“Owganystanyň yslam rewolýusiýasy hereketi” – ýolbaşçysy Muhammet Nabi (1937-nji ýylda doglan, Owganystanyň atly ahunlarynyň biri).

SSSR-de üýtgedip gurmak syýasaty başlandan soň sowety goşunlary Owganystandan çykarylyp ugraýar. 1986-njy ýylda 40-njy armiýanyň (genaral Gromow) 6 polky çykarylýar. Babrak Karmal iş başyndan aýrylýar we onuň ornuna puştun Najip (Najibulla) getirilýär. Ol milli ylalaşyk syýasatyny öňe sürüpdir. Emma bu syýasat degerli netije bermändir.

SSSR 1989-njy ýylyň fewral aýynyň 15-ne çenli Owganystandan goşunlaryny doly çykarýar. Köp ýaraglar we enjamlar ODR-iň goşunlaryna berilýär. 1991-njy ýylyň ahyrynda Kabul Hekmetýaryň, Ahmet şanyň we beýlekileriň goşunlary tarapyndan eýelenýär. Najibulla BMG-niň şab kwartirasynda gizlenýär.

Şol döwürler Najibullanyň esasy goşunlary özbeklerden we türkmenlerden bolupdyr. Soň olar hem general Abdyreşit Dostumyň ýolbaşçylygynda demirgazyga gidýärler we

Owganystanyň goşunlarynyň ýaraglarynyň agramly bölegi onuň eline geçýär.

Kabul eýelenenden soň Rabbani Owganystanyň wagtlaýyn prezidenti, Ahmet şa bolsa goranmak ministri. Ahmet şa Kabul uniwersitetiniň uçurymy, Liwanyň "Bekaa" jülgesinde yslamçy esgerleriň okuwyny tamamlan.

Rabbani Hekmetýara premýer-minitrlik wezipesini hödürleýär. Emma ol muňa razy bolmaýar. Netijde Owganystanda raýatlyk urşy täzeden tutaşýar. Bu uruşda esasan üç toparlanşyk bardy. 1. Rabbani, Ahmet şa, 2. Hekmetýar, 3. A.Dostum.

1995-nji ýylda Owganystanyň syýasy durmuşynda esasn puştunlaryň hereketi bolan Taliban hereketi (molla Muhammet Omar) ýüze çykýar. Taliban taraplaryň üçüsine garşy hem uruş hereketlerini alyp barypdyr. 1996-njy ýylyň sentýabr aýynda Taliban Kabuly eýeleýär.

Talibanyň garşydaşlary 1997-nji ýylyň iýun aýynda "Owganystany azat etmegiň birleşen yslam frontyny" döredýärler. 1997-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 28-ne talyplaryň hereketiniň geňeşi Owganystany emirlik diýip yglan edýär. Owganystanyň emirligine Muhammet Omar Ahunzada saýlanýar.

2001-nji ýylyň Noýabr aýynda ABŞ-yň owgan meselesine gatyşmagy bilen talyplaryň hökümeti agdaryldy. Owganystanda Hamid Karzaýyň baştutanlygynda wagtlaýyn hökümet döredildi. Şa 30 ýyllyk aýraçylykdan soň ýurduna geldi. 2004-nji ýylyň dekabr aýynda bolup geçen saýlawlarda H. Karzaý Owganystanyň prezidentligine saýlandy.

## Müsür 1918-1945-nji ýyllarda.

Häzirki zaman taryha geçilýän döwürde Müsürde hem azat edijilik hereketi güýçli ösüpdir.

Milli azat edijilik hereketiniň başynda iňlisler tarapyndan ýatyrylan Müsüriň Kanunçykaryjy ýygnagynyň wise prezidenti Saad Zaglulyň (1860-1927) ýolbaşçylygyndaky deputatlar topary düzülipdir. Şol topar birinji jahan urşynyň netijesinde Pariž konfrensiýasyna gatnaşmak üçin ýörite delegasiýa "Müsür delegasiýasy" taýýarlaýar. ("Al-Wafd al Mysry").

1918-nji ýylyň noýabr aýynyň 13-ne Zatun öz iki egindeşi bilen Angliýanyň ýokary komissaryndan protektoratyň ýatyrylmagyny we Müsüre doly garaşsyzlyk berilmegini talap edýär. Şol bir wagtda bolsa ýörite Hartiýa-talapnama taýýarlanyp şoňa gol ýygnap ugraýarlar. Halk içinde bu hereketler giň goldaw tapýar. Ähli gatlaklar goldaýarlar. Ýurduň köp ýerlerinde "Wafdi" goldaýan komitetler döräp ugraýar, demonstrasiýalar ýygnaklar bolýar. Birnäçe hepdäniň içinde Hartiýa 1 mln. golaý adam gol çekýär. Sebäbi "Waft"parahatçylyk ýoly bilen özbaşaklygy talap edipdirlar.

1918-nji ýylyň ahyrynda "Waft" partiýä öwrülip ugraýar. 1919-njy ýylyň maý aýynda Kairde "Waftyň" merkezi komiteti döredilýär. Waft tarapyndan şol döwürler birnäçe gizlin jemgyýetler hem döredilýär. "Gara gol", "Milli goranyş komiteti", "Erkin müsürli", "Fajl", "Ara alyş jemgyýeti" we başgalar. Soňra "Ar alyş jemgyýetiniň" ýolbaşçysy Abdyrahman Fahmi"Waftyň" baş serkerdesi bolýar. 1919-1920-nji ýyllarda.

Azat edijilik hereketiniň ösüşinden gorkup iňlisler 1919-njy ýylyň maý aýynyň 8-ne Zagmuly tussag edýärler we Malta sürgün edýärler. Ertesi

Kairde okuwçy ýaşlaryň we işçileriň demonstrasiýasy bolýar. Şeýdibem, gozgalaň başlaýar.

Köp oblastlar iňlislerden azat edilip, milli komitetler döredýär.

1919-nji ýylyň gozgalaňy döwründe müsür daýhany hem oýanýar we azat edijlik hereketine gatnaşyp ugraýar. Köp oba

ýerlerinde fellahlar garaşsyz respublikalary döredilipdirler. Ýöne bu respublikalar bary-ýogy 20-25 gün dowam edýär.

1919- 1921-nji ýyllaryň hereketleri peselip ugrandan soň Waftyň içinde bölinişik başlaýar. Onuň bir topary liberal konstitusiýaçylaryň partiýasyny döredýärler. Onuň baştutany Adli Ýakan bolup, ol iňlisler we monarhiýa bilen gatnaşyklaryň tarapdary bolupdyr.

1923-nji ýylyň ahyryndaky saýlawlarda köpler Adli Ýakanyň partiýasy saýlawda ýeňer öýdüpdirler. Emma saýlawda Waft üstün çykyp Saad Zaglul hökümet düzýär. Şol döwürde sosialistik ideýalary wagyz edýän toparlar hem döreýär. 1921-nji ýylda şolaryň esasynda Müsüriň sosialistik partiýasy döreýär. Bu partiýa esasan ykdysady talaplary bilen meşgullanýar. 1929-njy ýylyň ortalarynda ol kominterne kabul edilýär we MKP diýilip atlandyrylýar. Partiýanyň başlygyny Hüsnü al Arabi baş serretarye Antuan Marun.

Saad Zaglulyň hökümeti tertip-düzgüni berkidip ugraýar. Öz profsoýuzlaryny hem döredýär. Waftyň hökümetini iňlisler her-hili ýolar bilen giderjek bolupdyrlar. Sebäbi ol olara ýaramandyr. Mümkin bolan wagtynda bahana gözläpdirler.

Zagnun öz abraýyny artdyrmak hem özüne garşy oppozisiýany peseltmek üçin 1924-nji ýylyň noýabr aýynda Müsür goşunyndan iňlis ofiserleriniň çagyrylmagyny talap edipdir. Muňa jogap edip Sudanyň general gubernatory li STEK müsür goşunynyň baş komanduýuşisi edip bellenýär.

Emma 1924-nji ýylyň noýabr aýynyň 19-na Li Stek Kairde öldürilýär, noýabr aýynyň 22-ne bolsa iňlisler Zaglula ultimatum berýärler. Iňlisler Zagluldan ötünç soramagy, günäkärleri jezalandyrmagy, demonstrasiýalary gadagan etmegi, 500 müň funt sterling kontribusiýa tölemegi, 24 sagadyň dowamynda Müsür goşunyny Sudandan çagyrmagy, Sudanda iňlis kompaniýalaryna berilýän suwarymly ýerleriň çäklendirilmezligini we başgalar talap edipdir. Zaglul käbir talaplary ýerine ýetirmäge razylaşýar. Ýöne Sudandan goşuny

çagyrmaga we iňlis kompaniýalaryny berilýän suwarymly ýerleriň giňeldilmegini ýerine ýetirmeýär. noýabr aýynyň 24-ne Wafty hökümdary otstawka gidýär. Wawty parlamenti bolsa dargaýar. Täze hökümet iňlisleriň tarapdarlaryndan düzülýär. 1925-1926-njy ýyllaryň saýlawlarynda Waft üstün çykýar, ýöne iňlisler olara hökümet düzmäge mümkinçilik bermeýärler. Ýöne parlament olaryň elinde bolýar.

1929-1933-nji ýyllaryda ykdysady krizisi Müsüre uly zyýan ýetirýär. Ol birinji nobatda pagtaçylygy tozdurýar. Agrar krizisi, senagat krizisi bilen sepleşýär. Köp orta we kiçi kärhanalar işlemegini bes edýär. Syýasatda hem krizis dowam edýär. Otstawka giden Wawtistleriň ornuna Sidki paşanyň halka garşy hökümeti gelýär. Demonstrasiýalar dargadylýar, iş taşlaýyşlar gadagan edilýät. Hökümet polisiýasy bilen işçileriň arasynda uly çaknyşyklar bolup geçýär.

1930-njy ýylyň oktýabr aýynda Sidki patyşa 1923-nji ýylyň konstitusiýasyny ýatyrýär we täze halka garşy konstitusiýa girizilýär. Konstitusiýa boýunça deputatlara hökümetiň işine gatyşmak gadagan edilipdir. Şeýle hem Wafdiniň täsirinde bolan profsoýuzlar gadagan edilýär. Ýöne halk razy bolmaýar. Uly çaknyşyklar (Kairde, Ismanlide, Suesde, Port Seýitde)

Krizisden soň başlan depressiýa döwründe (zastoý) Müsüriň hökümeti 1934-nji ýylda iri ýer eýeleri üçin bähbitli bolan ýurda däne getirilmegini gadagan edýär. Ýagny bugdaý importyny gadagan edýär. Bu bolsa çörek önümleriniň bahasy 1,5 esse artýar. Mundan ilat närazy bolýar, Iş taşlaýyşlar, demonstrasiýalar bolup geçýär.

Halk köpçüliginiň aktiwliginiň ýokarlanmagyndan çekinip hökümet 1935-nji ýylyň dekabr aýynyň 1923-nji ýylyň konstitusiýasyny dikeltmäge mejbur bolýar. Angliýa bolsa iňlis-müsür şertnamasyna gol çekmek baradaky gepleşiklere täzeden başlaýar. 1936-njy ýylyň maý aýynda parlament

saýlawlarynda wafdiler köp ses alyp, nahhas paşa hökümet düzýär.

1936-njy ýylyň awgust aýynda Müsür delegasiýasy nahas paşanyň ýolbaşçylygynda Londonda iňlis-müsür şertnamasyna gol çekýär. Şertnama iňlis okkupasiýasyny artýar, baş komissar ilçä öwrülýär, iňlis goşuny diňe Sues kanalynyň zapasyna galýar. Şertnama görä iňlis samalýotlary Müsüriň howa giňişliginde uçup bilipdir, aerodomlaryndan peýdalanyp bilipdir, eger uruş bolsa Müsüriň territoriýasyny peýdalanyp bilipdir.

Uruş başlan badyna Müsür hökümeti Angliýänyň öňündäki borçlaryna ygrarlygyny bildirýär we ýurtda harby ýagdaýy girizýär. Uruş döwründe harby zonalaryň artmagy bilen işsizlik birneme peselýär. Senagatyň ösüşi birneme janlanýar. Mata, benzin, sement, öndürilişi we orta ownuk kärhanalatyň sany artýar. Urşa syýasy partiýalaryň hersi bir hili garapdyrlar. Korol Faruk we ony goldaýan toparlar Germaniýa, Italiýa duýgydaşlyk bildiripdirler. Liberal-konstitusion partiýasy hem şolara duýgydaşlyk bildiripdirlar.

Wafdylardan bölünip aýrylan başga bir partiýa Saad (Zaglumyň ady bilen bagly) Iňlislere duýgydaşlyk bildiripdirlar. Wafdyň özi bolsa eger-de Angliýa uruşdan soň Müsürden goşunyny çykarsa we reaksion parlamenti dargatmaga rugsat berse (1938-nji ýylda saýlanan) Ony goldajakdygyny aýdypdyr.

1941-nji ýylyň başlarynda Liwiýadaky italian goşuny Müsüriň içine aralaşýar. Ýöne çykarylýar.

1942-nji ýylda german täsirleri artýar. Şonda iňlisler müsürlileriň ynamyna girmek üçin Farugyň köşgüni eýeläp, Nahas paşany premýer-ministr wezipesine goýmasa tagtdan agdarjakdyklaryny aýdýarlar.

1942-nji ýylyň dekabr aýynda nemes-italian goşunlary iňlisleriň goranyşyny böwsüp, Tobruk şäherini eleýärler we Iýun aýynyň başynda Al-Alemeýne (Aleksandriýada 80 km-da)

ýetýärler. Ýöne olara aňyry süýşmek başartmaýar. Oktýabr aýynda olar derbi-dagyn edilýär.

1944-1945-nji ýyllarda Angliýanyň initiatiwasy bilen arap ýurtlarynyň ligasy döredilýär.

1945-nji ýylyň Fewral aýynda Müsür Germaniýa, Ýaponiýa garşy uruş yglan edýär. Bu bolsa 1945-nji ýylyň maý – iýun aýlarynda Birleşen Milletler Guramasyny döreden konferensiýanyň işine gatnaşmaga mümkinçilik berýär. Ýöne BMG çleni bolsa-da Müsürde iňlis goşunlary galypdyr.

## Müsür 1945-2009-nji ýyllarda.

1945-nji ýylda Müsürde hökümete Ismail Sydki patyşanyň hökümeti gelýär. Bu hökümet biziň taryhnamamyzda halka garşy hökümet diýilip atlandyrylýar. Sydki paşa köp ýyllap premýer-ministr bolupdyr. Açlyk, horluk, demonstrasiýalar üstesine-de Müsürde iňlis goşunlary bolan. Müsürliler onuň çykarylmagyny talap edipdirler.

Sidki paşa Angliýa bilen goşunlary çykarmak barada gepleşikler geçirip ugraýar. Gepleşiklerde 1946-njy ýylyň aprel aýynda Angliýä Müsüriň öňünde şeýle şertleri goýýar:

1. Müsürde iňlis harby deňiz we harby howa bazalary durmaly.
2. “Bileleşip goranmak” üçin gatyşyk iňlis-müsür sowetini döretmeli.
3. “Adatdan daşary ýagdaý ýüze çykanda” Angliýa Müsüre goşun girizip bilmeli.
4. Müsür goşunlaryny, ýurduň çäginden daşarda geçirilýän çärelerde Angliýanyň ulanyp bilmegi.
5. 3 ýyldan bärde iňlis goşunlary müsürden çykarylyp bilinmez.

Oppazision güýçler hökümetden gepleşikleri bes etmegi talap edipdirler we BMG-de goýulmagyny talap edipdirler.

1946-njy ýylyň oktýabr aýynda Sidki paşa Londona gidip ähli ylalaşyk baglaşýar. Nägilelik döreýär we Sidki otstawka gidýär.

1948-49-njy ýyllarda arap ysraýyl uruş bolýar. Araplar ýeňilýär. Palestinanyň teritoriýasy Ysraýyl, Iordaniýa we Müsüriň arasynda paýlaşylýar.

1950-nji ýanwar aýynda Wafd (delegsiýasy) gelýär. Käbir gowy işleri geçirilýär. Ýöne ýagdaýy düzedip bilmeýär. Ýurtda Anglýa garşy hereket güýçli bolupdyr. Sebäbi arplaryň kyn ýagdaýyny iňlislerden görüpdirler. 1951-nji ýylyň oktýabr aýynyň 15-ne Waft hökümeti 1936-njy ýylyň şertnamasynyň ýatyrylýandygyny (şol boýunça iňlis goşunlary köşkde, Aleksan)driýada, Sues kanalynda bolmaly, müsüriň üstünden iňlis somalýotlary uçmaga haky bar, Müsür goşun iňlis gözegçiliginde. Halk nägile bolýar.

1952-nji iýul aýynyň 23-ne Müsürde agdarylyşyk bolup, häkimiýeti "erkin ofiserler" eýeleýärler. Hökümet başyna general Nagibiň ýolbaşçylygynda rewolýusion topar gelýär. Karol Faruk tagtdan 1 ýaşly ogly Ahmediň peýdasyna el çekýär we Neapola gidýär.

1953-nji ýylyň iýul aýynyň 18-ne Müsür respublika bolýar. Prezident hem premýer general Nagib bolýar. Ol Müsürde rewolýusiýa bolmagyny islemändir. Şonuň üçin hem 1954-nji ýylda Naseriň ýolbaşçylygynda ony aýyrýarlar. Köp ýyllap öý tussagy edip saklaýarlar. Onuň ornuna G.A. Naser gelýär. 1953-nji ýylda ähli partiýalar ýatyrylýar. 1956-njy ýylda Musüriň täze konstitusiýasy kabul edilýär. SSSR bilen gatnaşyklary güýçlendirip ugraýar. Müsür respublika, prezident parlament, milli ýygnak döredilýär.

1954-nji ýylda Angliýa bilen ylalaşyp goşunlaryny çykardýarlar. 1956-njy ýylyň Iýul aýynda Müsür Sues kanalayny millileşdirýär.

Şoň üçin hem Angliýa, Fransiýa, Ysraýyl dilleşip müsüre garşy agressiýa guraýarlar. 1956-njy ýylyň Oktýabr aýynyň 29-da Ysraýyl goşunlary çozýar. Müsüre uly zyýan ýetirilýär.

Noýabr aýynyň 5-de bolan anglo-fransuz goşunlaryny goşulýar. Ondan öň Müsür şäherlerini bombalaýarlar.Ysraýyl goşunlary 100 müň soldat, 200---, 600 ton, 150 saman, 20 söweş gämisi, anglo-fransuz goşunlary 65 müň adam, 430 tank, 520 ton, 700 samol, 122 söweş gämisi. Sinapu ep-esli ýeri eýeleýär.

SSSR Müsüriň arkasyny tutýar we olara haýbat atýar. 1956-njy ýylyň dekabr aýynda anglo-fransuz goşunlary Suesiň zonasyny, 1957-nji ýylyň Ýanwar aýynda bolsa Ysraýyl Sinaýdan çykyp ugraýarlar. Uruşda iki tarapdan ençeme müň adam, esasan hem müsürli ölýär.

Bu uruşda araplaryň arasynda raýdaşlyk güýçlenýär. Uruşdan soň müsür daşary ýurtlaryň (iňlis fransuz) eýeçiligini millileşdirýär. 2,5 müň iňlis, 3,5 müň fransuz goşuny emlägi (zawod, fabrik we başgalar) millileşdirilýär.

1958-nji ýylyň Fewral aýynda Müsür bilen Siriýa birleşip BAR-niň döredýärler, prezident G.A. Naser bolýar.

Abdil hekim Amerikadan (Siriýadan). 1958-nji ýylyň mart aýynda wagtlaýyn konstitusiýa, Müsürdäki režim Siriýada girizilýär. Ýöne 1961-nji ýyyň Sentýabr aýynda Siriýada agdaryşyk bolup, Siriýa BAR-dan çykýar. Ýöne BAR-yň ady, baýdan, ilini gapýar. 1972-nji ýylda MAR diýilip atlandyrylýar.

Indi ykdysadyýeti barada. 1952-nji ýylyň sentýabr aýynda agrar kanun 200 feddandan kö ýer almaly däl (feddan 0,40 ga), artyk ýerleri döwlet satyp alýar. Pul ýerine olary zaýam berkip, täze ýerleri agmagy hukuklary bolan. 1961-nji ýylda 100 feddan çenli kemeldilýär.

Senagatda müsür 1957-nji ýylda “müsürleşdiriş” syýasatyny geçirýär. Şol boýunça daşary ýurtlaryň aksiýasy müsürlilere satylýar. Müsür buržuaziýasy baýaýar. Ýöne 1960-njy ýylda millileşdiriş başlaýar, ýagny döwlet sektory. 1961-nji ýýlda ähli banklar, ätiýaçlandyrma kompaniýalary, deňiz transportlary we ençeme senagat we söwda kompaniýalary millileşdirilýär. Ýagny hususy kapital çäklendirilýär.

Daşary ýurt inwestisiýalary kemeldilýär. Döwlet inwestisiýalary artdyrylýar. 7 sagat iş güni, zähmet rugsady, pensiýa.

Ýöne 1967-nji ýylyň iýul aýynda Ysraýyl Müsüre we Siriýa agressiýa edýär. Suen kanaly hatardan çykýar. Bu uruş "6 günlik uruş" diýlip atlandyrylýar. Müsür bu uruşda ýeňilýär. SSSSR arkasyny tutýar. Goşun nalajedeýin bolup çykýar. Ysraýyla 21 general, 3 müň ofiser ýesir düşýär.

Umuman arap-ysraýyl urşy Müsüre uly zyýan ýetirýär. Üstesine-de 1970-nji ýylyň sentýabr aýynyň 28-ne Naser tarpa-taýyn ölýär. (Ol 1964-nji ýylda Sowet Soýuzynyň gahrymany bolýar)

Müsüriň Sinaýdaky nebitli ýerleri gidýär.

Neserden soň A.Sadat prezident bolýar. Sadatyň döwründe Müsür ýuwaş-ýuwaşdan Naseriň ýolundan dänip ugraýar. ABŞ bilen ýakynlaşyp başlaýar. SSSR bilen hem birbada arasyny üzmeýär. 1971-nji ýyldan "infitah" – açyk gapylap syýasatyny döredip başlaýar. Daşary ýurt maýalaryny Müsüre çekip ugraýar. Naseriň egindeşlerini wise prezident Aly Sabryny, harby ministr Fawzyny, içeri sler ministri Gumaany milli ýygnagyň başlygy Şukeýirini we birnäçe ministrleri özünden daşlaşdyrýar, olaryň başku üçüsi bolsa tussag edilýär.

1973-nji ýylda Sadat 1967-nji ýylda aldyran ýerlerini gaýtaryp almak ýoluna düşýär. 1973-nji ýylyň oktýabr aýynyň 6-ynda Müsür Senaýdan, Siriýa bolsa Golan belentliklerinden hüjüme geçýär. Ysraýylyň goşunlary 300 müň esger, 2 müň tank, 480 samalýot, 80 wertolýot, 43 harby gämi. Müsür bolsa 415 müň esger, 2 müň tank, 420 samalýot, 190 wertolýot we 100 harby gämi ulanypdyr. Siriýanyň goşunlary 140 müň esger, 1350 tank, 400 samalýot, 60 wertolýot, 24 harby gämi ulanypdyr. Artkmaçlyk araplaryň tarpynda eken. Emma bu uruşda Müsür bilen Siriýa üstünlik gazansalar-da Sadat hüjümi duýdansyz togtadypdyr. Mundan Ysraýyl goşunlary

peýdalanyp, garşylyklaýyn hüjüme geçýärler we araplar derbi-dagyn edilýär.

1978-nji ýylyňň aýynda Kemp-Dewid ylalaşygy baglaşylýar. A.Sadat, M. Begin.

1981-nji ýylyň oktýabr aýynyň 6-synda Sadat öldürilýär. Şondan bäri Müsüri Sadatyň wise-presidenti bolup işlän Hosni Mübärek dolandyrýar. Onuň dolandyran ýyllarynda Türkmenistanyň Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy Müsürde resmi saparda hem boldy. Häzirki döwürde Müsüriň ilaty 60 mln-dan gowrak. Ýylda 50 mln. t. nebit, 1 mlrd. 40 mln. $m^2$ mata öndürýär.

## Siriýa 1918-1945-nji ýyllarda.

Siriýa – arap ýurtlarynyň biri bolup, asyrlaryň dowamynda Osman imperiýa düzüminde bolup geldi. 1 jahan urşynyň ahyrynda bolsa Antanta goşunlary tarapyndan eýelenilip, harby oljalar paýlaşylýan döwri Milletler Ligasy tarapyndan Fransiýanyň mandatlygyna berilýär we onuň koloniýasyna öwrülýär.

1919-njy ýylyň Ýanwar aýynyň 18-den 1921-nji ýylyň Türkmanbaşy aýynyň 21-i aralygynda birnäçe arakesmeler bilen Parižde ýeňen döwletler (Angliýa, ABŞ, Fransiýa, Italiýa) 1 jahan urşynyň netijelerini ara alyp maslahatlaşýarlar.

Şu konferensiýada ýeňlen döwletleriň (Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Bolgariýa, Türkiýe) ykbaly çözülýär. Şu döwletleriň koloniýalary ellerinden alnyp paýlaşylýar. Şu paýlanşygy bolsa Pariž konferensiýasy tarapyndan 1919-njy ýylyň Fewral aýynyň 14-ne döredilen Milletler Ligasy kanunlaşdyrýar. Ýagny olaryň her birine öňki koloniýalary dolandyrmak barada mandat berilýär.

Ýeňilenleriň koloniýalary üç kategoriýa düzülen 1 kategoriýa türkleriň ýerleri, 2 kategoriýa Afrikadaky german ýerleri, 3 kategoriýa bolsa Ýuwaş okeýandaky we Günorta-

Gündogar Aziýadaky german ýerleri degişli bolupolar AngliýanyňFransiýanyň mandat dolandyrylyşygyna degişli edilip şol halklar (esasn araplar) belli bir ösüş etapyny geçenlerinden soň garaşsyzlyk berilmek göz öňüne tutulupdyr. Şeýlelikde 1-nji kategoriýaly koloniýalaryň biri bolan Siriýa Fransiýa berilýär.

Gürrüňi edilýän döwürde Siriýada umuman alanyňda orta asyr gatnaşyklary dowam edipdir.

Siriýada senagat gowşak ösüpdir. Bar bolan senagat kärhanalary daşary ýurt kapitalynyň elinde bolup, bu kärhanalar ýurtdan girdeji almagyň esasy çeşmesi bolup hyzmat edipdir. Ýerli senagatyň ösüşini Ýewropadan getirilýän arzan harytlar bökdäpdir. Netijede Ýewropa kapitaly ýerli senagatyň ösüşine päsgel beripdir.

Ýewropanyň täsiri bilen ýüze çykyp ugran arap intelligensiýasy iş tapman başga ýerlere emigrasiýa gitmäge mejbur bolupdyr.

Milli buržuaziýa bolsa XIX-XX asyrlaryň sepgitlerinde ýurdy fransuz kapitalynyň aralaşýan döwründe öz maýalaryny senagat däl-de söwda we süýthorçylyga, şeýle-de ýer edinmäge sarp edipdirler. Ýöne ekerançylyk ýerlerinde ornaşsalarda olar obada kapitalistik gatnaşyklaryň kemala gemegini islemändirler.

Siriýa Fransiýa berilenden soň Siriýadaky sosial gatnaşyklar üýtgewsizliginde galýar. Fransiýänyň syýasy häkimiýetiniň berkarar edilmegi fransuzlaryň ykdysady agalygyny berkitmek we iňlis-german aktiwliginiň öňüni almak üçin ulanylypdyr.

Siriýada agalyk etmegiň şertleri üýgtese-de (ol öň Oswmanlaryňkydy) ilatyň hal-ýagdaýy ýeňilleşmän, öňküsindenem agyrlaşypdyr. Siriýä indi Osman imperiýasynyň bergilerini üzmeli bolupdyr. Üstesine-de fransuz kapitalistleri Siriýada ýeňillikli şertlerde konsessiýalary alypdyrlar. Fransuz söwdagärleri bolsa çakli Siriýa bazaryny arzan harytlardan

doldurypdyrlar. Ýurtdan arzan bahadan azyk harytlary äkidilipdir.

1920-nji ýylyň Aprel aýynda Siriýa Fransiýänyň mandatlygyna berilýär. Iýul aýynda bolsa Gündogar Siriýany eýelemek maksady bilen fransuz goşunlary Damaska girýärler. Fransiýä berilenden soň Siriýada Milli goranyş hökümeti döredilýär, ýone ol fransuzlara gaýtawul berip bilmeýär. Damask fransuz goşunlary tarapyndan eýelenýär, emir Feýsal olara boýun egýär.

Damsky eýelänlerinden soň fransuzlar Feýsaly ýurtdan kowýarlar.

Siriýada azat edijilik hereketi 1925-1927-nji ýyllarda güýçlenýär. 1925-nji ýylyň Iýul aýynda daglyk welaýat Jebel-Druzda gozgalaň turýar. Gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin ugradylan fransuz goşunlary Awgust aýynda derbi-dagyn edilýär.

Gozgalaňa 1925-nji ýylyň Fewral aýynda döredilen Halk partiýasy – Hizb aş-Şaab ýolbaşçylyk edipdir. Fransuzlardan egilişikleri gazanmak üçin partiýänyň liderleri fransuzlar bilen gepleşikleri alyp barypdyrlar. Partiýanyň käbir liderleri meselem doktor Şahbender fransuzlar bilen gepleşik geçirmek islemändir.

Siriýanyň ýokary gatlaklary fransuzlara golaý bolupdyrlar. Ýöne orta we ownuk baýlar we şyhlaryň bir bölegi gozgalňa gatnaşypdyrlar. Gozgalaňa şyh soltan Atraş ýolbaşçylyk edipdir.

1925-nji ýylyň Sentýabr aýynda Jebel-Druzdaky gozgalaňy basyp ýatyrmaga täze synanşyk edilýär. Ýöne gaýtawula duçar bolýarlar. Garşsyzlyk aýynyň başlaryna çenli göreşleriň merkezi Damaskyň daşyny gurşap alan Guta welaýaty bolýar. Şäheriň içindäki halk gozgalaňyny goldamagy bilen Oktýabr aýynyň 18-ne gozgalňçylat Damaska girýärler. Fransuz goşunlary paýtagty taşlamaga mežbur bolýarlar. Baş komissar Sarraýlaryň  buýruk bilen Damask ýerden we

howadan 2 günläp bobmbalanylýar. Müňlerçe adamlar ölýär. Gozgolaňçylar müňlerçe şäherler şäherden çykyp gidýärler. Noýabr aýynyň başlaryna çenli uly Siriýanyň uly şäherlerden başga ýerleri gozgolaňçylaryň elinde bolupdyrlar. 1926-njy ýylyň ýazyna çenli fransuzlaryň ýagdaýy gowylanýar. Marokkadaky gozgolaňy basyp ýatyryp, goşmaça güýçleri Siriýa getirýärler. 1926-njy ýylyň Maý aýynda Fransuzlar baş hüjüme geçýärler. Olar Jebel-Druzy eýeleýärler. Damaskini gaýtadan bombolaýarlar, Tuti welaýatynda we Demirgazyk Siriýada hüjüme geçýärler Halk uly garşylyk görkezýärler. Diňe 1927-nji ýylyň ýazynda fransuslar gozgalaňy ýatyrýarlar.

Gozgalaňdan soň fransuzlar milli buržuaziýa bilen gatnaşyklaryň ykdysady we syýasy ýollaryny geçip ugraýar. 1926-28-nji ýyllarda ýerli senagatyň ösüşini ýeňilleşdirilýän täze gümrük tarifleri girizilýär. Fransuz ýerli kompaniýalary ýerli kapitalistleri öz aksioner jemgyýetine çekip ugraýarlar. 1928-nji ýylda fransuzlar uçreditel ýygnagy çagyrmaga rugsat berýärler we ýygnakda esasy köplügi gozgalaň döwründe gadagan edilen Halk Partiýasynyň deregine döredilen Milli blok partiýasy alýar.

Emma 1930-njy ýylyň Maý aýynda uçreditel ýygnak konstitusiýa Siriýanyň Fransuz mandatlygy baradaky maddany girizmekden boýun gaçyrmanlygy sebäpli dargadylýar. Baş komissar şol maddany girizýär. Siriýa parlament respublikasy diýlip yglan edilýär.

1929-1933-nji ýyllaryň krizisi ýagdaýy ýaramazlaşýar. Oba hojalyk önümleriniň bahalary 5 esse kemelýär. Işsizlik senagat harytlaryna isleg gaçýar, köp kärhanalar ýapylýar.

Krizis döwründe-de göreşler ýatmaýar. Göreşe Milli blok partiýasy ýolbaşçylyk edýär. Emma 1933-nji ýyllaryň başlarynda olar hökümetden çykýarlar. 1933-nji ýylyň Noýabr aýynda Siriýanyň parlamenti we konstisiýasy ýatyrylýar. Bu bolsa uly nägilelikleri döredýär.

1936-njy ýylda fransuzlar eglişine gidýärler. Konstitusiýa dikeldilýär. Milli blok partiýasynyň wekillerinden hökümet düzülýär. 1936-njy ýylda bu hökümet fransuzlar bilen şertnama baglaşýar. Şol şertnamada mandat režimini 3 ýyllap ýatyrmaklyk we Siriýanyň garaşsyzlygyny ykrar etmek göz öňune tutulupdyr. Ýöne şertnamada Fransiýa Siriýanyň üstünden ykdysady syýäsy we harby gözegçiligine ýol berýän käbir maddalar bolupdyr. Ýöne muňa garamazdan bu uly ýeňişdi. Ýöne fransuz parlamenti bu şertnamany ratifisirelemeýär. Jahan urşynyň öňisyrasynda parlament dargadylýar, konstitusiýa ýatyrylýar.

## Yrak 1918-1945 ýyllarda.

1-nji jahan urşy döwründe we ondan soňra Yragyň territoriýasy iňlis goşunlary tarapyndan okkupirlenilýär. Uruş ýyllarynda Yragyň hojalygy bütinleý tozýar. Uruş döwründe türkler tarapyndan yraklylaryň hereket edýän goşuna mobilizlenilmegi, soňra bolsa iňlisler tarapyndan zähmet korpuslaryna sürülmegi işçi güýjüniň ýiti ýetmezçiligine getirýär. Ekin ýerleri 50% çenli kemelýär. Senetçilik ýüze çykyp ugran senagat önümçiligi üzül-kesil kemelýär. Senagat we azyk harytlary azalyp, bahalr gymmatlýar, açlyk, keselçilik güýjeýär.

Ýurt eýelenenden soň iňlisler ähli häkimiýeti ele alýarlar we Yrak iňlis adminstratorlary tarapyndan dolandyrylyp ugraýar. Yrakda berkemek we ýerli täsirli adamlary öz taraplaryna çekmek üçin ýer reformasy barada dekret çykaryp, şol boýunça daýhanlaryň obşinalary taýpa şeýhleriniň, dini we dünýewi feodallaryň, şeýle hem aralykçy buržuaziýanyň garamagyna berilýär.

Emma geçirilen çärelere garamazdan Yragyň eýelenilmegi jemgyýetiň giň gatlaklarynda nägilelik döredýär. Kemala gelip ugran milli buržuaziýa, şeýle hem käbir feodal

taýpalary Yragyň ikilenç kesekiniň eline geçmeginden nägile bolýarlar. Dini toparlaryň arasynda nägilelik güýjeýär. Din ulamalaryny has hem Nejef bilen Kerbeläniň awtonomiýasynyň ýatyrylmagy närazy edýär.

Şeýle şertlerde iňlisleriň syýasatyna garşy “garaşsyzlygyň goragçylary” atly watançy jemgyýet döräp, oňa yrakly täjirleriň, intelegensiýanyň, ýerli feodallaryň we ulamalaryň wekilleri giripdir. Emgyýete bagdatly täjir Japar Abuttiman we ulama (şaýy) Muhammet Sadr ýolbaşcylyk edipdirler. Bu jemgyýetiň guramalary Yragyň hemme şäherlerinde bolup, olaryň esasy talaby garaşsyzlyk bolupdyr. Yrak jemgyýetinin ýokary gatlaklarynyň başga bir toparynyň wekilleri “Yrak wesýeti” jemgyýetine girmek bilen olar iňlisler bilen hyzmatdaşlygyň tarapdary bolupdyrlar. Olaryň hem maksady Yrak döwletini döretmek bolup, ýöne şol döwlet Angliýanyň howandarlygynda bolmaly bolupdyr. Bu jemgyýete esasan Yragyň belli jemgyýetçilik işgäri Nury Seýit ýolbaşçylyk edipdir. Bu jemgyýetleriň ikisiniň hem abraýy diňe şäherde ýokary bolupdyr. Ýerlerde azat edijilik hereketine taýpa şeýhleri ýolbaşçylyk edipdir. Bir bada iňlisler bilen araplaryň arasyndaky çaknyşyklar diňe ýerlerde bolupdyr. 1918-nji ýylyň ýazynda Nejefde we Ýefratyň orta akymlarynda gozgalaňlar bolup geçýar. 1919-njy ýylyň Maý-Iýun aýlarynda kürtleriň ýaşaýan ýerinde şeýh Mahmudyň ýolbaşçylygynda gozgalaň bolup, olar garaşsyz kürt döwletiniň döredilmegini talap edipdirler.

1920-nji ýylyň başlarynda azat edijilik hereketiniň merkezi arap oblastlaryna ýaýrap ugraýar. 1920-nji ýylyň gyşynda we ýazynda çarwa araplar-beduinler Bagdadyň demirgazygyndaky Tigr bilen Ýefratyň arasyndaky ähli ýerleri diýen ýaly okkupantlardan azat edýärler. Soňra bolsa Mosula ýöriş etmäge taýýarlanýarlar. Şeýle şertlerde Siriýanyň halap şäherinde “Yrak wesýeti” jemgyýeti öz çagyran kongresinde 1920-nji ýylyň Mart aýynyň 8-ne Yragyň garaşsyzlygyny yglan

edýärler. Ýöne öz öňe süren jarnamasynyň yzynda durup bilmeýärler.

1920-nji ýylyň Aprel aýynda Yrak San Remo konferensiýasynyň karary bilen Angliýanyň mandatlygyna berilýär. 1920-nji ýylyň Maý aýynyň ahyrlarynda Iýun aýynyň başlarynda Bagdatda we beýleki şäherlerde garaşsyzlyk talaplary esasynda demonstrasiýalar bolup geçýär. Edil şol döwürler "Garaşsyzlygyň goragçylary" jemgyýetiniň, Merkezi Yragyň taýpa şeýhleriniň we şaýy mujahitleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen maslahatda ýaragly gozgalaňa taýýarlyk barada karar kabul edilýär.

1920-nji ýylyň Iýun aýynyň 30-na Rumeýsa şäherjiginiň töwereginde ýaşaýan taýpanyň gozgalaňy tiz wagtda bütin Yragy diýen ýaly gurşap alýar. 1 aýyň dowamynda gozgalaňçylary Yragyň araplaryň ýaşaýan ýerleriniň Basra bilen Bagdat aralygyndaky iňlis berkitmelerinden başgasyny azat edýärler. Olar iňlislere birnäçe gezek ýňlişe sezewar edýärler. Ýöne çykyşlar dagynyk bolupdyr, üstesine-de şaýylar bilen sünnileriň arasynda-da garşylyklar bolupdyr. Kä ýerlerde bolsa taýpalar arasynda-da gandöküşikli söweşler bolup geçipdir. Bellemeli zatlaryň biri-de gozgalaňlar esasan oba raýonlarynda bolup geçipdir. Gozgalaňa ýolbaşçylyk edýän toparlaryň arasynda-da ylalaşyga gelmek meýillerem az bolmandyr. Şeýle şertlerde iňlisler gozgalaňçylaryň garşysyna 150 müňlik goşun sürýärler we 1920-nji ýylyň Noýabr aýynyň ortalaryna çenli gozgalaňçylaryň esasy güýçleri ýeňilýärler.

Halk hereketinden çekinip iňlis häkimiýetleri heniz gozgalaň basylyp ýatyrylýan döwründe 1920-nji ýylyň Oktýabr aýynda Yragyň wagtlaýyn hökümeti döredýärler, 1921-nji ýylyň Awgust aýynyň 23-ne bolsa Angliýa Feýsal al-Haşiminiň Yragyň koroly yglan edilmegini gazanýar.

Gozgalaňdan soň korol hökümetiniň ähli wedomstwalaryna iňlis sowetnikleri bellenilýär, ýerlerde bolsa iňlis inspektorlary hojaýynçylyk edýärler. Ýurduň hakyky

hojaýyny bolsa iňlis ýokary komissary bolupdyr. 1922-nji ýylyň iňlis-yrak şertnamasy boýunça Yrak hökümeti daşary işler we maliýe meselelerinde iňlis ýokary komissary berýän maslahatlaryndan ugur almaly bolupdyr. Ýurtda köp mukdardaky iňlis goşunlary galdyrypdyr.

Bu şertnamada Yragyň syýasy güýçlerini köseşdirip bilmeýär. Heniz gozgalaň döwründe "Garaşsyzlyk goragçylary" jemgyýetiniň esasynda dörän Abuttimanyň ýolbaşçylygyndaky Yragyň täzeden döreýiş partiýasy milli nägileligiň göbaşynda durupdyrlar. Diňe 1924-nji ýylda halk çykyşlaryny ýatyrmak bilen iňlisler 1922-nji ýylyň şertnamasynyň kanunylaşdyrylmagyny başarypdyrlar. Şundan soň Angliýanyň koloniýalaryň işleri baradaky ministrlikde taýýarlanylan Yragyň konstitusiýasyny hem tassyklaýar.

1925-nji ýylda iňlisler Yragyň nebitli ýerlerini hem öz ellerine alýarlar, ýöne 1927-nji ýylda amerikanlar we fransuzlar bilen nebitleri özleşdirmekde bileleşmäge we "Yrak netroleum kompaniýasyny" döretmäge mejbur bolýarlar.

Mandat sistemasy dowam etdigiçe-de oňa garşy herekedem şonça-da güýçli bolýar. Giň köpçülik bu hereketlere gatnaşypdyr.

1930-njy ýylyň Iýun aýynyň 30-na iňlisparaz döwlet işgäri Nury Seýit ("Yrak wesýatleri") hökümete ýolbaşçylyk etmek bilen täze iňlis-yrak şertnamasyny baglaşýar. Şertnama 25- ýyla niýetlenip şonda Yrak Milletler Ligasyna kabul edilen badyna onuň garaşsyzlygy yglan ediler diýilip bellenipdir. Şeýle hem daşary işler meselesinde Yrak Angliýa bilen maslahatlaşmaly bolupdyr. Habbanide we Şuaýbeýde iňlisler harby baza saklapdyrlar, iňlis sowetlerini we ekspertleri Yraga iberilip durulmaly edilýär.

Bu şertnamada nägilelik döredýär. Nury Seýide oppozisiýada duryan buržuaz we watançylyk toparlary 1930-njy ýylyň Noýabr aýynda "Milli doganlyk" partiýasyna birleşýärler. 1931-nji ýylyň Ýanwar aýynda oňa Atutimanyň

Yragyň milli partiýasy hem goşulýar. Bu partiýa şertnamasynyň ýatyrylmagyny we Nury Seýidiň hökümetiniň iş başyndan gitmegini talap edýär.

Şeýle şertlerde Nury Seýit 1930-njy ýylyň şertnamasyna ygrarly bolmagyny ýene-de bir gezek tassyklap 1932-nji ýylyň Garaşszylyk aýynyň 3-ne Yragyň Milletler Ligasyna kabul edilmegini gazanýar. Bu bolsa garaşsyzlygy aňladýardy, sebäbi 30-njy ýylýň şertnamasynda bu barada görkezilipdi.

Garaşsyzlyk yglan edilen döwürlere Yragyň ykdysady ýagdaýy örän pes bolupdyr. Mandat döwründe nebit senagaty bolaýmasa iňlisler tarapyndan ýekeje-de kärhana gurulmandyr.

Mandat sistemasy aýrylsa-da Yragyň içki ösüşi kadalaşmaýar. Garaşszylygyndan soňky 2,5 ýylyň içinde 8 gezek ministrler kabineti çalşyrylypdyr, 3 gezek bolsa parlament saýalwlary geçirilipdir. Hatda 1933-nji ýylyň Mart aýynda häkimýet başyna Reşit Aly al-Gaýlanynyň “milli doganlyk” partiýasynyň gelmegi hem meseleleri çözmegi başarmaýar. Bu partiýa 1930-njy ýylyň şertnamasyny ykarar edýär, käbir etnki çaknyşykalarada ýol berýär. Abuttimanyň milli partiýasy “milli doganlykdan” çykýar. Netijede Reşit Aly-al-Gaýlanyň hökümeti otstawka gidýär. Ýöne 1935-nji ýylýň Mart aýynda ýenede gelýär. Ýöne reforma wada etmekden başga beren zady bolmaýar.

Şol döwürlerde Yragyň syýasy arenasyna täze güýçler çykyp ugraýar. 1932-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 2-ne başlap Bagdatda çykyp ugran “Al-Ahaly” gazýetiniň töwereginde gurama döreýär. Bu gurama geljekki komunistik we buržuaz demokratik garaýyşly yrakly jemgyýetçilik işgärleri giripdir. “Al-Ahaly” toparynda Aziz Şerif, Jafar Abuttiman (Yragyň milli partiýasy) we adwokat Kamil Al Çadarçi (“milli doganlygyň” görnükli wekilleriň biri ) liderlik edipdirler. “milli doganlyk” partiýasynyň hökümetine garşy göreşi ýokarlandyrmakdan başga-da belli yrakly syýsatçy, bir döwürde “milli doganlyga” giren Hikmet Süleýman hem

goşulyp, ol “Al-Ahaly” topary bilen ýakynlaşýar. Soňra şu guramanyň adyndan iňlislere garşy harby toparyň ýolbaşçysy general Bakr Sidki bilen (köp gozgalaňlary basmaga gatnaşýar) harby döwlet agdarlyşygyň meýilnamasyny taýýarlaýar. Agdarlyşyk barada olar soňky pursatlarda “Al-Ahalynyň” liderlerini habardar edýärler.

1936-njy ýylyň Oktýabr aýynyň 29-na Bakr Sidkiniň baştutanlygyndaky goşunlar Bagdada süýşip ugraýarlar we Yragyň koroly Gazi I –e (1933-dan Yragyň koroly) “milli doganlygyň” hökümetini otsawka ibermek barada ultimatum berýär. Korol ultimatumy kabul edýär we Hitmet Süleýmana hökümet düzmegi tabşyrýar. Täze hökümetiň 7 agzasynyň 3-si (H. Süleýman, Abuttiman, al-Çadarçi ) “Al-Ahaly” toparyndan bolupdyr, Bakr Sidki bolsa baş serkerde bolýar.

H. Süleýman we maliýe ministri wezipesini alan Abuttiman giň reformalary geçirmegi göz öňünde tutýarlar. Olar öz meýilnamalarynda döwlet ýerlerini ýersizlere bermegi, amnistiýa geçirmegi (syýasy tussaglara), milli senagaty ösdürmegi, durmuş üpjünçiligi gowylaşdyrlmagy, kärdeşler arakalaşygyny işçilere ýardam bermegi we başgalary wada edýärler. Şu meýilnamanyň ýerine ýetirilmegine ýardam etmek maksady bilen ýörüte jemgyýet hem gurulýar. Bu jemgyýete “Al-Ahaly” toparynyň agzalary bolup durýan ministrler we parlamentiň çlenleri girýärler.

Ýöne Hikmet Süleýman, Bakr Sidki öz wadalaryny ýerine ýetirip bilmeýärler. Sebäbi parlamentdäki iri ýer eýeleri, söwda-komprador gatlaklar reformalar, esasan hem ýer reformasyna garşy çykýarlar. Hikmedem, Bakram känbir reforma geçirmäge göwnäp durmandyrlar. Şol sebäpden hem ikisem halk hereketlerini yzarlap başlaýarlar, sebäbi halk reformalary talap edýär. Muňa gahar edip “Al-Ahalynyň ” ministrleri otstawka gidirýär.

Hikmediň we Bakriniň demokratlardan daşlamagy olaryň abraýyny gaçyrýar we onda iňlis paraz toparlar

peýadalanýarlar. 1937-nji ýylyň Awgust aýynyň 11-ne Bakr Sidki öldürilýär, Hikmediň hökümedi dargadylýar. Iňlisparaz toparlar has hem 1938-nji ýylyň Dekabr aýynyň 25-ne Nury Seýidiň hökümedi döredilenden soň güýjeýär. Täze primýer diňe bir halk hereklerinden däl eýsem oppozisionerlerindenem öç alypdyr. Olaryň köpüsi “döwlet agdarylyşynda” aýyplanyp tussag edilýär. Şol döwürler korol Gazi I hem awtomobil heläkçilgine uçrap ölýär.

Uruş başlan badyna Anglýanyň täsiri bilen Nury Seýit Germaniýa bilen gatnaşyklary kesýär. Uruşda Yrak bitraplyygy saklananam bolsa, onuň ykdysadyýeti Anglýa tarapyndan urşuň bahbitleri üçin ulanylýar. 1939-njy ýylyň Ruhanama aýynyň 12-ne hökümet ýürtda adatdan daşary ýagdaý girizýär we öz garşydaşlaryny garşy represiýany güýçlendirýär.

Oppozision güýçler hem janlanyp ugraýar. Olar harbylaryň kömegi bilen 1941-nji ýylyň Aprel aýynyň 1-ne agdarlyşyk geçirýärler we hökümete R. Aly-al gaýlany gelýär. Olar Germaniýa bilen ýakynlaşmaga başlaýarlar.

1941-nji ýylýň Maý aýynyň 2-ne iňlisler Yrak goşunyna garşy hüjüme geçýär. Tiz wagtdan bütin Yrak eýelenilýär. Olar goşunda we apparatda arassalaşyk geçirýärler. 1943-nji ýylda konstitusiýa girizilen düzgünler korolyň we hökümetiň häkimýetini giňeldýär.

1943-nji ýylýň Ýanwar aýynyň 17-ne Yrak Germaniýa we Italiýa uruş yglan edýär. 1944-nji ýylyň Awgust aýynda SSSR bilen diplomatik gatnaşyklar ýola goýulýar.

## Yrak 1945-2009-njy ýyllarda

Ikinji jahan uruş döwründe girizilen harby ýagdaý 1946-njy ýylyň Fewral aýynda ýatyrylýar. Hökümete Taufik as-Suweýdiniň kabineti gelýär. Senzurany ýatyrýar, syýasy partiýalara hereket etmäge rugsat berýär. Netijede milli

demokratik partiýa, liberallaryň partiýasy, garaşsyzlyk partiýasy, halk partiýasy legal işlap başlaýar.

1947-nji ýylda Nury Seýidiň hökümeti gelýär. Soň 1948-nji ýylda Salyh Jabyryň hökümeti gelýär. S. Jabir 1948-nji ýylýň Ýanwar aýynyň 15-ne Angliýanyň Portsmut şäherinde edil Müsür bilen 1946-njy ýylda baglaşylan şertnama ýaly ylalaşyk baglaşylýar. Ýagny harby bazalar, gatyşyk harby sowet, Yrak gelejekde Angliýanyň daýanç ýurdy, yrak goşunlaryny başga ýerlerde ulanmak we başgalar.

Nury Seýidiň hökümeti "komunistik howp" bahanasy bilen YKP –niň lideri Fahidi, milli aztlyk partiýasynyň lideri Muhammet aş-Şabibini tussag edýär. 1949-njy ýylda bolsa şu ikisi we ýenede Muhammet Basim dagy dardan asylýar.

Portsmut ylalaşygyna ilat garşy 300 müň adam çykyşlara gatnaşýar we salyh Jabir we ministrler gaçyp gidýärler. Ornuna Muhammet As-Sadriniň kabineti gelýär. Ol Partsmut şertnamasyna garşy bolýar. Ýöne 1 ýyldan 1949-njy ýylyň Ýanwar aýynda ýene-de Nury Seýit gelýär.

Umuman 50-nji ýyllar çylşyrymly ýagdaýladra geçýär, adatdan adşary ýagdaý kä girizilip, kä ýatyrylyp dyurulypdyr. 50-54-nji ýyllarada Yrak günbatar bilen golaýlaşýar. ABŞ kömek berýär. 1954-nji ýylda ýene-de Nury Seýidiň kabineti gelýär. Ol harby blok döretmäge girişýär. 1955-nji ýyllyň Fewral aýnyň 24-ne Türkiýe bilen şertnama baglaşyp, ol geljekki blogyň düýbüni tutýar. Gürbansoltan aýnyň 4-ne Anglýa bilen şertnama baglaşýar, Sentýabr aýynyň 23-ne Pakistan goşulýar, Garşszylyk aýynyň 12-ne bolsa Eýran goşulýar. Şeýlelikde bagdat pakty döreýär. Ol antisowet häsiýetde bolupdyr. Sebäbi şertnamalaryň öňi syrasynda Seýit 1955-nji ýylýň Ýanwar aýynyň 3-ne SSSR bilen gatnaşygyny kesýär.

Umuman 50-nji ýyllaryň ahyrynda Yrakda monarhistik režim halys abraýdan düşýär. 1956-njy ýylda korol hökümetine garşy giň gozgalaň hem turýar, ýöne ol basylyp ýatyrylýar.

1957-nji ýylda YKP, milli demokratik partiýa, Garşsyzlyk partiýasy we BAAS birleşip milli bitewilik Frontyny (MBF) döredilýär.

Netijede 1958-nji ýylyň Iýun aýynyň 14-ne 2 Yrak brigadasy, polkownikler Abdylkerim Kasymyň we Abysalam Arefiň baştutanlygynda Bagdada girýärler, köşgi eýelenýär we korol Feýsa lI we Nuri Seýit (premýer) öldürilýär.

Wagtlaýyn konstitusiýa kabul edilýär. Hökümete Kasym ýolbaşçylyk edýär. 1958-nji ýylýň Sentýabr aýynyň 30-na agrar kanun kabul edilýär. Ol iri ýer eýeçilgini çäklendirýär.

1959-njy ýylda Yrak Bagdat paktyndan çykýar. Ýöne Kasymyň hökümeti iki ýüzli hereket edýär. Birtarapdan proressiw işler geçirilýär, beýleki tarapdan demokratik guramalara garşy repressiw çäreleri geçirilýär. 1961-nji ýylda Yrak Kuweýte dalaş edýär. Araplaryň arasynda Yrak abraýdan gaçýar.

1968-nji ýylýň Dekabr aýynyň 8-ne harby agdarlyşyk bolup häkimýete BAAS bilen Abdisalam Arefiň harby topary gelýär. Prezident A.Aref bolýar. Ýöne giň hukuklaryndan peýdalanyp bilmäňdir. Täze ýolbaşçylygyň arasynda bitewilik bolmandyr. Şoň üçinem A. Arefiň tarapdarlary 1963-nji ýylyň Noýabr aýynda täze agdarlyşyk geçirilip Baasistleri hökümetden çetleşdirýärler.

Bu hökümet “arap sosializmini” wada edýär. Syýasy azatlyklary, agrar kanun wada edýär. Biatarap syýasat, arap bitewiligi we başgalary wada edýär.

1964-nji ýylda Yragyň nebit kompaniýasy döredilýär, daşary ýurt banklaryň we milli banklaryň millileşdirilmegi bolýar, aýlyk köpeldilýär, ilatyň gün-güzeranyna seredilýär.

1965-nji ýylda bu hökümetem krizese düşüp ugraýar. 1966-njy ýylyň Aprel aýynyň 13-ne howa heläkçiliginde Abdulsalam Aref ölýär, täze prezident general Abdurahman Aref bolýar. Bu diktatorçylyk bilen ýurdy dolandyrýar. Şoň üçinem ony hem agdarýarlar. Onsoňam 50-nji ýylyň

ahyrlaryndan başlap Ýrakda harbylar syýasata aralaşyp ugraýarlar we çylşyrymly ýagdaýlar döreýär.

1968-nji ýylyň Noýabr aýynyň 17-ne BAAS agdarlyşyk edyär. Häkimýete general Ahmet hasan al-Bakr gelýär. YKB bilen ýakynlaşyp ugraýar. 1973-nji ýylýň Noýabr aýynyň 17-ne BAAS (al-Bakr) YKP (Aziz Muhammet) gol çekişip progressiw milli watançylyk fronty döredilýär. Kürtler bilen uruş bes edilip olara awtonomiýa berilýär. (1974-nji ýylda) 1970-nji ýylda iri ýer eýeleriniň ýeri azaldylýar. Döwlet sektory giňeýär.

1972-nji ýylda “Yrak petrolium” millileşdirilýär. 1976-njy ýyla çenli ähli nebit senagaty millileşdirilýär.

SSSR ummasyz köp kömek beryär. Ýefrat –Tartar kanaly gurulýar. Ummasyz köp ýarag berýär. 1973-nji ýylyň Garaşszylyk aýynda Yragyň bronetank we piýada goşunlary Siriýanyň goşunlaryna goşulyp Ysraýyla garşy hem uruşýar.

1979-njy ýylyň Iýun aýyndan bäri Yrak S. Huseýin tarapyndan dolandyrylýar. Ol al-Bakry ýok edip onuň ornuna gelýär. Onuň döwründe döwlet häkimýetiniň ýokary edarasy Rewolýusiýon harby sowet, başlygam, prezidentem, baş serkerdesem S.Huseýin bolýar. Parlamentiň roly çäklendirilen.

1980-njy ýylýn Ruhanama aýynda eýran-Yrak urşy başlady, uly zyýan ýetirdi Yraga, 1988-nji ýylýn Awgust aýynyň 20-ne halkara jemgyýetçiliginiň hyzmaty bilen uruş ýatylydy.

Hüseýniň döwründe Yrak bir partiýa agalyk edýän diktatorçylyk dölweti boldy. Başga partiýalar gadagan edildi. Içem düzüw däl. Häli-şindi şaýylar gozgalaň turuzýarlar. 1989-njy ýylda Kuweýte agressiýa etdi. 1990-njy ýylda ABŞ we saýuzdaşlary tarapyndan çykaryldy. Himiki ýaraglarynyň ep-esli zapasy toplanan. BMG-niň wekilleri birnäçe gezek barlag geçirdi. Araplaryň içinde abraýy pes.

Ykdysady ýagdaýam gowy däl. Ykdysady sanksiýa häli-şindi sezewar edilip dur. Diňe gumanitar kömek alýardy,

syýasy ýagdaýam düzüw däl. Şu ýagdaýda 2 giýewisi 2 aga-ini Iordaniýa gaçyp gitdi, soňam getirilip ikisi hem öldürilýär.

Ykdysady ýagdaýam öwerlik däl. Ýagsam 40 mlrd. T. nebit zapasy bar. Ýylda.

130-140 mln. t. nebit çykarylýar. Ýöne emborgo saklanýar. Dünýäde iň köp pisse öndürilýär. (500000 t). 15 mln. goýun maly 2,5 mln. gara maly bar.

1998-nji ýylyň Dekabr aýynyň 16-na ABŞ. Angliýa Yraga zarba urdy. Himiki ýaraglary ýok etmek bilen bagly kompaniýanyň işine mümkinçilik bermänligi üçin

2003-nji ýylda ABŞ,Angliýa we käbir NATO döwletleri Yraga uruş yglan etdiler. S.Hüseýniň düzgüni Yrakda syndyryldy. Häzirki döwürde Yrakda kadaly durmuşy ýola goýmak,täze demokratik hökümeti iş başyna getirmek kyn ýagdaýda amala aşyrylýar.

# EDEBIÝAT


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.

12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular

maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). //

Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden Çykyşy (2008-nji ýylyň 16-njy sentýabry). – Aşgabat, 2008.
29. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
30. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.
31. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow “Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna”. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
32. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
33. История стран зарубежной Азии в средние века. М. 1970
34. Народы Африки. М.1954
35. Антонова И. История Индии.М.1979
36. История стран Азии и Африки в средние века .М.1987. 1-2 книга
37. История стран Азии и Африки в новое время. 1-2 книга М.1989
38. История стран Азии и Африки в новейшее время. 1-2 книга М.1976
39. Современное зарубежное источниковедение. М., 1983
40. Источниковедение и историография истории стран Азии и
41. Африки.Выпуск 1-13 (1963-1976)

42. Гумилев А.Н. Древние тюрки.М.1960
43. Арабские страны.М. 1970
44. История Ирана с древних времен до конца 18 века.М.1958.
45. Турция. История и современность.М.1958
46. История Китая с древнейших времен до наших дней.М.1974
47. История Китая с древнейших времен до наших дней.М.1974
48.Вельгус В.А Средневековый Китай. М.науки 1987
49.История Китая с древних времён до наших дней. М.Н. 1974
50.Формирование феодально-зависимого крестьянства в Китае в
III-VIII вв. М.Н. 1980 г
51.Гумилев Л.Н. Хунны в Китае. Три века войны Китая со
степными народами III-VI вв. М.н. 1974.
52.Ванин Ю.В. Аграрный строй феодальной Кореи XV – XVI век
М . Н . 1981 .
53. История Кореи с древнейших времен до наших дней. М . Н.1974 т.1
54. История кореи . ( пер. с корейского ) М . 1960 .
55. Пак М . Н . Корейская история о xapaktepe социально – економического строя Кореи в период трех государств М . 1960
56. Онункы . Очерки ранней истории Кореи . М . из – во МГУ 1979
57. История стран Азии и Африки в средние века. М.1987. .
58. История Корея с древных времен. до наших дней. М.1974

59. Тягай Д. Формирование идеологий национально-освободительного движения в Корее. М. 1983
60. История Кореи. М.1960
61. История стран Азии и Африки в средние века. М. 1976
62. Владимирцев В.Я. Общественный строи монголов.Л.1934.
63. История МНР. М.1983.
64. Григорев А.П.Монгольская дипломатика в Х!!!-Х!У вв М.1978.
65. Далаи Чулууны. Монголия в Х!!!-Х!У вв. М.1983.
66. Средневековая культура монгольских народов.Новосибирскб 1992.
67. История стран Азии и Африки а средние века. М. 1976.
68. История Вьетнама. М, 1983.
69. История стран Азии и Африки а средние века. М. 1976.
70. История Индонезии. М, 1992.
71. История стран Азии и Африки а средние века. М. 1976.
72. История Индии в среднее века. М., 1968.
73. Касты в Индии. М., 1965. (сборник статьей)
74. Кудрявцев М.К. Кастовая система в Индии. М., Наука 1992.
75. Медведьев Е.М. Очерки истории Индии до ХШ век. М.,1990.
76. Осипов А. Краткий очерк по истории Индии до Х в. М., 1948.
77. Антонова К.А, и др. Историоия Индии. 2-ое изд. М., 1979.
78. Ашрафян К.З. Феодализм в Индии: Особенности и экономическое
развитие. М., 1983.

79. Аграрный строй Османской империи XV-XVII в.в. Мю1963.
80. Гасратян М.А. Очерки истории Турции. М. 1983. 3/178314.
81. Еремеев Д.Е. На стыке Азии и Европы: Очерки о Турции и турках. м
1980.
82. Жуков К.А. Эгейские эмираты в XIV-XV веках. М 1988.
83. Курпалидис Г.М. Государство великих Селджуков: Официальные
документы об административном управлении и социально –
экономических отношениях. М 1992.
84. Новичев А.Д. История Турции. Т.1. Л. 1963. 3/41112.
85. Османская империя: государственная власть и социально –
комитическая структура.(Сб. Ст.). м. 1990
86. Османская империя: могущество и гибель. М. 1990. 3/223787.
87. Фиш Р.Г. Спящие пробудятся: Повесть о Бедретдине Симави м. 1986.
88. История Ирана.М.1977.
89. Иносгранцев К.А. Сасанидские этюды.Сп.1909
90. История Ирана с древнейших времен до конца XVIIIв.Л. 1958
91. Касымова С.Ю. Южный Азербайджан в IV-VII в.в. Баку 1983
92. Книга деяний Ардашира сына Папака. М. 1982
93. Колесников А.И. Завоевание Ирана арабами. М. 1982
94. Колесников А.И. Иран в начале VII в. Л. 1970

95. Кузнецов В.С. Последний правитель Ираншахра .Новосибирск. 1991.
96. Луконин В.Г. Иран в III веке. М. 1979
97. Периханян А.Г. Общество и право Ирана в парфиянский и
сасанидский периоды. М. 1983
98. Пигульевская Н. Города Ирана в раннем средневековье. М. 1956.
99. Пигульевская Н. Арабы у границ Византии и Ирана в IV-VI в.в.
М.1964
100.Подвиг Бахрама Чубины. .1962
101.История стран Азии и Африки а средние века. М. 1976.
102.Материалы по истории туркмен и Туркмении. В 2-х томах, М,Л,
1938-1939.
103.Бuниятов З.М. Госудрство атабеков Азарбайджана, Баку, 1976.
104.Экаев О. Туркменистан и Туркмении в конце XV –I пол. XVI вв –
Ашгабад 1981.
105.Босфорд К. Э. Мусульманские династии. М., 1971.
106.Durdyýew. M.B., Kadyrow Ş. Dünýädaki türkmenler Aşgabat 1991.
107.Бартольд В.В. Сочинения. Т. 6. М. 1966 г.
108.Беляев Е.А. Арабы , исламы и арабский халифат в раннее
средневековье . М . 1966 г.
109.Надирадзе Л. Хрестоматия по истории халифата. М. 1968 г.
110.Ригулевская Н.В. Арабы у границ Византии и Ирана в
IV – VI вв. М – Л. 1964 г.

111.Общественный строй Северной и Центральной Аравии в
V – VII вв. М. 1981 г.
112. Риотровский М.Б. Южная Аравия в раннее средневековье .
113.Становление средневекового общества . М. 1985 г.
114.История стран Азии и Африки а средние века. М. 1976.
115.История Кореи с древнейших времен до наших дней. М. 1974.
116.История стран зарубежной Азии в средние века. М. 1970
117.Народы Африки. М.1954
118.Антонова И. История Индии.М.1979
119.История стран Азии и Африки в средние века .М.1987. 1-2 книга
120.История стран Азии и Африки в новое время. 1-2 книга М.1989
121.История стран Азии и Африки в новейшее время. 1-2 книга М.1976
122.Современное зарубежное источниковедение. М., 1983
123.Источниковедение и историография истории стран Азии и
124.Африки.Выпуск 1-13 (1963-1976)
125. Гумилев А.Н. Древние тюрки.М.1960
126. Арабские страны.М. 1970
127.История Ирана с древних времен до конца 18 века.М.1958.
128.Турция. История и современность.М.1958
129.История Китая с древнейших времен до наших дней.М.1974
130.Тягай Г.Д. Освободительное движения в Корее. М. 1983.

131.Шапшина Ф.И. В колониялной Корее. М. 1992.
132.Асадуллаев К. Свержение династи в Иране. М. 1966.
133.Иран: Очерки новейшей истории Ирана. М. 1976.
134.Агаев П.И. Иран: Рождение республики. М. 1981.
135.Новейшая история Китая. М. 1984.
136.Очерки по новой и новейшей истории Китая. М. 1951.
137.История Китая. М. 1994.
138.История Монгольской народной республики. М. 1983.
139.История МНР. М. 1986.
140.Монголия (справочник). М. 1981.
141.История Индонезии. М. 1992.
142.История стран Азии и Африки в новейшая время. М. 1976.
143.История стран Азии и Африки в новейшая время. М. 2004.
144.История Вьетнама. М. 1983.
145.История Вьетнама в новейшая время. М. 1970.
146.История Турции. М. 1983.
147.История Турции в новейшая время. М. 1970.
148.Политическая борьба в Турции. М. 1982.
149.История Японии. М. 1978.
150.Кутаков Л.Н. Очерки новейшей истории Японии. М. 1965.
151.Эйдус Х.Т. История Японии с древнейших времен до наших дней.
М. 1968.
152.Новейшая история Индии. М. 1978.
153.Очерки новейшей истории Индии. М. 1965.
154.История Афганистана. М. 1982.
Афганистан. Борьба и созидания М. 1986.

155.Кошелев В.С. Египет от Ораби паши – до Саада Заглула. М. 1992.
156.Новейшая история Арабских стран. М. 1988.
157.Новейшая история Арабских стран Африки. М. 1990.
158.Давидсон А.Б. Южная Африка. 19870-1924 г.г. М.1972
159.Давидсон А.Б. Сесиль Родс и его время. М. 1984
160.История Тропической и Южной Африки. М.1989
161.Урнов А.Ю. Политика ЮАР в Африке. М. 1982
162.Вяткина Р.Р. Создание ЮАС. М. 1976
163.Мухаммедова Д.М. Из истории расовой дискриминации индийцев
в Южной Африке. М. 1965
164.Новейшая история Африки. М. 1964
165.Асоян Б.Р. Сквозь 300 лет – от Кейпа до Трансвааля. М.1991.
166.Кошелев В.С. Египет от Ораби паши – до Саада Заглула. М. 1992.
167.Новейшая история Арабских стран. М. 1988.
168.Новейшая история Арабских стран Африки. М. 1990.

Mazmuny

**Gündogar ýurtlarynyň taryhyna Giriş..........................................................................3-7**

**I. Orta asyrlar döwri.**

Hytaỳ irki orta asyrlarda. ....................................... 8-16
Hytaỳyñ birleşdirilmegi..........................................17-21
Hytaỳ Ỳuan dinastiỳasynyñ dolandyran ỳyllarynda..22-23
XV-XVII asyrlarda Hytaỳyñ syỳasy ỳagdaỳy...........24-28
XV-XVII asyrlarda Hytaỳyñ durmuş – ykdysady ỳagdaỳy........................................................29-35
Koreýa irki orta asyrlarda..........................................36-39
Koreýada derebeglik gatnaşyklarynyň ösmegi ................40-42
Koreýa giçki orta asyrlar döwründe...............................43-46
Mongoliýada irki orta asyr döwletiniň döremegi….........47-50
Mongollaryň Hytaýdaky hökümdarlygy...................51-52
Mongoliýa ýurt dagynyklygy döwründe...........................53-55
Wỳet döwleti irki orta asyrlarda........................................56-58
Wỳetnam XI – XV asyrlarda..........................................…59-62
Wỳetnam giçki orta asyrlarda...........................................63-64
Indoneziỳa irki orta asyrlarda...........................................65-67
XI – XV asyrlarda Indoneziỳadaky döwletleriñ durmuş - ykdysady we syỳasy ỳagdaỳy...........................................68-69
Indoneziỳa XVI-XVII asyryñ birinji ỳarymynda…………70-71
Hindistan III-XII asyrlarda……………………..................72-75
Hindistan XI – XV asyrlarda…………………………76-77
Türkiỳe XI-XV asyrlarda……………………………....78-83
Osman imperiỳasy XVI-XVII asyrlarda……………….....84-88
Eýran irki orta asyrlar döwründe…………………...…89-94
Eýran VIII – XV asyrlarda………………………….....99-101
Eýran Gargoýunly türkmenleriniň dolandyran ýyllarynda.........................................102-111

Eýran emir Teýmiriň dolandyran döwründe...112-116
Eýranda Akgoýunly türkmenleriniň döwleti…………..117-120
Eýran giçki orta asyrlarda……………………………...121-126
Arabystan irki orta asyrlar döwründe……………….127-130
Irki orta asyr arap döwletiniň we yslamyň döremegi.........................................................................131-139
Müsür IX-X asyrlarda……..........................................….140-141
Orta asyrlarda Arap medeniýeti....................................142-146

## II. Täze taryh döwri.

Hytaý XVII- XVIII asyrlarda........……………………147-150
Hytaý XVIII-XIX asyrlarda……………...........................151-155
Hytaý XIX asyryň ahyrlary – XX asyryň başynda…….156-159
Hytaý XX asyryň başlarynda………………….............160-162
Koreýa XVII - XVIII asyrlarda…………………...……163-166
XIX asyrda Koreýada döwlet ulgamynyň gowşamagy..........................................................................167-170
Ýaponiýa XVII - XIX asyrlarda…………………………171-174
Ýaponiýada durmuş gatnaşyklaryň ýitileşmegi……….175-177
Ýaponiýa XX asyryň başynda........................................178-180
Mongoliýa XVII - XIX asyrlarda…….......................……181-184
Mongoliýa XIX asyryň ahyry – XX asyryň başynda......185-189
Wiýetnam XVII-XIX asyrlarda………………....……190-192
Hindihytaý ýurtlary XIX asyryň ahyry XX asyryň başynda……….............................................................193-196
Indoneziýa XVII – XIX asyrlarda…...............................197-199
Indoneziýa XIX asyryň ahyrlarynda - XX asyryň başlarynda...................................................................200-203
Owgan döwletiniň döeremegi we iňlis basyplaýşlaryna garşy göreş.............................................................................204-206
Owganystan XIX asyryň ahyry XX asyryň başynda.....207-210

Eýran XVII-XIX asyrlarda……………………………211-215
Eýran Gajarlaryň dolandyran döwründe……………….216-220
Osman imperiýasy XVII – XIX asyrlarda……………..221-226
Osman imperiýasy XIX asyrda………………………...227-230
Arap ýurtlary XVII asyryň II ýarymynda - XIX asyryň 70-nji ýyllaryna çenli döwürde..................................231-235
Arap ýurtlary XIX asyrda..........................................236-242
Arap ýurtlary XIX asyryň ahyrynda XX – asyryn başynda....................243-245

**III. Iň täze taryh döwri.**

Hytaý 1917-1945-nji ýyllarda.......................................246-248
Hytaý 1946-2009-nji ýyllarda.......................................249-252
Koreýa 1917-1945-nji ýyllarda....................................253-255
Koreýa 1945-2009-nji ýyllarda…..................................256-261
Eýran 1918-45-nji ýyllarda..........................................262-264
Eýran 1945-2009-nji ýyllarda.......................................265-267
Mongoliýa 1918-1945-nji ýyllarda...............................268-270
Indoneziýa 1918-1945-nji ýyllarda...............................271-274
Indoneziýa 1945-2009-njy ýyllarda..............................275-278
Pakistan 1945-2009-njy ýyllarda..................................279-282
Wýetnam 1917-1945-nji ýyllarda.................................283-286
Wýetnam 1945-2009-njy ýyllarda................................287-291
Türkiýe 1918-1945-nji ýyllarda...................................292-296
Türkiýe 1945-2009-njy ýyllarda...................................297-299
Ýaponiýa 1918-1945-nji ýyllarda.................................300-303
Ýaponiýa 1946-2009-njy ýyllarda................................304-306
Hindistan 1918-1945-nji ýyllarda.................................307-311
Hindistan 1945-2009-njy ýyllarda................................312-314
Hindistan 1918-1945-nji ýyllarda.................................315-317
Owganystan 1945-2009-njy ýyllarda............................318-321
Müsür 1918-1945-nji ýyllarda......................................322-324
Müsür 1945-2009-njy ýyllarda.....................................325-327
Siriýa 1918-1945-nji ýyllarda.......................................328-330

Yrak 1918-1945-nji ýyllarda...........................................331-334
Yrak 1945-2009-njy ýyllarda...........................................335-337